**AMANMUHAMMET NEPES**

# TOPRAGA DUWLANAN ÄGIRT

**R O M A N**

**1998-99.**

**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow:**

-Sport gujur-gaýratyň,gözelligiň we sagdynlygyň gözbaşydyr.Beden we ruhy taýdan sagdynlyk adamyň durmuşa bolan ynamyny we höwesini artdyrýar. Ogul-gyzlarymyzda çagalykdan başlap sport endiklerini kemala getirmek olaryň uzak we sagdyn durmuşda ýaşamagynyň girewidir.Beden we ruhy taýdan sagdyn nesiller üçin bolsa ýetip bolmajak sepgit,amala aşyryp bolmajak wezipe ýokdur!

Ýaşlara berjek nesihatym-sporty söýüň!

Sport güýç-gaýratyň,saglygyň gözbaşydyr!

Sporta bolan söýgi durmuşa bolan söýgüdir!

-Biziň borjumyz we ilkinji nobatdaky wezipämiz sport hem-de olimpiýa herekedini höweslendirmekden we ösdürmekden,oňa ýaşlary işjeň çekmekden,tükmenistanlylarda çagalykdan başlap bedenterbiýe bilen meşgullanmaga höwes döretmekden,zähmet endiklerini kemala getirmekden,sagdyn durmuş ýörelgesiniň,zähmetsöýerligiň we döredijiligiň esasyny düzýän gymmatlyklary ykrar etmekden ybaratdyr.

# Giriş

Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň,şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin milli maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde häzirki günlere çenli ýurdumyzyň ähli künjeklerinde döwrebap sport mekdepleridir sport desgalary gurlup ulanylmaga berildi. Hormatly Prezidentimiziň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmakda görkezýän şahsy göreldesi bolsa döwletimiziň bagtyýar raýatlarynyň her biri üçin ajaýyp mekdepdigini bilýaris.Milli liderimiziň sporty ösdürmekdäki döwlet derejesinde alyp barýan syýasatyna ser salanyňda oňa BITARAP TÜRKMENISTANYŇ SPORT GIŇIŞLIGINDE-PARAHATÇYLYGYŇ, DOSTLUGYŇ WE BELENT RUHUŇ ILÇISI diýip,açyk aýtsa bolar.Liderimiz, ösüş we parahatçylyk ulgamynda sportuň barha ösýän ähmiýetini ykrar edýär,sebäbi ol geçirimlilik hem-de birek-birege hormat goýmak ýörelgeleriniň kemala gelmegine ýardam berýär hem-de ýaşlaryň,aýry-aýry şahsiýetleriň,toparlaryň hukuklarynyň we mümkünçilikleriniň giňelmegine şert döredýär,şeýle hem saglygy goraýyş,bilim we durmuş taýdan jebisleşmek maksatlaryna ýetilmegine goldaw berýär.

“Ol ýöne topraga duwlanaýypdyr.Ynha,basym görüner-de,agasyny,dünýäni haýrana goýar.”Ümür Eseniň Altymyrat neressäniň guburynyň öňünde aýdanlaryndan...

Türkmenistanda,agyr atletikanyň taryhynda,Altymyrat ýaly yz galdyran gerçek azdyr.Onuň ykbaly,durmuşda geçen ýoly okyjylary,onuň janköýerlerini gyzyklandyrýan bolmaly.Eliňizdäki kitapda şolar baradaky maglumatlar,wakalar jemlenip.pälwamyň hakyky sypatyny janlandyrmakda käbir işler edildi.

Bu ýazgylar,adamlaryň ýatlarynda galan gürrüňler ägirdiň keşbini,türkmen sportunda galdyran yzlaryny yzarlaýar.Ýöne,ol diňe bir sportda däl,durmuşyň dürli ugrlarynda hem uly yz galdyryp biljek gerçekdi.Ol suratkeşlikde,saz sungatynda, okumyşlykda bir adamlyk baş agyrdyp bilýärdi.Ýöne ol ilki bilen ştanga erk edip bilýärdi. Sportyň bu görnüşinde onuň öňüne geçen bolmady,şonuň bilen birlikde ol oňa ýigrim-ä ýakyn täze usullary,tilsimleri girizdi.Bir seretseň ol asyryň gapma garşylykly döwri barada janyny ýakyp,dogry ýoly salgy berýän akyldar bolsa(şolaryň iň esasy SSSR-iň dargamagy) bir seretseň adamlaryň agysyny aglaýan,ejizlere kömek edýän,ýüregi ýuka,sada,garynjany basmajak bolup,ýoluny üýtgedýän adam! Özüni türkmen saýýan gerçek,milli däp-dessurymyzy gözüniň göreji ýaly gördi,ýöne Ewropa medeniýetiniň aramyza aralaşmagy üçin hem alada etdi.Dünýäniň haýsy künjegine barsa onuň öýi taýyndyr,gujak gerip garşylarlar,ýöne hakykatyň hatyrasyna aýtmaly bolsa, onuň öz Watanyna bolan gyzgyn söýgüsi welin, hiç bir zat bilen deňeşdirilip bilinmez.Täsin ykbally,kelte ömründe,gyzykly durmuş ýoluny geçen şeýle gerçek dünýäde kän däl bolsa gerek ...

“...Sen türkmen aganyň ujasyndan uzap,ýanynda ýaýran,goly ganaty,döşi-damary dälmi? Onda sen saýhallydan sarmakly,gaýratlydan görmekli,namysdyr arly,çyn kesbi-kärli,didesy nurly bolmaga borçlusyň. Eger sen gowulygyň gyrasynda görünmän,baran ýeriňi çaý-çanak edişiňe,oglan atasy bolansoňam,dirinikligiň bilen waýa başyňy çatmadyňmy? Onda ilk-ä seň şärikli öwülýäňde ýatan ataň tümmegi titirär,soňam...Hawa, hawa, süňkleri şakyrdap,oňurgasyna beze çykar,yzyndanam,seň soňy saplanmaz pyssy-pyjurlykly alasamsyklygyň zerarly,tä kyýamat-magşar bolynça göründe dik oturar.Ana,şol sebäplem,biz bakylyga baran baba-kelamlarymyzy birahat etmezlik üçin,gitdigiçe wakyballyga,gitdigiçe pugtumallyga ýetip,gitdigiçe-de,goşgunymyzy

syrdamaly.Edep-ekramdyr girip-çykymymyz bilen ýagşylyga ýaran bolup:”Aý,ini,atаňa rahmet!”diýdirip,alkyş almaga çalyşmaly.Şeýle-de,ynsaby täretli ynsan balasy öz kökenly kowçumyna egele guradyp otyrmy ojagyndaky saçak başynda?Şonda ol ýerliksiz ýaňralyga ýaran bolşuna,pyňkyragetdin,sümügine at daňaýmaly etmän,ýa gaýry bir gotur gijemä etmän,belaý-kalaý öz hatyrasyny goraglamaly.Goňşy-golamyň ýaýlymly ýygynçagyna baranynda-da,öz nesil ulgamyna ysnat getirmän,oň at-abraýy üçin çalyşmaly.Işdir ýa, gaýry alada gabat gelşiňe,ýanaşyk syrgyna düşdüňmi?Onda-da sen öz küren-kendiňe kesapat,ýagny,çirk ýetirmezligiň aladasynda berlişiňe,pälypäkizlik bilen dem alaýmalysyň.Oň başga dagysy bolmaz.Ýa-da sen etrapdyr welaýatyňdan çykyp,golaý uluslaňňa aralaşdyňmy,täleý tüweleýi tigirlänsoň?Şeýle halatlarda hem sen egniňi sallaýman,guýma dürdäneligiňi saklaýşyňa,göbek ganyň gatylan sahabatly topragyň üçin kükrek germäge taýýar bolmalysyň.

Eger sen birden-bire dogduk Diýaryňdan daşlaşyp, uzak ülkelere aralaşdyňmy? Şonda sen öz mährem mekanyňa gep getirmeden-ä, elli bizar, gaýta oň mertebesini göge galdyrmaly. Çynma-çyna gelende bolsa, Ata Watan üçin gandyr jan bermäge ýekeje-de ikirjiňlenäýmeli dälsiň.Hawa,eziz ýurduny gözüniň göreji ýaly apalap ýören il ogly,hakykatdanam,şeýle ýanbermez bolşuna,meşhur Magtymgulynyň:”Iş geldi,başa düşdi,merdana boldum indi” diýen ýörelgesinden ugur almalydyr.Onsuz onuň ýyndamlygy samanhana çenlidir.Onsuz ol ýalan ýylgyranyň synyndan aslyşakgetdin,bäş günlük elpe-şelpelik üçin,alyslara aşar-da:”Aý,bir ýazykdan är ölesi ýok-la”diýşine,ýandym şäherinden hatyny gönderip ugrar. Eger il ogly-gerçegiň,aýasy sürçegiň, deri burçak-burçagyň Watana-götene bolan mähir-muhabbeti baş perdeden owazlanma, onda-da zarňyldyly owazlanma berdimi?Onda ol baran işini bitirip,giden ýerinden getirip, eden işi nusgalyk, geplän gepi güwälik merdi-merdana öwrülme bilendir

Ş a n- şöhraty dünýä doluşyna, türkmen topragyna at-abraý äkelen Altymyrat inem jany jenewüt ýaly gaýraty goýazylaryň biri. Köpden bäri onuň bile ýüzbe-ýüz oturyp, hemsöhbet bolmaň arzuwynda gezip ýörsemem, herki zadyň wagty-sagady bar diýleni.Tä azaphon aşnalam Amanmuhammet Nepesdir Hangeldi Myrat Kiçi dagy yzlaryna kelte tirkelen ýaly edip,akýaply Altymyrat Orazdyrdylara eltinçä, tä ýazyjy Amanmuhammet Nepes özüniň Altymyrat barada ýazan kyssasyna meniň redaktor bolmagymy ündeýänçä,men üç öwre dünýä çempiony bolsa-da,onuň erjellikden gelip çykýan edermenlige beslenen ömür ulgamyna beletligim diňe daş gulakdandy. Şonda biz Altymyrat inini tälimçi agasy Orazberdiniň öýünden gözlesegem,ahyry ony bir duşdaşynyň aýdym-sazly üýşmeleňinden tapdyk.Dogrusyny dogry diýmeli.Men:

Gerdenleri çiginlek,
Syrdam boýly eginlek,
Erleň-ýarlaň burunlak,
Gujak ilmez garynlak

-diýen-ýapy ýaly bir äpet pyýada gabatlaşjakdym welin, gör-ä,onuň:Atamyrat pälwan,Alymämmet pälwan,Amangeldi pälwan,Annaberdi pälwan,Annadurdy – Ýagsoran pälwan,Arabaçy pälwan,Artyk pälwan,Balkan-Rejep pälwan,Bähbit pälwan, Beken,Berberi,Bähbit pälwanlar,Wellek,Gazak,Gapur Gara, Garly, Geldymyrat, Gotur, Guldurdy,Gurban,Güýç pälwanlar,Möwlan, Mädreýim, Mämmet, Mäti pälwanlar, Naýza, Nepes-Çaka, Nurgeldi pälwanlar,Öküz-Gurbanberdi pälwan,Öwezli pälwan, Pallak, Palta, Peleň, Pendili, Popuş, Poşmak, Päwi, Salar pälwanlary, Teke, Töre, Dady, Dowul,Doň, Düýe-Begjan pälwanlary,Jeň,JollykJumamyrat, Zomy, Kese,Kiçi, Leňňer,

Läheň pälwanlary, Mola, Mommy,Torköýnek-Orazdurdy, Täşli-Goçak pälwanlary, Hojamyrat,Hokgaýaka,Hudaýberdi,Çary,ÇolukÇopan,Ylýas,Şalar,Şally,Şeňňew,Ekizbaý, Ýazjan pälwanlary ýaly, atly türkmen pälwanlarynyňky kysmy syrtlaşyp münäýmeli murtam,ýüzüňe garadygy howuňy basyp zamanaňy jünnek edýän hyrsyz syratam,guşak ýetmez bilem,at maýrar agramam ýok.Akgam pahyr aýtmyşlaýyn,bisakgaldan bir ýalym ýüz ýaş ýigit.Ýöne jigerli ýüzünde dogum ody oýnaklap duran orta boýly Altymyrat ini edil çeňk ýaly.Seredäýmäge müçesi çaklaňrak görünse-de,basan ýeriden ot çykyp,gördügiň gözüňi dokundyrýar.Görşende elleriniň gataňsylygy aýalamma aňdyrmadygam bolsa, onuň otlukly gözlerindäki güýç-gaýratdyr gujur gorabanyny diýsene. Aslyýetinde,şeýdip,dogumyň daşyp,hyjuwyň joşup,imriner ilerlemelere ýetirmese,sen her näçe ýürek ursaňam,telwasly ýeňşe ýaran bolmarsyň. Galyberse-de, azym-azym ülkelerden eline tüýkürişine,ynamyny uçganakladyp,müňde bir arzuw bile bäsleşmä gelen tözi ýetik gerçekleri tozanyňa garagetdin,Türkmen aganyň baýdagyny parladyp,onuň Gimnine kebzäňi jümşüldeder göçgün berdiräýmek Ärmämmediňem Ermämmediniň hem işi däldir.
Ine,şeýdibem,Türkmeniň abraýyny arşa götermek üçin berçawly böwetleri böwsüp gelen Altymyrat jan bilen tanyşdym.Oňa egni deňäp,Baýramalynyň pagta arassalaýjy zawodynyň işgärleriniň öňünde-de çykyş etdik.Ana, şonda jemagatyň oňa buýsançdyr begenç,söýünçdir guwanç bilen garaýşyny göremde:”Wah,meň şu kem-köşeligim haçan galarka?Näme üçin Altymyrat inini zähmet çekýänler bilen ýüzbe-ýüzlige irräk ýetirmedimkäm?”diýip,özümi sykladym.Ol dözmez janköýerleri bilen pikirini paýlaşyp durka-da,türkmen sportunyň asyrlardan aşa-aşa biziň günlerimize gelip ýeten şanly sahypalaryny ýatladym.

Taý tapylmaz zehinidir, pähim-paýhasy bile jümle-jahanda birinji bolup sadranç-küşt baýdagyny bulan Muhammet as-Suly as-Şadranjy, Atasy Jygaly beg tarapyndan tekimi tutulan Gyraty bile,görülmedik menzillere ýetip,giňliginden elheder alaýmaly çaýlardan dal bedewini towusdyryp,ýedi pilden ok geçiren Görogly agam,Ala golly sapany bile ganymyna paýhynlama salan erenler biçüwli Garaja çopan,sesini ýarym menzile ýetirşine,1857-nji ýyldaky Garrygala söweşinde öwrüliş pursatyny döreden Durdy han ýanyk,şol uruşda çyrpyly sapanyny şarpyldadyp,ýowuz ýagynyň serkerdesi Japarguly hanyň eýeriniň gaşyndan uran Söýün Sapanly,Birinji jahan urşunda ýüzin salyp barýan bedewleriniň bykynyna bukulyp:”Be,biz biçak bagtl-ow!Gör-ä,bir topar tagy at gelýä-dä,üstümize tasap”diýşip duranlary berdilik işgilini-zynjyryna kökeren ýelden ýüwrük türkmen jigitleri,jöwmes jahylka haýatyň ugruna haýdaşlap,onuň erňeginde goýlan telpegi aýagi bilen kakyşyna,ýanaşdyrylyp goýlan ýedi taýharyň üstünden,şeýle-de,Güljemel hanyň toýunda iki sygyrly döläniň depesinden gaýdyrylyp geçen, Gandaharda ýesirkä, çommalyp, ýagny it oturyşyny edip, okdurylyşyna, elini ýere dirägetdin uly haýkylyk bile ýokarysy gyzganly iki adam boýy howludan aşyrylyp, owganly taryndaşlara şowhunly tomaşa görkezen Garry bagşy... Hawa, biziň kewzesinde sök seräýmeli, baldyrlary juwazlyk ýaly, ineriň budundan burup aldygy, ony uzyn-uzyn bagyrdybilýän döşi gapak kysmy könelemmiz nirede bolsa-da, halkynyň abraýy üçin aşyklysyna agram düşürip, garşydaşlaryna çopan badakdyr- şallyny (ol emeller Çopandyr Şally pälwana dahylly) salmadan gaýra durmady. Şeýle-de:
Bir ýyl öňe seretseň,süle ýetişdir
On ýyl öňe seretseň,daragt ýetişdir
Elli ýyl öňe seretseň,gyz ýetişdir
Ýüz ýyl öňe seretseň,ogul ýetişdir

Müň ýyl öňe seretseň,şägirt ýetişdir-diýen ýörelgä ten berip,mynasyp oruntutarlaryňam burnuny sykdy

Hawa, jan inim, Altymyrat! Sen türkmen sportunyň lowurdyly halkasy! Sen külli Türkmeniň göz-guwanjyna öwrülip, onuň adyny ilkinji bolup äleme çawlandyrdyň. Goý, seniň aýagyňa ýörme çolaşman, gadamyňa gül bitsin! Sen ýeňişli ýörelgäňe husurlanma saljak kastly kitüwkeşleňňem, näme,ýoly ters bol-a.Şeýdip,il buýsanjyna ganaty goşalanmalar girizip ýörkäňem, şägirtleň daşyňda egele gurap,yzyň jaňly kerwene dönsün...

Ýazyjy Amanmuhammet Nepesiň Altymyrat barada ýazan bu kitaby tüýs ýerlikli edilen iş diýip hasaplaýaryn. Kitap okyjy köpçüliginiň söýgüsini gazanar diýen tamam bar...”

Ýokardaky ýazgylary mirasgär Ümür Esen pahyr goýup gitdi. Menem ony kitaba goşdum

Dünýäde meşhur adamlar şeýle bir kän hem däl.Ýöne,şol meşhurlaryň içinde-de, älemi aňk eden ýyldyzlar bar.Şolaryň birem,Türkmenistany ilkinji bolup dünýä tanadan,daş götermekde dünýäniň üç gezek,Ýewropanyň dört gezek çempiony Altymyrat Orazdurdyýewdir.Eneden bolanda iglije bolan,şol sebäpli hem alty ýaşyna çenli ejesini emen,çagalykda ýaşytdaşlaryndan has çepiksiligi bilen tapawutlanan ,fiziki kemterligini ruhy sagatlygy,erjelligi bilen ýeňen,şeýdibem, diýseň meşhurlyga ýeten bu ştangaçynyň ömür ýoly,beýik sporta gelişi hemmeler üçinem gyzykly bolsa gerek.Bäş ýaşyndan gün-güzerany üçin mallaryna ot ýygyp başlan bu oglanjyk nädip sportyň daş götermek görnüşine düşýär?Daşy akyla sygmajak ýeňillik bilen götermek üçin nähili “jadygöýlüklere” eýe bolmaly?Ýer togalagynda iň meşhur adam bolmak üçin nädip zähmet çekmeli,nähili kynçylyklary ýeňip geçmeli?Türkmenistanda, agyr daşlary götermegiň taryhynda ol nähili yz goýup ýetişdi?Şonuň ýaly ussat indi dörärmi?Bu sowallaryň uly-kiçi hemmeleri gyzyklandyrýandygy şübhesizdir,hasam türkmen ýaşlaryny gyzyklandyrsa gerek.

Aslynda,Altymyrat kim,nähili adam bolan?Ony gurşap alanlar kim bolupdyr?Şu kitapda biz şu we şulara meňzeş soraglara jogap berjek bolarys.Şonuň üsti bilenem siz onuň nähili adamdygyna,nähili şahsiýetdigine göz ýetirip bilersiňiz. Galanynam,okap baha beriň!

## Pälwanyň ýaşlygy.

Sakarçäge etrap Akýap obasynda Altymyradyň adyny göterýän sport kluby bar.Bir topar çaga garabaşynagaý bolup,gezekli-gezegine demir göterýärler hem-de birek-biregiň berekellasyny ýetirýärler.Olar edep bilen salam berdilerde,klubyň ýapykdygyna garamazdan özleriniň ýygnanandyklaryny,basym,pälwan Altymyradyň hatyrasyna geçiriljek ýaryşa taýýarlyk görýändiklerini guwanç bilen gürrüň berdiler,aralaryndaky ýaş, ştanganyň ezber ýigidini,gelejekki “Altymyratjyk” bilen tanyşdyrdylar.Göwünleri açyk,ýüzleri nurana, hyjuwly,gujurly sagdyn ýaşlara begendim.Il ykbalynyň şeýle güýçli gollarda boljagyny göreniňde begenmän durup boljak däldi.Şol gün ýaşlaryň tälimçisi,Altymyradyň agasy Orazberdi Orazdurdyýewe gabat geldim.Ol:“Ýaşlaryň sporta,aýratyn hem ştanga götermek görnüşine bolan höwesini hiç zat bilen deňär ýaly däl.Inim Altymyrat olaryň köňüllerinde öçmejek ody ýakdy.Indi şular ýaly baýramçylyk günleri hem sapakdan,öý işlerinden sypan wagtlary göni sport merkezine gelip,höwes bilen türgenleşik geçýärler.Olary çagyryp getirmek gerek däl.Ýogsam,men olara baýramçylykda dynç alalyň diýipdim,emma şonda-da

ýygnanypdyrlar.Men ýaşlaryň agyr atletika bolan höweslerini artdyrmakda janymy gaýgyrmaýaryn.Olar arak,nas,çilim,neşe ýaly ýaramaz endiklere baş goşmasyn diýýärin.Häzir-ä,görşümiz ýaly,ýagdaýlary gowy.”Gowy niýet-ýeňişe ýarty” diýýärler. Pälimiz-niýetimiz gowy,galanam gowy bolar,enşalla!”diýdi.Oba ýaşlarynyň Altymyradyň hatyrasyny belentde saklap,ýadowsyz türgenleşip,sporta jan-ten bilen ýapyşyp ýatmaklary gaty begendirýär hem-de ,oýa batyrýar.Saçlary buýralanyp duran,gözleri hyjuw bilen uçganaklaýan Altymyradyň ýaşlyk ýyllary göz öňümde janlanýar.

Bir adam hakda gürrüň gozgalanda ,köplenç onuň ata-babalary agzalýar, sebäbi,nesiller pederlere bagly bolýar. ”Ogul ata çeker” diýlen nakyl ýönelige döredilmändir. Altymyradyň babasy Şalar pälwanyň Orazbibi.Oguldurdy,Ogulbike atly gyzlary bolan.Şalar türkmeniň dört künjeginde ady belli, ýetmişe ýakyn pälwanyň biri. Onuň kakasy Öwezberdi pälwanyň 8 ogly, üç gyzy bolan.

Şalar pälwanyň syrtlaşyp duran murtam, garadygyň, howuňy basýan hyýyrsyz ýüzem,guşak ýetmez bilem,at maýrar agramam ýok,ýöne, güýji bilen daýaw öküzi ýykyp bilýanlerden.Ýüzünde dogum ody oýnaklap duran orta boýly çeňk ýaly adam!Aitymyrat edil bir almany iki bölen ýaly babasyna meňzeş.Onuň ejesi Oguldurdy Şalar pälwanyň üç gyzynyň biri,mamasy ýaly, ýumşakdan mylaýym,orta boýly aýal,kakasy Orazdurdy aga bolsa uzyn boýly,gujur-gaýratyna bäs gelip bilmän ýören,Oraz,Aşyr,Çary atly doganlaryň biri.Ol pagta bazasynda işleýän döwri,arkasy ganarly pagta tümmeginiň depesine durman çykýar.Bir käse gowurdak bilen ýarty nany iýer,soňam ýoldaşlary bilen deň iýişip oturandyr.Ol şeýle bolmalam.Göwresi ony talap edýär.Altymyradyňam näme,göwres-ä ejesine,güýjem kakasyna çeken bolmaly. 1969-nji ýylyň gyşy gazaply geldi.Ol asyl,bir günem gowşamasa nädersiň.Ähli zat doňňara-daşa döndi.Hiç kim öýünden çykyp bilmedi,asla çykar ýaly bolmady.Şonda-da,galjaň adamlaryň matasyndan bolan Orazdurdy aga,ekin meýdanlara aýlanyp ýörkä, bir gulak suwuň zeýkeşe akyp ýatanyny görüp, sogaply bolansoň,durup bilmän,gatlanyň öňüniň buzuny aýyrmakçy bolýar.Ýogsam, bu jelegaýlarda ,onuň ekin ýeri hem ýokdy.Buzy döwjek bolanda ýaba ýykylyp,ölümiň öýünde suwdan çykdy, 25-30 derejeli sowukda,öl-myjjyk halyna öýüne gaýtdý.Ýöremeli ýeri hem ep-esli bar.Öýüne ýetse-de ýetdi welin,öýken sowuklama zerarly bary-ýogy baş aý ýaşady.Gyş örän uzaga çekdi.Beýle gyşy görmedik adamlar gaty kösendiler.Orazdurdy aga hat-da işigindäki baglary,ejesinden galan köneje sandygy hem peje salmaga mejbur boldy. Altymyrat kakasynyň kyrky güni dünýä indi.Enäniň agyr hasraty çaga ýaramaz täsir eden bolmaly,sebäp Altymyrat doglan gününden çyrçykly boldy,maşgalada doglan altynjy ogul bolany üçinem Altymyrat adyny aldy,ýogsam kakasy ölmänkä:”Arçmandan şypa tapdym,oglum bolsa adyna Arçman dakaryn”diýipdi.

”Geçen gyşyň üýtgeşik sowugy şu balamyň dünýä inmegi netijesinde dörän hadysa”diýmegi halaýan ejesi, kinniwanja, çyrçykly çagany buýsanç bilen eline alyp,emdirip otyrka,uly ogly Tirkiş çagajygyň aýajyklaryny sypalady-da:”Eje,munyň garagol,lälik bolar,goňşylara ot ýakdyrmaz!”diýdi.”Sen ýaşlykda öz eden garagollygyňy az görýärmiň? Oguljygym garagol bolmaz,ölmese bir käriň başyny tutarda ejesini begendirer”diýip,ejesi jogap berdi.Dogrudanam,dokuz çaganyň iň kiçisi bolany üçin Altymyrat hasam läliksiredilipdi.Hemmeler onuň göwnüni görjek,diýenini etjek,aýdan zadyny tapjak.Dokuz çaganyň hersiniň bir häsiýeti bar,hersiniň hem dilini tapmak enä bagly.Käte Kakabaý :”Eje,sen, agam Tirkiş bilen Altymyrady bizden gowy görýärsiň,olaryň diýen zatlaryny alyp berýärsiň,biz bolsa galan zatlary

geýmeli,iýmeli”diýýärdi.Oguldurdy daýza “Ýok,oglum,ol göwnüňedir,beýle däldir”diýse-de,garaz, her bir ene özüniň ilkinji dünýä inen çagasyny,birem soňky çagasyny beýlekilerden ileri tutýanlygy hakykata ýakyndy.Hasam ol Altymyrady gowy görýärdi.Bir ýere çykaýsa dagy onuň gonjuna gor guýlana dönýärdi,howsala düşýärdi,elewreýärdi,gaýga batyp gara jany galmaýardy.Ol enäniň iň süýji,mähriban çagasydy.Käbiriňiz “Mundanam bir gürrüň bolarmy?Heý-de,ene öz bagryndan önen çagalaryny tapawutlandyrarmy?”diýersiňiz.Belki şeýledirem,ýöne Oguldurdy ejäniň Altymyrada aýratyn göz bilen bakmasynyň özüne ýetik sebäbi bardy.Bu syr adamsy öleli bäri enäniň diňe özüne mälimdi.

Orazdurdy aga suwa gaçyp öýüne gelende,adamsynyň gany gaçan ýüzünden gorkan enäniň göwresindäki iki aýlyk çaganyň aýrylmak howpy döredi. Lukmanlar hem çagany aýyrmaly diýip maslahat berdiler,bularyň üstesine enäniň saglyk ýagdaýy hem pese düşdi,böwregiň işleýşi bozuldy.Ýaraman ýatan Orazdurdy aga:”Sekiz çagany dünýä inderdiň,şolar sag-aman ösüp ulalsalar besdir, lukmanlaryň diýeni bilen bolaý!”diýip,maslahat berdi.Ýöne,göwresindäki indi gymyldap ugran perzent welin,bütin durky bilen enäni özüne maýyl etdi.Şonda-da,lukmanlaryň :”Indi bäbekleseň janyň üçin howply,diňe aýyrtmaly”diýmeklerine razy bolup, ertesi irden keselhana barmaklyga boýun boldy...Gije enäň düýşüne çagajyk girip,garaja gözleri bilen naýynjar bakdy-da:”Eje,indi sen meni şeýdäýjekmi?”diýdi.Bu söz onuň ýüreginden parran geçen ok bolup göründi.Şol sebäpli hem ene:”Ýok,balam jan,men ony etmen.Ýok”diýip,çirkin gygyrdy.Öz sesine özi hem oýandy.Oýaly-ukuly ýatan Orazdurdy aga:”Otja, näme boldy?Çagalaryň ýüregin-ä ýardyň?”diýip seslendi. ”Ýok,men hiç ýere gitmerin,ony etmerin”diýip, ene ýaňagyndaky ýaşyny aýasy bilen syldy-da,jogap berdi.Adamsy onuň näme diýjek bolýanyna düşünmän gözüni mölertdi-de:” Otja,goýun ýüňünden,geçi sakgalyndan,eşek ýalyndan,at gerşinden,it burnundan,sygyr şahyndan,düýe ardyndan,çaga elinden,ýigit dyzyndan,zenan yzyndan,goja süýeginden üşär”diýleni,onsuzam uzakly gije üşäp ýatyp bilmedim,seňki näme? “diýip, soragly nazaryny oňa gönükdirdi. Ene jogap bermän, öz diýenini gögertdi,netijede bolsa kemlije hem bolsa altynjy çaga dünýä indi.Ene çagajygy bagryna basyp:”Taňrym,heý-de bujagazymyň dogmazlygynyň öňüni alyp bolarmy?Ak ýüzlijäm,gara gözlüjäm,buýra saçlyjam maňa şeýle mähirlije bakyp ýylgyrmazmydy? “ diýip,hopukdy,atanlykda,heniz dünýä inmedik eziz jigerbendine tasdanam kast etmeli bolandygyna öz ýanyndan müýnürgäp aňyrsyna çykyp bilmedi.Belki,şonuň üçindir,körpesini eý görüşi? Belki, şonuň üçindir,adatça eneler bir-ik ýaşda çagasyny süýtden aýyrýan bolsa,Oguldurdy eje bäş-alty ýaşyna çenli Altymyrady ene emmesinden kesmedi.Bu bolsa onuň kiçilikden derde garşy göreşip,ösüp-örňäp gitmegine oňaýly täsir etdi.

Çagalar, men muny üstüne goşamok,bolan zady bolşy ýaly aýdýaryn.Belki,siziň araňyzda-da ejesini şeýdip emenler bardyr,bolsa aýby ýok.Ol aýyp däldir.Altymyrat welin,bu sözi eşidenden :”Duruberiň bakaly, men size kimiň emziklidigini görkezerin”diýýärdi.

Indi,Orazdurdy aga barada kelam agyz durup geçeliň!

Daşoguzyň gadymy Akdepe topragynyň günbatarragynda “Ýemreli oý” diýen bir ýer bar.Ýemreli ýomutlaryň uly tireleriniň biri bolup,Wasyň içine süsňäp girýän ýerinde,uzak ýyllaryň dowamynda ýaşandyklary üçin ýokarky ady alypdyrlar.Ýemrelileriň Anna baý atly il öňüne düşýän kethudasy bolupdyr.Pespäl,garybyň hossary,mesele çözmekde diýseň adyl bu adam jomartlygy bilenem tanawutlanypdyr.Onuň myhmany bolan Jüneýit hanam:”Saňa döwletli-nobatly diýip gulagyma degsede,beýle berekediň bardyr

öýdmeýärdim”diýip,ony hormatlapdyr.Soň ol Jüneýit hanyň yzy bilen Eýrana,Owgana aşypdyr.Anna baýyň Gara Batyr atly hyzmatçysynyň kesp-käri daýhançylyk bolansoň,ol bir gulak suwuň üstünde dörän agzalalyk zerarly heniz Eýrana göçülmänkä “Ýemreli oýy”taşlap,ýany bilen inisini we aýal doganyny alyp, Sakarçägäniň “Akýap” obasyna göçüp gaýdypdyr.Häzir şolardan ýaýranlar “Akýap” obasynda müňe ýakyn adam bolup otyrlar.Altymyradyň kakasy Orazdurdy aga hem şol ýemrelileriň neslieriniň biri ...

Orazdurdynyň kakasyna Aýdogdy batyr diýýärdiler.Aýdogdynyň Nazar atly inisi hem bardy.Ikisi etrabyň merkezinde et satýardylar.Şalar pälwanam gassapçylyk edip,olary et bilen üpjün edýärdi, hem et satyşýardy.Şalar pälwanyň ortanjy gyzy Oguldurdy öýünde nahar bişirip,gündelik kakasyny naharlamak üçin gelerdi.Şeýle günleriň birinde Nazar:”Pälwan,sen şujagaz gyzyňy bize beräý!Orazdurdy öýlenip bilmän gezip ýör"diýip degişdi,Şalaram oňa:”Geregiň gyz bolsun!”diýdi.Oýunlyk bilen aýdylan sözüň yzy çyna ýazdy. Aýdogdy batyryň uly ogly Orazdurdy Watançylyk urşundan sag aman gaýdyp gelen,25 ýaşlaryndaky syratly,edenli ýigitdi.Bir näçe wagtdan soň ol Şalar pälwanyň ikinji gyzyna,Oguldurda öýlendi.

Etrap merkezinde,şol et satylýan ýeriň ýakynynda,taýzaryp duran murtyny palta kesmez,gözleri ýanyp duran, Annageldi Murt diýen adam ýaşaýardy.Ol ölemen awçydy.Öz döwründe ol “üçlük”diýilýän hökmürowan toparyň agzasy bolanlygy üçin:”Baý,köp adamyny ýygnandyryn-ow!”diýip,öwünmäni halaýardy.Onuň iki gyzy,bir ogly bardy.Gyzlarynyň ulusy mekdepde okan döwründe, ökde woleýbolçy Akmyrat çepbe bilen halaşyp,soň oňa durmuşa çykypdy.Akmyrat çepbe bilen Şalar pälwan goňşy ýaşaýardylar.Ine,onsoň Akmyrada aýal bolup gelen Bossan,Şalar pälwanyň üçünji gyzy Bikäni öz jigisi Merede alyp bermekçi boldy.Orazdurdy muňa kes-kelle göwnemedi, gaýyn atasy Şalar pälwanyň ýanyna baryp:”Gyzyňy olara berme, berseň aglap geler durar!”diýip,duýdurypdy.Emma oňa gulak asman Bikäni Merede durmuşa çykardylar.Meret üýtgeşik jalaý,awçy,kän bir hojalygyň aladasy bilen bolman,keýpi-sapa bilen gününi geçirýän adamdy,ýöne,özüniň ugr tapyjylygy,ýamanlygy, ýeserligi,gözüni gyrpman garşydaşyny aldap bilýänligi bilen tapawutlanýardy. Çagalaryny welin hor etmeýärdi,aw eti onuň öýünde mydama tapylýardy.Onuň ýeserliginden bir mysal-ýokary wezipelerde işleýän adamlaryň käbirleri oňa näme üçindir:”Polkownik Meret Gurbanowiç!”diýip ýüzlenýärdiler,naharhanalara girse-de,”näme gerek?”diýişip,öňünde ylgaşlap ýördüler, ýangyç nokatlaryna,ýag guýmaga barsa-da, ýagdaý şeýledi.Ol adamlary edil jadylaýan ýalydy.Hiç kim onuň nirede,nähili işde işleýänini bilmeýärdi,ýöne ol wezipelidi,onda-da uly wezipelidi..

Indi gürrüňi Altymyrat barada dowam edeliň!

Bir gün Altymyrat işikdäki sekide ejesini emip otyrka agalary Kakajan bilen Tirkiş türgenleşikden gaýdyp geldiler.Kakajan öýe girip gitse-de,Tirkiş hemleli:

-Bes et,eý sen,utanaňokmy?-diýdi.

-Beýle diýme,jan balam,ene süýdi ähli derdiň dermany-diýip,ejesi jogap berdi.

-Ýigit çykansoňam şeýdip,emdirde ýör...

-Gerek bolsa emdirerin,balamy.Ol her bir enäniň borjy.Ine,görersiň,ene süýdi muny pälwan ýigit edip ýetişdirer.

-Aý,bilmedim-dä,eje,şunyň ýarty nan bilen şöhradyň,ýa-da Alaşa piriň pälwany bolaýmasa...

-Entäk diýiber,diýiber,jan balam.Muňa Aly Şir huda goltgy berer!

-Men pälwan bolaryn-diýip,heniz pälwanyň nämedigini hem bilmeýän Altymyrat emmeden agzyny aýryp ,jogap berdi.
-Elbetde,bolarsyň-diýip,Tirkiş Altymyradyň ugrundan gopan boldy-Sen garşydaşlaryň ählisini,ýere däl-de garnyň üstüne ýykarsyň, şeýdip,meni,ejemi masgara edersiň-diýip, ha-ha-haýlady.
-Ýere ýykaryn,ýere pylçap-pylçap uraryn!
-Şeýder, meniň balam,şeýder.Munuň horjalygyna seretme,süýtden gowyja doýsa garynlak,erinlek bolar-diýip,Oguldurdy daýza Altymyradyň başyny sypady.
-Ine,muny bildiň eje,garynlaga bolar, özem aýaklyja garpyz ýaly bolaýsa gerek!
-Aýakly garpyz ýaly-ha bolmaryn!
-Biziň adymyzy arşa göterer,meniň bujagaz balam!-diýip,Oguldurdy daýza çagasyny bagryna basdy.
-Her-nä, şeýle bolsun-da-diýip,Tirkiş ejesiniň ugrundan gopdy-Indiden beýläk muny özüm taplap başlaryn,duruber bakaly-diýip,ol öýe girip gitdi.

Dogrudanam,şondan soň Tirkişdir Kakajan ikisi Altymyrada göz bolup başladylar,uly ýapda-noburyň ýalpak güzerinde ýüzmäni öwretdiler,ylgamagyň peýdasy barada gürrüň berdiler.Ýöne Altymyrat doganlarynyň öwredişi ýaly ylgasy gelenokdy,öz ýoldaşlary bilen oýnasy gelýärdi.

Ol şeýle hem etdi. Kowdum-gaçdym oýnaýan çagalara goşuldy. Birdenem meýdançadaky gür otlugyň içinden bir zatjagaz aldy-da:”Oglanlar, tapdym!”diýip, zut gaçdy.Oglanlar nebir zat tapandyr öýdüp yzyndan kowdular, kowalap-kowalap ýetdiler-de, eliniň aýasyny açyp gördüler, onda eplem-eplem inçejik simdir ýa-da nurbatjyklar. Onuň demre bolan höwesi gaty täsindi.Ol kän bir geplemäni hem bilmezdi.Göni garagyna bakyp soraýmasaň

gürrüňe goşuljak bolubam ýörenokdy. Käte bolsa çagalar, şaýlyk tapandyr diýip onuň yzyndan kowalap ýumrugyny açdyrsalar ol: ”A-na,sim uçup gitdi!” diýip, elini asmana göterip, gözüne ýaş aýlardy.

Bir günem sekide Tirkiş bilen Kakajan Altymyrady çagalykdan sporta gönükdirmek barada pikir alyşyp,sportyň haýsy görnüşiniň oňa peýdaly boljakdygynyň gürrüňini edýärdiler.Ýüpden boşanan göläniň yzyndan Altymyradyň erjellik bilen ylgaýşyny synlan Kakajan:”Altymyrady ýeňil etletika bilen meşgullandyrmak gerek”diýen pikiri orta atdy.
-O-da bolsa bolar,ýüreginiň urşy,dem alyşy gowy, ýöne bir azajyk ýaşyrak-da.
-Ýaşyna laýyk hereket etdirmeli bolar-da...
-Ejem göwnemezmi-kä diýýärin.
-Hany diýip göreli-diýdi-de,Kakajan ullakan waharmany goltuklap gelen ejesine ýüzlendi-Eje,Tirkiş bilen maslahat etdik,Altymyrady sporta ýazsak diýýäs,ylgamaga...
-Wiý,balam,ol häzir ylganokmy?Gün-uzyn onuňky öňňürdikde,ýorga ahyr...
-Ol ylgawdan peýda ýok,eje,ylgaw düzgün,tertipli bolmaly.
-Düzgünli-tertipli bolsa,gowy bolsa gowudyram welin.ol entäk ýaş.
-Ýaşlykdan başlasa beýn-ä siňýär,bedeni gowy gataýar-diýip,Kakajan janykdy.
-Bir-hili nebsim agyrýar-da,balajygyma.Özüňem ýokary bilimli lukman welin ,aýňalyp gidibereňok-da!-diýip,ene Kakajana igendi.
-Eje,meni gaýgy etme!Çagaň köçäniň täsirine düşäýse,soň giç bolar!
-O diýýäniň-ä dogry balam.Onsoňam näme siz onuň öňünde parlak ýyldyz.Ol siziň yzyňyza eýererem.

-Ine,munyň boldy.Eje,tabyň niçikdir?Sen öz aladaňy etmän şu mürtügiň gürrüňini kän edýärsiň.
–Tüweleme,ejem hiç kime eýgerder ýaly däldir,tüweleme,tüweleme,göz degmesin.Kakamyzyň yzynda ýene bir ömürjik ýaşaýsam diýýär.Çynyňy aýt,nädip araňy sazlap bildiň?-diýip,Tirkiş mylaýym ýylgyrdy.
–Balam jan,kim bilen arany sazlanmyşym?
-Eje,bilmedik bolmasna.Ezraýyl perişde bilen,dagy kim bolsun!-diýip,Tirkiş jogap berdi.
Edil şol pursat baglaryň ýapraklaryny şabyrdadyp,Altymyrat göründi.Onuň elindäki waharmandan üst-başyna şire akyp,öl-myjjyk edipdir.Ol dört bölek bolan waharmany sekiniň bir çetinde goýup:
-Elimden gaçdy-da-diýip, madyrdady.
-Gaçsa zeleli ýok,balam jan,dişimizden gaçyp bilmez,juda hapalanan bolsa mala bereris—diýip,ejesi onuň başyny sypady,soňam:-Wah,balam jan,suwa düşüpdir, geýimlerini çalyşaýmasaň bolmaz-la!-diýdi.
Altymyrat gidiberjek bolandan Tirkiş:-Eje,muňa ýaňky pikirimizi aýdaly-diýdi.
-Wiý,özüňjik aýdaý,ogul!Kakaň ýogalansoň öýüň diregi sen-diýip,Oguldurdy daýza uludan demini aldy-Hawa,ogul sen!-diýip,oňa tiňkesini dikdi.Tirkiş gülümsiräp Altymyrada seretdi.
-Eşitdiňmi inim, ejem-ä rugsady berendir.Indi senden-çig hamyrdan çörek bişirmeli.Ol çörek ýalpyldap duran owadan bolmaly hem juda tagamly bolmaly.
-Gyzlar üçinem tagamly bolmalydyr-diýip,Kakajan degişdi.
-Diňe gyzlar üçin däl,tutuş halk üçin tagamly bolmaly-diýip,Tirkiş sözüni dowam etdi-Indi owsaryň elimizde.Ýaňy “gawun elimden gaçdy” diýdiň.Gawunyň-saglygyň,gawunyň-baýlygyň,gawunyň ömrüň,ony eliňden gaçyrmaly däl. Kakam pahyr “Gawunyň sopusy mazy,itiň sopusy tazy,şa sopusy kazy”diýmäni halardy. Ertirden seniň bilen berk türgenleşip başlarys,eliňden gawunyň gaçmaz ýaly edip terbiýeläris.Bilmeýän zadyň bolsa öwredeeris.Ýarym-ýalta bilmek bilmezlikden pesdir. Bolýamy?
-Bolýa,ýöne men näme etmeli?
-Biziň aýdanymyz bilen bolmaly.
-Aýdýanyňyz ýaramasa öz aýdanymy ederin.Şoňa razy bolsaňyz ..-diýip,Altymyrat sümügini çekdi...

Tirkiş doganlaryň ulusydy.Ol orta mekdebi gutaryp,ýokary okuw jaýyna girip bilmän Aşgabatda işläpdi,boş wagtlary agyr atletika bilen meşgullanypdy.Bir ýyl geçip-geçmänkä ol ştanga götermekde ýaşlaryň arasynda Türkmenistanyň çempiony boldy,köp ýaryşlara gatnaşyp, daş götermegiň iki görnüşi boýunça ussatlyga dalaşgär boldy.Bu üstünlikler oňa şol wagtky M.Gorkiý adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniňm bedenterbiýe bölümine okuwa girmägä kömek etdi,okuwy 1970-nji ýylda gutaryp Sakarçäge etrabynyň “Kolhozçy” meýletin sport jemgiýetinde agyr atletika boýunça tälimçi bolup yşe başlady.Bu jemgiýet kolhozlardan gelýän harajatlaryň hasabyna öz işini alyp barýardy. Tirkiş häzirem şol ýerde,ştanga bölüminiň ýapylanlygy sebäpli,woleýbol bolüminde işleýärdi,ýaşuly,ýaşkiçileriň arasynda sylanýady.Şonuň üçinem onuň daşyna ýaşlar ýygnanýardylar...

## Pälwan okuwa barýar.

Güýz paslynyň tämiz,asuda günleriniň birinde Altymyrady okuwa aldylar.Bu gün onuň ömür ýadyndan çykar ýaly bolmady.Aýal doganlary ony hammama salyp,sabynlap-sabynlap,güýçli elleri bilen gazap-gazap, ýuwdylar welin,endamynyň agyrysy hepdeläp gowşamady,Orazgüliň-ä barmaklarynyň yzy iki hepdeläbem aýrylmady.Ol okuwa

gitmejek bolup“köwşüm ýok,penjegim täze däl” diýip, nadaralyk etdi.Emma,hany, alaýyn diýse ejesiniň üýşüp duran puly barmy ?Dokuz çagany iýdirip içirjek bolsaň harajat tapylmaýardy,egin-eşik hakda-ha gürrüňem etmeli däldi.Ýer işleýänligi üçin köplenç ejesiniň köwşüniň sag taýy ýyrtylýardy,onsoň öňki ýyrtylan köwşünden saklap galan çep taýyny sag aýagyna sokup oňýardy.Birneme tagaşyksyrak bolýanam bolsa,nätjek,öýde ulansa bolýardy.Täzesini alaýmaga ejesiniň puly ýokdy.Ejesi “Garyplyk,garrylyk,ölüm üçüsi,bilmedim men haýsy uly-kiçisi”diýip zeýrenerdi.Onsoň gyz doganlarynyň kömegi bilen okap,hat-da ýazyp bilýänem bolsa,Altymyradyň ibaly aýakgaby ,egin-eşigi ýokdy.Onuň deň-duşlary bolsa täzeje geýimli,lowurdap duran torbaly,köwüşli.Gyz doganlarynyň :”Bol,şu eşikleriň bilen okuwa ugra, bolmasa alty ýaşa çenli ejemi emenligiňi ile aýdarys”diýmeleri hem peýda bermedi.Onsoň, Aýgözel,Gurbangözel,Orazgül dagy pagta ýygymyndan düşýän pula onuň diýen zatlaryny alyp berdiler-de,reňkli galam bilen iki depderi eline tutduryp okuwa ugratdylar.Şonda Altymyrat:”Menem ulalaryn,işlärin,size hökman-hökman sowgat ederin”diýdi-de, ejesi bilen mekdebe gitmäge razy boldy.Ejesi oňa:”Balam jan,okuwa başlaňda ýoldaşyň bilen gürleşmegin,iki ýana oýkanjyrap oturmagyn,mugallym näme diýse ýerine ýetirgin”diýen tabşyryklary berip,mekdepden yzyna gaýtdy.Emma ilkinji günlerden tä nämäň-nämedigine göz ýetiriýänçä,oturan ýeriňde oýkanmaly hem boldy,aýdybilmän ýerine buşuganlaram boldy.Okuwa öwrenişip gitmegiň bilen bu zatlar kem-kemden galar ekeni.Diýmek,ejesiniň aýdýanlary dogry bolsa-da, bada-bat ýerine ýetirip bolmajak zat ekeni.Onuň ejesini emenligi,mekdepde hem aýan bolsa nätjek!Ol ilki ilkiler şu sözden gorkup kän gezdi,agzyna alanlar bilen salyşdy.Soň-soňlaram toýa-zada baranda “ejesini emýän”diýip,adamlaryň ýaňsylamaklary,onuň soňky üstünlikleriniň gözbaşynda durýan bolmalydy.Bu hakykatdanam şeýledi.

Altymyrat birinji synpyň ahyrlarynda eýýäm ökde okuwçylaryň sanawuna giripdi.Ol hatda öz synpyndan beýleki okuwçylaryň hem ýetişigini öz üstüne alan ýalydy,daşyndan seredeniňde şeýledi,emma ol öz okaýan synpynyň beýleki synpdan öňe saýlanmagyny isleýärdi.Hut şol sebäpli hem, soňky ýyllar,esasan matematika,fizika,himiýa sapaklaryndan,her gün her okuwçydan sapak soralmagyny Rahmanberdi mugallymdan talap edip ugrady.Okuwçydan sapak soralyp durulsa,ýoldaşlaryny ýüňsakgal etmejek bolup,gowy okaljagyny ol bilýärdi.Sapagyň arasynda ýa-da deslapky sapak ýaryşynda öz synpynyň öňe saýlanmagynyň aladasyny edýärdi.Mekdep direktory Narly mugallymyň ýanyna baryp:”Ýoldaş direktor!Gowy bilim alyp,ýokary okuw jaýlaryna girip biler ýaly,bizi pagta otagyndan,ýygymyndan alyp galyň!Bizi gowy okadyň!Öňde synagdan geçme borçlarymyz ýatyr ”diýýärdi.Ol sapak soralan badyna,ýa-da ekzamende ýerine geçmän,duran ýerinde onuň jogabyny aýdyp berýärdi,ýoldaşlaryndan hem şuny talap edýärdi.Döwlet joňk,Aman jyk-jyk ýaly birneme pesräjik okaýanlary hem sürä goşjak bolup jan edýärdi,sapakdan soň mekdepde galyp, ýa öýüne getirip sapak öwrederdi,çala hötjetlere:”Maňa gulak asyň,agzybir boluň,”Agzalanyň ili hansyz,halky sansyz,saçagy nansyz”bolýandyr diýerdi.

Ol özüniň ýumşaklygy,kiçigöwünliligi,dostlaryny ýürekden söýýänligi,men-menlikden daşlygy bilen olary özüne çekýärdi,ýogsam, Döwlet joňk-da hötjetlik azlyk edenokdy. Käte matematika,fizika ýaly kyn sapaklaryň öý işlerini jan edip düşündiren-de, Döwlet joňk:”Alty,men saňa mekdep naharhanasyndan limonad alyp berjek”diýýärdi,Altymyrat bolsa:”Alyp berer ýaly men näme etdim?Kömek bermek borjum ahyryn!Gaýdyp şu sözüňi gaýtalama!”diýerdi.Uly arakesme-de ol dostlaryny ep-esli aralyga,öýüne alyp gidip,suw,sygyr çalyny içirýärdi,özem bu ýagdaý gündelik

gaýtalanýardy,ýogsam,oglanlaryň içinde mekdebiň golaýynda ýaşaýanlary hem bardy. Rahmanberdi mugallymyň berýän terbiýesi,okuw okadyş usuly täsir etdimi,nämemi, olaryň synpy mydama öňdeligi eýeläp başlady,muňa Altymyradyň:”Oglanlar,saýhally bolup,sesimizi çykarman sapagy diňlesek,mugallymlar bizi gowy görerler”diýip durmagy hem peýda edýärdi.Altymyrat özünden sapak soralmadyk güni mugallymyň öňüne geçerdi-de:”Ýa-ha maňa bäşlik goý ýa-da islän ýeriňden sora!”diýip,kesgitli aýdardy, şonda:”Şu gün-ä geçilem daga ýaýrady”diýip,Rahmanberdi mugallym göwni hoş halda ýylgyrardy we goşmaça mysallary bererdi.”Onda içimi köwlejeg-ow !?” diýip,Altymyrat hem berilen mysallary işlemek bilen bolýardy.Umuman,Rahmanberdi mugallym sapagy durmuşa baglamaga gaty ökdedi.Ýazyjy-şahyrlar barada gürrüň edende,şol ýazyjynyň kitaplaryny getirip görkezerdi we düşündirerdi.Ýa-da Mätäjiniň “Bugdaý”goşgusy arkaly bugdaýyň ýere sepilenden gök öwsüp çykyşyny,däneläp,guş-gursak däneleriň altyn öwüşgünini,el bilen,mal bilen döwseň ýyl boýy iýjek dänäňi alyp bolýanlygyny düşündirýärdi.Çaga mekdebe aýak basan gününden Rahmanberdi mugallym onuň bilime höwesekligini anyklaýardy.Çagada höwes bolsa ony ösdürmek ýeňildi,başga bir tarapdan onuň bilime höwesi ene-atanyň bilimine, terbiýesine hem baglydy. Başga çagalaryňky belli däl,Altymyrat üçin-ä, mugallym edil Hudaý ýaly sylanýan adam bolmalydy.Onuň her aýdanyny doga edip dakynmalydy,hormat goýmalydy. Narly, Rahmanberdi,Tirkiş,Akmyrat ýaly mugallymlaryň aladalary bilen baglar bagbanyna görä ýetişýerdi.Ol şeýle bolmalamdy.

Mekdebiň sport meýdançasynda dürli oýunlar oýnamaga mümkünçilik bardy, woleýbol, basketbol,futbol,ylgamak ýaly oýunlary oýnasa bolýardy.Uly arakesme-de ýa-da okuwdan soň,Altymyrat oglanlary daşyna ýygnap:”Geliň eý,türgenleşeliň,ýaryşda ýeňiji bolalyň”diýip,woleýbol oýnuny gurnaýardy,netijede olaryň synpy ýaryşda öňdeligi eýeleýärdi.Beýle oýunlara Rahmanberdi,Akmyrat ýaly mugallymlaryň gatnaşmagy jogapkärçiligi artdyrýardy.Sapak okadýan mugallymyň bile pökgi oýnasa ol seni köp zada borçly edýärdi,sebäbi,mugallym ýaramaz okaýany oýna goýbermeýärdi.Mekdebiň töweregine bag-bakja ekmeli bolanda hem Altymyrat öň hatarda bolup, ýoldaşlaryna: ”Mekdebimiziň daşy bag-bakja bürense,gör,nähili gözel bolar!”diýip düşündirýärdi, nahallary hem öýünden getirerdi.(Ýeri gelende bellemeli zat,onuň eken baglary häzir hem gögerip,gök öwsüp otyrlar).

Ýok diýselerem her çaganyň kiçeňräjik ýetmezi bolardy.Aman jyk-jyk meselem “R”diýip bilenokdy,soň-a öwrendem welin.Garpyz diýmegiň deregine Gaýpyz diýerdi.Şol sözi gaýtalap Amanyň gaharyny getirerdiler.Altymyrat sapak aýdyp durka,eli bilen garpyzyň şekilini çyzyp,agzyny müňňülleden badyna,gaýduwsyz gaharjaň Aman elindäki ruçkasyny zyňdy.Ruçka Altymyradyň egniniň üstünden geçip,ýazgy tagtasyna baryp çümildi. Altymyrat mugallym görmänkä ruçkany tagtadan aýryp,sapagy aýdyp ýerine geçende ony eýesine hormat bilen gowşurdy.Bolsa-da göze görüner-görünmez belalardan Alla ony gorady,ýogsam ruçka onuň gözüni kör edip hem bilýärdi ahyryn... Ýeri gelende bellemeli zat,bilim almak,köp zady bilmek,çeper eserleri irginsiz okamak oňa ýagşy-ýamana düşünmäni,gülmäni,gynanmany,aglamany öwretdi.Jaý ussasy jaý gurjak bolanda ähli zady hasaplaýar,ölçeýär,ýa-da ýönekeýje ýaly bir mata kesýän gaýçyny ýasamak üçin demirçi ussa,hasapçy fizik,suratçy ýaly ussalar gerek.Bir adam bilen gowy gaýçy ýasap bolmaýar.Adam köp ugurly,bilimli,ylymly bolmaly.SSSR döwründe çagalara berilýän bilimiň derejesi dünýäde birinji orunda durýardy.Dünýä ylmynyň 90 göterim ösüşi SSSR-iň beren ylmynyň netijesinde ösdi.Muny amerkan alymlary boýnuna alýarlar.Ýewropa-da azat bilim beriş ýoly bar,isle fizika sapagyna

gatnaş,isle gatnaşma,öz işiň!Emma Sowet mekdeplerinde welin ony edip bilmersiň,hemme sapaklardan hökman gowy biläýmelisiň.Şol sebäpli çagalaryň bilim alyşy,mugallymyna bolan sylag-hormaty ýokary.Orslar bize” namaz okama,sünnet etdirme,,metjid saldyrma “diýmedi.Biz geçmişde bolan nogsanlyklarymyzyň köpüsini orslaryň üstüne atmaga ýykgyn edipdiris,emme beýle pikir düýbünden nädogrydyr. Mysal üçin halklaryň dostlugy,mylakatly gatnaşygy ýaly wawwaly mesele-de syýasat goşulsa ol özüniň ähmiýetini ýitirýär,wajyplygyny peseldýär.Adam üçin dünýäde millet ýa tire däl,ilkimji nobatda ýokary terbiýeli,ylym-bilimli bolmagyň wajyp.Edil, Ýer şarynyň hemme kişä deň bolşy ýaly...

Her gün diýen ýaly,Altymyrady onunjy synpda okaýan dogany Çaryýar mekdebe alyp gidýärdi we getirýärdi.Çaryýar kem-kemden horlanyp barýardy.Nähilidir bir kesel ony heläk edýärdi .Oguldurdy eje:”Wah,çagama näme bolaýdy,gyz?Işigimizdäki şatut ýaly gurap barýar-la,bi?Ikisi bir günde ýykyldy ýatyberdi-le!””diýip, erbet howsala düşýärdi

Dogrudanam,şatut otuz ýyldan bäri olaryň işiklerine saýa bolup gelýärdi.Ony Oguldurdy eje öz eli bilen oturdypdy.Her bir ýapragy aýa ýaly tudyň aşagy saýalydy,salkyndy.Ine,birdenem, ol üstüne ýaganja gara çydaman ýan berdi duryberdi.Emma guramady.Görlüp oturylsa,bir çopanyň tudyň düýbüne taşlap giden ýylgyn taýajygy bilen gelen sarygarynjalar az salymyň içinde köpelip-ýaýrap,wagtyň,ýel-ýagmyryň,harasadyň alyp bilmedik äpet agajyny ýykyp goýberdi.Barmak bilen basanyňda onlarçasyny mynjyradyp boljak kiçijik möjejik şol agajyň tepbedini okady.Her bir adam şol agaç kimin, durmuşyndaky garşylyklaryň onlarçasyny ýeňip geçýänem bolsa ,ahyrym bir sebäp bilen ölmeli.Ol hakykat.Biziň her birimiz ykbalyň bize ýollaýan harasatlarynyň,apy-tupanlarynyň öňünde gaýa dek durup bilýäris,emme käte,özümiziň ýüreklerimizi howsala salýan ýaňky barmagyň bilen mynjyradyp bolýan sarygarynjalardan ejiz gelýäris.Öňde bir alymyň aýdyşy ýaly,”ownukçyl bolardan ömür juda gysga ahyryn! ”Işigimdäki tut gyşardy welin, balam Çaryýar jana bir zat boldy!”diýip,Oguldurdy daýza gözüniň ýaşyny syldy.Ol hem edil Altymyrat ýaly çyrçyklydy,aýňalman,ahyrym ýaňy özüni tutup ugranda,böwrekde daş döräp,on sekiz ýaşynda bejerip bolmaýan kesele uçrapdy..

Şol gün Altymyrat heniz towuklar oýanmanka oýandy-da,oýaly-ukuly halda ýatdy.Ejesi :”Eý Huda,bol Huda !Çagama rehim et Huda!” diýip,onuň gapdalynda ýatan ýerinden turdy-da,täret almaga çykdy.Gyş bolsun,tomus bolsun, ol daşarda täret alýardy, yzyndanam :”Wah-wah-eý!”diýip,namazyny okardy.

Ine,bu günem namazyny okady,pejiň oduny tutaşdyrdy,tüňçäni oturdyp, içerini tertipleşdirdi.Soň mallaryň ýatagyny arassalady,sygyryny sagdy,ot-suw berdi. Gelip :”Tur,balam jan,daşaryny bir görüp gel!Görseň geň galarsyň.Rahmanberdi Söýegiň telpegi ýaly tokga-tokga gar ýagýar!”diýdi.(Eger ýagyş ýagýan bolsa ol hökman:”Kümüş ýaly ýagmyr ýagýa,sen bolsa ol gözelligi synlaman ýatyrsyp”diýerdi).Altymyrat Rahmanberdi aganyň silkme telpegi ýaly bolup ýagýan gary görjek bolup,epişgeden garady,görse, telpek ýaly garam ýok,beýleki-de.Adaty bir gar syrap dur.Öýüň işiginden uzalyp gidýän mellekdäki ýapraklary heniz doly gaçyp ýetişmedik baglaryň üstüne akja un sepelenen ýaly,käbiri edil leýlisaç ýaly akja şahalaryny aşak sallapdyplar.Serçeler topar tutup, işikdäki teläriň aşagynda jürkülleşýärdiler,iki sany alahekge towuk keteginiň töwereginde,ýumurtga peýda boldugy alyp gaçaýyn diýip garawullaýardylar.Olar Altymyrady görselerem gaçmadylar,ýöne ol köwşüni düzetmek üçin egilende, gak-da -gak boluşyp uçup

gitdiler.Daşarynyň arassa howasy göwnüňi göterýärdi,mellekden çüýrän dersiň,ýere gaçan ýapraklaryň ysy gelýärdi.Altymyrat sygyr dersiniň ysyny halamasa-da,ejesi:”Öz malyň dersi özüňe bereket bolup ýagýandyr,bagymyzyň,üzümimiziň hasylyny göterip bilmän durşyny gözüň bilen gördüň ahyryn.Malyň dersi bolmasa olar beýle hasyl bermezler -diýip,düşündirýärdi.-Ýadyňa düşýän bolsa baglar ýazda juwan gyz ýaly dikgerýärler,tomusda şaýly gelin ýaly bezenýärler,güýzde çagasy bolan ene ýaly ýegşerýärler.Hol,iki düýp gyzyl şetdalynyň ýagdaýy beýleki baglaryňkydan agyrdyr,olar güýzde düzüm-düzüm hasylyny göterip bilmän şahasyny omurýarlar.Bilýärmiň,men saňa şetdalynyň gollarynyň aşagyna direg ber diýenimde,sen ony göwünli-göwünsiz ýerine ýetiripdiň,netijede, şatdalynyň agyr hasyl getiren iki goly omurlyp,hasyly heniz doly bişip ýetişmän-kä guradylar,bişmedik hasyl bolsa garry mamaň ýüzi ýaly müşşerip, kiçelipdir!Men saňa öňem aýtdym,ýene aýdaýyn,ogurlyk etme,ejizeganym bolma,kişi zadyna göz gyzdyrma,sögünç sözi agzyňa alma”diýerdi,ýa-da Altymyrat:”Eje,pylany şeýle-şeýle diýip sögündi”diýäýse dagy ejesi:”Bar,gitde agzyňy,dişiňi gowy ýuwup gel!Gaýdybam şeýle sözi agzyňa alma!”diýerdi.Altymyrat ejesiniň aýdýanlaryna indi düşünip ugrapdy.Ejesiniň tabşyryklaryny göwünli-göwünsiz ýerine ýetirýänligi üçin şeýle ýagdaý döräpdi..Ejesi käte:”Wah,balam jan,saňa iş buýran dilimi agaja daňyp ýençsediler! Jan balam, baglar bir ýylda adamynyň uzak ömrüniň dowamynda,ýaşlyk,juwanlyk,garrylyk döwrüni başdan geçirişi ýaly döwri başdan geçirýär.Idegi wagtynda etmeseň süllerýär.Agaçlaryň ykbalyna nebsiň agyrsyn ahyryn!”diýýär.Ejesi gap-çanaklary ýuwmany,öz-özüňe seretmäni öwredişi ýaly:”Erkek öz içki geýimlerini hem özi ýuwmalydyr”diýýär.Dogrudanam onuň, baglar hasyl getirende datly miwelerden geregince symyşlap ýören wagty,bilbilleriň saýrap,ikiatýogyň ömrüňi sanaýan wagty ,çigildem gülleriniň beýleki gülleriň tebigaty bezän wagty,arassaja içki eşiklerini saýlap geýýän wagty bu zatlaryň ýadyna düşmeýşini diýsene!Eden işleriniň telekdigini tassyklaýan ýaly,bir baýguş erik şahasynda jakyrdady.Baýguşy ini söýmese-de,azar bermän ol ýapragy doly düşmedik üzüm düýpleriniň aşaklaryna seredip,galan-gaçan murthoşalary gözledi.Öňler dekabr aýy däl, täze ýyldan soňam ,hat-da üzümleriň gyrkylýan döwründe-de, galan-gaçan üzümi tapsa bolýardy,bu ýyl welin hiç zat ýok.Soňky döwürlerde,owgandaky uruşdan gaçyp töwerege ýaýran owgan guşy diýen bir allajy peýda boldy-da,üzüm hasyl-a beýlede dursun,häzir bolaýmasaň gözüňem çokup gitjekler.

“Akýap”adyny göterýän oba Mary welaýatynda ady belli üzümçilik obasy bolansoň,şol bela guşlaryň bary şu künjege ýygnanan ýaly.Ýöne,oňa derek obanyň adamlarynyň, gyz-gelinleriniň barysy diýen ýaly,uzyn boýly,burunlagraga-da syratly, sypatlydy...

-Balam jan,üzümleriň aşagynda sermenip ýörme-de,gel,eliňi-ýüzüňi ýuw,çaý içeli!Garry eneňem geldi-diýip,ejesi ony çagyrdy.

-Eje,garry enem näçe ýaşady?Segsenden-ä geçendir?

-Aý,jan balam,men-ä şony bilmedim.Altmyş ýaşap barýan welin,onuň şol bir durşy.Gowusy,sen ony özünden soraýsana!Ol ,öýde,Çaryýar jana em edip otorandyr .
Altymyrat agasy Çaryýaryň ýatan otagyna girip,elini uzadyp salamlaşmakçy boldy,emma Çaryýar ysgynsyzlykdan ýaňa gepläp hem bilmän,gözi bilen jogap berdi.Garry ene onuň arkasyna nämedir bir zatlary çalýardy we içinden doga okaýardy.

-Ene,sen-ä ýüz ýaşansyň?-diýip,Altymyrat sorady.

-Guzym,näme diýýäň?

-Ýaşyň näçe diýýän!

-Bilmedim,guzym...

-Atamyň haçan ölenini bilýäň-mi?

-Garry ataň ölenine üç müçe dagy geçendir.Men şonda ondan-mundan galypdym...

-Gördüm diýsene!?Diýmek seniň ýaşyň ýüze golaýlandyr!

-Nädeýin guzym,Alla uzak ýaş berse men günäkär däl-ä!-diýip,garry günäsinde tutulan ýaly gyzardy-da,içki otagyň gapysyny açyp:-A gyz,Aýgözel,tur-a,indi,güni depäňde dogurmajak bolsaň !-diýdi.

–Ene,sen kiçijik çaga bolupmydyň?

-Hawa,Alty jan.

–Saňa-da käýýedilermi?

-Aý,hawa,şeýle zat bolupdy.

–Onda senem garagolluk edensiň!Maňa bolsa öwüt berýärsiň-diýip,Altymyrat seslendi.

-Ene,Çaryýar doganjygym ýatmady,gijesi bilen gyzdyryp çykdy.Men ýaňy azajyk irkilipdirin-diýip,Aýgözel içki otagdan çykyp,görmekli ýüzüni sypady.

-Men ýaňy ony zäk bilenjik suwadym welin,gyzgyny aýrylypjik gider.Gije meni turuzmaly ekeniň-ä!

-Azar bermäýin diýdim-dä,ene!

-Kakasyny küýseýär ol,kakasyny.Gorkma! Alla bizlik bolsa alyp çykarys,enşalla! Garry sözüni soňlap soňlamanka Tirkiş,Kakajan,Orazberdi ,Bäşim dagy öýe girdiler,Oguldursun daýzada aglamjyrap girdi.

-Balam janym gidip barýa...Allajan,janymy al, guzyma degme!-diýip,ol möňňürip başlady.

-Eje,nämä aglaýaň!Mert bol!-diýip,Tirkiş ejesini gujaklady.

-Bäşim,bar Altymyratjany al-da goňşylara bar!Gelnejeme enem gelsin diýýä diý!-diýip,Aýgözel olary ugratdy...

Ol Çaryýary iň soňky gezek görýärdi.Geň galmaly zat,Çaryýar ölen güni şatudyň ähli ýapraklary birden döküldi.Oguldursun daýza ony çapmaga-da dözmän,süýräp,jaýyň ýeňsesine geçirdi.Bag bilen Çaryýar neressäniň arasynda näme gatnaşyk bar, bilmese-de,Altymyrat agasynyň şatudy gujaklap,gürleşyp duranynyň ençeme gezek şaýady bolupdy.Juwan ýaşdaky oglanyň ölümi enäni çökeripdi.Indi ol Altymyradyň boýnuna doga dakyp,nähilidir bir zatlary okap, öýde ýüzärlik tütedip;”Balamjana bir göz degmesin!”diýip,çüfläp,samrap duranlardan boldy.”Meniň şujagaz balam janyň arkasyny Dawut pygamber sypalandyr,sebäbi oglumda onuň bäş barmagynyň yzy bar.Bu güýçly ynsan bolup ýetişer”diýerdi.”Bol,balam jan,günäň dökülsin!?”diýip.yrymçyl ene ogluny şaman otdan bökdürerdi.Altymyrat:”Eje,günäm nirämden dökülýär?”diýip sorardy.”Günä-de,sogabam adamyň kellesinde ýerleşýär,balam.Her adam sogaby beýnisinde galdyryp,günäsi bar bolsa elmydama ony dökmelidir”diýip jogap bererdi.Ol Altymyradyň daşyna kökenek bolup,oňa diňe gowy zatlar aýdyp bererdi,töweregiň gowulyklary bilen tanyşdyrjak bolardy,”Balamjanyň gözleri diňe gowylygy görsün”diýip,daragtlaryň guran şaha-şuhalaryny aýyrardy,öýüň töweregini juda arassa saklardy.

Gowulyk gören gözleriň,
Gowulygy döreder.
Balamyň gyzgyn mähri,
Dagy-daşy ereder...

Ene bu sözleri gaýtalamany gowy görerdi,aslynda ony kimiň ýazanlygyny hem bilmeýärdi.Gep kimiň ýazanlygynda däldi,sebäbi ol ähli adamlaryň ýüreginiň duýgusydy,owazydy.

Oguldurdy daýza, mekdep-internada işe gidende,dikgirdäpjik ýöreýän Altymyrady hem ýany bilen alyp giderdi.Oňat ol şu ýerde okaýardy.Mekdepde saz mugallymy bolup yşleýän Tirkiş Taganyň çalýan şirin sazlary Altymyradyň kalbynda dünýä gözellikleri hakynda,adamlaryň şat we bagtyýar durmuşy hakynda.il we adam ykballary hakynda düşünjeleriň peýda bolmagyna getirýärdi.Onuň "Bolarmy" "Balsaýat" ."Nowaýy" sazlaryny,Öwezgeldi Tekäniň aýdymlaryny höwes bilen diňleýärdi."Balam jan,,senem Tirkiş kakaň ýaly örän tutanýerli bolgun!Ol ýaşlygyndan kiçijik akkardion edinip,saz çalmany öwrendi.Soň ol şu ugrdan okuwa gitdi.Gutaryp mekdepde mugallym bolup yşe başlady."diýip,ejesi ony höweslendirýärdi.

–Hany,jijim aýt,sen näme edip bilýärsiň?-diýip,bir gün Tirkiş ondan sorady.

–Hiç zat edip bilemok.Men irginsiz mugt kino göresim gelýär.

–Goşgy bileňokmy?

-Bilýän,ejem öwredýär.

–Hany,onda maňa bilýäniňi aýdyp ber-dä!Ýa gorkýarmyň?

-Ýo,gorkamk-diýip,ol jogap berdi,şol bir wagtda uly adamyň berýän beýle soragyny halamady.Sebäbi bu soragdan soň öň hiç zatdan gorkmaýan hem bolsaň gorkup başlaýardyň,birden okajak zadyň ýadyňa düşmän dursa tätjek?

-Ilerimiz garynja,garynjada ýorunja-diýip,ol okap başlady-da,birdenem sesini tapba kesdi.Ol eýýäm gorkusyna başga-başga zatlary diýip durdy ahyryn.

–Aýdyber,jigim,seň gowy sesiň bar ekeni-diýip,Tirkiş onuň arkasyna kakdy

Ol ýene goşgy okap başlady,özem ýene-de garynjadan.Ýok,oňky boljak däldi.Şol sebäpli ol gözniň owasyny ýaşdan doldurdy.

-Berekella,jigim,berekela!-diýip,Tirkiş ne bir iş eden ýaly ony ýokary galdyrdy-Aýdaly sen sahnada çykyş edipsiň diýeli,soňundan tomaşaçylara näme diýmeli?Bileňokmy? Şeýle ýagdaýda sen olara başyňy egmeli.

–Ýok,başymy egmen.Döwlet joňk tersleşende maňa:"Öňümde başyňy eger ýaly ederin"diýýä.Başymy egmen!Sebäbi ol meniň gorkaklygymy aňladýar.

Tirkiş onuň jogabyna hezil edip güldi-de,gujaklap,maňlaýyndan öpdi.

Umuman Tirkiş gaty mylaýymdan,gowy adamdy.Onuň at-abraýa eýe bolup gidişi barada hem ejesi oňa gürrüň beripdi.

Bir gün potratda pagta ýygyp ýörkä, gyz jigisi gelip:"Öwezgeldi diýdimi,Teke diýdimi,biri seni çagyrýar"diýende ,Tirkiş:"Olar ýaly adam bize gelmez"diýse-de, öýüne gaýdýar.Görse, Öwezgeldi Teke diýýär.

-Öwezgeldi,sen-maýt?

-Bolubilseg-ä şol bolmaly.

-Hany öýe gir, ornaş!

-Ornaşarys,gümür-ýamyr ederis.Ýöne sen ilki bilen maňa sazyňy diňlet!Ýarasa,ýanym bilen alyp gitjek,ýaramasa-da duzuňy dadyp turjak,gaty görmesizden-diýýär. Onuň çalan sazyny diňleýärde:"Yzlamaýan bolarmy"sazyňy ýene bir gezek çal!"diýýär,soňam :"Men seniň öňüňde dyza çökýän,çeper eliňi ogşaýan.Indi,sen meniň sazandam bolarsyň. Sen-how,potratda näme işleýärsiň,ikimiz potradyň adamsy däl ahyryn.Biziň elimiz,dilimiz işlemeli"diýip,ony öýünden alyp gidýär.Şeýdip, olar Nurýagdy Tokgany hem ýanlaryna alyp, çykyş etmäge başlaýarlar.Men bulary giňişleýin aýdýanlygymyň sebäbi,sen öz obaň zehinli adamsyny

tanap goýmaly,öz obaň abraýyny hasam galdyrmagyň aladasy bilen bolmaly...Ýene bir bilip goýmaly zadyň,saňa gyzamyk çykanda,Tirkiş Tagana saz çaldyryp, gök eşegimiziň süýdüni hem içiripdim,keseliň kellesini aýlamak üçin gyzjagazyň eşigini geýdiripdim,(gyzjagazlara bolsa oglanyň eşigini geýdirerdik).Bular türkmeniň gaty gadymdan gelýän däbidir.Gyzamykdan içiň ot bolup ýanýan çagy, gök eşegiň buz ýaly sowuk süýdüni içirerdim welin,sen hekgeripjik, ýeriňden galýaňda,sallançak uçup,Tirkiş Taganyň çalýan şirin sazlaryna hiňlenibererdiň:"Maňa gök goýnuň süýdüni getiriň!"diýip...Käte bolsa sen:"Eje,Tirkiş kakam Durdy aganyň "Zöhrejanyny"çalýar,diňlejekmi?"diýerdiň, gulagyma hiç zat ilmänsoň,menem "Oglumyň bolmajysy bolaýypdyr,özüň kömek et,jan Alla!"diýip,gorkyma dileg ederdim.Asyl sen onuň öýünde çalýan sazyny eşidýär ekeniň,ýogsam ol obanyň günbatar çetinde ýaşaýardy ahyryn...Şulary sen bilip goýgun!..

Bir günem Tirkiş eli gyjakly gapyda dur."Hany,Alty jijim,bir aýdymjyk aýdyp ber!"diýip.Tirkiş gyjak çalýar,Altymyrat heňňalyk uçup oturan ýerinden aýdym aýdýar.

"Ilerimiz ýorunja,gülün ýygnar garynja,

Indiki gül çykýança,gaýdyp gelsin gelneje!"-diýip,ýaňy öýlenen Orazberdiniň atasy öýüne gaýdyp giden gelni barada bir zatlary samraýar.

–Haý,berekella,inijigim zordur!-diýip,özi barada edilýän alada guwanan Orazberdi onuň arkasyny sypaýar.

–Meň şujagaz balamyň bilmeýän zady ýokdur!-diýip,ejesi ogluny gujagyna gysýar... Her gün işe gidende we işden gaýdanda ene ogluny ýanyndan goýmazdy. Öýe gelip nahar-şor etmeli bolsa-da,tikin tikmeli,namaz okamaly,mal-gara seretmeli bolsa-da, Altymyrat ýanyndadyr.Ir turup ýuwunman saçaga ýapyşsa:"Balam jan,ol pişijege seret!Seret! Ilki ýüzüni,soň aýaklaryny ýuwdy,indem goltuklaryny ýuwýar.Sen bolsa ýüzüňi ýuwmaga ýaltanýarsyň!"diýerdi,onda ogly :"Eje,pişik dili bilen ýuwunýar ahyryn!"diýende,ejesi:"Ol heniz kiçijik,ulalanda dili bilen ýuwunmaz,ýöne ol sen ýaly ýalta däl."diýip,oglunyň ýüzüni ýuwmagyna itergi bererdi.Soň,ol mal-gara seretmegi,suw bermegi,ot dökmegi öwredýärdi.Ejesi :"Sygryň süýdi agzyndadyr,baksaň, süýt,çig gaýmak iýesiň gelse,oty köp bermelidir,ýaltanmaly däldir.Dawyd pygamber diňe demiri däl,mal-halam halapdyr,olary idedipdir"diýerdi.Şeýdip,ol oglunyň kalbynda mala,tebigata,töwerege söýgi oýarýardy.

Bir gün ejesi işden gaýdyp gelende:"Balam jan, gölejigiň bir zatlar diýýä welin,suwsan bolaýmasyn?Hany suw görkezip gör!-"diýip,çagasyny işe ugrukdyrmagyň tärlerini gözleýärdi,başga bir gün, enesini emeninden soň iki ýana alakjap ýören gölejigi görkezip:"Bar,balam jan,tazygyp gidibermez ýaly ony daňyp goýber!" diýýärdi, Altymyrat:"Men ony daňyp bilemok"diýende ejesi:"Göläni ine, şeýdip daňmaly" diýip, gondybag daňmany öwretdi-de:"Oglum,Dawud pygamber ýaly düşbüje bol.Olam mütüje çaga,soň çopan-çoluk bolupdyr, demire dil bitiripdir,sebäbi,Lukman hekimiň otuz ýyllap hat-sowadyny öwrenipdir.Ol iki müň hikmeti ýatdan bilipdir"diýdi.
-Eje,Rahmanberdi mollym sapagy gaty gowy öwredýär,gyzykly alyp barýar-diýip,Altymyrat seslendi.

-Rahmanberdi-gonambaşy edäýmeli adamdyr,ylym-bilimde turşysy depesine çykanlardandyr.Sebäbi aňyrsy(Ulugberdi ahun) ahun çykyşly nesil.Ol synlaryny süýräp,bu syrgyndan gaýraky syrgyna aýlanyp,maksatsyz gezip ýören gojalardan däl.Onuň her pursady maksatly.Häk,bilimi dagy ýokary bolanda ol ýatan daşy pagş-para etjeklerden,özem adygan Körmolla şahyryň inilerinden.Ýadyňda galar ýaly men saňa Rahmanberdi mollumyň aňyrsyny aýdyp bereýin.Diňle!Suhanyň lakamy

Körmolla,kakasynyň ady Öwezberdi,atasynyň ady Molla Sakar ,ýagny Sakarda doglany üçin şeýle diýipdirler.Molla sakar kärendeçilik edip gününi görüpdir,hor-homsy ýaşapdyr,gabahat açlyk zerarly dünýäden gaýdypdyr.Onsoň onuň ogly Öwezberdi”Bagt gözläp” Mara göçüp gelýär we atly ahunlardan bolan Abdylla işanlara talaban durýar.Zähmet hakynyň deregine,ogullaryny,öz döwrüne görä sowatly etmegi başarýar..Soň ol,Sakarçägä,biziň obamyza göçüp gelýär,kärendesine ýer alyp ornaşýar. Öwezberdiniň uly ogly Ulugberdi,yhlasly okanlygy üçin,oglan okadarlyk derejesine ýetýär,ortanjy ogly Annaberdi biwagt aradan çykýar,Suhan bolsa kakasy bilen daýhançylyk edip başlaýar.Daýhançylyk etse-de ol,esli wagtyny deň-duşlary bilen saz-söhbet etmek,kyssa diňlemek.gijelerine ýygnanyp,her hili hyýaly hekaýatlar aýdyşmak bilen gününi geçirýär.Ol örän şähdiaçyk,giňgöwrümli bolupdyr,ýaňy 23 ýaşa ýetende bolsa ,mama keseline duçar bolup,görejinden mahrum bolupdyr, şondanam ”Körmolla” lakama eýe bolupdyr.

Rahmanberdiniň kakasy Söýeg aga,ahunlyga ýetenligi üçin Ulugberdi ahun adyny alan adamynyň ogly.Ol 1939-nji ýylda tutulýar.Onuň iň soňky haty gürji ilinden gelýär.Şondan soň Söýeg agadan gördüm-bildim ýok.

Rahmanyň bilimi ýokary hem däl,ýöne onda okuw okatmagyň ussady diýen nyşan bar,özem hasapdan,fizikadan,bagbançylykdan,maldarçylykdan,çyzgydan,suratdan çagalara sapak berýär,hat-da orta,ýokary bilim alýanlar hem onuň ýanyna gelip,özleriniň diplom işlerini ýazdyrýarlar.

-Eje,ol maňa yhlas edip bilim öwredýär.Diňe maňa däl,ýokary synplara hem şeýle öwredýär.Ho gün,mekdebiň ýanynda gurulýan medeniýet öýi binasynyň depesine çykyp,kiçi,orta,uly ulylykdaky daşlaryň hersini aýratynlykda taşlap,aşak gaçma tizliginiň kanunyny öwretdi,soňam altynjy synpdaky okuwçynyň kellesini sypalap: ”Düşündiňmi, guzym?”diýip sorady,ol hawa diýdem weli:”Şu gün geçim daga ýaýrady”diýip,hoş boldy. Ol käte maňa jürlewük ýasap berýärde:”Al,ogul,çal,şähdiň açylsyn!”diýýär...Altymyrat daşy agardylan,kä ýeri gopan,kä ýeri jaýryk-jaýryk pessejik kerpiç jaýlaryna söýenip durşuna, ýenede bir zat diýjek boldy, ol:”Eje maňa pukaranyň çagasy diýýärler weli,ol näme bolýar?”diýip sorajakdy,soramady,oňa derek:”Eje,Döwlet joňklara gidäýeýin!?” diýdi. Rugsat alyp,joňklara bardy-da,onuň bilen obanyň ses ýetim ilersinden geçýän demir ýolunyň ýakasyna gitdi.Bu onuň ömründe ilkinji gezek özbaşdak öýden çykyşydy.Şeýle pursatlar hiç mahal ýadyňdan çykmaz ekeni

Olar demir ýoluň ýakasyny syryp,gezim etdiler.Şol wagt bagtlaryna negada bir geçýän otly hem ýetip geldi.Otly hamana hiç ýere gyssanmaýan ýaly,göwnihoş haşşyldap geçip gitdi.Altymyrat beýle zady ömründe ilkinji gezek görýärdi.Birnemejik gorkanam bolsa,Döwlet joňk ony köşeşdirdi.Ol asyl,öňem kakasy bilen bu ýerlerde bolup otlyny gören ekeni,hat-da “ oňa münenligini”mazamladam.Birden bir zat ýadyna düşen ýaly:”Daýzam myhmançylyga gelmelidi,öýe gaýdaly”diýip,Altymyrat seslendi.

Öýüne gelse,çaky dogry çykdy.Sakarçäge şäherçesinde ýaşaýan Ogulbike daýzasy,ejesiniň uýasy gezmäge gelipdir,özem bir sebet alma,erik,garaly hem-de köpsanly çagalaryndan galan geýim-gejim getiripdir.Ol biziň mätäçlik çekýänimizi bilýärdi.Mätäçlik ýaly erbet zat ýok ekeni.Ol paýhasyňy öçürýärdi,ruhuňy uçurýardy,ömrüňi zäherleýärdi,şonda-da ondan gaçyp gitjek ýeriň ýokdy.Ýeter-ýetmezçilik günleri ýatlanda,kör köpük pullary bolmasa-da,bir döwüm çörek tapmak hillalla bolsa-da,Altymyrat üçin o günler ýakymlydy.Sebäbi onuň üstüne döşüni gerip duran ejesi bardy. Käte ir-iýmişden,egin-eşikden ýüklenip gelýän iki sany daýzasy,olaryň kyn günlerine dözmezçilik edip,hallaryndan habar alyşlary onuň ýadynda ýakymly

ýatlamalary galdyrýardy.Başga bir tarapdan mätäçlik onuň arzuwlaryny çarhlaýardy.Käte ýagyş ýaganda ,ýokardan damýan damjalardan ýaňa,dyzyňy epmäge ýer ýokdur,emma ol pursat ýadyn-da gowy galýardy.Häzir başgaça,şol döwürler-ä,obada has gurplyrak hasap edilýän Nury Muhatlaryň güni hem biziňkiden üýtgeşik däldi.Käte,köne-küşül,hopul-sopul geýinmeli bolýanlygy,odunlary gutaryp,üşemezlik üçin gyz doganlary bilen,birek-birege gyslyşyp ýatýanlygy hem onuň ýadynda ýakymly duýgulary oýarýardy.Uzakly gije üşäp çykýanam bolsa,ertesi ejesini gördügi ähli zady unudýardy,dünýäde ejesini görüp durmakdan, mährinden ganmakdan başga gowy zat bardyr öýdüp kellesine hem getirmeýärdi.Şeýle ýagdaýda ol hiç zada mätäç däldi.Ejesi bolsa käte:"Şu ýeter-ýetmezlik,bir zadym gutaraýsa näderkäm diýip howsala düşmeklik meni gaty gorkuzýar,halys surnukdyrýar,aljyradýar. Durmuşda iň elhenç zat şol ekeni"diýýär.Altymyrat bolsa oňa:"Eje,ulalaýsam saňa gowuja bir köýnek alyp bererin!"diýip,ejesiniň ýyrtylan ýeňini sypalaýar.Wah,çagalara azyk tapdyrsa ejesi ýama-ýama köýnegi bilenem oňňut etjekdi ahyryn...

## Pälwan oýunlara gyzygýar.

Bu oýny kimiň oýlap tapany belli däl,ýöne ejesi-hä:"Ata-babalar hem ony oýnaýardylar" diýýär.Ol oýnuň ady çilik.Altymyrat bir gün hek bilen agardylan jaýlarynyň arkasyna,köçe tarapa çyksa,Döwlet joňkuň başda durmagynda oglanlar çilik oýnap ýörler.Olaryň arasynda syryk ýaly boýuny sömeldip Orazmyrat Ýasy hem bar.Özüniň üç tigirli traktory bilen ekin meýdanlarynda zähmet çekýän bu ýigide"orak bilen ot ýygmagyň pälwany"diýýärdiler.Bir käse çaý içim salymda mes eşegiň göteribiljek otuny ýygýar.Häzirem ol traktoryny gumak ýoluň gyrasynda goýup,çilik oýnaýan çagalara goşulypdy.Orazmyrat Ýasynyň ata-babalary hat-da ýedi arkasy hem örän daýaw adamlar bolan,şol sebäplem olara Ýasylar diýýärdiler.Diýmänem bir gör,derrew bolýa diýdiräýýädiler...

-Alty,gel-eý,oýnaly!Bize goşul!-diýip,Döwlet joňk gygyrdy. Çagalaryň ellerinde ululy-kiçili taýajyklar, ortada kiçeňräjik çukur.Çilik diýilýän zadam goýnuň oňurga süňki.Orazmyrat ýasy belli bir aralykda çyzyk çyzar, taýaklar çukura tarap zyňylýar,kimiň taýagy çukurdan daşa düşse şolam eşekçi bolýar. Orazmyrat :"Hany,başladyk!"diýip,çiligi taşlaýar.Kim ony ortadaky çukura salyp bilse,şolam utuk gazanýar,emma eşekçi şol pursatda kimiň böwrüne taýagyny degirse,indiki eşelçi şol bolýar.Oýnalýan meýdanyň belli bir ölçegi ýok,esasy ölçeg çiligi sypdyrman çukura atmak.

Oglanlar soň topar gaçdy oýnap başladylar.Döwlet joňk,Mylly myllyk ikisiniň toparynyň adyna "Akýap",Aman jyk-jyk,,Artyk öýkelek,Orazmyrat Ýasynyň toparynyň adyna "Garaýap" diýip at dakdylar.Artyk bu ada garşy çykyp:"Goý,biziň toparymyzyň ady "Keseýap" bolsun,sebäbi daýzamlar ol ýerde ýaşaýar"diýdi,emma oňa "Daýza seňki,at biziňki"diýdiler.

Döwlet,Altymyrada oýnuň düzgünini düşündyreninden soň, oýun başlandy.Gumak ýolda şeýle bir tozan turdy welin,birek-biregi saýgarar ýaly bolmady.Diňe oglanlaryň haşşyldysy,hykgyldysy çykýardy.Nätekiz meýdançada büdräp ýykylýany hem,top degýäni hem bardy,ýöne birek-birekden topy aljak bolup,öleni-öçenini bilmeýärdiler.Ilkinji gezek gatnaşýanlygyna garamazdan Altymyrat oýna gaty gyzykdy.Içine mata dykylyp ýasalan topy aýlawly ýollar bilen garşydaşyň elinden alyp,,sypdyrman olaryň derwezesine çenli ýetirmek,ýetibem topy derwezä dürs

düşürmek-her bir oýunçy üçin hem buýsançdy welin,Altymyrat üçin-ä hasam buýsançdy.Ol oýnuň ilkinji pursatlaryndan janyny aýamady,bar ünsüni topa berdi.Netijede,ol oýna goşulanyndan soň, Akýaplylar hasaby deňlemegi başardylar.Indi,haýsy topar topy derwezä öň taşlasa şol utýardy.

Artyk öýkelek hiç kime bermän,topy alyp barýar, Orazmyrat oňa goltgy berýär. Artygyň bu gezek çyny ýaly.Edýän herekedi utjaga meňzeş.Emma utulmak abraýdan gaçmak ahyryn.Muny bilýän Döwlet joňk:”Bir zad-a etmeli”diýip seslenen badyna, Altymyrat Artygyň elinden çalasynlyk bilen topy aldy-da,derwezä batly zyňdy.

-Gol!-diýip,Orazmyrat ýasy gygyrdy.

-Gol!-diýip,Döwlet joňk gygyrdy.

-Oýnajak-gäl,oýnajak-gäl!Alty karam etdi.Topy zyňanda çyzykdan geçdi diýip,Artyk derrew öýkeledi,hat-da agladam.

Bu sese Oguldurdy daýza ylgaşlap geldi.Hamana onuň ogluny urýarmyşlar.Öý işlerine güýmense-de, onuň bar ünsi köçede-di,oglunyň her bir herekedini gözünden sypdyrmaýardy.Endamy birneme bekeşsin diýip, goýberipdi,ýogsam, erkekleriň bu gödeksi oýnuny halabam baranokdy.Her zatda bolsa ogly ýakynynda,gözüniň alnynda-dy,öýde bezzatlyk etmäge eli degjek däldi,ýaramaz güýmenjelerden daşda boljakdy.

–Müzzerme!-diýip,ol Artygyň sümügini elýaglygy bilen süpürdi.

–Karam oýnady,karam-diýip,Artyk sesini kesdi-de,gözüniň ýaşyny eliniň tersi bilen syldy.

–Orazmyrat,işigaýdan,saňa näme gerek!?Sen bir gyzyl eňek jahyl,seretmeli dälmi muňa?Özüňem, gowaça bejergisinde işlemeli traktoryňy aýagulag edäýipsiň!? Utanaňokmy?

-Aý,işe gidip barýadym-da,çagalaryň oýnuna höweslenäýdim.

–Köwegräjik-dä,sen,Orazmyrat! Işde,oýunda düzgünden çykylsa-ha bolmaz.Altymyrat jan,dogry dälmi?

-Eje,çyzykdan geçmek bolmaýar ekeni, aňmandyryn.

-Balam jan, akyllyja bol, bilmeýän zadyňy sora, ýöne düzgünden çykma.

-Eje,indi gaýtalaman.

Oguldurdy daýza öýüne giren badyna Orazmyrat Ýasy başga bir has mojugrajyk oýun tapdy.

–Altymyradyň gulagyna eliňi degirseň öýkäň ýazylýar-diýip,ol gyjy-gyjy edip,Artygy küşgürdi.Artyk gulaga elini degirjek bolýar,Altymyrat degirtmejek bolýar,başlandy bir goh-galmagal.Ýöne, Altymyratdan ses çykaýsa nädersiň.Ol kän bir geplemäni bilenokdy.dymmady,kiçigöwünlidi,göze-başa düşmäni halamazdy.Birinden göwni galsa-da, uzak wagtlap ol barada dil ýarmazdy,başga birine gowy görünjek bolma häsiýeti hem ýokdy.Asla,onuň içki dünýäsine aralaşyp bilen bardyr öýdemok.Onuň dymmalygy,özünde syr saklap bilmegi,käbir adamlary howatyrlandyrýardy.Onda hähilidir bir gizlin we güýçli syr gizlenip ýatan ýaly görýärdiler..Göni garagyna bakyp bir zady pert soraýmasaň,kän bir gürrüňe goşulybam ýörmezdi.Hiç kime goşulman gezýän wagty, Rahmanberdi aga oňa jürlewük ýasap berýärdi we :”Çal,ogul,şähdiň açylsyn!” diýýärdi.Hemmelerden çepiksije bolanlygy üçin ol urulýardy, ýykylýardy, ýöne dil ýarmaýardy.Iň soňunda ol:”Ulalaýsam bolýa,şonda seni uraryn!”diýip,garşydaşynyň ýüzüne gelýärdi.

Göreniň Orazmyrat Ýasy-da,:”Indi men size:”Ýesir tutdy” oýnuny öwretjek”diýip,başga bir oýnuň başyny başlady...

Orazmyradyň ata-babalary-ha,pälwançylykdan başga-da, çopan-çoluk bolup ýal iýenler.Juma Ýasy çopan çykyşly nesilden bolsa-da,al kakdymy,ýel kakdymy,dil kakdymy belli däl,garaz, bir gün:”Besdir,iki jahan owarrasy boldum,indi traktor sürjek,tarladyp!”diýip,tüýsüni üýtgetdi duryberdi.Diňe bir özem däl,ogly Orazmyrady hem bu yşe çekdi.Orazmyrat,traktoryň çylşyrymly tilsimatyna ökde bolsa-da, çopantaplygyny edip,käte uly adama gelişmeýän pöwheräk hereketleri hem edäýýärdi.Bir seretseň uly adam ýalydyr, bir seretseňem çagalaryň biri ýaly,olar bilen deňleşip,dikleşip durandyr.Özem dürli oýunlary tapmagyň ussady-dy.. Ine, “Ýesir tutdy” oýnuny oýnanlarynda,ýesir tutulan Artyk öýkelegiň elini sarap,türmä salmaly boldy,ýagny ony agaja daňyp,soňam ýatlaryndan çykardylar.Artyk muny Altymyratdan görüp,soň-soňlaram öýkeli gezdi.Lakamy öýkelek –dä!Ýokarda,okan bolsaňyz beýleki oglanlaryň lakamlary hem üýtgeşikdir.Lakamlar öz-özünden döreýän zatlar,bazara baryp satyn almaly däl.Aman jyk-jyk meselem,gapyny çala açyp,jyklap,içeri girmäge ýaýdanyp durýanlygy üçin bu lakamy aldy,Döwlet joňka-da, boýy kiçijik,jübä salaýmaly bolansoň joňk diýildi.Artyk öýkelegiň bu lakamyndan başga-da,”Tambow”lakamy hem bar.Oňa onuň kakasy Kakajan aga sebäp bolupdy.Kakajan aga Tambow şäherinde gullukda bolanlygy üçin,öýüne gaýdyp gelende,gapylaryna,işiklerindäki çelege,baglara hat-da eşeginiň gaňňasyna-da:”Tambow” diýen ýazgyny ýazdy.Indi Kakajan diýseň ony tanaýan ýok,Tambow diýmelidi.Soňa baka bu lakam Artyga hem geçipdi.Mylly bolsa mydam myllarypjyk gepleýärdi,edil gyz ýaly utanjaňdy,wagty bilen soragyňa jogap alyp bolmaýardy.Şonuň üçin myllyk lakamy alypdy.Altymyradyň özüne hem:”Alty emzik”diýerdiler,ýöne ol ony diýdirmejek bolup urşardy,şonda ejesi: ”Balam jan,lakam üçin bozulyp ýörmezler. Daýylaryň lakamlaryny-ha däl, atlaryny eşitseňem gülküň tutar. Garry daýylaryň atlary şeýleräjik,Amma, Motja,Myha,Çepi,Tüwli,Taýşan,Galla,Çüýşe,Jojuk ýaly atlar, daýzalaryň bolsa Gyçan,Uçan,Ötjan,Ýatjan,Otjan ýaly atlary bar,şonuň üçin men-ä kemsinemok”diýip,ony köşeşdirýärdi.

Umumanam,iglije bolsa-da,Altymyrat öz siňegini özi kowup, keşigini özi çekip bilýänlerdendi.Özünden üç-dört ýaş ulular bilenem salyşyberýärdi,ýeňilse-de per bermezdi,ýeňilse ýeňildim,urulsa uruldym diýmezdi.Erjellik,boýun synmazlyk onuň ganynda bardy.Beýle gan nesilme-nesil orta çykyp,göreşip gelýän pälwanlarda bardy Olar hiç mahal boýun synmaýardylar.Şeýle göreşjeň ruh bolmasa orta çykyp,göreş tutup bolmaýardy.Dogry,Altymyrat pälwan däl,ştangaçy,ýöne ştanga göterilýän meýdanam ägirt uly göreş mekany,bu ýerde-de telim ýyllyklaryň dowamynda kämilleşen ýanbermezek häsiýet hem gara güýç gerek.Şu ikisiniň ýok ýerinde göreş ýok,ýeňiş ýok.Hut şol sebäplem ejesi ony ýaşlygyndan gara işe uýgunlaşdyrmagyň aladasynda gezýärdi.Altymyrat hem,ejesi haýsy ýumuş tabşyrsa,şony bir kemsiz ýerine ýetirjek bolýardy.Ejesi:”Bar,oglum,ýabyň böwebini aç,mellegi suwaraly,baglar suwsapdyr”diýse-de, ýogy ýok.Böwedi açmaga barsa daýaw-daýaw oglanlar,ony saklap otyrlar.Güýçleri deň däl.Onsoň ol:”Üç gezek başymdan aşyp,hezil oýun görkezsem, maňa suwy berermisiňiz?”diýen teklibi orta atdy.Oglanlar çeplksije,ýeserje oglanyň teklibine geň galdylar,ýöne razylaşdylar.Altymyrat bat bilen ylgady-da,üç gezek üstaşyr böküp,dördünji gezekde dyzynyň üstünde oturdy.Bu,türgenleşik döwründe, agalarynyň oňa öwreden nobatdaky oýnudy.Oglanlar gülüşip böwedi açyp berdiler,şeýdip, ol mellegine suw getirdi.Onuň üst-başynyň tot-tozanyny gören ejesi:”Betlik etme diýdim-ä,saňa,balam jan!Bet oglanlar bilen tirkeşme.Olar seni sandan çykararlar”diýip

igendi.Ejesiniň igenji gaýtam onuň elini gijedýärdi,.Ol şonda hasam köp betçilik edesi gelýärdi.
Bir gün ejesi ony, etrap merkezinde ýaşaýan Bibi daýzalaryna awtobusly alyp gitjek boldy,emma Altymyrat:”Men oňa münjek däl,gowy maşyna münjek”diýip,hötjetlik etdi.Ejesi:”Wah,balam,ony özüňe kiçilik bilme,ýeňil maşyna müner ýaly pulumyz barmy?” diýse-de etmän:”Men senden öň daýzamlara barjak”diýýär.Gabat gelen ýeňil maşyna mündüler welin,onuň içi her hili ýagly esgilerden,başly-barat ýatan demirlerden,poh-yrryhdan doly bolup,oturmaga hem oňly ýerleri bolmady.Ejesi “Ine,hötjetlik etseň şular ýaly hapa ulaga münersiň”diýip igendi.Şondan soň ol ejesiniň garşysyna gidip,hötjetlik etmedi.

Altymyradyň okaýan mekdep-internady ýatymlykdy.Onuň çykdajylaryň ýaryny kolhoz,ýarysyny döwlet çekýärdi.Başda obalardan gelip,ýatyp okaýanlar bilen bir hatarda,çagalary köp bolup, eklenji agyr düşýän hojalyklaryň çagalary-da okaýardylar.Oňa Altymyradyň maşgalasy hem girýärdi.Bu ýerde dört wagtyna nahar,egin-eşik,aýakgap berilýärdi.Sapakdan soň sapaga taýynlyk diýip ýene sapak geçilerdi,berilen öý işleri öwrenilýärdi.Şeýle bolansoň mekdep-internady gutarýan çagalaryň bilimi beýleki mekdepleriňkiden görnetin tapawutlanýardy.Mekdep direktory Narly mugallym,Rahmanberdi aga,Tirkiş Tagan dagy diýseň janypkeş,ezber,çagalara doly bilim berjek bolup dyrjaşyp ýatyrdylar.

Altymyradyň okaýan synpynda ýigrimi bir oglan,ýekeje-de saryýagyzja,keltejik gyz bardy. Olam Gylyçly lukmanyň gyzydy.Ýekeligi,keltejik saryja saçlyly üçin Altymyrat ony goraglaýardy.Başga bir tarapdan gyzjagaz hemmelerden gaty ylgaýardy.Adyny doly bilmese-de,ol ýaryşda öňdeligi eýelän gyzyň üstünligine guwanýardy, özi ylgap, onuň yzyndan ýetäýse dagy, şonda özünden başga bagtly oglan ýokdur diýip hasap edýärdi,gyzam gözüne ýakymly görünýärdi,jübüsindäki ýekeje süýjüsini beräýesi gelýärdi.Ýöne, gyzjagaz ertesi öňküsindenem gaty ylgap,ony tozana garyp giden-de bolsa,ol onuň üçin niýetlän süýjüsini Artyga beriýärdi.Şeýdip,özünden öňe düşen gyz onuň üns merkezinden düşüp galýardy.

Altymyrat hem okaýardy hem türgenleşýärdi,okuwdan boş wagty öýde mala-hala kömekleşýärdi.Şeýdibem ol zähmete bişişýärdi,zähmetde taplanýardy.Ota gidende tebigata,töweregine synçylyk bilen seredexdi.Ähli zatlaryň hereketdeligi ony özüne çekerdi.Serçe ony-muny tutup,höwürtgesine alyp gidip,çagalaryny eklemek bilen başagaý bolsa,belent deregiň başynda oturan gyrgy serçeleri awlamagyň çemini gözlemek bilen başagaýdy.Adamlaryňam işden boşy ýok.Kim traktor sürýär,kim gowaça bejerýär,kim daragtlara suw berýär,garaz hereketsizi ýok.Bu hereket olary kämilleşdirýär,işine ezber edýär.Tükeniksiz hereketiň içinde bolan Altymyradam has bekäsi,has kämilleşesi gelýär.Ol ot orup ýören,mallara ot berip ýören pursatlaram,demir görse durup bilmeýär.Onuň demire bolan höwesi Hudaý tarapyn bir zat,ol özüni bilip ugran döwürlerinden kalbynda peýda bolan bolmaly.Ot ýygyp ýörkä meýdanda bir demir gördügi ot bilen bilelikde öýüne getirýär, şonda gyz doganlary:”Sen demir getirme-de ot getir,sygyr demir iýenok”diýip gatyrganardylar.

Altymyrat indi öýüň keşgini ulular bilen deň derejede çekmäge synanýardy,ýok synanmak däl,agalary ony işlemäge mejbur edýärdiler.Öýde,ýamanja ak eşek bardy.Ol şol eşege horjun atyp,horjuna hem çäge ýükläp,Aşgabatda okaýan okuwyndan boş wagy,kerpiç guýyp gazanç edýän agasy Orazberdä kömekleşerdi.Uly agasy Tirkiş sport ugrundan türgen bolup işleýärdi,Kakajan ýarawsyzragam bolsa,işden boş wagty öý işine kömek ederdi,Bäşim,Aýgözel,Gurbanbibi,Orazgül dagy okuwdan boş wagtlary kolhoz

işine giderdiler,öýe gaýdanlarynda ot getirerdiler.Altymyrat hem käte Gökje eşegi bilen ot getirerdi.Sygyrlaryň ot iýişine haýran galaýmalydy.Oty öňlerine dökdügiň ýalum-ýulum edäýýärdiler.Rahmanberdi aga"sygyr türkmeniň maly däl”diýýär welin,şol dogry bolmaly.Ýöne,dyngysyz iş Altymyrady ýadatmaýardy,gaýta onuň bedenini berkidýärdi.Ol deň-duşlaryndan hortap,çepiksi görünse-de,köp babatlarda olara aňry otur-diýdirýärdi...Bularyň barysynyň aňyrsynda onuň ejesi durýardy.

Oguldurdy daýza orta boýly,dolmuşyrakdan görmegeý zenandy.Eli işsiz durmaýardy.Galjaň,etjek işini bilýän,diýseň sabyrly aýaldy.Dokuz çagany dünýä inderenem bolsa,heniz ýaş görünýärdi.Hiç mahal çagalaryna käýýemeýärdi,olaryň meniklije,edep-terbiýeli,”pylan çaga pylan hili”diýdirmän,ýaramaza goşulman ulalmaklaryny isleýärdi.”Hudaýa şükür,heniz-ä biabraý edenoklar”diýip,ýene-de şeýle dowam etmegini diläp,doga okaýardy.Altymyrady Bäşime tabşyryp:”Nirä gitse göz-gulak bol!” diýýärdi.Bäşimem kelte tirkelen ýaly Altymyradyň ýanyndan aýrylmaýardy,betlik etse tertibe çagyrýardy,juda göze-başa düşüberse elini aýlaýmasam bardy.Şol sebäp;i Altymyradyň gaçgyny Bäşimdi.Ol Orazberdini,hasam Kakajany gowy görýärdi.Käte Bäşimiň gözüne Gül salyp,oba keselhanasynda lukman bolup işleýän Kakajanyň ýanyna gaçyp giderdi,onuň bilen gürleşerdi,pikir alyşardy,öz ýanyndan;”Ulalaýsam,menem Kakajan ýaly lukman bolup,ak halat geýerin,adamlary keselden açaryn”diýip,arzuw edýärdi.Şeýle ýagdaýda Bäşim ony görse:”Diýenimi edenok,gitme diýsemem gulak asanok”diýip,ejesine ýamanlaýardy.Rahmanberdi aganyň goldawy bilen internadyň otag süpürijisi bolup işe giren ejesi,indi öňküler ýaly galagoply,agras däldi,ep-esli giňelipdi.Obada türkmen maşgalasy üçin her aýda aýlyk tölenýän iş tapmak,munuň özi edil huma büdrän ýaly bir zatdy.Näme üçin diýeniňde,kolhozda aýlyk,hasylyň soňky netijesi boýunça,ýylyň aýagynda berilýärdi.Onda lomaýja pul alýanlaram bardy,boş galýanlaram.Çül-çagaly hojalykda her aýda aýlyk berilip durulsa gowudy.Onuň işlemegi nähili hem bolsa maşgala birneme ýalyzganlyk beripdi.Ýeter-ýetmezlikden gutarnykly halas bolunmasa-da,garaz,öňküler ýaly aljyrap,töweregiňe garanjaklap,nätjegiňi bilmän oturylmaýardy.Şular sebäp boldumy,garaz,şeýle ýagdaýda Oguldurdy daýza arz edene birnemejik käýýeýänem bolsa,şu gün-ä ony etmedi,asyl Bäşimiň şugulyny eşitmediksirän boldy..Orazberdi bilen Kakajanyň ýumşak häsiýetleri, mylaýymlygy, ýakymlylygy,köp zatlara gözlerini ýumýanlygy,ejesine gelip”Buşlamaýanlygy” Altymyradyň hoşuna gelýärdi.Ol hasam Kakajany gowy görýärdi.Belki,atasynyň ady dakylany üçin şeýledir?

Altymyrat okuwdan soň öýüne gaýtman,böwregi agyryp,işleýän keselhanasynda keselini bejerdýän Kakajanyň ýanyna soramaga bardy.Ol,syratly,görmekli,daşyndan seredeniňde keseli bar diýer ýaly däldi, günde ir bilen sowuk suwa düşýärdi,keselhanada beýle mümkünçilik bolmansoň bilinden ýokarysyny ýuwup oňýardy.Häzir hem onuň guramadyk şar gara saçy çyranyň ýagtysyna ýalpyldaýardy.Gyş paslynda gün ir ýaşýardy,onsoň çyrany hem ir ýakmaly bolýardy.Kakajan gowy görýän inijiginiň ýanyna gelmegine diýseň begendi.Sportda,hasam ylgamakda özüniň öwredýän hereketlerini,onuň aňry ýany bilen ýerine ýetirişine guwandy.Salam helikden soň –

-Pyonerlige ýetipsiň,gutlaýaryn!Ýöne, şu gyzyl galstugyňy özüňçe,birhiliräk edip,üýtgeşik daňyşyň bolanok,Ony ine,şeýle daňmaly.Ine,şeýle! Öwren!-diýip,ony düzedip berdi,soňam:-Bar,şepagat uýasyny çagyr-diýdi.

Altymyrat agasynyň ýanynda bolup,näme diýse ýumuşyny bitirdi,beýleki otaglarda ýatan kesellileriň hem möhümlerini bitirip berdi.Ak halatly şepagat uýalarynyň keşbi,ýatylýan otaglaryň arassalygy,kesellileriň hemmesiniň bir görnüşde geýýän

eşikleri Altymyrady gyzyklandyrýardy.Hut şu pursatda onuň kalbynda lukman bolmak baradaky pikir dörän bolmalydy.Agasynyň ylgamak,woleýbol,futbol baradaky gürrüňlerini diňläp otyrka-da,. onuň kellesinden şu pikir çykmaýardy.Kakajan agyr atletika barada-ha gürrüňem gozgamaýardy,çepiksije göwrä ol gabat gelmeýärdi.

-Eger sen her haçan ylgamakçy bolaýsaň,(Tirkiş ikimiz seni şu ugurda türgenleşdiripdik),ýeňil etletika boýunça Türkmenistan ýaryşynda uly orunlaryň birini eýelän daýyň Berdi Göki ýaly ylgagyn ýa-da woleýbolda öz mugallymyň Akmyrat çepbe ýaly oýnagyn.Ol "Çepbe" adyny oýnamaga alan däldir.Çep eli bilen pökgi ursa,garşysynda durjak ýokdur-Bu gürrüňler Altymyrady şeýle bir gyzyklandyrdy welin,indi ol garaňky düşenligine garamazdan onuň ýanyndan aýrylasy hem gelenokdy.Ajaýyp gürrüňçil,mylaýymdan sypaýy Kakajan,bir zat aýtmazyndan öň oýlanyp,soň gürleýärdi,agzyndan çykan sözünden dänmeýärdi-Jigim,bir zat sorajak!-diýip,Kakajan sözüni dowam etdi-Ulalaňsoň kim bolasyň gelýär?

-Men birki ýyllykda ylgamakda birinden yza galdym,(ol bir gyzjagazdan diýip bilmedi)şondan bäri hem ylgasym gelýär.Ýöne,bir hünärem edinmeli.Belki, sen ýaly lukman bolaryn!?

-Ýaman däl,ýöne lukmançylyk üçin adatdan daşary köp okamaly,gerek ýerinde ýumşak,gerek ýerinde polatdanam gaty bolmaly.Adamyň bir ýerini kesip,keselini bejerjek bolsaň gaty bolmaly.Nämede bolsa sportçy boljog-a diýmediň.Professional bolmasaň,onda sport iň gowusy, esasy käriňden daşardaky güýmenjäň bolup galsyn...Lukmançylyk üçin himiýany,anatomiýany gaty gowy bilmelidir,özün-ä...

-Näme bilmän,garagyna gül salaryn,ýöne...-Altymyrat şeýle diýse-de, Kakajanyň aýdýanlarynyň hem jany ýok däldi.Bu okuwyň gaty agyrlygyny,käbir adamlaryň oňa çydap bilmän,başda,ortada,hat-da ahyrky synplarda hem okuwyny taşlamaly bolýanlygyny Kakajan gürrüň berdi.Ýöne bir zat welin bellidi.Sowatly bolmak,bilim almaklyk durmuşdaky zerur zatlaryň biridi.Lukman bolmanyňda-da,ony gutarsaň latynça okap bilersiň,öz diliňde çykýan"Körpeje","Ýaşlyk" jurnallaryny,"Edebiýat we Sungaty" okap bilersiň,onuň başgada peýdaly ýerleri kändir...-Ýöne...Men sygyrlara ot ýygmaly bolaryn.Näçe getirsemem olar otdan-a doýanok!-diýip,Altymyrat,özüniň okajak okuwynyň öňüne böwet boljak ilkinji päsgelçiligi diline getirdi.

-Şoň üçin-dä,adyna sygyr diýilýäni.Ol türkmeniň maly däl.Ýazda,az pursatlyk bolaýmasa bizde dyzyňa ýetip duran haşal ot ýok.

-Okuw näderis,onda?

-Sen barybir okuwa taýýarlanmaga wagt tapmaly bolarsyň.Sygyr hem gerek!Ol hurşuň ýary,çekize,çig gaýmak,mesge,süýt,gatyk,peýnir...Sen gowy görýän jigimsiň,aýdanlarymy ýadyňdan çykarma,berk belle!Hiç wagt burnuň sümügini akdyraýma!...

Şu gürrüňleriň bolup geçeni ýap-ýaňydy...

Gyşyň bir aýazlyja güni Altymyrat keselhananyň golaýyndaky meýdançada woleýbol oýnaýardy.Beden terbiýe sapak boýunça mugallym Akmyrat çepbe hem çagalar bilen pökgi oýnaýardy.Çagalar bilen oýnaýany ýadyndan çykdymy,nämemi,ýa-da "elimi bir synap göreýin" diýdimi,onuň uran güýçli pökgüsi zymdyrylyp,keselhananyň golaýyna baryp saklandy.Pökgüni alyp gelmek üçin ylgan Altymyrat,iki adamynyň hersiniň Kakajanyň goltugyndan söýget berip,keselhananyň otagyna salyşlaryny gördi.Ol şu gün nobatçydy.Ýöne bu görnüş nobatçylykdan habar bermeýärdi.Şol sebäplem ol,pökgini ýadyndan çykaryp,keselhananyň gapysyndan kürsäp girdi-

de:”Kakajan kaka!”diýip gygyrdy.Ony iteläp daşary çykardylar.Ylgaşlap ýetip gelen ejesini,Tirkişi,Orazberdini hemjaýa salmadylar.

-Sagatja balama ne döw çaldy,jan Allam!-diýip,ejesi aglamaga başlady.

Aljyraňňylykdan-my nämemi,şu wagt ol Altymyrady görmeýän ýalydy. -Tutgaýy tutdy,ýürek işlemesini bes etdi!Ýanyna baraýyň!Biziň edip biljek çärämiz ýok!-diýip,gapydan çykan lukman habar berdi.

Beýlekiler bilen Altymyrat hem gapydan girdi.Ýüzi kagyzdanam beter agaran Kakajan bütin göwresi bilen titräp,ýaşaýyş üçin urunýardy.Tirkiş,Orazberdi ikisi onuň el-aýagyny hem saklap bilmeýärdiler.Ejesi uly ili bilen aglaýardy.Altymyrat bolsa:”Oňa kömek ediň!Oňa kömek ediň ahyryn!”diýip,ýanynda duran lukmany ýumruklaýardy.Lukman ony göterip otagdan çykardy-da:”Ýuwaş,indi oňa biziň kömegimiz degmez!”diýdi.

-Agam urunýar,kömek soraýar,sen bolsa gaçdyň,borjuňy unutdyň!-diýip,Altymyrat ,lukmany ýumruklaýardy we aglaýardy.

-Ýuwaş ogul,ýuwaş!Çalaja aglaber,ýüregiň gowzar!-diýip.ol ony gujagyna gysýardy.Altymyrat ondan sypjak bolup urunýardy,emma gujakdan syparly däldi.Şeýdip esli oturdylar.

-Agam-a gutardy-diýip,otagdan çykan Orazberdi uly sesi bilen aglady.Boldy bir yzlaşyk...

Şeýdip,Kakajan,1978-nji ýylyň 30-nji dekabryndan 31-nji dakabryna geçýlýän gije 27 ýaşynyň içinde tarpa-taýyn aradan çykdy...

Şu aýylganç wakadan soň Altymyrat ýatyp bilmedi.Gözüniň öňünde ölmejek bolup urunýan Kakajanyň keşbi,ýatsa düýşünde,gezse huşunda.Kä gije keselhanada onuň ýatan düşeginde,özüni düýşünde görýär,iki dişi agzyndan çykyp duran lukman üstüne abanyp;”Sen meni urduň.Arymy almaga pursat geldi”diýip,ony bogýar.Dem almasy kesilip,öldüm-öldüm-de elini goýberýär.Goýberdigem:”Agamy öldürdiň!Arymy men senden alaryn!” diýip,Altymyrat ony ýumruklaýar.”Seni gygyrmaz ýaly edeýin-le!” diýip,lukman ony has beter bogup başlaýar.Şonda ol oýanýar, öl-suw bolan eşiklerini çalşyrmaly bolýar.Şeýle düýşleri ol soň-soňlaram gördi.Ýöne bu waka onuň lukman bolmak arzuwyna welin palta urdy.Indi ak halatly görse şol lukman ýadyna düşýärde,ondan daşlaşmak bilen bolýardy.

..

## Ilkinji üstünlikleri.

Altymyradyň agyr atletika gelmeginiň öz sebäbi bardy.Onuň agasy Orazberdi Türkmen döwlet uniwersitetiniň bedenterbiýe bölüminiň agyr atletika boýunça tälimçisi hünärini 1976-nji ýylda ele alsa-da,bäş ýyllap Sakarçäge etrabynda basketbolyň tälimçisi bolmaly boldy,sebäbi onuň gutaran ugry boýunça iş birnäçe ýyl mundan öň ýapylypdy.Hut Orazberdiniň irginsiz tagallasy bilen 1981-nji ýylyň başynda şol etrapda çagalar-ýetginjekler sport mekdebinde, agyr atletika bölümi açyldy.Şol günleriň yz ýanyndanam Altymyradyň uly sporta ilkinji ädimleri başlanypdy.

Dogry,agyr atletika bilen meşgullanardan onuň müçesini kiçi görenler az bolmady,ýöne Altymyrat müçesi kiçi-de bolsa agramlyjadygyny,guntdan duýlandygyny subut etdi.Ol 1979-1980-nji ýyllar agasy,sport mugallymy Orazberdiniň ýolbaşçylygynda woleýbol,basketbol oýunlary bilen gyzyklanyp başlady.Her bir adamyň durmuşynda şeýle pursatlar bolýar.Ol özüni haýsy hem bolsa bir zatda öňde göresi gelýär.Muňa ýaşlyk ýelgini diýseňem boljak,deň-duşlarynyň öňünde özüniň nämä ukuplydygyny

görkezjek bolmak diýseňem boljak,haýsy bolanda-da,ol esasy zat däl.Esasy zat adamyň öz mümkünçiliginiň çäginde,belki ondanam has aňyrrakda nähili başarnygynyň barlygyny özünde synap görmekligi.Surat çekmek üçin dogulan bolsaň,eliňe galam alyp,nämedir bir keşbi döredýänçäň saňa rahatlyk ýoldaş bolmaz,başga biri saz çalmasa oturyp bilmez,ýene biri aýdym aýtmasa oňup bilenok.Her adam içki dünýäsindäki özüne çekýän basgançakdan has ýokary galasy gelýär,käte öz mümkünçiliginiň çägindenem ýokary galasy gelýär.Ony etjegem bolsaň irginsiz zähmet bilen taplanmaly.Gowy taplanyp,arzuw edýän basgançagyňa-maksadyňa ýetýänçäň arkaýyn oturma ýok.Maksatly durmuş barada Altymyradyň öz garaýşy bar.Ol Ýolaman kakasy ýaly maksadyna okgunly bolasy gelýär.

Bu wakany oňa ejesi gürrüň beripdi:”Sen o döwürler ýaňy bir ýaşapdyň.-diýip,ejesi gürrüňe başlady-Gyşyň soňy ygally geldi.Kolhozyň goýunlary gyrkylypdy öýdýän.Şol günem örän güýçli çagba ýagdy.Kolhoz mallaryny heläkçilikden gorajak bolup,kakaň Orazdurdy ýaly,ynsaplylygyň,tutanýerliligiň görlüp-eşdilmedfik derejesini görkezýän halal adam –Ýolaman neresse ýogalypdyr diýen habar oba ýaýrady.Ol çopan taýagyny taşlamadyk mert ýigitleriň biridi.Ýogsam,obalarda çopan tapmaklyk hillalla boldy. Ine,birdenem güýçli ýel,yzyndanam tükeniksiz jala.Gyrkylan goýunlar ýeliň ugruna burunlaryny aşak egip gidip barýarlar,Ýolaman neressede gije ýarymdan bäri onuň yzynda.Bu günki gün hem ýaşyp barýar.Onuň bolsa şol bir açlygy-suwsuzlygy.”Gaýrat et,ýene gaýrat et!”diýip,ol öz-özüni köşeşdirýär.Öl-myjjyk eşikleri agralyp, depesinden basýar.Eşigi teniniň gyzgynyna bugarýar,aýaklary özüniňki däl,barha ysgyny gaçýar.Şonda-da, sürüni gözden salmajak bolup dyrjaşýar.Ýöremäge mejaly bolmansoň indi emedekleýär.Süri bilen ara daşlaşýar.Başy aýlanyp huşuny ýitirip başlaýar.Adam buýanda gaty erbet boljak ekeni.Çyg onuň bedeniniň güýjüni alyp barýar.Ol depeden aşjak bolup, barmaklaryny yzgarly topraga sokup,öňe,öňe ymtylýar.Onuň ümzügi öňe,diňe öňe gitmek.Emma...

Iki günden soň ýagyşa buýan Ýolamany,şol ýapyň ýüzünde,egni penjeksiz,aýaklary ýygrylan,köwşüniň biri gaçyp galan görnüşde tapdylar.Ol goýunlary ýitirmezlik maksady bilen hereket edip, ölüp galypdyr,has dogrusy,maksadyndan bir ädimem yza tesmändir, şol maksady bilenem ölüpdir..Altymyradyň kakasy Orazdurdy aga hem halkyň emlägini-akar suwy aýawly ulanmak üçin göreşip,ölüpdi...

”Wah, Ýolaman neresse gitdem,çopan taýagy eşek gazyga öwrüldi,türkmen öz kesbi-kärini ýitirdi.Ýaşmagyny boýnuna orap,beýik-pesini görkezýän, ýakasyz köýnek geýýän kökkesilen gelinleriň,göwünli-göwünsiz dogurýan mütüje dogmalary seniň çopançylygyňy-beýlekiňi näbilsin.Ine,ýatakdaky molaşyp öten mojalary näler sürä goşjak,emma Akýabyň erkek göbeklisi gapyşan ýaly.Eňegime ýelýyrtan ýaglyk daňakgetdin,sygyrlary bakybersem,galyň dili duzly,bir gijäniň ukusyny harama çykaran wenezzynalaryň dili ýetjek”diýip,ejesi gamgyn hala geldi.

–Eje jan,gazaklaryň aýallary-ha çölde çopançylyk edýärler-diýip,Altymyrat seslendi.

–Çarwa döwürler bizem galan-gaçan dowarlara serederdik.Indi,öňki göçüp-gonup ýören çarwaçylyk durmuşyndan,oturymly daýhan durmuşyna geçdik-de,iki jahan owarrasy bolup ýörüs,ne çarwa,ne daýhan diýleni.Yrsgalyňam onsoň, iki arada, kellesine taýak degen ýaly, nirä,kime barjagyny bilmän, sähralarda,dag-düzlerde,aglap-eňräp aýlanyp ýör.

–Eje jan,ony tutup,getirip bolmaýarmy?

-Ulalaňsoň, nätmelidigini bilersiň,balam jan!-diýip,ejesi onuň başyny sypalady...

Hawa,Ýolaman kakasynyň tutanýerlilik bilen maksadyna okgunly hereket etmesi Altymyradyň göwnünden turupdy,ony öz durmuşynda gabat geljek kynçylyklary ýeňip geçmekdäki ýol görkezijisi, halypasy hasap edipdi.Her zatda bolsa Ýolaman, onuň,maksatsyz ygyşyp ýören,çilim çekip,nas atýan käbir ýoldaşlaryndan eziz görünýärdi.

Altymyrat bu gün heniz guşlar oýanmanka,gündogar ýaňy ýagtylyp ugranda ýerinden turdy.Öň onuň beýle häsiýeti ýokdy.Muny nädip düşündirjegini bilenok.Turşuna daşarda,sygyr ýatagyň ýanynda,ot ýyganda tapyp getiren her hili demirleri asyşdyryp,göteräýmeli edilen “ştangasynyň”ýanyna bardy.Ol muny agşam taýýarlap,ir turup götererin diýipdi.Indem,hor çekip ýatan Orazberdini oýarjak hem bolman,demirleriň ýanynda her hili maşklary etdi-de,eline tüýkürip,ştanga ýapyşdy.Bir silkende ýokary galdyryp,depesinde ep-esli saklady-da,taşlady.Şakyrda oýanan Orazberdi gözüni açalak-ýumalak edip geldi-de:

-Inim bu tutanýerliligiňe guwanýaryn,ýöne sen gaty ýaş.Maýyp borsyň diýip gorkýaryn.Dogry-da walla!-diýdi.

-Agam,şuny galdyraryn diýdim,galdyrdymam.

-Woleýboluňy oýnaber,inibatyr!

-Onam oýnajak,ýöne muny hem barlap göreýin diýip arzuw etdim-dä,agam jan!

-Arzuw etmek gowy zat.Arzuwçyl adam gorky-ürküni bilmez,hat-da ony amala aşyrmagyň ölüm howpy bilen deňeçerräkligini bilse-de saklanmaz.Ýöne, arzuwlaryň arzuwlygyna galaýmasa-da biri..Dogru-da,walla...

-Galmaz,agam jan!Her kimiň öz ýol-ýodasy bar.Onsoňam,biziň maşgalamyz sport maşgalasy,Tirkiş kakam, Kakajan kakam,sen,Bäşim kakam.Men sizden galsam bolmaz-a...Menem...

Altymyradyň aýdýanlarynyň jany bardy.Orazdurdyýewleriň maşgalasynda sportçy nesiller bardy.Orazdurdy aganyň özi göreş tutardy,göreşde ýykylan gezegi ýokdy,belki,tälimçisi bolanda Ginnesiň rekordlar kitabyna düşerdi.Onuň ýedi arkasyna Gara pälwan diýer ekenler.Belki,bu gyzyklanmalar şondan gaýdýandyr? Orazdurdy aganyň maşgalasyndaky dokuz çaganyň ulusy Tirkiş, bedenterbiýe okuwyna girende, tälimçi Abramýanyň eline düşdi.Şeýdip agyr atletika boýunça türgenleşige başlady.Ýöne,ol onuň öň bil tutuşyp ýa bokslaşyp ýörüşi ýaly zat däldigine,munda her türgenleşikde onlarça tonna agyrlyk götermeli bolýanlygyna düşündi.Oňa şonça-da güýç sarp etmelidi.Türgenleşik bolsa ýüzlerçe gezek gaýtalanyp dur.Bu diýseň agyr zehmet,özem adam saýlaýan zähmet.Ýöne onuň öň göreş,boks ýaryşlarynda gören taýýarlyklary gaty gowy kömek etdi,gysga möhletde taplanmagy başardy.Şeýdip,Pribaltika-da,Moldawiýada çykyş edip,Türkmenistanyň abraýyny gorady.1970-nji ýylda Türkmenistanda ştanganyň iki görnüşi boýunça 332 kilogram göterip,ussatlyga dalaşgäriň normasyny ýerine ýetirdi hem-de öz agramynda onuň bilen bäsdeşlik etjek tapylmady.Mümkünçilik bolan ýagdaýynda ol Soýuz möçberide geçirilýän ýaryşlarda hem uly üstünlikleri gazanyp biljekdi,ýöne talyp ýyllary okuwy hem bardy,ony bir günem taşlamaly däldi.Talyplyk ýyllaryny tamamlap,Sakarçäge etrabyna gaýdyp gelensoň,agyr atletika boýunça bölümiň açylmagyny gazanyp,oňa höweskleriň otuza golaýyny ýygnamagy başardy.Şeýdip,Akýap obasynda,etrapda ýaşlaryň arasynda sportyň bu görnüşine uly höwes döretdi.Bu bolsa iň esasy zatlaryň biridi.Onuň elinde tälim alanlar SSSR-iň sport ussady diýen normalary dolduryp ugradylar.Nurmyrat Çaryýew,Garýagdy Aşyrow,Bäşim Ybraýymow,Amangeldi Muhaýew, inisi Bäşim Orazdurdyýew,Orazguly Annagulyýew ýaly ussatlar peýda

boldy.Olar ussatlyga dalaşgäriň birinji razrýadynyň normasyny doldurdylar.Şeýdip,Tirkişiň tagallasy bilen köp oglanlar Türkmenistanyň sport abraýyny goradylar.Arman,näbelli sebäplere görä, sportyň bu görnüşin,asyl sport sapaklaryny hem ýapdylar oturyberdiler.

Tirkişiň inisi Orazberdi hem heniz 9-nji synpda okaýarka agyr atletika bilen meşgullanyp başlady.Soň agasynyň okan ugruny dowam edip okuwa girdi.Tälimçi Abramýan onuň ruhy ýagdaýyna,fiziki güýjüne dogry baha beryp,türgenleşigiň irginsiz dowam etdirilmegini gazandy hem-de gysga wagtyň içinde uly ýaryşlara gatnaşar derejede alyp çykdy.Ol Orazberdini gözünden salmady,her bir üstünligine deň guwandy,şowsuzlygyna gynandy.Şowsuzlygyň üstünde bile,jikme-jik işledi.Netijede 1973-nji ýylda Orazberdi ýaşlaryň arasynda respublikanyň çempiony boldy.Pikir beriň,18 ýaşy dolup dolmanka çempion!1974-nji ýylda,Lebapda bolan ýaryşda sport ussatlygynyň dalaşgäriniň normasyny berjaý etdi,ýaşlaryň arasynda çempion boldy,1975-nji ýylda Belorussiýanyň Brest şäherinde geçirilen Soýuz ýaryşynda 75 kilagram agramda çykyş edip,dördünji orna çykdy.Şol wagt Soýuza 15 döwlet girýärdi,şolaryň arasynda dördünji bolmak,kiçi üstünlik däl.1976-nji ýylda Bütinsoýuz ýaryşlarynyň üçüsine gatnaşyp,hemmesinde hem baýrakly orunlary eýeläp geldi.Hut şo ýylam ol Ýerewanda geçirilen Bütinsoýuz ýaryşyna gatnaşyp,ştanganyň iki görnüşi boýunça 290 kilogram göterip,SSSR-iň sport ussadynyň normasyny doldurdy.Ol 1976-nji ýylda ýokary bilim alyp gelse-de,bäş ýyllap basketbolyň tälimçisi bolmaly boldy,sebäbi onuň gutaran ugry boýunça iş ýokdy,ýokarda belleýşimiz ýaly ýapylypdy.Ine,onsoň,hut Orazberdiniň tagallasy bilen etrapda ýene,çagalar-ýetginjekler sport mekdebinde agyr atletika bölümi açyldy...

Agasy Bäşimem, ýaşlygyna garamazdan az üstünlik gazanmady.Aýal dogany Orazgül obada bedenterbiýe we sporty köpçülikleýin ýaýratmakda we ýaryşlary guramakda hünärmen bolup yşledi.Ol etrap boýunça öz işini oňat ýola goýan hasaplanýardy.Tirkişiň aýaly Oguljahan gelneje bolsa çagalary bilen sporta işiňňir gatnaşýanlaryň biri.Ol küşt,şaşka oýnaýar.Küşt ýaryşy boýunça Mary welaýatynyň çempiony hem boldy.Gadymy türkmen oýnunyň hakyky muşdagy bolan Oguljahan,bu oýny çagalaryna we beýlekilere öwretmek,giňden ýaýratmak barada alada baryny edýär.Ol gyzlary Maýagözele,Zybagözele,ogullary Orazdurda,(Kakyşa)Baýramgeldä küşt oýnuny öwretdi.Dogry,onuň çagalary bu ugur boýunça uly ýeňişler gazanmasalar-da,olaryň gelejekde ýokary belentliklere ýetjekdiklerine ynansa bolýar.Sebäbi,oýunçy günsaýyn,aýsaýyn däl-de,ýaryşsaýyn taplanyp gidýär.Ýaryşa bolsa Orazdurdyýewleriň maşgalasynyň hemmesi gatnaşýar.Arman,etrapda sport bazasyny baýlaşdyrmak,sport-köpçülik işlerini gurnamak meselelerinde haýal-ýagallyga ýol berilýär,ýaşlaryň sporta bolan höwesine azajyk hem bolsa goltgy berilmeýär,ýöne bu iş Orazdurdyýewleriň maşgalasynyň edişi ýaly, diňe bir maşgala işi däl-de,döwletiň hem işi bolup durýar ahyryn...

Bulary pikirinde aýlan Altymyrat burnunyň sümügini ýeňine çaldy-da:

-Menem,agam jan, siz ýaly ştangaçy boljak!Bu gaty gyzykly oýun!- diýdi.

–Häzir türgenleşýän ýaşlaryň arasynda gowy netijeleri görkäzjekler kän.Komlew diýip biri bar.Ondan bir zat çyksa gerek.Dogry-da walla,hökman çykar.

–Mendenem bir zat çykar!Ine,görersiň,agam jan!

-Demiri götermek üçin ilki gorkyňy aýyrmaly,islegiňi güýje,güýjüňi ýumrugyňa ýygnap,ilki döşüňe,soň depäňe galdyrmaly.Ýok,sen demir bilen göreşeňok,öz-özüň bilen

göreşýäň!Özüňi ýeňip bilseň şol ýeňiş durmuşyňy bagtly pursatlardan doldurar!Sen şulary bilmeli.Sümügiňi oňaraňok welin, gody-gody gürleýäň.Dogru-da walla!

-Agam jan,ol meniň sözüm däl,seň aýdanlaryň.Sen maňa “sendenem bir zat çyksa gerek”diýipdiň.Ony men ýöne gaýtalaýdym.

-Ýa,şeýlemi?Bor-la!Bar,onda,sygyrlara ot dök!Dogry-da walla-diýip,Orazberdi ýuwunmak üçin hammama ýöneldi.

–Agam jan,agşam düýşümde ejem meni ak sakgal,ak eşikli, peşeneli gojanyň ýanyna eltip:”Dawyt aga,ogluma bir ak pata ber!”diýdi.Dawud aga bolsa,Wlasow,Alekseýew ýaly daýaw-daýaw perişdeleriniň ikisini çagyryp:”Şu oglana goltgy beriň!”diýdi welin,olar meni göterip,asmana alyp gitdiler. ..

–Asyl,agşam,zarplyja-zarplyja goýbermäň bar diýdim-le!Dogru-da walla!-diýip,Orazberdi gülüp,hammama girdi.

Altymyrat sygyrlara ot dökdi.Soň ýene gelip özüniň ýasama ştangasyna ýapyşdy.Çepiksije göwresinde tükeniksiz güýç-kuwwat basyrlyp ýatan ýalydy,ýörände hem ýeňil gopup,ýöräp däl,uçup barýana çalym edýärdi.Türgenleşige irginsizligini göreniňde,hiç wagt ýadaýan däldir diýdirýärdi,gaýtam ,birini görse öňküsindenem çalt türgenleşip başlaýardy,şeýle hem ol her bir täzeligiň,çäreleriň başynda-dy.Şeýdip,gowy türgenleşiberse, çepiksije bedeni bekäp,kynçylyklardan asgyn gelmese gerek diýdirýärdi.Ýöne onuň bir ýetmezi bardy.Ol soňky nokatda,indi ýokary basgançaga ýetdim-ýetdim diýlende,edýän işine bolan gyzyklanmasyny gowşadýardy,bu bolsa ýokary netijeleri gazanmakdan daşlaşdyrýardy.

–Näme,how,bu bolgusyz demirleriňe ýapyşyp ýatyrsyň?-diýip,hammamdan çykan Orazberdi seslendi-Sportda başga-da güýmenjeler gyt däl ahyryn.Sen gowusy ylgamak,woleýbol oýunlary,welosiped bilen güýmeniber.Ştanga agyr,ol igliň oýny däl.Dogru-da walla!

–Agam jan,agyr bolansoň muňa ýapyşýan-da!Elim gijäp dur.Onsoňam,agalarymdan görelde alýan!Neneň ýapyşmaýyn!?-diýip,ol,öýe girip barýan agasyna jogaby berdi-de, ýene güýmenjesine başlady,emma gözagyrysy ýaly bolup,Döwlet joňk bir ýerden peýda boldy.

–Eý,igli-emzikli,ýaňky,demir baryny şakyrdadyp, bolup durşuň nätüýsli?

-Joňk,dost ,men saňa şony diýme diýmedimmi?Aýtdym dälmi?-diýip,Altymyrat ýumrugyny düwüp,onuň alkymyna bardy.

–Aýtdyň özün-ä!Ýaňky,ýöne senem maňa joňk diýme-dä onda?

-Bolýa,diýmenem.-Altymyrat özüne bu ady kimiň dakanyny bilenokdy,ony halamaýanlygy üçin kän ýakalaşmalam bolupdy.Onsoň ol öz-özünden aýrylyp gider diýseň-ä boljak däl,ony aýyrar ýaly uly bir üstünlik,üýtgeşik bir hereket,gahrymançylyk görkezmelidi,diňe şonda o ýakymsyz lakamdan dynsa boljakdy.Dogry,käbir ýurtlarda lakamlar hiç hili many aňlatmaýardy,onsoň ony geňlejegem ýokdy,türkmenlerde welin,lakam gös-göni ady tutulýanyň häsiýetini,herekedini,geçmişini aňladýardy. Meselem,ine,Döwlet joňk,Aman jyk-jyk,Artyk öýkelek we ýene-ýeneler...Altymyrat bulary aňynda aýlanyndan soň:-Sen dost jan ýaňky ýürekbulanç sözüňi aýtmak üçin geldiňmi?-diýdi.

-Ýok,ýaňky,medeniýet köşgümize “Baý we batrak”atly oýun gelipdir,şoňa gideli diýjekdim.

–Dost jan,näme ol baý we batrak meniň bi hajymelik sygyrlaryma ot ýygyşýarmy? Özüňjik gidiber.

–Ot ýygyşsam,ýaňky, gidersiň gerek?

-Depme bir halta ot ýygsaň gidäýerin,dost jan-diýip,Altymyrat razylaşdy.

Şol wagt şaňňyja sesli bir çagajyk ylgap geldi-de:

-Buşluk,buşluk,ogul jigimiz boldy!-diýdi.

Çagajygyň sesine egni süpürgiçli Orazberdi,ejesi Oguldurdy daýza,Aýgözel dagy otagdan çykdylar.

–Häh,ekäňi aladygym,Ata Kalininiň şo heleýi ho günem-ä bir çaga dogurdy.Men-a,aklyk berjek-gäl,eje sen beräý,dogru-da walla!-diýip,Orazberdi çagaň ýüzüni aldy.

–Hawa-la,gyz,biziň obamyzda şoň heleýinden başga çaga doguryanam ýok!

-Toba,essagpurylla,eje,bu günki çaga Ata Kalininiňki däl,goňşymyz Nepesiňki.Buşlaýanam Nepesiň uly oguljygy-diýip,Aýgözel ejesine düzediş berdi.

–Goýsana tula,sen nä ony agaň Orazberdiden gowy tanaýamyň?-diýip,ejesi öz diýenini tutdy.

–Toba,eje,sen Ata Kalininiň aýaly gaýyn atasynyň öňünde ýaşmagyny syrdy diýip ýigrenýänsiň,ýöne, seniň ýigrenmäň başga,çaga dogurýan başga.Onsoňam,eje men muny oňlamok!-diýip,taryh bilen içgin gyzykýan Aýgözel seslendi-Gadymýeti öwrenýän alymlaryň biri:"Teke zananlary Orta Aziýanyň özge ýerlerindäki ýaly, öz ýanýoldaşynyň guly däldir,ol adamsy bilen deň derejede hukuga eýedir.Olar hiç mahal perde bilen ýüzüni ýapmandyrlar,ýaşmak ýaşynmandyrlar.Zenanalr diňe bir maşgalada täsirli bolman,eýsem,ähli işlere goşulypdyrlar,beýlekiler bilen deň-derejede oňa hem gulak asylypdyr"diýip belläpdir.Seniň bu ýaşmakly meseläň häzirki zaman mollasumaklaryň tapýan hokgalary.

-Häý,balam jan,şol alymlar bar bolsun,şolar dälmi,dünýäni bulaşdyrýan!Özlerine alym diýdirjek bolup toslap tapýarlar...Belki,seniň aýdýanlaryň hem jany bardyr,ýöne men ýaşmakly zamanyň maşgalasy bolup geldim.Başgasyny bilemok.

-Toba estagfirulla,eje,sen olary hem bilmeli.Agam,senem, goňşyň çagasyny-da tanaňok-da!?

-Bäý,dogrudanam,bujagaz Nepesiň çagasy eken-ä!Tanamandyryn.Men oňa bir aklyjak bereýin,dogru-da walla!-diýip,Orazberdi kiselerini dörüşdirdi.

–Ä-heý,balam jan,Orazberdi-hä, öz çagasynam tanaýan däldir welin,şeý diýip duransoň menem oňa goşulaýdym-da-diýip,Oguldurdy daýza çagajyga aklyk berip,kellesini sypalap ugradyp goýberdi.Döwlet joňk gelerin diýip öýüne gitdi.Orazberdi howul-hala geýinip işine ugrady.Emma onuň jalbarynyň ortaky ilikleri ötürülmedik-di,kemeri bolmaly ýerinde däl-di, garnynyň üstünde-di.

–Agam jan,işe diýip barýaň,özüňem jalbaryň iliklerinem dakmansyň-diýip,Altymyrat onuň yzyndan gygyrdy.

–Wah,nädeýin,balam jan,Orazberdim meniň şeýleräk-dä!Hapyl-supulyrak-da!Altymyrat jan, sen bir onuň geýim- gejimine syn edeweri,nähili hem bolsa agaňdyr.Onuň abraýy seniň abraýyňdyr-diýip,ejesi bedresini alyp,ýeňillik bilen sygyrlaryny sagmaga howlukdy.Aýgözelem dukana,iş ýerine ugrady...

Oguldurdy daýza bir gün atasy öýüniň goňşylary, tigir sürüji agasy Berdi Gököniň ýanyna baryp:"Dogan jan,gyzym ep-esli wagt bäri işsiz gezip ýör.Sen her zadam bolsa köpi gören.Maňa kömek etmeseň ýagdaýym agyr"diýdi.Berdi bolsa Welberdi mugallymy öňüne salyp,alyjylar jemgiýetiniň başlygy Nasyryň ýanyna bardy.Nasyr özüni okadan mugallymynyň sözünden çykyp bilmän Aýgözeli köp sanly dukanlarynyň birine işe aldy.Muňa begenen Oguldurdy daýza Berdi Gök-ä:"Sag bol,dogan jan!Çül çagamyň rysgalyna,maşgalama uly kömek etdiň!Alla ýaşyňy uzak etsin!"diýip,hoşallyk bildirdi.Ine,Aýgözel häzir şol işine barýardy.Her zatda bolsa hojalykda iýijileriň sany

azalyp,girdeji getirijileriň sany artyp başlapdy.Ine,häzir Oguldurdy daýzanyň süňňüni ýeňlädýän zat şulardy...

Adam başy daşdan gaty diýleni.Köp çagaly bolsaň mydama ýeter-ýetmezlik,ýeňi keltelik hem bolaýýar.Huruşlyk et hakda-ha gürrüňem ýok,un tapmak hilalla.Şonda Oguldurdy daýza mellekden ýorunja ýygyp,iki sapar ýuwurardy-da gaýnadardy,soň duz sepip,tokgalap çagalaryna bererdi.Günem kän,käte ýorunja tapdyrmaýan wagty hem bolýardy.Şonda Altymyrat:”Eje,çiggaýmak iýesim gelýär”diýip, özelenýärdi, ejesi: ”Wah,balam jan,sygrymyz sagdyranok”diýse,Aýgözel:”Gaýmak iýseň gözüň gyşarar”diýip,ony kowalaýardy.Gaýmagy köp iýseň gözüň gyşarar diýselerem,Altymyrat ynanmaýardy,sebäbi süýt,gatyk, gaýmak,çekize öýüň esasy gazanç çeşmesidi,olary satyp öýe gerek zatlary almaly bolýardy.Öýe bolsa gaty köp zat gerekdi...

Şeýle günleriň birinde Oguldurdy daýza çagalaryna näme iýdirjegini bilmän,töweregine garanjaklap otyrdy.Zol elindäki pyçaga,duz torbasyndaky duza serederdi,oklawy bir alyp,bir goýardy.Öýleden soň okuwa gidýän Gurbanbibi,Orazgül,Altymyrat üçisi sapaklaryna taýýarlyk görýärdiler.Altymyradyň aýagyna kellesini goýup ýatan äper ak pişik käte dodagyny ýalap gerinýärdi we:”Ma-u-u!” diýip,mawlaýardy.Oguldurdy daýza bolsa:”Allajan,çagajyklarymy hor etme!Kömek et!Men bulara bir zat iýdirmeli ahyryn.Aýnanyň ýüzi ýaly asuda asmandan,Allajan senden,medet!Kömek et!”diýip,pyçagyny teletiniň ýüzüne çalýardy.Pişik onuň dilegini eşiden ýaly,ýerinden turdy-da:”Ma-u”diýip,ilki eýesiniň ýüzüne seretdi,soňam kellesi bilen gapyny açyp çykyp gitdi.Az pursatdan ol aýagy bilen gapyny açyp girdi-de,agzyna alyp gitiren ep-esli eti Oguldurdy daýzanyň öňündäki et dograýan tagtanyň üstüne taşlady.

–Bu näme?Muny nireden aldyň?-diýip,ol eti ysgaşdyryp gördü-de,täzeligine gözüni ýetirip,pişige seretdi. “Ma-u!”-diýip,pişik dodaklaryny ýalady.

“Muny goňşylardan ogurlandyr!Bize ogurlyk düşenok!”-diýdi-de, ol eti kagyza dolap,ilki sag goňşysy Hallygözellere,soň çep goňşysy Ogulgözellere baryp:”Pişik getirdi welin sizden alan bolaýmasyn?”diýdi.Emma olar:”A-gyz,aklyňdan azaşyp ýörmüň?Hi pişigem et getirermi?!Töwerekde mal soýýanam-a ýok!”diýdiler.Onsoň ol köçä çykyp:”Etini aldyran bar bolsa seslensin-u!?”diýip,üç gezek gygyrdy-da,jogap tapman öýüne geldi,börek bükdi,nahar atardy.Çagalar naharyň başyna geçenlerinde Aýgözel hem işinden gaýdyp geldi.

–Toba,essagfirulla,eje,hurş almaga harjym ýok diýseňem bar eken-ä?-diýip,Aýgözel naharyň başyna geçdi.

–Alla ýetirýär-dä,balam jan!-diýip,ejesi jogap berdi.

Aýgözel böregiň ýaňy bir bölegini agzyna atdy welin:

-Etiň nireden gelenini men bilýän,jan dogan.Ony pişigimiz getirdi-diýip,nahardan symyşlap oturan Orazgül,agzyny-burnuny oýnadyp jogap berdi.

–Toba,pişik getirdi?Muny neneň iýip bilýäňiz?-diýip,Aýgözel agzyna atan böregini çykaryp,nahardan çekildi.

–A gyz,tula,diliňi saklap bileňokmy?!-diýip,ejesi Orazgüle azgyryldy.

–Eje,näme ýalanmy?Ony menem gördüm!-diýip,Altymyrat Orazgüliň sözüni tassyklady-Ýöne,nahar gaty süýji bolupdyr,iýseň ökünmersiň!...(Hawa,Altymyrat soň-soňlaram pişigiň getiren etinden ejesiniň taýýarlan böreginiň tagamyny ýadyndan çykarmady,beýle tagamly nahary ol öňde-soňda iýip görmändi.)

-Gyzym,jan balam,gözümiň nury,başymyň täji!Sen aç otursaň eneň gyýylar...

–Ýok,eje,iýjek-gäl diýdim-ä!

-Jan balam,pişigiň agzyna alan ýerini aýyrdym,soň mazaly ýuwdum...

–Toba,ýuwaňda näme?Pişik syçan,alaka tutýar.Senem..

–Wah,başyňa döneýin,balam jan,meň ýeke özüme bu zatlar aňsatdyr öýdýärmiň?Indi kömekçim bolmaly halyňa, sähelçe bir zat üçin öýkeläp dursaň bolmaz-a!

-Eje,bagyşla-diýip,Aýgözel ejesini gujaklady-Sähelçe günden aýlygymy alýan.Lükgeligi bilen eliňe gowşuraryn.

-Bilýan,jan balam,gowşurarsyň!-diýip,ejesi gyzynyň çeýe,terezilenip duran eginlerini,kümüş ýüzükli barmagyny,şar gara saçyny sypalap jogap berdi-Tüweleme,balam,ýetişip gidipsiň-ä!.Ejeň ony aňmandyram.Uýalaňam,yzyňy basyp gelýärler,boýlary derek ýaly.Gyz kişi maşgalasy.Durmuşa çykmaly,biriniň öýüni bezemeli...Sawçylar gelip başladylar.

–Eje,toba et!Altymyrat ýetişip,adam bolýança durmuşa çykjak däl,şuny berk belle!-diýip,Aýgözel bir bölek gaty-guty nany çaýa batyryp iýdi.

–Eje jan,indi gyzlar söýüşip durmuşa çykýarlar-diýip,Gurbanbibi Aýgözele syrly bakyp,seslendi.

–Ä-heý,söýüşip çykýanlaram görýäs-le,balam!Olaň söýgüsi jyzlan ýaly tiz sowulýar.Men kakaňyzy bir gezegem görmän geldim.Ýaşap ýörün-ä!

-Eje,jan eje,aýdaýsana,kakamy daşyndanam görmediňmi?-diýip,Orazgül sorady.

–A gyz,balam,Allanyň öňünde ýalan sözlemen ahyryn...Hawa,atgulak äkiden aýallar gudalaryň ýaşaýşyny görüp gelenlerinde,pylança ýorganlary bar,pylança keçesi,käsesi,çäýnegi,kürreli eşegi bar diýşyp,ejemiň ýanynda gürrüň edýärler,emma körekeniň pylan hili ekeni diýen gürrüňiň üstünden baranoklar.Men ýigit barada eşdesym gelýär,görk-görmegi nähili,nirede işleýär,synasy ýerindemi,boýy uzynmy...Olar bolsa diňe zadyň gürrüňini edýärdiler...O döwürler guda bolunandan soň işden-zatdan galynardy,öýdenem çykylmazdy,toýa çenli eşikleriň tikin-çatymyny taýýarlap ýetişseň zor boldugyňdy.

-Waý,ejemjanyň ýüreklidigini!-diýip,Orazgül ejesini gujaklady.

–Ejem ýürekli hem gaýratly hem.Häzirki döwrüň gyzlary onuň eden herekedini edip bilmezler-diýip,Aýgözel janykdy.

–Balam,oňa derek,bolgusyz sebäplere görä oňuşman aýrylyşýanlar köpeldi.Biziň döwrümizde beýle zatlar seýrekdi.

–Eje,başgalary-ha bilemok,ýöne seniň gyzlaryň-a ýüzüňi gyzartmaz!-diýip,Aýgözel pert jogap berdi-de,işine ugrady.

Ejesi,gyzynyň, ýeriň gaýmagyny bozmajak bolýan ýaly bolup barşyna seredip doňup galdy...

Şu gürrüňden soň iki ýyl geçdi.Bir gün Aýgözel işden gelende ejesi ony ýanyna çagyrdy.

–Balam,gyz kişi maşgalasy,”gyzly öý Soltanly öý,ýüzi geler biri alar”diýleni,şonda-da edil beýledir öýdmeýärdim weli...Gyz agajy hoz agajy,her ötegçi bir daş atýar...Doganlaň ýokka bir zat aýtjak. Gudaçylyga gelýän sawçylaryň yzy üzülenok.Işimi arkaýyn edip bilemok.Senden halys ýadadym.Gelýänleriň haýsam bolsa birine göwün bermeseň goýjak däller.Hany,ber maslahatyňy!?

-Toba,eje,men öň Alty ýola düşüp ugrasa durmuşa çykjak diýdim-ä.

–Alty jan başyny çarar.Balam,sen jogabyňy ber!

-Toba,juda goýmajak bolsaňy..-diýip,Aýgözel ýaýdandy-Raýon merkezinden gelseler ,habarlaryny alaýyň bolmasa

-Balam,olar kimler?Asly nireli?Kimlerden?Men ony tanaýanmy?

-Tanaýan dälsiň.Oglanyň ejesi öý hojalykçy,kakasy jurnalist,gazetde işleýär,Şammet Şyrty diýýärler.

–Toba,balam,oň ady dagy näteňet?

-Ady bilen işim ýok,eje.Men onuň adyny däl,Baýram atly ogluny tanaýan. .Burkazlardan.

–Toba,toba,burkaz diýdiňmi?-diýip,ejesi ýakasyna ýapyşdy-Balam,heniz tohumymyzda burkaz bilen gatnaşyk eden ýerimiz ýokdy,etmeris hem,enşalla!

-Eje, kim bolanda-da men şol oglan bilen halaşýan!

-Balam,burkaz bilen halaşýaňmy?Toba,toba.Gezip ýörseň her zat eşitjek ekeniň.Wah,şu halaşýan diýen sözi eşidesim gelenokdy-da,meň!Nädeýin...Bagryňdan önen çagaň şeý diýip dursa.Öljekmi,ýitjekmi?

-Eje,nätjek,Baýrama baryberiň diýeýinmi,ýa-da,gelmesinlermi?

-Gyssamasana,jan balam.Juda eneň sözi geçmejek bolsa,sorag-ideg edeýin,agalaň,dogan-garyndaşlaryň bilen maslahatlaşaýyn.Göçüň geçip baranog-a!Soň aýdaryn...

Şeýdip,dört ýyllap gyzynyň aýlygynyň hözürini gören ene,indi ony durmuşa çykarmaga razy boldy...

## Ýol Aşgabada tarap.

Altymyrat okuwdan boş wagy sport mugallymy,agasy Orazberdiniň ýolbaşçylygynda, woleýbol oýunlaryna gyzyklanyp başlady,ýöne öýünde,öz ýasan ştangasyny götermegi welin, gündelik ýola goýdy.Şol wagtlar ştanga bölümi heniz açylmandy.Onuň sporta aşa gyzykmagy,gapydaky mallaryň aç durmagyna alyp geldi.Gündelik ep-eslije ot ýygaýmasaň,hajymelikler molaşyp durlar.Oňa-da wagt gerek.Dogry,ol ot ýygýardy,özem kän ýygýardy,şonda-da,näme,ýetişip bilmese nätsin!Gygyrlar goza maşyny ýaly aty agzyna alyp,yzyndan çykaryp durlar.

Bir gün Orazberdi:”Saňa, “mallara gündelik ýeterlik ot ýyg” diýip ýadadym.Düşünersiň öýtdim,düşünmediň.Düşünýänçäň, woleýbol oýnundan çetleşdirýärin”diýip,ony türgenleşige goýbermedi.Altymyrat bu ýagdaýy ejesine aýdyp kömek sorady,emma ejesiniň haýyşyna garamazdan,ol,gaýdyp sportyň golaýyna barmaga Altymyrada rugsat bermedi.Emma bu hereketler onuň sporta bolan höwesini gaçyrar ýaly däldi.Sen bolmasaň senemjan edip,ol doganoglan agasy Garýagdy Aşyryň ştanga götermek boýunça bölümine gatnaberdi,özem oňa“Senden tälim alýanlygymy Orazberdi bir bilmesin!”diýip ýalbardy.Garýagdy-da az wagtlyk saklanyp,soň Orazberdiniň ştanga boýunça täze açan bölüminde tälim alyp başlady.Hut şu günlerdenem ol uly sporta ilkinji ädimlerini ätdi.

Oba oglanlaryna mahsus sada,açyk göwün ýigidiň köňlünde heniz özüne hem doly mälim bolmadyk sagdyn okgunlylyk-haýsy işi ýerine ýetirse ony hemmelerden gowy etmeli diýen ynam bardy.Hut şu ynam hem,ony üç aýdan soň, 12 ýaşynda, 31 kilogram agramy bolup-da,agyr atletikadan türgenleşlige başlamagyna getirdi.Orazberdi:”Müçäň näme!Sen daş göterip bilmersiň!Gör-ä,elleriň ysgyny ýok,aýaklaryň inçejik.Bir ýeriňi maýyp edersiň!”diýip,onuň ştangadan el çekmegini sorady.Altymyrat :”Sen maňa bir aý möhlet ber,nämä ukyplydygymy subut edeýin,edip bilmesem başga ugra gideýin!?”diýeninden soň Orazberdi ony türgenleşige goýberdi.Şondan 26 gün geçende,ýagny, 28-nji dekabrda geçirilen Sakarçäge sport mekdebiniň etrap ýaryşynda 60 kilogram daş göteryp,15-nji orny eýeledi.Bu onuň ömründe ilkinji çykyşydy.Bäş

aýdan soň,1982-nji ýylyň 16-nji maýynda bolsa, 32-35 kilogram agramda çykyş edip,daşy birbada götermekde 30 kilogram,itekläp götermekde 40 kilogram,jemi 70 kilogram göterip,agyr atletika bölüminiň açylanyna bir ýyl bolmanka, sport mekdebiniň ilkinji ýaryşynda birinji orna çykdy.Şeýdip,ol ştanga gatnady,mekdep internatda okady,daşyndanam kolhozda işledi,mallara ot ýygmaga kömek etdi.

Bir gün gowaça meýdanlaryna külte,okuşnik geçirýän traktorçylaryň çaýyny gaýnadyp durka,onuň ýanyna Orazmyrat ýasy(onuň Oraz ýewreý lakamly hem bardy) gelip:”Saňa sport mekdebiniň çempiony diýýärler welin,meni gujagyňa alyp göterip bilseň,ol diýilýänleriň dogrydygyna ynanjak,bolmasa-da...”diýip dur.Ol bir uzyn boýly lokgaja adam,agramy ýetmiş bäş kilo dagy bardyr.Altymyrat mäkäm eline tüýkürdi-de,gujaklap,Oraz ýasynyň aýagyny ýerden saýlady.”Boldy,boldy,indi men saňa ynanýan!”diýip,ol Altymyradyň arkasyna kakyp,öwgüsini ýetirdi.

Güýçli bolmak ähli çaganyň köňlünde-de bardyr,emma Altymyratda ol has ýokarydy.Bu üstünlikler onuň abraýyny günsaýyn göterdi.Onsoňam,oňa,oba adamlarynyň arasynda bolmak,zähmet çekmek,köp zatlara göz ýetirmäge,durmuşa düşünmäge,agy-garany saýlamaga kömek etdi.Käte gowaça meýdanynda ýatmaly boldy,akar ýapdan eňegini berip suw içdi,gamyşly zeýkeşlerden balyk tutdy,daýhanlaryň gürrüňlerini,demirçi ussa Möjek aganyň Dawud pygamber baradaky gürrüňlerini diňledi.Soňky gürrüňler oňa,özüniň agyr daşlary götermekde hiç-hili gorky-ürkini bilmeýänligine gözüni ýetirmäge kömek etdi,özüne bolan ynamyny has-da artdyrdy.Ilkinji ýeňişinde ejesiniň:”Balam,Dawut pygamberden pata alandyryn,indi ümzügiň ileri bolar,enşalla”diýmegi-de, onuň kalbyny ganatlandyrypdy.

Dogry,öňler,oba adamlary setanda-seýranda bolsa-da, göreşerdiler,ýaglyga towsardylar,düzzüm oýnardylar,topar gaçdy,çilik oýnardylar,ýöne,Altymyradyňky ýaly, beýle daş götermek oýnuny heniz görmändiler.Altymyrat özüniň ýasama ştangasy bilen beýleki çagalary hem örüzdi.Çagalar indi her öýde diýen ýaly öz ýasama ştangalary bilen güýmenip başladylar.Bu bolsa köçeleriň çatryklarynda ýary gijä çenli oturyp,ýaramaz endiklere ýüz urýanlaryň sanyny görnetin azaldypdy.Bu üýtgeşmelere oba aksakallary düşünip bilmediler.Olar bir-birleriniň ýüzlerine soragly nazaryny dikdiler.Kimdir biri:”Bilmedik,öz-ä şu oýun Orazdurdy pälwanyň dogmalaryndan çykanmyş diýýp aýallar gürrüň edýärler”diýdi.”Aýallar gürrüň edýän bolsa dogrudyr.Olar Oraz ýasynyň dogurman oturan heleýiniň dogurjagyny üç ýyl öňünden aýtdylar,dogry çykdy,döwlet emlägini öz zady ýaly sowurýan Şamyrat goturyň oba arçyny saýlanjagy hem dogry çykdy,mal lukmany Ata alkaşyň oba keselhanasynyň müdüri,onuň ynamdan gaçyp aýrylan öňki müdüriniň,käri boýunça ýokary bilimli lukman bolup-da,obanyň baş agranomy boljagam dogry çykdy,bu hem dogrudyr”diýdiler.

Akýap obasynda-ha,ýagdaýlar şeýle,beýleki obalarda hem şeýledir.Obada ýaşaýarmyň,daýhanlara kömek edäýmelidir.Gyşda ekin meýdanlara eşek arabaly ders çekişmeli,gowaça ekişmeli,ýekelemeli,otamaly,çürtmeli,pagta ýygmaly,bularyň daşyndanam okuwyňy okamaly,öý işlerine kömek etmeli.Bu hysyrdylaryň bary Altymyratdan sowlup geçmändi,geçmeli hem däldi.Ol bir zada imrikse irmezekdi,ony etjek bolup ähli güýjüni sarp edýärdi.

Ine,bir günem ol,tüp yssy howada,beýleki okuwçylar bile gowaça ýekelemeklige gidipdi.Biregne, aşak egilip gowaça ýekelemek aňsat iş däldi,ýöne,ejesi aýtmyşlaýyn zehmet çekmegiň aňsady kyny bolmaly däldi.Onsoň Altymyrat hem öz başardygyndan işleýärdi,irmän işleýärdi.Onuň bu häsiýeti merhum agasy Kakabaýdan galan bolmalydy.Başlangyç synplarda zybrym bäşlik okamagy hem onuň berk talabyndan

döräpdi,sebäbi sapaga ýaramaz taýýarlanan güni çäre görerdi,özi ýaly oglanlar bilen göreş tutdurardy,güýji deň bolmadyk garşydaşy bilen karate göreşine çykarardy,ejesine:”Sen muny gaty lälik saklaýarsyň”diýip igenerdi,duýdansyz sowuk suwy üstünden guýardy.Şulardan soň Altymyrada lälik saklanan diýmäge diliň barmaýardy.Bulary kellesinde aýlap,gowaça ýekeleýän Altymyrat,ýanyna gelen agasy Orazberdini görende:”Biý-ä ýene-de,haýal işleýäň diýip maňa käýemäge gel-dow!”diýip pikirlendi,emma Orazberdiniň:”Sen Aşgabada,ýörüte sport mekdebine okuwa gitmeli,çakylyk gelipdir”diýmesine ynanjagynam, bilmedi,ynanmajagynam.Hakykata gözüni ýetirip guş bolup uçdy...Ol hat-da oba nädip geleninem bilmedi,begenjine iki ýana zowzuldap,iýim-içim bilenem ugry bolmady.Hoş habaryň netijesinde dörän tolgunmalar öz täsirini ýetiren bolmalydy.Tolgunmaz ýaly hem däldi.Bäş welaýatda-da Altymyrat ýaly ştanga göterip bilýän ýaşajyk gullar bardy.Şolaryň arasyndan özüniň saýlanyp alynmagy bu bir tötänlik diýip hasap etdi,ýöne bu tötänligiň özüniň arzyly zadydygyna welin begendi.

Dogry,ol welaýat ýaryşlarynda,hat-da bir gezek Aşgabatda hem çykyş edip,gowy netijeleri gazanypdy,ýöne,ýörüte sport mekdebine çagyrylaryn diýip gumanam edenokdy.Ol ýaňy on üç ýaşyny dolduryp̦dy,Türkmenistanda ondan başga-da tejribeli,güýçli ştangaçylar sanardan kändi ahyryn...

Ol özüniň şapbat ýaly radiosynyň nokadyna basdy-da,ýassyga kellesini goýdy.Radionyň gepleýjisi:”1980-nji ýylyň iýul aýynda ştanga oýnunyň höwesekleri,22-nji Olmpiada oýunlarynyň Moskwada geçýän ýerine-Izmaýlowa köşgüne ýygnandylar.SSSR-iň 1975-nji ýyldan bäri baş tälimçisi,iki gezek Olimpiýa çempiony Medwedew bu gezek hem üçünji Olimpiýa altyn medalyny alar diýen umytda boldular.Emma ol 180 kilogram agramy üç synanyşykdan soňam alyp bilmän ýaryşdan çykdy.Oňa derek Soltan Rahmanow 440 kilogram göterip,altyn medala mynasyp boldy.Medwedew häzirki pursatda hem Soýuzyň ýygyndy komandasynyň baş tälimçisi bolmagynda galýar”diýip,sesine dyngy berdi-de,soňam:”Aşgabadyň sport mekdebi ýaş sportsmenler bilen üsti ýetirilýär.Basym onuň düzümine Oleg Komlew,Altymyrat Orazdurdyýew,Abdurahmanow,Şuwalow ýaly gelejege umyt baglaýan ýaşlar goşular”diýip,sözüni dowam etdi.Altymyrat öz adyny eşidip,guş bolup uçdy,begenjinden hat-da gözüne ýaş hem aýlady.Ol heniz ýaşajykdy,bary-ýogy iki ýyla golaý wagt bäri ştanga göterýärdi,şonda-da mekdebe alynmagy gaty tolgundyrdy.Öz ýanyndan:”Bu zatlar ýalan bolaýmasyn?” hem diýdi.

–Balam,saňa näme bolýar? Iki ýana urunyp otyrsyň-la? Pagta ýekelemekde ýakmaz zat iýäýdiňmi?-diýip,ejesi onuň maňlaýyny elledi.

–Eje jan,meni Aşgabada, ýörüte sport mekdebine çagyrýarlar!-diýip,Altymyrat begenjini daşyna çykardy.

–Alsalar gidersiň-dä,jan balam.Ýöne men-ä onuň üçin tolgunar ýaly esas göremok.Şolaram saňa agalaryňdan artyk tälim berer öýdemok.Maňa-ha,sen öýden örleseň gowy-diýip,ejesi pikirini mälim etdi.

Altymyradyň şatlygyny paýlaşmak üçin aýal doganlary Aýgül,Gurbanbibi, Orazgül, agasy Bäşim dagy ýygnandylar.

-Hany,ýuwundyňmy?Toba,ýuwundym diýýärsiň welin gulagyň içini ýuwmansyň.Bar,git-de täzeden ýuw!-diýip,Aýgözel onuň ýeňsesine çalaja çalyp goýberdi.

Altymyrat gulagyny gaýtadan ýuwup geldi-de:-Men ministr bolaryn,şonda şujagaz uranlaryňy alaryn!-diýip,Aýgözele seretdi.

–Toba,gulagynyň içini ýuwup bilmeýändenem bir ministr bolarmy?-diýip,Aýgözel onuň ýeňsesine ýene çaldy-Gör,muny,ministr boljakmyşyn.Işdäsi ýaman däl..Başaryp bilmejek işlerini hem boýnuna alyp otyr.

–Balam ruhdan düşenok,gaýtam, biziň göwnümizi göterýär,teselli berýär!Alla halasa ministr hem bolar-diýip,ejesi oglunyň başyny sypady.Emma Altymyrat indi çagajyk däldi,öz keşgini oňaryp bilýänlerden-di.

Nireden eşidenleri belli däl (hoş habar çalt ýaýragyç bolarmyş) mugallymlar Rahmanberdi aga,Annaberdi mugallym, Tirkiş Tagan dagy gelip,oňa rowaçlyk,ak ýol arzuw etdiler.Bular Altymyradyň depesini göge ýetirdi. Rahmanberdi aga ony çete çagyrdy-da,kisesinden bir bölejik kagyzy çykaryp uzatdy:

-Päheýde weli,diýmäýin diýsem.Alty jan,al şuny,oka,öwren,ýat tut,ýat tutup bilmeseň ýanyňda göterde günde bäş wagtyna oka!Bu Kurany kerimiň “Fath”atly üstünlik,ýeňiş,açylyş manysyny aňladýan süresi,onda:”Biz saňa açyk-aýdyň ýeňşi,üstünligi aýan etdik,açyp berdik!”diýilýär. Pygamberimiz Muhammed a.s. bu süräni köp gaýtalar ekeni,sebäbi ol onuň Mekgä giren ýeňşine bagyşlanypdyr.Muny ýitiräýmegin,ýöne ýat tutsaň bolar-diýdi.

-Men muny eýýäm ýat tutdum!-diýip,Altymyrat kagyza göz gezdirip jogap berdi.

–Hany aýdyp ber!?

-“Innä fetahnä lekä fethem-mübinen”.

–Bäh, päheýde welin,dogry. Berekella,köşek.Beýle ýadyň bolsa men saňa Gurhany öwretjek ahyryn.Ýöne oňa-da gezek geler.Saňa berjek maslahadym,Şamyrat kel ýalylardan daşda durgyn,olar ýaly pylan zat etdim,pysmydan zat etdim diýip,eden haýyr işiňi agzyňa alyp ýörmegin.Isa pygamber bir günde on sany agyr kesellini keselinden açypdyr, şolaryň diňe biri oňa minnetdarlygyny bildiripdir.Beý diýsem adamlardan ýasama minnetdarlyga garaşmagyn-diýip,Altymyradyň arkasyny sypady...

Altymyradyň ugramaly wagty golaýlanda ejesi girip-çykyp,iki ýana zowluldap,nämede bolsa bir zada gaty birahat bolýardy.Ol ejesinden onuň sebäbini sorady,emma ejesi hiç zat aýtmady,oňa derek Gurbanbibi:”Ejem seniň ýol harjyňy tapyp bilmän elewräp ýör”diýip,jogap berdi.Wah,ol bu barada pikir hem edmändir ahyryn!Ýola çyksaň sowalga,ilki pursatlarda iýip-içer ýaly harajat gerek.Bu öýde welin dokuz çaganyň iýmitini tapmak hillala.Oguldurdy daýza her agşam:”Erte çagalara näme bişirip bererkäm”diýip,ýatyp bilmeýärdi ahyryn.Altymyradyň Aşgabada çagyrylmagy ony astyndan çykyp bolmajak güne goýupdy,şonuň üçinem ol zowzullaýardy. Şol wagt Döwlet joňk Altymyradyň ýanyna geldi.Onuň elinde utuşly pul oýnalýan gazet bardy.Ol gele-gelmäne:

-Eý,igli,hany şol kitabyň içinde gizläp goýan puluňy barlap göreli,belki utuş bardyr-diýdi.

–Dost jan,o nähili pul?-diýip sorasa-da,mundan bir ýyl öň bolan waka onuň ýadyna düşdi...

Şonda,Altymyrat mekdepden gelýärkä köçeden bäş manat pul tapdy.Ony ejesine görkezse:”Balam,muny kimiň öýüniň gabadynda tapan bolsaň şolara görkez”diýdi.Emma olaram:”Biz köçede pul gaçyramzok.Üç gezek:”Kim pul ýitirdi?”diýip gygyr,eýe çykmasa halal zadyň bolýar”diýip,jogap berdiler.Ol şeýle hem etdi,jogap bolmansoň ejesine ýagdaýy düşündirdi.Ejesi:”Balam,bu puly men nädip alaýyn?Kyýamat güni halala hasap,harama azap bardyr,şonda men niçik jogap bereýin?!Sen muny adamsy uruşda wepat bolup,ýeke özi ojagyny saklap oturan Ogulla daýzaňa eltip ber!”diýdi.Emma olam özüňize nesip etsin diýip,puly almady.Ine,onsoň

täsin ynsaply Oguldurdy daýza:”Bu tapyndy bize bela bolar.Oba aýlandym, eýe çykmady.Kisesinden puluň gaçanyny bilmeýän pulmesi kim-kä?Kim bolanda-da,men ony mal ýatagyň bir gyrasynda gömjek”diýip,puly çyg çekmeýän ýukajyk perdä dolap,ýere tabşyrmakçy boldy.Altymyrat şonda:”Eje jan,ony maňa beräý,gizläp goýaýyn!”diýip,ýalbardy we matematika kitabynyň içinde goýdy.Döwlet joňkuň diýýäni şol puldy.Ine,onsoň,puluň uly belgisini,goýberiş belgisini gazetdäki bilen barlasalar,saňa ýalan,maňa çyn,baş manadyň hümmeti ýüz esse galyp, bäş ýüz manat bolupdyr.Bu habar Oguldurdy daýza, gün çykyp durka ýyldyrym çakan ýaly täsir etdi.Ol:”Allajandan aýlanaýyn!”diýip,begenjine aglady. Orazberdi gazet bilen puly alyp,etraba gitdi-de,ýany bäş ýüz manatly dolanyp geldi,”Dogry-da walla”diýip.Garaz,Alla hor etmejek bolanda,ýol tapýar ekeni...

Ertesi,ýüregi suwluja,kisesi pulluja Orazberdi,Altymyrady Aşgabada alyp gitmekçi bolanda ejesi:-

-Balam,gowaça ýekelemede işläp gazananja puluňy getirdiler.Ilkinji päk zähmediň hözüri özüňe nesip etsin!-diýip,Altymyrada lomaýja pul gowşurdy.

Altymyrat otla münsem diýýärdi,ol arzuwyna-da ýetdi.Otlynyň üsti ,çalaja üwrelýän çallançak ýaly bir zat bolsa nätjek!Mysal üçin ullakan bir sallançakda ýola çykan ähli ýolagçylar bir wagtda üwrelýän ýaly.Ýolda-da näme,her hili adamlara gabat gelinýär.Altymyradyň ýanynda,bir ýaşuly,tos-togalak aýaly bilen otyr.Ol-a, termosdaky çaýyny süzýär,on putlyk aýaly bolsa,iki elini serip,dünýeden bihabar,ukyň hezilini görýär,özem, edil Orazberdi kakasy ýaly hor çekýär.Altymyradyň bolsa gözüne çiş kakyldy,ukusy geläýse nädersiň!Onuň üçin hemme zat gyzykly,otlynyň şakyrdysy, çaýkamasy, ýylp-ýylp edip yzda galýan çyralar, gapdaldaky ýol bilen barýan maşynlar..

-Gözüme uky gelenok!Çaga,senem ýatyp bilýän dälsiň,tolgunýansyň,okuwa barýansyň,şeýlemi?!Meni bolsa wyjdanym ýatyranok-diýip,ýaşuly öz-özüne diýýän ýaly samrap otyr- Şöhrat diýen zat ýaman ekeni.Ol näçe belent boldugyça pes görünýär,adyň agzalyp dursa-da, az agzalýan ýaly.Men şeýle ýagdaýa düşdüm,basgançaklar bilen ýokaryk galdym,ahyrym, şöhradymy göterip bilmänem,şaglap aşak gaýtdym.Has dogrusy gaýtardylar.Şonda wyjdanym oýanyp,ähli zatlar zym-zyýat boldy.Wyjdan bar ýerinde şöhrat durmaz ekeni.Şondan bärem ýatyp bilemok-Ýaşuly sözüne dyngy berdi-de,her hili dogalary içinden okap,ýüzüne syldy-Ýaşyň soňunda eden ýamanlyklaryň ýadyňa düşüp azar berer ekeni.Men muny öz durmuşymdan bilýän.Men...

Altymyrat ýaşulynyň soňky sözlerini diňlemän uklap galdy...

Şeýdip ol Aşgabatdaky sport mekdebiniň tälimçisi Abramýanyň okuwçysy boldy, okuwyny dowam etdi, ştangadan tälim aldy.Mekdepde onuň özi ýaly ýene-de kyrk oglan okaýardy.Olaryň içinde öz ildeşi,Sakarçägeli Oleg Komlew hem bardy.Altymyrat onuň bilen dostlaşdy,rus,iňlis dillerini öwrenip başlady.Olegiň öwünjeňräk häsiýeti bardy:”Men Aşgabada gaty belet,şaherde sökmedik ýerim ýok!”diýip öwünýärdi.Olar “Kosmos” kinoteatryna kino görmäge gidenlerinde,Oleg Köşi obasyna girip,yzyny tapman gaty heläk boldy.Gaty kösendiler.Ýoldaky adamlardan soramaga utandylar,gaýtam:”Daýzamlara barýas-laý”diýen bolup,gomaldylar.Uly kösençlik döreden, büdräp aýagyny agyrdan bu kino görüşlik,Altymyradyň ýadyndan çykar ýaly bolmady.Ol ony soň-soňlaram ýatlap,başyny ýaýkaýardy,Olege bolsa,”Rahmanberdi aga şeýle ýagdaýda:”Akylly dostuny,kemakyl aýalyny,akmak özüni öwer”diýerdi –diýdi.

Oleg Komlew Altymyratdan birneme ekabyrrakdy,ulurakdy,üýtgeşik oglandy.Fizika tarapdan alanyňda tüýs ştanga üçin dogulaýan ýalydy,özem orta boýly dykyz göwresi tükeniksiz güýç-kuwwata basyrlan ýalydy,ýörände dagy aýaklarynyň

ýeňil gopuşy gaty täsindi.Türgenleşige irginsizligi hem edil Altymyradyňky ýalydy.Onda hem ýokary basgançaga ýetdim-ýetdim diýlende,şol işine bolan gyzyklanmasynyň gaçaýma häsiýeti bardy.Ine, şu häsiýet-onuň iň uly ýetmezleriniň biridi.

Altymyradyň sport mekdebine gelenine bir aý bolmanka, türgenleşik geçmek üçin 30-nji mikroraýonynda ulanylman ýatan ýyladyş ulgamynyň jaýyny mekdebe berdiler.Içi agdar-düňder,her hili demirleri dagaşyp ýatan bu uly jaýy arassalamak üçin olara bäş aý gerek boldy.Bu işe diňe bir tälimçiler däl,ştanganyň janköýerleri ,sporty söýýän çagalaryň ene-atalary kömek berdiler.Jaýyň içinden gör näçe hapa,näçe topur çykaryldy,näçe beton guýuldy,hasaby ýitdi.Kem-kemden içine çyra çekdiler,sport gurallaryny edindiler,şeýdip mekdep guruldy gidiberdi.Şeýle yşlenip,oňarylmadyk bolanda çagalara türgenleşik geçer ýaly ýer hem boljak däl ekeni.Sag bolsun,içeri işler ministrligiň ýolbaşçylary,bu jaýy olar tapyp beripdiler.Bir günem olaryň ketdeleriniň biri gelip:”Siziň şu mekdebiňiz işläp başlaly bäri ýaşlaryň arasynda düzgün bozmalar iki esse azaldy”diýdi,guwanç bilen seslendi.Ştanga götermek üçin türgenleşik jaýy hut şeýle giň we beýik bolmalydy.

Altymyrat şu mekdepde,ýöne başga bölümde okaýan Gurban Annaoraz diýen oglan bilenem ysnyşyp,dostlaşyp gitdi.Ilki-ilkiler-ä,ol Altymyrada:”Igli-emzikli”diýip,ýüzlenip başlapdy,şol sebäpli onuň bilen mazalyja uruşmaly bolupdy.Beýle ýagdaý birnäçe gezek gaýtalandy.Gurban ahyrym,garşydaşynyň özdiýenli,tutanýerli,garadan gaýtmazlygyna gözüni ýetirip:”Gel,ýaraşaly,men indi seni kemsitmäýin!”diýdi.Şondan soň olar aýrylmaz dost boldular.

Altymyrat her gün tälim almaga gidende edil toýa barýan ýaly,üýtgeşik begenýärdi,şol bir wagtda her zat etmeli welin,güýçli adam bolup,Gurban ýalylaryň dilleri ýetmez ýaly,saýlanyp öňe çykmaly diýýärdi.Ony etjegem bolsaň şu gün düýnkiden,ertir şu günkiden ýokary netije çazanmany başarmalydy,birbada ýokary agyrlyga aralaşman,kem-kemden aralaşmalydy.Ýöne,gowy naharlanmagam gerekdi.Görkezýän netijesine garanyňda onuň naharlanyşy pesdi.Öýden kömek soramak häsiýetine gabat gelmeýärdi,onsoň onuň-munyň işini edip,goşmaça gazanç gazanmaly bolýardy,muny bolsa tälimçi Abramýan goldamaýardy.

Ilkinji günlerde Altymyrat tälimçisi bilen düşünişip,el-ele berip türgenleşik geçdi.Güýjüňi kem-kemden artdyrmagyň syrlary baradaky düşünjeler peýda bolup ugranyndan soň bolsa onuň käbir hereketleri Abramýanyň talabyna gabat gelmedi.Abramýan türgenleriň her biriniň öňünde edil işe gelen ýaly gara dere batýançaň türgenleşmeli,agyr daşy galdyrybildigiňden köp galdyrmaly diýen talaby goýýardy,bu bolsa türgeni gaty ýadadýardy.Ýatak jaýyňa ýetip bilseň,süýnüp ýatybermeli bolýardy.Emma Altymyradyň pikiriçe,türgenleşik ýadatman,gaýtam, lezzet bermelidi,ony bolsa irginsiz agyr zähmet bilen däl-de,kelläňi işledip gazanmalydy.Özünde peýda bolan bu pikiri ol häzir doly düşündirip hem biljek däldi.Bu barada dil ýarmasa-da,käte tälimçiniň tersine gaýdýan pursatlaram bolaýýardy.Şonda,hiç wagt sözi ýykylmaýan Abramýanyň keýpi gaçýardy,ýüzi boz-ýaz bolýardy,Altymyrat bolsa hiç zat bolmadyk ýaly,birneme dynç alanyndan soň,ýene öňküsi ýaly tälim alyp başlaýardy.Şeýle ýagdaýda olar bir-iki gün gepleşmän gezerdiler,ýöne Altymyradyň özdiýenli,aşa buýsançly häsiýeti,alçaklygy ýene üstün çykardy.Dogry,tälimçiniň käbir näsaz”ýumuşlaryny,tabşyryklaryny” görmedik bolup,diýenini edip ýörseň,ara tow hem düşmeli däldi,emma Altymyrat köňlüne gelenini aýtman bilmeýärdi,onsoňam,agyr atletika sportyň beýleki görnüşlerinden tapawutlylykda, diňe diýleni edip gezeniň bilen

agyr daşa al sajak gumanyň ýokdy.Ştanga bilen ýekeme-ýeke öňe çykarsyň,ýa sen ony götermeli ýa-da ol seni ýykmaly,munda hiç hili ortalyk zat ýok.Dogry,tälim gerekdir,ýöne gollaryň gujury,höwesli tutanýerlilik,gazap hem hökman gerekdir.Gazap uruşda lazym diýjeklerem tapylar,ştangada hem ol gerekdir.Ýöne,bu jedelde iki tarapyň hem talaby dogrudyr,tälimçi talap etmeli,tälim alýan ýerine ýetirmeli.Ol dogry.Ýöne onuň 1984-nji ýylyň tomsunda Daşkentde geçen tomusky spartakiýada-da,40 kilogram agramda çykyş edip,155 kilogram netije görkezmegi we ulularyň 2-nji razrýadynyň normasyny doldurmagy,köpleri geň galdyrypdy.Pikir beriň!!5-ýaşda!Edil bir ýyl öň 95-kilogram göteripdi,gysga wagtda 60 kilogram tapawut görkezmek her kime başartmaýardy.

1986-nji ýylda Brestde (Belorussiýa) ýaşlaryň arasynda geçirilen bütinsoýuz ýaryşda ol üçünji orna mynasyp bolupdy.Hut şol ýerde hem belli ştangaçy Wasiliý Alekseýew bilen gürrüňdeş bolupdy.Şonda ol öz-özüňe bil baglamak ,öz ýoluňy tapmak baradaky pikirlerini Alekseýewe aýdyp,maslahat sorapdy.Ýeňil we agyr atletikada öz-özüňe tälim bermekde ägirt uly mümkünçilikleriň ýatandygy,ýöne onuň käbir şahsiýetde islenilmeýän häsiýetleri ösdürýändigini,soňunyň şöhratparazlyga getirýänligini ýaňzydyp,şeýle diýipdi:”Görnükli ussatlar hut şöhratyň astynda galyp,soňky mümkünçiliklerini ulanyp bilmediler,şöhrat ştanga galdyrmak agramyndan agyr geldi.Ýöne,men seniň öz-özüň üstünde işlemek meseläňi tüýs ýürekden goldaýaryn,sebäbi özüm şu ýol bilen barýaryn”

Altymyrada şöhradyň geregi ýokdy,ol onuň öz-özüni türgenlemäge peýdasy ýokdy,gaýtam zyýany bardy.Onsoňam,ol agza düşüp,şöhratly bolanyndan biriniň ýakymsyz sözüni eşidenini gowy görýärdi.Şöhrat el-aýagyň hem baglaýan zatdy,onuň bolsa her pursady ölçeglidi.Aşgabada gelýärkä otludaky ýaşulynyň şöhrat barada aýdanlary oňa gowy sapak bolupdy.Şonda-da näme,çagalaryň öňünde çykyş etmeli bolanda,harby bölümlere çagyrylsa ýok diýip bilmeýärdi.Şeýle duşuşyklar gaýtam ony ganatlandyrýardy,kalbyna rahatlyk tohumyny sepýärdi,durmuşa başgaça seretmäge mümkünçilik berýärdi.Durmuş bolsa gaty çylşyrymlydy.Onuň ýaşaýan otagynyň görnükli ýerinde şular ýaly ýazgy ýazylyp goýlandy:”Adam öz-özüne bil baglasa üç güýjüni ösdürip bilýär-akylyny,güýjüni,bagtyny!Her bir adam öz-özüne lukmandyr!Ýagdaýyna görä bütin durmuşynda özüne seredip,iýmesiz zady iýmese,içmesiz zady içmese,güýjünden ýokary agyr zada elini urmasa,onda ol sagat bolar,sagatlyk bolsa ýokarky üç güýjüň sakasydyr.Käte”Ýaşlykda ölçegsiziräk işleri köpüräjik etdik-dä,ýogsam,öň-ä Alla işidir welin, şyhypanylyga arkaýyn baryp boljak ekeni!”diýýän,ýaşy togsana golaýlan gojalara guwanýarsyň!”

Hut şu öz-özüňe bil baglap, ýetmeli menziliňe erjellik bilen ymtylýanlygyny , Altymyradyň agyr atletika bilen meşgullanyp ugran ilkinji günlerinden özi üçin alyp baran gündelik ýazgylaryda şaýatlyk edýär.Gynansagam.onuň ilkinji ýazgylaryny ele salmak başartmady.Soňkulary,ine şeýleräk.

Pöwrüze-Arçabil,14-01-1987ý,Anna güni ,sagat 16,30,türgenleşik: 1. Itiberip götermegi öwrenmek+kelläň ýeňsesinden galdyrmak+şol agram bilen oturmak-70 kilogramdan 70 gezek. 2.Birden itiberip götermek-105 kg-4 gezek,115 kg-üç gezek,125 kg-5 gezek,140 kg-4 gezek,jemi 16 gezek,jemi-1960 kilogram.3.Ortadan tutma bilen ýuwaş-ýuwaşdan we çalt-çaltdan agramy özüňe çekmek - 155 kg,15 gezek,jemi-2325 kilogram.4.Agramy kebzäňde goýup oturmak-138 kg,5 gezek,jemi 690 kilogram.Jemi bir günde 36 gezek göterildi,4925 kg göterildi.

Pöwrüze-Arçabil,15 01-1988,şenbe güni,sagat 11-00.1.Birden itiberip götermek-105 kg-7 gezek,115 kg-4 gezek,125 kg-4 gezek,jemi 15 gezek,2105 kilogram.2.Kükregiňe almak+oturmak+götermek-135kg-7 gezek,145kg-8gezek,jemi 15 gezek,3405 kilogram.3.Özüňe çekmek-150kg-6 gezek,160 kg-5 gezek,jemi 11 gezek,2310 kilogram.4.Agramy aýagyň arasy bilen galdyrmak-80 kg-40 gezek,3200 kilogram.Jemi 81 gezek,11020 kilogram.

Türgenleşik,şol ýerde,şol ,ýlän sagat 17-00,şol bir tertipde.1.135kg-iki gezek,150 kg-iki gezek,160 kg-iki gezek,170 kg-iki gezek,180 kg-iki gezek,190 kg-iki gezek,195 kg-iki gezek,jemi-14 gezek,2243 kilogram.2.-200 kg-9 gezek,210 kg -9 gezek,jemi 18 gezek,3690 kilogram.3.-105 kg-4 gezek,135 kg-9 gezek,195 kg-11 gezek,jemi 24 gezek,4650 kilogram.4.105kg-8 gezek,115 kg-8 gezek,125 kg-8gezek,jemi-24 gezek,2000 kilogram. Jemi bir günde 80 gezek,12583 kilogram göterdim. Krym-Feodosiýa şäheri.12.04.1988.sagat 9. 00.Türgenleşik,ýokardaky tertipde.1.21 gezek-2295 kg.2.18gezek- 2650 kg.3.21 gezek-6065 kg.4.15 gezek-3000 kg,jemi-75 gezek,14010 kilogram.

Duşenbe şeheri,14.04-1988,türgenleşik,sagat 9.00.Çarşenbe.Ýokardaky tertipde.1.24 gezek-5350 kg,2.18 gezek-4070 kg.3.16 gezek-2810 kg.4.12 gezek-1100 kg.jemi 70 gezek,13330 kilogram.

Türgenleşik,şol ýerde,16.04.1988,sagat 9.00.Şenbe.Ýokardaky tertipde.1.22 gezek-5350 kg.2.18 gezek-4070 kg.3.16gezek-2810 kg.4.10 gezek-2100 kg,jemi 66 gezek,14330 kilogram göterdim...

Ýokardaky ýazgylardan görnüşy ýaly,Altymyrat Alekseýewiň maslahat berişi ýaly,daşy göterýän gezekleriniň sanyny azaltmak bilen göterýän agramyny kem-kemden artdyrmagy öz öňünde maksat edinenligi bildirýär.Onuň tälimçisi Abramýan bilen hem hut şu meselede düşünişmezligi döräpdi.Munda,tälim alyjynyň öz-özüne tälimçilik etme ýoluny saýlap alanlygy görünýär.Altymyradyň ýokary üstünlikler gazanmagynyň gözbaşy hem hut şu ýerde ýatandyr diýip,açyk aýtsa bolar...

## Ilkinji uly ýeňiş.Aşgabat.

Altymyrat bat bilen açylan äpişgäniň şakyrdysyna oýandy.Agşam ony çalaja açyp goýupdy.Daşarda güýçli şemal turan bolmalydy.Dogrudanam, güýzüň salkyn şemaly bilen günbatardan garalyp görünýän bulutdan ýagyşyň ysy gelýärdi.Ol bu ýyl ýörüteleşdirilen sport mekdebini tamamlap,eýýäm,harby goşun gullugyna hem alynypdy.Alty aý gullukdan soňam düýn Aşgabada gelipdi. Altymyrat umumy ýatak jaýyndan ýeňiljek geýnip çykdy-da,howluda her hili sport hereketlerini ýerine ýetirdi,soňam ertirlik edinmek maksady bilen Teke bazaryndaky garbanyşhana bardy.Ýöne onuň işlemeli wagtyndan irräjik gelenligi üçin,Köpetdag stadionynda güýmenmegi makul bildi.

Stadionyň içi,wagtyň ir ertirligine garamazdan, eýýäm garynja hini ýaly gaý-gaýmalaşykdy.Sportyň ähli görnüşleri boýunça türgenleşik gidýärdi.Ol hem woleýbol oýnaýanlaryň ýanyna barmakçydy,hatda oýnaýanlaryň gapdalyndanam geçdi,ýöne özi bilmän,ştanga göterýän oglanlaryň ýanyna bardy.Ýok,ol,oýnamaga däl,diňe syn etmäge,çagalaryň ulanýan tilsimlerine özüçe baha bermäge geldi.Ol özüni gowşak ştangaçylaryň hatarynda görmese-de,halkara ýaryşlara gatnaşmagyň arzuwynda gezse-de,gözüniň öňünde, boýy metrden sähel geçýän ýigdekçäniň birinji synagda 75 kilogram agramy götermegi gaty geň galdyrdy,çuňňur pikirlenmäge mejbur etdi.Ilki

gelen pikir:”Ol meniň göterip bilýän agramymdan ýokary göterýär ekeni”boldy.Şeýle bolýan bolsa,kimde bolsa biri öňe saýlanyp bilýän bolsa,onda onuň ştangada işi ýok ahyryn!Ýa-ha irginsiz türgenleşip,has ýokary netijäni gazanmaly,ýa-da ştangany taşlamaly!Onda başga ýol ýok.Ol diňe öňde bolmaly.Bir söz agzyňdan çykdymy,ony ýerine ýetirmek üçin yza dönmeli däl.Ştanga götermekden başga-da, sportyň ýeňil görnüşleri hem bar ahyryn. Agasy Kakabaý neresse:”Sport-esasy hünäriň daşyndaky saglygyňy saklamakdaky güýmenjäňdir!Oňa şeýle hem garamaly.Ýöne ony hünär edinjek bolýan bolsaň,onda oňa düýbünden başgaça garamaly”diýipdi. Şulary aňynda aýlan Altymyrat woleýbol oýnaýan oglanlaryň ýanyna bardy.Ony,uly şowhun bilen öz hatarlaryna goşdular.Bir sagatlap oýnady,özem erbedem oýnamady.Ony tanaýan-u-tanamaýan oglanlar:”Woleýboly gowy oýnaýar ekeniň!Sen biziň toparymyza türgenleşige gel!”diýip,ony şowhun bilen ugratdylar.Ol,Teke bazarynda garnyny doýryp,ýene giden ýerine gaýdyp geldi.Bu gezek woleýbola barman,200,300 metr aralyga ylgaýanlara goşuldy.Ep-esli wagtdan soň oňa:”Örän tutunýerli oglan ekeniň welin,senden ýeňil atletikaçy çykmaz”diýdiler.

Altymyrat ylgow ýodajyklarynyň ýanynda,aýratyn meýdança-da basketbol oýnaýanlaryň hataryna goşuldy.Bu oýunyň beýleki oýunlardan tapawudy-eliňe pökgi düşdügi,ony aldyrman,ýoldaşlaryň bilen sazlaşykly oýnap,garşydaşyň toruna salmakdy.Munda woleýbolyňky ýaly tory goraýan derwezeçi ýokdy,ýöne, käte jedelli pursatlar döreýärdi.Garşydaşlaryň biri oýnuň kadasyny bozup,pökgini eýelese,bekewül oýny saklap,jedelli pökgini orta oklaýardy.Pökgini kim öňürti eýelese şol hem ony alyp gitmelidi...Hut şu günem Altymyrat bilen şeýle jedelli ýagdaý döredi.Garşydaşy onuň elinden gaňryp diýen ýaly pökgini aldy.Bekewül oýny saklap,jedelli pökgini orta taşlady.Ony garşydaşy aldy.Altymyrat, mundan öň edişi ýaly,”pökgini alsaňam-a alansyň welin,senem-ä oýnamarsyň”diýýän ýaly,garşydaşynyň elindäki pökgisini zyňmaga ýol bermän,garsa gujaklady-da,göterdi duruberdi.Ýogsam,onuň agramy segsen kilograma barabar bardy.Birdenem, daýysy Berdi Göküniň:”Ýegen,garşydaşyňy beýdip göterip durmak,oýnuň düzgüninde ýok!Bilýän,sen pökgini alyp bilmedigiňe namys edýänsiň!?Aljak bolsaň,oýunda gowy çorba sowatmaly,öz üstüňde işläp,irginsiz türgenleşik geçmeli”diýeni ýadyna düşüp,edýän işine özi utanyp,garşydaşyny goýberdi,soňam:”Aý,bi bir ýönekeý oýun-laý!Gowusy men woleýbola baraýyn!” diýip,gaňrylan aýagynda çala agsaklap,ýenede,çagalykdan gowy görýän oýnuna bardy.Dogrudanam,woleýbol onuň ünsüni özüne çekdi,ştangadan soň oňa gatnady.Garşydaşa tarap batly urýana pökgini pessejik alyp bermekde,garşydaşyna päsgelçilik döretmekde esasy oýunçylaryň hataryna goşulyp başlady.Ol bu güýmenjesine has-da gyzygyp,tasdanam ştangany ýadyndan çykarypdy,Abramýanyň ondan habary bardy.

Sportçylar,öz elleri,Abramýanyň aladasy bilen dikelden öňki ýyladyş ulgamynyň jaýynda türgenleşik geçýärdiler.Güýzüň salkyn howasy jaýyň açyk äpişgelerinden girip,göwnüňi göterýärdi.Oleg Komlew,Mihail Şuwalow we beýleki oglanlar tälimçiniň gözegçiliginde irginsiz türgenleşik geçýärdiler.Olaryň bir günde göterýän agramlary onlarça tona ýetýärdi.Olaryň arasynda Altymyradyň özüni alyp barşy düşnüksizdi.Abramýan alty aý goşun gullugynda bolup gelen Altymyradyň beýlekiler ýaly türgenleşik geçip,goýberilen pursatlaryň yzyndan ýetmeginiň aladasynda-dy,has dogrusy,Komlew,Şuwalow ýaly,ştangany irginsiz götermegini,şeýdip,göterýän agramyny gündelik artdyrmagyny isleýärdi.Altymyrat ilkinji günler ştangany 5-6 gezek göterenem bolsa,indi woleýbol oýnaýanlaryň ýanynda köp bolýardy,ýa

ylgaýardy,bolmanda ymaratyň öňündäki oturgyçda sagatlap oturýardy.Bu bolsa Abramýanyň keýpini bozýardy,onda:”Belki ol gulluk döwründe ştangadan daşlaşyp,woleýbola ýakynlaşandyr,belki sporty taşlamakçy bolýandyr?Ony diýseňem,käte bir türgenleşik döwründe,onuň göterýäni kiçi-girim däl ahyryn.Ony öňdäki ýaryşda synap görmeli,gowy netijeleri gazanmasa hoşlaşmaly”diýen pikir peýda boldy.Birdenem ýadyna Wasiliý Alekseýew düşdi.Ol uly ýaryşlaryň öňünden türgenleşik geçjek bolup azara galmaýardy,gaýtam,seýil baga gezelenje gelen ýaly,arassa howadan dem alýardy,arkaýyn iýip-içýärdi,käte şaşlygyň ençeme bölegini iýýärdi,yzyndanam uklaýardy.Şonda-da ol 1969-nji ýylda Kiýewde geçirilen dünýä ýaryşynda 530 kilogram göterip,Mehikoda geçirilen Olimpiadanyň kümüş medalynyň eýesi,belgiýaly Serj Rednigden üstün çykypdy.Belki,Altymyrat hem Alekseýewiň şeýle ştanga göteriş usulyny ulanýandyr?Eger şeýle bolsa,onda ony aýdaýmaly.Emma sesini hem çykaranok,bor,ýa ýok diýenok.Onsoň näme diýjegiňi hem bilip bolanok.Şonda-da ol Altymyradyň bu bolşuny halamaýanlygyny duýdurman oturyp bilmedi.

-Özüň ýalylar,gündelik türgenleşigi artdyryp,ýokary netijeleri gazanýarlar,meselem, Şuwalow öňküsinden 50 kilogram,Komlew 65 kilogram artyk götermegi başarýar, seniň bolsa netijeleriň belli däl.

-Men Şuwalowyň itekläp göterýänini birden götererin!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Sen muny çynyň bilen aýdýarmyň?Oýun edýän-ä dälsiň?-diýip,Abramýan sorady.

–Men aýdýan sözümde durýandyryn-diýip,Altymyrat ynamly jogap berdi. Şol wagt onuň ýanyndaky oglanlar gülüşdiler,köpüsi ol oýun edýändir öýütdiler,kimdir biri:”Öwünjeň-laýt!”hem diýdi.Şeýle gürrüňlerden soň Abramýan ony bu ýaryşdan galdyrmagyň pikirini hem etdi,emma onuň agramynda başga çykyş edip biljek bolmansoň,islese-islemese ýaryşa goýbermeli boldy.

Haçan-da Abramýan oňa:”Ýaşlaryň arasynda ştanga boýunça geçirilýän Bütinsoýuz ýaryşyna gatnaşmaly!”diýende,Altymyrat birhili geň galjagam bolupdy.Beýle ýaryş nire,Altymyrat nire..

Hawa, Altymyrat ýap-ýaňy hem Garrygalada,serhet ýakasynda,samboçy Gurban Annaoraz bilen goşun gullugynda,Watan öňündäki borjuny ýerine ýetirýärdi.Tomusda,ony goşun gullugyna alypdylar.Ýöne,ondan öňürti,Abramýan, awgust aýynyň başlarynda Altymyrady bedenterbiýe institudynyň gapysyna alyp gelipdi.Ol ekzemenlerini tabşyran hem bolsa,institudyň dosenti Ýakup Şirinow:”Seniň munyňdan hiç zat çykmaz”diýip,ynamsyzlyk edip,ony instituda almajak bolupdy,emma Abramýanyň ýalbarmasynyň öňünde durup bilmän almaly boldy.Onuň türkmen sportçysyna ynamsyzlyk edýänligini göreniňde,SSSR-iň ýygyndy komandasynyň türgenleriniň türkmen ştangaäçylaryna ynamsyz garaýandyklaryna geň galyp oturmaly hem däldi.”Olardan zat çykmaz” diýip,türkmenleri möhüm ýaryşlardan galdyryp geldiler.Mysal üçin Lebaply Esger Ramazanow SSSR-iň çempionatynda bir näçe gezek ýeňiji bolan hem bolsa,bir gezek hem ýaşlar ýygyndy komandasyna çagyrmadylar,Aşgabatly Dmitriý Poltaran Soýuz ýaryşynda altyn medala mynasyp bolan hem bolsa,ony hem görmedik boldular,ýogsam ol dünýä çempiony,Ýewropanyň, Olimpiýa oýunlarynyň hem çempiony Militosýandan üstün çykypdy.Şeýle mysallary näçe görkezseň görkezip oturmaly.Ynamsyzlyk etmek gaty erbet zat...

Geliň indi başky gürrüňimize dolanalyň.Altymyrat gullukda,bäş aýlap, ştanga diýen zady görmändi.Nädip görsün!Üç aýlap uýgunlaşmada-karantinde boldy,soň Garrygalanyň serhetýaka nokatlarynyň birinde Gurban bilen gulluga durdy.Gurban

gulluga alynmanka sambo boýunça ýaşlaryp arasynda geçirilen ýaryşyň çempiony bolupdy.Şol sebäpli özlerini gaty arkaýyn duýýardylar,ýaş esger diýip azar berjek bolýanam ýokdy.Dagyň hoştap howasy,şildiräp akýan çeşmejik göwnüňi göterýärdi,köp sanly jülgelerde hoz,alma,armyt agaçlary agdyklyk edýärdi.Serhet ýakasy bilen aýlanýan esgerler,olaryň içinde Gurban hem bar- kiselerini dolduryp hoz,alma,armyt getirýärdiler,üýşübem ýýýärdiler.Gullukda,gün yzyna gün geçýärdi,hemmesem bir meňzeş günlerdi.Eli gijäp dursa-da, türgenleşik geçer ýaly Altymyratda ştanga ýokdy,ýöne, iki sany suwly çelegiň tutawajyndan taýak geçirip,özi üçin üýtgeşik bir ştanga ýasanypdy.

Bir gün, hatarda duran esgerleriň üst-başlaryny synlap gelýän komandir Altymyradyň öňünde saklanan-da, ol,”Suwly çelekleri zaýalaýarsyň”diýip,özüne käýýäjäkdir öýütdi.Emme ol:

-Esger Orazdurdyýew!Eşik geýişiň kada gabat gelenok!Häziriň özünde ony düzet,penjegiň iň ýokarky iligini ildir!-diýdi.

–Bolýar,ýoldaş komandir! Ýöne, rugsat etseňiz size ýüzlenmekçi bolýaryn.Siziň egin-eşigiňiz hem şol kada gabat gelenok!-diýip,Altymyrat ýylgyryp jogap berdi.

–Asyl şeýlemi?-diýip,komandir penjeginiň iliklerini ildirdi,sallanyp duran kemerini dakyndy-Dogrudanam,aý...Sen bagyşla,esger,men saňa şu bellikleriň üçin iki günläp otagyň içini ýuwdurardym welin,häzir oň ýeri däl.Sen ştanga göterýärmidiň,esger?

-Edil özi,ýoldaş komandir,göterýärdim.

–Sen asyl ýörüte sport mekdebinde hem,ştanga ugry boýunça okapsyň-a?

-Hawa,okapdym,ýöne gynansamam,gullukda beýle mümkünçilik bolmady.Men şoňa gynanýaryn.

–Indi şol mümkünçilik beriler,gynanyp oturma!.Seni gyssagly Aşgabada ugratmaly diýip,ýokardan,hut Moskwadan buýruk geldi.Häzir Gyzylarwatda,otla mündürip goýbererler,göni “Dinama” sport jemgiýetine bararsyň!

-Bolýar,ýoldaş komandir!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Men seniň bu ýaryşda uly üstünlikler gazanjagyňy bilýärin!Gujurly gollaryň ony aýdyp dur!-diýip,Altymyradyň özünden sähelçe ulyrak ýaş komandir ony hormat bilen ugratdy.

Ine, şeýdip ol Aşgabada geldi.Oňa ýene kyrk günden ýaşlaryň arasynda geçiriljek Bütinsoýuz ýaryşa taýýarlyk görmelidigini duýdurdylar.Türgenleşigiň ilkinji pursatlary aňsat düşmedi.Ýedi aýa ýakyn döwrüň içinde eline ştanga alyp görmändi,türgenleşik geçmändi,indem gyssagly ýagdaýda öňki endiklerini ornaşdyryp,türgenleşige başlamalydy.Ilki “Dinamo” sport jemgiýetinde,soň “Pöwrüze-de” türgenleşige başlamagy şol aýdylýan ýaryşyň geçiriljekliginiň alamatydy.Şol ýerde dynç alyp ýören adamlaram,Altymyradyň täzeje sport egin-eşikli türgenleşik geçip ýörşüni,boýunlaryny sündürip seredýärdiler,orta boýly,dolmuşa ýakyn göwreli,şar gara saçly, görmegeý oglanyň gelejekki Soýuzyň çempiony boljagyny bilmeýärdiler,”Aý, ýöne bir dynç alyp ýörkä, wagtyny geçirýän güýmenjesidir” öýdýärdiler.Altymyrat hem özüniň bu ýaryşa gatnaşmaly boljaklygyny heniz anyk bilmeýärdi.Ol tälimçä bagly zatdy.Ştanga gatnaşýan ýaşlaryň sany azlyk edenokdy,oňa kimiň bijesiniň düşjegi näbellidi.Onsoňam,Altymyrat nire,Soýuzyň ýaryşyna gatnaşmak nire!Şol sebäpli bolsa gerek,haçanda oňa:”Sen ýaryşda,Türkmenistanyň ýygyndy komandasynyň hatarynda çykyş etmeli”diýenlerinde, ol ynanjagyny hem bilmedi,ynanmajagyny hem...

Dogrudanam, Aşgabat sirkiniň jaýynda şeýle ýaryş gurnalypdy.Altymyrat ol ýere baranynda,onlarça tomaşaçy meýdançada gezim edýärdi.Kimdir biri:”O-how,bu ýaryşyň

geçirilýänligini ýaňy eşidip,ylgap gaýtdym,öňünden tomaşaçyny habardar etseler janköýerleriň sany gaty köp bolmaly ahyryn!" diýse,beýlekisi:"Biz sport ýaryşlaryny mahabatlandyryp bilemzok"diýýärdi.Dogrusy,soňky aýdylanyň jany bardy.Muny,Altymyrada gabat gelen,Türkmen Döwlet uniwresitetiniň bedenterbiýe bölüminiň bir jogapkär işgäri hem tassyklady,ol:"Men sport ugrundan çorba sowadan mugallym bolsamam,sirkde beýle ýaryşyň geçirilýänini tötänlikde eşitdim.Şäherde bildirişler ýok,radio,teleýaýlym habar berenok"diýdi.

Altymyrat sirkiň gapysynyň agzynda,Türkmenistanyň sport ussatlary Kustodowyň,L.Koşaýewiň,Gurban Mätiýewiň,Gennadiý Kiwgazowyň suratlaryny görüp,diýseň begendi.Bulary kimdir, janköýeriň biri asan bolmalydy.Latyfulla Koşaýew 1934-nji ýylda Helsinkide geçirilen halkara sport ýaryşynda ajaýyp ýeňiş gazanypdy,ýagny, ştangany birden ýokary götermekde 124 kg netije gazanyp,dünýäniň rekordyny täzeläpdi.Orta agramda çykyş eden şol ildeşimiziň rekordy 24 ýyldan soň täzelendi.Koşaýew soň şular ýaly sirkde çykyş edip,ussatlygyny subut edipdi,Türkmenistana aýlanyp,täsin oýunlaryny görkezipdi.Ol sag we çep tarapda duran dört sany düýeden gaýdýan ýüpleri golundan geçirip,saýgylanyp kowulýan düýeleri butnaman saklap bilýärdi,mähnet derwezä meňzeş ullakan tagtany döşünde goýup,ýatan ýerinde, üstünden ýeňil maşyn geçirýärdi.Onuň ýerine ýetirýän howply oýunlaryny sanap çykmak mümkin däldi.

Gennadiý Kiwgazow bolsa Altymyradyň ildeşidi,Sakarçägelidi.1980-nji ýyllarda Kiwgazow,Berdi Göki bilen bilelikde welosiped ýaryşy boýunça diňe bir Türkmenistanda däl,SSSR-de hem öňdäki orunlary eýeläpdi.Aşgabatly Nurgeldiýew mydama onuň bilen ýaryşardy,ýöne Gennadiniň tutanýerliligi,erjelligi,ýadamazaklygy rüstem gelerdi.Şol döwürler ondan görelde alyp,welosiped sportyna ýazylan ýaşlaryň sany gaty köpelipdi,hasam beter onuň aýal dogany Alla Kiwgazowa erjellik görkezip,welaýat ýaryşlarynda iň gowy netijeleri gazandy.Soňky ýyllar Gennadiý Kiwgazow,özüne mümkünçilik döredilmänligi sebäpli orsýete gidip, yzyna dolanmady.Alla Kiwgazowa bolsa dogduk mekanynda galyp,welosipediniň üstünden düşmän ilata gazet-jurnal paýlap geldi,özem ene-atasynyň Sakarçägedäki mülkünde ýaşaýar. Ýaşynyň bir çene baranlygyna garamazdan Alla daýza ýaryşlarda köpleri yza galdyrýar...Bu gürrüňleri oňa Tirkiş kakasy aýdyp beripdi.

Hawa,Altymyrat,sirkiň kiçeňräjik bir otagynda ahyrky taýýarlyk ýagdaýynda durdy.Onçakly bir tolgunmasa-da,garaz,özüni oňaýsyz duýýardy,şol sebäplem ýaryşyň gidişine syn edesi gelmeýärdi.Agasy Orazberdi,adatça edişi ýaly, ýuwaşlyk bilen geldi-de:"Inim, hany,bir göz görkez!Medwediň zähresi ýarylar ýaly et!Şu ýaryşda gowy netije gazansaň,öser gidersiň.Sebäbi , Soýuzyň sport boýunça esasy ýolbaşçylary Aşgabada geldiler.Gaýrat et,inim!"diýip,onuň göwnüni göterdi.Ol başyny atdy-da,oturan ýerinde irkildi.Orazberdi gelip turuzmadyk bolsa adynyň çykýanlygyny hem biljek däldi.Bu ýaryşda ol,75 kilogram agramda çykyş edip,ştanga götermegiň iki görnüşi boýunça 322 kilogram göterip Soýuzyň çempiony boldy.Onuň ildeşi,ýakyn dosty Oleg Komlew 82 kilogram agramda çykyş edip,Şuwalow 56 kilogram agramda çykyş edip,öz agramlary boýunça Soýuzyň çempionlary boldular.Ýogsam, bu ýaryşa,15 respublikadan jemi 90 golaý sportsmen gatnaşýardy,dürli agramda çykyş edýän toparlarda 10-12 golaý sportsmen bardy.Şolaryň içinden öňe saýlanmak-bu heniz Türkmenistanda görülen zat däldi.Bütinsoýuz ýaryşda Türkmenistandan bir wagtda üç çempion!Özlerem,ömürlerinde ilkinji ajaýyp üstünlige eýe bolanlar!.

Dogrudanam, bu uly,ajaýyp üstünlik. Ýaryşyň guramaçysy, SSSR-iň agyr atletika boýunça federassiýasynyň jogapkär işgäri, halkara hukukly bekewül K.Artemýew ýaryşdan soň:”Ýaryş gowy geçdi,arman, tomaşaçy az boldy.Men muňa gaty geň galdym. Ajaýyp üstünlik gazanan Oleg Komlewiň, Altymyrat Orazdurdyýewiň,Şuwalowyň ýeňişlerini habarçylar dünýä jar etdiler, emma Aşgabadyň ýaşaýjylary ondan habarsyz. Bu nähili beýle bolýar? Bu geçirimsiz ýagdaý ahyryn!”diýdi.

SSSR-iň baş tälimçisi Alekseý Medwedow bolsa:”Bolgariýada, oglanlar 9 ýaşyny dolduranda agyr atletika alýarlar.Görýän welin,siziň hem ýetginjekleriňiz olardan kem oturmaýan ýaly.Siziň içiňizde 13-14 ýaşlarynda ussat bolanlary bar.Munda öňe gidişlik aç-açan duýulýar.Mihail Şuwalow,Oleg Komlew,Altymyrat Orazdurdyýew ýaly ussatlar ýakyn ýyllarda uly sport ýaryşlarynda çykyş eder diýen umudym bar.Altymyradyň ştanga galdyryşy hiç kimiňkä meňzänok,göwnüme bolmasa,dünýä arenasynda uly at-abraýa eýe bolan,Olimpiýa çempiony,dünýäniň rekordyny 43 gezek täzelän,7 gezek dünýä çempiony Ýuriý Wardanýan gaýdyp gelen ýaly boldym.Altymyradyň fiziki sagdynlygy bilen ruhy sagdynlygy gabat gelse,güýçli ştangaçy bolup ýetişer diýen tamam bar”diýdi.Tälimçi Abramýan bolsa Altymyrada:”Güýçli bolasyň gelýän bolsa diňe ştanga üns ber!Woleýbol –oýun!Esasy türgenleşigiňden boş wagtyň oýnaber,ony gowy görýän bolsaň!”diýip,maslahat berdi.

Altymyradyň çempion bolmagy,adamlara, bulutsyz howada,gündüziň güni, güýçli gök gübürdändenem ýokary täsir etdi.Heniz ol oglany tanaýan ýokdy,adyny eşitmeýärdiler.Birdenem öňe çykyp;”Ine,men!”diýip,özüni görkezdi oturyberdi.Dürli ýurtlardan gelen jurnalistler Altymyradyň daşyna ýygnandylar.

–Sen bu ýeňişiňi kime bagş edýärsiň?

-Ilkinji ýeňişimi,haçan geler diýip,gözüni ýola dikip oturan mähribanyma-ejem jana bagyşlaýaryn!

-Belki sen adyňy dünýä ýaýmak maksady bilen çempion bolýansyň?

-Çempionlyk-adamynyň tehniki we psihiki mümkünçiliginiň belli bir ugra gönükdirilmegi,tutýan maksady,edýän arzuwy netijesinde döreýär,ýöne onuň çägi ýokdur,ada-şöhrada hem hiç hili dahyly ýokdur-Hakykatdanam,oňa “Sen näme üçin çempion bolmak isleýärsiň”diýen soragy berýänler kändi.Ýöne,ony soraýanlaryň özleri oňa düşünmeýän bolsalar,onda aýdara-diýere zat galmaýardy.Oňa asla düşünip hem bolmaýardy,ol edil gözýetim ýaly, ýakynlaşdygyňça senden daşlaşyp barýandyr.Onuň her bir ýeňişiniň teýni, çagalykda oýanýan maksatlaryndan,arzurlaryndan gözlemelidi,ol bolsa ýedi gat ýeriň astyndaky syr bolmagynda galýandyr. Şonuň üçin bu soragy berýänler onuň jogabyny ilki özlerinden gözlemelidi.

–Sportçylara gün-güzeranyny zordan aýlarlyk aýlyk berýärler.Sen haýsy serişdäniň hasabyna ýaşamak isleýärsiň?

-Bilmedim.Ýöne meni meseläniň harajat tarapy däl-de,azat hereket tarapy gyzyklandyrýar.Muny diýsemem,bir gezek obamyzda mugt kino görkeziljek diýen habary eşidip ylganymy,hatda ylgamakda obada taýy bolmadyk saryýagyzja gyzyň yzyma eýerip bilmän ‘Maňa garaş”diýip gygyrýanyny bilýän.

–Diýmek,durmuşda harajat hem gerek ekeni,mugt bolanda beýle ylgaýan bolsaň?

-Men muny size düşündirip bilemok.

–Ýurdyňyzda azatlyk ýokmy?

-Bar.

–Material tarapy gyzyklandyrmaýan bolsa onda agyr daşy göterip,janyňy howp astynda goýmagyň manysyna düşünemok!

-Şoň-a menem düşünemok.

–Ýene-da ýaryşlara çykmakçy-my?

- Hawa,sebäbi men bu oýna gaty gyzykýaryn.Adam özüniň nämä ukuplydygyna gözüni ýetirýänçä, kalbyna ýakyn güýmenjesini saýlaýar.Şonsuz durmuşynyň gadryny bilenok.

–Siz Altymyrat barada näme aýdarsyňyz?-diýip,jurnalistiň biri Abramýana ýüzlendi.

–Goşun gullugynda bolýanlygy sebäpli,alty aýdan soň,hiç hili türgenleşik geçmezden,öňki göterýän agramynyň üstüne ep-esli agramy artdyryp göterýän adamy sylamazlyk mümkin däl.Bular ýaly üstünlige gaplaň ýürekli bolmak gerek!Gören bolsaňyz,Altymyrat agyrlykdan birjikde çekinmeýär.Bu ýakyn gelejekde biziň ençeme dünýä rekordlarynyň täzelenmeginiň şaýady boljagymyzyň subutnamasydyr.Ol türkmen sportynyň dünýä çykmagynyň gözbaşyny başlar...

Şol wagt Altymyrady telefona çagyrdylar.

–Balam jan,saglygyň nähili?Aýagyň gowy boldumy?Gullukdan boşatdylarmy ýa gaçyp gaýtdyňmy?-diýip,telefonda ejesiniň galagoply çesi eşidildi.

–Eje jan,salowmaleýkim!Gullukdan wagtlaýyn boşatdylar,ýaşlaryň arasynda geçirilýän ýaryşa gatnaşmaly boldum.Men onuň ýeňijisi.

–Balam jan,çynyňmy?

-Eje jan,dogrymy aýdýaryn.

–Allajan ejeň dilegini kabul edipdir,Dawud pygamber iki eli bilen goldapdyr.Sag bol,jan balam,ejeňi gaty begendirdiň.Tälimçiňe,ermeni ýigidine,tüýs ýürekden minnetdarlygymy ýetir.

–Bolýar,eje jan.Bu habary radio-dan eşitdiňizmi?

-Sygyrlar maňa zat diňlemäge maý berenoklar,ýöne süňňüm syzdy-da,Tirkiş kakaň kömegi bilen jaň edäýdim,çyrçyklansyň öýütdim-de,tolgundym,Indem,gowy habar eşitdim.Allajan,onuň höwri köp bolsun!Balam,ata-baba aýtgy bar,”ene süýdünden ganan çaga iglemez,çyrçyklamaz,çyrçyklaýsa-da uzaga gitmez,süňňi-synasy,üşügi,zehini hyjuwy gowy öser,oýlanmak duýgusy,bir işe başlasa tutanýerliligi,ýakynlaryna mähremliligi artar”diýilýär.Sen-de bularyň bary jemlenendir,jan balam!

-Eje jan,ikimiz bir göwre bolup,adymyzy dünýä ýaýarys,türkmeniň kimligini tanadarys.Sen meni goldasaň bolýar.

-Balam,her namazda dileg edip goldaýandyryn!Häzirjek bolgun!Bir ýeriňi agyrdaýmagyn!Dyzyň gowy boldumy?

-Eje jan,dyzyma zat bolanog-a!

-Ejeňe ýalan sözlemegin,balam!

-Hä,dyzym gowy boldy,eje jan!-diýip,Altymyrat basketbol oýnanda aýagynyň agyrsynyň ejesine baryp ýetişine geň galyp jogap berdi.Ene oglunyň her bir herekedini syzýan,duýýan bolmalydy-Eje jan,sag bol,aýal doganlaryma salamymy ýetir.Men gyssanýan,işim bar!Sag bol!-diýip,ol telefony ýerinde goýdy.

Jurnalistler Abramýandan,Komlewden,Şuwalowdan sorag-jogap alyp,ýüzlerini ýene-de Altymyrada tarap öwürenlerinde,ol:”Bagyşlaň!Gyssagly işim çykdy!”diýdi-de,daşyna üýşen dost-ýarlary bilen daşary çykdy.Şol çykyşyna-da, dynç almaga Pöwrüze jülgesine gitdi.Onuň ýanynda Oleg,Mihail,ýaryşy görmäge gelen obadaşlary we agasy Orazberdi bardy.

–Oleg,dost jan,seni,Mihail seni hem,umuman, ors ýigitlerini men gaty gowy görýän-dä!-diýip,Altymyrat Olegiň boýnundan gujaklady.

–Türkmen dilini türkmenlerden gowy bilýänim üçinmi? –diýip,Oleg sorady.
-Hawa,oň üçinem bolsa bardyr welin...Dost jan,birinjiden,sen gaty adyl,dogruçyl,hemmelere deň göz bilen seredýärsiň,ikinjiden,sada,çaga ýaly ynanjaň,içi güjükli däl,üçünjiden Aşgabada,Pöwrüz-ä bäş barmagyň ýaly "belet"!Özüň öňe düşüp,naharlaýmasaň,biz hiç ýerini tapýan däldiris!

-Belet diýen bolup, Kosmosda kino görjek bolup,azaşyşymyzy ýatlaýansyň?Sen indi ähli ýere mendenem belet bolduň.Ýöne,naharlamaly bolsa,onuň gürrüňi bolmaz!Kakam,Anatoliý Wasilýewiç Komlew şu ýerde,içeri işler ministrliginiň sagaldyş öýünde dynç alýar.Ol eýýäm biz üçin stol taýýarlap goýandyr.Ýörüň baralyň!

-Ýok,dost jan,men oýun etdim!-diýip,Altymyrat boýun towlajak boldy.Onda-da oglanlar ony Pöwrüze jülgesine giren ýeriňde ýerleşýän içeri işler ministrliginiň dynç alyş öýüne alyp bardylar.Ol ýerde Anatoliý Wasilýewiç ogluna garaşyp duran ekeni.

Uzyn boýly,arrykdan inçe göwresine ýeňillik bilen erk edýän Anatoliý Sakarçäge etrap ýol gözegçilik bölüminde işleýärdi.Ol türkmen dilini,däp-dessuryny,girim-çykymyny suw içen ýaly bilensoň,orsdyram öýdmeýärdiler,ýöne Tolik daýy diýip ýüzlenäýýärdiler.Etrap magarif guramasynda sürüji bolup işleýän inisi Kolýa bilen oňa türkmenleşip giden orslar diýýärdiler.Aslynda,olara ors diýmäge diliň hem baranokdy.Olaryň kakalary Wasiliý Komlew 1920-nji ýyllaryň başlarynda Sank-Peterburgdan Türkmenistana,Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabyna hünär öwretmek üçin iberilipdi.Ol güýçli körükçidi,ähli zatdan başy çykýan hertaraplaýyn ussady.Iki ogly,üç gyzy hut Sakarçägä geleninden soň dünýä inipdi.Ony ýokary wezipelere çagyrypdylar,emma göwnemändi.Ogullaryna kiçigöwünliligi,sadalygy,adyllygy öwredipdi.Agasy orta boýly bolsa-da,Anatoliý kakasy ýaly uzyn boýly,alçak,sahy adamdy.

–Men sizi oglum Olegiň çempion bolmagynyň dabaraly baýramçylygyna çagyrýaryn!Bu diňe meniň däl,Türkmenistanyň içeri işler Ministrliginiň işgärleriniň we Siziň hem baýramçylygňyz."Dinamo" sport kluby bize degişli,sizem onuň agzalary.Ynha,siz üçin ýörüte taýýarlanyp goýlan stola geçibermeli!-diýip,ol oglanlary güler ýüz bilen garşylady.

El-ýüzi ýuwmaly bolanda,nahar iýmeli bolanda Döwlet joňk iliň öňünde-di,Artyk öýkelek mürehäde garaşýardy,oňa,jaýa gir,çyk,tur,otur diýip durmalydy,diýmeseň durandyr aňkaryp,Aman jyk-jygyň bolsa şol bir bolşy,elini ýuwmaly bolsa-da,naharhana girmeli bolsa-da, ilki gapydan jyklaman girmez.Gyzamykdan galan endik,aýrylyp gitmez ekeni.Olaryň bary Orazberdi bien stoluň bir tarapyna,Altymyrat bilen ataly ogul we Mihail bolsa beýleki tarapyna çökdüler.

Anatoliý içgini gowy görýärdi.Derrew keýpi göterildi.

–Oglum ejesine çekipdir,onuň 82 kilogram agramy bar,men bolsa 67 kilogram.Maňa çeken bolsa çempion bolmazdy.Şeýle dälmi?

-Aý,ýok,türgenleşseň gazanylmajak menziliň bolmaz-diýip,Orazberdi özüne berilen soraga jogap berdi.

–Näçe çagaň bar?

-Üç oglum bar..

–Oglanlaryň atlaryny bilýärmiň?

-Atlaryny...diýip,Orazberdi sakyndy.Häzir dogrudanam çagalarynyň atlary onuň ýadyna düşmeýärdi.

–Meniň bir goňşym bar.Dört aýal alyp,hersindenem bir,iki çagasy bar.Käte köpçülikde:"Hudaýa şükür,bäş oglum bar.Nesip bolsa,ulalsalar kakalaryny

idärler”diýip,öz-özünden hoşal bolup,loh-loh gülýär,çagalarynyň atlaryny hem bilenok.Wah,şu wagt öz eliňde terbiýelän çagaň seni tanaýarmy,beýle gyýşyk terbiýe alanlar seni tanar ýaly...

–Tolik aga, sen ýol gözegçilik gullugynda işläýdiňmi?-diýip,Orazberdi sorady.

–Hawa, Ata pyýan lakamly Ata Meret bilen işläpdim.Baý,sögüner-dä,,”ýolda düzgün bozmalara gözüňi ýumýaň” diýip.Göz ýumman nädeýin,barysy tanyş adamlar.Men-de şeýle bir häsiýet bar,ony saňa nädip düşündirsem-käm?Ony gündogoryň bir akyldarynyň goşgusy bilen düşündirjek bolaýyn:

Goý,daglar gaty bir beýik hem,gaty bir pes hem bolmasyn,
Goý,adamlar gaty bir ägirt hem,gaty bir nadan hem bolmasyn,
Goý,baýlyk gaty bir agtyk hem,gaty bir ýetmezem bolmasyn,
Goý,toprak adatdan daşary tekiz,adatdan daşary dag-dere bolmasyn,
Goý,bagt adatdan daşary çogup,adatdan daşary egsik bolmasyn,
Çoý,şular ýaly deňlikde, adamzat,janly-jandar parahat,bagtly ýaşasyn!

Ine,men durmuşda şulardan ugr alýaryn...Indi bir çagalaryň ady ýadyňa düşdümi?

-Düşdi.Ulujamyň ady Nazar,Merdan we Mergen...

–Haý,berekella!-diýip,Tolik daýy çakyşdyrmak üçin bulguryny Orazberdä uzatdy.Orazberdi içen bolan bolýady,emma içmeýärdi.Umumanam,olaryň maşgalasynda arak içip ýörenem ýokdy.Olam tohum yzarlaýan bolmalydy.

Hawa,olar bu gün giçlige çenli hezil edip oturdylar...

Şu oturlyşykdan iki aý soň Anatoliý Wasilýewiç ýol hadysasy zerarly wepat boldy.Ýola gözegçi bolsa-da,özüni ýol hadysasyndan gorap bilmedi,görgüli... Ilkinji ýeňşi,öz-özüni we öz ýetmezini ýeňip geçmek üçin Altymyradyň ştanga ymykly gaýdyp gelmegine sebäp boldy.Ol ýeňil oýun gözläpdi,emma agyr atletikany saýlap almaly bolupdy...

## Pälwan geldi,oba

--1--

Her bir ýaryşda,göreşde,umuman durmuşda öňde bolmak meselesi Adam Ata, How eneden bäri dowam edýän bolmaly.Adam Ata äpet daşlary ýarag hökmünde,öý ýasanmak üçin ulanyp başlan döwürlerinden bäri,olam bar.Öňde bolmak,birinjilige eýe bolmak baradaky jedeller giň köpçüligi perwaýsyz goýmaýar.Munda milli buýsanç,milli mertebe ýatyr.Altymyradyň Aşgabat ýaryşynda gazanan ýeňişi şeýle buýsanjyň has-da joşmagyna,gaýnamagyna getirdi.Nirä barsaň Altymyradyň gürrüňini edýärdiler.Biri Komlewiň çempion bolandygyny,Altymyradyň ikinji ýeri alanlygyny tekrarlasa, başga biri Şuwalowy hem goşup,üçüsiniň hem hersiniň öz agramynda çempion bolandygyny guwanç bilen belleýärdi,Türkmenlerde beýle üstünlik öň görülen zat däl diýýärdiler.Altymyrat üçin-ä, kimiň çempion bolanlygynyň tapawudy ýok-da,üç çempionyň Türkmenistanly bolmagy wajypdy.Onuň üçin at möhüm däl-de,öňde goýan maksadyna ýetmegi möhümdi.Dogry,milli buýsanç hem gerekdir,ýöne Altymyrat üçin öz-özüni ýeňip bilmegi gerekdi...

On günlük rugsatdan soň ol Garrygala,goşun gullugyna gaýdyp barmalydy.Agasy Orazberdiniň maslahaty boýunça bäş-alty gün Pöwrüzede dynç alyp,soň oba,ejesini görüp gaýtjakdy.Oňat, Oleg Komlew hem onuň bilen bile dynç almaga razylyk beripdi. Ýaşynyň birneme uluraklygyna garamazdan,Oleg Altymyrady gowy görýärdi,onuň bir iş etjek bolanda irmezek-armazaklygy hoşuna gelýärdi.”Onda adam üçin gerek gowy häsiýetleriň hemmesi bar,ýöne ol oňa azlyk edýär.Ol jogabyny tapyp bolmaýan sorag

belgisi.Onuň tükeniksiz tutanýerliligi,päsgelçilikleri ýeňip geçmekdäki erkliligi hiç zat bilen deňär ýaly däl,daşyndan seredeniňde parahat görünse-de,gaty galjaň.Ol maňa:”Sen güýçli,ýöne tutanýerliligiň ýeterlik däl”diýýär.Dogry,men onuň ýaly nirädir bir ýere gyssanýanyň keşbinde bolmasamam,öňümde goýan maksadyma ýetmek üçin ymtylýaryn.Belki ymtylyş onuňky ýaly güýçli däldir.Ýerimden aňsatlyk bilen turup,etmeli işlerimi galjaň edýärin,ýöne,Altymyrat ýaly,sagatlap,hiç bir çöpüň başyny galdyrman ýatýanlardan däl.Käte ol bir wagtda bir näçe zada güýmenip bilýär,şonuň bilen birlikde gazetlerden,radio-telegörnüşden gerekli maglumatlary alýar,men ony edip bilemok.Käte ol bolgusyz sebäpler üçinem gatyrganýar,hat-da sögünýärem,yz ýany bilenem şeýle bir mylaýym welin,haýran galýarsyň.Ol özünde şeýle häsiýetleriň köpüsini jemleýär welin,olaryň haýsysyny bijebaş etjegiňi biler ýaly däl...”

Oleg,jülgäniň içinden akyp geçýän çeşmejigiň sakasyny görkezeýin diýip,Altymyrady ýodajyk bilen ýokary,daga alyp barýarka, kellesinde şu pikirleri aýlady,hat-da Altymyradyň:”O-how,Kosmosda kino görüşimiz ýaly azaşaýmaly?”diýen soragyny hem eşitmedi.Dagyň arassa howasy,gök asman,aýna ýaly dury çeşme,gyrymsy tokaý,al-asmana uzalýan dag gerişleri,asudalyk...Dem aldygyňça öýkeniň giňeýär,göwnüň açylýar.Azar berýän ýok.Iki güne ýeter ýaly azyklary,gowy dynç almaga mümkünçilikleri bar.Emma Altymyrat birden birahatlyk tapdy-da:

-Biziň adam aýagy düşmedik ýere gelenimizi gören ýokdur-da!?Aý,ýok,gideli,men tebigaty torç edesim gelenok!-diýdi-de,turmakçy boldy.

–Bu ýere bizden öňem gelen kän,gör,ot ýakylyp,nahar bişirilipdir!-diýip,Oleg ony rahatlandyrmak isledi.

–Günä iş edýäs,dost jan,gaýdaly!

-Tebigatyň köşeşdiriji güýji hem seniň kejirligiňi ýeňip bilenok-da!-diýip,Oleg goşlaryny ýygnamaga başlady-Bilip goý,şeýle gezelençler peýdalydyr.

–Hawa,dost jan,peýdaly-diýip,Altymyrat ýokardan aşak düşüp gelýärkä jogap berdi-Günüň dogup-ýaşyşy,gözel tebigat,şildiräp akýan çeşme kalbyňy rahatlandyrýar,ýöne maňa bir zat ýetenok..

–Näme ýetenok?Özüňi şeýle gözel tebigatyň bir bölegi hasap edip,gerek güýjüňi ondan alyp durmagyň bagtlylyk dälmi?

-Bagt,dost jan meniň üçin ine,şu geýip-geýip lenji çykan penjegim ýaly bir zat. Menem,senem,öz agramymyzda SSSR-iň çempiony bolduk.Bu ýeňişe guwanaýjak,rahatlanaýjak ýaly,emma ol bolanok.Ýaryşdan soň täze arzuwlar köräp başlaýar.Men, grek eposynyň gahrymany Sizif ýaly,arzuwly belentlige ýetjek bolup,ýetip bilmän oňa ymtylýanlaryň biri.Daşy ýokary galdyrjak bolup togalaýan,emma galdyryp bilmeýän daşym meniň kalbym.

–Eýsem,şol daşy togalap barýan wagtyň öz içki duýgularyňy paýlaşmak islegi döremeýärmi?

-Şeýle pursatda ýürek syrymy garşydaşym bilen paýlaşýaryn,ýagny,onuň ýüzündäki alamatlar bilen özümiň nähili netijäni gazanjagymy bilýärin,dost jan.

–Bä,seňki üýtgeşik ekeni.Men-ä,türgenim Abramýan näme diýse,şony edýärin.Sportsmeniň ykbaly türgene baglydyr-da!Şeýle dälmi?Men seniň başgaça pikir edýäniňi bilýärin.Munda her kimiň öz ýoly bar...

Olar gaýdyp,Pöwrüzede,Altymyradyň kireýine ýaşaýan jaýyna geldiler.Jaý eýesiniň bäş-alty sany çagasy Altymyradyň daşyna ýygnandylar, gujaklaýany haýsy,boýnundan aslyşýany haýsy,göter diýip aglaýany haýsy.Altymyrat ýatýan tekjesiniň aşagyndan bir

guty süýji çykaryp,çagalara paýlady.Gowur bir salym peselen ýaly bolsa-da,süýjülerini iýenlerinden soň täzeden güýjäp başlady.Özem barysy birden gygyrýar.

–Nädip munda ýaşaýarsyň?-diýip,Oleg janykdy.

–Aý,dost jan,özüm şeýle köpçülikde ulaldym-da!Dogry,käte halys çydaman howlynyň daşynda,köçäniň ugrunda türgenleşik geçýärin.

–Sen birhili oglan!-diýip,Oleg janykdy-Kakamyň dynç alýan ýerinde gül ýaly sport meýdançasy,ýatak jaýy bar.Bolman-da, gül ýaly myhmanhana bar.

–Kireýine jaý alyp ýaşasam arzan düşýär.Dost jan,men öz göbegimi özüm kesmeli,günümi özüm görmeli.Ejemiň mensizem azary ýetik..

–Arzan-a düşýändir welin,bi goh-galmagalda türgenleşig-ä däl,gije ýatyp hem bilmersiň ahyryn!

-Aý,öwrenişdim-le!Nädeýin!Sport mekdebindäki ýatak jaýymy aldylar.Onsoň menem bir ýerde ýaşamaly bolaryn ahyr.Dost jan,zyýany ýok,bäş gün bolaryn,soň oba giderin,ondanam Garrygala,gulluga...

Olar howludan çykyp,daşky oturgyjyň birine çökdüler.

–Dost jan,şu ýerde oturybereli.Içerden-ä gowy bolar.Otag gaty yssy-diýip,Altymyrat seslendi.

–Dynç alyş öýüniň jaýy hem ýakyn ekeni.Ondan eşidilýän goh-galmagala ýatyp bilmersiň.

–Aý,hawa,kynyrag-a bolýar.Men oňa öwrenişdim.

–Sen belli bir agram saklamaly,güýç toplamaly,türgenleşik geçmeli ahyryn?!

-Dogry,aýdýaň,dost jan.Ýöne men ýorganyma gör-ä aýagymy uzadýaryn.Ýadyma düşýär.Orazberdi,Bäşim üçümiz ýatýas welin,maňa ýorgan ýetenok,ýa aýagym açylýar,menem derrew olaryň ikisiniň arasyna sokulýan-da,hezil edip ukumy alýaryn.Oňly ýatyp bilmeseň,gowy naharlanmasaň eliňe daş alasyň gelmez ekeni,sport seni ýadadýar.Ýöne men muňa öz yslegim bilen geldim,kynçylygam çekmeli bolar.Türgenleşýärkäň ünsüň başga zatlara sowulmasa ýagşy.Nätjek,daşary adamdan doly,daş göterip durkaň dynç almaga gelenler ony-muny soraýarlar,gelşiksiz ýagdaýa düşýärsiň.Dogrusy,sport eşiginde aýal oglan-uşagyň öňünde türgenleşik geçmägede çekinýän,derleseň eşigiňi çykaryp bolanok. Türgenleşik geçip,otagyma gyssagly ylgamaly bolýan.

Şol wagt eleşan eşikli,aýagy çepekli,sakgal-murt basan hor ýigit olaryň ýanyna geldide:

-Bir manatjyk beräýiň!?-diýip,elini serdi.

Altymyrat sesini çykarman pul berdi-de,eleşan daşlaşandan soň:-Dost jan,ol her gün pul dileýär.Geroine aňyny aldyrypdyr.Nebir oglan,gaty ökde sazanda...Aýdym-saza baş goşanlar şeýle zaýa bolaýýarlarda...-diýip,başyny ýaýkady.

-Çempion baý adamdyr diýýändir.

–Dost jan,belki şeýledir.Men oňa öz gün-güzeranymy zordan aýlaýanlygymy nädip düşündireýin?Ýogsa-da,ýaňky pul diläni görenimde Çary däli kakam ýadyma düşýär.Çary däli...Sen ony tanamaly.Piliň çagasy ýaly,mydama raýonda hölt-hölt eder ýörerdi.

–Hawa,ýadyma düşýär.Ömür ýuwulmadyk ýyrtyk penjegi,nä reňkdeligi bildirmeýän köýnegi, kiselerinden kagyzdyr kitap galyndylary çykyşyp duran kül reňk plaşy bardy.Sorasaň haýsy ýurduň nirede ýerleşýänligi,meýdanyny,paýtagtyny hat-da patyşasynyň adyna çenli takyk aýdyp berýär.Awtobuslaryň,uçarlaryň,otlynyň gitjek wagtyny,haýsy edara nirede ýerleşýär,haçan işleýär,ýolbaşçysynyň ady näme,haýsy sorag

bilen kimiň ýanyna barmaly, soraýmalydyr.Çünki däli diýselerem akly bi görünýänleriňkiden artykdy.

–Dost jan,ol ýönelige däli adyna alan dälidi,çünki, akylly adama gelişmeýän hereketleri ederdi.Meselem, jalbary aşak düşüp,syrty görünip dursa-da, oňa üns bermezdi,şonuň üçin hem belki, oňa plaş geýdirendirler?Ýa-da,uly ile akyl satyp oturandyr welin, birdenem möňňürer goýberer,yzyndanam:”Aglap berenim üçin bir manat ber!”diýip,elini serer.Berseň begenip sag bol diýer,bermeseňem däliligi gozgap sögünip ugrar,onsoň gaçyp gitmägä razy bolarsyň...

- Emma bilimi görlen däldir.Oňa bilim uran hem diýýärdiler.Onuň öýünde kebelekleriň muzeýi bar diýip eşitdim.Özüm-ä göremok,ýöne görenleriň gürrüň bermeklerine görä:”Onda tebigatyň çäksiz taslamasyna duçar bolýarsyň.Iňňän inçelik bilen reňklenen ýaly, kebelekleriň bir-birine meňzemeýän ganatlaryndaky gözellikler seni özüne bendi edýär-de,ertekiler dünýäsine düşürýär.Kebelejikleriň,ýönekeýje bezegden çylşyrymly bezege geçýän görnüşleriniň ýerli ýerinde oturdylmagy gaty täsin galdyrýar.Agzyňy açyp galanyňy duýman galýarsyň”Muny Çary kakanyň özi gaty gyzykly gürrüň berýär diýýärler,şonda onuň sesi şatlanyp,goýun gözleri yşnaklanarmyş...

–Dogrudyr,dost jan.Men-ä obada ýaşamsoň,ony käte görýärdim,her duşanda:”Bir manat beräý!”diýse berýärdim.Sen ony gündelik görüp ýören,gowy tanaýansyň.

–Gowy görýän agasy uruşa gidip gelmändir,şondan soň kellesi üýtgäpdir-ä diýýärler...Hany,indi näderis?Men-ä Sakarçägä-öýe gidip geljek.

–Dost jan,menem seniň bilen gitjek!Ejem jany görüp gaýdaýyn.Häzir,azajyk garaş,öýden goşlarymy alyp çykaýyn-diýip,Altymyrat howla girip,eli boş ýagdaýda gaýdyp geldi-de:-Çary kakam ýygnan pullaryny üç litrlik aýna gutyda gömenmiş.Gowy gözleseg-ä tapsa bolar,hä dost jan!?-diýdi.

-Düşünmedim.Näme diýjek bolýaň?Hä,puluň gutarandyr.Pul bu gün mende bar,ertir sende bar.Ikimiziň aýry zadymyz ýok!Barja goşlaryňy al,ýör gideli!...

Olar şol gün agşam otla münüp öýlerine ugradylar...

Obada bolsa:”Ynha,Altymyrat öňünden çykarys,gutlarys”diýip,adam bary garabaşynagaýdy.Mugallymlar Rahmanberdi aga,Illi Kadyr,ýaşulylar Annaberdi mantior,Annaberdi mugallym,Garýagdy Hojaguly,Ata Muhat,Tirkiş Tagan,oba mollasy Begjan aga,Garýagdy Aşyr,Orazberdi dagy,bagyň aşagyna atylan düşeklerde oturyp, gözlerini ýola dikip garaşýardylar.Ýaşlaryň arasynda kart,küşt oýnaýanlary,oýunda dawa turuzyp,galmagal edýänleri hem bardy.

–Orazberdi,pälwan iniň ýeňiş gazanypdyr.Mal soýansyň-a?-diýip,Rahmanberdi aga oňa ýüzlendi.

–Hawa, soýdum.

–Päheýde weli,ol-a bolaýypdyr.Eti ýagly bolsun,duşman aýagy bagly bolsun!

-Aýdýanyňyz bolsun,ýaşuly.

–Tüweleme,etjek dabaraňyz oň bolsun,mübärek bolsun!

-Taňryýalkasyn,ýaşuly.Size-de toý etmek nesip etsin-diýip,Orazberdi jogap berdi-de,kart oýnuna güýmenýän ýaşlara-Turuň how,baryň nahar bişirýänlere kömek ediň!-diýip gygyrdy..

–Aý,indiki ýaşlar mes bolýar-diýip,Begjan molla olara bakyp janykdy-Başlyk,bilýäň-ä,şeýle döwürler boldy,eşegiň hamy hem tapylman ýarym-ýalaňaç gezdik,şonda-da orak orardyk,suw tutardyk.Günorta çaýa çykarsyň welin,syrtyň ýyrtykdyr,onsoň ony tutup,bildirmejek bolup buruljyrarsyň.Orakdan soň meýdana eşekli,düýeli ders çekerdik,öýüň ýakynjakdyr,emma baryp bilmersiň.Şeýdip,azar baryny

görüp yşlärdik...Ýa-da,aýdaly,göz dikip oturan malyň käte agzyňa buýrsa,käte haram öläýýär.Şeýle ýagdaýda,dinimiz damagy çalynmadyk mala haram diýýär.Emma açlyk belasy,ýüzleý hem bolsa garaz,dine dogry gelmeýän bu işi kanunlaşdyrýar,ýagny ölen maly depseň gymyldaýar,şu ýagdaýam ony janly diýip hasaplamaga esas berýär.Onsoň,onuň damagyny çalyp,halalladym diýip,göwnümizi aldardyk,has dogrusy "Depme halal ederdik"...Häzirkiler-ä...Ähli zady depme halal etjek boluşyp durlar.Ýaşlar biziň basan yzymyzça-da ýok!

-Ýaşlar gowy,özümiz erbet-diýip,Rahmanberdi aga garşy çykdy-Päheýde weli,aýn bolmasa ogly atasyça ýok diýýärsiňiz.Ol beýle däl.Ogluň ata meňzemegi atanyň ogluna berýän terbiýesine,bilimine,mährine bagly.Bular töleglidir.Çaga näçe mähir siňdirseň şinça-da yzyna gaýtarýandyr.Özümden mysal getireýin.Molla bizi jezitçe okadardy,bizem oglanlar bolup özara jezitçe hat alyşardyk,bu bolsa okamany,ýazmany çalt öwredýär.Onuň daşyndan ors dili mugallyma gatnap,ony hem öwrenerdik,öz aramyzda diňe ors dilinde gürleşmegi ýola goýardyk.Kim ors dilinde gepleýärkä arasyna türkmen sözüni goşsa, şonuň boýnuna düýe süňküni asardyk.Oglunyň gowşak,ýa kemakyl,ýa ýalta,ýa gazaply bolýanlygy üçin atasy günäkärdir.Men çagalaryma öz mährimi siňdirýärin,olaram indi,garran çagym meni mähirli saklaýar.Ýa-da ine,häzir ýaşlar pul baryny harçlap daşary ýurtdan haryt getirýärler.Sen olara baýajak bolýar diýýärsiň.Ol pikir nädogry.Olar öz aladalarynyň daşyndan ýurduň haryt bolçulygyna azda-kände bolsa-da,goşantlaryny goşýarlar.Ýogsam,olaram baryny orta goýup,näbelli ýola baş goýman,arkaýyn,rahat ýaşap bilýärler ahyr...

–Ýok,başlyk,seni gepde ýeňip bolmaz-la-diýip,Begjan molla närazy terzde seslendi-Men bir zat diýsem tersine gep tapýarsyň.Gowusy,aýt,Altymyrada näme sylag beripdirler?

-Bilmedim men-ä.Bir bulgur beripdirler-ä diýýärler...

–Bulgur däl ol,kubok!Dogruda walla -diýip,Orazberdi ara goşuldy.

–O näme bolýar,başlyk?

-Ýaryşda ýeňijä beriýän baýrak ol, Begjan akga!

–Obamyzda,Ýasylardan bir pälwan bardy-diýip,Rahmanberdi aga seslendi-O döwürler Tejenden,Hywadan Mara,Marydan Hywa göreşe gider ekenler.Pälwanlaryň gadryny bilipdirler,onda-da şeýle bir bilipdirler,hi goýaý!Indi,pälwanlara hormat edilmeýär,päheýde weli.Hawa,ýaňky Juma ýasy pälwan erte göreşe çykmaly welin diýýär,ejesi oňa bir şa käse gowurdagy "iý,gurplan" diýip beripdir.Pälwan ony iýip ýatypdyr,ýagny,ýatan bolup ýatypdyr.Ejesi uka giden badyna,gorküýzedäki gowurdagy tutuşlygyna gazana atyp gyzdyrýar-da iýýär.Sebäbi,ejesiniň beren gowurdagy bilen göreşe çykyp boljak däldi.Ertesi ol göreşde ýeňiş gazandy-da,on goýun sylag alyp,täzeden gorküýzäni gowurdakdan doldurdy.Pälwanlar gor edinmeseler bolanok ahyr,päheýde welin.

–Altymyrad-a az ýýýär,şonda-da ýeňiş gazanýar diýýärler,başlyk.

–Onuň bir emmasy bar,Begjan beg-diýip,Rahmanberdi aga jogap berdi.-Ol alty ýaşyna çenli ene süýdüni emdi.Ogul doguran enäniň süýdi gyz doguranyňkydan agyr gelýändir,has goýy,ýokumly bolýandyr,ine,onuň emmaly ýeri,päheýde weli

–Munda,başga-da bir emma bar!-diýip,Tirkişiň uly ogly Aýdogdy söze goşuldy.Oňa garry atasynyň ady dakylanlygy üçin,Kakajan,Kakyş hem diýýärdiler-Altymyrada günde bäş ýüz manatlyk talon berýärler,ýagny, belli naharhanalarda naharlanar ýaly rugsat haty berýärler,oňa bolsa zordan ertirlik,günortanlyk nahar düşýär,agşamlaryna aç ýatmaly

bolýar.Şoň üçin ol gijelerine otly çeleklerinden kömür,sement ýaly ýükleri düşürip,iýjegini özi gazanmaly bolýar,şeýdibem tijenýär.

–Wah-waheý,päheýde weli!-diýip,Rahmanberdi aga janykdy-Adamlaryň aňyndan günä,sogap,halal-haram düşünjeler ýok bolaýdymy-ka?Ol aýrylan bolsa biz ýaman güne düşeris.Ýolbaşçylar bize”Baryň, daşary ýurtlarda özüňizi gowulykda görkezip,türkmeniň adyny dünýä ýaýradyň!”diýýärler.Altymyradam tüýs şony edýän gerçek!Onsoň,”Türkmenistany ikinji Küweýte öwürerin”diýýänler,pälwana gowuja ýal iýer ýaly ýagdaý döredip bilmeýärlermi-kä?Sportda,harby işde,syýasatda daşary ýurda kimligiňi aýan edip bolýar.”Duşmana haýbat ýagşydyr”diýip,könelerimiz aýdypdyr ahyryn,päheýde weli!Çapawulçylyk edýän bir hana “kömek”diýip,köşekli düýe iberipdirler.Olam:”O-how,berdiňiz taň etdiňiz,indi düýe sagyp bilýän beriň!”diýipdir.Oňa bir garryny ugradýarlar.Ol bolsa düýe sagmadan başga-da, han nirede ot basypdyr,nirede ýatypdyr,nirede at saklapdyr,nirede goraghana ýerleşdiripdir,şulary öwrenip,onuň kömegi bilen hany gysypdyr we barýan hapa ýolundan sowupdyr.Şol garry ýaly,döwlet, sportçylaryň,söwdegärleriň baryp gelen ýerlerinden köp peýdaly zatlary,at-abraýy alýandyr ahyr...

-Rahmanberdi aga,o diýýänleriň häzirki döwre degişli däl-diýip,sesini çykarman oturan Orazberdi dillendi-Olar ýaly işler üçin indi ýörüte gulluk bar,dogru-da walla.

-Aýtjak bolsaň,başlyk,otly duralgalarynda,uçarhanalarda,awtoduralgalarynda namaz okap, täret kylar ýaly mümkinçilik döredilse diý!Daşary ýurtdan myhman gelse ony nädip garşylajak?-diýip,Begjan molla janykdy.

-Altymyrat şu meseleler barada hem kellesini agyrdýar.Men onuň ilkinji türgenleriniň biri.Ol ýaş wagty çepiksije,mütüje,oglandy,hatarda iň yzda, boýy zordan görünýärdi,dogryda walla.Men Tirkişe:”Aý,agam,agyr atletika sportyň iň agyr,iň erbet ugry,ol adamy zaýalaýar,tök edýär.Altymyrady ondan çetleşdireli!”diýdim.Emma ol:”Etrapda ştangany ilkinji bolup getiren,oňa ýüregini beren,saňa-da ştanganyň sapyndan tutmagy öwreden men.Seniň diýýänleriň ýalan!Gel,gel,sen muny aýtmalymy?Düzgünini berjaý etseň gorkuly zat ýok”diýdi.

–Başlyk,näme üçin ýaryşda sen ýa-da Garýagdy Altymyradyň türgeni bolman Abramýan bolýar? Oňa ilkinji sapaklary beren ikiňiz ahyryn!?-diýip,Begjan molla sorady

–Biz,etrapda çagalary okadýarys,aýlygy şondan alýarys.Altymyrada türgen bolmak üçin Döwlet tarapyndan ýörüte bellenilen bolmaly.Olam Türkmenistanda iki adam,dogruda walla.

–Oňa harç gerek diýsene,päheýde weli! Olam, ikinji Küweýte öwrüljek ýurtda ýok!-diýip,Rahmanberdi aga başyny ýaýkady...

Şol wagt “gelýär-de, gelýär” boluşyp adamlar gozgalaň tapdylar.Garybata otly duralgasyna, Altymyradyň öňünden çykmak üçin giden oglanlar gelendir öýütdiler,emma gelen Meret daýy bolup çykdy.

Bärde,ir ertirden nahar-bişi taýýarlaýanlar diýermiň,aýdym-sazy aýtjaklar diýermiň,obadaky janköýerler diýermiň:”Ynha geler”diýip,garaşýardylar.Oguldurdy daýza bolsa-oňa Otja eje,Ody eje hem diýýärdiler-çempion ogluny dabaraly garşylamak üçin iki ýana zowzullaýardy.Şeýle ýagdaýda kimem bolsa biri bir zat soraýsa,jogabyny bermäge akly çatmaýan ýaly,esli wagtdan soraýanyň ýüzüne çiňerilip serederdi.Ähli küýi bolsa başga ýerdedir.

-Gelýärmi?Geldimi?Hany,ol nirede?-diýip,elewräp ugraýardy.

Ejesiniň ýagdaýyna düşünip duran gyzlary onuň bolşuna gülerdiler.Orazgül jykyr-jykyr gülüp:”Näme ol “nirede” diýýäniň,eje?Biz-ä palawa käşir geldimi diýip

gürleşýäs.Sen näme soraýarsyň,jan dogan?-diýýärdi.Şeý diýse-de olam ejesiniň bu soragyna aňry ýany bilen düşünýärdi.Ejesi özüniň söwer ogluny,şan-şöhrada,at-abraýa beslenen ogluny görmäge howlukýardy.

Adamlaryň içinde her hilisi bardy.Altymyradyň üstünlikleri bilen ömür gyzyklanmaýan,asla gyzyklanmajak,ony tanamaýanlar her hili gürrüňleri tapyp ugradylar.Olaryň biri “Altymyrat uçar bilen Mara gaýdypdyr,olam tehniki sebäplere görä yzyna dolanypdyr,indi bäş sagat gijä galyp geler”diýip,bir gep tapdy-da,Altymyrady tanaýanlardan,onuň üstünligine guwanýanlardan bolan boldy,dogrusy onuň abraýy bilen abraýly boljak boldy.Adamlaram,näme.sada,biri bir zat diýse ynanýar.Ynanmaga esas hem bar.Otlynyň gelmeli wagty geçip gidipdi.Galdylar bir azara.Oňa-muňa jaň edip,uçarly gürrüňiň dogrylygy barada soraýany haýsy,Aşgabada jaň edýäni haýsy,Garybata jaň edýäni haýsy.Myhmanlar bolsa yzy üzülmän dökülip dur.Orazberdi hem sada,o bi gürrüňlere pitiwa edýänlerden däl,ýogsam:”Goýuň how,şu gürrüňleri,ol otly bilen gelmeli”diýse-de ýeterlik ,emma onam diýenok.Ýöne oňa derek Tirkişiň gyzy Zybagözel,ýola garap ot-elek bolýan enesine:”Ene,bu gürrüňlere ynanma,Alty bir sagatdan şu ýerde bolar,onuň ýanynda bir ors ýigidi hem bar”diýip,Oguldurdy daýzany köşeşdirjek bolýar.Ene bu gürrüňe hasam tazygyp:”A-gyz,bi orsly gürrüň nireden çykdy?Ýa balam jana bir zat bolaýdymy-ka?”diýip elenýär.Aýgözel bolsa”Toba,essagpurylla, eje, tolgunma,Zybagözel aýdýan bolsa dogrudyr.Ol takyk ylmy gowy görýär.Etrabymyzda küşt oýny boýunça birinjiligi oýnamaga alanok”diýýär. Döwlet joňk,Aman jyk-jyk,Artyk öýkelek dagy biş-düşe kömekleşýärler.

**--2—**

-Bäşinji synpda okaýarkam, pul bereňok diýip,Şamyrat kel meni urdy-diýip,Döwlet joňk gazanyň aşagyna odun saldy-Özümiň-ä güýjüm ýetenok,Altymyradyň ýanyna baryp:”Şeýle,şeýle,kömek et!”diýdim.Olam şol pursat öňüme düşdi-de,keli öýünden çagyrdy,iki elini tutdy-da:”Hany,öz eliň bilen gowuja ur!” diýdi,menem urup arymy aldym.Ol dostlary üçin janyny bermäge taýýar.

–Aý,senem çala çalsalaram Altymyrady arka tutunýarsyň,züwwetdin,diýsänim!Seň öz kelläň bolmazmy?Haçana çenli ony arka tutunjak?-diýip,Aman janykdy.

–Şony men senden soramalymy?-diýdi-de,Döwlet joňk eline ilen sübsäni alyp,ony kowalap başlady.Aman aňyrdan ýetip gelýän Şamyrat keliň arkasyna duwlandy-da,gorandy.

–Näme,how,joňk,eliň gijeýärmi?Gyjeýän bolsa pagta gitmeli bolaýma,birden-diýip,Şamyrat,akja köýnegine gelşik berýän garaja boýunbagyny düzetdi-Men hojalyk ýolbaşçysy.Menden rugsatsyz siňek hem uçmaly däl.Çempionymyz daş edip geldimi?

-Gelenok!-diýip,Döwlet jogap berdi.

–Bä,näme üçin gelmedi-kä?Men häzir ony daş edip bileýin-Şamyrat kel kemerine asylgy howa telefonyny alyp,nirädir jaň etdi,yzyndanam-Otly iki sagat gijä galypdyr.Çempionymyz häzir peýda bolar-diýdi.

Ol ýaşulylaryň ýanyna baryp salamlaşdy,saglyk amanlyk soraşdy.Aman jyk-jyk bir ýerden oturgyç tapyp,ony ýaglygy bilen süpürdi-de,Şamyrada berdi.

–Arçyn,näme,bi mal ýataklary ýykyp ugrapsyň-la,traktordyr-maşynlar ýitirim bolýar?-diýip,Rahmanberdi aga sorady-Gabat gelene mallary satýarmyşyň diýýärler.Edeniňi edip ýörmeli boldumy,indi,päheýde weli?

-Hawa,Rahmanberdi aga,şo diýilýänleriň jany bar.Biz önüm öndürýäris,döwlet şol öndürilen önüm üçin hasaplaşyk geçip bilenok,bizem daýhanyň öňünde bergili. Onsoň,ýagdaýdan çykmak üçin,"obadaky gozganmaýan emläkleri bellenilen bahadan satyp,daýhanlar bilen hasaplaşmaly" diýdiler.Hojalyga ýolbaşçylyk etmek her ýeteniň işi däl ahyryn.Bizem onuň üçin,daş edip kelle döwýäris.

–Döwlet alan önümleriniň bahasyny töleýändir.Men oňa ynanjak däl.Bu ýerde başga bir oýunlar,seniň syrly oýunlaryň bolmaly,päheýde welin!

-Rahman aga,sizem maňa,daş edip ynanman geçdiňiz.Beýle ýagdaý diňe biziň obamyzda bolsa onda meniň syrly oýunlarym diýip bilersiňiz,emma hemme obalarda emläkler satylýar,kolhoz mallary döwletiň haýryna geçirildi.Bizem indi galanja zady daýhanlara berýäris.

–Hawa,türk patyşasy Turgut Ozal gelende "kolhozlary dargadyjy bolaýmaň" diýenem bolsa,ony etmediler.Indi senem daýhanyň öz zadyny,zähmediniň kanuny hakyny berýärin diýip,emlägi dargadýarsyň,päheýde weli!?Beýle etmäge seniň hakyň ýok!Biz halkdan mal,araba,zähmet gurallaryny ýygnap kolhoz gurduk,senem indi ony dargadybermelimi?Eger kolhoz dargadyljak bolsa onda onyň emläkleri şol ilkinji kolhoz guranlaryň nesillerine paýlanyp berilmeli.Siz nädýärsiňiz?

-Rahman aga,men daş edip,diýleni edýärin.Önüm alynsyn,alynmasyn, lomaýja aýlygym ýöräp dur."Hojalyga ýolbaşçylyk etmegiň ýollary"diýen ylmy iş hem ýazyp başladym.Onda "önüm almagyň ahyrky netijesine däl-de,öz edýän işiňden alýan lezzetiňe guwanmany başar"diýen daş ýaly jümle we taslama bar.

–Taslamaňy suwuň ýüzüne ýazýansyň,şeýlemi?

-Ýok,daş edip akja kagyza ýazýaryn.Onsoňam çykdajy etmeli pullary bir harçlaýyn,önüm öndürmegiňem bir zady bolar-da!Önüm üçin alymlar işleýär ahyryn!Meniň ylmy işimde jaýlaryň üstüne gowaça ekip otuz sentnerden pagta alyp boljagy,uzyn gapyrjakly maşynlaryň gapyrjagyna bugdaý ekip,60 sentnerden däne alyp, şol maşynlar bilenem gönümel ambara tabşyryp boljagy ylmy nuktaý nazardan daş edip,kesgitlenilýär..

–Şamyrat kel diýýänä,goý,şu samsyk gürrüňleriňi,päheýde welin!.Wah,seň kel kelläňi syranymda saçyňy däl,kelläňi aýyrmaly ekenim,Meň ýanymda gepleme!-diýip,Rahmanberdi aga onuň al petinden aldy-"Biz öz ykbalymyzyň halysyny özümiz dokaýandyrys,durmuşdaky şowsuzlyklaryň sebäplerini öz hereketlerimizden gözlemelidiris"diýip,kakam pahyr aýdardy.Sen şulary aňyňda aýlap, soň geple!

-Rahman aga,birinjiden-ä,sen ilki öz daşkyrak iniň mis ýaly gyzaryp duran kel kellesini syryp,soň şol päkiň bilen meni kel etdiň.Indem maňa kel diýen bolýaň.Ýöne,ýamanlyksyz ýagşylyk ýok diýleni,keller keselhanasyna düşüp ors dilini öwrendim.Oň üçin sag bol! Indi bir maňa beýle gyşyk gürrüňleriňi aýtma!Özüňi oňar!Yşgolda edýän işiň ýok.Kyrk bäş minudy oturyp geçirýäň."Hökümet, il-gün üçin okumyş çaga ýetişdirjek bolup gassirit boldum"diýen bolýaň!Gowy okadýan bolaňda obamyzdan kasmanawt ýa ýazyjy çykardy.

–Eýsem Altymyradyň obamyza getiren abraýy,şan-şöhrady olardan azmy,başlyk?Ýazyjy Anna Paýtygy,şahyrlar Ata Täzebaýy,Allanazar Rejebi nätjek?

-Begjan molla,sen bir ara goşulmasana!-diýip,Şamyrat kel janykdy-Geçiň öň aýagy ýaly,oba mollasy boljak bolup,daş edip,ähli zada burnyňy sokýaň!

-Molla bolmaň aýby ýok,başlyk,onam biri etmeli.

–Rahman agaň köneden bilimiň ýetik bolsa-da,şol-a,daş edip, molla bolaýasy gelenok!

-Wah,şony aýtsana,başlyk!-diýip,Begjan aga seslendi-Onuň özüne ýetik sebäbi bar.Biri biri bilen uruşsa,ýa gyzyny alyp gaçsa,ilki bilen molla olary ýaraşdyrmaly bolýar,onsoň ol iki tarap üçinem ýaramaz adam.Onam Rahmanberdi edesi gelenok.Molla boljak bolsaň ýagşa-da,ýamana-da ýaramaly,ýüzüňe sögüp dursalaram jana diýmeli.Ho gün pylanynyň ogluna nika gyýmaly boldy.Rahmanberdi aga ondan boýun towlady,soň maňa haýyş etdiler.Barsam,men gyzdyryn diýýän gelniň garynjygy tümmeripjik dur.Adamlarda utanç-haýa galmady,şonda-da nädeýin,günä-de bolsa men ol ýumşy bitirdim.Ýaşlar ýaşlyk edipdirler,gyzam ýapyşalgaň ýapyşanyny wagtynda bilmändir.Beýle ýagdaý bolýan zat.Onsoň olara kömek etmeli bolýar-da,başlyk.

–Ýagşam bir iş edýär ekeniň,sen günä edipsiň,päheýde weli-diýip,Rahmanberdi aga sögündi.

–Ol gelin türkmen çagasy-ha däldir!?

-Ýok,ukrain gyzy.

-Asyl şeýledirem öýtdüm-le!-diýip,Şamyrat kel elini oýkalaşdyrdy-Şu syçalakga barmagym ýaly müçeje adamyň daş edip sekiz ogly boldy, onuň koreý,kürt, azerbeýjan,tatar,uýgur,türkmen gelinleri bar,hohol gelinem oňa goşulan bolsa sany ýedi,tüýs internasional maşgala bolýar.Iň kiçi ogluna bolsa,ol jöhüt gyzyny alyp berjekmişin.Ýakynymyzda,daş edip gazçylaryň Şatlyk şäherçesi açyldy,onda adyny tapan milletiň bar,indi ony geň hem görmeli däl.

–Begjan,ýaňky syryňy gursagyňa sygdyryp bilmediňmi?Il aýbyny ýygşyryp-ýülmemeli sen dälmi näme,päheýde welin?!Molla boljaga bu gelişenok-diýip,Rahmanberdi aga başyny ýaýkady.

–Ony men aýtmasamam il bilýär,başlyk.Il içinde mundan mojugragam bar-diýse-de,Begjan aga gowşady.

–Hany,täze molla,sen daş edip aýt,arak halalmy,haram!?-diýip,Şamyrat kel onuň aragy gowy görenligini,indi namaza başlansoňam içmesini goýanlygyny ýaňzydýan ýaly sorady.

–Başlyk,arak musulmançylykda haramdyr.Rahmanberdi aga aýdaýmasa men onuň taryhyny bilemok.

–Aýdyp beräýerin-diýip,Rahmanberdi aga söze başlady-Adam atamyzyň uly ogly Kabyl inisi Habyly öldürip,öz başyna kowçum bolup ýaşap başlapdyr.Onuň atasyna bolan duşmançylygynyň artmagyndan peýdalanan şeýtan Arak diýen baş aýlaýdyjy içgini döredipdir.Şeýlelikde adam kowmunda dünýäde ilkinji içişlik başlanýar.Arak olary adamçylykdan möjege,möjekden doňuza,soňam,bir-birini sylamaýan deýýuslara öwürýär.Idris pygamber muňa çydaman Kabyly we kowumlaryny ýesir alýar,gulçulyga öwürýär.Din üçin ilkinji uruş yglan eden Idrisdir.Ol mata dokamak,harplary döretmek,hat ýazmak we asman jisimleriniň ylmyny çykarypdyr.Kabylyň nebereleri Nuhyň tupanynda ýok bolýarlar.Nuhuň gämisi azerbeýjanyň Garabaglyk daglyk ýurdundaky Juwza atly dagynyň depesinde düşleýär.Nuh pygamber üzüm çybygyny gämä atan hem bolsa ony tapmandyr.Ony ogurlan şeýtan:”Üzümiň üç suwuny berseňiz tapyp bereýin”diýipdir.Gämiden düşüp üzüm ekenlerinde,şeýtan üzümiň ilkinji suwuny tilkiniň,ikinjisini ýolbarsyň,üçünjisini doňuzyň gany bilen suwarypdyr.Olardan arak döräpdir.Gämiden düşen adamlar gowy ýaşapdyrlar,köpeldikleriçe azyp,arak içip başlapdyrlar.Oguzhan döwrüne çenli adamlar kapyra öwrülipdirler.Pygamberimiziň döwründe düşegini mäkäm tutan arak,adamlary ýaman güne salypdyr,birini baý etse birini garyp,birini çagasyndan aýyrsa birini kapyr edipdir.Yslamyň ilkinji ýyllarynda,Nahyl süresinde aýdylşy ýaly,Taňry “hurma,üzüm agajynyň miwelerinden

mest ediji içgileri edinersiňiz”diýeni üçin,içgi hasam möwç alypdyr.Içgi içen ilki tilki bolup,görmedik-bilmedik adamsy bilen dostlaşypdyr,mes bolanda ýolbars ýaly topulypdyr,jomartlyk edip,ähli zadyny berişdiripdir,ondan soň doňuz ýaly agynap,hiç bir ýaramaz işden gaýtmandyr,iň ýaman işlerem şonda edilipdir,humar oýunlary oýnapdyrlar.Şeýle ýagdaýda Hezteri Omar we Jebeliň ogly Mugaaz Pygamberimiziň ýanyna gelip maslahat sorapdyr,onda ol:”Soralýan iki zatda, arakda we humar ediji oýunlarda uly günä bar we peýda-da bardyr,ýöne günäsi peýdasyndan köpdür”diýipdir.Şundan soň adamlar arakdan daşlaşyp başlaýarlar.Edil häzir,biziň gulagymyza ýetýän käbir maglumatlarda bolyşy ýaly,namazda içgili bolmajak bolup,ýassy namazyny okap,içip ýatýarlar,ertire çenli humary aýrylansoň,erte namazyny okap,täzeden içipdirler.Öýle namazyna çenli ýene sag.Günlerde bir gün,şeýle ýagdaýda, Sadywakgasyň kellesine içgi zerarly ýara düşürýärler.Omar ony Pygamberimiziň ýanyna alyp barýar.Netijede şeýle höküm gelýär:”Eý,iman getiren jemagatlar,arak gadagan edilen zatlaryň iň ulusydyr.Ol adamynyň ygtyýaryny elinden alyp,ony halk arasynda masgara edýän zatdyr.Her bir başy aýlaýjy zat hem arak hökmündedir...” Şu hökümden soň musulmanlar arak,dürli humar oýunlary,çilim,nas bilen ymykly hoşlaşýarlar.Ine, onuň taryhy-ha şeýleräk,Begjan molla! Häzirki ýaşlar Hudaýdan saglyk dileýärler,toý-tomgada bolsa gözlerine gelýänçä içip,keselleýärler,päheýde weli...

–Rahmanberdi aga,Hindistanda “Nilufar” atly bir gül barmyş.Onuň balyna aşyk arylar güle gonanda,ýaňky gül ýuwaş-ýuwaş penjesini ýumup,aryny ýuwutýarmyş.Şol gül ýaly,senem meni daş edip penjäňe salyp barýaň-la!?-diýip,Şamyrat kel gülümjiräp,eliniň aýasyny gaşady...

Şol wagt “gelýär-de gelýär” boluşyp,adamlar suwsan goýun ýaly,ýetip gelýän maşynlaryň ýanyna ylgaşlap bardylar.Maşyndan düşen Altymyrady götergiläp alyp gaýtdylar-da,jaýyň öňünde ýokary zyňyp-gapyp başladylar.Maşyndan düşen Oleg bilen habarlaşýanam ýokdy.Ol Rahmanberdi aganyň ýanyna geldi-de, edep bilen salam berdi,elleşip çykdy,yzyndanam soralmasa-da-Hiç bir sebäpsiz gijä galyp geldik!-diýip,özüni günäli saýýan ýaly boýnuny burdy.

–Meniňem ömrümde bir gezek şeýle ýagdaý bolup geçdi,ýöne onuň düýpli sebäbi bardy-diýip,Rahmanberdi aga Oleg öz ýanynda oturanyndan soň jogap berdi-1948-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda,giç agşam men Arçmandaky garyndaşlarymy görüp,otly bilen yzyma,Mara gaýtmaly boldum.Bamy obasynyň deňine gelenimizde,otly depgini haýalladyp başlady,oba ýetmänem saklandy.Men otlynyň aýnasyndan daga tarap seretdim.Görsem,aý ony söz bilen düşündirer ýaly däl,dag tarapdan alakalar,ýylanlar,pyşbagalar we beýleki süýreniji jandarlar süri bolup,otly ýolundan guma tarap geçýärdiler,asyl olaryň öňi-soňy görünmeýärdi.Olar otlynyň tigriniň aşagynda galyp,öňe hereket etmäge maý bermeýärdi,tigirler duran ýerlerinde boş aýlanyp durdylar.Şeýle “bosgunlaryň”arasy çala kesilende otly öňe hereket edýärdi,emma ýene durmaly bolýardy.Şeýle ýagdaý tä Gökdepe gelýänçäk dowan etdi.Ony hiç söz bilen düşündirip bolmaýardy.Şeýdip,Aşgabada üç sagada golaý gijä galyp geldik.Ýöne Mara gelýänçäk,tizligini artdyran otly iki sagat wagtyny utdy we aýyň bäşine irden Garybata geldi.Men,Garybatanyň günbatarynda ýerleşýän gowaça mendanlarynda pagta ýygýan,çatmada ýaşaýan maşgalamyň ýanyna bardym.Ol toşap gaýnadýar ekeni.Pagta ýygýar,käte gelip gazanyny bulaýar.Menem oňa kömek etdim,ýöne ýarygijeler ýatyp galypdyryn.Gije sagat dörtlerde ýatan çatmamyz şatyrdap,iki ýama bulanyp başlady.Henizem toşabyny gaýnadýan aýalym meni oýaryp:”Bir zad-a bolýar,tur!”diýip,meni oýardy.Oýansam,aýaklarymyň aşagy müňňüldäp,özüm hem

yranyp gidýärin.”Ýer yranýan bolaýmasyn!?” diýip,aýalymyň ýüzüne seretdim,şol bada hem otlynyň gijä galmasynyň sebäpleri ýadyma düşdi.Asyl,janly-jandarlar ýer yranjagyny öňünden bilip,dagdan çöle gaçar ekenler...

Şol wagt Oguldurdy daýza gujagyny gerip:”Meniň balam janym gelipdir!Meniň pälwan göz-guwanjym gelipdir!”diýip,Altymyrady bagryna basdy.Ikisi hem ep-esli wagt gujaklaşyp durdylar.Ejesi sessiz aglaýardy,Altymyrat hem gözýaşyny aýasy bilen sylýardy.

–Wah,jan balam, seniň bu üstünligiňi Çaryýarjan bilen Kakajan kakaň görüp bilmediler-dä!-diýip,esli wagtdan soň ejesi seslendi.-Esasanam Kakajanyň,sen barada nähili arzuwlary bardy...Ýöne,bular oňa aýan bolandyr,hökman aýan bolandyr...

–Eje jan,hut şeýledir...

–Inim,tamamy ödediň,gutlaýaryn!-diýip,agasy Tirkiş onuň elini gysdy,soň Orazberdi,gyz doganlary,synpdaşlary gutladylar,olaryň ýerini mugallymlar eýelediler.

–Iner ogul,erjelligiň bilen ýeňiş gazandyň,berekella!Durmyşyň haýsy ugrunda bolsaňam,ärlerçe durjagyňy subut etdiň!-diýip,Rahmanberdi aga ony bagryna basdy-da-Guzym,sen “Feth”süresini gaýtalamany ýadyňdan çykaran-a däldiň!?-diýdi.

–Ýok,Rahmanberdi aga,gaýtalaýaryn.Edil aýdyşyň ýalydyr.

–Gaýtalagyn.Ol seniň şu üstünlikleriň gözbaşydyr.Kuranda “iň peýdaly işler irginsiz zähmet bilen gazanylýandyr”diýilýär.Özüňden başga saňa düşünjek,kalbyňy rahatlandyrjak zat ýokdur.Diňe özüňe bil baglagyn we bilgin,näme hakda pikir edýän bolsaň,durmuşyň hem şeýledir.Dost-duşmany tanamagyň ölçegi puldyr,kim puluň duşmany bolsa hakyky dost şoldur-Rahmanberdi aga kiçijik Gurhan kitabyny goltugyndan çykardy

-Şuny al,arapça ýazgyly,türkmençe düşündirişli Kurany-kerim!Mydam ýanyňda göter,oka,öwren!Munda ähli zatlar ýazylandyr,geçmişe,geçýäne,geljege düşündiriş berilendir,suwdan ot alynyşy,magdan çykarylyşy,olaryň adamzada berjek peýdalary aýdylandyr.Demir süresiniň 25-nji aýatynda:”Biz demri ýaratdyk,bu magdanda güýç-kuwwat we adamlar üçin peýda bardyr”diýilýär,ony bolsa,Enbiýa süresiniň 80-nji aýatyndaky:”Dawuda zyýan ýetmeginden saklaýan sowut-demirdon- ýasamaga tälim berdim”diýmesi tassyklaýar.

–Dawud pygamber nähili adam bolupdyr,hormatly ýaşulymyz? Men onuň adyny özümi bilip başlanymdan bäri eşidýärin!?

-Oglum,ol çopançylyk edip,çöl beýewanlarda mallarynyň yzynda,öýlenip bilmän gezip ýörüpdir.Ýurda gazaply,gaty daýaw,garşysyna çykyp bolmajak ýagy dökülýär.Patyşa:”Kim şu ýagyny ýeňip bilse şoňa gyzymy berjek”diýip,jar çekdirýär.Muny Dawud eşidip gelýär,görse,Jalawut adyny alan minara ýaly bir äpet pyýada,demir donuny galgadyp dur diýýär,diňe maňlaýyndaky ýeke gözi açyk.

Dawud sapanyny aýlap-aýlap,ýumruk ýaly daşy atyp goýberýär welin,olam baryp Jalawudyň maňlaýyndan degýär-de,dag gaýdan ýaly güpüläp gaýdýar.Şeýdip duşmandan üstün çykýar.Emma,patyşa ähdinden dänip,gyzyny bermeýär.Muňa nebsi agyran Lukman hekim:”Oglum,sen bozulma,men saňa hat-sowat öwrederin,gyzlaryň özi aýagyňa ýykylyp geler ýaly ederin”diýip,otuz ýyllap oňa 12 müň hikmeti,nebaty-(magdan-minerallar baradaky ylym),Şejerady-(ösümlikler,ot-çöpler baradaky ylym),Mahlukady-(adamlar,guşlar,mör-möjekler baradaky ylmy) öwredýär.Şondan soň ol öýlendi,kyrk ogly boldy,demirdon ýasamagyň ussady,demre hökmüni ýöredýän adam boldy...

Bir gün namaz okap otyrka ol:”Menden başga şeýle baý,kyrk ogully adam dünýede barmy-ka?!”diýip,men-menlik satdy.Namazyny tamamlap yzyna öwrülse, ogullarynyň bary ölüpdir diýýär.Ol muňa erbet bozulyp,aglap-aglap,bir ogul bermegini Alladan dileýär.Alla oňa bir ogly-Süleýman pygamberi berýär...Aýtjak bolýanym,şeýle men-menliklerden,şöhratdan daşda durmany başargyn...

-Ony gutlamaga bize-de gezek ber,how,Rahmanberdi aga!-diýip,Akmyrat çepbe,woleýbolda görkezen ilkinji üstünlikleri üçin Altymyrada “Hormat hatyny” gowşurdy. Tirkiş Tagan ony öýüne- aýdym-sazly myhmançylyga çagyrdy.

–Tyrry kaka,salowmaleýkim!-diýip,Altymyrat, segsen naýzaly oraçadan-öýden çykan,itseň ýykyljak, arryk ýaşuly bilen gadyrly görüşdi.Ol goňşy Hallygözel gelniň gaýyn atasydy.Üç-dört ýyllykda aýaly öleninden bäri üst-başyna seretmeýärdi.Egnindäki donunda göläň gulagy ýaly matalar sallanyşyp durdy.-Tyrry kaka,nähili ýagdaýlaryň,öý-içeriler,mal-garalar sag-gurgunlykmydyr?

–Saglykmy,han!Sen kimiň ogly?

-Men Orazdurdynyň ogly Altymyrat!

-Hä,çyn daýhanyň ogly diýsene!Daýhançylyk edýämiň?

-Men sportçy, daş göterýän.

-Un kärhanasynda agyr haltalary göterýän diýsene!Başga hünäriň ýokmy?Peýdasyz daş göterip ýörenden hünär edinmeli ekeniň,bolmanda kakaň ýaly daýhançylyk et.Ol durmuşyňda has gerekli bolar.

–Men daş götermekde birinjiligi alyp geldim,Tyrry kaka.

–Hä,şeý diýsene!Sag-aman geldiňmi?Olam bolýa weli...Alty jan, saňa bir zat aýtjak!Özüňden uly adam bilen salamlaşaňda salam berip,jogaba garaşmaly.Ol öňürti saglyk-amanlyk soraşýança ýaşkiçi soraşmaly däl.Ilki bilen şuny berk belle!Indiki aýtjak zadym..-diýip,Tyrry aga onuň golundan tutup bir gyra çekdi.

–Gäbi azan, Altymyratdan heleý sorajakdyr,päheýde welin-diýip,Rahmanberdi mollum seslendi.

–Alty jan, diňle!-diýip,Tyrry aga sözüni dowam etdi-Men indi üç ýyl bäri dulçylygyň azaryny çekýärin.Gelnim Hallygözele gözüňde bolsun diýip,bazara gitse tabşyrýan,olam bolýa diýip gidýär,ýöne gaýdyp gelende:”Atasy, bazar heleýden doly welin,olar meň teklibime kellelerini ýaýkaşyp durlar,edenoklar!”diýýär,ertesi bolsa:”Atasy şu gün-ä aýallara bir zat bolupdyr,bazarda-da,duralgalarda-da görünmediler"diýýär.Menem sypaýyçylygymy elden bermän:”Bä,Hallygözel şeýlemi?Aý,özüň-ä,gaýyn ataň aladasynda gezýärsiň welin,nesibeli gün bardyr-da”diýýärin.Sen aýt,dogrudanam aýallar indi bazara baranoklarmy?

-Men-ä bilmedim,Tyrry kaka jan.Aşgabatda-ha,aýallardan ýaňa bazarda ýerem ýok.-diýip,Altymyrat çyny bilen jogap berdi.

–Bä,şeýlemi?Hallygözele Aşgabadyň bazaryna git diýäýsemmikäm?Ýogsa-da,saňa ol ýerde täze jaý beripdirler ahyryn.Hi,Tyrry kakaňa başy boş bir maşgala tapdyrmazmy?

-Tapsa bolar-la,ýöne men...

–Hä,ýönesi näme?Puluň ýokmy?

-Gep pulda däl,Tyrry kaka , wagtym ýok! Goşun gullugynda men...

-Tyrry kakaň üçin wagt tapaýsana,Alty jan!

-Ol saňa wagtam,heleýem tapar,päheýde welin.Ýör,Altymyrat jan, adamlar garaşýarlar-diýip,Rahman aga ony obadaşlarynyň arasyna alyp gitdi.Ýatakda duran gök eşek Altymyrady tanadymy nämemi,güýçli sesi bilen aňňyrdy.

–Wah,jana-la!-diýip,Altymyrat eşege seredip ýylgyrdy-Süýdüni içip, gyzamykdan saplanyşym ýadyma düşýär welin,muny görsem “eje” diýip gygyryberesim gelýär...

–Eşegiň süýdi müň derdiň dermanydyr.Daşary ýurtda ony dollara satýarmyşlar,päheýde welin-diýip,Rahmanberdi aga ýylgyrdy.

Altymyrat daýow,ýylda bir kürre berýän gök eşegi bilen günde diýen ýaly ota giderdi,kürrejigem,hyzzynlap olaryň ýanynda-dyr.Onuň bilen oty köp getirip bolýar,üstünde gaýşaryp oturyp hem bolýar.Oňa münseň beýleki deň-duşlaryňdan saýlanan,akyllanan ýaly bolýarsyň.Ilki-ilkiler ýygan otuny eşege atyp bilmän kösenerdi.Adam dura bara tejribe toplar ekeni.Rahmanberdi aga-ha:”Segsene ser ursamam durmuşdan öwrenip gelýän”diýýär.Olam soňa baka,ýarym goltukdanam azyrak,göterip biläýjek iki bölejik oty ýüpe daňyp,eşege ýüklemäni öwrendi,soň üstüne näçe ot atsaň atybermelidir.Yzyndanam,eşegiň kellesiniň üsti bilen mes ýüklenen ota münersiň,şonda edil tagta çykan ýaly bolýarsyň.Dur diýseň butnamaýan,ýöre diýseň ýöreýän ýuwaş eşegiň gowy taraplary artygam bolsa, eşek-eşek bolýarda,käte ýaramaz gylygam tapaýýar.Üsti otly bolsun,otsuz bolsun,tapawudy ýok,söýgüsi güýjäp, deme gelende,ol,erkek eşek gördügi agzyny patjykladyp,boýnuny süýndirip duruberýär.Islegi çakdan agdykdyr-da,janaweriň.Erkek eşegem erkek eşek-dä,(Rahmanberdi aganyň”adam erkek eşekdir” diýmesi bardy) üstünde ot bar,adam bar,gözüne ilenok,dyzap gelýär.Altymyrat böküp,zordan gaçyp ýetişýär...Haýwan-da! Eşek deme gelse,sygyr buka,at höwre,pişik mawa,it ýala gelse,haýalary bolmaz ekeni.Altymyrat bolsa “bar,ber”diýip,ýeňsesinden itekläp duranlarynda, zordan bir gyza güljagaz sowgat berdi,şonda-da ýere giräýjek boldy.Bular bolsa...Aý,hawa-da,ýönelige haýwana haýwan diýmändirler ahyryn.Rahman aga aýtmyşlaýyn,”adamlaryň içinde-de,haýwanlara goşaýmalylary bar”.Ýöne olar az sanly.Şoňa-da şükür etmeli... Altymyrat şeýle pikirleri aňynda aýlap,adamlaryň arasyna siňip gitdi.

Şol gün Orazdurdyýewleriň öýünde gijäniň ýaryna çenli,uly toý,baýramçylyk dowam etdi.Onda Tirkiş Taganyň sazandarlyk etmeginde,onuň ogly Magtymguly özüniň şirinden näzik aýdymlaryny aýdyp berdi...

## Pälwan Garrygalada

.

Altymyrat Garrygala,gulluk ýerine gaýdyp geldi.Gullukdaşlary ony uly şowhun bilen garşyladylar,hasam Gurban Annaoraz begenjine ony göterip:”Edil şu ýeňşi özüm gazanan ýaly guwanýaryn” diýdi.Ýogsam,onuň özi hem ýaňy-ýakynda sambo göreşi boýunça respublikanyň çempiony bolupdy.Harby bölümiň komandiri bolsa:”Ýeňişli dolanyp geldiň,gutlaýaryn!Tamamy ödediň.Harby bölümde aýratyn ornuň bardyr.Şony ýadyňdan çykarma!”diýdi.

Şeýlelikde ol gulluk borjuny dowam etmäge başlady.Indi her bir esger ony görenden hormat bilen garşylaýardy we gutlaýardy,gerek zadyň bolsa aýdaý diýýärdi.Altymyrada zat gerek däldi,ol özüne beýle üns berilmegini asla islemeýärdi.Gazanan ýeňşi hem zerurlyk däldi,diňe ýeňilmäni halamaýanlygy üçin ýeňýärdi.Dogry, utulmak agyr düşýärdi.Şeýle ýagdaýda ştanganyň ýanyna gelip,kemçilik goýberen ýerlerini öwran-öwran seljererdi,daşy gaýtalap-gaýtalap götererdi.Indi,özüne bolan ynamyň artmagy bilen sowukganlylygy,ýaýallygy hem peýda bolupdy,şol bir wagtda garşydaşynyň etjek hereketlerini öňünden aňyp başlapdy.Munuň özi garşydaşynyň güýçsizligini aňlatmaýardy.Ol, öz üstünde işlemäni gowşadan güni, olaryň öňe geçjekligini bilýärdi.Bir halamaýan zady,köp sorag beriberseler bolanokdy.Soraglara

jogap bermeseňem gelşiksizdi.Jogap berseňem dogryňy aýtmaly bolýardy,olam köp zatlaryň üstüni açýardy.Netije-de,sport ýolbaşçylaryň nägililikleri peýda bolýardy,igenç köpelýärdi,garaz,peýda-ha ýokdy.Onuň dymma häsiýetine şu sebäplerem urna bolýan bolmagy mümkindi.Ol öz mümkünçiligine görä hereket edýärdi.Goşarda güýjüň çogup durmasa,biliň berk bolmasa,arzuw-hyýal bilen öňe çykyp bolmaýar.Agyr atletika onuň öz-özüni synagdan geçirmegi,nämä ukyplydygyny özüne görkezmegi üçin gerekdi,ol bolsa ýaryşlarda däl-de,türgenleşikden başlanýardy.Ol näçe wagtlap öz derejesini saklajagyny bilmeýärdi,ýöne başardygyndan ony uzaltmagyň arzuwynda-dy.Dogry,şikest alsaň başga mesele,ýöne ony hem garşydaşyň bilmeli däldi.Ähli ýaryşlarda çykyş etjek bolubam durmaly däl,gerek ýerinde çyk,bolmasa ümsüm otyr-da tejribe gazan.Tejribäň aýratynlygy başga,ol seni sowukganly,ýeňişe okgunly edýär.

Ol her bir boş wagtyny Gurban,sulhy alýan beýleki esgerler bilen geçirmäni halaýar,şeýle pursatlardan uly lezzet alýar,kitap okamany,hasam sport taryhyna degişli kitaplary okamany halaýar.Sportyň iň gadymy görnüşleri ylgamak,,göreşmek,ýaglyga towusmak,at çapdyrmak,atyň üstünde dürli oýunlary görkezmek,daş götermek,çilik oýunlary bolan bolmaly.Adamzat ilkinji günlerden güýjüň şahsiýetine hormat goýupdyr,döwler,ajdarhalar,ýolbarslar bilen dikleşipdir.Şeýle pälwanlar baradaky rowaýatlary okamak has-da gyzykly.Bu gahrymançylyklar wagtyň bezeginden geçip,birneme çişirilenem bolsa,ol diňe asylly duýgulary yzarlaýardy.Pälwanlar Hudaýyň halaýan adamsy hasap edilipdir,sebäbi halk ony özüniň goragçysy,kyn gününde diregçisi,Watanyň asudalygyny saklaýjysy,ösüp barýan ýaş nesiliň terbiýeçisi hasap edipdir.Pikir edip görseň,agaçlaryň sagdyn,berk bolmagy üçin hereket etmegi,ýagny,şemalyň täsiri bilen iki ýana yranmagy gerek.Pälwanam gündelik türgenleşigi,gerekli iýmiti bilen kuwwatyny artdyrýar.Adamzat muňa ir düşünipdir,şondan bärem güýçli bolmagyň her hili usullaryny gözläpdir. Kitaplarda bar bolan şekillere seretseň,gadymy müsürde adamlaryň ýogyn agaçlary goltuklaryna alyp baryşlary görünýär.Gorkut Ata dessanynda Däli Domrulyň gury çaýyň üstünden köpri ýasap,kim geçse otuz pul,geçmedikden ura-ura kyrk pul aljak bolşy,özüne göwni ýetip ;”Söweşer ýaly menden güýçli är barmyka?”diýip,kükregine kakmasy,köpräjik pul bereni eşegi zady bilen göterip köprüden geçirmegi,eýsem pälwanyň işi dälmi?Eşek,üstüniň adamsy bilen 160-170 kilo barýandyr ahyr!Ýa-da Han Töreliniň Buga bilen söweşişi,onuň guýrugyndan tutup,üç kere göterip ýere çalşy,süňklerini kül-owram edişi,pälwanlyk dälmi?Buganyň agramy bolmaýyn diýeniňde 170-175 kilo bardyr-a!?Ýa-da,onuň arslany,esrek erkegi ýeňişini näme bilen düşündirjek?Ýogsam,Hantöreliniň semiz,öňe çykyp duran garny bolmandyr,göwresine görä eti-gany bolupdyr...Şu wagt agyr atletika-da ýokary agramy göterýänleriň agramy 130-180 kilo golaýlaýandyr.Seljuklar zamanynda Mahmyt atly pälwany göreşde ýeňen bolmandyr.Soltan Alp Arslan her bir nökeriniň suwda gowy ýüzüp bilmegine,uzak aralygy ylgamagyna,her hili päsgelçiliklerden baş alyp çykmagyna,sapany uzak aralyga atmaklyga uly üns beripdir,”Garnyň ululygynyň akyla peýdasy ýok,köp hereketde bolup az iýmeli,çydamlylygyň ýokary sypatyny görkezmeli,garnyň guly bolmakdan daşda durmaly”diýip,serkerdelerine tabşyrypdyr.Şol sebäplem onuň tabynlygyndaky nökerler güýçli,edermen,syrdam-syratly,görmegeý bolupdyrlar.Ýurduňy goramakda,iliň öňüne çykmakda Soltanyň özem şeýle taplanan,berk beden,gaýratly bolmalydy.Ol şeýle bolupdyram.”Jan saglyk gowy zat ,ýöne,nöker onuň üstüne gujur-gaýratly,mert,batyr bolsa hoşuma gelýär”diýer ekeni.Ol sag eliniň orta barmagy bilen almany deşip bilipdir,barmagy bilen pitiklese,pitiklenen kelle hoz ýaly çişipdir.Öňler uly meşiklerde

suw saklar ekenler.Alty at goşulan araba bilen 12 meşik suw alyp barýan arabanyň tigri döwlüp,nökerleriň öňüni bekläpdir.Soltan muny görüp,arabany egni bilen göterip,tigri ýerine goýýançalar saklap durupdyr.

Soltan Sanjaryň ölümi bilen seljuk döwleti dargady,netije-de adamyň sagdyn ösmeginiň,güýçli,batyr,mert bolmagynyň ähmiýeti peseldi.Nedir şanyň,Keýmir körüň döwründe adamyň güýjüni yzygiderli,akylly-başly ösdürmek meselesine gaýdyp gelindi.Nedir şa ýüz kilolyk daşy göterip,onuň üstüne ýene bir zat goýup bilen nökerine erkeklik nyşany bolan silkme telpegi geýmäge rugsat beripdir,şondan soň öýlenmäge hem rugsat alypdyr.Daşy goltuklap götermek döşüňi,gollaryň güýjüni ösdürýär,şikessiz lezzet berýär.Obalarda ýaşlaryň arasynda her hili oýunlary,çilik, topgaçdy, gizlenpeçek, göreş,ýapdan,germewden böküp geçmek we şuňa meňzeş oýunlaryň ösmegine badalga berlipdir,bu bolsa sagdyn,gujurly nesiliň ösüp ýetişmegine ýol açypdyr...

Sport Ewropa ýurtlaryna 17-18-nji asyrlarda ýaýrapdyr.Agyr atletika sportyň bir görnüşi hökmünde 1860-nji ýylda hereket edip başlapdyr.Şondan soň toparlar döräp,özara ýaryşyň düzgünleri resmileşdirilipdir.1896-nji ýylyň tomsunda Afinada geçirilen birinji Olimpiýa oýunlaryna agyr atletika sport ýaryşy ilkinji gezek goşulypdyr.Dogry,ol wagtlar sportsmenleriň agramyna görä bölünmegi,ýaş aýratynlygy ýaly zatlar bolmandyr,kim ýokary netije görkezse şol hem ykrar edilipdir.Bawariýaly piwo gaýnadyjy Gans Beg diýen adam ýurdunda iteklep götermekde135 kilo,göni götermekde 130 kilo,jeni 265 kilo netije görkezenem bolsa,Olimpiýa gatnaşyp çykyş etmänligi sebäpli ykrar edilmändir,oňa derek daniýaly Wigga Ýensen 111,5+66=177,5 kilogram daşy göterip,Olimpiýanyň altyn medalyna mynasyp bolupdyr...

Altymyrat bulary aňynda aýlap ýatyrka,birden Tyrry kakasynyň haýyşy ýadyna düşüp, gülüp goýberdi.Gapdalyndaky tekjede irkilen Gurban tisginip oýandy-da,töweregine garanjaklap:

-Näme boldy-how!-diýdi.

–Bagyşla,dost jan!Ýadyma bir zat düşdi-de,gülmeli boldum-diýip,Altymyrat boýnuna aldy.

–Güler ýaly zat bar bolsa bile güleli-diýip,ol gözüni oýkalady.-Meň Osipýan atly bir dostum bar.Ol türkmen dilini,däp-dessuryny,girim-çykymyny gowy bilýän diýip öwündi.Men oňa:”Onda sen aş saýlabam görensiň-le!?”diýsem ol: ”Hawa,öýümde saýlaýan”diýip jogap berdi.

–O nähili bolýar,dost jan?

-Wiý,sen heniz durmuşyň gädiginden garan dälsiň-ow!.Aýalyň göwresinde çaga galjak bolandaky aralyk ýagdaýa aş saýlama diýilýär.Indiki degişme Ata Köpegiň adyndan berilýär.Bir baý türkmen bezelen bedewe atlanyp, geçip barýarmyş.Ýol gyrasynda oturan şahyr:”Eşegi nirä alyp barýarsyň,how!?” diýip sorapdyr, onda atly:”Eşekmi şu,eşekmi?Gözüňi giňiräjik aç!”diýip,gaharlanypdyr.Şahyr bolsa ”Gaharlanma,men bedewden soraýaryn ahyryn”diýip jogap beripdir...Alty,näme güleňok?Ýylgyrma-da, çynyň bilen gül,how!Men azap çekýärin ahyr,seni güldürjek bolup.-Gurban örän şoh oglandy,degişme diňlemegi,aýtmagy gowy görerdi,käte ýüzüniň ugruna bir zady aýdyp goýbererdi welin,haýranlar galyp oturmalydy.Şu günem Altymyrada ol:”Dost,itiň art aýagyndan suw içmeli boldug-ow!Gör,çelegiň suwy gutarypdyr”diýip,ony güldüripdi.-Meniň bir inim bar,dördünji synpda okaýar.Kakam käte onuň mugallymyny çagyryp iýdirip-içirýär,berk terbiýelemegi tabşyrýar.Bir gün mugallym gelip:”Gardaş,ogluň indi hapa sözler-ä agzyna alanok,hajathananyň içine-daşyna ýazýanlary bilen

oňaýýar”diýip,kakamy begendirjek boldy.Mugallym şol gezek nahar-a iýdi,ýöne çalt gitmeli boldy.

-Meňem Şamyrat diýen dostum bar,içip,kellämi agyrdýär,öz kellesini bolsa ert-ä goýýar.

–Be,be,Altyjan,senem bir zatlar tapjag-ow!-diýip,Gurban hezil edip güldi-Biziň bir içegen goňşymyz bar,aýaly kelemdir käşir dograýar,olam aýalynyň keýpine sogan dograýar,onsoň köp içýän-ä äri,çaýkanýanam aýaly.Tomaşa etde otyr.Onuň aýaly,şol är bilenem ýaşap ýör.Äri:”Oba-oba aýlanyp ýüzi gülüp duran samsyjak aýala öýlendim,wagtyň geçmegi bilen ol akyllandy, indi gülenok”diýýär.Şeýle äriň bolarda gülki ýadyňa düşermi?.

-Şamyrat kel arakdan doýanda “uçýan tarelkalary” hem görse bolýar!-diýip,Altymyrat gürrüňe başlanda, komandir gapyda peýda bolup:

-Gürrüňi bes etmeli,ýatmaly!Alty,seniň üçin bir hoş habarym bar.Ony erte aýdaryn!-diýip,gapyny ýapyp gitdi.Şondan soň dostlar seslerini çykarman ýatjak boldular,emma bolaýýarmy näme!

-Ýaňy,meni oýaryşyň sebäbini aýtmadyň-la!?-diýip,Gurban pyşyrdap sorady.

-Aý,Tyrry kakam-da,şeýle-şeýle diýip haýyş etdi,indi, oba barsam näme jogap berjegimi hem bilemok.

-Aşgabatda başy boş aýal-a kän.Ol näçe ýaşynda?

-Segseniň gädiginden garady.

–Sen oňa,” Bu ýaşdan soň aýaly näme etjek!” diýmediňmi?!

-Ýok,dost jan,ony diýip bolmaz.Ol diňe aýal tapylar diýen umyt bilen ýaşaýar ahyryn.Umytdan düşdügi adam gutarýar.

–Onda bilmedim.Hany,ertire bir çykaly,kelle dynç alsyn.Bir alajyny taparys...

Ertesi ir bilen,turmaly buýruk berilmänkä,komandir ýuwaşlyk bilen Altymyrady oýardy-da,jaýdan alyp çykyp,uzyn boýly,ak sakgally,silkme telpekli,peşeneli ýaşulynyň ýanyna eltdi.Altymyrat oňa edep bilen salam berdi.

–Täçmuhemmet aga,ýumşuňy diňe şu oglan bitirip berer.Galanynam özüňiz gürleşiň!-diýip,komandir olary tanyşdyrdy.

–Oglum.sag-amanlykmy!Ir bilen oýardy diýme.Maňa kömek gerek.Sygyrym gaýadan gaçyp aýagyny döwdüripdir.Gaçan ýerinde soýjak welin,bogaz.Şony araba ýükleşmeli!-diýip,ýaşuly seslendi.

–Bolar,ýaşuly.Geýnip geleýin,gidäýeris!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

Daň atanam bolsa jahan ýagtylmandy,howa aýazlyjady.Garrygalada beýle howa bolubam duranokdy,onda-da şu gün-ä üýtgeşikdi.

Olar dag ýodajygy bilen ýokary galdylar-da,ondan aşak düşüp,içi hozdyr-armytly jülge bilen esli ýörediler.Jülgäniň daga direýän ýerinde,kiçeňräjik şaglowugyň ýakynynda,daýaw ala sygyr aýaklaryny serip ýatyrdy.Gyrymsy böwürslene baglanan eşek,yzyna goşulan arabasyny jygyldadyp,nämedir bir zatlary çöpleýärdi.Çeýneýän zadynyň hütürdisi mese-mälim eşidilýärdi.

–Ýaşuly jan,eşegiň tüweleme daýaw ekeni.Mende hem şeýle ak eşek bar.Onuň bilen sygyrlaryma ot çekýärin,daýaw goňur pişigmizem bar..

–Tüweleme,daýhan maşgalasyndan diýsene!Görenimden şeýle çak etdim.Näme diýseler diýibersinler,ylym-bilim meselesinde-de,durmuşa ukuplylygynda hem oba oglanlary şäherlilerden öňde.Iki dogmam,okajak diýip,maşgalalaryny taşlap gitdiler.Ber onsoň gürrüňi.Hersiniň birden,ikiden çagasy bar.Iýdirmeli,içirmeli.Ata bolup çagalaryna eýe çykaýjak ýaly...Emma...

–Ýaşuly,sygyry şu depejige elteýin,soň arabany oňa diräp ýükläris-diýdi-de,Altymyrat ýatan sygyryň iki öň aýagynyň yz ýanyndan gujaklady-da ýaşulynyň: ”Dur,dur,kömekleşeýin”diýmesine garaşman,süýräp,ony eltmeli ýerine eltdi.Araba-da ýükledi.

-Tüweleme,tüweleme,gör,daýhan oglunyň ediberşini!Sygyr iki ýüz kyrk kilodan agyrdyr.Oglum,adyňam soramandyryn.

–Altymyrat, meniň adym.

–Altymyrat!? Dur-la,dur-la,sen şol Soýuzyň Aşgabatdaky ýaryşynda birinjiligi eýelän goç ýigitmi?Adyňy eşidip,nähili ýigitkä,nähili adamka,bir görüp biläýsem diýip,arzuw edip ýördüm.”Yhlasa myrat”diýenleri.Adam arzuw etse boljak ekeni.Ýogsa-da sen bu ýerde näme işleýärsiň!?

-Watan öňündäki gulluk borjumy berjaý edýärin.

–Onuň üçin, gazykdan boşan däli öküz ýaly ýigitler ýeterlik ahyryn! Ol saňa galypmy!Sen ýüzlerçe,müňlerçe erkegiň edip bilmejek işini,türkmen halkynyň abraýyny,şan-şöhradyny dünýä ýaýýarsyň! Gullukdan bize şol wajyp dälmi?

-Ýaşuly jan,men bir sähraýy oba oglany,olar ýaly zady bilemok.Gulluk etmegiň borjumlygyna welin düşünýän.

–Aý,bolýa-da.Könelerimiz:”Bir ýagşylyk,bir ýamanlyk unudylmaz”diýipdirler.Maňa kömek etdiň,Taňryýalkasyn!Onuň öwezini nädip dolarkam?

-Ýaşuly jan,taňryýalkasyn berdiňiz-ä,şol bolýar.Hyzmatyňyza mydam taýyndyryn!-diýip,Altymyrat onuň bilen hoşlaşyp,ýodajyk bilen ýokary çykyp ugramakçy boldy.Emma Täçmuhammet aga ony saklap:

-Ogul,seniň eden bu ýagşylygyňa ýagşylyk bilen jogap bermesem-ä göwnüme jaý däl.Gel,bir zat edeli.Men häzir malymy öýe taşlap daga dyrmaşýan maşynym bilen gelip,seniň heniz görmedik ýerleriňi görkezjek.Seni bezegli depä alyp gitjek.Garaşgyn-diýdi.

Gar gatyşykly ýagyş hem ýagmaga başlady.Ol eşeginiň nogtasyndan tutup barýan ýaşulynyň yzyndan garap galdy.

Altymyrat serhet bölümine gelende,esgerler eýýäm nobatdaky türgenleşige başlapdylar.

–Ýuwun,ardyn,ertirlik edin,dynç al.Ertir sen gyssagly Aşgabada gitmeli,ýaryşa çagyrýarlar-diýip,komandir oňa hoş habary ýetirdi.

Iki sagat geçip geçmänkä Täçmuhemmet aga täzeje UAZ maşyny bilen ýetip geldi-de, komandirden rugsat alyp Altymyrady alyp gitdi.

–Men saňa Çendir jülgesinde ýerleşýän “Bezegli depe”diýilýän tebigatyň astynda müňlerçe ýyllap duran taryhy muzeýi görkezjek.Onuň bilen bütin dünýä alymlary gyzyklanýarlar-diýip,ýaşuly,dagyň howply-hatarly ýoluny özi ýasan ýaly,maşynyny basyp barýar.Onlarça menzil ýöräp,kä ýerde peýda bolýan obajyklaryň gapdalyndan hem säginmän geçdi-de-Çendir jülgesiniň obalary yzda galdy.Şu görünýän depeden aşsak barmaly ýerimiz edil eliň aýasynda ýaly görüner-diýdi.

Ýaşulynyň ynhajykga,häzir ýetýäs diýeninden soňam onlarça kilometr ýol geçip,ahyrym iki gyrasy belent gaýaly,gür tokaýly derede saklandylar.

–Seret bu täsinliklere!-diýip,ýaşuly,olaryň duran ýeriniň gabat garşysyndaky gaýa daşlarynyň ýüzüne çekilen şekilleri görkezdi-Adamlaryň aw edişi,durmuşy,ýaşaýşy barada habar berýän bu şekilleriň musulman dininiň bize aralaşmagyndan-da owalky asyrlara degişlidiklerini alymlar belleýärler.

Dogrudanam,”Bezegli deredäki”daşlaryň ýüzüne çekilen suratlaryň,şekilleriň aňyrsy-bärsi görünmän uzalyp giýärdi hem-de açyk tebigatyň astynda duran täsin bir muzeýi ýadyňa salýardy.Altymyrat olara seredip haýranlar galdy şol bir wagtda ülkäniň “Köw ata”,”Ak patlawuk”,”Gara patlawuk”,Köýten dagyň tükeniksiz gowaklaryndaky täsinlikler,şekiller,Artyk obasynyň gabadyndaky dag içinde gizlenen daşa çokunýanlaryň täsin ymaraty,Saragtdaky 12-nji serhet nokadynyň gabadynda,dag içinde ýerleşen,adamyň ilkidurmuş döwrüne degişli ymarat,täsin şarlowuklar,”Gyzyl suw” we ýene-ýeneleriň öwrenilmän ýatandygyna gözüni ýetirdi.

–Sen heniz Bahry-Hazary,Goja Balkany,Awazany,Şagadamy gören dälsiň,olarda hem şeýle täsinlikler sanardan kändir.Ine,şular Çendir dagy,hol gaýrada hellewläp görünýän Soňy dagy,günbatardaky Hazar dagydyr.

–Ýaşuly jan,asyl siz Kerim şahyryň ýazmagynda,Döwletgeldi Ökdüriň sazyny döredip aýdym edip aýtmagyndaky”Pyragyny gören daglara”meni getiripsiňiz-dä?!Men muňa örän minnetdar,sag boluň,ýaşyňyz uzak bolsun!-diýip,Altymyrat uzyn boýly,peşeneli ak sakgally,ak silkme telpekli ýaşulynyň elini gysdy.Şol wagt maşyndaky radio-da zehinli bagşynyň ýakymly sesi eşidildi.

Her kemeriň her bir ýoly,
Müň asyryň ömür ýoly.
Magtymgulyň şygry ýaly,
Kökün ýere uran daglar.

Daşyňyzdan aýlanaýyn,
Da-şyňyzdan aýlanaýyn.
Başyňyzdan aýlanaýyn,
Pyragyny gören daglar...

–Men Döwletgeldi bagşynyň ähli aýdymlaryny halaýan,ýöne şu aýdymy bilen “Deňiz guşumyny” “Sumbaryň naryny”welin tolgunman diňläp bilemok-diýip,Altymyrat başyny ýaýkady.-Soňky aýdymynda ol Garrygala daglaryny,kert-kert kemerlerini,belent başly çynarlaryny,al ýaňakly enaryny,durnaň gözi ýaly dury suwly çeşmelerini taryplaýar.Haçanda ol taryplamalary öz gözüň bilen göreniňde onuň edýän täsiri başgaça bolar ekeni.

–Hawa,Sahy Jepbar Döwletgeldini on sany ilhalar aýdym-sazy döredip bilýän bagşylaryň Hally bagşy,Magtymguly Garly,Girman bagşy,Gurt Ýakup,Oraz Salyp,Nobat bagşy,Palta bagşy,Öre şyh,Gazak Gara ýaly bagşylaryň hataryna goşdy.Onuň döreden aýdymlarynyň sany on sekize golaýlaýar,özem hersiniň aýratyn bir döreýiş taryhy bar.Ol barada näçe gürrüň etseň az.Wagt gijigip barýar.Garaňky düşmänkä mekana golaýlaşaly-diýip,goja maşynyna atlandy.

Hawa,Altymyrat heniz beýle täsinligi görmändi.Hut şol sebäpli hem Täçmuhammet aga öwran-öwran minnetdarlygyny bildirip,onuň bilen hoşlaşdy.Bir adama ýagşylyk etseň ol saňa artygy bilen gaýtarar ekeni...

Sportçy bolsaňam günüň saparda geçmelidi.Ol ilki baş aý gulluk etdi,iki aý ýaryşda boldy,ondan gelip iki aý gulluk etdi,indem näçe aý saparda boljagy belli däldi...

## Perwouralskiý şäherinde.

Aşgabatda iki aý türgenleşik geçen Altymyrat fewral aýynda Perwouralskiý şäherine ugrady.Onuň ýanynda ildeşi,sakarçägeli Oleg Komlew we tälimçi Abramýan

bardy.Özara gürrüňçilikde,Oleg tälimçi Orazberdi Orazdurdyýewi ýatlady.Orazberdi ştanga ilki aýak basan türgeniň yhlasyndan,hereketinden,özüni alyp barşyndan nähili sportsmen bolup ýetişjegini bilýärdi.Şol sebäpli bolsa gerek,köp sanly oglanlaryň içinden ol diňe şu ikisini saýlap,sport mekdebine ugradypdy.Iki ýylyň içinde olara ştanga götermegiň inçe usullaryny,syrlaryny öwredipdi.Onuň iň esasy talaby tizlik.”Ştanganyň ýanyna baryp ýaýdanyp durman,çalt almaly,hereket etmeli,şonda endamyňa agram düşmeýär”Ine, onuň iň esasy talaby.Ol hakykatdan hem kiçigöwün,ýokary ussatlyga ýeten tälimçidi,dört ýyllap ýaşlaryň arasynda Türkmenistanyň agyr atletika boýunça baş tälimçisi,SSSR-iň 22 şäherinde çykyş edip,ştanga götermekde dördünji orna mynasyp bolupdy.Onuň hem ilkinji tälimçisi Abramýandy.Abramýanyň tälim beriş usuly hem öwgä mynasypdy.Ol barada dürly gazet-jurnallarda köp makalalar ýazylypdy.Bitiren hyzmatlaryny göz öňüne tutup,oňa SSSR-iň at gazanan tälimçisi diýen hormatly at hem dakylypdy...

Ine,häzirem, çaý içişlikden soň,Abramýan oturgyja kellesini goýup gyşardy.Uçaryň käte çaýkanyp,eşidilýän dyngysyz güwwüldisi edil sallançakda üwrelýän ýaly,täsirini ýetirýärdi.Altymyradyň hem gözleri ýumylyp barýardy.Ol şeýle saparlary halamasa-da,islese-islemese gitmeli bolýardy.Nirede bolsa-da öýüni küýseýärdi.Oňa galsa ähli ýaryşlary,öz dogduk mekanynda,obasynda,iň bolmanda onuň golaýynda giçirerdi.Şonda kalby rahatlanjakdy,derisi giňejekdi,aşygy alçy gopjakdy.Ýöne,ol bolaýýarmy näme?Nirä gitse,nirede bolsa mydama ejesi gözüniň öňünde,göresi gelip ýüregi eräp barýar.Onuň bu ýagdaýy ejesini köp emenligi üçin bolsa gerek!Watanyny çaksyz söýýänliginden bolmagam ahmal.Öz ýeňişiniň şanyna ýaňlanýan döwlet gimniniň ýany bilen aýdyma gygyrmasy hem şonuň şaýady.Ony başga näme bilen düşündirjek?...Ine,häzirem ol ejesini ýatlap,uklap bilenok.Oleg oňa ejem ogly diýjek bolýar.Ýok,ol beýle däl.Ol öz duýgusyny düşündirip bilenok. Oleg bolsa häzir elindäki bölejik kagyzy bir däl,iki-üç okap oňanok,gaýtalap-gaýtalap ýene okaýar,yzyndanam haty bagryna basyp,gözüni ýumýarda,başyny ýaýkaýar.Edil kellesi üýtgän Çary däli kakasy ýaly bolup...

–Bolup oturşyň nätüýsli?Böwregiň böküp dur-la, dost jan!?

-Söýýänim hat ýazypdyr...

–Ýazanda näme?

-Söýüşip gör,şonda bilersiň!

-Meni goşunyň tugy ganatlandyrýar,sebäbi men gullukda-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Söýmek-söýülmek hukugy saňa bagly däl.Onuň girdabyna düşeniňde bilersiň,bir gün... Sen näme,”Leýli-Mejnuny”,”Zöhre-Tahyry”,”Şasenem-Garyby” okamadyň-my?

-Her bir türkmen çagasy dessanlary bilmese bolmaz ahyr,dost jan.

–Menem olary okadym-diýip,Oleg janykdy- Dessanlarda gyz-gelinleriň gözelliklerini wasp etmeklik aýratyn ýokary derejä göterilipdir,söýgi-takdyryň howaýy salgymy hökmünde görkezilipdir hem-de bir-birinden aýra düşen aşyk-magşuklaryň çekýän hasratlary,ahy-nalalary getirilipdir.Ýöne aşyk-magşuklar köplenç birek-birekden aýra düşýärler.

–Durmuşda şeýle zatlar bar.Obada bir gyzy söýen ýigidine bermediler.

–Alty,sen söýüp gördüňmi?

-Ýok,heniz!-diýip,ol gyzardy.

–Onda ýaşan ömrüň haýp!

-Men ýaňy on dokuz ýaşa aýak basdym,dost jan...Ýöne...Ýöne,bir gyza güljagaz sowgad-a berdim.Arada oba baranym-da.

–Näme ony dostuňdan gizleýäň?Gürrüň ber-dä,how!?

-Etrapdaky türgenleşik geçýän ýerimize oglanlary göreýin diýip bardym.Daşarda durus welin,üç-dört sany gyz mekdepden gelýär,Garýagdy kakamam ýanymda,keýpem kök...Ol ymaratyň öňünde,meýdançadaky gyzyl bägüliň birini ýolup,elime tutdurdy-da:

-Bar,şol barýan gyzlaryň öňdäkisine gowşur!-diýip,gitmejek bolsamam arkamdan iteiäp ugratdy.Bardym-da, gyzyň ýüzüne hem oňly bakman:”Şuny agam saňa ber diýdi”diýdim.

–Heý,ýagşam bir iş edipsiň.Agamdan däl,özümden diýmeli ekeniň-dä!Gül berýän sen ahyryn!

-Aý,diýdim-dä,dost jan!

-Sen ony tanaýarmyň?

-Ýok,gören zadym däl.

-Zat däl ol,how,gyz,özem göwhere meňzeş gyz.Meniň guman edýän gyzym bolsa, daşdan görüpdim.Biziň ýaşaýan ýerimizden günbatarrakda,etrap bankynyň golaýynda ýaşaýan bolmaly.Sen ony soramadyňmy?

-Garýagdy kakam-a salgy berdi.

–Salgy beren bolsa anyklamaly ekeniň.Agzyňy öweldip ýörseň gyz tapmarsyň.

–Gyzy  ejem tapar,dost jan. Maňa şol bolýar

–Indi näme,ata-babalaňky ýaly, gyzy görmän,zat etmän,ejeňe ynanyp öýlenäýjekmi?

-Ejem maňa erbet gyz alyp bermez-ä,dost jan!

-Olam-a dogry welim...Indi  oňa gül berjek bolanyňda:”Menden sowgat!” diýgin,bolýamy!

-Bolýa,diýäýerim.

–Ýürekde söýgi ody tutaşmasa,ýokardaky dessanlara düşünip bilmersiň.Men on ýaşymdakam rus dilinde ”Tristan we Izolda” atly bir Ýewropa  romanyny okadym.Soň “Leýli-Mejnuny” okanymda,bu iki eseriň arasyndaky meňzeşlige gaty geň galdym.Türkmen dessany nire,Ýewropa nire.Asyl görlüp oturylsa,adamzadyň medeni durmuşyndaky hadysalaryň ählisi bir-biri bilen nähili hem bolsa bir arabaglanyşyk saklapdyr.Geň görünse-de,bu şeýle.Ýewropa bilen gatnaşygy bolmadyk türkmen klassik şahyry Andalybyň döredijiligindäki dessanyň Uzak günbataryň medeniýeti bilen galtaşmagy ony subut edýär.

–Dost jan,sen örän okumyş oglan!

-Maňa ýöne dost diýäý.Ors hem bolsam türkmen topragy,tebigaty,tagamy,terbiýesi bilen türkmenleşdim.

–Bolýa,ors dost jan!...Gel,onda ýataly.Dogrusy,ýatjak bolaly.Ýerim üýtgese gözüme çiş kakylan ýaly,meň-ä!Gör,Abramýanyň hor çekäýşini!

Oleg kellesini oturgyja goýan badyna uka gitdi,belki uklan däldir,ýöne uklan boldy.Şol bada hem okan hatynyň täsiri bilen arzuwlan gözeli,Aýyň bir bölegi  bolup, gujagyna dolan ýaly boldy.Ol gözelini bagryna basdy,garaja saçlaryny sypalady,al ýaňakdan öpdi,şonda beýhuş ediji üýtgeşik bir täsirli ys,ýaş gyzyň ysy onuň huşuny aldy.Huşuny ýitiren adamyňam näme,hereketlerini özüňiz bilýäňiz.

Olegiň eli onuň dyzynyň üstüne düşende,Altymyrat:”Ukudaky adamdyr-da,goý,goýsun!”diýenem bolsa,haçan-da ol dyzyň töweregini sypalap-sermeläp ugranda oturyp bilmedi.

–Eý,dost jan,senem düýşüňde zaňňar Göroglynyň zenandyr diýip Kösäniň dulugyna agyz urşy ýaly,dyzymy sypalaýarsyň-la!?Çek eliňi!-diýip,ol Olegiň böwrüne hürsekledi.

–Näme bold-aýt,uçar näsazlyk tapdymy?diýip,Oleg gözüni açman sorady.

–Sen näsazlyk tapdyň,dyzymy sypalap ugradyň.

–Sypalamda näme,ýagyň azalýarmy?Wah,ýaňy bir gowy düýş görüp,yşk oduna ýanyp başlapdym weli...

–Ýansaň ýanyber,ýöne eliňi bir çek.

–Ganym gyzyp kelläme urýar,ýüzümem lowlaýar.Beýle dert itiňe-de degmesin diýsene!

-Ahyry haýyrly bolsun,dost jan!Ýaňy-ýakynda bir dostum şular ýaly "ýoňa" sataşdy-da,tarpa-taýyn gidiberdi.

–Goýsana how!-diýip,Oleg kellesini galdyryp,Altymyrada gazaply seretdi-Özüň bir görmegeý,gelşikli oglan weli,agzyňdan çykýan sözler haýyrly däl."Çykmadyk janda umyt bar"diýleni.Kimiň öň gitjegi belli däl.

–Beýle sözleri aýtma-da,how,dost jan!

-Nädeýin,ýazzy maňlaýymda samsyklap otursaň...

Şol wagt uçardaky "perizadyň",syratly sypaty göründi,ýakymly sesi çykdy:"Uçar menzile golaýlaýar.Kemerleriňizi dakynyň!Howanyň sowuklygy 20 derejede.Ýyly geýinmegi ýadyňyzdan çykarmaň"...

Olar Perwouralskiý şäheriniň "Gözýetim" myhmanhanasynda ýerleşdiler.Ýaryşyň geçjek stadiony golaýjykda-dy.Abramýan kofe içip oturan Olege syrly bakdy-da:

-Keýpiň-ä ýok,Oleg jan!Näme,ýoňladyňmy?diýip,sorady.

Oleg hakykatdanam özüni onçakly sagat saýmaýardy.Agraslyk,ýadowlyk,ýaltalyk basmyrlaýardy.Birki aýlykda degen dümew henizem doly aýrylyp gitmedik bolarly.Ýa-da ol başga zatdanmy-ka?Söýgülisi düýşüne girip ýatyp bilmändi ahyryn.Söýgi adamy uçurýar,hyjuwlandyrýar,ganatlandyrýar diýse-de,şu gün-ä onuňky birhili...Her zatda bolsa ol öz ýagdaýy barada dil ýarmandy,ýöne ýarmalydy.Abramýan onu onsuzam aňdy.

–Aý,ýatyb-a ýatdym welin,birhili ugrym ýok-diýip,Oleg jogap berdi.

–Wah, düýnki haty ýaryşdan soň saňa bermelidim,ýalňyşdym-diýip,Abramýan başyny ýaýkady.

–Tolgunmaga esas ýok,dost jan,berk dur-diýip,Altymyrat ony köşeşdirdi.

Ertirlik nahardan soň olar stadiona bardylar.Şu gün ýaryş başlanýardy.Sportçylaryň ýaryşa çykmaga garaşýan ýerinde gaýda gaýmalaşyk köpeldi.Ilkinji bolup,kiçi agramly ştangaçylar ýaryşa başlamalydy.Zalda oturan sekiz müňe ýakyn tomaşaçy bolsa uly agramda çykyş edýänlere tomaşa edesleri gelýärdi..Häzir göýäki bir resmi ýaryş däl-de,adatdaky tälim alýanlara tomaşa edilýän ýalydy.Ýöne,haçan-da,sportçylar rekord agramlary alyp ugranlarynda welin,goh-galmagal güýjäp,ýetjek derejesine ýetýärdi.

Altymyrat,52 kilogram agramda çykyş edýän Naum Süleýman ogluny,56 kilogram agramda çykyş edýän Miligasýany gazanan ýeňişleri bilen gyzgyn gutlady,ýeneki ýaryşlarda üstünlik arzuw etdi.Haçan-da 75 kilogram agramda çykyş etmelileriň ýaryşy başlananda,diňe şondan soň ol eşik çykarylýan ýerde,oturgyçlaryň üstünde ýatan ýerinden Abramýanyň ýanyna bardy.Abramýan Altymyradyň häsiýetine belet bolansoň,oňa kän bir ony et,muny beýt diýip durmaýardy,sebäbi ol etjek işini gowy bilýärdi,Olegiň welin ýanyndan aýrylman maslahatyny ýetirip durýardy.

Haçanda Altymyrat ilkinji synanyşygynda iki ýüz kilogram agramy goýmagy soranda,Abramýan birhili tisginip giden ýaly,ýüzüni öwürdi-de:"Alty jan,özüň gowy bilýänsiň,ýöne men saňa 190 kilogramdan başlamagy maslahat berrýärin,eger muny alyp bilmeseň yza gaýtma ýokdur!" diýip,maslahat berdi.Emma Altymyrat sesini çykarmady,ýogam,boram diýmedi.Ştanga şol agramda hem goýuldy.

Göterilmeli ştanga mata sahnajygyň aňyrsynda,tomaşaçylaryň öňünde,adatdan daşary yşyklandyrylan meýdançanyň ortasynda dur.Oňa barmak üçin on bäş ädim ädäýmeli.Emma çagyrylanlygyna garamazdan Altymyrat,şar gara saçly başyny aşak egip,gozganman otyr.Zalda goh-galmagal hasam güýjäp ugranda Abramýan:”Alty jan,wagtyň boldy”diýip,oňa duýduryş berdi.Şondan soň ol uludan demini aldy-da,köp sanly tälimçileriň,bekewülleriň,lukmanlaryň,oýkalaýjylaryň arasy bilen geçip,howlukman ýöräp ugrady.Olaryň nazarlary ortadaky ştanga gönükdirilendi.Näme üçin diýeniňde,ştanganyň taryhynda heniz iň soňky almaly agramy ilkinji aljak bolan ýokdy.Ine,meseläniň şu ýeri gyzyklydy.

Altymyrat on basgançak ýokardaky sahna çykdy-da, bir gyrada duran içi magneziýaly dörtgyraň gapyrjagyň ýanyna bardy.Ondan hek ýaly ak garyndyny alyp,gataňsy ellerine çaldy-da,sabyrsyzlyk bilen garaşýan köp sanly tomaşaçylaryň gözleri bilen ugratmagynda baryp ştanga ýapyşdy.Sahnanyň aňyrsyndan:”Alty,seniň 15 sekunt wagtyň galdy”diýip,Abramýanyň sesi eşidildi.

Ol ştanganyň üstüne abanyp egildi-de,agasy Orazberdiniň:”Ştanganyň ýanyna baraňsoň çalt hereket etmeli,ýaýdanyp durman götermeli” diýen sözlerini ýatlap,ukudan oýanan ýaly bolup güýjüni jemledi.Zalda şeýle bir dym-dyrslyk höküm sürýärdi,hat-da siňek uçsa eşidiljekdi.Tomaşaçylar heniz ady sory belli bolmadyk syratly oglanyň beýle batyrgaý herekedini,demlerini alman synlaýardylar.

Ine,ştanga agramy ýok ýaly,ýöne ýuwaşlyk bilen ýokary galdy-da,Altymyradyň kükreginde saklandy.Indi ony ýeňillik bilen ýokary galdyraýmak gerekdi.Iki ýüz kilogramy galdyraýmak dilde aňsat, hawa, dilde aňsat.Ýöne ştanga ýokary galdy.Altymyrat ony depesinde saklamaly wagtyndanam has artyk saklady...

–Wa-a-a!-diýen sesler zaly göçürere getirdi,el çarpyşmalar ondanam beter boldy, ”Berekella!Berekella!Berekella!” diýen sesleriň yzy gutarmady.Ony iki sapar sahna çagyrdylar,üçünji gezek hem ...

–Seniň ýene iki gezek galdyrmaga hakyň bar.Agramy artdyrmakçymy?-diýip,Abramýan ondan sorady.

–Ýok,Iki ýüz bolýar.Ol gowy san,şeýle dälmi,Oleg jan?-diýip,ol ýanynda duran Olege ýüzlendi.Olam ony mähir bilen gutlady-da:

-Iki ýüz- iki ýüz bolarda,gardaş!-diýip,jogap berdi.

Altymyrat ştanga götermegiň iki görnüşi boýunça 355 kilogram alyp,öz agramy boýunça ýaryşda birinji orny eýeledi we altyn medala mynasyp boldy.Ol 155 kilogram agramy hem özüniň ilkinji synanyşygynda almagy başardy.Oleg Komlew Sergeý Li bilen ýaryşdy.Altymyrat:”Sen dördünji orna çykýarsyň,ýöne gaýga batma!”diýip,Olegi soňky synanyşyga ugratdy.Abramýanyň çaky hem şeýleräkdi. Oleg bolgarýaly,ukrainaly sportçylardan yza galyp,öz agramy boýunça dördünji orna çykdy.Şonda-da,Abramýan ýagşydan ýamandan oňa hiç zat diýmedi.Sportda her hili ýagdaýlar bolýardy ahyryn.

–Şowsuzlyga uçradym diýip gaýga batma!Bu bolýan zatlar.Arkaýyn dynç al,gowy taýýarlan.Nesip bolsa indiki ýaryşlarda senden öňe geçen bolmaz-diýip,Altymyrat ony köşeşdirdi.

Myhmanhananyň naharhanasynda,ýaryşa bagyşlanyp geçirilen duşuşykda, gazetdir-radionyň habarçylary Altymyradyň daşyna ýygnandylar.

–Beýle batyrgaý üstünlik gazanmagyň syrlary nirede?-diýip,bir habarçy sorady.

–Ony tälimçim gowy bilýär-diýip,Altymyrat Abramýany görkezdi.Kim näme sorag berse-de, ol diňe şu jogaby berdi.Duşuşygyň ahyrlarynda germaniýaly bir habarçy Altymyradyň üstünligini gutlap şeýle diýdi:

-Seniň ynamly ýeňişiň german janköýerlerini diýseň guwandyrdy.Olar maňa jaň edip goýanoklar.Magdeburg şäheriniň ýaşlar ýygyndy komandasynyň baş tälimçisi öz ýurdunda çykyş edip bermegi senden haýyş edýär,öz toparynyň,seniň kömegiň bilen ýokary derejä ýetjekdigine ynanýar.Ýol harjy bilen az owlak sowalgany öňünden berýär.Ýaryş ýene bir hepdeden geçirilýär.

Altymyrat bu berilen soraga näme jogap berjegini bilmän,Abramýana seretdi.Olam ýaýdanyp:

-Bilmedim-dä!Maslahatlaşyp görmeli,ýolbaşçylardan soramaly.Jogabyny soň aý

daýmasam-diýip,jogap berdi.

Dogrudanam,ol beýle meseleleri ýeke özi çözüp bilmeýärdi,ony Soýuzyň baş tälimçisinden,ministrlikden soramalydy.

Nemes habarçysy gelýänçä Altymyradyň Germaniýa gitmek meselesi çözüldi.Ol,jurnalistiň çagyryşy bolmanda-da,SSSR-iň ýaşlar ýygyndy komandasynyň baş tälimçisi Oleg Pisarewskiniň ýolbaşçylygynda Germaniýa gitmeli edilipdi.Oleg Komlewe bolsa Aşgabada gitmek üçin ýol petegi we sowalga berilipdi.

–Burun!(ol Bruno Abramýana “Burun”diýip ýüzlenýärdi)-Siz maňa sowalgany gaty az berýärsiňiz-le?!-diýip,Oleg janykdy.

-Saňa petegiň ýany bilen az owlak sowalga berildi.Görkezen netijäňe seredeniňde saňa olam kän.Hakykatda men Goffmanyň edişi ýaly, seni şu ýerde taşlap gitmeli. Düşünmediňmi?Amerikan ştangaçylarynyň beýemçisi, millioner Bob Goffman,Şwesiýada geçirilen dünýä çempionatynda, kanadaly agsak ştangaçy Dag Henburizden ýeňilenligi üçin,iki Olimpiadanyň we dünýäniň alty gezek çempiony Jem Dewesi,bir köpük sowalga bermän, Stokgolmda taşlap gidýär.Onsoň ol görgüli öýüne gaýtmak üçin çaýhanalarda aýdym aýdyp,bilmese-de tans edip,ýoluna pul gazanýar.Dogry,men seni oňky ýaly bu ýerde taşlap gidemok,ýöne gereginden artyk pul hem bermek islämok.Düşündiňmi?

-Düşündim-diýip,Oleg başyny atdy.

Altymyrat Olegi ugradan-da,ýanyndaky barja puluny berdi-de:

-Söýgi uçurýar,ganatlandyrýar diýýärdiň welin,taýagyň beýleki ujy hem bar eken-ä,dost jan!?-diýdi.

–Meniň şowsuzlygymy göz öňünde tutýansyň,düşünýän.Ýöne,bu ýerde söýgüniň täsiri ýok.Ýoň,onuň sebäbi,ýoň.

–Ýeri bolýar,dost jan.Oglanlara salam aýt.Nesip bolsa menem ýarym aýdan dagy gulluk ýerime barsam gerek.Görşeris!

Dostlar gujaklaşyp hoşlaşdylar...

## Germaniýa, Afina,Samarkant.

Altymyrat Naum Süleýman ogly bilen Germaniýa yçmak üçin Moskwanyň Domodedowa menziline gelipdi.Uçmaga iki sagat wagtyň barlygy sebäpli olar ilki garbandylar soň köpsanly gazet-jurnal nokatlaryna aýlanyp,okar ýaly kitap,gazet gözlediler.Altymyrat agyr etletika boýunça tälimçileriň maslahat beriji çykyşlaryny,gyzykly ýatlamalaryny okasy geldi,emme beýle gazetdir-jurnala.kitaba gözi ilmedi.Dogry,sportyň birnäçe görnüşleri barada ýazýan şol bir jurnalistiň makalasyny “Sowetskiý sport” gazetinde okasa boljakdy,emme häzir-ä şolam tapdyrmaýardy.Munuň sebäbi,agyr etletika boýunça aýratyn neşir edilýän gazet-jurnallar ýok diýen ýalydy.Ony çem gelen jurnalist çem gelen gazetinde çap edýärdi,olam redaktoryň sportyň şol

görnüşine bolan garaýşyna baglydy.Agyr atletka barada ýazmak üçin oňa gowy düşünýän,tilsimlerini aýyl-saýyl edip bilýän ökde tälimçi ýaly jurnalist bolmalydy.Beýle jurnalistler ýokdy.Onsoň käte bir çykýan makalalar ýaryşyň geçişinden habarsyz ýazylan ýaly bolup görünýärdi.

Okamaga zat tapmadyk Altymyrat bir çüýşe suw alyp,sport gezetiniň täze sanyna seredip oturan Naumyň gapdalynda çökdi-de,näme üçindir birden Groznaly Muhady Sedoýewi ýatlady.1987-nji ýylda fransiýanyň Reýmse şäherinde geçen Ýewropa çempionatynda bürünç medala mynasyp bolan Muhadynyň näme üçin kellesine gelenini özem bilenokdy,ýöne,haçan-da ol Naim Süleýman ogly bilen öz öňünde peýda bolanda Altymyrat birhili aljyrajak ýaly etdi.Onda käte şeýle düşnüksiz ýagdaý bolup geçýärdi,ýagny, kimi ýatlasa şol adam bada-bat peýda bolýardy,ýa-da ýaryşda kimiň nähili netije gazanjagyny,haýsy orna düşjegini öňünden aýdyp otyrdy.Ýap-ýaňy Naimiň ýagdaýyny Naumdan soramaly diýip pikirlenipdi,şol bada ol onuň öňünde peýda boldy.

Altmyş kilogram agramda çykyş edýän Bolgarýaly Naim,köp wagtdan bäri öňdeligi elden bermän gelipdi.Onuň adatdan daşary üstünligini,birden götermekde 152,5 kilo,itekläp götermekde 190 kilo,jemi 342,5 kilogram agramy indi, esli ýyl bäri hiç kim gaýtalap bilmeýärdi,hat-da ol derejä ýetiljegem belli däldi.Ol 1984-nji ýyldan bäri öňdeligi elden bermän gelýärdi.Soňky ýyllar lukmanlar oňa ştanga götermek gadagan diýipdiler.Ol nätjegini bilmedi,keselini bejerdeýin diýse mümkünçiligi ýok,serişdesi ýok.Nätsin.Hakykatda welin,Naimiň soňky ykbaly şeýleräk bolupdy.Ony türk Prezidenti Turgut Ozal ýurduna getiripdi.1986-nji ýylda,türk metbugatynyň habar bermegine görä,Bolgarýadan gaçyp,Primer Ministre degişli uçar bilen türk topragyna aýak basan Naim,Türkiýe bilen Bolgariýanyň arasyndaky köp wagtlyk gozgalan jedele sebäp bolupdy.Naimi ýurduna getiren Turgut Ozal bolgarlara bir million dollar töläp,girizilen bolgar haryt gadagançylygyny aradan aýyrdy,onuň Olimpiada gatnaşmagyny üpjün etdi.Ýurduň Prezidentiniň hut özüniň bu sport ussada bolan beýle uly aladasy,ýatlanylmaga mynasyp işdir.Bu asylly hereket Ozalyň ýokary adamkärçiliginden habar berýär.Naimiň Atlanta-da geçen ýigrimi altynjy tomusky Olimpiýa oýunlarynda görkezen gaýraty bilen dünýäniň hem-de bäsdeşleriniň ykrar etmegini gazanmagy Rim metbugatynda uly ýaň döretdi.Ýunan döwlet telegörnüşi bolan “ЭТ-1”-däki göz-göni görkezişde:”Naimiň örän uly sportçydygyna şek ýokdur.Onuň göteren ştangasyny her kes göterip bilmez.Leonidis hem Atlanta-da bir döw bilen ýaryşdy we kümüş medal aldy”diýip habar berdi.Gündelik gazetler bolsa:”Üzül-kesil bir hakykat bar,Naim ştanga-da birinjidir we şeýleligine hem galar”diýip ýazdylar,gazetleriň ýene birinde “60 kilogram agramda 335 kilogram göterip,sport taryhyna giren gerçek başga ýok”diýilýärdi...

Altymyrat Muhadynyň,Naimiň öňünden çykyp,gadyrly salamlaşdy,saglyk-amanlyk soraşdy,hasam elli ýaşa aýak basan Naimiň ýagdaýy bilen gyzyklandy.

–Ýagdaýym erbet däl-diýip,ol jogap berdi.

–Bolgariýa barýaňyzmy?

-Ýok,Stambula.Iki ýyl bäri men türk raýaty.

–O nähili?Dogduk mekanyňy çalşaýdyň-my?

-Keseliňi bejertmäge kömek berilmese,ýaşamaga şert döredilmese nire gowy bolsa gitmeli bolýarda.Keseliňe serişde gözläp,eliňi serip,obama-oba,şäher söküp aýlanyp ýörjekmi?Aýlananyňda ýeterlik serişde gazanjagyňy bilýärmiň?Menem watanymy terk edesim gelenok,ýöne kyn güne düşen ýagdaýyňda watan seni goldamaýan bolsa nätjek?Hudaýa şükür,uly mülküm,köşk ýaly jaýym,uçarym bar,girdejim

ýeterlik.Saglygymy bejerdiler.Türk ýaşlaryna tälim berýärin-diýip,Naim sagadyna seretdi.

–Wagtymyz boldy.Alty sen nir-ä?-diýip,Muhady sorady.

–Germaniýa,ýaryşa barýaryn.

–Spotsmene sahsy eýe gerek,bolmasa ömrüňi saparda geçirmeli bolarsyň,serişde gözleginde gyltyma kowalaşar ýörersiň.

–Naim,agam jan, düşünmedim!?

-Düşünmez ýaly zat ýok.Seni mahabat üçin alyp barýarlar,az-owlagam puljagaz bererler,wessalam.Serişdäň ýeterlik bolsa beýle ýollara baş goşmarsyň.Şony aýtjak bolýan.Ýeri,sag bolmaşak,onda!-diýip,Naim hoşlaşdy.Muhamedi hem elini uzatdy-da:

-Watan mukaddesdir,gör-dä!-diýdi...

Haçan-da uçara münenlerinde,häliden bäri bir zat sorajak bolýan Naum ýaryldy.

–Alty,ýaňkylaryň ýanynda eglendiň-le!?

-Naimiň saglygyny soradym.Näme?

-Watan dönügi bilen gürleşmek bolmaýar.Üçlügiň jansyzlary hemme ýerlerde ysyrganyşyp ýörler.

–Adam bilen salamlaşmak,saglygyny soramak gadagan däldir-ä?

-Mümkün boldugyça olardan daşda durmaly.

–Men ony başarman-diýip,Altymyrat gönümelligi bilen jogap berdi-Nädip doganyňdan ýüz öwürjek?Biz,men,sen,Naim üçümiz bir dogan,üç döwlet ahyryn.1220-nji ýylda,Ärtogrul begiň başda durmagynda,ata-babalar Marydan Anadola bardylar,türk döwletini döretdiler, 1050-1070-nji ýyllarda bolsa ruma degişli ýerleri eýelän seljuk türkmenleri azerbeýjan şalyklaryny döretdiler.Birek-birekden gaçara ýerimiz ýokdur,gaýtalap aýdýaryn,bir dogan üç döwletdiris.

–Bä,şeý diýsene.Bilmändirin.

–Bilmeseň şeýle,Haum dost.Wenger alymy Wamberi:”Türkmenler özleriniň medeni merkezini azerbeýjan topragy diýip ykrar edipdirler”diýip ýazýar.

–Onuň ýazgylaryndaky käbir nätakyklary bellemekçi.Ol bu ýazgyny ýazanda türkmenleriň “Saýatly-Hemra”dessanynda aýdylýan “Häzirbeýjan” aýdymyny göz öňüne tutan bolmaly.Muny azerbeýjanyň sungat öwreniji alymy Gazanow şeýle düşündirýär:”Azerbeýjanlar özleriniň “Wagzaly” aýdymynyň heňini Garagoýunly türkmenlerden alypdyrlar”diýýär.

–Diýmek,türkmen medeniýetiniň merkezi azrebeýjan topragy däl-dä,Maru-Şahu-Jahan topragy bolmaly,sebäbi Garagoýunlylar taryhda hut şu ýerden göçüp barypdyrlar.

–Belki şeýledir-diýip,Naum razylaşdy...

Altmyş adamdan ybarat SSSR-iň ýaşlar ýygyndy komandasy Germaniýanyň Magdeburg şäherine geldi.Ýaryş üç gün dowam etdi.Altymyrat 75 kilogram agramda çykyş edip,iki görnüş boýunça 345 kilogram göterip,Halkara sport ussadynyň normasyny ýerine ýetirdi.Şol günem ol,baş tälimçi Oleg Pisarewskiniň rugsat bermeginde, Magdeburg şäheriniň ýaşlar ýygyndy komandasynyň agzalary Marko Şpanel,Andreý Poiteks,Tomas Kantuasy,Mihail Şubert ýaly, deň-duş ýaşlar bilen duşuşdy,pikir alyşdy.Komandanyň baş tälimçisi Gerhard Deutçer,topar bilen ýaryşa gelen türk tälimçisi Turgut Özen hem olaryň arasynda bardy.Gürrüňçiligiň soňunda Gerhard şeýle diýdi;

-Men Brest ýaryşyndan bäri seniň gazanýan üstünlikleriňe yzygiderli syn edýärin.Sen-de,Alty,üýtgeşik bir güýç bar.Ştanga senden gorkýar.Şeýle arassa, çilimden, arakdan,beýleki neşelerden daşdaky ştangaçy maňa howa ýaly gerek.Gizlin däl,käte, ýaryşdan soňky üýüşmeleňlerde,özara gürrüňdeşlikde:”Men pylan hilli dermany atdym

welin peýda edäýdi"diýip, içki syrlaryny özara paýlaşýan sportçylar köpeldi.Beýle ýagdaý köpçülige aýan edilmeýär,galyberse-de,sportçylaryň hasaba alyş barlaglary döwre görä kämilleşdirilmedi,ine onsoň şeýtanyň-dermanyň kömegi bilen gysga döwürde ýokary netijeleri gazanýanlaryň sany artyp başlady.Beýle dermanlar bolsa haýsy dermanhana barsaň bar.Onsoň,gazanylýan rekordlaryň kömelek ýaly köpelip,birdenem azalyp barýanlygynyň şaýady bolýarsyň.Seniň görkezýän netijeleriňe syn edenimde men onuň endigan,kem-kemden ýokary galýanlygynyň şaýady boldum.Hakyky sportçynyň netijesi şeýle hem bolmaly.Şol sebäpli men seni komandamyň hataryna çagyryp,özüň ýaly arassa oglanlara,arassa ýol bilen ýokary netije gazanyp bolýanlygynyň göreldesini görkezmegiňi isledim.Ýaşlaryň arasynda ýaramaz endikleriň ýaýrama howpy bar,şondan gorkýaryn.Men ine,özara şertnama taýýarladym.Her ýyl ýaryş geçirilýän döwri gelip, komandanyň adyndan çykyş edip bermeli,gazanyljak netijelere garamazdan saňa ýylda 350 müň amerikan dollaryny tölemegi boýnuma alýaryn.Gowy netijeler gazanylsa görkezilen pul iki-üç esse galdyrylar.Şertnama nemes we rus dillerinde,iki nusga,okap gol çekäýmeli.Ýogsa-da,ýanymda türk tälimçisi hem şeýle teklibi orta atýar.Isle bize gel,isle olara bar,isle iki şertnama gol çek,ol öz işiň-diýip,ol kagyzlary Altymyradyň öňüne süýşürdi.

Altymyrat  kagyzlara seretmedem,gol hem goýmady.

–Men bu çylşyrymly zatlara düşünemok!Öz edip biläýjek zadymy welin aýdaýyn.Ýaryş döwri, bir hepdelik gelip,komandanyň haýryna çykyş edip bereýin,ondan artyk saklanyp bilmerin.Sebäbi,ýurdumdan çyksam ýüregim gysýar.Nirede bolsamam ýagdaýym şeýle,bagyşlaň!

-Meniň diýýänim hem şol bir zat.Ol şertnamada görkezilen.Bizň düzgünimizde taraplar özara şertnama baglaşmaly,gol çekişmeli.Şeýle ýagdaýda görkezilen puly aljagyňa kepil geçse bolýar.Gol çekmeseň,näme berseler oňarsyň,bermeselerem oňarsyň.

–Aý,näme berseňiz beräýseňizläň!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Men beýle adamy ömrümde görmändim-diýip,Gerhard  başyny ýaýkady.

Başyňy ýaýkamaz ýaly däldi.Altymyradyň herekedini näme bilen düşündirjegiňi biler ýaly däldi,türkmençilikmi  ýa bir ýany samsyklyga direýän hötjetlik,Hatam taý bolmaklykmy ýa dost-doganlyk ýörelgesinden ugr alýan kiçigöwünlilik!?Düşün-dä,düşünseň!...

Ýaryşdan soň, gaýtmaly bolanda Altymyrat baş tälimçi Olegiň ýanynda oturmaly boldy.

–Oleg daýy,şu ýyl Seulda Olimpiýa oýunlary geçirilýär.Oňa  gatnaşasym gelýär welin,näme etjegimi bilemok-da!?

-Arzuw etmek gowy zat-diýip,ol çala ýylgyrdy-Ilkinji aýtjak zadym,Olimpiada ýygyndy komandanyň düzümi geçen ýyl tassyklandy,oňa gatnaşmak üçin dünýä ýaryşlarynda ýokary netije gazanyp,özüňy ykrar etdirmeli,bolmanda geçen ýylyň aýagynda tälimçiň Abramýanyň aýgytly hereketleri bilen,"hiç kime näbelli sportsmeniň uly netijeleri gazanyp biljekligi baradaky ykrarnamasy" gowuşmaly.Olaryň ýok ýerinde sportçy ýygyndy komanda goşulmaýar.

–Ol düzgünden çykyp bolmaýarmy?

-Ýok,bolanok.

–Olimpiada-da çykyş etmek ömrümdäki iň ýokary arzuwymdy-da...

–Sen intejik ýaş,tejribäň ýeterlik däl.

–Alty oňa derek öz agramy boýunça Soýuzyň iň tejribeli sportçylarynyň onlugyna girdi-diýip,Naum söze goşuldy.

–Ol dogry,Altynyň gelejegi bar,ýöne indi giç! Indiki oýunlara gatnaşarsyň!

-Wah,Oleg daýy jan,oňa dört ýyl garaşmaly ahyryn-diýip,Altymyrat başyny ýaýkady.

–Altynyň görkezen netijeleri geçen Olimpiadalarda medally orunlary alanlaryňkydan pes däl,artyk ahyryn! –diýip,Naum seslendi...

–Dogry,ýöne...Galanynam, täze baş tälimçi Wasiliý Alekseýew çözýär.Şondan soramaly...

Gürrüň şunuň bilen tamamlandy.Ýöne, Altymyrat baş tälimçi A.Medwedewiň ýerine geçen Wasiliý Alekseýewe bil baglap biljekdi ahyryn.Brest ýaryşynda ol özi ýaly sportçydy,indi bolsa baş tälimçi,SSSR-iň baş tälimçisi.Ol hökman kömek eder. Sowet ştangaçylary mydama bolgarlar bilen ýaryşyp,egin-egne berişip gelýärler,ikisinde hem öwrenäýmeli tejribeler,tälimler bar.Hemme ýerde bolşy ýaly,sportda hem nesil çalşygy bolaýmaly zat.Ýigrimi ýyl bolgarlaryň baş tälimçisi bolan Iwan Abajiýewiň ornuna,onuň kömekçisi,Olimpiýa çempiony Norair Nurykýan geçdi,şobada ruslar hem baş tälimçisini çalşyrdylar.Alekseýew soňky on ýylda tälimçilik bilen meşgullanan adam däl,ýöne onuň bu orna geçmeginde rus janköýerleriniň we beýleki respublikalaryň tälimçileriniň goldowy bar...

Hawa,Altymyrat Alekseýewi hökman görmeli,gürleşmeli,ýöne nädip?Indi ol öňküler ýaly her bir ýaryşa çykyp,öz-özüni türgenleşdirip durmaz,belki çykyş hem etmez.Şonda-da ol ony görmeli...

Moskwada Altymyrada,Afinada geçiriljek dünýä çempionatyna gatnaşmak üçin taýýarlyk görmelidigi aýdyldy.Näler öýüne gidesi,ejesini göresi gelse-de, ol üç aýlap bu ýerde taýýarlandy,öýe gidip geleýin diýse-de goýberilmedi.Garaz,göwün diýen taýýarlygyny görüp bilmedi,netije-de,Afinada geçen dünýä çempionatynda,ştanga götermegiň bir görnüşi boýunça altyn medala mynasyp bolan hem bolsa,umumy netijede ikinji orna düşdi...

Altymyrat Afina gelen güni,dynjyny hem alman, gök dona bürenen dag-jülgeleriň arasyna siňip giden Olimpiýa şeherjigine bardy.Beýleki gadymy şäherler ýaly,ol köp sanly ýer yranmalardan,gowgalardan,uruşlardan,diýdimzor hökümdarlardan,uzak ýyllaryň geçmeginden ýykylyp ýumrulypdyr.Bu ýerde dünýäde ilkinji gurulan sport desgalary bar.Şäherde ýaşalmasa-da,köçeler syýahatçylardan,sportçylardan hyryn-dykyn.Olar edil Altymyrat ýaly,uly baýramçylyk bolan Olimpiýa oýunlary dünýä sowgat beren şaherjige ilkinji nobatda syýahat etmegi öz borçlary hasap edýärler.Altymyrat hem daş basgançaklar bilen başlanýan derwezeden girip,ýokary galyp başlanda,ilkinji nobatda Gimnas atly sütünlere gabat geldi.Olaryň aşagynda gadymy grek ýeňil we agyr atletlary türgenleşik geçýär ekenler.Sütünleriň sag ganatyny üsti ýapyk kolanna sütünler topary tutýardy,oňa ýapyk sport meýdançasy-ygal wagty sport çäreleri geçirilýän meýdança hem diýilýärdi.Bu gadymy stadiony tebigatyň özi guran ýalydy,onuň demirgazygy Kronion dagynyň ýapgydy bolup,ol tebigy tribuna hökmünde hyzmat edýärdi.Ortada Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga rugsat edilen ýeke-täk zenanyň-Demetri hudaýynyň şekili bardy.Stadionda 40-50 müň adam ýerleşip,oýunlara tomaşa edip bilýärdi.Ondan birneme aňyrrakda 66 x66 metr inedördil meýdança bardy.Palestra ady bilen belli bolan bu howly göreş,ýumruk söweşi-boks ýaly sport çärelerini geçirmäge hyzmat edipdir.Ýaryşa goýberilen ähli sportçylar hut Gimnos meýdançasyna ýygnanyp,açylyşyň dabaraly ýörüşine başlaýardylar.Ýörüş dabarasy iň uly ymaratyň-Leonidaýon köşgüniň gapdalyndan geçýärdi.Onuň kaşaň jaýlarynda ýokary derejeli myhmanlar ýerleşýärdi.Ondan aňyrda gadymy greklerde Olimpiýa oýunlarynyň

goragçysy hasap edilýän Zews hudaýyň äpet hramy-ymaraty bardy.Onuň içinde Fidiý atly heýkeltaraşyň pil süňkünden we altyndan ýasan Zewsiň heýkeli ýerleşipdir.Ol 800 ýyllap bu ýerde duranyndan soň Konstantimopola-Stambula göçürilipdir,şondan soň heýkeliň yzy ýitipdir,ýöne ony şol döwrüň altyn-kümüş pullarynda görmek bolýar diýýärler.Onda tagtdaky Zews hudaýyň sag elinde Ýeňişiň hudaýy bolan ganatly Nikäni,çep elinde bolsa ikiýüzli keseri saklap oturan şekili barmyşyn...

Ýöne,Altymyradyň gulagyna degişine görä,bu şäherde Zewsiň heýkeli başga-da bar diýýärler.Olimpiýa kanunlaryny bozanlara,oýunlary äsgermezlik edenlere salynýan jerimeden düşýän serişde Zewsiň heýkellerini taýýarlamak üçin harçlanypdyr.Zewsden soň ikinji orunda durýan Gera atly hudaýyň hramy häzirem Olimpiýa oýunlaryna hyzmat edip gelýär,ýagny onuň bosagasynda Gün şöhlesinden Olimpiýa oduny almak ýaly dabara her dört ýyldan geçirilýär.

Olimpiýa şäherçesinde diňe bir Hudaýlaryň heýkel-ýadygärlikleri däl,başga-başga heýkellerem bar.Bu ýeriň kanunyna görä,Olimpiýa ýaryşynda üç gezek ýeňiş gazanan her bir sportçy bellenen ýerde öz heýkelini oturtmaga hakly bolupdyr.Altymyrat olaryň birini,göreşde alty gezek çempion bolan Milan Krotonskiniň heýkelini gördi,özi hem iň bolmanda üç gezek Olimpiýa çempiony bolup,”Milanyň ýanynda heýkelimi ýerleşdirerin” diýip, arzuw etdi.Emma arzuwyna ýetip bilmedi,özüne bagly bolmadyk sebäplere görä,oňa hat-da golaý hem baryp bilmedi.Bu arzuw gerçegiň kalbynda daşa öwrülip,doňup galdy.Doňan daş bagry zaýalady,bagyr öz gezeginde böwrege täsir etdi.Belki,gerçegiň ölümine sebäp bolan zatlaram şulardyr?...

Ol Olimpiýa oýunlaryny gowy görüşi ýaly,onuň taryhyny hem bilmeli diýip pikir edýärdi.Bu ýerde ol ony ilik-düwme öwrendi.

Ilkinji Olimpiýa oýunlary biziň eramyzdan öňki 776-njy ýylda geçirilipdir,ol soň biziň eramyzyň dördünji asyryna çenli dowam edipdir,emma şol döwrüň imperatory Feodosiýa birinjiniň buýrugy bilen ýatyrylypdyr.Oýunlar 1896-njy ýylda täzeden başlanýar.Altymyrat olaryň haýsy ýylda haýsy şäherde geçenligini ýatdan bilýär,hat-da 1916-njy ýylda altynjy,1940njy ýylda on ikinji,1944-nji ýylda on üçünji Olimpiýa oýunlarynyň geçirilmezliginiň sebäplerini hem bilýär.Gyşky Olimpiýa oýunlarynyň 1924-nji ýyldan bäri geçirilýänliginden hem habarly.Ol gadymy Afina adaty bir ýaryşa gatnaşmak üçin gelipdi,emma gözüne ilen gözellik kalbyny heýjana salypdy.Hiz wagt hiç ýerde  ol beýle tolgunmany başdan geçirmändi.Grek topragynyň her daban ýeri kalbyna çuňňur ornaşdy.Ol topraga aýak basanda özüni misli bir Olimpiada gatnaşýan ýaly,Seul Olimpiadasynyň kümüş medalyny gazanan özbek dosty Muhammedýanow bilen gürleşip duran ýaly duýdy.Ümbilmez bir güýç bedenini gurşady,ýyldyrym çakyp gelen jaladan soň tämizleşen salkyn şemal burnuna urdy,ýuwunan ýapraklar ygşyllaşyp,gara saçyny ýelpedi,ýaz bolmasa-da ýaz paslynyň lezzetini duýdy.Bu beýik sportyň täsiri netijesinde döreýärdi...

Afinadan gaýdyp gelende, Altymyradyň gulluk ýerini Garrygaladan Aşgabada geçirdiler,gullukdan welin boşatmadylar.Ol indi hem gulluk edýärdi,hem türgenleşik geçýärdi.Bir aýdan soň, bölüme täze gelen komandir esgerlere harby ýaraglary görkezmäge alyp gitmek üçin hatara duruzdy.Komandir  öňden geçip,esgerleriň egin-eşigini synlady,ilik ildirmedigi bar bolsa bellik etdi,kemeriň,ädigiň arassalagyny gözden geçirdi,käsine duýduryş berdi, ortasynda duran Altymyradyň ýanynda saklandy-da:

-Esger,Orazdurdyýew!Saňa komandirleriň iň ulusy ýüzlense-de, başyňy şeýle belent tutgyn!Meniň bilenem arkaýyn gürleşip bilersiň.Kakaňa,ştanga ýaryşy boýunça uly harby

bölümiň uly çempiony bilen salamlaşdym,elleşdim diýip,arkaýyn aýdyp bilersiň.Ol öz oglunyň beýle uly hormata mynasyp bolanlygyna guwanar-diýip,Altymyrada ýüzlendi.

–Bolar,ýoldaş komandir.Kakam ýok,ýöne ejeme ony aýdaryn-diýip,Altymyrat ýylgyryp jogap berdi.

-Ýüzlenmäge rugsat ediň,ýoldaş komandir!-diýip,esger Gurban Annaoraz seslendi,rugsat alanyndan soň:-Siziň öňüňizdäki esgere Altymyrat Orazdurdyýew diýýärler.Ol ştanga boýunça SSSR-iň,ýaşlaryň arasynda dünýäniň çempiony.

–Asyl şeýlemi?-diýip,gelişiksiz ýagdaýa düşen komandir görüşmek üçin Altymyrada elini uzatdy-Tanamandyryn.Tanamadyk sylamaz diýleni.Aýdaýmal-a!Asyl şeýleräk gürrüň bardy welin,üns hem bermändirin-Altymyrat bilen salamlaşan komandir iki ädim yza çekildi-Ýeri bolýar.Häzir men sizi ýaraglar bilen tanyşdyrmaga alyp gitjek.Üns berip synlaň,soragyňyz bolsa beriň!-diýdi-de,harby bölümden daşda bolmadyk meýdança esgerleri alyp bardy.

Meýdança-da dürli ýaraglar,toplar,BTR-ler,tanklar,gaýry enjamlar hatara goýlandy.Olaryň içinde görnükli ýerde,dürli reňkler bilen reňklenen tank Altymyradyň ünsüni çekdi.Ol teleýaýlymda gören bolaýmasa ýa suratyna sereden bolaýmasa T-75 harby tanky ýakyndan synlap görmändi.Şol sebäpli tankyň o ýerini,bu ýerini sypalap,ýanyndan aýrylasy gelmedi.Komandir muny aňdy.

-Hany,pälwan esger,Orazdurdyýew,aýt!Bu tank nähili zat!

–T-75 kysymly tank,erbet tolgunan DT-75 traktor ýaly bir zat.Ony Orazmyrat Ýasy sürende tolgunýan traktoryň ediberýän işlerini gözüm bilen görendirin.

–Bä,bä,ýaman däl.Onda bu näme?-diýip,komandir,meýdan saglyk bölüminde ulanylýan gapyrjakly maşynyň gapdalyndaky goşmak belgini we nyşany görkezip sorady.

–Goşmag-a goşmak,bilmedim welin, beýlekisem Orazmyrat kakamyň aýaly Körgyz gelnejemiň çaý içjek bolşyna meňzeýär.

– Ýylanyň zäheriniň bulgura dökülip durmasy-saglygyň nyşany.Az mukdardaky zäher dermandyr.Ýöne seniň degişme äheňdäki jogaplaryň maňa ýaraýar.Ýene bir sorag berjek.Adam maýmyndan emele gelipdir diýýärler,meniň mysalymda şoňa nähili garaýarsyň?

-Ýoldaş komandir,men siziň taryhyňyzy bilemok,bagyşlaň!-diýip,Altymyrat onuň büdür-südür,gelşiksiz ýüzüne seredip jogap berdi-Ýöne,öýlenip bagta ýetipsiňiz-ä diýýärler.

–Hawa,bagtly.Indi oňa göz ýetirdim.Ýöne giç...

Olar gülüşip hezil etdiler.Kän bir gepläp ýörmese-de,Altymyradyň jogaplary ýöne bir gezip ýöreniň jogaby däldigini bildirýärdi...

Altymyrat bäş aýdan soň,Samarkantda geçirilýän ýaşlar arasyndaky Soýuzyň çempionatyna gatnaşdy,ştanga götermegiň iki görnüşi boýunça 160+202,5=362,5 kilogram netije gazanyp,birinji orna çykdy we altyn medala mynasyp boldy.Bu barada “Sowetskiý sport” gazetinde,(13.12.1988)”Olimpiýa gatnaşan öňki sportsmenleriň ýerini kim eýelär?”atly makala çap edildi.Onda şeýle diýilýär:”Samarkantda Olimpiýa oýunlaryna taýýarlygyň çäginde SSSR-iň kubagy we çempiony diýen ada eýe bolmak üçin ýaryşlar örän çekeleşikli we gyzykly geçdi,täze-täze rekordlar gazanyldy.Jemi on toparda çykyş eden sportsmenleriň gazanan netijeleri we orunlary “tehniki görkezijiler” diýen setirlerde görkezilýär.Onda görşüňiz ýaly,5-nji toparda,75 kilogram agramda çykyş eden sportçylaryň başyny Aşgabatly Altymyrat Orazdurdyýew çekýär, Maýkoply Krasnow 355 kilogram netije gazanyp ikinji orunda barýar...”

Gazet bulary ýazmak bilen Altymyradyň Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga mümkünçilik berýän netijäni gazanandygyny belleýär.Ýöne,käbir sebäplere görä,Altymyrat(biz ony ýokarda agzap geçenem bolsak,şu käbir sebäplere görä diýen sözi näçe ýazasym gelmese-de,bolanok,onuň ýeňişleri käbirimiziň gözümizy çöp bolup gaçana meňzeýär)Soýuzyň olimpiýa komandasynyň hataryna düşmedi.Ýogsam onuň göterýän agramy Olimpiada-da medally orunlary alanlaryňkydan ýokary bolmasa pes däl.Megerem,ýaş,tejribesi ýeterlik däl diýendirler.Dogry,ýaş ýigidiň "Soýuzyň ýygyndy komandasyna dalaş etmegi hem kiçi üstünlik däl "diýjekler bardyr,"Ol uly ýola ýaňy gadam basdy,gelejegi öňde"diýýändirler,ýöne,SSSR-iň çempiony bolup,yzyndaky bilen tapawudy 7,5 kilograma ýetip,ýene tejribesi ýetenok diýip bahana tapmaklyk gaty bir ynandyryjy däl.

Başga bir tarapdan Samarkant ýaryşynyň möhüm tarapy gelejekki Olimpiýa oýunlaryna barýan ýoly külterläp başlamagydy,bu ýolda bolsa biz näçe täze sportsmenleriň adyny eşideris,näçe duýdansyzlyklara duşarys.Onda Altymyrat ýeňiş gazanar diýip çaklamak ähmiýetli däl .Käte ýeňiş gazanar diýeniň ýeňilip,hiç kime näbellisi hem öňe çykaýýar.Gazanylan netijelerden çen tutsaň-a,öňde diňe Altymyrat görünýär.Soýuz çäginde ýoň bolan bir ýörelge bar,ýaşlar gaty köp ýaryşlara gatnaşdyrylýar,agramlary,ýaşlary boýunça ýeňiş hem gazanýarlar,ýöne dünýä arenasyna çykyberýäni welin ýok.Hytaýda bu başgaça,ýaryşlar kän bir geçirilip durulmasa-da,uly ýaryşlaryň öňünde saýlanan ýaşlar dünýä ýaryşlaryna gatnaşdyrylýar,gowy netijeleri hem gazanýarlar.Altymyrat hem hut şeýle ýoluň tarapdary,sebäbi her sportsmen öz ýüzüni diňe uly ýaryşlarda görkezesi gelýär.Bolmasa onuň garşydaşy köpelýär,esassyz gürrüňlere sebäp döreýär.Altymyrat köp sanly ýaryşlaryň netijeleri boýunça däl,ştangada görkezip biljek ýokary netijäni özünde jemleýän häsiýeti,höwesi,mümkünçiligi, tutanýerliligi,güýji boýunça ýaryşa alynmagyny isleýär.Dürli häsiýetleri özünde jemleýän ştangaçynyň hakyky keşbini,bolmaly häsiýetleriniň sanawyny,goý,alymlar taýýarlasynlar.Onuňky ýol salgy bermek.Ine, onsoň,bir ýetginjek türgeniň ýanyna gelip:"Meniň iki ýyldan uly ýeňiş gazanjagyma ynamym bar,barlap gör!"diýse,öň ol hiç ýerde çykyş etmedigem bolsa,türgen öz tejribesine bil daglap ýa-da ýokardaky ýaly ştangaçyda bolmaly häsiýetleriň işlenip taýýarlanan modeline bil baglap ony ýaryşa alyp biler.Hytaýda şeýle hem edilýär,ýylyň ýylyna ýokary netijeler gazanylýar, köp serişde-de tygşytlanýar.Altymyrat hut şeýle düzgüniň tarapdarydygyny köp ýerlerde ýaňzydypdy,bu bolsa käbir tälimçileriň,ýolbaşçylaryň gaharyny getirýärdi,"Agzyndan süýdüň ysy gitmedik halyna akyl satýan"Altymyrat şonda-da ynamly herekedini goýmaýardy.Onuň mamladygyny "Sowetskiý sport" gazediniň 1-ji dekabar 1988 ýyldaky sanynda çykan:"Seuldan Barselona çenli"atly makala hem tassyklaýar."Seulda geçen Olimpiada yzda galdy,ýöne onuň netijeleri sport bilen dahylly adamlaryň,ýokary derejedäki spotçylary taýýarlamaga jogapkär hünärmenleriň bolup geçenleri aňynda aýlamagyna,seljermegine itergi berdi.Indi esasy ýaryşlarda gazanylýan netijeleri seljerip,geljek dört ýylda,indiki Olimpiadanyň Barselona barýan ýolunyň iň amatlysyny,peýdalysyny,sportsmenleriň güýçlisini saýlamak zerurlygy ýüze çykýar.Bu düýpli meselä jogap tapmak üçin noýabr aýynda Moskwada ylmy-tejribe ýygnanyşygy öz işine başlady.Onda Soýuzyň spota dahylly edaralary,ýygyndy komandanyň tälimçileri,respublikalaryň sport ýolbaşçylary,sporta dahylly alymlar gatnaşdylar Bu ýygnanyşykda sportyň hemme görnüşi boýunça baş tälimçileri çykyş ederler,sport ekspertleri ýetilen menziller we edilmeli işler barada maglumat bererler hem-de 1992-nji ýylda boljak Olimpiýa oýunlaryna taýýarlykly barmak üçin ýeke-täk ýörelgäni işläp

düzerler,ýygyndy komandalaryň statusy-düzgüni üýtgediler,ýaş ösdürimleri ýygyndy komandalaryň hataryna çekmek meselesi ýönekeýleşdiriler..”

Habarçy E.Alekseýewiň ýazan şu habarynyň aşagynda:”Agyr atletika boýunça Olimpiýa-92-ä taýýarlyk ýaryşlarynyň Samarkantda geçirilenligini,onda-da,Altymyrat Orazdurdyýewiň 75 kilogram agramda çykyş edip,altyn medalyň eýesi bolanlygy”barada habar berilýär.Bu habar ýönelige getirilmedi.Ol:”Seul Olimpiadasynda 75 kilogram agramda çykyş etjek sportsmen Soýuzda ýok” bahanasy bilen,Altymyrat gatnaşdyrylmadyk bolsa-da,indiki oýunlarda onuň gatnaşyp biljekdigine umyt döretdi,sebäbi onda ýaşlary ýygyndy komandanyň hataryna çekmek meselesi seredilipdi...

Hawa, şu ýerde ýene bir agzalmaly zat-1988-nji ýylyň jemi boýunça iň ussat sportsmen hökmünde Türkmenistan boýunça ilkinji onluga gireniň Altymyratdygy buýsançly zatdyr.Gazetde çap edilen bu habary dykgatyňyza ýetirýärin.

Geçen 1988-nji ýylyň jemi boýunça iň güýçli sportçylaryň düzümi.

| | |
|---|---|
| 1.Altymyrat Orazdurdyýew-agyr atletika. | |
| 2.Mihail Şuwaýew | - --=----. |
| 3.Oleg Komlew | ---.---. |
| 5.Leýla Kazymowa | dzýu-do. |
| 6.Oksana Kokorina | ---.---.---. |
| 7.Nataliýa Drujinina | ---.---.---. |
| 8.Marina Dunaýewa | akademiki küreklemek. |
| 9.Armans Karamýan | sambo. |
| 10.Mähri Öwezowa | küşt. |

## Taganrog,ABŞ.

--1--

1989-nji ýyl Altymyradyň uly üstünlikler ýyly boldy.Ol ýigrimi ýaşa aýak basdy.1987-nji ýylda goşun gullugyna alynyp,şu ýylyň güýzünde möhleti dolýardy,ýöne şonda hem ol dürli ýaryşlara gatnaşyp,ýokary netijeleri gazandy.1989-nji ýylyň başyndan ol Germaniýanyň Magdeburg şäheriniň ýygyndy komandasynyň düzüminde çykyş etmek üçin,beren sözünde tapylmaga ugrady.Asyl şol ýerde iki ýüzden gowrak sportsmenleriň gatnaşmagynda halkara ýaryş hem geçirilýär ekeni.Onuň ýanynda ildeşi Oleg Komlew hem bardy.Uçara münülen badyna,başga mahal wagt tapmaýan ýaly,ol kisesinden bir hat çykaryp:

-Söýgülimden gelipdir.Okap bereýinmi?-diýip,Altymyrada ýüzlendi.

–Uçara münýäs welin,gyzyň nobatdaky hatyny okap berjek bolýaň?Ol gizlin bolmaly dälmi,dost jan?!

-Başga ýerde okar ýaly wagtymyz barmy?.Biz mydam eňhä-eň,ahyryn. Ýalanmy? Dostumdan gizlin syrym bolmaz,senem şeýle bol,bolýamy?Söýgülime üç hat ýazdym, ynha-da jogaby.Muny Burun getirip berdi.Diňlejek bolsaň okajak.Bolmasa-da...-diýdi-de ol,jogaba garaşman okap ugrady.”Salam haty.Salam Oleg jan!Men Maýanyň tarapyndan Oleg jana,Alta we meni soranlara dogaýy salam.Men sag-gurgun,okap ýörün,nesip bolsa şu ýyl okuwymy gutarýaryn.Seniň ýagdaýlaryň neneň?Demir bilen araň ýagşymy? Üstünlik gazanýarmyň? Hawa,ýazan hatlaryňy alyp jogap ýazmaga oturdym.Ýöne,haýyş edýän,üç hatyňa jogap diýip bir hat ýazmakçy.Onuň üçin gamlanma!Wagt geler, gelersiň,duşuşarys,gürleşeris.Sen saparda ömürlik bolaňok ahyryn!Seniň birazajyk

gaharyňy getireýin welin,meni bagyşla!Ejemem,kakamam seniň adyňy agzanymda otly köýnek geýýärler.Bilmedim,haçan olaryň gözlerine ilip ýörsüň?!Elbet-de bu soraga nähili jogap bereňde-de,men alaçsyz kanahatlanmaly bolaryn,sebäbi barlap biljek gumanym ýok.Olaryň öňünde bir gödeklik edensiň-dä!Ol meniň üçin azajyk ýakymsyz,şonda-da,nirede bolsamam,ýurdyň haýsy künjegine gitsemem,seniň öýdeligiňi eşitdigim,ýanyňa barjaklygymy bilýänsiň.Sen meni tanaýansyň.Tanarça bolansyň.Ýadyňa düşýärmi,iki ýyl mundan ozal seni bir gyz bilen görenimde,özüňi aklap:"Ýaramazlyk etjek adamy gözenekde hem saklap bolmaz"diýipdiň.Şu sözleň ýadymdan çykanok.Şujagazyň özi seniň gözýetimiň giňligini subut edýär.Sen barada aýdylýan myş-myşlara gulak gabartmasam-da,garaz,meniň ýalňyşmaga hakymyň ýokdugyny sen bilmeli.Adam birek-birek bilen ömürlik birleşýär ahyryn.Onsoň,meni,iň bir gabanjaňlaryň gabanjaň gyzyny, ýaramaz hereketleriň bilen azara goýmajak bolmaly.Bilýärmiň:"Sen akylly,asylly bolmaly,her bir aýdylan gepe ynanyp ýörmeli däl"diýenimde,sen:"Saňa ömürlik wepaly bolaryn" diýipdiň.Men oňa ynandym.Şol sebäpli saňa durmuşa çykyp, durmuş ýolumyzy gowulyga tarap üýtgetmek arzuwy bilen ýaşaýanlygymy ýaňzydasym gelýär. Söýgüde birek-birege wepaly bolmak,söýgüliňe ak ýürekden hyzmat etmek ikimiziň hem borjumyzdyr.Şu setirleri okap sen:"Be,bu meni wepasyzlykda aýyplaýan ýaly-la?"diýip,pikirlenmegiň mümkin.Ýok,seni wepasyzlykda aýyplamok-da,azajyk ýeňilkellelige ýüz ursaň-"wepasyzlygam daş däl"diýjek bolýan.

Oleg jan! Bilmedim,meni barlap görmek islediňmi ýa oýun etdigiňmi:"Meni ýürekden söýýärmiň?"diýip sorapsyň.Söýmeýän bolsam,seniň bilen hat alyşyp ýörmezdim,ýadymdan çykarardym.Maňa diňe sen gerek!Maňa hyzmatyma ýarajak,meni ýürekden söýjek,wepaly boljak,gaýgymda gamlanyp,şatlygyma şatlanjak,gepimi çekjek,garaz,"ölmeli"bolsa pikirlenmän bile ölmäge taýyn,"ýör"diýsem,ýadaman meniň bilen ýer gutarýança gitjek oglan gerek.Köp zat isleýär ekenimmi?Ýok,bu emtegem az.Bu zatlary başarmajak ýigit meniň ýoldaşym däl.Hut şaýle!Sen bulary öňdenem bilýänsiň.Ýene bir gezek ýatladýan:Şu sarnaşdyranlarym bilen razylaşmaýan bolsaň,açyk aýdaý,hoş,sag bol diýäý.Meniň ak ýürek bilen aýdýan sözlerim üçin gaharyň gelmesin.Köp gep nokatlanym üçinem bagyşla!Göwnüňe degmek islämok-da,düşündirmek isleýän.Belki bu zatlara mendenem gowy düşünýänsiň,onda-ha,hasam gowy.Ýöne men bir biynjalyk gyz,ýanyňda bolsam bu gürrüňleriň başyny agyrtmazdymam...Aý,garaz,sabyrly bolup garaşýandyryn.Ahyrym tapyşsak meniň-ä şärik ýerim şol.Hoş,sag-salamat bol!Öz däli Maýaň..."

Hähili?-diýip,haty okap bolan Oleg Altymyrada çiňerildi.

–Hatyndan çen tutsaň-a,ajdarhany ýadyňa salýa, çaksyz akylly ýaly.Ýöne seniň hem başga gyzy yzyňa düşüryp ýörmegiň bolanok.

–Ol synpdaşymdy, gürleşip barýarkak göze iläýdik..

–Bolanda näme,synpdaşyň?Birini söýýän bolsaň,başgany ýadyňdan çykarmalydyr.

–Goýsana how!Heniz söýüşip göreňok-da gody-gody edip, akyl öwreden bolýaň.

Söýgi-wepa hak-da sözlesem,eger,
Meň çynymdyr,bolmagyn sen,betguman,
Aýdyňdyr bu dostuň pälwanlyk keşbi,
Seňem söýjekligiň belli bir zaman-

diýdi-de,ol:-Aý,ýok-la,seni öz elime almasam bolmaz.Şu ýaryşdan soň göni oba gideli.Şol gyz bilen seni özüm duşurjak-diýdi.

–Tirkiş kakam:”Şahyrlar üç hilidir,yşk,köşk,keşp şahyrlary bardyr”diýýär,sen bularyň haýsysyna degişl,dost jan?

-Men  yşk hem keşp şahyry.

–Bä,hany  düşündiriş ber-dä,oňa,dost jan!

-Yşk şahyryň keşbi dutaryň kirşleri ýaly inçe,şirwan perde ýaly näzikden mylaýym bolmaly,köşk şahyryň keşbniň ýüzi, dutaryň gapagy ýaly galyň,häsiýeti dutaryň gulagy ýaly çekip-gowşadyp bolýan,ýagny özünden ökdelere başyny egmäni başarýan hem-de dutaryň eşegi ýaly diýlen ýere süýşüp bilýän bolmaly,keşp şahyry bolsa-adamlaryň aladasyna aglaýan,olaryň keşbine biperwaý bolmaýan bolmaly.Ýaňy aýdyşym ýaly,seniň aladaňy etjek bolmagym meniň keşp şahyryna degişliligimdir.

–Her zatda bolsa wepasyz bolmaň gelişikli däl,dost jan.Men-ä...

–Goýsana how!Çoýuz dargajak bolup dur,sen bolsa wepa,biwepa...-diýip,gysaja düşende mojuk zat tapmaga ökde Oleg jogap berdi.

–Bi samsyk gepleri nireden eşitdiň,dost jan?!

-Nostradaumys 1450-nji ýyllarda aýdanmyş...

–Ertekiňi goý,dost jan!Biz ýaňy aç-açanlyga ýetdik,metbugat özüniň hakyky ýüzüni görkezip başlady.

–Haý,näbileýin,beýle elpe-şelpelik uzaga çekmäýmese-diýip,Oleg başyny ýaýkady.Ähli zada onuň öz garaýşy,öz pikiri bardy,ýoldaşy razylaşsyn,razylaşmasyn,şol pikirinde durýardy:-Gorbaçewiň etjek bolýanyny enesi ýalamadyklar etdirmezler.Aç-açanlyk kürsülerinde mäkäm ornaşanlaryň  etmişlerini aýan edýär ahyryn.

–Eýsem,olar näder öýüdýärsiň,dost jan?

-O bäbegi ýanan petigaralar Gorbaçy pyzyp goýbererler.Eýýäm kürsüni “men aljak-da men aljak” diýişip,alabasga düşüp ýörmüşler.

–Bä,şeýle bolaýarmy-kan?!Onda biz näderis,dost jan?-diýip,Altymyrat soragly nazaryny Olege gönükdirdi.

–“Muňalanyň ýüzi Käbä”diýilişi ýaly, il nir-ä, bizem şol tarapa gideris.Gorkma,nähili ýagdaý dörände-de, seni şol gyz bilen tanyşdyrmak meň bilen.

–Men oň aladasyny edemok,dost jan,men ejemiň,maşgalamyzyň aladasyny edýän.Ýokarda bir üýtgeşiklik bolsa,soňy gelip garamaýaklaryň depesinden bela bolup inýär ahyryn.

–Dogry,ol sada türkmenlere hasam bela bolup inýär.Atam türkmenistana göçüp gaýdanda oňa:”Ýumrugy bilen gulak tozuna bir ýapanda,möjegi pişik ýaly mawladyp bilýän ýarym-ýalaňaç adamlara duşarsyň”diýipdirler,emma hakykatda, göwnüne degilmese goýun ýaly “öz ugruna gezip ýören sada,ýöne edenli,gaýratly  adamlara duşdym” diýerdi.Şoňky ýaly,menem gaýratly dostuma, gyz bilen duşuşykda araçyl bolmakçy.Nädersiň,gyzyň özi gapyňy kakyp dursa!

-Ýene erteki otarýaňda,dost jan!Gel,şu gürrüňleri goýaly.Onsoňam berk belle,maňa heniz gelin bolup gelmänkä gapymyzy kakýan gyz gerek däl.

–Dost,dünýeler düýşdir keýtige diýilişi ýaly sen nirelerde gezip ýörsüň?Häzir şu hokga ýörgünli boldy.Indi ýigitler gyzy däl,gyzlar ýigidi saýlaýarlar.

–Dost jan,gel şuny goýaly-la!-diýip,Altymyrat kellesini oturgyjyň arkasyna ýaplap,gözüni ýumdy.

Uçaryň birsydyrgyn güwwüldisi sallançakda ýatan çagany üwreýän ýalydy...

Uçar säher bilen Magdeburg şäherinde gondy.Edil şol gün öýlänem, ýaryş başlanýar ekeni.Ýaryşda 75 kilogram agramda çykyş edýänler bolmansoň,agramy 82 kilograma ýetmese-de,Altymyrat şol agramda çykyş edip,iki görnüş boýunça 366 kilogram

göterip,altyn medala mynasyp boldy,Oleg hem 90 kilogram agramda çykyş edip,ýaryşyň çempiony boldy.Şol bir wagtda, Magdeburg şäheriniň ýaşlar ýygyndy komandasy, Altymyradyň gatnaşmagynda Germaniýanyň kubogyny eýeledi.Oňa iki ýarym müň dollar pul gowşuryp,"Özara şertnamamyz ýok,bizden gaty görme!"diýdiler.

Görýäňizmi,bir adamynyň bitirýän işini! Topar Altymyradyň gatnaşmagynda,öň hiç wagt ýüzi düşmedik kubogyň eýesi boldy duryberdi.

Ýaryş gutaran badyna türkmenistanly sportçylar, Ukrainanyň Taganrog şäherinde,ýaşlar arasynda SSSR-de birinjilik almak ugrundaky başga bir ýaryşa gatnaşmak üçin gaýtdylar.Altymyrat bu ýerde hem 82 kilogram agramda çykyş edip,ştanganyň iki görnüşi boýunça 372,5 kilogram göterip,altyn medala mynasyp boldy we ABŞ-da geçiriljek dünýä ýaryşyna gatnaşmaga hukuk gazandy.Şol agramda çykyş eden Oleg Komlew bolsa bürünç medala mynasyp boldy.Bolan wakany gürrüň berip otursyň,käbir okyjylarda "munda erteki otarylýan bolaýmasyn"diýen pikiriň peýda bolmagy hem ahmal.Sebäbi,75 kilogram agramda çykyş etmeli Altymyradyň ýokary agramda çykyş edip,heniz görülip eşidilmedik ýeňiş gazanmagy ertekä çalym edýär.Türknenistanly, Orazberdi Orazdurdyýewiň başda türgenlik etmeginde ýola düşüp gaýdan ýokarky iki gerçegiň, pylan agramda çykyş etjek diýen dawasy bolmady,gerek bolsa öz agramlaryndan on,on bäş kilogram ýokardaky sportçylar bilen batyrgaý ýaryşyp bildiler.Bu bolsa iki gerçegiň mümkünçilikleriniň çäksizliginiň subutnamasydyr...

Uçar on iki sagatdan soň Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Florida ştatynyň Maýamy şeherine golaýlaşdy.On iki sagat uçup gidip otyrsyň welin,ýeriň aňry ujuna ýetendiris diýýärsiň.Dogdudanam,bu, ýeriň aňry ujy diýilýän ýerdi.Florida Amerikanyň elli ştatynyň iň günortasynda ýerleşýärdi.Paýtagta, Waşingtona baranyňdan Kuba respublikasyna barmak bir ädim äden ýalydy.Haçan-da uçar aşaklap ugranda,zenan mähirli sesi bilen:"Hormatly ýolagçylar!Dispetçer jaň etdi.Şu gün Maýamy-da soňky ýyllaryň içinde iň yssy gün bolýar diýdi.Bu onçakly begendirmese-de,habary size ýetirmek meniň borjum,näme üçin diýeniňde,biziň uçarymyzda agyr atletika boýunça ruslaryň ýaş sportsmenleri bar,biz olara,bu ýerde geçiriljek dünýä çempionatynda uly üstünlikleri arzuw edýäris hem-de uçar kompaniýasynyň adyndan watanlaryna ýeňişli dolanmaklaryny tüýs ýürekden arzuw edýäris!Gonuş lezzetli bolsun!"-diýdi.Ses kesilen badyna şäheriň belent jaýlary,giň köçeler,yzy kesilmeýän maşyn kerweni göründi.Ýaryşa gelýän sportsmenleriň soňunda Altymyrat hem düşdi.Onuň döşünde,diňe bir onuň däl,ähli ýaşlaryň döşünde hem köp sanly znaçoklar bardy,oktýabrýatlaryň uly ýyldyzyndan başlap,"Ýaş sportçy","Ýaş Leninçi","Ýaş pioner"," we ýene köp sanly belgiler,hat-da:"Men Moskwany söýýärin"atly belgili znaçok hem bardy,Altymyratda bolsa olarda başga-da"Aşgabat","Merw-2500" ýazgyly döşe dakylýan belgiler bardy.Ol uçardan çykanda özüni garşylan bir jogapkär işgäre,türk ýigidi Kemal Oguzhana znaçoklarynyň birini sowgat berdi.Ol muňa gaty begendi,bir näçe gezek başyny atyp,minnetdarlygyny bildirdi.

Ýaryşa 38 döwletiň sportçylarynyň gatnaşýanlygy şonuň bilen birlikde rus toparynyň düzümi barada gazet-jurnallar makala baryny çap edipdiler,ýaryşyň geçiriljek ýerinden alynan habarlara giňişleýin orun beripdiler.Olarda, amerkanlar bilen ruslaryň arasyndaky ýakynlaşma barada özara gepleşik geçirmegiň tarapdarlarynyň we garşydaşlarynyň çykyşlary hem bardy.

Myhmanhanada,bolgarýaly Teodorow bilen goňşyçylykda ýerleşen Altymyrat,nahardan soň şol ýerdäki seýil baga aýlandy,ýönekeý amerikanlar diýilýänler-

talyplar,mugallymlar,dürli kärdäki adamlar,sport janköýerleri bilen gürleşmäge,pikir alyşmaga mümkünçilik tapdy.Olar bu uly ýaryşa gatnaşyjy,tomaşaçy hökmünde,ähli ştatlardan gelipdiler.Käsi,Altymyradyň üzlem-saplam bilýän iňlis dili bilen pikir alyşdylar,düşünişdiler.Edilýän gürrüňiň esasy özeni ertirki başlanjak dünýä ýaryşydy.Bu Altymyrat üçin örän täsirlidi,birek-birek bilen pikir alyşmak,ýüzüne seredip düşünişmek gyzyklydy, ýüzlerindäki çogup duran dost-doganlyk duýguny görmek lezzetlidi.Olaryň arasynda Nýu-Ýorkda okaýan,asly türkiýeli Kemal Oguzhan hem bar ekeni.Ol öz okaýan ýerinde Mahmyt türkmen diýen bir türkmeniň bardygyny,senatda işleýändigini,bu ýere ruslaryň gelýänligini eşidip,eger türkmenistanly bar bolsa,özüne habar berilmegini haýyş edendigini aýtdy.Mahmyt türkmeniň ildeşleri bilen duşuşmak islegi güýçli ekeni,näme üçin diýeniňde,ol üç ýaşyndaka Watandan aýra düşüpdir.Onuň halkyna bolan yhlasyny, Mahmyt adynyň yzyna "türkmen"sözüni goşup özüne ýüzlenmeklerini soranlygyndan hem görmek bolýar.Eger-de, onuň bilen duşuşmaga isleg dörese,şu pursatyň özünde habar beriljekligi aýdylanda,Altymyrat razy boldy.Näme üçin razy bolmasyn?Dünýä ýaşlaryny bu ýere ýygnan-Sport!Her kim ýaryşda ýeňiş gazanjak,öňe çykjak,güýjüni görkezjek. Altymyrat synçy gözlerini adamlara gönükdirip, milletara gatnaşygyň ýürekdenligini gördi.Hiç kim rus toparynda çykyş edýänlere gyýa gözi bilen garamady.Moskwada aýdylanlar bilen bu ýerde görýän zady başga-başga-dy.Sportyň üsti bilen dostluk köprüsini gurmak Altymyradyň arzuw edýän zady-dy.

Maýamanyň ýaz agşamy,dup-dury mawy asmanda patrak ýaly açylan ýyldyzlar,klion agaçlarynyň al öwsüp,dub daragtlarynyň altynsow reňke bürenen pursatlary,giň,gözel köçelerde gezim etmek ajaýyp bir güýmenjedi.Bu oňa gözel Aşgabadyny,Maryny ýadyna düşürýärdi.Bu ýeriň ýazy türkmeniňkä meňzeýärdi.Şäherde okuwçylar,talyplar üçin güýmenje bolar ýaly,sportyň bu ýerde ýörgünli bolan beýsbol,basketbol,woleýbol,futbol görnüşleri boýunça ýaryşlaryň geçirilýänligi barada her ädimde bildirişlere,habarlara duş gelýärdiň.Onda mekdep okuwçylary üçin aýratyn,kollej,uniwersitet talyplary üçin aýratyn geçirilýän we geçiriljek sport ýaryşlary barada habar berilýärdi.Özi beýle ýaryşlara gatnaşyp ýörensoň, Altymyrat,eger gowşajyk bolsaň, çakganyrak,gowurak başga biri bilen çalşyryljakdygyny bilýän ýaşlaryň düşýän günlerini göz öňüne getirdi.Bu ýerde her bir okuwçy,talyp okuwda we sportda ýokary netijeleri gazanyp,abraý gazansa,okuwdan soň gowy iş tapyp biljegine düşünýärdi.Ondan başga-da uniwersitetler,sport guramalary bilen bilelikde,okuwçylaryň, talyplaryň sport toparlaryna gatnaşmaklary üçin akademiki maksatnamalaryň ýokary derejede bolmaklygyny talap edýän kadalary düzýärdiler we hemme sportçylaryň ykrar edilen şu akademik ülňelerine laýyk gelmegini talap edýän kadalary kabul edýärdiler.Eger olar bu standartlara laýyk gelmeseler sporta gatnaşmaga rugsat edilmeýärdiler.Altymyrat şeýle kadalaryň türkmen ýaşlary üçin hem wajyplygyny pikirinde aýlap,giň we gözel seýilgähiň içine çuň aralaşman yzyna dolandy.Bu ýurtda beýle seýilgähler,tebigy giňlikler,meýdançalar,ýabany ýaşaýşy gorap saklamaga bolan aladalar ýeterlikdi.Olarda dynç aljak adamynyň, dünýäniň ähli aladasyndan dynyp,dynç almagy,häzirki zaman şäher durmuşynyň goh-galmagally,çyrpynyp duran durmuşyndan gaçmaga deňi-taýy bolmadyk mümkinçilik berýärdi.Hut şu sebäpli-de,daga,tokaýa,köllere we gaýry ýerlere gezelenje gitmek,dynç almak bu ýurtda gaty giň gerim alandy.Bu ýerde ýokarda agzalan dört görnüş sport oýunlaryndan başga-da,demirgazyk ştatlarda buzda typmak,hokkeý oýnamak ýaly sport görnüşleri giň gerim alypdy,ýöne amerkanlaryň esasy güýmenjesi beýsbol bilen tert oýny bolup duryardy.Bu oýunlar baharda,tomusda oýnalýardy,futbol,hokkeý bolsa güýz-gyş aralygyny doldurmak üçin,soňky döwürlerde

oýlanyp tapylan oýunlardy.Bu ýerde uzak aralyga ýöremek,ylgamak,suwda ýüzmek,welosepid sürmek,balyk tutmak,top togalamak ýaly oýunlar ýörgünli ekeni,ýöne,ştanga götermek sporty welin giň gerim almandyr...

**---2—**

Ol gije birahat ýatdy.Ýuwaş Ummany tarapdan salkyn şemal öwsüp dursa-da, howa yssy ýalydy.Birden yssy ýaly,birden salkyn ýaly,özüni gaty oňaýsyz duýýardy.Belki,daş aralyga uçmagy,ukudan galmagy ýadadandyr?Onsuzam ol ýerini täzelese ýatyp bilmeýär ahyryn.Ýerini bolsa ýygy-ýygydan täzelemeli bolýardy.Heniz pessejik jaýlaryndan başga ýeri görmedik üçin,bu ýerde görýänleri ertekä çalym edýärdi,bir seretseň erteki ýaly,bir seretseň däl ýaly,haýsyna ynanjagyny hem bilip bilenokdy...

Ol ir oýandy.Asmany agyr bulutlar gaplap,gündogara süýşýärdi,emma gündogar garalman gaýtam, ýagtylýardy.Bu ýeriň asmany hem düşnüksizdi.Birdenem gara bulutlar syrylyp başlady welin,kalbyna rahatlyk aralaşdy.Bu oňa gerekdi.Oňa häzir gowşamak bolmaýardy.

Ýaryş şol günüň ikinji ýarymynda başlandy.Altymyrat, garşydaşy Teodorowyň üçünji synanyşykda 152 kilogramy galdyrandan soň, ýaryşa çykdy.Birinji çynanyşykda 152 kilogramy ýeňillik bilen galdyrdy-da,üstüne ýene 5,5 kilogram goşup,ony hem göterdi.Teodorow ştanga götermegiň ikinji görnüşi boýunça ilki 170 kg,ikinji synanygynda 175,5 kg,aldy,üçünji synanyşygynda 185 kilony alyp bilmedi.Altymyrat birinji synanyşygynda 190 kg,ikinji synanyşygynda 200 kg göterdi.Şonda tomaşaçylar dowamly el çarpmalar bilen ony ugratdylar.Ol ştanga ýene 7 kilogram goýdy,207 kilogram.Munuň özi eýýam dünýäniň täze rekordy-dy.Ol ştangany ýeňillik bilen kükregine alanda,tötänlikde eli dyzyna degdi,onsoň agramy alan hem bolsa hasap edilmedi.Şeýlelikde, ol ştanga götermegiň iki görnüşi boýunça dünýä çempiony bolup,bolgarýaly Teodorowdan 30 kilogram artyk göterdi.Ýakymly duýgularyň täsirine düşen Altymyrat,özüniň bu ýeňişine watanyň,dogan-garyndaşlarynyň,obadaşlarynyň buýsanjakdyklaryny,ol buýsanjyň bolsa özüniň irginsiz zähmedi bilen emele gelýänligine guwandy.Onuň çykyşyny görmek üçin dogan-garyndaşlary,dost-ýarlary,Döwlet joňk,Aman jyk-jyk,Artyk öýkelek dagy,sport janköýerleri teleýaýlymyň öňüne ýygnanarlar,onda tanyş ýüzi görseler uly tolgunma,buýsanç bilen ýeňişi garşylarlar.Olaryň şu buýsançlary,ruhlary Altymyrady ganatlandyrýardy,agyr daşy ýeňillik bilen galdyrmaga kömek edýärdi.Şeýle goldawlardan soň täze altyn medellara garaşybermelidir.Ol şeýle bolup gelýär,şeýle hem bolar,enşalla!... Myhmanhana eýeleri özlerinde kimiň myhman bolýanlygyna gözlerini ýetirip,kiçeňräjik duşuşyk geçirdiler.Oňa amerikanyň,dünýäniň gazet-jurnallaryndan habarçylar gatnaşdylar.Altymyrat berilýän soraglara çalak-çulak iňlis dilinde jogap berip başlady,terjimeçiniň barlygyny görensoň,rus diline geçdi.Mahmyt Oguzhan onuň ýanyndan aýrylmaýardy.Sport,ştanga barada köp sanly sorag-jogapdan soň,bir habarçy:”Amerika “demokratik döwletleri giňeltmek meselesinde jogapkär bolmaly” diýen düşünjä nähili garaýarsyň?”diýip, sorady.Altymyrat syýasy soraga garaşmasa-da,jogabyny welin bermelidi.Bu ýerde hem ol özüniň sowatlylyk derejesiniň kämildigini subut etdi.

–Beýle düşünje başga bir ýurduň içerki işlerine gatyşmaklygy aňladýar.Meniň pikirimçe,soňky ýyllarda demokratiýany ýaýratmak ugrundaky höwesler hasam köpelýän ýaly.Amerlka özüni dünýäde birinji orunda görmek isleýär,ýöne jemgiýetçilik pikir

soralşygy başhaça.Ýerli halk:”Amerikanyň ilkinji jogapkärçiligi öz halkynyň öňündedir, syýasat ýurduň öz içinden başlanýar.Bize dünýä agalygyndan el çekip,ýöne bir lezzetli ýaşamak kem bolmazdy”diýýär.Men bu setirleri siziň öz gezetleriňizden alyp,mysal getirdim,özem,munuň bilen razylaşmazlyk mümkin däl.Ýeri gelende aýtsam, beýle syýasy soraglaryň berilmezligini islärdim,sebäbi, sport syýasatdan daşdadyr.Bu ýurduň adamlary,dürli ýadygärlikleri ýadymda ömürlik galar ýaly, surata düşesim,watandan jyda düşen Mahmyt türkmen bilen duşuşasym gelýär.Men köp zady gördüm,göwni açyk adamlar bilen duşuşdym.Bularyň bary ştanganyň arkasyndan boldy.Ştangada ýokary netije gazanyp bilmedik bolamda men bu ýerleri görüp bilmeli däldim.Dürli dilli,dürli medeniýetli ýurtlarda ýaşasagam,sport bizi duşurdy,dostlaşdyrdy,şol dostlugam ömürlik saklaryn,näme üçin diýeniňde,dostuň bilen özara düşünişmek aňsat bolýar.Ol bolsa bütin dünýäde parahatçylygyň,asudalygyň dabaralanmagyna alyp barýar.

Maňa”Sen çempion” diýen batlaryna ýanyma türk gardaşym Kemal Orhan üç-dört sany dostlary bilen geldi we ýanyndaky ýaşlaryň:”Biz amerikada ýaşasagam Altymyrada janköýerlik etdik”diýýändiklerini ýaňzytdy.Bu köpler üçin geň görünmegi hem ahmal,ýöne ol hakykat.Sportda araçäk ýok,onda diňe seniň başarnygyň bar! Ýene bir zady bellemekçi.Amerikan gazet-jurnallary men barada köp sany makalalary çap edipdirler.Olaryň käbirlerini türk gardaşym Kemal maňa getirip berdi.Bu hyzmaty üçin men olara minnetdarlygymy bildirýärin...

Dogrudan hem otuza golaý gazet-jurnallar,şolaryň arasynda gündelik tirajy iki milliona barýan “Wol Strit Jomal”,Ýu-Es-Eý tudeý”,”Nýu Ýork Taýmz”gazetlerl,gündelik tirajy milliona ýetmeýän “Deýli Nýuz",”Çikago Tribýun”,”Boston Gloub”gazetleri we köp sanly sport gazetleri:”Ertekimi?”,”Heňe geljek zatmy?,”Oňa meňzeş hiç kim ýok”,”Ruslaryň täze ýüze çykan ýaş atlety hemmelerden öňe geçýär”diýen ýaly, uly möwzükli habarlaryny ýyldyrym çaltlygynda ýaýratdylar,ählisiniň ýüzünde-de,Altymyradyň ştangany göterip duran nurana suraty

Altymyradyň üstünligi baradaky makalalary gazetler içki sahypalarynda giňişleýin çap edipdirler.Umuman,amerikanyň 6500 şäherinde 10 müňden gowrak gazet çykýar,otuz dört dilli 85 sany gazet başga dillerde çap edilýar,gazetleriň günde 60 million nusgasy satuwa ýaýradylýar.Habar agentlikleriniň hem hetdi-hasaby ýok.Amerikanlarda “Dörjemek”edähedi-ýagny pyssy-pyjurlygyň üstüni açmak we ony hemmeler görer,okar ýaly etmek işi gaty güýçli alynyp barylýar,şonuň üçin-de,jurnalistiň işiniň uly bölegi derňeýji habarçylykdy,bu bolsa gaty köp ýaş amerkanlary jurnalistik kärine bendi bolmagynyň bir sebäbidi.Munuň üsti bilen jemgiýetde özgerişlik döredip bolýardy.Hatda,kiçi şäher gazetleri-de syýasy opurylşyk,ryssy-pyjurlyk ýa senagatyň tebigata ýetirýän zyýanyna degişli mysallary derňemek maksady bilen jurnalistleri işe alýardylar...

Bu mysallary getirmek bilen şu setirleriň ýazary aýanlyk döwründe türkmen gazet-jurnallaynda şeýle mümkinçiligiň bolanlygyny guwanç bilen ýatlaýar.Muňa şol döwre degişli “Edebiýat we Sungat”,”Bedew”gazetlerine,”Ýaşlyk”jurnalyna göz gezdiren düşüner.Ýöne,ol gowy başlangyçlar käbirimiziň :”Bu öte geçme ýurt barada nädogry täsir galdyrýar,biriniň şahsy durmuş syryny saklamak mümkinçiligini aradan aýyrýar”diýmegi bilen togtadyldy.Amerikada bolsa :”Biziň azatlygymyz metbugat azatlygyna baglydyr.Ony çäklendirip bolmaz.Sagdyn demokratiýa köpçüligiň hyzmaty bilen amala aşyrylýandyr”diýen ýörelgeden ugr alynýar.Bizde hem şondan ugr alynsa diýip arzuw edýärsiň.Belki,şeýle bolsun-da!...

Hawa, şu ýerde ady agzalan gazetleriň birinde çap bolan makalany getirmekçi bolýarys:

”Amerikada bolan dünýä çempionatynda Türkmenistanly agyr atletikaçy Altymyrat Orazdurdyýew özüniň ussatlygy bilen hemmeleri haýran galdyrdy.Ussat beýleki sportçylar ýaly ştanganyň ýanyna baryp,ep-esli salym süýnüp-sarkyp duranok.Ol ortada duran mähnet snarýadlara edil jyn ýaly,ýolbars ýaly topulýar.Dogumly ýigit dürli agramlardaky daşy ýokary göterse-de,göwnüňe bolmasa onuň elleri süýnüp barýan ýaly bolup görünýär.Ol her sapar orta çykanda sazyň owazyna tans edýän ýaly,ştangany ýüzüniň ugruna galdyryp goýberýär.Onda asla gorky-ürki ýok.Altymyrat hut Amerikada dünýäniň rekordyny täzelemek isläp eden synanyşygynda onuň eliniň tirsegi dyzyna degdi.Şonuň üçin hem ol beslän arzuwyna ýetip bilmedi.Onuň dagdan gaýdýan siliň güýji ýaly güýji bar.Ol bolgarýaly bäsdeşinden otuz kilogram artyk netije görkezdi.Entäk dünýä arenasynda beýle-beýle oýunlary görkezen agyr atletikaçy bolmandy.Dünýä sportynyň taryhynda hem beýle ezberlik görkezen “altyn fond”örän seýrekdir,ýok diýen ýalydyr.Onuň şeýle deregä ýetmegine dogany Orazberdi Orazdurdyýew uly kömek edipdir...” Maýamanyň “San Santinil”gazetiniň 1989-nji ýylyň 29-nji maý sanynda jurnalist Jud Kamillounyň “Sowet Ýolbarsynyň akyla sygmajak ýeňşi”atly makalasynda şeýle setirler bar:”Ýaryşa gelen Sowet komandasynyň agzasy Altymyrat Orazdurdyýewe:”Agyr atletikanyň ýolbarsy diýýärler.Ýaryş tamamlananda onuň adynyň hakyky eýesidigine göz ýetirdik.Ol 19 ýaşynyň içinde 75 kilogram agramda çykyş edip,Panamerikan çempionatynda we ýaşlaryň arasynda geçirilen dünýä ýaryşynda uly ýeňiş gazandy.Ol diňe bir bu ýaryşlarda däl,eýsem halkara ýaryşlaryň hem çempionydygyny subut etdi.Sebäbi dünýäde ýaşlaryň hem ululary̆ň arasynda 75 kilogram agramda çykyş edip,agyr etletikanyň iki görnüşi boýunça 357,5 kilogramy göterip bilýän gerçek başga ýok.Amerikanyň belli tälimçisi,Altymyrat barada beren soragymyza şeýle diýýär:”Altymyrat deňsiz-taýsyz,örän güýçli ýigit.Onuň ştangany agramy ýok ýaly edip göterişi,edil ertekilerde hem bolup bilmejek zada meňzeýär,dogrusy,görüp oturan zadyma ynanjagymam bilmedim,ynanmajagymam,ýöne,dogra dogry diýmeli-türkmeniň bu ussady –täze dogan ýyldyzdyr...

Altymyrat bir maşgaladaky dokuz çaganyň kiçisi.Dogany Orazberdi 1981-nji ýyldan bäri ony sporta ugrukdyryp,tälimçisi bolup gelýär.Alty boş wagtlary aýdym-saz diňlemegi gowy görýär:”Men Maýkl Jeksony diňlemegi halaýaryn”diýýär.Onuň arzuwy,agasy Orazberdi ýaly tälimçi bolmak,maksady”Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyp,ýeňiş gazanmak, sebäbi 372,5 kilogram göterip,dünýä rekordyny täzelemäge ukybam,gujur-gaýratam bar,emma tälimçisi Abramýan oňa göwnemändir.Onsuzam ol Bolgariýaly Teodorowdan 30 kilogram artyk göterip dünýä çempiony boldy.Alty goşun gullugyny tamamlap,Türkmenistanyň fizkultura we sport institudynda okuwyny dowam etmek isleýär.

Hawa,Altymyrada agyr atletikanyň ýolbarsy diýip,ýöne ýere aýtmaýarlar ekeni.Berekella,agyr atletikanyň ýolbarsy Altymyrat!Biz senden köp zada garaşýarys!...”

Şu ýerde Amerika we amerikan ýurdy barada azajyk durlup geçilse kem bolmazdy,näme üçin diýeniňde,köpimiz bu ýurdyň ägirt uludygy baradaky düşünjä ýüzleý garaýarys.Onda elli sany ştat bolup,ýurdy keseligine kesip geçmek üçin,San-Fransiskadan Nýu-Ýorka çenli 4500 kilometr ýol ýöremeli,(deňeşdirip görsek Türkmenistanda Kerkiden(Atamyrat) Krasnowodskä(Türkmenbaşy)çenli bir müň üç ýüz kilometrden gowrak).Ştatlaryň atlary belli bir manyny aňladýar.Meselem,Florida-güneşli ştat,Nýu-Jersi-baş ştat,Demirgazyk Korolina-Gara ökjelileriň ştaty,Wemont-ýaşyl daglar

ştaty,Kentukki-gök otlar ştaty,Indiana-gödek adamlaryň ştaty,Aýowa-bürgüt gözlileriň ştaty,Kanzas-günebakarlaryň ştaty,Alabama-Diksiniň ýüregi ştaty,Men-dub agaçlaryň ştatu,Missuri-ynanmazaklaryň ştaty,Montana-hazynalar ştaty,Waşington-baky ýaşyl öwüsýän ştat,Nýu-Ýork-imperiýa ştaty,Minnesota-demirgazyk ýyldyz ştaty,(oňa käte 20 müň kölli ştat hem diýilýär)we ýene şuňa meňzeş atly ştatlar bar.Mekdeplerde bilim berilişi biziňkiden üýtgeşik.Olarda hem kiçi ýasly çagalar baglary bar.Orta mekdepde başlangyç synplar,aralyk synplar,orta mekdebiň kiçi we uly başlangyç synplary,kiçi we uly başlangyç synplaryň garyşdyrylan orta mekdebi,dört ýyllyk orta mekdebi ýaly görnüşler bar,ony gutaran ýerli kollejlere ýa dört ýyllyk ýörüte kollejlere girip bilýärler,ony gutaryp Magistratura soň Doktorantura girmäge mümkünçilik döreýär.Orta mekdeplerde dokuzynjy synpa çenli okuw iki hili,biri hökmany bilaýmeli sapaklar,beýlekisinde daşary ýurt dilleri isleg boýunça okadylýar.Onbirinji,onikinji synplarda bolsa amerikanyň taryhy we edebiýaty,beden terbiýe sapaklary hökmany,galan sapaklar isleg boýunça okadylýar.

Bu ýerde okuwçylara baha goýluş kadalary üýtgeşik.Amerikada we Günorta Koreýada 100 ballyk,Italiýada 30 ballyk,Eýranda,Fransiýada 20 ballyk,Marokkada 15 ballyk,Daniýada 13 ballyk,Ukrainada 12,Türkiýede 10,Awstraliýada 6,Awstriýada,Katarda,Mongoliýada,Tailand-da 5,Russiýa,Çehiýa,Türkmenistanda 4,Nepalda 3 ballyk ulgamlar ýöreýär.100 ballyk ulgamda 90-100 bal alan okuwça "A+",85-89 bal alana" A",80-84 bal alana" A-" ýaly belgiler goýulýar we ş m-ler.

"Amerikada, yktysadyýetde,syýasatda,ylymda we medeniýetde gazanylan ösüş her bir adama deň mümkünçiligi döretmekden ybarat bolan belent maksada wepalylygyň netijesidir "diýip,alymlar belleýärler.Munuň manysy "mümkin boldugyça köp amerikala bilim bermekde we olaryň ukuplylygyny has gowy ösdürmekdedir" diýýärler... Beýik amerikan ýurdy we onuň ajaýyp adamlary bilen hoşlaşyp gaýdan-da,tanyş,nätanyş dostlary Altymyrady ugratmaga geldiler.Olaryň sany ýüzlerçedi,käbirleriniň gözleri ýaşdan doludy.Birek-birekden aýrylaşaslary gelenokdylar.Kemalyň ýanyndaky rus dilini öwrenýän Maýkl atly ýigit:"Alty,sen amerikan ýaşlarynyň arasynda ştanga sportyna bolan höwesi artdyrdyň.Diňe şunuň özi üçin biz saňa ömürlik minnetdardyrys.Haçan gelseň törümde ornuň bardyr.Men saňa fontast ýazyjymyz,ol siziň ildeşiňiz bolmaly, Aýbek Azymowyň eserlerinden bölekleri berýärin,sen maňa Beýik Magtymgulynyň rus dilinde çykan goşgularyny ibererersiň"diýip,hoşlaşdy.Soňky pursatda pälwan bilen duşuşyga wagt tapan Mahmyt türkmen bolsa:"Men seniň Gurhanyň kiçijik kitabyny penjegiň çep kisesinde,ýüregiň üstünde saklaýanyňy gördüm.Ony maňa habar berdiler.Üstünlikleriň gözbaşy şondan gaýdýan bolmaly.Mende-de Gurhan,Magtymguly bar.Ol asyl ähli musulmanlarda bolaýmaly .Allatagala ony Hydyr gijesi asmandan inderipdir."Saňa ýeten her bir ýagşylyk Alladandyr,saňa ýeten her bir ýamanlyk bolsa öz etmişiňdendir".Gör,nähili ajaýyp pikir!"diýdi.

-Men "Feth" süräni mydam gaýtalaýaryn.Gurhan ýanymda.Belki,Mahmyt türkmen bilen tötänlikdäki duşuşygymyza-da ol ýol açandyr?Pikir alyşdyk,görüşdik,men muňa gaty şat,dost jan!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

-Ýanyňda Gurhan göterýän bolsaň gowy edýärsiň.Gurhan asmandan inen dört kitabyň iň kämili.Ol 30902 harpdan,114 süreden,6666 aýatdan ybarat bolup,onuň jany-Taharet,başy-Ygtykat,enesi Alhem,köňli-Ýasyn,gorgany-Aýatly kürsi,arşy-Errahman,gulpy-Yhlas,çyragy-Tebärekdir.Töwratda 9000 müň süre,9000 aýat,Injilde 8000 süre,866 aýat,Zeburda 13000 süre,10000 aýat bolup,dört kitabyň iň kämili Gurhandyr.Sen namaz okaýarmyň?-diýip,Mahmyt sorady.

–Ertirine-diýip,Altymyrat jogap berdi.
–Kimleriň ata-enesi bolmandyr?
-Ýok,agam jan,bilemok.
–Adam aleýh salamyň,How enäniň,Isa aleýh salamyň,Hezreti Şeýs Näbiullanyň ata-enesi bolmandyr,hezreti Salyhyň düýesiniň,hezreti Ismailiň goçunyň hem ata-enesi bolmandyr....Ýeri bolýar,bular baradaky gürrüňe gutarma ýok.Alla bize ýene duşuşmak miýesser etsin-dä!Men soňa ýene bir täsin zady aýdaýyn.Gündogoryň beýik ogly Sagdynyň dünýä parahatçylygy baradaky setirlerini ýüz dile terjime edip,Birleşen Milletler Guramasynyň gapysynda asyp goýdular.Onda şeýle setirler bar: "Adamzat diýmeklik-milliard adamlaň,bir göwrä düzülen bogunlarydyr, şolaryň birini dert eýelese,beýlekileriniň-de boguldygydyr".Gör,ne ajaýyp sözler!Onda,hoş, sag-salamat bol!- diýip,Mahmyt Altymyrat bilen gujaklaşyp hoşlaşdy...
Şeýle duşuşyklardan soň Altymyrat özünde ruhy galkynyşyň alamatlaryny duýdy.Ol onuň üçin altyn medala mynasyp bolandanam ýokarda-dy...
Altymyrat Aşgabada gelende,özüniň,wagtyndan dört aý öň, goşun gullugyndan boşadylýanlygyny,bir aý Pöwrüzede,iki aý Moskwada türgenleşik geçip,sentýabr aýynyň başlarynda Afinada geçiriljek dünýä we Ýewropa ýaryşyna gatnaşmalydygyny bilip galdy.Öýüne baryp,ejesini görüp gaýtmaga hem wagty bolmady.Ol halkyň,watanyň abraýyny ýene-de has belende galdyrmagyň aladasy bilen gumrady.Bu barada döwre däp bolan ýoldaşlyk degişmesinde,"Tokmak"jurnaly azajyk ýaňzydyp hem geçipdir.

Biabraýçylyk özüňki diňe,
Abraýyňa bolsa şärikdir iliň.
Bilýärmisiň,näme diýýärler saňa,
Gojalar suratyň ýüzüne sylyp:
-Biziň oglumyzdyr Altymyrat jan,
Uzak bolsun ýaşy...
Dik bolsun başy...
Dünýäde birinji boldy golaýda,
Göterip ýigrimiki putlyk bir daşy...
–Kim bolýar-aý,Altymyrat bolanda?
Orazdurdyýüf!
Tüweleme,göz degmesin.Tüf,tüf,tüf!...

## Afina.Ejesiniň ölümi.

---1—

"Şu gün agyr atletika boýunça Afinada bilelikde geçiriljek dünýä we Ýewropa çempionatyna SSSR-iň ýygyndy komandasy ugrady.Olar bu ýerde ýaşlaryň arasynda boleýbol boýunça geçirilen dünýä ýaryşynda üstün çykan SSSR-iň ýaşlar ýygyndy komandasynyň ýerini eýelediler.Indi woleýbol meýdançasy öziniň ýüzüni täzeläp,agyr atletika boýunça geçiriljek ýaryşa taýýarlanýardy.
Bu uly ýaryşa taýýarlaşyk işleri SSSR-iň ýygyndy komandasyna dalaşgärleriň arasynda,Podolskiniň eteginde geçirilipdi.Ýeňil etletika boýunça netijeler eýýäm belli bolanam bolsa,beýleki ugrlarda häli-häzire çenli özara türgenleşikler geçirilýärdi.Olaryň içinden iň güýçlileri saýlanyp Afina barmalydy..

SSSR-iň ýygyndy komandasyna A.Wasilýew ýolbaşçylyk edýär.Toparyň agzalary geçen Olimpiýa ýylyna garanda täzelenipdi,ýagny, toparyň içine heniz ady dünýä näbelli ýaşlaryň birnäçesi çekilipdi.52-kilogram agramdaky toparda biziň ştanga göterijimiz çykyş etmez,56 kilogram agramda Hafyz Süleýmanow çykar.Ol ululary arasynsynda ilkinji gezek çykyş etmeli bolar.Moskwada goşun gullugynda bolýan,22 ýaşly bakuwly ýigit,ýaşlaryň arasynda geçirilen Bütinsoýuz ýaryşynda çempion bolupdy.60 kilogram agramda hem ýygyndy topar çykyş etmez.67,5 kilogramda ermenistandan Miligosýan çykyş eder.Ýygyndy komanda ýaňy goşulan,özem topar agzalarynyň iň ýaşy Altymyrat Orazdurdyýew(Aşgabadyň "Dinamosyndan") häzirlikçe köp bir tanalýan sportçy däl,ýöne onda ýaşlaryň arasynda dünýäň we Ýewropanyň çempiony diýen dereje bar.Heniz hiç kime näbelli,75 kg agramda çykyş etjek,ýigrimi ýaşyna giden sportsmeniň ýygyndy komandanyň hataryna girmegi tötänlikmi?Ony wagt görkezer..." "Grekleriň meýdançasynda" ady bilen çykan bu makalany "Sowetskiý sport"gazediniň habarçysy I.Obrazsow ýazypdyr.(14-nji sentýabr,1989 ýyl).

"...Şu ýyl Alty Orazdurdyýew kosmos tizligi bilen deňeşdirip boljak uly ýeňişleri gazandy.Aşgabadyň "Dinamo"klubynyň uçurymy,Abramýanyň tälim bermeginde misli bir ertekilerdäki ýaly uçýan ädimi bilen dünýä we Ýewropa çempionatlaryna gatnaşyp,ilki 75 kilogram agramda ýaşlaryň arasynda dünýä çempiony soň Halkara çempiony boldy,indi bolsa bu ýerde,Afinada Soýuzyň ýygyndy komandasynyň içinde iň ýaş sportsmeni,ululary arasynda geçirilen ýaryşda görülip eşidilmedik ýeňiş gazanyp,bir wagtda dünýäniň we Ýewropanyň çempiony diýen ada eýe boldy.Ol ýaşlaryň arasynda hem,ululary arasynda hem iki gezek çempion..."

"...Agyr atletika boýunça hünärmenler bir agyzdan täze dünýä çempionynyň fizika ýagdaýyna baha berenlerinde,özüniň diýseň ýaşlygyna garamazdan örän köp tejribe toplan sportçy ýaly ýeňil hereket etmegi hem-de gysga wagtda beýle uly ösüşe ýetmeginiň syrlaryny çözmek barada köp kelle döwdüler.Hakykatdanam,onuň agyr atletika bilen türgenleşip başlan bäş ýylynyň içinde şeýle belende galmagy çözülmesi gaty kyn matal.Hawa,häzirlikçe ol çözülip bilinmejek matal.19-nji sentýabrda onuň görkezen ägirt uly üstünligi netijesinde dörän soraglara onuň özünden başga hiç kim jogap berip bilmez,ýöne ol jogaplary Altymyradyň erjel häsiýetinden gözlemek dogry bolsa gerek.Daşyndan göräýmäge asudadan sada ýigidiň akyla sygmajak tilsimler bilen elleriniň güýjüni jemläp,agyr daşa gönükdirmegi we diýenini etdirip bilmegi akyla sygardan daşdaky zat.Onuň alty gezek synanyşyp,şonuň diňe bir gezeginde ýalňyş goýbermegi,onam yz ýanyndan düzetmegi gerçegiň mümkünçilikleriniň çäksizligini aňladýardy..."( Afina,"Sow sport"gazetiniň habarçysy I.Obrazsowyň"Meýdançadaky baýramçylyk"atly makalasyndan,21.09.1989)

Ine,Afinada eden çykyşy üçin Altymyrada berilýän bahalar!Özem muny türkmen däl,rus habarçysy ýazýar."Kosmas tizligi bilen deňeşdirip boljak ýeňiş...","Misli bir ertekidäki ýaly uçýan ädimi bilen...","...ýaryşda görülip-eşidilmedik ýeňiş...","...çözülmesi kyn matal...","...akyla sygmajak tilsimler bilen elleriniň güýjüni jemläp,agyr daşa gönükdirmegi we diýenini etdirip bilmegi akyla sygardan daşdaky zat..." ýaly jümleleri okanyňda türkmenligiňe guwanýarsyň,buýsanýarsyň.Bäş ýyl bäry türkmeniň adyny arşa göterip gelýänem bolsa,henize çenli hususy jaýy bolmansoň,talyplaryň umumy ýatak jaýy bilen oňňut edip gelýänligine,harajadynyň bolmazlygy sebäpli naharlanyşynyň ýaramazlygyna gynanýarsyň.Ýogsam oňa "Amerikada üstünlikli çykyş etseň jaý bereris,harajadyňy artdyrarys"diýip söz hem beripdiler.Dogry, jaýyň açaryny oňa berdiler,emma ol ýerde eýýäm başga bir adam

ýaşaýar ekeni.Şu gezek ýaryşa gaýtmaly bolanda hem bir aýlap Pöwrüzede,”Köpetdag”dynç alyş öýünde türgenleşik geçdi.Emma,ýokarda öň agzalyp geçilişi ýaly, gerekli şertleriň bolmanlygy üçin göwün diýen türgenleşik geçmedi,gowy netije almady.Şeýle”Görülip-eşidilmedik...”üstünlik gazanýanam bolsa ony bu gezek hem Afina ýaryşyna alyp gitmejek boldular...

Altymyart Moskwanyň etegindäki Podolski şäherçesinde bar bolan myhmanhanalarynyň birinde uklap bilmän halys kösenýärdi.Uklar ýaly boldumy diýsene?Ol edil ýaňyja,gün ýaşmazynyň öň ýany radio-da, özüniň Afina ýaryşyndan galdyrylanlygyny,oňa derek Kuznessowyň iberilýänligini eşidip galdy.Ony tälimçi Abramýan hem bilýär ekeni,ýöne gije keýpini bozmaýyn,erte aýdaryn diýipdir...

Ol soňky günlerde Afinada boljak dünýä ýaryşyna gatnaşmak arzuwy bilen ýatyp-turýardy,bar maksady şoňa gönükdirilendi,ýogsam,türgenleşikleriň birinde eline azajyk şikest hem alypdy.Ýöne onuňky şikest diýip aýdar ýaly zadam däldi.Çep eliniň goşaryny oýkalap duranyny gören Abramýan:”Näme eliňi agyrtdyňmy?” diýip sorapdy,olam:”Aý,hawa,çalaja agyrdy”diýip,jogap beripdi.Bu gürrüň ýokary ýolbaşçylaryň gulagyna ýetipmi,ýetmänmi,belli däl,garaz,ony ýaryşdan galdyrmaly edilipdi.Altymyradyň ozalam,bolgarýaly Wyrbanow,pus ştangaçysy Kuznesow ýaly atly-abraýly sportsmenleriň arasy bilen ýygyndy komanda düşerin diýen tamasy ýokdy.Onuň agramynda çykyş etjek sportçylaryň altysy Afina gidýärdi ahyryn.Her zatda bolsa ol Podolskide geçirilen türgenleşiklerde ýokary netijeleri görkezipdi,ýagny Afina gitmeli sportçylaryň ählisinden diýen ýaly ýokary netije gazanypdy.Ony bilse-de,beýle ýokary ýaryşlara gatnaşaryn diýip pikir edmeýärdi.Ýaşy boýunça özünden uly,tejribeli,güýçli spotçylar sanardan kändi.

Ýöne,radio-da adynyň agzalmazlygy ony gaty tolgundyrdy,süňňi gowşap,halys ysgyndan gaçyp barýan ýaly boldy.Şeýle boljagyny öňem aňýardy,ýöne aňmak bilen hakykaty eşitmek başga zatdy.Heniz özüniň gögeledigigine,käbir ştangaçylaryň beýle derejä ýetmek üçin onlarça ýyllap garaşýanlygyna gözi ýetip dursa-da,garaz,tamasyny üzesi gelenokdy.

Dogry,öz tälimçiňden başga-da, ýygyndy komandanyň düzüminde baş tälimçi,onuň kömekçileri,komandanyň fiziki sagdynlygyna jogapkär adamlar,lukmanlar bardy.Adatça baş tälimçiniň garamagynda gereginden has kän bäsdeşler bolýardy.Aýgytlaýjy seçgiden soň,olaryň diňe az sanlysy ýaryşa alynýardy.Bu hökman bolaýmaly zatdy.Sportçylar tälimçiniň görkezmesine görä,leji çykýança türgenleşýärdiler,komandanyň bähbidi üçin janlaryny gaýgyrmaýardylar,şeýdip bir ýerde ýaşap doganlaşýardlar,soňam seçilip,birek-birekden aýra düşmeli bolýardylar.Ýygyndy komandanyň ähli agzalary hem güýçlidi,ýöne kimleriň bijebaşy boljagy diňe baş tälimçä baglydy.Şeýle ýagdaýda her kim zordan özüne erk edip bilýärdi,köp ýaryşlary görenlerem birhili iňkise gidip,özlerine erk edip bilmeýärdiler.Altymyradyň häzirki ýagdaýy bolsa olaryňkydan üýtgeşikdi.Heniz nämäň nämedigine doly düşünmän,özüni bir zatdan erber gorkan ýaly duýýan Altymyrat,goşlaryny ýygnap,häziriň özünde öýüne,ejesiniň ýanyna gaýtmagy ýüregine düwüpdi.Onuň ýagdaýyna şondan başga düşünjek ýokdy.Ol gijäniň bir çene baranlygyna garamazdan Abramýanyň bolýan ýerine bardy.

–Näme,ýüzüň ak esgi ýaly bolaýypdyr,gözüň nemi ýaşdan doly!-diýip,telegörnüşe syn edip oturan Abramýan Altymyratdan sorady.

–Bagtyň çüwmese nätjek,tälimçi agam?!

-Käte şeýle bolaýýar-da...-diýip,gürrüňiň äheňine düşünen Abramýan jogap berdi.

–Kim,kim,siz meni tanaýarsyňyz,agam jan.Men öz güýjüme bil baglaýaryn.Şoňa ynanýarmysyňyz?

-Hawa,ynamym bar.

–Agam jan,onda näme üçin görkezen netijelerim ýokary bolsa-da,Afinadan galmaly men bolýan?

-Ony sport federasiýasyndaky topar kesgitleýär.Ol karary üýtgetmek gaty kyn,asla mümkün däl zat.Kuznesowyň abraýy olaryň öňünde seniňkiden ýokary gelýär.

–Agam jan,beýle diýmek olaryň towugyna tok diýip bolmajagyny aňladýarmy?

-Hawa,edil özi.Munda men güýçsiz.Dogry,käbir jurnalistler,janköýerler tarapgöýligiň alamatlaryny aňladyp bilerler.Kuznesow olaryň özüniňki,ors ştangaçysy.

–Agam jan,özara ýaryşda men ýeňiji boldum dälmi?

–Ol ýere iberiljekler bir ýaryşyň däl,köp ýyllaryň jemi boýunça saýlanylýar.

–Agam jan,onda iki eliňi gowşyryp,öýe gaýdybermelimi?Tälimçi hereker etmeli,göreşmeli,özüniňkini dogry etmeli dälmi? Siziň öňüňize düşüp ýörsem-ä gelşiksiz bolar!?

–Tälimçiňem başarýan,başarmaýan işleri bar.

–Agam jan,onda bir zat edeli.Ertir türgenleşigiň soňky güni.Men ýaryşa gitjekleiň ähli̇si bilen adaty däl ýagdaýda güýç synanyşjak.Kim ýokary netije gazansa,goý, şol hem Afina gitsin.

–Beýle kesgitli aýdar ýaly özüňe ynamyň barmy?

-Bar,agam,bar.Özüňem maňa “ynanýan” diýipdiň ahyr.

–Aý,näbileýin-dä!...

–Türkmende:”atylan ok daşdan gaýtmaz”diýen aýtgy bar,agam jan.Men mertebämi goramany başarýandyryn.Janköýerlerim maňa jaň edip “adalatsyzlygyň pidasy bolma,göreşiňi gowşatma”diýýärler.Dogry,özüm barada aýdanymda,ýygyndy komanda alynmadyk ýagdaýymda hem bu karardan nägilelik bildirmezdim,bardy-geldi şeýle bolaýanynda hem görmäýin-köýmäýin diýip,basyrnyp ýatardym,ýöne obamda üstünligime garaşýanlara näme jogap bereýin?Ejeme,agalarym Tirkişe, Orazberdä, Bäşime,aýal doganlarym Aýgözele,Gurbanbibä,Orazgüle näme jogap bereýin?Onsoňam,näme üçin türkmenlere beýle ynamsyz garaýarlar?Şoňa düşünip bilemok!...

Ýaňy ýigrimi ýaşa aýak basan Altymyrada ulularyň arasynda çykyş etmek ynanylypdy.Daşyň dünýä belli sportçylar, ol bolsa heniz doly adygmadyk ýigit.Şonda-da ol 1988-nji ýylda Seulda geçirilen Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyp,ýeňiş gazanjakdy,emma onuň 75 kilogramda çykyş etmeli agramy SSSR-iň baş tälimçisi we Olimpiýa komiteti tarapyndan 24-nji tomusky Olimpiýa oýunlarynyň komitetine berilmändir,has dogrusy,”Biz-de beýle agramda çykyş eyjek ýok”diýilipdir.Ýogsam,ondan öň ol näçe çykyşlar etdi,näçe ýeňişler gazandy!Saraýewoda bolan Ýewropa ýaryşynda 82,5 kilogram agramda çykyş edýän Özbegistanly bir sportsmen keselledi welin,onuň ornuna gyssagly suratda hiç kime näbelli Oleg Komlewi iberdiler,ol bolsa dünýäniň ençeme gezek çempiony bolan,bolgarýaly Milewden üstün çykyp,Ýewropanyň çempiony boldy.Ýaşlara ynamly garasalar,gör,nähili tötänlikler bar?Adatça sportda eger sen ýaş bolsaň:”Gamlanma,uly ýaryşlarda çykyş edersiň,geljegiň öňde”diýýärler.Seul olimpiadasyndan galdyrylanda Altymyrada hem şeýle diýdiler...

Umuman,türkmen ştangaçylarynyň ykbaly birhili,düşnüksiz bolaýýar,ýogsam,Aşgabatda ýaşaýan baş tälimçi, bu ugra gözegçilik edýän ýörüte

edaralar,adamlar bar.Hany olaryň hereketleri?Bu ýerde bir düşnüksizlik göze dürtülip dur ahyryn...Altymyrat şulary dile getireninden soň Abramýan ep-esli dymyp oturdy-da: -Bu teklibi ýokardakylar bilen maslahatlaşaýyn,belki, ugruna bolaýady-da.Hemme ýerde ellerini serişip otyrlar how!-diýip, jogap berdi.

–Agam jan,ony şu wagt çözmeli,erte giç bolýar-diýip,Altymyrat gününe goýman ony meseläni çözmek üçin ugratdy...

Ertesi geçirilýän türgenleşige adatdan daşary köp janköýer geldi.Aýdylmasa-da, edil duýdurylan ýaly,olar ikä bölünip,bir topar Altymyradyň,beýleki topar Kuznesowyň tarapyna geçdiler.Soňky toparyň janköýerleriniň agdyklyk edýändigini, Kuznesowyň daş götermäge çykandaky,tomaşaçylaryň goh-galmagallary,goltgy berýän sözleri bilen ýa-da Altymyrat öňe çykanda eşidilýän närazylyk sesleri bilen aňsa bolýardy.Bu ýaryşyň köpçülik bolup oýnalmaýanam bir gowudy.Munda diňe öz güýjüňe bil baglanylýardy... Öňler,ýaşlaryň arasyna öwrenişen,indi bolsa ululary arasyna düşen Altymyrat birneme çekindi,utandy.

Indi ol Kuznesow,30 ýaş,(Moskwa),Kasapu,28 ýaş,(Moldawan),Werbanow,29 ýaş,(Bolgariýa) ýaly dünýä belli ştangaçylar bilen ýaryşmalydy.Olar Altymyrada kän bir ýüzem bermeýärdiler,göwniýetmezçilik edýärdiler.Meseläni oňyn çözüp gelen Abramýanyň howatyrly soragyna”Sizi ýüňsakgal etmerin,agam jan,ondan arkaýyn bolaýyň”diýip beren sözüni,çekeleşmeli adamlaryny göz öňüne getirip,uzakly gije ýatyp bilmedik Altymyrat,etresi erbet tolgunyp ugrady,gorkdy,näçe rahatlanjak bolsada bolmady,asyl aljyrap näme edýänini hem bilmän ugrady.Dört sany güýçli sportsmeniň diňe biriniň ýaryşa gitmeli bolýanlygyny göz öňüne getirende,onuň aýagynyň damary çekip,ýöremekden hem galdy.Şonda gözüniň öňünde ejesi,agalary,obadaşlary,dost-ýarlary,hasam Döwlet joňk peýda bolup:”Altymyrat,biz saňa ynanýarys,üstünlige garaşýarys”diýip durlar.Ine,onsoň ýeriňden galyp bilmeseňem,borjuňy ýerine ýetirmek üçin aýaga galmaly bolýar.Ýöne kalbynyuň çuňluklarynda dörän gorky welin aýrylyp gidibermedi.Birdenem ol:”Men nämeden gorkmaly,näme üçin gorkmaly?Öz güýjüme ynanýaryn ahyryn!Her hili ýagdaýlar dörände-de,men olardan ýokarda ahyryn!Soňunyň nähili boljagyny bilmän eliňi goýberseň gowy däl ahyryn!Men bu ýaryşda üstün çykaýmaly!Üstün çykaryn hem”diýip,öz-özüni köşeşdirýär.Şu wagt aýagyna geýen köwşi hem agram berýän ýaly.Ol dünýä hem özi barada alada edýän Hudaýy kömege çagyrýar,gaýtalamaly süresini gaýtalaýar,kisesindäki Gurhany ýatlaýar.Şular onuň ýeke däldigini,ýatdan çykarylmaýanlygyny aşgär edýär. Onuň öňünde indi Kuznesowdan,Kasapudan öňe düşüp,öz agramynda Afina gitmegi üçin ýeke-täk 207 kilogramlyk ştangany götermek wezipesi durýar.Ol iki synanyşykda ony alyp bilmedi.Şonda-da,öňe saýlanyp ugrajaklygyny aňan tomaşaçylar indi ony goldap başladylar.Olar özleriniň abraýyny dünýäde gorap biljegiň ýeke-täk Altymyratdygyna göz ýetirip ugradylar.Şondan soň onuň çykyşy dowamly el çarpyşmalar bilen garşylandy.Içinden irginsiz gaýtalaýan süresiniň täsiri ýetdimi ýa tomaşaçylaryň, ýa-da üçünji gezek götermäge barýarka,gapdalyndan çykan Kuznesowyň:”Sen-ä her zat etseňem Afina gitmersiň!”diýip,gyjalat bermegi täsir etdimi,garaz,ol täze dünýä inen ýaly boldy-da, ejesini ýatlady,gyjalata galmajak bolubam,güýjüni jemledi-de, aýagynyň agyrsyna döz gelip,207 kilogramy göterdi.Şeýlelikde,Altymyrat diňe öz güýjüne bil baglap, güýjüniňem çäksizligini görkezip,Afina gitmeli edilen sportçylaryň arasyna adyny goşduran ýeke-täk sportçy boldy.Beýle zat öň taryhda bolmandy,Altymyrat ony boldurdy.Seredip otursaň,güýçli bolanyň bilen seni ganatynyň astyna alyp,goldajak bolýan ýok ekeni,ýogsam, şeýle bolaýmaly ýaly welin.Asyl ähli ýerde diňe öz güýjüňe

bil baglamaly ekeni.Altymyrat ilkibaşdan şu ýoly saýlap alypdy,şonuň hem dogrulygyna indi anyk göz ýetirdi.

Şol gün agşamara onuň bolýan otagyndaky telefon jyrlady,aňyrdan ”Alty!Alty!”diýip,Orazberdiniň sesi eşidildi.

–Agam jan,salowmaleýkim!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Edil ýaňyja “Nemes tolkunlary” radiosynda seniň Afina gitjekligiň baradaky habary eşidip begendim-de,gutlaýyn diýdim,dogry-da walla.Tolgunýan dälsiň-ä!?

–Sagja bol,agam jan! Birneme tolgunmanam duramokdym.Indi azda-kände öwrenişdim.

–Dünýä çempiony Kuznesow bilen darkaş guranyňy eşitdim.Bu seniň üçin eýýäm dünýäniň açyk derwezesi,dogru-da walla.Tälimçi Abramýan senden razymy?Oňa salam aýt hem-de ermenistandaky ýer yranmasy üçin gynanjymy oňa gowşur.

–Hawa,agam jan,olam saňa salam gönderýär,”duýgudaşlygy üçin sag bolsun” diýýär.Nesip bolsa täze ýylyň öň ýany oba baryp gaýtmakçy.Ejemi gaty göresim gelýär.Oňa salam aýt.Hiç zadyň pikirini etmesin.Men oňa gowy bir köýnek,gowy bir don aldym,saňa-da kostýum...Afina meselesinde käbir nogsanlyklar döredi,baramda gürrüň bererin.

–Sen özüňde günä bardyr öýdýärmiň?

-Ýok-la,agam jan,günä mende däl,şonda-da birneme bozuldym.

–Moskwada gar ýagýarmy?

-Hawa,syrap ýagýar,daşary çakar ýaly däl.Garam gar welin,habarçylaryň topary gapymyň agzynda.Agam jan,bilýäň-ä,men olardan gaçýan.

–Boş wagtyňy nämä sarp edýäň?Rahmanberdi mugallymyň sargytlaryny ýadyňdan çykaran dälsiň-ä?

-Ýok,ýadymda.Irginsiz gaýtalaýaryn.Elim degse ýerli gazet-jurnallary okaýaryn.Ýogsa-da, daýym Amanmuhammet Nepesiň “Ýunost”jurnalynda bir powesti çykypdyr,rus dilinde şony okaýaryn,Afinada gerek bolar diýip iňlis dilini öwrenýän.

–Dil öwrenseň zyýany degmez,dogry-da walla.Boş wagtyňy biderek geçirmede bir zatlary öwrenjek bol.Biziň obamyzdanam ermenistana kömek etmäge gidýänler bar.Dostuň Aman jyk-jyk gidýär öýdýän,bilmedim weli...

–Obadaşlarymdan ýer yranmasy zerarly weýran bolan ýurdy dikeltmäge gitjeginiň barlygyna guwanýaryn,agam jan.Olaň hemmesine salam aýt!

-Bolýar,hoş sag bol!Ýanymda aýal doganyň Orazgül,salam gönderýär.

–Oňa-da,beýleki doganlaryma-da salamymy ýetir,agam jan!Tyrry kakamada sowgatjygym bar,aýdaý!...

Şonluk bilen gepleşigiň arasy kesildi,ýöne,ol Altymyrat üçin edil Moskwanyň gazaply güýzünden Türkmenistanyň güneşli güýzüne dolanyp gelen ýaly täsir etdi,birhili süňňi bilen gyzyp giden ýaly boldy.Watanyň täsiri onuň üçin şeýle güýçlidi...

–Alty,gazanan üstünligiňi gutlaýaryn!-diýip,gepleşik gidip durka gelen Naum seslendi-Indi nähili belentlige ýetmegi arzuw edýärsiň?

-Meniň maksadym üstünlik gazanmaga gönükdirilen däl-de,özümiň nämä ukyplydygyny bilmegime gönükdirilen.Kim öz bedenini diňe şöhrat üçin ulanýan bolsa, aýdanlaryma düşünmez.Her adamyň gazanýan ýeňişi - ýetmeli pellesi.Mende öz-özümi ýeňmekdäki tutanýerliligim güýçli bolansoň,nobatdaky üstünliklerim,kalbymda nähilidir bir bärden gaýtma bar ýaly,ýetmeli derejäme heniz ýetip bilmedik ýaly duýgyny oýarýar.Ine,şu gün hem şeýle-diýip,Altymyrat perwaýsyz jogap berdi.

–Düşünmedim.Näme diýjek bolýarsyň?

-Ýeňiş üstüne ýeňiş gazanmagym maksadymy küteldýär,owarramçylygymy artdyrýar,pikirlerimiň dagynaklygyna getirýär.

–Bu pelsepäň eýýäm seniň nobatdaky ýeňişi gazanjagyň kepilnamasy.Ikimiz iki hepdeläp Afinada bile bolmaly,şony aýdaýyn diýip geläýdim.

**--2--**

Dogrudanam,olar Afina bile gitdiler,ikisi goňşylykda ýerleşdiler.Naum 56 kilogram agramda çykyş edip,ýaryşyň ilkinji güni dünýäniň we Ýewropanyň çempiony boldy.Altymyrat iki gün soň çykyş etmeli bolansoň,ony tüýs ýürekden gutlady.

–Dost,edil özüm ýeňiş gazanan ýaly boldum,berekella!Sen meniň hem ýükümi ýeňletdiň!

-Alty,düşünmedim.Meniň ýeňişimde seniň nähili ýüküň bolup biler?Sen mydama pelsepe otarýarsyň.

–Dost jan,onam diýme.Sen eýýäm çempion!Altyn medal alyp soýuzyň abraýyny goradyň.Ýaryşda asgynlyk çekäýsemem oňa gynanjak däl.

–Aý,seň o aýdýanlaň erteki-läýt.Bäş köpüge tagzym edilýärkä abraýyň,mertebäň gürrüňini edýärsiň.Çempionlyk ýeterlik derejede pul bilen berkidilse,diňe şonda onuň abraýyny duýsa bolýar.Öňem,men-ä bir, häki,goşun gullugymy tamamlap öýe gidem-de,daşyndan çaý puly bolaýsyn diýdim.Ras o diýenim bolmajak bolsa daş baryny götermek nämäme gerek!

-Sowalga berilýändir-ä,dost jan?

-Meniň der döküp gazanan çempionlygymdan düşýän girdeji Sport komitetiniň gaznasyna girýär,onuňam ýüzden bir bölejigini dadyrýarlar.

–Ol-a dogrydyr welin.Her nämede bolsa,gaýrat et,dost jan.Biziň ýagdaýymyza-da garan tapylar.

–Garnyňy suwa at-da garaşyber,”hüşt”bilmez it ýaly.

–“Düýä haýt diýmegem medet”diýilişi ýaly, günümizi dikgirdäpjik aýlaýas,özün-ä,dost jan.

–Ne aýlamak diý!Nä aýlamak.Öldürdim-güldürdim edýär diýsene!Öýe bir kilo süýji eltsem,jigilerim”men iýjekde-men iýjek”.Zordan gaçyp sypýan...Men saňa dogrymy aýdaýyn-la!Men türklerden gaçybatalga soramakçy bolýan-Naum bu sözüň oňa nähili täsir edişini synlaýan ýaly üşerildi,soňam sözüni dowam etdi-Bilýän,sen borç barada pelsepe otararsyň,ýöne,borjuň kanunyna garanyňda başga bir has ýokary kanuna tabyn bolmaly bolýan.Kim adamzady öňe iterjek gahrymançylygy amala aşyrmak üçin dünýä gelen bolsa,onda onuň doglan ýurdy däl-de,onuň etjek bolýan işine mümkünçilik döredýän ýurt onuň ýurduna öwrülýär.Türkler maňa şeýle mümkünçiligi döretjekler.Şol sebäpli men diňe ahyrky netijedäki ýokary,içki maksadymyň öňünde özümi jogapkär saýýaryn,munda içki borjum döwlet bähbitlerine çapraz geler.Ol dogry,Watanyň-watanlygyna galýanlygam dogry,ony inkär edip bolmaz.Sen bir zada düşün,birden syrkowlaýsam,oňa ýeterlik serişde goýbermegi boýnuna almaýanlar ýa-da oňa gaýraty çatmaýanlar bilen nähili oňuşjak?Kär,wezipe eýeleri akyla sygmaýan,düşünmeýän zatlaryna ynamsyz garaýarlar.Her taraplaýyn goldalynyp durulanda kim Watany terk etek!?

-Bir baýdagy taşlap giden beýlekäde dönüklik eder,birinden ýüz öwüren beýlekäde haýynlyk edip biler,dost jan-diýip,Altymyrat ep-esli dymyşlykdan soň jogap berdi-Gaçgak her hili ýagdaýda-da ýigrenç duýguny oýarýandyr,baran ýurdunda-da

şeýledir.Emma sen muňa düşünmeýärsiň,düşündigiň, şo bada öz ýagdaýyň pajygalydygyna göz ýetirersiň.

–Azeriler şeýleräjik ,ýöne,türkmenler wagtlaýyn hem bolsa öýlerinden daşlaşmany kyn görýärler,oturymly halk.Sen şeýle düşünjeden saplanyp bileňok.

–Sen gyltyma kowalaşýarsyň,dost jan!Gazanýan üstünlikleriň Watanyňa,onda ýaşaýan ýakynlaryňa,deň-duşlaryňa nähili täsir edýänligine düşünmekden we guwanmakdan gowy lezzet bolmaz.Taryhda seniň adyň gaçgak hökmünde ýazylar,ol bolsa nesilleriňede ýakymsyz täsir eder.Onsoňam,Germaniýa barýarkak uçuş menzilinde Nail bilen duşuşanymda sen maňa”Watan dönügi bilen gürleşme,ondan daşda dur”diýipdiň,indem özüň Watanyňy terk etjek blýaň,bu waka düşünmedim men-ä!

–Wakalaryň nädip,nähili amala aşýanlygynyň taryh üçin parhy ýok,ol diňe meňki ýaly beýik maksatlara ýetýänleriň tarapynda bolar,onsoňam,adamzat taryhynyň ýazgydy-juda ajaýyp işleri bitirenleriň ählisi diýen ýaly gyrmyzy gana boýalan görnüşde bize ýetipdir,bizem şolaryň biri bolarys-da... Ýogsa-da,ýadyma düşüp durka aýdaýyn.Şu gün agşam ýanyma gel.Çempionlygy belläli.Dostum Naim,tälimçim,sen...Içip bir içimizi sowadalyň.

–Bolýar,baraýaryn,ýöne men içýän däldirin...

Hawa,Altymyrat Soýuzyň abraýyny goraýan güýçli oglan bilen dogan ýaly gatnaşdy,sylady,gowy gördi.Ikisiniň ýaşytdaşyraklygy üçinem däl,ýürekdeşligi üçinem däl,ýönekeý adamkärçiligi üçin gowy gördi.Onuň ýanynda taryhdan,däp-dessurdan, toý-ýasdan gürrüň et,ählisinden bir ýarym adamlyk bilýänligi üçin,ony gonambaşy edäýmelileriň hataryna goşdy.Sada adam ynanjaň,köwegräk bolar ekeni,hoş söz bilen töwella-tagsyr edip,uguny ýekeleseň,onsoň oňa Hudaýa ynanýan ýaly ynanýar ekeni.Altymyradyňky hem şeýle boldy,Nauma gaty ynandy.Ol bolsa ony aldady...

Şol gün agşamky duşuşyga Altymyrat gijiräk bardy.Aslynda barjagam däldi welin Naum gelip:”Naim seni soraýar,salamlaşmak isleýär”diýip duransoň bardy.Ol dünýäde tanalýan,”ştangada birinji orunda durýan we şeýleligine galýan” Naim bilen gadyrly görüşdi,saglyk-amanlyk soraşdy.Ol öz hususy uçary bilen türgenleşdiren oglanlaryny alyp gelipdi,şol bir wagtda,64 kilogram agramda çykyş edip,dünýäniň çempiony bolupdy.Ondan öwrenere zat kändi.Ýöne şonda-da, näme üçindir Altymyrat olaryň ýanynda uzak oturasy gelmedi.Ol gürrüňden gaçýardy.Her bir ädiminiň yzarlanýanlygyndan çekinýärdi...

–Saňa bir zat aýtmakçy,Alty inim!-diýip,Naim ony ugratmaga çykanda seslendi-Sen örän güýçli,entäk-entäk janköýerleriňi guwandyrjak ýigit,ýöne käbir hereketleriňe düşünmeýärin.Sen meselem Magdeburg şäherinde,Germaniýanyň,Türkleriň özara şertnama baglaşmak haýyşyndan ýüz dönderipsiň.Sen her ýyl ol ýere gidip,klub-da çykyş edip, komandanyň ýokary orunlara çykmagyna ýardam berýärsiň,onuň öwezine derek tölenmeli tölegden bolsa ýüz dönderýärsiň.Beýle eder ýaly sen çäksiz gurplymy?Iki sygryň bolany bilen gurply bolýarmyň?Ýa-da dünýäde iň baý döwlet bolan germanlaryň ýa-da türkleriň puluny gysganýarmyň?Näme üçin şertnama baglaşyp,kanuny esasdaky pulyňy almaýarsyň?Men seniň bu herekediňe düşünmeýärin.Göräýmäge sen akylly ýigit,hereketleriň bolsa samsyklaç.Sen meni bagyşla!Aýdaly, sen birden ýarowsyzlyk tapdyň-da!Hudaý saklasyn,beýle zat bolmasyn,ýöne ol bolaýsa sen özüňi nämäň hasabyna bejertjek?Sizde keselhanalar tölegli,beýleki zatlar tölegli.Men öz mysalymda düşündireýin. Bolgarýada keselledim,emma maňa berilýän pul ne kesel bejertmäge ýetdi,ne başga zada.Ölmejek bolsaň çykalga gözlemeli.Ine,onsoň türklere gaçmaly boldum.Ol ýerde maňa jaý,ýörüte uçar berdiler,keselimi bejerdiler,günümi gowy aýlar

ýaly pul berdiler.Men saňa ýurdyňy taşla diýjek bolamok,ol öz şahsy işiň,ýöne alyp bolaýjak kanuny zähmetiň hakyndan bir gaçma diýjek bolýan.

–Beren peýdaly maslahatlaryň üçin sag bol,Naim aga.Men şonda azajyk ýalňyşypdyryn,ýöne indi giç!-diýip,Altymyrat onuň bilen gadyrly hoşlaşdy...

Şol günüň ertesi,hepdäniň ikinji güni ýaryşa çykmaly Altymyrat Naumyň Türkiýä gaçyp gidenligini eşitdi.Irki gazetler eýýäm ol baradaky makalalary çap edipdirler. Altymyrat bu gün dünýäniň her künjeginden gelen örän tejribeli sportçylar bilen ýaryşmalydy,olaryň içinde dünýäniň üç gezek çempiony Wyrbanow ýalylar,Olimpiýa çempionlarynyň ençemesi bardy.Ýöne,ol bu gün özüni ýönekeý türgenleşik geçýän günlerindenem has arkaýyn duýýardy.Diýmek,nähili hereket edenliginde hem ýeňiş onuň tarapynda-dy.Ol şeýle ynam bilen ýaryşyň geçirilýän ýerine,Afinanyň etegindäki Glifada şäherjiginiň sport merkezine geldi.Ýarym sagatdan ýaryş başlandy.

Her ýerde geçirilýän ýaryşlaryň düzgünleri hem aýra bolar ekeni.Bu ýerde meselem, her bir çykyş edýän sportça göni iki minut wagt berilýärdi,şonda ýetişmeseň ýaryşdan galdyrylýarsyň.Bulardan habarsyz Altymyrat çykyş edýän her bir sportçynyň herekedine daşyndan syn edip dur.Ony tälimçisi Abramýan duýduraýjak ýaly,emma olam bolgarlaryň öňki tälimçisi,öz ildeşi bilen gürrüňe gyzyp,zatdan habarsyz...Ine,ştanga 160 kilogram daş goýuldy.Italýan dilinde kimdir biriniň ady okalýar.Altymyrat bolsa Frunzeli (Gyrgyzystan-)Li çykyş eder diýip garaşýar.Şol barmana Abramýan ylgap geldi-de:”Alty,sen çykmaly,bar!”diýdi.Altymyrat ştanganyň ýanyna baranynda ýene 20 sekunt wagty galypdy.Bu ýagdaý onuň çykyşyny aradan aýyrmak üçin ýörüte edilen bir zat ýalydy.Ol ilkinji synanyşykda agramy alyp bilmedi.Adam özüniň çykjagyny öňünden bilmedik,taýýarlyksyz ýagdaýynda şeýle hem bolýardy.Ikinji synagynda ol agramy ýeňillik bilen göterdi,soň 165-şi aldy,170-şi bolsa alyp bilmedi.Ikinji görnüşde ol ilki 200,soň 205,210 kilogramy alyp,jemi 377,5 kilogramy göterdi...Şeýdip,Afinada özüniň ýeňiş gazananlygyny diňe öňe çykaranlarynda bilip galdy.Dogrusy,onuň özem beýle üstünlige garaşmandy,öz mümkinçiliginiň Türkmenistanyň,bolmanda Soýuzyň çäginden çykýandyr öýütmeýärdi.Haçanda baýdak galdyrylyp,Döwlet Gimni ýaňlananda onuň gözünde begenjiň,buýsanjyň,tolgunmanyň ýaşy göründi.Sebäbi onuň ýeňişi dünýä derejesinde-de ýokary netijedi.

Ýeňijä baýrak gowşurylan badyna Altymyradyň daşyny habarçylar gurşap aldy.Olaryň ilkinji soraglary;“Ýokary üstünlik gazanmak üçin gowy türgenleşik geçmeli.Sen-de ol ýagdaý nähili?”diýen sorag boldy.

–Türgenleşige şert ýok diýip bolmaz,ol bar.Sport bilen çynlakaý gyzyklanýan adama meniň pikirimçe şert hem gerek däl,esasy höwes gerek,höwes,soň şert.Umuman aýdanymda öwüner ýaly zad-a ýok.Aşgabatda bir otagda 40 oglan bolup ýaşadyk,şertleri hem ýabygorly.Ukrainada köp bolanym sebäpli anyk bilýän,ol ýeriň obalarynda döredilen şertler biziň paýtagtymyz Aşgabatdaky şertlerden gowy.Men munuň sebäbini ýerli ýolbaşçylardan däl,Soýuz ýolbaşçylardan gözlärdim.

–SSSR Soýuz Respublikalar,a az üns berýär diýjek bolýaňmy?

-Hawa, diýýärin.Ýurdumda degişli şertleriň ýoklugy zerarly men öz serişdämiň hasabyna Krymda,Moskwada türgenleşik geçmeli bolýaryn,käte ençeme aýlap hem bolmaly bolýaryn.Jogapkärli ýaryşlara gatnaşjak bolsaň ony etmeseňem bolanok.Ol ýerlerde sportçy üçin ähli mümkünçilikler bar,oňat iýmit,häzirki zaman sport merkezleriniň ençemesi,türgenleşige gerek bolan dürli enjamlar,saglygyňy dikeldiş merkezleri,köp sanly myhmanhanalar bar.Şol sebäpli hem ukrain,rus sportçylary gowy türgenleşik geçip,uly ýaryşlarda guwandyryjy netijeleri gazanýarlar.Eger bu aýdylanlaryň

ondan biri bizde bolan bolsa men türkmenistandan çykmazdym.Bilýänsiňiz,türgenleşik üçin öz ýurdyň howa şerti,iýmiti,tebigaty gerek,galyberse-de, türkmen öýdeçiliräk,oňa-muňa gidip,ýurduny,dogan-garyndaşlaryny taşlap ýörenok.Şonda-da görşüňiz ýaly biziň respublikamyzda ençeme dünýä,Ýewropa çempionlary bar.Beýle ýagdaý Soýuzyň şäherlerinde,Ýewropanyň iri merkezlerinde hem ýok.

–Seni daşary ýurtlara çagyrypdyrlar diýip eşitdik.Şoňa düşündiriş beräýseň?!

-Hawa,maňa Germaniýada,Türkiýede çykyş etmegi,şertnama gol çekmegi hödürlediler,emma göwnemedim.Olam,ýokarda agzan sebäplerime görä etmedim.

–Olar ägirt uly serişde hödürläpdirler ahyryn! Ýa, sport komiteti saňa olardanam artyk töleýärmi?

-Dogrusy, men bular barada pikirlenmändirin.Ýaryşlardan Sport komiteti näçe gazanýar,maňa onuň näçesi düşýär gyzyklanyp hem göremok.Näme berseler şonuň bilen oňaýýan.

–Naumyň herekedine nähili garaýarsyň?Onuň Afinada bolan soňky agşamyna gatnaşypsyň hem diýýärler.

- Men Afinada iki gezek,1988-nji ýylda ýetginjekler arasynda çykyş etdim,bu ýyl bolsa ululuaryň arasynda dünýä çempiony boldum.Men bu ýerde Naum bilen goňşy ýaşadym,ikimiz hem SSSR-iň ýygyndy komandasynyň agzalary,ol öz agramynda çempion boldy,menem öz agramymda.Indem gaçypdyr diýip eşitdim.Meniň pikirimçe kimem bolsa biri onuň başyny aýlan bolmaly.Ol maňa“çempion bolanyňda hem berilýän zat ýok,ýaşamak üçin şert döredilenok,gazananym Sport komitetiniň hasabyna girýär, sport ýolbaşçylarynyň ekleýjisi bolasym gelenok”diýip,Naimyň ýaşaýyş şertini gürrüň berdi.Bu ýerde Naumyň näderejede günäkärligini bilemok.Ol menden bir ýaş uly,akyl berere ýagdaýym ýok.Her nämede bolsa baýlyk üçin Watanyňdan,dogan-garyndaşlaryňdan ýüz öwürmek akyllylyk däl.Maňa hem şeýle teklip etdiler,emma “Müsürde şa bolandan öz ilimde geda boljak”diýdim.

-Ol näme diýdigiň bolýar?Düşünmedik!

-Bizde,türkmenlerde şeýle atalar sözi bar,şony dile getirdim.Ýene bir aýtjak zadym,Afinada men öz agramymdan bäş kilogramy aýyrmalydym.Naim bilen Naumy bile görüp,bu ikisiniň nähilidir bir pirim gurjak bolýandyklaryny aňyp,uzakly gije ýatyp bilmedim.”Naum komandamyzy taşlap gitse,gör,nähili biabraýlyk”diýip,iki egnime agdarylyp,pikir etdim.Bütin komandamyzyň abraýy,borjy,jogapkärçilik duýgulary gerdenimden basyp,ýagyr edýän ýalydy,has dogrusy aýagy duşakly malyň ýörejek bolşy ýaly,pikirlerim hem garjaşykdy.Bilmedim,näme bolanyny,ertesi özümi çekip görsem artyk agramym gaçan ekeni.Ýokardaky duýgularym ony kemeldendir,ýogsam şonça agramy aýyrmak üçin özüňi näçe buga tutmaly,näçe iýmesiz-içmesiz zatlary bar diýip pikirlendim...

–Sizde mekdep okuwçylary pagta ýygymyna sürýlýärmi?

–Gizläp nädeýin.Türgenleşige başlan ýyllarym,sagat ik-ä çenli mekdep,soň pagta ýygym,agşamlaryna türgenleşik-halys surnugyp ýatýarsyň,ýöne şol günler ýadyňdan çykanok.Şolary men hiç bir baýlyk bilen çalyşjak däl...

Jurnalistler bilen bolan bu duşuşykdan soň,Altymyrat tälimçisi Abramýan bilen myhmanhana geldi.Olar ýol ugruna bu ýerde rus dilinde çap bolýan gazetleri satyn aldylar.Olaryň köpüsinde Naumyň gaçyşy baradaky habarlar bardy.Altymyradyň okan gazetleriniň käbirleriniň berýän habarlary şeýleräkdi...

ÝUPI agentligi habar berýär:”Hepdäniň ikinji güni ir sagat bäşde Afinadaky Türk ilçihanasyna,56 kilogram agramda çykyş edip,iki gün mundan öň Afinada geçen ýaryşda

dünýä çempiony bolan 22 ýaşly bakuwly Naum Süleýmanow hem-de onuň tälimçisi we owkalaýjysy Witaliý Stabrow gelip syýasy gaçalga soradylar.Bu barada ilçihananyň wekili Orhan Tüng habar berdi.Ol Naumyň azerbeýjanly türklerdenligini aýtdy.Bu habary Ankarada tassyk etdiler hem-de ikisiniň hem türk ilçihanasynda bardygyny aýdyp,haçan Ankara ugradyljakdyklary barada habar bermedi.Türkiýanyň daşary işler ministriniň orunbasary Farhat Ataman:”Syýasy gaçybatalga soranlaryň arzalaryna häzir seredilýär”diýdi...

Frans-Press agentligi habar berýär:”Melburn,dekabr,1986.Süleýmanow, öz agramynda dünýäniň iň güýçli ştangaçysy,bolgarýany terk edip,türklerden syýasy gaçybatalga sorady”

Ýene şol agentlik:”Afina,sentýabr 1989.”Süleýmanow,56 kilogram agram boýunça dünýäniň we Ýewropanyň çempiony,iki gün geçensoň Sowet ştangaçylarynyň toparyny taşlap türk ilçihanasyndan gaçybatalga sorady..

Bu sözlerden ýalňyşlyk gözlemäň!Bular şol bir Süleýmanowlar däl,birinjisiniň ady Naim,bolgarýada doglan türk,ikinjisiniň ady Naum,azerbeýjanda doglan türk.”Sen Naim ýaly türklere gidesiň gelenokmy?”diýip,onuň ýeňişine bagyşlanan ýygnanyşykda,jurnalistleriň biri oýun edip sorady,onda ol:”Eger türkler haýyş etseler “Hawa”diýerdim”diýip,degişme äheňde jogap berdi.Hemmeler bu jogabyň degişme bolup galjagyna ynanýardylar.Ýöne geçen dynç alyş güni Maum uzak wagtyň dowamynda Naimyň ýanynda gününi geçirdi.Hepdäniň ikinji güni bolsa türk komandasynyň esasy ýolbaşçylary,ýaryşyň soňuna çenli galmaly bolsalaram,ýaryş gutarmanka Afinany terk etdiler..”

“Sowetskiý Sport”gazeti,habarçy I.Obrazsow, Afinadan:”Haçan-da radio-telegörnüşiň alyp baryjysy Sarkisýans bilen çempionatyň press merkezine gelenimizde,biz üçin diýseň ýakymsyz habar garaşýardy.Ilki bolgar kärdeşlerimiz bize,” hepdäniň ikinji güni daň bilen Naumyň öz tälimçisi bilen Sowet ştangistleriniň toparynyň ýaşaýan ýerini terk edip,türk ilçihanasyndan syýasy gaçybatalga sorandyklaryny” habar berdiler.Ýöne bu habar barlaga degişlidi.Onsoň men äm-säm galmajak bolup,Sowet toparynyň ýolbaşçylaryna ýüz tutdym,ol ýerde bu habaryň dogrulygyny tassyk etselerem,metbugat üçin ýörüte habar berilmedi.Edil şol ýerde birden maňa Naim pete-pet gabat geläýmezmi.Men ondan:”Sen atdaşyň nirä ýitirim bolanyny bilýärmiň?”diýenimde, ol iki elini musulman däbine görä kükregine goýup,Alladan ant içdi-de:”Menem edil sen ýaly,bilýän zadym ýok “diýdi.Edil şol günem ýörüte uçary bilen onuň ýurduna gidenligini habar berdiler...”

**---3—**

TAAS-yň habarçysy I.Sysoýewyň:”Naum gaçýarmyň? Gaçýarsyň!...”atly makalasy, (”Sowetskiý Sport”gazeti,sentýabr,1989.Afina). “Turuwbaşdan boýnuma alaýyn,bu makalany ýazmak maňa gaty agyr düşdi,sebäbi bary-ýogy iki gün mundan öň Afinada geçýän 59-nji dünýä çempionatynyň geçişi baradaky habarlary ýaýradýan jurnalistler bolup,biz Afinanyň etegindäki Glifada diýen ýerjagazda Sowet ştangaçylarynyň üstünlikleriniň hatyrasyna ýaňlanýan SSSR-iň Gimnini dabara bilen diňläpdik.56 kilogram agramda komandamyz alty ýyl ýeňiş gazanyp bilmändi,bu gün bolsa Naumyň ýeňişi bu agramda birinji orna çykarýanlygy üçin,biz Moskwada Goşun gullugyndaky bu ýigidi örän gyzgyn garşyladyk.Biziň bu begenjimize ştanganyň bu görnüşi boýunça janköýerleri,hasam Naumyň dogduk mekany bolan Sumgaitly janköýerleri

goşulandyrlar.
Men Afinanyň gijeleriniň birinde bu şatlykly habary öz ýurduma ýetirmek üçin nähili gyssananlygymy göz öňüme getirýärin.Bu ýaryşda Soýuzda ilkinji çempion bolan Naum bilen gürrüňdeş bolanymda, ol bu üstünligiň gazanylmagynda öz janköýerlerine,tälimçisine minnetdarlygyny ýaňzytdy,komandanyň ýolbaşçysyna sag bolsunyny ýetirdi.Göräýmäge ol muny çyn ýürekden diýýän ýalydy.Gelejekki meýilnamalary hakda:"Azajyk dynç alanymdan soň,türgenleşige has ýakyn girişjek"diýdi.Şol günüň ertesi men ýakymsyz habary eşiderin öýdüp ýatsam-tursam pikir etmändim."ANA" atly ýerli habar beriş bölümi bu habary ýaýradan-da,Afinadaky toparyň ýolbaşçysy Porhomenko:"Süleýmanow bize ýakymsyz sowgatjyk"taýýarlapdyr"!Biz dowamly türgenleşik geçirip,onuň üstünlik gazanmagy üçin örän köp serişde çykardyk,öz çagamyz ýaly gowy görüp,elimiziň aýasynda sakladyk,örän jogapkärli dünýä ýaryşyna ýol açdyk.Ýaryşyň ilkinji gününde üç agramda çykyş eden ştangaçylaryň üçüsem ýeňiş gazandylar.Olary sylap,depämize täç etdik.Men bir zada hiç düşünip bilemok,ol näme üçin hut çempion bolan gününiň ertesi şu ýürek bulandyryjy herekedini etdi?Indi döwür üýtgedi,öňki demir derweze açyldy,ähtiýalanlyk bilen gaçman degişli ýerlere ýüz tutanlygynda hem indi ony saklajak ýok ahyryn.Eger öz watanyna söýgüsi gaçyp,duz iýen ýerine hyýanatçylyk edesi gelýäni çyny bolsa,ony saklajak ýok!Ol köp sanly janköýerleriniň ýüzüni gyzartdy.Görýän welin,ýaş ýigitde namys,wyjdan,ygrar diýlen düşünjeler ýok ýaly,eger bar bolanda bolsa az mukdarda bolmaly.Sebäbi,Naumyň bu üstünligine biz özündenem beter begendik ahyryn.Emma bolmady.Ol gaçyp gitdi diýip biz hapa bolmarys.Ol Watansyz oňup bilse biz onsuz oňarys.Çempionat döwri onuň bu gödek herekedi komandanyň netijelerine täsir edip bilmez.Şu günki Altymyrat Orazdurdyýewiň gazanan altyn medaly sözümiň dogrulygynyň şaýatnamasydyr.Altymyradyň şu günki üstünligi biz üçin iki esse ýakymly.Naumyň gaçan gününiň ertesi altyn medal alyp,biziň mümkinçiliklerimiziň çäksizligini,şular ýaly ýaramaz hereketleriň komandanyň agzalaryna täsiriniň ýetmeýänligini görkezdi,ýogsam,Naumyň bu herekedi komandanyň netijelerine täsirini ýetirer diýenlerem tapyldy.Ýaşajyk çempion Altymyrat,gujurly,görmegeý,ýüzi nurana türkmen ýigidi maňa öz tälimçi agasy Orazberdi barada,Sakarçägede geçen türgenleşik barada,Ýewropanyň kubogyny almak üçin başlanjak ýaryş barada,obasy,onda özüne sabyrsyzlyk bilen garaşýan ejesi,doganlary barada köp gürrüň berdi,özüniň indi sport ussady diýen ady hem-de oňa degişli nyşany alyp biljekligine,uly sporty taşlamaly bolanda-da,özüniň gününi görüp biljekligine ynamynyň barlygyny aýtdy.Sözüniň arasynda Altymyrat türk ştangaçysy Naimyň Seul Olimpiadasynda gazanan ýeňişi üçin edil ertekilerdäki ýaly uly baýlyga eýe bolandygyny ýaňzytdy.

Ýeri gelende bellemi zat,bolgarýanyň ýygyndy komandasynyň öňki agzasy Naim Şalamanow bir günüň içinde türklerden gaçybatalga sorap,Naim Süleýman ogly adyny aldy.Afinada geçirilýän häzirki ýaryşa ol daşynyň köp sanly goragçylary bilen,hususy uçarynda geldi.Naumy Naimyň meslekdeşleriniň arasynda görenler bar.

–Men häzire çenli Şalamanowy-Süleýmanowy ýatlanymda gaharym gelýär-diýip,Bolgarýanyň baş tälimçisi Iwan Abadjiýew kellesini ýaýkaýar-Çynymy aýdaýyn,ol bizden gaçan-da, diýseň agyr ýagdaýy başdan geçirdim.Häzirki ýaryşyň geçirilýäm döwründe Naumyň Naimyň ýanyndan aýrylman ýörmegi ünsümi çekdi.Ýaş ştangaçynyň tejribeli adam bilen dostlugyna düşünse bolar,ýöne onuň tejribe toplamak maksady bilen ýaramaz adamyny saýlamagy indi düşnükli bolaýdy.Naumyň bu herekedine ygraryny ýuwdan diýip baha bermesem başgaça baha berip bilemok...

Haçan-da,SSSR-iň gyzyl baýdagy asmana galanda biziň ählimizi tolgunma gurşap alýar,begenýäs,gözümize ýaş aýlaýas.Häzirki,dünýäniň we Ýewropanyň täze çempiony Altymyrat Orazdurdyýew hem hormatly birinji ýeriň basgançagynda durka gaty tolgundy,begendi,gözüne ýaş aýlady.Onuň ýagdaýyna biz düşünýäris!Ol Watanyň tüýs gerçek ogly.Belki,şeýle ajaýyp tolgundyryjy pursatlar üçinem sport dörändir?Biz bu ýaş sportçynyň we beýlekileriň ýenede beýik-beýik ýeňişleriniň şaýady bolup,dünýäniň dürli künjeklerinde SSSR-iň gimniniň ýaňlanjaklygynyň,baýdagynyň galdyryljaklygynyň şaýady boljakdygymyza ynanýarys.Ýöne,sen Naum indi bu ajaýyp pursatlary başga tarapdan-beýleki tarapdan seredersiň.Sen özüň bu ýoluňy saýladyň!...”

Altymyrat bu ýazgylary okanyndan soň,ýatýan jaýyndaky bar bolan ähli gazetlere göz gezdirip çykdy.Okamaga,bilmäge,öwrenmäge bolan höwes onuň zandynda bardy.Diňe bir onda däl,deň-duşlarynda,obanyň ýaşuly neslinde-de bu “kesel” ýörgünlidi.Okamaga gezek gelende oba oglanlary edil suwsan goýnuň suwa çozuşy ýalydyr.Her gün atly,indi bolsa tigirli(welosipetli) gazet paýlaýan Sapar mütüniň gelerine edil toýa garaşýan ýaly garaşylýardy.Obada gazet-jurnal almaýan hojalyk ýokdy.Nury Muhadyň okumyş ogly Baýram Meskewde çykýan daşy gowy bezelen “Ogonýok”,”Wokrug sweta” jurnallaryny alýamyş diýýärdiler.Ol şeýle bolmalydy,sebäbi Sapar müti paýlamaly gazet-jurnallaryny göterip bilmän obany bäş-ä bölerdi ahyryn.Her hojalyk almadym diýende günde iki-üç gazet alardy.Sapar müti:”Gazediňizi alyň!” diýip,olary gapydan gütüledip taşlandan soň,geň-enaýy hereketler başlanýardy,her öýde toý-baýramçylyk ýaly,her kim öz söýgüli gazedini ýa jurnalyny alyp,daşa-güneşde,ýa-da işikdäki bagyň kölegesinde okamak bilen bolar.Işe gidýänler işden gelip,gazet sorarlar,oňa göz gezdirip çykmasalar naharyna hem oturmazlar.Dokuz çagany ýetişdirýän Oguldurdy daýzada,olaryň iýjek-içjegini zordan tapýan bolsa-da,etrapda çykýan “Hakykat” gazedini we “Ýaşlyk”jurnalyny alýardy. Boýy keltejik,iglije bolany üçin müti lakamy alan Sapara tabşyrýandyrlaram welin,heniz onuň gazetleri paýlamadyk günini hiç kim ýadyna düşürmez,tigiri döwülse eşekli paýlar,emma gazet wagtynda geler.Ýetmiş ýyllap adamlara bilim-sowat öwretmekdäki bu beýik aladasyny,başga hiç bir zat bilen deňäp bolmajak aladasyny “ezilmek”diýip düşünmeklik gelşiksiz görünýärdi... Altymyrat Afinada bolan bir hepdesiniň dowamynda ine, şulary ýatlady.Oňa bu ýeriň gyzyla çaýylan, surat ýaly otaglaryndan, özüniň pessejik çig kerpiçli jaýy eý göründi,sygyr ýatakdan,eşek ýatakdan,düýe ýatakdan,ýorunja orulandaky ýa ýer agdarylandaky çykýan yslar oňa ýetenokdy.Esasy ýetmeýän zady –ejesidi.Onuň ejesini gowy görşi hiç zat bilen deňär ýaly däldi.Ejesi hem dokuz çaganyň içinde ony gowy görýärdi.Dogry,Orazdurdy aga,çagalary alada-ünjüsiz ýaşar ýaly,güzeran-yrsgallaryny doly üpjün edipdi.Emma,dünýäsini täzelemegi bilen,aýalynyň ýeke özüniň dokuz çaga hossarlyk,penakärlik etmeli boljagy,hakydaňa getirer ýaly däldi,ýöne,nätsin,muňa durmuş diýýärdiler.Indi uly ogly Tirkiş onuň maslahatçysy,mydary.Ol käte gelip:”Eje,halyň niçikdir?” diýip,ýagdaýyny sorap gider,soň Kakajan geler,soň beýlekiler.Çagalarynyň hemmesi hem eje diýişip,ölüşip ýatyrlar,hemmesi hem oňa eziz,mähriban.Emma käte Bäşimi:”Eje, sen menden Altyny gowy görýärsiň”diýäýmesi bar,şonda ol:”Heý-de ene öz bagryndan önen çagalaryny tapawutlandyrarmy!?” diýsy-de,Altymyrady ýatlanynda ejizläberýär.Şu ýagdaýam Bäşimiň ýokarky sözi diline getirmegine sebäp bolýar.Ýöne Bäşimiň gepinde hem maňyz ýok däl.Onuň altynjy çagasyny has-da gowy görmeginiň düýpli sebäbi bar.Jan ýaly ýanýoldaşynyň ýerini täzelemigi iki aýlyk çaga erbet täsir etdi,tasdanam ol göwresinden aýrylypdy.Ajy aýralyk çaga aladasyny ýadyndan çykaraňkyrlapdy.Ýas-ýas ýeride gerekdi,ýöne dogjak

çaganyň dünýä inmegi üçin hem eneden edilýän talaplar berjaý edilmelidi.Ol ýok ýerinde çaga göwräni wagtyndan öň terk etmek bilen bolýardy.

Ýagdaý soňky nokadyna ýetende,çagajyk enäniň düýşüne girip:"Eje,meni ýadyňdan çykarma!"diýip,ýalbarýar.Galmazmyň onsoň iki oduň arasynda.Bir ýandan adamsynyň ýasyny ýas ýaly berjaý etmeli,gelenleriň ýanynda aglamaly,eňremeli,"pylanynyň aýaly pylan hili" diýdirmeli däl,ikinji tarapdan çaganyň sagdynlygyna zeper ýetmez ýaly hereket etmeli.Ene,ikinji tarapa ýykgyn edip,altynjy çagasyny dünýä inderdi.Gara gözlüje,buýra saçlyja,mähirlije,ýöne,ajy aýralygyň täsirine düşüp iglän çagasyny bagryna basanda,"heniz dünýä inmedik jigerbendine" tasdanam kast etmeli bolandygyna öz ýanyndan müýnürgedi.Ýöne, Hudaýyň gudraty bilen,göwsüne adatdan daşary süýdüň inmegi,çagaň sagdyn ösüp ulalmagy üçin döräýen bir zatdy.Ene çagasyny alty ýaşa çenli emdirip,iglilikden gowy saplap bildi.Rahmanberdi aga:"Hudaýyň özi,ähli zada ýetişip bilmeýänligi üçin enäni döredipdir.Dünýäde dört zenanyň şöhraty ebedi sönmezdir,olar Asiýa,Musa döwründe ýaşan Firawyň aýaly,Merýem-Isa pygamberiň ejesi,Hatyja-Pygamberimiziň aýaly,Patma-pygamberimiziň gyzydyr,şolaryň bäşinjisi Oguldurdy bolmaly"diýip,ýönelige aýdmaýar ahyryn.Ol dogrudyr,belki, ýokarky sebäpler üçinem ejesi körpe ogluny beýlekilerden gowy görýändir?!...

Altymyrat ejesiniň gürrüň beren bu wakalaryny ýatlanda, hasam, ýüregy gysyp,bir ýerde karar tapman,girip-çykyp,nazaryny ýola dikip,gussa gaplanyp otyr.Şeýle ýagdaýda Abramýan gelip:"Bilýän,ejeňi göresiň gelýändir.Gaýrat et,erte ugraýarys!Aşgabada barşyňa öýüňe gidersiň"diýip,maslahat berdi...

Altymyrat soňky gije uklap bilmedi,nähilidir bir ajy habara garaşýan ýaly aljyrady.Kimdir biri gelip,ýakymsyz,gaýgyly habary getirjek bolýan ýalydy.Emma habar gelmeýärdi.Kalbyna aralaşan bu birahatlygyň nämedigini doly aňlap bilmese-de,onuň ejesi bilen baglydygyny syzdy.Şeýdip uklap galdy...

Dýşünde rjesi tapçanda,bir adam bilen üzüm iýip otyr.

–Eje jan,ol kim?-diýip,Altymyrat soraýar.

–Ol kakaň,balam jan! Tanamadyňmy?

-Ýok,eje jan.Men ol öleninden soň dünýä inipdirin...Kaka jan,gel,seniň bilen gowja görüşeýin!?

-Görüşme,balam,onuň elem,ýüregem ýaraly-diýip,ejesi gamgyn seslendi-Kakaň Garýagdy kakaňy,Kakajan kakaňy gündelik görüp dursa-da,ýalňyzlykdan ejir çekýär,manysyz geçýän ömründen zeýrenýär.Maňa "Ody,gideli,aýralygy bile çekeli"diýýär.Menem "bolýa"diýäýdim-dä,jan balam!

-Eje jan,meni taşlap gitme!Gitseň men nädeýin!?-diýip,Altymyrat iniňi jümşülledýän erbet sesi bilen aglady.

–Aglama!Aglasaň men-ä sowuk tünegime gidäýjek!-diýip,kakasy seňrigini ýygryp,kibtini gysyp ýerinden turýar.Ejesi hem tarsa galyp,käte garanjaklap, günbatara tarap ýeňsesini tüňňerdip barýan kakasynyň yzy bilen ylgaýar.

Altymyrat muňa çydaman,ejesini alyp galjak bolýar,emma aýaklary diýen edenok,gymyldap hem bilenok .Öwran-öwran synanýar,bolanok,onsoň erbet aglaýar...

Oz oýansa iki aýagy diwanyň bir ýerine sokulyp galypdyr,özem gara der...

**---4---**

Bu ýakymsyz duýgulara gaplanan Altymyrat Aşgabada nädip gelenini bilmedi.Ol gelşine öýüne hyýallandy,emma ýaşar ýaly jaýyň,täze maşynyň berilýänligini Ýokary

ýolbaşçynyň duşuşmak isleýänligini aýdyp, sakladylar.Bu gezek jaýyň açaryny däl, özüni berdiler,GAZ-24 maşyny meýdança getirip goýdular,ýolbaşçy bilen duşuşdy.Bular iki güne çekdi.Şol iki gün hepdä döndi ýüregi ejesine,obasyna ýetsem diýip,talwas urup goýmady.Ol mydama-da şeýledi,ýöne, soňky günler has üýtgeşik.Wah,ol öňňün,gelen güni gitjekdi, jaý,maşyn ara düşdi-de...Dogrusy,ol bu zatlara begenäýjek ýaly,emma begenmek nire,zat nire.Asla zat gözüne görünmese nätjek!...”Ejem ýaranok” diýlen ýakymsyz habara derek:”Täzeje maşyny ejemize görkezeli”diýip,agasy Bäşim iki ýana zowzullaýar,ýakymsyz habary aýtmaga dili öwrülenok,bogny ysanok,gaýtam:”Muny görse ejem nähili begener”diýip,inisiniň göwnüni awlajak bolýar.

–Täze maşyn,täze jaý berdiler,begenäýjek,guwanaýjak ýaly,agam jan.Emma, göwnüme bolmasa,birhili, hiç haçan dolanyp gelmejek bir ezizim daşlaşyp barýan ýaly...

–Alty,o näme diýdigiň boldy?Agzyňdan haýyr aç!-diýse-de,Bäşim inisiniň duýgurlygyna haýran galdy.Ol heniz aýdylmadyk habary aňýardy,bilýän ýalydy.

–Wah,haýyr açjak-la,agam jan,nädeýin,ýürek ýarylyp barýar.Iki agamyzy,Çaryýary,Kakajany ýitirdik..Olary ýatlaýaň weli...Näme maşyny haýal sürýärsiň?Ilki Ors bazaryna sowul,ejeme bir gujak gyzyl bagül aljak! Altymyrat bazardan altmyş sany terje bägülleri alyp,daşyny owadan bir,kümüşsöw kagyzlara dolatdy,üç litrlik çüýşe gaba suw guýduryp,gülleri oňa oturtdy,soňam ony maşynyň yzyndaky agaç gapyrjaga mäkäm saldy-da,gelip maşynyň öňüne atlandy.

–A-na,indi göni öýe gidip bilersiň,agam jan.Özem, birneme çaltyrak sür!

–Aý,täzeje maşyn,apkatka geçmeli...

–Sür,gatyrak,agam jan,ýüregim agzymdan çykyp gelýär!

-Näm-ä gyssanýarsyň-aýt?!

-Ejemi göresim gelýär!-diýip,Altymyrat aglaýjak boldy.

–Meňem ony göresin gelýär-diýip,bokurdagy dolan Bäşim zordan jogap berdi.

–Agam jan,bilýäň-ä,onuň galjaňlygyny?”Ynha geler”diýip,ýolumyza garap durandyr.Oturyp-da bilmez,ýatyp-da...

–Hawa,ol-a dogry.Men käte oglanlar bilen oýna gyzyp,ýarygijeler öýe gelýän weli,gapyň agzynda garaşyp durandyr:”Oguljygym,geläýdiňmi?”diýip...

–Agam,näme gözüňi süpürýärsiň?-diýip,Altymyrat sorady.

–Aý,göze bir zad-a gaçdy!-diýip,Bäşim gözüniň ýaşyny süpürdi.

–Öň bilemokdym,indi bolsa...Indi men agam, ejemiň yssy sözlerine suwsaýaryn...”Dawudym,balam jan”diýer weli,dünýäň giňäp gider.Urşa giden adamsynyň ojagyny ýalňyz saklap oturan goňşymyz ýogalanda:”Wah,perzent hözürini görmänjik gitdi-dä.Oňa derek meni alan bolsadyň,Hudaý-jan!”diýip,aglapdy,maňa-da:”Gönezligiň halallykdan-dyr,şony ýadyňdan çykarmagyn!”diýip sargardy.Men onuň manysyna düşünemokdym,indi düşünýän...

–Hawa,işden ýadap gelseň,ýa bir ýeriň agyrsa:”Janyň bir sagmy,köşek!”diýip,maňlaýyňy ellär weli,ähli derdiň ýok bolýandyr...

–Gatyrak sür diýýän-ä,agam saňa!-diýip,Altymyrat ýene seslendi.

–O-how,howa sowuk,doňaklyk.Häzir bolmasaň bolanok-diýip,Bäşim her näçe sypalak etse-de,badyny birneme gataltmaly boldy.Ýogsam,Moskwadan,goranmak ministrliginden ýörüte jaň gelip,Altymyrada jaýyň, maşynyň hökmany suratda berilmeli edilenligini,bu habary eşidenden bäri ejesiniň ençeme gezek ýola çykanlylyny Bäşim bilýärdi.Ýüregi agyrly ejesine sowuk howa çykmak,galyberse-de, aşa tolgunmak bolmaýardy...

–Be,agam jan,beýle karar ýokardan berilipdir diýsene!?-diýip,Altymyrat başyny ýaýkady-Men bolsa bu Ýokary Ýolbaşçymyzyň islegi bilen edilýändir öýdüpdim...

Her zatda bolsa ömründe, bolsady edeniňde-de artyk zady tama etmejek bu waka-ýokary ýolbaşçylar bilen duşuşygy bolupdy.Hökümet başlygy özüniň juda janypkeş,hoşgylow,mähirli tarapyny görkezdi,pälwanyň üstünliklerine ýokary baha berdi.Altymyradyň özüni mertebeli alyp barmagy,gazanan üstünliginiň belentligi,ajaýyplygy,SSSR döwründe ady-sory bilinmeýän Türkmenistany özüniň ajaýyp ýeňişi bilen dünýä jar etmegi ony gyzyklandyran bolsa gerek,sebäbi ol:"Ogul,saňa jaý,maşyn bererler.Öňüňde ähli gapylar açykdyr"diýip,ony hoşamaý ugradypdy.Munuň özi diňe ýokarkynyň buýrugy boýunça hereket edýän beýleki ýolbaşçylar bilen onuň gatnaşygyna amatly täsirini ýetiripdi.Hökümdar ýyly söz berdi,gowy garşylady,diýmek,hemmeler ony hoşamaý kabul eder,gazet-jurnallaryň hem gözüne iler.Altymyrat üçin bu geň-taňlyk däl,ol soňky döwrüň adamlarynyň pylan zady et diýmeseň jogapkärçiligi boýnuna alyp özbaşdak hereket edmeýänligini bilýär,ýöne habarçylar,jurnalistler welin,şondan soň kimiň-kimligini tanan ýaly,onuň ajaýyp üstünlikleriniň derejesine ýaňy göz ýetiren ýaly, öz ilinde atsyz-sorsuz ýigidiň edermenligini taryplap başladylar.Şeýlelikde, islendik gowy başlangyja badak urmaga endik eden ýolbaşçylar(gynansagam beýle ýagdaý bize endik bolupdyr)öz hereketlerini birneme gowşatdylar.Şondan soň pälwanyň görkezen ägirtliginiň hakyky ölçegini,nurana ýüzüni wasp edýän makalalar, watanyň gazet-jurnallarynda çap edilmegine ýol açyldy.Ýogsa, ýolbaşçylar, ýurdyň abraýyny,şan-şöhratyny belende göteren gerçegi,ýokardan buýruga garaşman, özleri hem sylaglap bilýärdiler ahyryn.Dogrusy,pälwana sylag derkar däl-di,gazanylýan at-abraýyň diňe bir onuňky bolman,eýsem,bütin türkmen halkyna degişlidiginiň bilinmegi,özüniň bolsa adam hökmünde mertebesiniň saklanmagy derkardy.Afina gitmekçi bolanlarynda, Kasapu-nyň yzyndan Moldawiýanyň Ministrler Sowetiniň başlygy,Naumyň yzyndan Azerbeýjanyň daşary işler bölüminiň jogapkär wekili,Werbanowyň yzyndan Bolgariýanyň Moskwadaky ilçisi,ors toparynyň yzyndan ýokary döwlet işgäri Hasbulatow dagylar gelip,dünýä ýaryşyna ugraýan ildeşleriniň hal-ýagdaýlary,gerek zatlary bilen gyzyklandylar,üstünlik arzuw edip,ugradyp goýberdiler.Altymyrat bolsa,dogrusy,adam sypaty bolmadyk ilçi Nurgylyjowdan beýle "hormata"asla-da garaşmaýardy,şonda-da,näme adam bir süýt emip ulalanda,olam ýurduň jogapkär adamlaryndan göwün edipdi...

–Ejemiz-ä ýola çykyp garaşýandyr?

-Garaşýandyr,agam jan,öýe sygman daşarda,gözüni ýola dikip garaşýandyr-diýip,Altymyrat jogap berdi-Ejemiz biz üçin aňyrsy-bärsine göz ýetirip bolmajak älem.Älem giňişlikdir,diýmek, ejemiz sag bolsa bizem şol giňişlikde sag-salamatdyrys.Magtymguly atamyz:

"Gudratyndan on sekiz älem ýaratdy,
Ýüz ýigrimi dört müň pygamber ötdi..."

diýip,älemiň hem on sekiz bölekden durýanlygyny ýaňzydypdyr...Ejemem şeýle...Men ýedinji synpda okaýarkam düýş gördüm.Çölde gulan gabat geldi.Sarç maldyr weli,gaçman gaýtam, ýanyma gelýär.Men oňa münüp asmana uçdum.Ýere gonmanam oýandym.Muny ejeme gürrüň bersem:"Bu seniň gelejekki ýeňişleriň tymsaly. Kakaň dana,pälwan adamdy.Men amanadyny tabşyrýan wagtynda-da kakaň ýanyndadym,bendäniň akyl-huşy ýerinde-di.Ol çagalaryna laýyk maslahatlary beripdi: "ýagly-ýüzli iýjek bolsaň zehmet çekmelidir,her ýerde ýürekdeş,ygtybarly dost

tutunmalydyr,maşgalaň bilen ylalaşyp,mylakatly,agzybir ýaşamalydyr.Şulary çagalara sargagyn.Beýlekiler-ä bilmedim weli,şu göwräňdäki çaga biziň ýitip barýan “Pälwan” adymyzy dikeltse gerek!- diýipdi” diýip,ejem gürrüň beripdi...

Gije sagat birlerde olar esasy ýoldan sowulyp,gonamçylygyň gyrasy bilen oba sowuldylar.Altymyrat maşyny sakla diýen ýaly yşarat etdi,maşyn durandyram weli,özüniň bilýän dogalaryny okap,gonamçylykda ýatan merhumlara,ýakynlaryna aýat-töwür etdi, maşynyň yzky gapyrjagyndaky gülleri ýanyna aldy.Ondanam öýlerine barsa,başy telpekli adamlar gaýda gaýmalaşyk.

–Agam jan,bu adamlar kim?Näme olaryň ýüzleri salyk?Hany ejem?Näme ol bizi garşylanok?-diýip,Altymyrat elewredi.

-Alty,ejem...Ejem-ä...!-diýip,Bäşim uzak ýoluň dowamynda kalbynda saklan hasratyny çykardy-da,möňňürip goýberdi.Aşgabatdan gaýtjak bolup durka oňa: “Ejeň ýagdaýy gowy däl,basymrajyk gaýdyň”diýip,habar edipdiler,emma ol ony içinde saklapdy.

Altymyrat adamlaryň üýşmeleňini görüp,ejesi üçin niýetlän,kagyza dolangy gyzyl bägülleri goltugyna salyp,merdem ädimleri bilen öýe ugrady.Ol heniz näme-nämäň bolup geçenini doly aňşyrman,”Bägülleri ejeme sowgat bererin welin,gör,ol nähili begener”diýýärdi,hat-da çaga ýylgyryşyny hem edip başlapdy.Emma öýe girjek bolanda agasy Orazberdi ony saklap:”Inim,sen ýaş,ejemiň ýüzüni görseň gorkarsyň,tisginersiň”diýip,öýe goýbermejek boldy,emma agasy Tirkişiň:”Goý,girsin,indi onuň sesi ýognaldi ahyryn”diýenini eşidip,gapydan aýryldy.Almtymyrat, ejesiniň ýatyşyny görüp,saralan ýaprajyk kimin sandyrap gitdi-de,ýüzi ak-tam bolup,üstünden gaýnag suw guýylan ýaly tisgindi.Ejesiniň heniz açyk gözleri:”Geldiňmi,balam!Men saňa kän garaşdym”diýýän ýalydy.

–Ejem saňa kän garaşdy,”öýe gir” diýsegem etmedi,sowuk howa, ýüregi çydamady.Ýaňy jan berdi!-diýip,agasy Tirkiş ony hem gujaklady hem aglady. Altymyradyň bagülleri ýere gaçyp, pytrap gitdi.Ol möňňürip aglaýardy hem:”Wah,gijä galdym-da!Wah,ejem jany görüp bilmedim-dä!?”diýýärdi.Onuň göwnüne bolmasa işiklerindäki baglar eýmenç güwwüldäp,mellekdäki beýleki agaçlaram şemal ýok ýerinden hellewleşip,onuň depesinden basyp,daşarda ýazylan sowuk çägä ýykýan ýalydy.Ýok ol daşarda däl,ejesiniň ýanynda dyzyna çöküp:

-Eje,eje jan,men geldim.Gürläý,mähribanym!Şujagaz elleriň bilen başymy sypalaý,jana-janym!-diýip,aglady,ejesiniň buz ýaly eliniň üstüne elini goýdy.

–Ogullar,hany çykalyň.Adam ölende derrew onuň el-aýagyny ýerli ýerinde goýmaly,ýogsam,gatap galsa kyn bolýar-diýdi-de, Rahmanberdi aga aýallary çagyryp,özi bilen erkek göbeklini daşary alyp çykdy.Aýallar merhumyň aýagynyň başam barmaklaryny,äňini daňdylar, otagyň düşegi syrylyp çäge dökülen ýerine emaý bilen geçirtdiler-de,üstüni köneje ýaglyk blen basyryp,çagalary çagyrdylar.Altymyrat ortada süýnüp ýatan ejesine syn edip,demi-demine ýetmän aglady.Ejesi pany dünýäň hesret-şatlyklaryny ebedi zyňyp,has arkaýynlaşan,nurana ýüzi has gözelleşen görnüşde-di.Heniz ejesiniň beýle süýnüp,arkanlygyna arkaýyn ýatan gezegine duş gelmändi.Ol mydama çep egniniň üstüne,aýagyna çenli basyrnyp ýatardy,ýatanda ýüzi mydama gapa bakardy.Altymyrat pişik basyşyny edip jaýa girse-de,şol bada:”Geldiňmi,balam jan,çaý-nan iýjekmi?”diýip sorardy.Onuň haçan ýatyp-turýanyny biljek gumanaň ýokdy...Altymyrat bulary ýatlanda, bogazyna sygdygyndan gygyryp,bütin älemi ýaňlandyryp aglasy gelýärdi,onam başarmaýardy...

Altymyrat agalary Tirkiş, Orazberdi,Bäşim dagy bylen, indi öz öýüne myhman alynan ejesiniň başujuny saklap,gijäni geçirdi.Mundan ýigrimi ýyl ozal, kakasy ýogalandan bäri çagalara hem kaka hem eje bolup gelen mähriban aýal bu gün tabytda ýatyr.Kakaňy ýitirmegem gowy däl welin,ejeňi ýitirmek gaty erbet zat ekeni,ýüregiň sogrulyp,göwräň boşap galana dönýäň ekeni,iň eziz,iň ýakyn,iň mähriban adamynyň ýoklugyna hiç ynanasyň gelenokdy.Göwnüňe bomasa ýüzüne nur çaýylyp,indi hasam gözelleşen ejesi ýerinden turup:”Jan balam,men ýatyp galaýypdyryn,geleniňem aňmandyryn” diýip, ýerinden turaýjak ýalydy.(Altymyrat soň-soňlaram Orazgüliň,ejesiniň sesine meňzeş sesini eşitse tisginip gidýärdi.)

Ertesi, ýaňy daň atyp ugranda, doganlar,merhumyň erkek dogany bolmany üçin dogan hökmünde sylanýan Rahmanberdi mugallym,Tirkiş Tagan dagy bolup, türkmeniň köne däbi boýunça,daşarda,öýe girilýän gapynyň agzynda hemmesi bir wagtda aglap, ses etdiler.Bimahal çykan ses ýaýrap,ajy aýralygyň habaryny oba adamlaryna ýetirmelidi.Bu däp Dowud pygamberden galypdy.Kyrk oglunyň öňünde ertir namazyny okan pygamber, özüniň men-menligi zerarly ogullarynyň ölenligini görüp,gapysynyň agzynda etbet sesi bilen aglapdyr.Türkmenleriň hem ýakynlary gaýdanda üýşüp,ir ertirden aglamaklary şondan galypdyr...

Bu gün gyşyň aňzakly güni öz ornuny ýaza berene döndi,doňaklyk çözüldi,ýakymly şemal turdy,gün ýalpyldap çykdy-da, has ýakyna gelen ýaly boldy.Guşlar howsalaly ses etdiler,ýapraklaryny döken ýalaňaç baglar aglaýan ýaly yrandylar,sygyrlar zaryn molaşyp,eşek yzly-yzyna aňňyrdy.Altymyradyň ýüregi boşap,buggaryp galana döndi,kimdir biri onuň ýolbarsyňky ýaly ýüregine elini uragada,göwresinden gysyp çykaran ýalydy...

Gyşyň güni kyrk tüýsli diýselem adamlar bu täsin üýtgeşikligi gowulyga ýorup:”Gün hem pahyryň köňli ýaly gyzgyn,ýüregi ýaly mylaýym,açyk boldy”diýdiler.”Kim garyp,ölen garyp”diýilşi ýaly,olar ýas ýere nämedir bir zady kömek etjek bolup,azara galýardylar,Bu hakykatdanam şeýle bolmalydy. Bolmasa käbir adam gaýdanda güýçli tupanyň turmagyny,sanlyja adamyň ýasa gelmegini näme bilen düşündirjek? Her gelenem: ”Gelnejemiz gaýdaýdymy?”diýip,duýgudaşlyk bildirýärdi. Şeýle ýagdaýda merhumyň hossarlarynyň hasraty birneme gowzaýan ýalydy...

Hawa,Altymyrat ejesini gyşyň ýaz ýaly bir gününde ýere duwlady.Gonamçylykdan gelen batlaryna bolsa sowuk şemal turup,gar syramaga başlady.Gyşdaky ýazyň howasy mähriban ejesi bilen ýere giren ýaly ýom-ýok boldy...Ýeri,muny näme bilen düşündirip boljak!?...

Altymyradyň kalby boşan ýaly boldy.Ýüregini howsala gaplanda derdini paýlaşjak,dogry ýol salgy berjek iň ezizi ýok.Bu heniz çagalykdan doly saplanyp bilmedik ýigit üçin diýseň agyr pursat.Ejesi altmyş ýaşady.Ol ejesiniň her ýaşyna bir gyzyl bägül sowgat getirdi.Ony gowşuryp bilmedi.Ýöne ýigrimi ýaşanlygyna garamazdan,Watanyň,iliň öňünde onuň bitiren işi başga bir adamynyň bütin ömründe bitirip biläýjek işlerindenem artyk bolmasa pes däldi.Ol Afinada, Olimpiýa oýunlarynda ýeňiji bolanlaryň altyn heýkeljikleriniň ol ýerdäki ýörüte muzeýde saklanýnlygyny öz gözi bilen gördi.Şeýle heýkeljigi ol ejesi üçin ýasadar, hökman ýasadar.Öz heýkeljigi bolsa indiki Olimpiýa oýunlarynda şol muzeýiň bir burçuny eýelär.Hökman eýelär...

Altymyrat ejesiniň ýedisini sowýança ýas ýerinde oturmaly boldy.Oba adamlarynyň arasynda Oleg Komlew hem bardy.Gynanç bildirip gelip gedýän adamlara seredip oturşyna Altymyrat,bir hakykata göz ýetirdi,olam adam nirede gezse-de, göbek ganynyň daman ýerini küýsemegi.Obasyny terk edenine alty ýyl dagy bolupdy,emma käte bir gelip,ejesini görüp gidýänem bolsa, ol döwür onuň üçin altmyş ýyla dönüpdi.Asyl seredip otursaň,oba oňa maddy nygmatam,ruhy höregem bolýar ekeni.Her gezek ýaryşdan soň oba geldigi goruny täzelemek,täze uly üstünliklere badalga almak üçin durmuşynyň başlangyjyna höwes ederdi,ejesini mähirli gujaklasa,agalary,gelnejeleri,aýal doganlary bilen görüşse,soňundanam melleklerine aýlanyp,daş bolmadyk ýerden akyp geçýän nobura suwa düşse,birhili köňli rahatlanyp,dünýäsi giňän ýaly bolýardy.Bu täsin,düşündirip bolmajak ýagdaý,onuň pikiriçe şol göbek ganly gürrüňe bagly bolmalydy,ýogsam, oba beýleki obalardan üýtgeşik däldi. Obanyň günbataryny jähekläp oturan gonamçylykdy,günortasy Mary-Aşgabat demir ýoly,demirgazygy öň nobur,indi ösüp-örňän goňşy obanyň arasyny bölýän ene zeýkeş,gündogary uly obanyň bir bölegi..

Hawa, bu oba beýlekilerden üýtgeşik bolmasa-da,Altymyrat üçin üýtgeşik.Obanyň baglyga bürenip,gündogara uzalýan giň köçeleri,günortasynda,demir ýol bilen aralygy tutýan belent çägelik,onda otlaşyp ýören sygyrlar,bölek-bölek dowarlar -bularyň bary ony özüne çekýär.Çig kerpiçli pessejik jaýlarynda ejesi bilen ýatandyr welin,käte-käte daş bolmadyk ýerden geçýän otlynyň şakyrdyk-şakyrdygy ony hüwdülär,ýaňy irkilersiň-sygyrlarynyň ýaşajyk gölesini ýalandaky hamrak sesi oýarar,şonda olam ejesi bilen gujaklaşyp uklap galar.Käte işikdäki tut agajynda saýraýan bilbiliň sesine oýanarsyň welin,oňa doýma ýokdur.Dünýäde beýle ajaýyp,ýakymly mukam başga bardyr öýtmersiň!...Öz obasynyň ogrysy hem,husydy hem oňa eziz.Dosty Şamyrat keliň puly kändir,emma zerur gerek bolanda,20 teňňäni-de alyp bilmersiň,ýogsam,beýle ownuk dileg üçin başy buýsançly,tutanýerli ýigidiň sözüni zaýalanyna-da degmeýärdi.Her zatda bolsa şujagaz waka onuň ömrüne sapak boldy.Adam diňe öz güýjüne bil baglamaly,hiç wagt hiç kimden kömek soramaly däl,gaýtam,özüň ile kömek berer derejä ýetmeli diýen maksady öňünde keserdip goýmaly boldy.Ony etjek bolsaňam:”Iliň bähbidi,abraýy üçin özüňi doly açyp görkezmelidi,göreşmelidi”.Ol şeýle hem edýärdi.

Uzyn boýly,gyzma häsiýetli,aşa husyt we lakgy Şamyrat kel bilen onuň häsiýeti gabat gelmese-de,garaz oňuşmaly bolýardy.Şamyrat gapydan kowulsa äpişgeden ätleýärdi,göwnüne zat almazdy.Bir-birine gapma-garşy häsiýetler ikisini aýrylmaz dosta öwrüpdi,ikisiniň gujur-gaýratlary,hakdan içen zehinleri birek-birek üçin zerurlykdy.Heniz görülip eşidilmedik üstünliklere ymtylmak Altymyrat üçin mukaddes arzuw bolşy ýaly,bir teňňeden ikini ýasap,uly baýlyga eýe bolmaga ymtylýan Şamyrat keliňki hem kel hyýaly däldi.Iki bilen ikini goşup bilmese-de,ol öz maksadynda örän tutanýerlilik görkezýärdi,hatda ýakyn dostuny hem sylap goýmaýardy.Hut ukyp-zehinleri,islegleriniň gapma-garşylyklary sebäpli bu ikisi bir-biriniň ýetmezini dolýardylar.Ine,häzirem Şamyrat,patada oturanlygyna garamazdan şol bir eňegine başlapdy.

–Altyň nebsi ýok.Men onuň ýerinde her çempionlygy üçin belli mukdarda puluň tölenmegini daş edip sorardym.”Bolmasa gymyldajagam däl”diýerdim.Men, ine, diňe pulum bilen şu derejäni gazandym,nesip bolsa daş edip ýokary hem çekilerin.Bir gezek Moskwa gidip geleýin,onsoň görersiňiz...Alta aýdyp-aýdyp dilim syryldy,täsir edenok.Janyna nebsi agyrman,gelejegi üçin harç ýygnajak bolman, iliň,ýurdyň abraýy diýip basyp otyr.Bir ýerine şikest ýetmesin,ýetäýse,abraýyň çogup dursa-da,puluň bolmasa ýüzüňe seretmezler.Bilýäň-ä,beýiklige bökmek boýunça dünýä çempiony

Waleriý Brumeliň düşen gününi?Ol aýagyny döwdüripdir, bejertmäge bolsa serişdesi ýok.Näme üçin döwlet onuň şan-şöhradynyň,syýasy abraýynyň,az bolmadyk girdejisiniň eýesi bolýar-da,kesellän güni ýüzüni öwürýär?Sen şondan gowy bolarsyň öýüdýärmiň?"Garry Kasparow küştden gelýän girdejilerini döwlete bermän,hususy hasabyna geçirtdi" diýip, gazetler ony ýazgardylar.Ilki oňlamadyk bolsamam,asyl ol dogry hereket edýär ekeni.Goý, gazanan pulunyň salgydyny tölesin,galanynam öz islegine görä ulansyn.

–Şamyrat,meseläniň wawwaly ýerini gozgady-siýip,Oleg seslendi-Sporty ösdürmek üçin her bir sportçynyň gazanýan üstünliklerinde onuň peýdaly tarapyna ünsi çekmeli,gazananlaryny özüne bermeli,özbaşdak türgenleşik geçýänleri goldamaly.Adamy medeniýetli,sportçy bolmaga mejbur edip bolmaz,ýöne onuň üçin şert döretmeli,fiziki medeniýeti,aýratyn güýji bolanlar sylanýan,hormatlanýan adamlar hasaplanmaly,şonda durmuş gyzykly,täsirli bolar.

–Sen ýene bärden gaýdýarsyň,adama sylag-hormat däl,pul gerek,pul.Pulum köpeldi welin, öňki pitjiň atýanlar boýunlaryny burup,daş ýaly öňümde durlar.

–Dost jan,sen ähli zady pul bilen ölçeýärsiň,men bolsa çykyş edenimde öňdeligi almaly diýip demire ýapyşýaryn-diýip,Altymyrat söze goşuldy-Çykyş edýänleriň menden has güýçlilerem bar.Ýaryş gutaranda özümiň ýeňiş gazananymy hem bilmezdim,beýlekileriň biri alandyr öýderdim,ýöne haçan-da meni gutlap başlanlarynda,ýeňiş gazananymy bilip galýardym.Ine, Afinada Koreýaly bir oglan gujaklap,maňlaýymdan ogşap,meni göterýär welin,özüme ynanman,şol birinjiligi alandyr öýdüp, ony gutlaýaryn.Tälimçim Abramýandan:"Ol meni gujaklaýar welin,birinji ýere düşdümi?"diýip soranymda:"Birinji ýeri sen aldyň,sen"diýip, begendirdi.Asyl üçünji ýer alana birinji ýere düşdi diýip dursam netjek!

-Olary aýyl-saýyl etmek tälimçiniň işi.Garşydaşlaryň göterýän agramlarynyň hasabyny ol alyp barmaly,olam seniň ukubyňa bil baglap,nobatdaky göterjek agramyňy salgy bermeli.

–Oleg,ol şeýledir.Ýöne meň-ä Alta berjek maslahatym,agyr daş göterip,janyňy howp astynda goýman,çagalary sporta höweslendirjek bolman,bir sport mekdebinde iş tapyp,çagalaryň tälimçisi bolup işläber diýjek.Mekdeplerde sport sapaklary ýatyrylan wagty,sport meýdançalaryna ekin ekilen wagty,neşäniň arakdan arzan wagty onuň sporty ösdürjek bolup wagz edip ýörmesi ýokary ýolbaşçylara ýakmaz, olaryň gözünden düşersiň,onsoňam, tälimçiniň aýlygy,çempionlygy üçin alýan hakyndan ýokary bolmasa,pes däl.Şeýle dälmi,Rahmanberdi aga!?-diýip,Şamyrat aýak ýoluna gidip-gelip,Tyrry aganyň ýanyna çöken Rahmanberdi agadan sorady.

–Mugallymlaryň aýlyklarynyň ýokarydygy hak-diýip,Rahmanberdi aga jogap berdi. –Soňky günlerde türkmeniň gadymylygy barada gürrüňler ýaýrady.Öňler baýle zatlary eşidemzokdyk.Käbirleri munda orslaryň eli barmyş diýýärler.Sen bir köp okan,köp bilýän adam.Bu geplerde maňyz barmydyr?

-Şamyrat beg, türkmeniň gadymylygy dogrydyr,ýöne ony şu güne çenli biziň bilmezligimizde orsuň günäsi ýokdur.Türkmeniň aňyrsy,taryhy,has dogrusy Saltyklar imperiýasy barada arap çeşmelerindäki ýazgylar 1950-nji ýylyň başlarynda rus dilinde, Leningrat-da çap bolup çykdy.Olar onlarça kitaplardan durýar.Özüni taryhçy hasap edýän her bir adam Türkmenistanyň golýazmalar institudyndaky ýazgylara,alym,akademik Bertelsiň ýazgylaryna ýüzleý göz gezdirse-de,onuň dogrylygyna düşüner.Orslar ol kitaplary gyzyklanýan adamlar okasyn diýip çykardylar,emma kim olary okady?Türkmen alymlary öz gadymy mirasy barada iş

ýazandan ýoýulan görnüşdäki ors taryhyna syn ýazanlaryny gowy gördüler.Biz geçmişimizi bilmeýänligimiz üçin başgany günäkärlemäge hakymyz ýokdur.Şony berk belle,Şamyrat!Ýene bir zat aýdaýyn!Hiç kim bize namaz okama,sünnet etdirme,dap-dessuryňy berjaý etme diýmedi.Eger diýlenem bolsa ony özümizden gözlemeli,başganyň boýnuna atmaly däl.Pribaltika,Kawkaz döwletleri şu güne çenli öz ata-baba elipbiýlerini saklap gelýärler,biz bolsa täze türkmen elipbiýini döretmeli diýip samsyk gürrüň tapýarys.Türkmen ýetmiş ýylyň içinde dört gezek elipbiýini çalşyrdy,indi bäşinji gezegiň gürrüňini edýärler.Her gezek elipbiý çalyşanda ata-ene bilen çaganyň arasynda gala döreýär,elli ýyllyk boşluk emele gelýär,olar birek-biregiň ýazgylaryny okap,ýazyp bilmeýärler.Kim näme diýse-de,men-ä şu täze elipbiýiň döremegine garşy.Men size ýene bir zat aýdaýyn,şuny berk belläň!Biziň gadymy däp-dessurymyz,ýol-ýörelgämiz yslam dinine gabat gelensoň,Pygamberimiz:”Türkmenler şeýle beýik halkdyr”diýipdir.Näme üçin onuň beýle eradaty bar?Halat-hadyslarda Allatagala aýdypdyr:”Eger-de men bir kowmumyň üstüne gazabymy inderjek bolsam ,şeýle bir kowmy ýaratdym,ony şolaryň üstüne indererin”diýýär.Şol kowum türkmenlerdir.Gepden gep tapylýar,päheýde weli. Pygamberimiz aýdypdyr:”Türkmenleriň ýanlaryna ýaman niýet bilen barmaň,göwünlerine degmäň! Olar gaty gaýratlydyr,namysjaňdyr.Olar bilen atyşmaň,sebäbi olaryň özleri bu ýola geldi...” Ine,ata-babalarymyzdan habar alsak, şeýle halk bolupdyrys.

Biz Hudaýa ynanýas,ol ýaradyjy,ondan başga ýaradan ýok,gözümiziň görýänini, gulagymyzyň eşidýänini Allatagala döretdi diýip ynanýarys.Allatagala:”Ýaratdym men ynsany özümiň aýratyn sungatym bilen,owadan,özüme meňzeş edip ”diýipdir.Şol sebäpli gujur-gaýrat,ar-namys,ýiti hüşgärlik biziň ganymyzda bar.Onsoň bizi ýeňen bolmaz.Käte ýeňerler,emma ol uzaga gitmez.Ony pälwanymyz subut edýär. Şeýle dälmi,Altymyrat jan!?

-Dogrudyr,Rahmanberdi mollym-diýip,Altymyrat jogap berdi...

Ine,şeýle-şeýle gürrüňleriň başyny agyrdyp,Altymyrat ejesiniň kyrkyny sowdy.Bir böwşeňlik ara düşende,umytly nazaryny Altymyrada aýlaýan Tyrry kakasy dillendi.

–Alty jan,bir hoş habar aýdarsyň diýip,gözüm ýoluňdadyr!

-Tyrry kaka jan, seň aladaňy etmesem bolmaz-a!-diýip,Altymyrat,egin-eşikleriň täze hokgalaryny mazamlaýan dürli ýaşdaky aýal-gyzlaryň bir bukja ýygnalan suratlaryny goltuk kisesinden çykaryp,oňa uzatdy.Ol muny Aşgabatdan,Oleg bilen gözellik otagyna baranda satyn alypdy.

–Hawa,Alty jan,bulaň näme?

-Tyrry kaka jan,men-ä “saýla-da seç” diýip,gelinleriň özlerine derek suratlaryny alyp geläýdim.Olar işli,alyp gaýdyp bolanok.Bulaň birini saýlap,şu bolýar diýseňiz şoň ugruna çykaýmasam...Nähili görýäňiz?

-Alty jan,köp sag bol!Ozalam seň şeýtjegiňi,iş bitirip geljegiňi bilýärdim.Ýok,sen ösersiň,ýokary galarsyň,Rahmanberdi ýaly “Aý,indi garrady,aňy gaçdy,heleý nämesine gerek, otyrsyn tüneginde myrdaryny aşyryp”diýmänsiň,gaýtam, gelinleriň hersiniň suratyny alyp,bukja ýygnap getiripsiň.Şamyrat kel muny etmez,öldürseňem etmez. Ol özüne alar,ýöne maňa hödürlemez.Häzirem ol Şatlykda biriniň başyny aýlap ýörmüşin.Ýok,ol düzelmez. Bulaň üçin welin, sag bol,iner ogul!Bu tüýs seň bitiräýjek işiň!

-Tyrry kaka jan,menem bir zat soraýyn.Näçe ýaşda öýlenmek has amatly?

-Ýaş bolsaň-a ir,meň ýaly garry bolsaňam görýäň-ä,ýagdaýymy-diýip,Tyrry aga jogap berdi.

–Onda men nädeýin?

-Senmi?Hany erte daň atsyn,daňlyk gyzarsa Hudaýyň urdugy,gün ýaşyp şapak gyzarsa Hudaýyň berdigidir,şonda netije belli bolar.Ýogsam derdimiz ...

–Henizem şol öýlenmek gürrüňmi?Tyrry seň derdiňi suw bejär,suw bejermese ot bejär,ot bejermese tyg bejär,kesip gýbererler-diýip,bularyň ýanyna gelen Rahmanberdi aga ýylgyryp,ara goşuldy-Seň heleý nämäňe gerek,päheýde welin?Öýüňde iýdirip-içirýärler,kiriňi ýuwýarlar,arkaýyn ýatyp turýarsyň,göwnüň islän ýerine gidýärsiň.Heleý alsaň oň zawud ýagyny,unyny,odunyny,hurşuny tapjak bolup elewrär ýörersiň-dä!Ýeke bolsaň aňsad-a,päheýde weli!...Altymyrat jan,men-ä gaýtmakçy.Kabul bolsun!

-Mollym,taňryýalkasyn!Ýör,men sizi ugradaýyn!...

Adamlar dargaşansoň Altymyradyň köňli boşap galana döndi,bir ýerde oturyp karar tapmady,daş çykdy,içeri girdi.Göwnüne bolmasa ejesi bir ýerden çykagetdin:"Balam jan,,meni göresiň geldimi?"diýäýjek ýalydy.Ýanynda gürleşip,pikir alyşyp,derdinişer ýaly adam ýok,her kim eklenç,iş aladasy bilen ýetişiksiz günde.Şeýle ýagdaýda ol nobura baryp,suwuň akymyna,şaggyldysyna syn etmäni halardy..

Indi noburdaky,olaryň öňki suwa düşýän "Gumgüzerimiziň"(ol indi "Täzebaýgüzer"adyny alypdy)bol suwy,gyrasynyň gür gök agaçlary bolmasa-da,garaz,içi gazy garasyny görmedik ýapdan nehilidir bir suw akýardy.Ýaz çaglary ulygyz ýaly sülmüräp,gollaryny suwa atan leýlisaçlara seretmek hezillikdi,näzijek ýaprajyklar ýaýylyp,dury suwuň ýüzünde tolkuna görä hereket edip ýüzýärdiler we näzijek ýaprajyklaryny sypaladyp,kirşenden arassaladýardylar.Häzir olar ýalaňaçlanyp,ýalaňaçlygyna utanýan ýaly,başyny suwa sokup,Altymyradyň ýetim galyşy ýaly ýetim görünýärdiler...

Birdenem ol tisginip gitdi.Ýok,oňa päsgel berýän ýokdy,ol kalbynda peýda bolan pikire tisginipdi.Ol pikir ýazda sallanyp suwa düşýän leýlisaç gollarynyň,ýekeje güli peşgeş beren,heniz adyny hem bilmeýän gyzynyň örülmän öňüne atan saçlaryna meňzeşligidi.Ýaňy köçäniň sozuljyrap ýatan gumaksy ýolunda,gara köwşüni ak ýüpege meňzeş çaňlara basyp gelýärkä-de,beýle pikir hakydasynda peýda bolmandy.Diýmek,onuň peýda bolmagy üçin suwuň gyrasynda oturmagy gerek ekeni. Örküç-örküç tolkunlar bat bilen gelip,gelişi ýaly hem geçip gitselerem,leýlisaç ýabyň gyrasynda,başyny egip, saçlaryny ýaýyp dur.Altymyrat:"Ne gözel saçlaryňy suwa batyrma,jan gözel gyz!"diýýär,gyz bolsa:"Waý,enaýy-da,gyz"diýip jogap berýär. "Gumgüzer"atly noburyň gyrasynyň tally,tutly,kä ýerleri erikdir almaly kenary diňe bir Altymyradyň däl,tomusda oba oglan-gyzjagazlarynyň hezil edip suwa düşýän ýeridi.Kimdir bir pulmesiniň beýleki kenarda täze guran öýüne geçmek üçin ýasan paýapyly çagalardan dolýardy.Olar ondan özüni suwa oklaýardylar,şallakmende oýnaýardylar,soňundanam kenardaky urpak guma bagryny berip,güne ýanyp ýatardylar.Belki,Altymyradyň süňňüne hem şeýle ýol bilen topragyň agraslygy siňendir?Belli däl,ýöne ol bir zada gözüni ýetirdi,olam,şol gül beren gyzy ýatlaly bäri kalbynyň üýtgänligi.Indi oňa Günüň ýaşyp barmasam,Aýyň şöhlesem,Asman gümmezem,çöregiň hümmetem,durmuşyň gymmatam,özüniň gussaly kysmatam,ýaňky ertekisem hemmesi täzeden başlanýan ýalydy.Ejesi bar wagty hiç zady pikir etmedik,hat-da öýlenmegide onuň üstüne atyp,(eýsem türkmen çagasynda ony ejesiniň üstüne atmaýany barmydyr?)dünýäni topugyna saýmadyk oglan,indi ähli zatda öz göbegini özüniň kesmeli boljagyna düşündi.Hat-da öýlenmek meselesinde hem.Heniz dünýäniň emer-damaryna doly düşünip barmasa-da, ol,birine garaşýan ýalydy,gün ýaşdygy Günüň dogaryna,Gün dogdygy ýakymly ýaramly şöhlesiniň uzak dowam etmegine

garaşýardy,elewreýärdi.(Ejesi gaýdaly bäri gijäni halamaýardy).Nämä garaşýar,kime garaşýar?Belki,ýekeje gül beren şol gyza garaşýandyr?Belki bu çyrpynmalar başga zatdandyr?...Ol şeýle oý-pikirlere gumra bolup günüň ýaşanyny hem duýmady.Asmany gaplan gara bulutlar ýere gaçaýjak bolýardy.Ilki ýagyşdan başlap,soňuny gara ýazan tebigat akja dona bürenipdi.Bu gün asmanam ejesiniň gam-gussasyna goşulyp,ilki gözýaş döküp,soň gar sepeläp:"Indi köşek,köşeş,rahatlan!Öleniň yzynda ölme ýok,giň bol!"diýýän ýalydy...

Ol edil şu wagt,daş bolmadyk aralykdaky şol ýatlanylýan gyzyň penjiräniň öňünde daşaryk bakyp,kimedir birine garaşýan ýaly, tukatlanyp oturanlygyndan bihabardy...

Şol günüň ertesi Altymyrat raýon merkezindäki türgenleşik mekdebine bardy.Ol ýerde ilkinji duşany Oleg boldy.

-Ýüzüň dagy näteňet,how!-diýip,ol sorady.

–Aý,dost jan,meniň ejem janym,agalarym göz öňümden gidenok.

–Öleniň yzynda ölme ýok.Rahmanberdi aga:"Allaň berenini ýaşamaly,söýmeli,söýülmeli"diýýär-ä!Ýigrimi ýaşadyň,bir gyzyň ýüzüne bakyp göreňok.Olar bolsa sen diýip ölüp ýatyrlar.Saňa hat ýazýan gyzlaryň sany-sajagy ýok,sen bolsa...Şol gül beren gyzyň,meselem..Ýogsa-da,şol gyz seniň bagtyň bolaýmasyn?-Oleg Altymyradyň ýüzüne dykanlap bakdy-Ol seniň çöken göwnüňy seýiklejek,azaşan durnasyny söýeglejek bagtyň bolaýmasyn?Kyn günüň perişdesidir ol,maňa ynanaý!

-Dost jan,näme maslahat berýärsiň?

-Maslahatym,häziriň özünde çogdam güli eliňe al-da,onuň öňünden çyk,gowşur!Adyny sora,duşuşaly diý,garaz,gürleş.Bolmaz-a,how,özüň-ä dünýäni aňk eden pälwan ýigit,şu syçalakga barmagym ýaly gyzjagazdanam çekinip ýörsüň!Özem,ölen-ýitenleriň gürrüňini az et,ýogsam,Ezrail aramyzda kaňkap ýörmüşin,kimi alyp giderkäm diýip...A-na,a-na görýämiň,bankyň jaýynyň aňyrsyndaky howlyny?Zöhräň köşgüne meňzäp duran, pessejik haýatly,öňi gök eýwanly jaýy?Onuň gapysyny,äpişgesini,sypyşyp ugran üçegini häzirlikçe gaýybana ýüzüňe syl.Sebäbi onda seniň eý görýän perizadyň ýaşaýar.Ýör,asyl,ajdarha ýaly ejesi bolsa-da,men ony çagyryp bereýin!-Oleg sagadyna seretdi-de-Ýogsa-da,gyz häzir okuwdan gelmeli.Onýança,Mälik agadan bir gujak gül alyp gaýdaly!-diýip,ol Altymyradyň utanýan diýmesine garaman goltugyna girip,ýöräp ugrady-Men saňa bir zady gürrüň bereýin.Agşam bir pynhan ýerde söýgilim bilen duşuşdym,onuň pamyk ýaly ýumşajyk,näzik ellerini sypaladym-da:"Maýa,saňa bolan söýgimi ýüregimiň pynhan ýerinde göterýän, ony saňa aýtman gezip ýörmegimde jinnek ýaly günäm ýok.Sen menden gaty görme!Söýýäniň günäsi bagyşlanýandyr,hat-da eliňi şeýdip sypalap dursa-da"diýdim.Dogrudanam,meniň bu herekedimde günämiň ýoklugyna Allada şaýatdyr,sebäbi her gün onuň suratyny ýassygym aşagynda goýup ýatýaryn,arzuwlap uklap galýaryn.Belki,Alla jan arzuwymy eşidendir? Gyz maňa nähilidir ykbal,durmuş barada pelsepe otarýar,meni bolsa onuň gyzgynjak elleri,billeri gyzyklandyrýar."Bu eller öňki näzikligini ýitirdi,näsaglara sanjym edýänligim üçin gatady"diýip,ol akja dişlerini görkezip,mähirli ýylgyrýar.Bu ýylgyryş,tabynlyk magnit ýaly özüne çekýär-de,onuň gyzaran ýaňaklaryndan nädip öpenimi hem bilmändirin...

Dogry,ors gyzlaryny ogşamak aýybam däl,emma men oňa:"Seň buýsanjyňy barlamak isledim" diýip samsyklapdyryn.,ol bolsa gyzyl burç ýaly gyzaryp:"Saňa-da düşüner ýaly däl!"diýýär.Bolsa-da,Hudaý janyň özi beýle gözelligi ýaradyp bilipdir,ony söýmezlik mümkin hem däl,şeýle owadan eşikdä-hä hasam.Men oňa " seniň yşgyňa düşüp,söýüp ýaşamagyň eşretine düşünip başladym,saňa melul bolup,näme edip,näme

goýanymy hem bilemok,asla beýle belent ajaýyp duýgunyň öňünde durjak bardyram öýdemok!”diýip, bagryma basmak isledim,emma ol döşümden itip:”Oglan,akyllyja bol!”diýip, badymy gaçyrdy..

–Heý,ýagşam bir iş edipsiň.Zalywadyň Görogly agasy bar-da,derrew bagryna basjak,bir ýerine ýapyşjak!Göroglynyň kyrk ýigidiniň serkerdesi Tebli batyr Esenhana:”Göroglyny gola düşürmegiň ýeke ýoly bar.Ol gelin-gyzlara gyzmadyr.Geçjek ýolunda olar mejlis-märekede dursunlar.Şonda Görogly gülüp-oýnap,olary taryp etmän hiç ýere gitmez”diýýär.Esenhan bilen döwüşmäge barýan Görogly bolsa, ýoldaky gelin-gyzlary görüp,boýnundaky galandar haltasyny aýryp, demir donunyň üstünden köne-syna eşiklerini çykaryp,Gyratyna münüp,murtuny towlap golaý gelýärde:”Goluňyz bilen bir meý beriň!”diýip,bir gazal aýdar boldy...Meý içip-içip atyny,ýaragyny aldyrdy,tutuldy,ýesir düşdi,zordan ölmän sypdy.Senem häzir bol,how,dost jan!?Gelin-gyzlaryň aly kändir-diýip,Altymyrat ýylgyrdy.

–Göroglynyň uýasy Gülşirin bu habary Agaýunus perä aýdanda ol:”Eý,Gülşirin jan,seniň agaňa näme bolsun?Onuň özi dogry ýoldan ýöränok,işi bolgusyzlyk.Biriniň gelnine ýa gyzyna bir zat diýendir,şoň üçin tutulandyr"-diýip, jogap berýär.Bizem,näme Göroglynyň inileri-dä!-diýip,Oleg hezil edip güldi.

–Näme,dost jan,indi senem Görogla meňzemekçimi?Oňa bir meňzeme,how!-diýip,Altymyrat janykdy-Ol on bir ýaşyna ýetende öz okadýan mollasyny it ýenjen ýaly ýençýär,onsoň atasy Jygaly beg agtygyny okuwdan alyp galmaga mejbur bolýar,ýigit çykanda agasy Genjimiň goýunlaryndan ogurlaýar,galyň tölemän Agaýunusa öýlenýär,Hudaýdan perzent dilemän at dileýär,ýurt söküp ýören 40 galandary sygyr soýup naharlaýar.Ýöne soň Ysfihan şäherine gidip,şol galandarlary tapýar we eden ýagşylygyny diline çolap,şolaryň üsti bilen ep-esli zat edinýär.”Il agasy don ýakasy” bolmak isleseň, bir ötegçä eden hemaýatyň mazamlanmaýar.Dogry dälmi?

-Dogry-diýip,Oleg razylaşdy-Ol şeýle adam bolupmy?

-Men henizem,dost jan onuň eden işleriniň köpüsini aýdamok.Ol Budur gassabyň ogly Öwezi aldap,alyp gaçýar we zor bilen özüne ogullyk edip alýar,türkmeniň hökümdaryka, iki aýagyny göre sokup oturan ykmanda kempire atyny ogurladýar,dogan okaşan dosty Bezirgeni biriniň gepyne gidip öldürýär,özem oňlanmajak bu hapa işi namartlyk bilen amala aşyrýar.Ol:”Çaýdan,çilimden,şerapdan habaryň barmydyr?”diýip,özüne ýüzlenenlere:”Wah,ýüregimiň üstünden ýalaňaç ýörediň”diýip jogap berýär we özüniň aňrybaş neşekeşdigini,serhoşdygyny görkezýär.

–Bä,şeýlemi?Onda-da,döwlet derejesinde bu şadessanynyň baş gahrymanyndan görelde,nusga alyň diýip gije-gündüz wagyz edýärler.Men-ä,düşünýän däldirin.

–Düşünmedik bolsaň indi bilip goý,dost jan!Şular ýaly zatlar Görogly şadessanynyň ýaňy-ýakynda çap edilen nobatdaky kitabynda bar.

-Bor-la,how,men-ä ýöne aýdaýdym!.Mugt gürrüň,diňlede
oturda. Onsoňam,Göroglyny öň okap görmändim welin,indi okamaly etdiň! ...

**--6—**

Olar ep-esli aralykda ýerleşýän “Witjik”diýdimi,”Lipçik”diýdimi,şeýleräk atly dukanyň gapdalyndan geçip,etrabyň merkez uniwermagynyň garawuly Mälik aganyň ýanyna bardylar.Ol dukanyň öňündäki ýarym aýlow meýdançada ýetişdiren güllerine serenjam berýärdi.Altymyrat sowuk urmazlyk üçin üsti basyrylan bägüllere seredip agzyny açdy.Her gn geçýän hem bolsa,gaty bir üns bermänligi üçin,edil beýle gözelligiň

barlygyny guman hem edmeýärdi. Öwrümli, aýlowly köçäniň öwrümine görä ekilen güller,özüniň gözelligi,ýaraşyklylygy bilen haýran galdyrýardy.Ýok,olar ýöne bir güller däldi,bir-birinden reňkdar,owadan,bark urýan güllerdi,ýaňy açylyp barýany,indi açyljak gunçalar,parlap bark urýanlary bardy.Toplum-toplum gülleriň bir reňkden baýlekä geçmegi ýörüte çekilen suraty ýadyňa salýardy.Üns berip seretseň,olar dürli manyny,durmuş öwrümlerini salgy berýän ýalydy,ýapraklar türkmen keşdesini,sary bägüller ejesiniň ketenisini,mawy bägüller asmany ýadyňa salýardy.Bu gözel meýdançany synlaýan her bir adam,diýmäge söz tapman dymýardy.Mälik aga bu gözelligi garawullyk işiniň daşyndan döredýärdi.

Oleg,özüne mahsus sypaýylyk bilen (umumanam ors ýigitleri sadadan mylaýymdylar) Mälik aga bir zatlary düşündirdi,olam edip duran işini taşlap,bilindäki üzüm gaýçysy bilen dürli reňkli bir topbak gül ýygyp berdi.Şu ýerde Olegiň şäher tipli şäherjikde ýaşaýanlygy aýan boldy.Dukana girip,gülleriň daşyny owadan kagyz bilen doladyp çykanda,Altymyrat oňa göz ýetirdi.Indi,daşy kümüşsöw kagyzyň içinde ýaňky güller hasam gelşige gelipdi.

Olar sport meýdançasyna gaýdyp gelenlerinde,mekdep okuwçylaryň uly bölegi köçeden geçip barýardylar, bir topar,olaryň yzynda,iki-ýeke barýany,soň ýene uly topar geçýärdi.Altymyrat üçin olaryň hemmesi bir meňzeş gyzdy,ýöne ol olaryň içinde özüniň gül gowşurmalysynyň ýoklugyny bilýärdi...Ahyrym,geçjek geçip gutaranda,öňki geçenlere asla meňzemeýän,üýtgeşik owadan,gelşikli,ýüzi mehirli gyza gözi düşdi.Onuň ýeke gelmegi amatlydy,ýogsam gyzlaryň arasynda güli gowşuryp hem biljek däldi.

–Bar,bar çyk öňünden!-diýip,Oleg ony iteläp goýmady.

Gyş donunyň ýakasyny galdyryp gelýän gyzdan eýmenen hem bolsa, Olegiň iteläp gyssamagy zerarly,näme bolsa şol bolsuna urup,onuň öňünden çykdy.Ýüregi gürsüldäp,agzyndan çykaýjak bolýar.Arada bary-ýogy on,on bäş ädim,emma oňa tükeniksiz,aňyrsy görünmeýän ýol bolup görünýär.Utanjyna gözüni ýumýar.Ýok,ol bolmaz,gaýtam, gözüni giňden açyp,geçen gezek gül gowşuranda seredip bilmedik hem bolsa, bu gezek ony içgin synlamaly.Gap-garaja saçlary öňüne taşlanan,oň üstünden öýme ýaglyk atylan,bezemen donunyň aşagyndan gyzyl keteni köýnegi çykyp duran ortadan uzyn boýly gyz.Keteni köýneginiň eteginiň darlygyny göreniňde,nädip ýöräp bilýärkä diýip,howpurgaýarsyň.

–Salam!-diýip,Altymyrat gabadyndan geçiberjek bolan,goýun gözleri gülüp duran gyza ýüzlendi.Onuň ýüzi gaty tanyş ýaly göründi.Öňki gezek gowy seredip bilmänsoň,bi gezek seretse,tanyş ýaly.Birdenem birki ýyllykda gören “Aýgytly ädim” kinosy ýadyna düşdi,şobada bu gyzyň kinodaky Artygyň söýgülisi Aýna meňzeýänligine göz ýetirdi.Ol edil bir almany iki bölen ýalydy.

–Salam-diýip,gyz jogap berdi.

–Şu güller menden saňa,sowgat!Adym Altymyrat!

-Gag bol.Tanaýan.Seni tanamaýan barmy?Radio,teleýaýlym,gazet-jurnallarindi diňe sen barada ýazýarlar.

–Adyňy soraýjakdym men-ä!

-Güller!-diýip,ol mylaýym ýylgyryp, elindäki gülleri ysgap durka jogap berdi.

–Hawa,güller gowujadyr,ýöne men seniň adyňy soraýan!?

-Adym Güller-dä!

-Güller!Güller diýýärmiň?-Ol tasdanam”nädäýdiň aý muny,garajürjeneje gyz!”diýipdi.

–Adym Güller bolsa Güller bolar-da!Geň gördüňmi?

-Geň,ýöne gowy at-diýip,Altymyrat mylaýym ýylgyrdy.

–Öňem,edil şu ýerde gül sowgat beripdiň,sag bol,Alty!Ol ýadymdan çykanok.

Gaýgy-gam zerarly beýle hoşamaý söze,şatlyga zar bolany üçin onuň derisy ýaýrady,aşygy alçy gopdy,düşnüksiz bir duýga gaplandy.Şeýle ýagdaýda Rahmanberdi aga:"Hudaý kömek etjek bolsa sebäp tapar"diýýärdi.Ol dogrudyr.Gaýgy-gussa gaplanan köňül ýuwaş-ýuwaşdan galkynsa,nurlansa,şatlansa onuň dogrulygy dälmi?Dünýäde gaýgy-gamsyz adamynyň nurana ýüzünden owadan zat ýokmuşyn."Alty,sag bol!"diýip,Güller gapdalyndan geçip barýarka hem ol pikirlerinden saplanyp bilmedi,ýogsam näler gürleşesi gelýärdi,ýöne, diline badak atylan ýaly bolaýdy.Zordan:"Sag bol,Güller!"diýip,jogap berdi...

–Ony öýüne çenli ugratmalydyň-diýip,Oleg igendi-Saňa-ha bir döw çalypdyr.Näme boldy?Utanýaňmy?Dura-bara öwrenişersiň.Menem ilki duşuşygymda çekinipdim.Ol bolýan zat.Hawa,onsoň,ýene duşuşmagy wadalaşdyňmy?Wah,sen onam eden dälsiň?Adyny bir soradyňmy?

-Hawa.Ady Ballar,onuň,Ballar!

-Ballar diýdiňmi?

-Ýok,Güller!

-Gowy ady bar ekeni.Ony bir ýadyňdan çykarma,how!Ýygy-ýygydan duşuşmak nesip etsin.Gowy,görmegeý gyz,sypdyrma,bolýarmy?!

Dostlar, ýene köp gürrüňleriň başyny agyrdyp,üç günden duşuşmagy wadalaşdylar.Gün ýaşyp barýardy.Günbatarda peýda bolan çalymtyk ýuka bulutlar ilki çalarak garalyp,soň gyzardy.Şeýle ýagdaýda Rahmanberdi aga:"Gije aňzak,ertir güneşli bolar"diýýär.Onuň aýdyşy ýaly, gijäniň aýazyna gapydaky injir agajynyň şahalary jatylaberdi.Ol şeýle bolmalydy.Rahmanberdi aga bilmän zat aýmaýardy.Ol aýry-aýry guşlaryň asmanda uçuşyny synlap,sesini diňläp,ertirki boljak howany kesgitlese,haýwanlaryň hinleriniň agzyny kydla tarapa edip gazan ýylynyň gyşynyň sowuk boljagyny aýdyp bilýärdi.Asyl gyşa ýakyn çöl haýwanlarynyň ählisiniň tüýi galňap,reňkiniň üýtgeýänligini duýmaýan ekenik.Ol bolsa adamlaryň üýşen ýerlerinde:"Adamlar,bu ýyl gyşdan gaty gorkmaň, tilkidir-şagallaryň reňkleri haýal üýtgeýär"diýer.Haýran galaýmaly,şol ýylyň gyşy mylaýym geler.Ol bulary gürrüň berip otyrka,eňegini sypan bolup,gözleriniň owasyny süpürerdi.Gojanyň kalbynda gopýan harasadyň nämedigini anyk bilmese-de,onuň sözlerinden çen tutsaň,ynsapsyz,päliýaman adamlar tarapyndan talaňa düşen tebigy gözelliklerimiziň düşen halyna ýürekden gyýylýanlygy bildirýär.Her nämede bolsa ol özüne  erk edip bilýän adamlaryň hilindendi...

Altymyrat giçlik öýüne bardy.Ol Orazberdi,Bäşim dagy bilen otyrka ýanyna Aýgözel gelip, garsa gujaklady-da,aglady.Olar aglaşdylar.

–Ejem janam gidiberdi-dä!-diýip,Aýgözel gözüniň ýaşyny syldy-Geçen ýyl ýaryşa giden döwürleriň  ejemiň ýagdaýyny soramaga gelipdim.Ejem süýjülik keselinden ejir çelýärdi.Keseliň namardy ol.Begenmegem,gynanmagam bolanok.Seniň gazanan üstünligiň habaryny eşidip begenipdir."Birhili,ýüregim süýşen ýaly boldy-"diýýär.Şol günler Tirkiş kakamam ýaraman ýatyrdy,ýapyk saraltma diýdilermi,nämemi.Ony eşitdirmeli dälem weli,nätjek bolanokda.Şonda ol:"Kakaň bilen iki oglumyň ölümini gördüm.Indi bir bagyr awusyny görkezmesin"diýip aglady...Nätjek,jigim,öleniň yzynda ölüp bolanok!Ejem-ä gitdi,Alla janam ýetim galanyň öwezine saňa maşyn,jaý berdi.

–Baýlyk eliň kiri ýalydyr,eliňi ýuwarsyň,kir aýrylar.Meň gözüme maşynam,jaýam görünenok,dogan jan!..Ýöne,aýal doganlarymdan ölünçäm razydyryn.Moskwada

türgenleşikde bolanymda,siz,aýal doganlarym, kolhoz işine gatnap,pagta ýygyp,gazanç etdiňiz we gysganman maňa pul iberdiňiz.Ministrleriň ogullaryda mençe ýaşan däldir.Aýal doganlarymyň janlary sag bolsun!Indiki ýaryşa gidip gelsem,enşalla,saňa bir gowy jaý alyp berjek.Beýdip,kireýine ýaşap ýörmeziňiz ýaly...

–Alty jan,janyň sag bolsa,maňa şol besdir, zadyň gerek däl!

-Ejemiz biz üçin aňyrsy-bärsine göz ýetmeýän älemdi,dünýä giňişligidi,dogan jan...

–Alty,ýoldaşym Baýram senden gaty razy,seni öwüp dilinden düşürenok.”Nirä barsa onuň gapysy açyk.Onuň ady bilen baran ýeriňde islän zadyňy berip goýberýärler”diýýär.

–Maňa siz bagtly ýaşasaňyz bolýar,dogan jan.

–Men bagtly-diýip,Aýgözel jogap berdi-Ýöne,durmuşa çykanyma bäş ýyl bolsa-da,ejem Baýramy öýe getirmedi,”özüm halat-serpaýyny taýýarlap,çagyrýançam gelmesin” diýdi.Käte raýona ýoly düşende ýanyma baraýsa-da:”Köreken gelmänkä turaýyn”diýip,turmak bilen bolýardy,”Eje,bir gijejik ýatyp gidäýmel-ä!?” diýäýsemem:”Goýeweri gyz,toba,toba,hi körekeniň öýünde-de ýatyp bolarmy?Ile gürrüň bolanymy isleýärmiň?”diýerdi.Umumanam,türkmençilikde näme üçindir, körekenler halanmaýar.”Körekeni alamana iber,gelse-de peýdaň,gelmese-de”diýen aýtgy hem ony tassyklaýar.Ejem türkmeniň bu däbini berk saklaýardy.Belki, söýüşip baranlygym üçindir?

-Zyýany ýok,jigim.Ejem çagyrmadyk bolsa,körekeni biz çagyraýarys,dogry-da walla.Bize sen bagtly bolsaň bolýar-diýip,Orazberdi ara goşuldy.

–Ýaňy aýtdym-a,men bagtly diýip.Bagtly bolmak üçin irginsiz zähmet çekmeli,kynçylygy tutanýerlilik bilen ýeňmäni başarmaly,her gün ýagly-ýüzli iýjek bolsaň maňlaý deriňi dökmeli,maşgalaň bilen ylalaşykly ýaşamaly.Muny ejem pahyr aýdardy.Men onuň ýanynda soňky demine çenli boldum,amanadyny tabşyrýan pursatynda-da,akyl-huşy ýerinde-di,pahyryň...-Aýgözel sakynyp,gözüniň ýaşyny syldy-Goňşym maňa:”Daşyňdan synlaýan welin,sen gaty işeňňir gelin,hojalygyňy başam barmagyňda aýlaýaň.Ýemreli gyzy-ha dälsiň-dä?”diýip,hojalygymyň tertipliligine syn edip baha berdi.Men:”Diýmek,olar işeňňir bolmaly,şeýlemi?”diýip soradym.Ol bolsa:”Men taryh mollymy.Taryhda:”Orta Aziýadaky general-gubernatoryň ýanyna birini tutup getirseler:”Ýemreli türkmenimi?”diýip,sorar ekeni,sebäbi, olar öz diýenini etdirýän,jöhütler ýaly ýörüte hasapda durýan il bolupdyrlar.Türkmenistanda ýaňy-ýakynlara çenli ýekeje harby mekdep ýokdur,sebäbi bu türkmenleriň aýratyn hasapda durýanlygy üçindir.Ýemreli Akmyrat baý biziň ýurdumyzy harytdan dolduryp ugranda:”Ony ýanyňa golaýlaşdyrma,ýeriňe dawa eder”diýip,Prezident bilen arasyna çöp atdylar,ýogsam,onuň wezipe dawasy ýokdy ahyryn.

–Bermeli ýerinde bermeseň iş düzedip bolanok-diýip,häliden bäri sesini çykarman oturan Bäşim dillendi.

–Beý diýme,agam jan!-diýip,Altymyrat garşy çykdy-Durmuş häzir Şamyrat kel ýalylaryň peýdasyna işleýär.Berýän çaý puly hem gazanýandyr.

–Ynsaply ýaşasaň arkaýyn ýatyp turýarsyň.Şonda-da,käte goltugy bukjaly organ işgärini göreniňde birhili aljyraberýärsiň.

–Doganjygym,ejem pahyr”ynsaply ýaşaber,bereket taparsyň”diýerdi--diýip, Altymyrat Aýgözele mähir bilen garady...

Bu gün doganlar özara gürleşip,gije ýaryma çenli oturdylar...

## Daniýa,Lipesk, agasy Tirkişiň ölümi.

---1--

Ýylyň dowamynda geçirilýän sport ýaryşlarynyň sany sanardan köpdi.Olaryň hemmesine gatnaşmaga Altymyradyň mümkinçiligi hem ýokdy.Diňe bir 1990-nji ýylda geçirilen ýaryşlar barada ýatlasaň olar şu aşakdakylardan ybaratdy.Bu ýylyň mart aýynyň 2-4 aralygynda Tbilisi şäherinde SSSR-iň ýygyndy komandasynyň dalaşgärleriniň "Kubok Drujby"atly ýaryşy geçirildi.Onda ýeňiş gazananlar Ýewropa çempionatynda çykyş etmelidi.Ýöne bu ýaryşa Militosýan,Hrapatin ,Zaharewiç, Kurlowiç ýaly dünýä belli ştangaçylar gatnaşmady.Olar Awstraliýanyň Melburn şäherinde geçiriljek halkara ýaryşa gatnaşmalydylar.

"Kubok Drujby" ýaryşynda 52 kg-da çykyş edýän Matewosýan,56 kg-da çykyş edýän koreýaly Kim Zen Nam,75 kg-da çykyş edýän Kuznessow,82,5 kg-da çykyş edýän Rubin dagy ýokary netije gazandylar.Melburun ýaryşynda bolsa öz agramlarynda çykyş eden Militosýan,Hropatyý(SSSR),Amin(Müsür),Kunew (Bolgariýa) dagy gowy netijeleri gazandylar.

Mart aýynyň 11-15 aralygynda 13 Soýuz respublikalardan 139 ştangaçy,Ýaşlaryň arasynda Ýewropada geçiriljek ýaryşa gatnaşmaga hukuk gazanmak üçin Ijewskiý şäherine ýygnandylar.Ýaryşyň bir aýratynlygy ýeňiş gazanan ştangaçylara "Olimp"atly sport klubynyň ýörüte pul baýragy berilýärdi.Altymyrat hem Oleg Komlew bilen oňa gatnaşmalydy,emme çalaja ýoňlap gidip bilmedi.Bu gezek ildeşlerimiz,82,5 kg-da çykyş eden Komlew 362,5 kg göterip birinji orna,56 kg-da çykyş edýän Tursunmagambetow 255 kg göterip ikinji orna,60 kg-da çykyş edýän Tonýan 270 kg göteriň üçünji orna mynasyp boldular.Guwanmaly zat bularyň üçüsiniň hem Türkmenistanly bolmagydyr.Olar SSSR-iň ýaşlar ýygyndy komandasynyň baş tälimçisi O.Pisarewskiden hormatly baýragy kabul etdiler. Ýaryşyň gyzykly ýeri taryhda ilkinji gezek oňa Nowosibirskili Swetlana Adam diýen gyzyň gatnaşmagy boldy.Görkezen netijesi onçakly bir ýokary bolmadsa-da,ol ýaryşyň gidişine özboluşly bir gyzyklanma döretdi. Bu ýaryşdan soň Oleg Komlew Maltanyň La-Waleta şäherinde geçirilýän ýaşlaryň arasyndaky 16-nji çempiponatyna gatnaşmak üçin,Moskwanyň etegindäki Podalskiý şäherçesinde taýýarlyk görüp başlady.Soň ýaryşa gatnaşyp,öz agramynda dünýäniň çemlpiony boldy.Onuň bilen giden ildeşimiz M.Şuwalow hem 60 kg-da çykyş edip,çempion boldy.

Bular örän guwandyryjylykly,ýakymly wakalardy.

Aprel aýynyň 19-na,Moskwanyň sport klubynyň we federassiýasynyň aladasy bilen weteran-ştangaçylaryň arasynda hem SSSR-de birinjiligi almak boýunça ýaryş geçirildi.Gyzykly ýeri oňa 40 ýaşdan 67 ýaş aralykda ştangaçylaryň gatnaşmagydyr.Ep-esli ýyl geçenden soň köne garşydaşlar ýaňadan güýç synanyşdylar.Dogry,habarsyz galyp,ençene ýaşuly ştanmgaçylar gatnaşmadylar,şonda-da,ýaryş gyzykly geçdi.Türkmenstanly A.Saryýew 60 kg-da çykyş edip öz agramynda ikinji orny eýeledi.Dünýäniň ençeme gezek çempionlary Şatow,Lopatin,Puşkarýow,Duganow,Kozin dagy weteran ştangaçylary gadyrly garşyladylar we hormatly baýraklary gowşurdylar.

Dört günden soň,edil şu ýerde dünýäniň ilkinji çempiony Grigoriý Nowagyň ýadygärligine bagyşlanan birinji Bütindünýä ýaryşy geçirildi,oňa Ruminiýa,Wengirýa, Çehslowakiýa,Mongoliýadan we SSSR-den 92 ştangaçy gatnaşdy.Has tejribeli sportçylaryň Ýewropada geçiriljek çempionata taýýarlyk görýändiklerine garamazdan,ýaryşyň netijeleri erbet bolmady.Mongol ştangaçylarynyň üçüsi öz milli rekordlaryny täzelediler.Türkmenistanly A.Saryýew bu ýerde hem şowly çykyş etdi. Ýeri gelende "Demir adam"adyny alan Nowak barada kelam agyz durup geçeliň.

Uly Sowet ensiklopediýasyn-da ýazylyşy ýaly,ol Ruslaryň at gazanan artisti(1969ý),SSSR-iň ilkinji dünýä çempiony(1946ý),SSSR-iň on gezek çempiony,ýüzden gowrak dünýäniň we soýuzyň rekordyny täzelän adam.Ol barada “Demir çagajyk”ady bilen dünýä metbugatynda köp ýazdylar.Ol ştanga-da şeýle bir köp rekord täzeledi welin,onuň sany hem ýitdi,şol bir wagtda her rekordyň ägirt uly üstünlikdigini ýadymyzdan çykardyk.Onuň gazanan üstünlikleri ştangaçy ençeme nesilleriň ömrüne ýetjek.”Demir adam”,”Göteriji ýük maşyny”,”Rekordlaryň fabrikasy”,”Sowet Gerkulesi"...ýaly atlaryň sanyny näçe uzaltsaň uzaldyp oturmaly...

Daniýanyň Olberg şäherinde,maý aýynyň 14-15-lerine geçirilen Ýewropa çempionaty esasan SSSR-iň we Bolgariýanyň ýygyndy komandalarynyň arasyndaky çekeleşikli ýaryşlar esasynda dowam etdi.Bu çekeleşik indi ençeme ýyl bäri dowam edýärdi we ýene näçe ýyl dowam etjegini bilip bolmaýardy.Her bir ýurdyň özboluşly bir ştanga merkezi,özboluşly ýoly,däbi bardy.Topara ýaşlaryň gelip goşulmagy bolaýmaly zatdy,şoňa taýýar bolunmalydy.Diňe bir ýaşlar däl,olaryň tälimçileri hem çalşyp durýardy.Daniýada,meselem bolgarlaryň ýygyndy toparyna Nurikýan ýolbaşçylyk etse,SSSR-iň toparyna Alekseýew ýolbaşçylyk edýärdi.Alekseýew öň tälimçilik wezipesinde işlemändi.Daniýada onuň tälim beren sportçylary ilkinji synagdan geçýärdiler.Ilkinji synag bolsa kynlyk bilen amala aşýardy.Şonda-da sportçylar 5 altyn,2 kümüş,2 bürünç medal gazanyp,4 altyn,2 kümüş,bir bürünç medal çazanan bolgar toparyndan üstün çykdy.Umuman,Alekseýewiň topary ynamly ýeňiş gazandy.Diýmek,soňky ýyllarda tälimçilige bellenen Alekseýewiň alyp barýan ýolunyň dogrulygy belli boldy.Sebäbi,toparyň düzümi ýaryşdan has öň täzelenip,türgenleşik döwründe käte emele gelýän düşünişmezlikleriň aradan aýrylmagyna getirdi,şol bir wagtda üç ýyl arakesmeden soň,aýratyn bil baglanýan Wladimir Kuznessowyň topara dolanyp gelmegi,Sergeý Kopytowyň üstünligi,olimpiýa çempionlary Hrapatynyň we Kurlowiçiň ýokary üstünlikleri,aýratyn hem 1989-nji ýylda Dünýäniň we Ýewropanyň çempiony,75 kg agramda çykyş edýän,indi 82,5 kg çykyş eden Altymyrat Orazdurdyýewiň täsin üstünligi,hersiniň öz agramynda hiç kimiň öňe geçmejekliginiň güwäsi bolup hyzmat etdi...

Şu ýerde “Sowetskiý sport” gazetiniň 19.05.1990-ýylda çykan sanyndaky S.Rodiçenkonyň “Afina,Olberg.Yzy..” atly makalasyndan bir jümle getirýäris.

“...Soýuzyň baş tälimçisi Wasiliý Alekseýewiň ýüregi bir zatlary syzýan ýaly gürs-gürs edip urýardy.Sebäbi öňde 82,5 kg agramda çykyş etjekleriň synagy bardy.Oňa düşünse bolýardy.Dogry,Altymyrat Orazdurdyýew diýseň güýçli,garadan gaýtmaz sportçy.Geçen ýyl ol dünýä derejesindäki basgançaga çykyp,iki sany altyn medalyň bukjasyny gazandy,ýaşlariň we ulularyň arasynda çempion boldy.Indi bolsa Daniýada ýeňiş gazanmaly sportçy ilkinjileriniň hatarynda dur,ýöne başga agram derejesinde.Afinada geçen dünýä we Ýewropa çempionatyndan bäri geçen sekiz aýda Altymyrat 7,5 kg “agralypdyr”,has dogrusy ol,agramy ýetmese-de, 82,5 kg agramda çykyş etmäge isleg bildiripdi.Hut şu ýerde hem Alekseýewiň tolgunmagy üçin uly bir sebäp ýatyrdy.Alty bu agramda çykyş edip bilermikä?

Dogrusy,Altynyň öňünde duran mesele ýeňil-ýelpaý däldi.Geçen ýyl bolgarýaly Kiril Kunew Sergeý Liý-i ýeňip,ony dördünji orna çykarypdy,ýogsam 82,5 kg-bu biziň basgançagymyza degişlidi.Hut şu agramda Ýuriý Wardanýan ýaldyrap öňe çykypdy. Haçanda çekilip görülende Alty öz esasy garşydaşlary bolan bolgar K.Kunewden,polýak Semiondan has ýeňil geldi.Ştangany birbada galdyrmakda ilki başlan Kunew 165 kg göterdi,Alty 167,5 kg bilen jogap berdi,şeýdip ondan 2,5 kg öňe çykdy.Polýak Semion

167,5 kg galdyrdy.Indi ştangany itekläp götermekde üçüsi hem 200 kg-dan başladylar.Polýak 200-kg-dan ýakary çykyp bilmedi.Alty ikinji gezek 205 kg göterdi,emma Kunewyň özüne aşa göwni ýetýänligi üçin ol agramy geçirip,210 kg agramy göterjek boldy, üç synanyşykda hem göterip bilmedi.Alty hem bu agramda synanyp gördi,bolmady.Ýöne, ol onuň üçin esasy zat däldi.Alty özüniň onsuzam ýeňiş gazananlygyny bilýärdi.Ýeňiş oňa üpjündi.Ol Daniýada geçen 68-nji Ýewropa çempionatynyň çempiony bolup,iki görnüş boýunça 372,5 kg agramly ştangany göterdi.Ýaryşa gatnaşýan toparyň ýolbaşçysy Nikolaý Parhomenko:”Alty bu ýerde örän ynamly çykyş etdi,hat-da ol tolgunmaýardy,birhili şadyýandy hem”diýýär.

W.Alekseýewiň ýüregi şondan soň rahatlandy,ýerine geldi:”Ýöne bir seredip durman şu ştangany özüm alan bolsam maňa ýeňil düşerdi.Bolsa-da,türkmeniň gerçek ogly meniň ynamymy öde-di”diýip,maňlaýynyň derini barmagy bilen syldy-da,Altyny mäkäm gujaklady,soňundaänam:”Umuman alanyňda men öz toparymyň gazanan üstünliklerine guwanýaryn.Bäş sany altyn medal-bu az zat däl.Indiki maksadym Budapeşt şäherinde geçiriljek dünýä ýaryşynda ýeňiş gazanmak.Meniň başga maksadym ýok.Dogry,ýaryş ýeňil bolmaz.Her zatda bolsa men ýokary netijelere bil baglaýaryn”diýip,daniýaly jurnalistleriň soraglaryna beren jogabynda nygtady...”

26.05-03.06.1990-njy ýylda Ýugoslawiýanyň Saraýewo şäherinde ýaşlaryň arasynda dünýä çempionaty geçirildi.Oňa ildeşemiz M.Şuwaýew 60 kg agramda çykyş edip,ikinji ýeri,O.Komlew 82,5 kg agramda çykyş edip birinji ýeri eýelediler we altyn we kümüş medallaryň eýesi boldular.

09.09.1990-nji ýylda Lipesk şäherinde SSSR-iň agyr atletika boýunça 65-nji çempionaty barada bolsa şu aşakdakylary aýtsa bolar.

Soňky ýyllarda dünýä möçberinde Altymyradyň gazanan üstünlikleri netijesinde agyr atletika bolan gyzyklanmanyň has-da ösen wagty, ol barada giňişleýin gürrüň etmezlik mümkin hem däl.Ondaky bar bolan meseleler,çözülmesi derwaýys işler barada hünärmenler,jurnalistler,türgenler köp ýazýarlar.(Men bu ýerde ors gazet-jurnallarynda çap bolýan makalalary göz öňüne tutýaryn,gynansagam türkmenistanyň metbugatynda beýle makalalara duşmak aňsat däl)Ýöne olaryň käbirleri ähmiýetsiz şowhunlar bilen örtülip,esasy meselelerden baş alyp çykmakda hiç hili ýol salgy bermeýärler..Ştanga sporty barada ýörüte neşiriň,jurnalistleriň ýoklugyny göz öňünde tutsak,onda biz beýleki gazetleriň ýazýanlary bilen öňmaly bolýarys.Onda bolsa ýokary hünärli türgenleriň çykyşlary azlyk edýär.Şol sebäpli hem Lipesski-de geçirilen ýaryş barada giňişleýin durup geçmek bilen,bu ugurda ýazýan jurnalistleriň hataryna girmeýän hem bolsak,garaz,ilkinji synymyzy hödürläsimiz gelýär.

Ilki bilen 52 we 56 kg agramda çykyş edýän Mois Matewosýan bilen harkowly Albert Nasibullin ikisi bolgar sportçylary Iwan Iwanowyň we Sewdalyn Narynowyň garşysyna Budapeştde çykyş etmeli bolarlar.Ikisi hem ýaş,ýeňişleri öňdäki pälwanlar.Lipesskide Motewosýan kemerowaly Kolokolsewden üstün çykyp,birinji orny eýeledi,Nasibullin bolsa Seul olimpiadasynyň çempiony Mirzoýandan üstün çykdy.Ikisi hem garşydaşlaryndan on kg artyk göterdiler.60 kg agramda çykyş edýän groznaly Muhady Seraýewiň dünýä ýaryşyna gitmäge mümkünçiligi bar,galyberse-de,onuň halkara ýaryşlardan tejribesi ýeterlik.1987-njy ýylda Ýewropa çempionatynyň bürünç medalynyň eýesi.Ol hakykatdanam Lwowly A.Azizowdan üstün çykyp,birinji orna mynasyp boldy.60 kg agramda çykyş edip,köp wagtdan bäri öňdeligi elden bermän gelýän Naum Süleýman oglunyň ajaýyp üstünligini (itekläp götermekde152,5 kg,birden götermekde 190kg=342,5 kg) täzeläp biljek başga ştangaçy bardyr öýdemok.Ol 1984-njy

ýyldan bäri hiç kimi öňüne geçirmän üstünlik gazanyp geldi.Ine,birdenem,lukmanlar onuň saglygynyň ýaramazlaşmagy zerarly,ştanga galdyrmagy gadagan etdiler.Köp maslahatlardan soň ol uly sporty taşlamagy ýüregine düwdi.Biz indi ony türkleriň milli ýygyndy toparynyň tälimçisi hökmünde göreris?Ony wagt görkezer.Öz öňki agramyna dolanyp gelen moskwaly Waleriý Ýurowyň çykyşy şowly boldy.Öň has ýokary agramda çykyş etjek bolmasy oňa üstünlik getirmedi,gaýtam şikest aldy.Bu ýaryşda bolsa ol groznaly Musaýewden üstün çykyp,ýeňiş gazandy.

Geçen ýylyň dünýä we Ýewropa çempiony Militosýan we bu ýylky Ýewropa çempiony W.Kuznessow bu ýaryşa gatnaşmadylar.Atly sportçylar “içki ýaryşlara gatnaşmasagam ýygyndy topary hataryna girdik”diýen ýörelgeden ugur alyp başladylar,emma baş tälimçi Alekseýew:”Diňe içki ýaryşlarda üstün çykana dünýä ýaryşlaryna gatnaşmaga hukuk beriljrkdir”diýip,bu ugrda täze düzgüniň girizilmegini isleýär.Sebäbi onuň özi haýsy ýaryş bolsa bolsun,hemmesine deň gatnaşardy. Moldawiýaly ştangaçy Fedor Kasapunyň ermenistanly Kýawanaksýan bilen bolan ýaryşyna tolgunman seretmek mümkin däl.Fedor 1983-nji ýyldan bäri Soýuzyň çempionatyna gatnaşýar,ençeme gezek kubogyň eýesi boldy,çempion hem boldy.Ýöne bu ýerde onuň ýygyndy topary hasabynda dünýä çempionatynda çykyş etmek arzuwy amala aşarmyka?Ol öňem ençeme gezek çempionat ýaryşlaryna,Olimpiýa oýunlaryna gatnaşjak bolup synanyşyk edipdi,emma başa barmandy.Bu gezek welin ol özüniň güýçlidigini subut etmek üçin Altymyrat Orazdurdyýew bilen ýaryşmaly bolýardy.Onuň bolsa näderejede mümkin boljagyny bilýän ýokdy.(Ýeri gelende bellemeli zat,dünýä ýa-da Ýewropa ýaryşlary bolaýmasa gaty bir özüni görkezjek bolmaýan Altymyrat bu ýaryşda Fedoryň arzuwynyň amala aşmagy üçin öz goşandyny goşdy,götermeli agramyndan has az göterdi.Sebäp diňe bir onda hem däldi,agasy Tirkişiň ölümi zerarly ol bu ýaryşa gatnaşmak höwesinden daşda-dy,ýöne ol bolaýýarmy näme?). Asly Frunzeli Sergeý Li bir ýyldan gowrak ýaryşlarda görünmedi.Geçen ýyl Soýuzyň çempionatynda ýeňiş gazanan Sergeý dünýä çempionatynda şowsuz çykyş edip,dördünji orny eýeläpdi,şol sebäpli keýpi bozulyp,dynç almagy we türgenleşik geçmegi ýüregine düwüpdi.Onuň öý türgenleşigi bu ýaryşa gatnaşýan ştangaçylar we janköýerler üçin garaşylmadyk tötänlik getirdi.Ol öňki ýaryşlarda edişi ýaly,ştangany götermegiň ähli synanyşyklarynda hem ussatlyk görkezip,öz agramy boýunça gürrüňsiz ýeňiş gazandy we ermenistanly Karapetýandan on kg artyk göterdi.90 kg agramda çykyş edýän A.Hrapowyň ýaryşa gatnaşmazlygy orýol oblastyndan gelen W.Rubiniň öňe saýlanmagy üçin şert döretdi.Emma ol öz mümkünçiliginiň çäginden pes netije görkezdi,alyp bolaýjak agramyda alyp bilmän,almataly A.Popowdan,groznaly Ruslan Seidowdan hem yza galyp,bäşinji orna düşdi. Ştanganyň münberi indi iki özbek ştangaçysynyň özara ýaryşyna öwrüldi.Olaryň ikisi hem ştanga ýaňy ýapyşan pälwanlar däl,öňden belli pälwanlar.Muhamýarow olimpiadanyň kümüş medalynyň eýesi,Sadykow bolsa “Kubok Drujby”ýaryşynda Sergeý Kopytow bilen deň netije gazandy,emma agramynyň agyrlygy üçin Olberg ýaryşyna gidip bilmedi.Bu gün bolsa Sadykow öz güýjüni görkezip,ýaryşyň çempiony boldy.

Tälimçi Alekseýew gelejegi bar bolan ýaş ştangaçylary seçip-saýlamakda uly işleri geçirip başlady,şonuň bilen birlikde ol gadagan edilen dermanlary ulanjak bolýanlar bilenem rehimsiz göreşi ýola goýdy.Şol sebäpli Budapeşt ýaryşyna gatnaşdyryljak ştangaçylaryň ählisini barlagdan geçirmegi maksat edindi.German alymy Denikäniň usuly,gadagan edilen dermanlaryň barlagyny takyk geçirýärdi we gowy netije berýärdi.Ol ştanga-da diňe öz arassa güýjüňe bil baglaýan pälwanlary saýlap seçmek

bilen bir hatarda derman ulanýanlary toparyň hataryndan çykaryp,atlaryny hem ile äşgär etmek isleýärdi.Şonuň bilen birlikde ol öň gadagan dermanlary ulanyp ýaryşdan galdyrylan güýçli ştangaçylary hem täzeden ýaryşa çekilmegine garşy bolup durmaýardy.Meselem,1987-njy ýylda dünýä çempionatyna taýýarlyk görülýän döwri geçirilen barlagda Artur Akoýew,Wyktor Tregubow ýaryşdan çykarylypdy,üç ýyl geçenden soň bolsa bu ikisi ýene ýaryşa goýberilipdi.

Umuman alanyňda ýaryşa täze gelip goşulan ýaş ştangaçylaryň gaty azlygy gynandyrýar.Ýygyndy topara barýan ýoluň açyklygyna garamazdan,ýaşlar ýygyndy toparynyň gazanýan netyjelerini kanahatlanarsyz hasap etse bolar.Olaryň içinde “ýokary toparyň hataryna gelip goşuljagy barmy?”diýen soraga baş tälimçi Oleg Pisarewskiý:”Öňden çaklap hiç zat aýdyp biljek däl.Meniň üçin dünýä ýaryşlarynda Altymyrat ýaly sowukganlylyk bilen çykyş etmegi başarýan ýaşlaryň ýeterlik bolmagy gerek.Şol ýok ýerinde ýeňiş hem gazanyp bolmaz”diýip jogap berýär. Soňky döwürlerde agyr atletikada dörän durgunlyk barada,onuň ýolbaşçylarynyň ýerli-ýerinde bolmazlygy,işe jogapkärçiliksiz çemeleşilmegi ýaly ýagdaýlar barada köp gürrüňler edilýär,çözülmely meseleler aýdyňlaşdyrylýar.

Dogry,günäni haýsy hem bolsa bir ýolbaşçynyň üstüne atmak gelşiksiz bolardy,onda ýörüte hünärmenler,tälimçiler,sportçylar bar.Ýöne bir zady welin,açyk aýtsa bolar.Soýuzyň sport ýolbaşçylarynda her zat etmeli ,ýöne gazanylýan medallaryň sanyny artdyrmaly diýen ýörelge bar.Ol ýaryşyň nertijesine ýaramaz täsirini ýetirýär.Ýaş aýratynlygynyň kadalary,synp normalarynyň aşa galdyrylmagy netijesinde janköýerleriň sanynyň azalmagy dowam etdi,bu bolsa öz gezeginde sportçylaryň gazanan netijesine görä sylaglanmagyna ýaramaz täsir etdi.Umuman munda çözülmeli meseleler sanardan kän.Olary şu gün çözmesek erte ondanam agyr soraglaryň döremegine alyp geler.Sowet sportynda ýene bir täsin,50 ýyllap dowam edýän kada bar.Sport-bu esasy işiň daşyndaky güýmenje hasap edilýär.Sen hökman bir hünäriň eýesi bolmaly,daşyndanam sport bilen meşgullanmaly,öz hünäriň ussady bolmagyňdan başga-da,zowod-fabrikleriň,kolhoz-sowhozlaryň işgärleriniň öňünde çykyş edip,olaryň sporta bolan höweslerini artdyrmaly...

Ol şeýle hem bolýardy...

## --2—

Bu wakalary aňynda aýlap,Aşgabadyň köçeleriniň birinden gelýän Altymyrat ýanyndaky Oleg Komlewe, çatrygyň bir burçunda üýşüp oturan çagalary görkezdi.

–Görýäňmi,dost jan,ýaşlar şeýdip,gije bir çene barýança çigit çigitläp,çilim çekip,nas atýp,arak içip,neşe edip oturýarlar, garaz,boş wagtlaryny zehinlerini artdyrmak,hünär öwrenmek,bir zada höweslenmek üçin ulanmaýarlar.Bularyň üstüne-de,mekdeplerde sport sapaklary ýatyryldy.Şeýdip jenaýatçylyga ýol açylýar ahyr-diýdi.

–Dost,dogry aýdýarsyň,ýöne, olara görelde görkezseň täsiri örän güýçli bolar ekeni.Ho gün men şeýle çagalary ýanym bilen alyp gidip, hiç zat aýtman türgenleşik geçdim.Şondan soň eline ştanga alýanlaryň sany köpeldi.Biz diňe şeýle ýol bilen olary terbiýeläp bileris.

–Ýokary bilim alaýyn dost jan,şondan soň bihuda gezip ýören çaga görmersiň,ähli̇sini sport toparlaryna çekerin!

-Öwünüber dost,Rahmanberdi aga:”Är öwünmese,aýal bezenmese bolýan däldir adam garrasa ähli güýji diline geçer ekeni,öwünjeň bolýar”diýýär.Ýöne meň woleýbol oýnaşymy görýänsiň,başymdan agdaryp-agdaryp,pökgüni ýokary zyňyp,bar güýjüm

bilen aýlanyp urýandyryn,çagalar diňe şu herekedime syn etmäge hem gelýärler.Sen bolsa pökgüni bir eliňde tutup,beýleki eliň bilenem urýarsyň.Ol zenanlaryň pökgi oýnaýşyna meňzeýär-diýip, ýüreginde kine saklamaýan,ýüzünden mähir çogup duran Altymyrat ýylgyrdy.

Umuman,bu iki dost üçinem mahsus häsiýetdi.Şol wagt köçeden atlaryny daýyrdadyp, alty atly geçip gitdi.

-Gör-ä,bulary!Ajaýyp gözellik.”Atym bar diýip Ahala barma,aýdymym bar diýip salyra,sazym bar diýip saryga,manadym bar diýip Mara barma” diýipdirler.Menem şular ýaly atlaryň birini edinmekçi boldum,emma kakam:”Oglum,puluňy nirä sowjagyňy bilmeseňem at bir alaýmagyn.Onuň çykdajysy çökder,onsoňam her bir öýde maşyn bar.Atly harby bölümlerem 1953-nji ýylda ýatyryldy”diýdi.

–Dogry,dost jan,at gerek,haçanda eliň boş,baýlygyň tükeniksiz bolsa!-diýip,Altymyrat dillendi-Aýlow gura, ýaryşa çyk,pul goý,pul gazan,keýp çek.At diňe şonda gerek.Häzir her welaýatda serişde bary çykarylyp, aýlaw gurýarlar.Maňa galsa-ha,ony aty gowy görýän pulmesileriň öz şahsy hasaplaryna saldyrardym.Halk çörege zar wagty ýadyňa aýlow düşermi?...

-Ildeşler,türgenleşikden gelýäňizmi?-diýip,olaryň öňünden çykan,orta boýly,sypaýydan syratly adam mylaýym ýylgyrdy.

–Jumadurdy aga jan,salowmaleýkim!-diýip,Altymyrat onuň bilen gadyrly görüşdi-de,Olegi tanyşdyrjak boldy.

–Ikiňizem gowy tanaýaryn-diýip,ýazyjy Jumadurdy Nepes olaryň salamyny aldy-Türkmenistanda däl,dünýäde sizi tanamaýan barmy näme?Ikiňizi hem “Ýaşlyk”jurnalyna myhmançylyga çagyrýaryn.Gül ýalak garşylaryn.Ýogsa-da,eliňiz boş bolsa öýe gideliň.Höwes bilen hezzetläýin,aşagyňyza täzeje haly ýazaýyn! Ýanymda sylagyňyz uludyr.

-Ýaşuly,sag boluň,biz işli-diýip,Oleg sypaýyçylyk etdi.

-Jumadurdy aga,siziň jurnalyňyzda çykarýan batyrgaý eserleriňizi,taryhy makalalaryňyzy başga hiç bir adam berip bilmez.Siz beýik we batyr redaktor.Ondan başga-da, sazyny, sözüni döreden aýdymyňyzy özüňiziň aýtmagyňyz, ýakymlydan şirin owazyňyz meniň gulagymdan gidenok.

–Alty jan,ýör öýe,men ýene aýdym aýdyp bereýin,ýör!Myhman barsa şeýle bir hezil edýärin,hi goýaý!

-Ýaşuly jan,ýene bir gezek-de bararys!Sag boluň,çakylyga minnetdar!-diýip,Altymyrat onuň bilen hoşlaşdy,ep-esli ara açanyndan soňam- Ol örän myhmansöýer adam,daýym Amanmuhemmet Nepes bilen baryp duzuny datdyk,meýdana bileje gezelenje hem çykdyk.Bişirýän nahary,aýdýan aýdymy şeýle bir şirin,şeýle bir süýji.Ýekeje gezek myhman bol,gaýdyp ömür ýadyňdan çykmaz .

–Alty,sen öýe baryber,men teke bazaryndan oduk-buduk aljak!-diýip,Oleg ýoldan sowuldy.

Altymyrat şäheriň 1-nji seýil bagynyň günorta ganatynda ýerleşen jaýyna tarap barýar-ka,yzyndan gelýän adamynyň ýanyndaky iglije çagasy bilen edýän gürrüňi gulagyna ildi.Gürrüň özi barada barýandyr öýdübem,hyrra yzyna öwrüldi-de:

-Siz kime bu sözi diýýärsiňiz?-diýdi-de,ýumrugyny düwüp,uzyn boýly,syrdam oglanyň alkymyna dykylyp bardy.Hiç zada düşünmedik adam iki elini öňe uzatdy-da:
-Bu-do,bu-do!-diýip seslendi.

–Hawa,men-dä şol!-diýip,Altymyrat gaharly jogap berdi.

–Sen bolsaň ýaş ýigit,ilki salamlaşaly,düşünişeli.Özüň-ä,menden kiçiräjik görünýäň!?
-Kiçiräk bolanynda adamyň mertebesini peseltmelimi,dost jan?
-Men-ä beýledir öýdemok!-diýip,ýigit elini goýberdi.
–Eýsem,”Iglije,emziklije çagajyk”diýmek mertebäňi peseltmek dälmi?
-Burnunyň sümügini oňarmaýan igli çaga:”Kaka,menem karatä gatnaşjak”diýip dursa diýersiň-dä!Diýdiňmi oglum?
-Diýdim!-diýip,çaga bada-bat jogap berdi-Menem karatä,ol bolmasa Altymyrat kakam ýaly ştanga sportyna gatnaşjak.
–Ol şeýle diýdi,menem;”Sen heniz iglije,agzyň emziklije çaga,birneme ulal”diýdim!Ýa diýmeli dälmidim!?-diýip,ýigit garşydaşyna çyňerilip bakdy:-Dur-la,dur-la,ýüzüň tanyş welin,sen Altymyrad-a dälsiň-dä?!
–Hawa, Altymyrat!
-Gör-le muny...Ýaňy oglum tanyşdyr diýip ezelenýärdi welin,asyl onuň özi öňümizde duran bolsa nätjek!Hany,dünýä çempionyna salam ber,iglije ogul!
-Essalowmaleýkim,Alty kaka!-diýip,çagajyk iki elini uzadyp salam berdi-Meniň adam Batyr.
–Waleýkim,essalam,Batyr jan!Size-de salowmaleýkim!-diýip,Altymyrat ataly-ogul bilen gadyrly salamlaşdy.
-Altymyratlygyň çyn bolsa ,maňa-da Muhammetjuma Döwletow diýýärler.
–Asyl bu senmidiň,kareteçi,dost?Ýene bir gezek salowmaleýkim.Adyňy eşidýärdim,özüňi birinji gezek görşim.Tanamadyk-sylamaz diýipdirler,bagyşla.
–Oňa derek men seni näçe gezek ekranda gördüm.Üstünlikleriňe guwanýaryn,inim!Amerikada gazanan ýeňişiň meni joşdurdy,buýsandyrdy.
–Menem karate sungaty boýunça türkmenistanyň açyk çempionatynyň çempiony bolanyňy,birinji “Dan” gara guşagyň eýesidigiňi bilýän.
–Bilýän bolsaňam, ýumrugyňy düwüp,topulyp gelýärsiň özüň-ä!-diýip, Muhammetjuma güldi-Ýa golaýlaşdyrman göterip zyňaryn diýdiňmi?
-Aý,tanamasaň näme,dost jan...Onsoňam,meni ýanyňa golaýlaşdyrman etjegiňi ederdiň-dä!-diýip,Altymyrat ýylgyrdy.
–Alty jan,tanyşdyk.Gatnaşykda bolaly.Oturaly,gürleşeli diýsem-ä, howlukýan.
–Häzir menem howlukýan,dost jan.Gel,bir zat edeli.Agşam sagat sekizlerde “Aýna”kafesinde duşuşaly.
–Bolar-diýip,Muhammetjuma bir az pikirlenenden soň razylaşdy-Hany,oglum,Alty kakaň bilen hoşlaş!
-Alty kaka,sag bol!-diýip,Batyrjyk sag goluny galgatdy...
Şol gün ol agşamyň hoştap howasyndan dem alaýyn,Aşgabadyň gijeki gözelligine ser salaýyn diýip,Aýna kafesine pyýadalap gitdi.Gönüleseň,barmaly ýeri onuň ýaşaýan jaýyndan onçakly bir uzak hem däldi.Irräjik çykanlygy sebäpli ol aýlowlyrak ýol bilen ýöräp kafe bardy.Muhammetjuma eýýäm gapyň agzynda garaşyp duran ekeni.
–Geldiňmi?-diýip,ol guwançly seslendi-Käbirleri sözüniň eýesi däl,barjak diýýärde ýadyndan çykaraýýar...
–Şähere seýil etdimde ,azajyk eglendim.Ýör,kafe gyreli!Meň-ä iýjek zadyn ýok.Bir bulgur kofe içjek!
-Menem şeýle...
Olar boş ýerli saýlap oturdylar.

–Ýogsa-da,ýadyma düşüp durka bir zat sorajak!-diýip,Alty seslendi-Hälki duşuşykda eliňi uzadyp:”Bu-do”diýdiň.Men oňa düşünmedim.

–Hä,men şeý diýdim.Ol biziň dilimizde “ýaragly dawanyň gutaranlygyny” aňladýan alamat,ýagny,meniň dawa etmek islemeýänligimi aňladýar.Eger kimdir biri bilen söweşmeklik zerurlygy seniň ar-namysyňa,at-abraýyňa zeper ýetirmekligi bilen “baglanyşykly” bolmazdan ýüze çyksa,onda “Bu”diýmeli,baglanyşykly bolsa “Bu-do”diýmeli.Birinji jümle söweşe girişmezden ötri otur,pikir et we hökmany zerurlyk bolmasa gönümel gyzylýumryga girişmeklige gezek berme diýildigi bolýar...Adatça,ýaş beden hyjuwly,adalatly bolýar,garşylyklara,kynçylyklara,men-menlige duş gelse eýmenýär.Eger şeýle ýigit karate sungaty bilen utgaşsa onda ol onuň häsiýetini gowulandyrar,ol wepadarlygyň,adalatyň goraýjysyna öwrüler...

–Taýagyň iki ujy bar ahyryn,dost jan?!

-Ol dogry.Eger ýaş beden rehimsizlige sataşyp,olam karete bilen utgaşsa,ol jemgiýet üçin howply bolup biler.Seň hälki bolşuň ýaly,pikir etmezden ýumrugyňy öz ugruna goýberseň,gerekli-gereksiz ýerlerde ulansaň,onda öz-özüňe duşmançylyk etdigiň bolar,dost-ýarlaryňy ýitirersiň.Dogry,menem seň bolşuňa düşünmedim.Edil beýdäýer ýaly men saňa zat diýmedim-ä?

-Dost,bagyşla.”Iglyje,agzy emziklije” sözüň taryhy bar.Dogry,men iglije boldum,alty ýaşyma çenli ejemi emip geldim,ýöne käbir adamlar ony meniň çetime degmek üçin köp gaýtaladylar.Şondan bärem ony eşitsem gaharym geljek bolup dur.Ýogsam,indi düşünip ugraýan welin,bu ýerde gahar getirer ýaly zadam ýok ýaly...

–Çagalykdan galýan häsiýetler hemmämizde-de bardyr...

–Ol mende bar-da,dost jan.Kakam,dünýä inmänkäm ýogalypdyr,ýüzüni görmedim,ýetim ösüp-ulaldym.Deň-duşlarym:”Kakamy gowy görýärin,ol meniň bilen oýnaýar,ýany bilen işine alyp gidýär,maşynyna mündirýär”diýse kemsindim.Ejem jan maňa kaka ornuny tutdy,ýöne,bilýäň-ä,eje-eje bolýar,öýüň keşigi,mal-gara,çagalaryň aladasy.Saňa mydam eli degip duranok.Şu günlerem meni gowy tanamaýanlar käte”Kakaň nirede işleýär?”diýip,soradyklary agym tutýar.Ýene näçe wagtdan bu häsiýetimiň aýrylyp gitjegini bilemok.Ejem jan diri wagty ýarym ýetimdim,geçen ýyldan bäri bolsa doly ýetim galdym.-diýip,Altymyrat ýüzüni sallap dymdy.

–Hawa,eje ýaly mukaddas zat ýokdur...

–Ýadyma düşýär,mekdepden gelsem ejem jan mydama gök,gyzyl keteni köýnegini geýip,misli bir toýa barýan ýaly bezenip meni garşylardy,ýumşajyk eli bilen saçymy sypalardy,ýaňagynşmdan öperdi,şonda atyrly sabynyň ýakymly ysy burnuma urardy.Biziň uly maşgalamyzyň diregi,mydary,baýlygy onuň özüdi.Men,bizi eklemek,iýdirip-içirmek üçin onuň görýän görgülerini,käte,daň atmanka, dört kilometrlikde ýerleşýän etrap merkezine gidip,azyk getirişini,bize ertirlik taýýarlap,sygyrlary sagyp,öý-içerini tämizläbem işine gidişini ýöne bir bolaýmaly zat hökmünde görüpdirin,ýok,asla ony düýbünden bilmändirin.Asyl ol meniň gözümiň öňünde adatdan daşary görmegeý,şonuň bilen birlikde iň eziz,mähriban adam bolup galmak üçin aladalanypdyr.Ýogsa-da,bagyşla,biz esasy gürrüňden birneme daşlaşdyk öýdýän!Sen karate barada bir kitap ýazýaň diýip eşitdim,jany barmydyr,dost jan?

-Hawa,synanýan,özün-ä,başaryp bilsem.

–Ol barada ýazylan kytaplar köp bolmaly.

–Kitap kän,ýöne olaryň köpüsi okyjyny gyzyklandyryp biläýjek erteki otarmalara üns berýärler-de,öwrenmeli ýa-da öwredilmeli “harby sungatyň”ýek-tük hususy kadalaryny kitaba goşýarlar.Türkmen dilinde henize çenli Gündogaryň göreş sungatyna

degişli kitaplar terjime hem edilenok,ýazylanogam.Men şol sebäpli bu ýazgyma başladym...Umuman,ylmy ugr hökmünde Gündogaryň bu harby sungatyna “kempo”diýilýär.Ol adamzat şahsiýetiniň öz-özüň we daşky dünýä bilen sazlaşykly bolmagynyň zerurlygyny,olaryň bir bütewüligini ündeýän we ony görkezýän ýoldur.Kempo-gaýnag suw ýaly gyzgyn bolmagyň üçin gündelik türgenleşik gerek.Ol saňa ýanyp duran oduň suwy gyzdyryşy ýaly,içky beden güýjüňy berýär,gazaply dogumlylyga ýetirýär,şatlykly durmuşda ýaşadýar,ol seniň ýaşaýşyňa zerur bolan ýagtylyk berip,ýörejek ýoluňy ýagtyldýar,düşbüligiňi,dünýä garaýşyňy giňeldýär.

–Azda-kände maňa-da öwret.Men-de gazaply dogumlylyk ýetenok,dost jan.

–Sen-de onuň alamatlary bar!Daniýada Ýewropa çempiony bolanyňda,Amerikada dünýäniň we Ýewropanyň çempiony bolanyňda men ony aňdym.Ştangany eliňe alanyňdan ony duýup bolýar,ýöne käbir hereketleri etmek zyýan bermez.Ony öwrederin...Kofe içdik,indi bir zat garbanalymy?

-Men-ä zat iýjek däl, oraza tutýaryn,dost jan.

–Gowy edýärsiň,açlyk adamynyň aňyny çarhlaýar.Bodhitharma diýen bir hindi ruhanysy öz ündewüni subut etmek üçin dokuz ýyl çemesi hiç hili hereket etmezden,azajyk suw we arpa uny bilen oňupdyr.Beýle etmeklik hökman däl,ýöne oraza saglygyňa peýdaly.

–Onuň nähili taglymaty bar,dost?

-Ol ähli zadyň aňyrsy ýeke-täk birlige syrygýar,dünýädäki ähli zat bir-birinden aýrylmaz baglanyşykly diýýär.

–Musulmanlaryň ündeýänem şol ahyryn!Bir Alla dünýäni döretdi,ony aýlaýar, hemme zady görýär,hemme zady bilýär,hereketleri özara baglanyşdyrýar.Karate sungaty hem onuň bir ülňüsi.Ony kim oýlap tapypdy,dost jan?

-Ony garakçylar, alym-derwüşleri,monahlary,ruhanylary talamak üçin oýlap tapypdyrlar.Aslynda bu oýun ilki hindilerde dörän,soň hitaýa,ondanam ýaponlara,koreýlere ýaýrapdyr.Ine,onsoň,ýaňky derwüşdir-galandarlar ýygnanja zatlaryny ,özlerini goramak üçin,öz-özüňi goraýyş harby oýunlaryny oýlap tapypdyrlar.Garakçylar soň olaryň golaýlaryna baranlaryndan ýaragly esgerleri talanlaryny gowy görüpdirler.Karate 1940-njy ýyllaryň aýaklarynda ornaşyp başlapdyr.

–Dost jan,bulary özbaşdak kitap edip bilseň, sport janköýerleri minnetdar bolardylar.

–Nesip bolsa şonuň ugrunda özün-ä! Ony ýazyp bolsa karaete-do göreş sungaty okyjylary ummanyň kenaryna elter.Olar kitapdaky sözlerden sal ýasanyp,gelejekde bu sungat ummanynda ýüzmeklige zerur bolan endigi,güýç-gaýraty,gujury özünde jemleýän umumy güýje eýe bolarlar.Aňyrsy Ýaradan-Huda-galanynam görübermeli bolarda-diýip,Muhammetjuma sözüni jemledi.

Altymyrat wagt tapyp beren gyzykly gürrüňleri,peýdaly maslahatlary üçin oňa minnetdarlyk bildirip,turmakçy boldy.Dostlar,birek-biregi ýatdan çakarmazlygy şertleşip aýrylyşdylar...

**--3—**

Türgenleşigiň bir güni Altymyrat özüni ýarowsyz duýdy,içi geçip,gyzgyny galdy,ysgyny gaçdy.Boşan kalby güýjüni ýitirmedik teninde urundy.Şeýle pursatda, türgenleşig-ä beýlede dursun,hat-da gymyldasyň hem gelenokdy,käte bedeniňi ýakymlydan bir täsirli duýgy gaplap alýan ýalydy.Ol özüniň ýakymlylygy bilen gorkulydy.Rahmanberdi aganyň aýdyşy ýaly”Adam erbet ýoňlanda, sowuklanda,iýen

zadyndan zäherlense haldan düşüp horlanýar”.Altymyrat ony Aşgabatda,“Teke bazarynyň”gabadyndaky awtobus merkezinde ýerleşýän naharhanada iýen,içi soganly somsasyndan gördi.Şu ýerde naharlanmaly diýip,oňa kagyz beripdiler,onsoň olam görkezilen ýerde naharlanmaly bolýardy.Pöwrüzedäki gündelik türgenleşigi sypdyrman,ol özüne gerek bolýan süýt önümleriniň gözlegine çykdy.Dogry,gyzgyny gaçar ýaly derman içmeli,sanjym almaly,ýöne olar bedeniňi gowşadýardy.Onuň bedeniniň ýagdaýyny sazlaýan duýgurlygy bardy.Oňa gatyk,çekize gerekdi.Ähli ünsüňi ýygnap,bedeniň sazlaşykly yşlemegini gazanmaly.Ol şeýle hem etdi,jülgä ýakyn obalaryň birinden gatyk getirdi.Üç günden soň gyzgyny gaýtdy,içi sazlaşdy,burnuna ýeriň,orulan ýorunjanyň,dogduk mekanyň ysy geldi.Bu onuň ýoňdan saplananlygynyň alamatydy.Obada önüp-ösüp,ýer,mal-gara bilen bagry badaşanlygy üçin ol bu ysy gowy görýärdi,ony hiç bir zat bilen,hat-da Pöwrüzäniň jana şypaly jülgesi bilenem çalyşjak däldi.Şäherliler mekan diýlende jaýlaryny,öý goşlaryny,dost-ýarlaryny,öz gowy görýän zatlaryny göz öňüne getirýärdiler,emma olar ýer ýaly müdümi däldi.

Adam kim bolsa-da,nirede bolsa-da,göbek ganynyň daman ýerini küýsär ekeni.Onuň obany taşlap gaýdanyna alty ýyl boldy,emma ol döwür altmyş ýyla döndi.Asyl obasy oňa maddy nygmatam,ruhy höregem bolýar ekeni.Her gezek ýaryşdan dolanyp geldigi,goruny täzelejek,uly üstünliklere badalga berjek ýerine-obasyna höwes ederdi,baryp ejesini gujaklasa,agalary,gelnejeleri aýal doganlary bilen görüşse,soňundanam melleklerine aýlanyp,daş bolmadyk ýerden akyp geçýän nobura suwa düşse,birhili köňli rahatlanyp,dünýäsi giňän ýaly bolýardy.Düşündirip bolmajak bu täsin ýagdaý şol göbek ganly gürrüňe bagly bolmalydy,ýogsam, obasy beýleki obalardan gaty bir üýtgeşik däldi,bedre bilen akar ýapdan suw getyrersiň,ýapdan daşyrakda bolsaň maşyna pul berip getirdersiň,gazyň bolsa ne ýagşy,bolmasa solýarka peji bilen porsap gyşyňy geçirersiň.

Hawa,oba beýleki obalardan üýtgeşik däl,emma Altymyrat üçin üýtgeşikdi. Irginsiz türgenleşik käte onuň ýüregine düşýärdi,şonda ähli güýji birden gaçyp,dyzyny epmäge mejaly galmaýardy.Çekilýän zähmetler,horluklar,jebir-süremler edip ýören hereketleriniň ähmiýetini ýoga çykarýan derejä çenli ýetirýärdi,şonda dik gaýaly ýapdan suw içjek bolşy ýaly,ýa-da aýdaly öýdäki sallançak ýaly durnuksyz ýagdaýa düşýärdi.Sallançagy näçe üwreseňem belli bir belentlikden aňry geçmersiň,ýene şol bir gaýtalanýan zatdyr.Onuňky hem şeýle.Amerkada çempion bolmagy belli bir belentlige galdyryp,kalbynyň hyjuwlaryny gowzadanam bolsa,indi ol Daniýada boljak çempionat üçin täzeden hyjuwlanmalydy,soň Budapeşt ýaryşy.Garaz,ol ýene täze bir basgançaga ýetmegiň hyjuwy bilen ýaşamaly bolýardy.Adam hyjuw,arzuw bilen ganatlanar ekeni.Olaryň gutaran wagty megerem adamyň ömrüniň soňky pursatlarynyň golaýlaşmagy bolsa gerek.

Altymyrat öňki hyjuwlaryndan saplanyp,täze basgançaga ýetmek üçin güýç toplajak bolanda tebigatyň gözelliklerine syn edip,guwanyp,şondanam lezzet alardy.Gapdalyndan akja kebelejik geçse-de guwanmany başarýardy,şeýdip,tebigaty göwün göteriji halypasy saýyp güýç toplaýardy.Götermek üçin agyr daşyň ýanyna gelende ol ilki bilen ejesini,doganlaryny,tebigatyň gözelliklerini,akja kebelejigi,akja kepderini,şildiräp akýan çeşmejigi,garalyp görünýän daglary ýada salýardy.Şonda özüniň mümkünçiliginden daşarda bolan daş, kellesini goýýan per ýassyga öwrülýärdi,gudrat bilen inen üýtgeşik güýç peýda bolup,ýaňky ýassygy göterýän ýaly göterýärdi.Has dogrusy ol agyr daşy götermäge özüniň taýýarlygyny durky bilen syzýardy.Hawa,ýaryşlarda ony şeýle

duýgular gurşaýar.Käte bolsa(şeýle duýgy onda bir ýa iki gezek bolandyr) oňa kimdir biri daş götermäge kömekleşýär.Ol muny anyk bilýär.Ol Dawut pygamber bolmaly.

Belki,şoldur,belki,däldir,ýöne şeýle ýagdaý onda iki gezek bolup geçdi.Birinji gezek 1987-nji ýylda Aşgabatda,ýaşlaryň arasynda 75 kg agramda çykyş edip,322 kilogram göterende,1988-nji ýylda SSSR boýunça ýaşlaryň arasynda şol agramda çykyş edip,355 kg göterende bolupdy.Germaniýanyň Magdeburg şäherinde,Samarkantda,Amerikada geçirilen ýaryşlarda bolsa oňa ejesi,doganlary we tebigat goltgy beripdi.

Ejesi pahyr,soňky pursatlarda:”Ilki ýanýoldaşym,çagalaryna guwanmaly wagty,soň Çaryýarym,günä iş etmänjik, öýlenmänjik,akja guşa öwrülip,soň garry gaýyn atamyň ady dakylan Kakajanym ýurduny täzeledi.Olar ýygy-ýygydan düýşüme girýär,meni ýanlaryna çagyrýar.Men olar bilen anyk gepleşýärin”diýerdi.Hawa,onuň ejesi çagalaryny ýitirip tapan ýaly gowy görerdi,hersini özboluşly hezzetlärdi.”Çagalara berilmeklik-nesiliň bagtly ýaşamagynyň gönezligidir”diýip,Rahmanberdi aga ýönelige aýdmaýardy. Soňky günlerde Altymyrat hem ejesi bilen,dünýäden öten agalary bilen gepleşip başlady.Kakajan:“Tüweleme,inim, beren öwüt-nesihatyma eýerip,tamamy ödediň!”diýse,Çaryýar:”Gaýrata gal,inijigim,bizi ýüňsakgal etme!”diýýär.Bu sözler Altymyrada ýakymly täsir edýär.Öleniň ruhy bilen gepleşse adam täsirlenip bilýär.Ol hasam ejesiniň ruhy bilen gepleşenden soň bütin süňňüniň ýeňleýänligine,bu duşuşyga ejesiniň hem şatlanýanlygyna ynanýar.Ol şeýle bolaýmaly.Ejesi Bibi daýzalaryna,Meret daýylaryna bir işi çykyp gidende,ol özüne ýer tapman kösenýär,ejesini sesini telefonda eşidip,suwsan kalbyny köşeşdirýär.Häzir bolsa ejesi bir günlük däl,müdümilik daýzalaryna giden ýaly.Telefonda hem gepleşip bilenok,ýöne onuň ruhy bilen gepleşse ajy aýralygyny gowzadyp bilýär,derdini ýeňledýär.

Öten agşam düýşüne Tirkiş kakasi girdi.(Umumanam soňky günlerde agasy onuň ýadyna köp düşýär).Horlanypdyr,zordan demini alýar:”Ini batyr,bir gelip gidäýmeseň-ä, bolanok!”diýýär.Bu näme boldugy-ka?Dogry,”düýş- ruhy tenden boşadýar,ýatanda adam günde ölüp direlýär,düýş Hudaýyň açyp goýan derwezesi,oňa girip ýakynlaryň ruhlary bilen gepleşýärsiň”diýýärler.Belki,ol dogrudyr,ýöne näme üçin diri gezip ýören agasy düýşüne girdi?Adamynyň eden pikir-hyýaly gije düýşüne girermiş diýselerem,ol ýaňa-ýakynlarda agasyny ýatlamandy ahyryn.Onsoň munda nähilidir bir galagoplugyň ýatanlygy howsola salmazmy?Tirkiş kakasy beýle ýagdaýda:”Bedeniňi gowşatsaň ruhyň azatlyga çykar,häzir bol”diýerdi.Ýogsa-da,bu meniň ýoňlamam bilen bagly bolaýmasyn?Ýok,ol onuň açyk,anyk,naýynjar sesini eşitdi ahyryn!Şu agasydy,bütin Sakarçägä etrabyna ştanga sportunyň ýaýramagynyň gözbaşynda duran.Onuň elinden onlarça ştangaçylar ösüp ýetişdiler.Altymyrat hem olaryň içinde.Ata hökmünde durup,ýetim galan çagalaryň ösüp ulalmagy üçin azap baryny çeken ol dälmi?Ejesi işlikä goltugyna alyp,Altymyrady köşeşdiren şol dälmi?Ýa-da,ýadyna düşýär,ejesi öýde ýok wagty Tirkiş kakasy, ilkinji gezek nobura suwa düşmäge rugsat beripdi.Ejesi bolan bolsa gidip biljek däldi.Hut şol dälmi,onuň uly sporta bolan ilkinji höwesini oýadan!...

Döwlet joňk,Aman jyk-jyk üçüsi güzere baranlarynda,ol ýerde iňňär siňek ýokdy.Ýabyň suwy duruja,düýbündäki balyjaklaram görünýärdi.Iki kenary tutýan garry taldyr,tutlar,leýlisaçlar,başlaryny egýän ýaly,suwa gollaryny goýberipdiler.Her bir ädim-de selme,kertikli,ysmanak,düýedaban,ýandak,buýan ýaly haşal otlaryň sarç bolan ýerlerini görse bolýardy.Olarda suwa düşýän çagalaryň ýasan ýodajyklary mese-mälim bildirýärdi.Otlardan melul ediji,tagamly bir ys gelýän ýalydy.Altymyrat,aýratyn hem buýan otuny ýygmany gowy görerdi,ýok,buýanyň sygyr üçin ýokumlylygy däl,sygyr süýdüni hasam süýjedýänligi üçin ýygardy,galyberse-de,ony ýygmagam aňsatdy.

Döwlet joňk, eýýäm çykarynyp,talyň şahasyna dyrmaşyp,özüni suwa urupdy,Aman hem tala dyrmaşyp barýardy.

-Gumgüzeriň çuňlugyny barlaman suwa bökme,dost jan!-diýip,Altymyrat agasynyň öwüdini gaýtalap,Amana gygyrdy.

–Öňki gezek gelemde barladym-diýdi-de,ol özüni suwa oklady.

Altymyrat hem eşiklerini çykaryp,tala dyrmyşyp başlady,emma kimdir biriniň eli emaý bilen ony taldan düşürdi.Alty yzyna seretse,belli mirasgär,halk rowaýatlaryny,aýdymdyr-tymsallaryny toplaýjy Ümür Esen dur.Onuň kellesinde arzan bahaly gara telpegi,baglaryň,otlaryň kerebi çolaşan mele dony,geýilip şyrrygy çykan gara penjegi,gök köýnegi,sag elinde sürtülip lüti çykan mele gaýyş bukjasy bardy.Gazaga meňzeş ýüzünde mähir çogup durdy,gözleri gülýärdi.Ol Altymyradyň şar gara saçyny sypalap:

-Hiç mahal beýle hereket etme.Ýabyň çuňlugyny barlan bolsaňam etme.Suw çäge çökündisinden doly,az pursatda çuňluk üýtgäp bilýär.Arada bir oglanjyk ejesine gulak asman,şeýdip, boýnuny omurtdy-diýdi.

Ümür aganyň suw görerligi ýok, ýany bilen derrew Altymyrady hem alyp suwa girdi-de,bir eli bilen burnuny tutup,iki gezek çümdi,şobada hem kenara çykdy, geýindi.Altymyradyň köýneginiň kisesinden çykyp duran kiçijik demir ştangany eline aldy-da synlady,soňam:-Muny özüň ýasadyňmy?

–Hawa,özüm ýasadym.

–Bo-how,kiseleriň nurbatmydyr-çüýlerden doly-la,seniň?Adyň näme?

-Altymyrat!-diýip,ol çekinjeňlik bilen suwdan çykdy-da,köýnegine ýapyşdy.

–Tüweleme,altynjy çaga diýsene!Men seniň kimiň çagasydygyňy,nirede ýaşaýanlygyňy sorajak bolamok,ýöne, sen şu obaly bolmaly.Bu obada bolsa perreňler,garahmetler,ýemreliler ýaşaýarlar.Be,jalbaryň kisesinde hem demir bary bar ýaly?

-Ýolda gelýärkäm iki nurbat,bir bölejik magnit tapdym.Demir görsem kisäme atýan.Endik bolupdyr.

–Berekella!Menem edil seň ýaly demir baryny ýygnaýan,ençeme traktor,maşyn ýygnadym...

–Olary nätjek,daýy jan?

-Çagalara görkezmek üçin muzeýimde goýýan.

–Sen onda gaty baý adamsyň,daýy jan?

-Hawa,men baý!Baý we jadygöý!-Bu sözi eşidenden Altymyrat gözüni mölerdip,iki ädim yza çekildi.Hakykatdanam,jadygöýüňki ýaly,bu adamynyň gözleri ýanyp durdy-Sen gorkma.Akyllyja,iglije oglanjyk ekeniň,ýöne ejeňden soraman gaýdypsyň.Onyň-a bolanok!

-Men Tirkiş kakamdan rugsat aldym,ýöne ejem jandan soramadym.Daýy jan,sen ony nireden bilýäň?

-Jagygöýüň bilmeýän zady barmy.Ejeň nirede?

- Bibi daýzamlara gitdi.

–Ol häzirem ejesini emýär!-diýip, suwa düşse-de,bolýan gürrüňlere diň salmany başarýan Aman jyk-jyk şallaklap suwdan çykdy.

–Emýär diýýäňmi?Ene süýdi gudratdyr,tenekärdir,goý,emsin!Ene süýdünden ganmadyk çaga ulalansoň,işlemäge,oýnamaga gezek gelende uzakçyl bolmaz,duýgulary döwük,tutanýerliliugi ýabygorly,hyjuwy haýal bolar.Ata-babalar iki-üç ýyllap çagany emdirmegi ündär ekenler,ýöne...Sen näçe ýaşadyň,Alty jan?

-Alty ýaşa aýak basdym,daýy.

–Şu güne çenli ejeňi emýän bolsaň,onda senden bir zat çykar!-diýip,Ümür aga depderine bir zatlary belledi-Tüýs pälwan ýetişdirmek isleýän eneler çagasyny otuz aýlap emdirer ekenler-Ol bukjasyndan bir owadanja tomazajygy çykardy-da-Dur,inerim,meni azajyk diňle!Men bu oba ýygy-ýygydan gelýärin,Rahmanberdi mollum,Annaberdi mollum,Annaberdi aga ýaly adamlar bilen gürrüňdeş bolýaryn, rowaýatlary, aýdymlary,nakyllary,atalar sözüni ýygnaýaryn-ol tomazaga syn edip bolansoň,ony kükürt gabyna saldy-da,oňa derek ýylan gowagynyň bir bölegini agzyna atyp goýberdi-Men bir zady açyk aýdyp biljek-diýip,ol gürrüňini dowam etdi-Sen ulalyp,adyň dünýä belli pälwan kişi bolup ýetişersiň,abraýyň,mertebäň beýge galar,obadaşlaryň guwanarlar.Sen güllere bezelen gülzarlykda ýaşarsyň.Ähly zadyň,meniň şu bukjamdaky otlar,mör-möjekler ýaly bol bolar,şeýle bir bol bolar welin,ýyldyzlar asmandan inip,seni gutlamaga gelerler.Bir peri bolsa duluňy bezär.

–Daýy jan,bularyň bary meniň bilen bolup geçermi?Ertek-ä däldir?

-Erteki ýalydyr,ýöne erteki däldir.Hut şeýle hem bolar,peri zenanam seni ýürekden söýer..

–Meni-mi?!-diýip,ol Ümür aganyň jadyly,sary giden mele bukjasyna gorkuly bakdy.Onda ýok zat ýokdy.Birden perinem çykaraýsa nätjek?Ýa-da,ondan jadyly guş çykaryp,perä öwüräýse nätjek?Gowusy bu ýerden gideýin!-Daýy jan,ol peri diýýäniň garagol gyz-a däldir?Meniň bilen uruşmazmy?

-Uruşmaz.Ol seni ýürekden söýer,maňa ynanaý!-diýip,Ümür aga Altymyradyň şar garaja,buýraja saçyny sypalady-Gitjek bolýarmyň?Sag bol.Ejeň gelmänkä öýüňe bar,ýöne,şu aýdanlarymy ýadyňdan çykarma!Bar!Ykbalyň ýelek ýaly mylaýym,ýumşak bolsun!

Altymyrat bukjasy jadyly jady adam bilen hoşlaşyp gaýtdy.Ýolda ol emzikli gürrüňi del adamynyň ýanynda agzany üçin,Amanyň ýüzüni aldy,Döwlet joňkdan bolsa:”Bir peri gyz seni söýer”diýdi welin,söýgi näme bolýar?-diýip sorady.

–Bilmedim,gowy görýän diýmek bolaýmasa!Ho gün ýetişen gyz doganym:”Men Sapary gowy görýän-ä”diýdi,ejemem oňa:”Sypatyň gursun,ütülip ölmüş!Söýüşüp ýörün diýsene!Bir kemiň şody-da,seniň”diýip,onuň al-petinden aldy.Galanynam özüň bil-diýip,Döwlet kibtini gysdy...

Altymyrat öýe gelşine, mellekde üzümiň örňäp-ösen gollaryny ýygyp ýören Tirkiş kakasynyň elindäki oragyna ýapyşdy-da:

-Tirkiş kaka,diňle,bir zat aýtjak! Gumgüzeriň boýuna jadyly bukjaly adam geldi.Ol başymy sypap:”Tanymal,goçak adam bolarsyň”diýdi.Köneje gaýyş bukjasynda jyk-jyk,tomazak,kebelek,ýylanyň dony(goňagy),her hili otlar,daşlar bar ekeni.

–Şeýlemi,jigim,ol Ümür Esendir!Ol hakykatdanam jady adama meňzeýär.Şeý diýen bolsa,sen dünýä belli adam bolup ýetişersiň.Men onuň üçin elimde barymy,ýogumy ederin,ertirden seni sporta gönükdirerin.Ýöne,indi nobura Bäşim bilen git,ýeke gitme!-diýip,ol elindäki oragy taşlady-da,oturyp,jigisini gujaklady.Altymyrat özüne berk daraýanlygy üçin mydama Tirkiş kakasyndan gorkuly gezerdi.Bu gün welin,ol düýbünden başga adamdy.

–Tirkiş kaka jan,indi ol adam gelermi?

-Geler!Saňa beýle arzuw eden bolsa,arzuwynyň hasyl bolýanyny görmek üçin hökman geler!

-Tirkiş kaka jan,ejem jandan soraman nobura gidenimi ol bilip otyr,”indi beýtmegin” diýdi.Senem ony ejeme aýdaýma,bomy?!

-Bor,jigim!

Altymyradyň dünýäsi giňedi,gözüni ýumdy,agasynyň gursagyna kellesini goýup,şobada uka gitdi.

Tirkiş ony oýarmajak bolup,ýuwaşlyk bilen göterdi-de,öýüň içindäki düşekde ýatyrdy.Öz içinden bolsa:"Ýat, belent arzuwlara beslenen jigim"diýdi...

Şol günüň ertesi köçä çykanda ol"Eý,emzikli,agşam asmandaky ýyldyzlar seni görmäge geldimi!"diýen sesi eşitdi,görse bir topar özi ýaly çagalar gülüşip,dillerini çykaryşyp,dodaklaryny çöwrüp durlar,Aman jyk-jygam olaryň arasynda,eýýäm şugullapdyr.

Altymyrat sesini çykarman öýüne ýumlugaýdy...

Häzir ol bu wakalary ýatlap,Ümür aganyň welilik bilen eden arzuwlarynyň amala aşmagynda Tirkiş kakasynyň ornunyň ägirtligine düşündi.Ol daşyňda hozanok bolup ýörmese-de,gaýtam,käte telek işi üçin şarpyk bermekden gaýtmaýan hem bolsa,başga tarapdan göze görünmeýän hereketleri bilen,bildirmän goldap gelenligi gizlin däl.Öýe baryp gaýtmaly bolaňda kisäň bilbiliň ketegi ýalydyr,birdenem nireden düşenligi näbelli pullar peýda bolar,ýa-da garnyň ýarym aç ýagdaýda okap ýörensiň, birdenem "obadaşlaryň iberdi"diýip,pul getirip giderler.Bu zatlaryň Tirkiş kakasynyň işidigine ol indi-indi düşünip galýar.

Ýogsa-da,okuw barada hem kelam agyz ýatlanylsa kem bolmazdy.Dogrusy, ýylyň dowamynda geçirilýän ençeme ýaryşlara gatnaşjak bolsaň,onuň öňünden azyndan iki aýlap daş ýerlerde türgenleşik geçjek bolsaň,okamaga eliň hem degjek däldi.Ýöne ol okuwa gatnaşyp bilmese-de,mugallymlaryň gaýybana ýumuşlary boýunça sapaklaryna taýýarlyk görýärdi.Kyn hem bolsa ony edýärdi.Başga bir tarapdan bedenterbiýe we sport institudynda işläýän käbir mugallymlaryň sapak okadyşlaryna,bilim öwredişine haýran galýardy.Olar bir-iki bolsa owarram,ýöne üç-dörde ýetse eýýäm talybyň bagty ýatdygy hasap edäýmeli.Dogry,oglanlaryň içinde hem her hilisi bar,käbir talyp şeýle"okadylyşy"halaýar.Ondan sapak soralmasa,sapaga gatnaş-gatnaşma idelmese bolany.Bir mugallym( onuň adyny agzamaly)garagollyk eden talyby burça gabap,iki elini ýokary galdyryp duruzýar, ýadap elini goýberäýdigi öjügip,öňküdenem mojuk jeza tapýar,bu gezek el-aýaklaryňy ýere diräp,it bolup üýrmelisiň.Şeýdip käte sapak unudylýar,muňa göwnihoş bolýan talyplar hikirdeşýärdiler.Altymyrat ol mugallymy tanaýar.Ol jany-teni bilen sapak öwredesi,bilim-ylym beresi, bezzat okuwça jeza berip,gorkuzyp,galanlaryň ünsüni sapaga jemläsi gelýär.Emma netijesi tersine bolup çykýar.Her bir okuwçy gowy bilim almasa soň durmuşda köp kynçylyklara gabat geljegini göz öňüne getirmän heläk bolýar,dogrusy oňa şol wagt düşünmeýär.Haçan-da alan biliminiň durmuş tejribesinde gerek bolup durýanlygyna düşünende,ol eýýäm giç.Ökünýär,yzyndan ýetip bilmeýär,köplenjem, öz körzehinliligiň sebäplerini mugallymyň üstüne atýär.Bu häsiýet biziň barymyzda bar.Öz günäňi başganyň üstüne atmak edil adyr ýer ýalydyr.Indi gorkmak meselesinde.Altymyrat heniz hiç zatdan gorkan,heder eden adam däl,ýöne olam bir gezek gaty gorkdy.Ýedi-sekiz ýaşlarynda Tirkiş kakasy balyk tutmaga alyp gitdi.Olaryň öýleriniň gündogarynda,bolaýsa iki-üç ýüz metrlikde gamyşa bürenen zeýkeş bar.Içi zyr-zybylden doly,akýanlygy onçakly bir bildirip durmaýan hapa ýerde balyk bardyr öýdüp hiç kimiň kellesinede gelmeýär.Eger muny Orazberdi bilýän bolsa,allaowarralara balyga diýip gidip ýörmezdi ahyryn.Diýmek ol bilýän däldir.Tirkiş welin,bilýär ekeni.Ol aýagyna gonjy kesilen ädigi sokdy-da,ýazyň howasynyň birneme çigrekligine garamazdan,eşiklerini çykaryp zeýkeşe girdi,maňa bolsa"gyrada dur-da, balyk tutup zyňsam gaparsyň, halta salarsyň"diýdi.Ine,ol giren

ýerinde,zeýkeşiň gyrasyndaky gamyşlaryryň düýbüni iki eli bilen barlap başlady,birdenem “Tut”diýip zyňdy welin,ot iýýän balygyň goşar ýalysy bökjekläp,beýläme düşdi.Men ony derrew haltama saldym.Az salymyň içinde dört-bäş balyk halta girdi.Nobatdaky, beýlekilerden has ulurak balygy elime alan badyma,gorkup, gaty gygyryp,ýere taşladym-da gaçdym.Asyl ol balyk däl-de ýylan bolup çykdy.Uzynlygy tirsekçe bardyr.Göwnüme bolmasa ol boýnuma oralan ýalydy.Tirkiş kakam zeýkeşden çykyp,meni köşeşdirdi,suwda ýaşaýan ýylanlaryň çakmaýanlygyny düşündirdi.Şonda-da,näme,ýylan diýilse iniň söýmez ekeni,ýogsam olam beýleki jandarlar ýaly jandardyr weli...

Bu waka zerarly men agzymy uçukladyp bir hepde ýatdym.Ejemden käýinç alsamam,ýylanly gürrüňi agzamadym.Ony agzasam tükeniksiz soraglara,igençlere sezewar boljakdym,onuň bir ujy Tirkiş kakama-da ýetjekdi.Ondan gowusy dilimi dişlänimi amatly gördüm.Şondan ep-esli wagt geçensoňam,şol ýylan üstüme topulyp gelýän ýaly,howpurgap oýanardym.Men häzirem,başga hiç zatdan gorkmasamam,ýylandan gorkýaryn.Gorkaklykdan kesel galarmyş diýýärler,ejem aýtmyşlaýyn”hudaýa şükür,hiç zat bolmady”.Şondan soň,”dilime berkligim” üçin Tirkiş kakam meni öňküdenem gowy görüp başlapdy...

Tirkiş ýüz görüp gapyrga syrýanlardan däldi,rehimly,parasatly,adalatlydy.Adyllygy üçin käte kösenýärdem,şonda-da yza tesmeýärdi.Onuň bir mugallym tanşyny “ogluňa sünnet etdiripsiň”diýip,işden çykarmakçy boldular,prokuroram iş gozgap,azar berip başlady.Beýle zatlara durumsyz Tirkiş prokuroryň ýanyna barýarda,azmly sesi bilen sen-men ýok:”Balagyňy çykar,eý,ýigit!”diýip seslenýär.Aňk-taňk bolan prokuror:”Näme diýýärsiň?”diýip soraýar.Tirkiş bolsa:”Men saňa balagyňy çykar diýýärin.Sünnet edilen bolsaň-a hiç zat diýjek däl,edilmedik bolsaňam sünnet etjek!Sen näme sünnet etdiripsiň diýip mugallyma azar berýäň?Kelläň ýerindemi?”diýip,haýbatly seslenýär.Nämäň nämedigine düşünen ýaş prokuror:”Ýaşuly,bagyşla!Gaýdyp men şol mollyma azar bermäýin.Şu gezeklikçe bagyşla!”diýip jogap berýär we gaýdyp ony çagyrmaýar.Ýöne, oňa derek işleýän ýerinden ýazmaça berk käýinç almaly bolýar...”Tirkişem edil kakaň ýaly gönýmel,dogrygep adamdyr”diýip,ejem bir gezek kakam bilen bolan şeýle wakany gürrüň berdi.Şol wagtlar obalaryň arasynda festiwal diýdimi,nämemi,uly bir medeni,sport çäreleri geçirilýän ekeni.Oňa etrabyň ähli obalaryndan adamlar gatnaşyp özara ýaryşar ekenler.Bu uly çäräniň ýolbaşçysy ermeni ýigit, göreşmek üçin orta çykan,gyrmyzy donly,gara silkme telpekli,aýagy ädikli kakaňy görýärde,töwerekdäki adamlara ýüzlenýän ýaly:”Sen medeni çärelere gatnaşmak üçin gelen bolsaň geýimiň hem medeniýetli bolmaly”diýipdir.Onda ol:”Medeniýetli bolaňda nähili geýinmeli?”diýip sorapdyr,”Aý,akja köýnek,akja balak,başyň açyk bolmaly”diýen jogaby eşidip,ol derrew duran ýerinde daşky eşiklerini sypyryp,içki ak köýnegini,ak balagyny görkezipdir-de:”Indi boldumy,ermeni batyr?Indi göreşe çykyp bilýänmi?”diýipdir.

Şol gezek ol göreşde etrapda birinji orny alyp,öýe bir tokly getiripdi...

Bu gün ol Tirkişi köp ýatlamagyny nädip düşündirjegini bilenok, kellesinden çykmaýar,bar bolany.Bu ýönelige däl bolmaly.”Gel,gowusy aragatnaşyk nokadyna baryp oba bilen gepleşeýin,ýagdaýlary bileýin,barybir türgenleşik üçin “Dinama”sport merkezine gitmeli”diýip pikirlenen Altymyrat öýünden çykdy,şobada hem agasy Bäşime gabat geldi.Ol Tirkişiň ýaraman ýatanlygy baradaky habary gitiripdi...

Şol günüň özünde ol gyssagly oba gitmeli boldy...

Altymyrat Tirkiş kakasyna ýetişmedi.Ol,ýaňy 42 ýaşa ýetende,bagyrda erbet daş döräp dünýäsini täzeläpdi.Ýogsam,ömründe agzyna arak ýa başga zährimary alan adam däl.Ugradylm..anka razylaşmaly boldy,”Agam jan,bilip-bilmezlikden bir hata eden bolsam bagyşla,günämi öt!”diýip,ol aglady.Türlmençilikde öleniň ýanynda aglamak bolmaýar.Ol weli saklanyp bilmedi.Merhumyň ruhy üçi geçýänçä töwereginde aýlanyp ýörmüş diýýärler.Şol dogry bolmaly.Rahmanberdi aga adamlary oňa-muňa ugradyp:”Tirkişiň ugradyljak wagty ertir sagat ondadyr, eşitdiriň,başga obalardan geljeklerede habar ediň,aýdylman galanlary bolmasyn"diýip,tabşyrýardy,merhumyň ogullaryna,gyzlaryna we inilerine bolsa:”Gaýrat ediň,mertlik bilen,abyraýly,gyk-baksyz ugradalyň.Ugradylmanka çarpaýa galyp,gaty ses bilen aglap,masgara bolmaweriň.Ol il ýüzünde gowy däl,Allatagalanyň hem edenine kaýyl bolmazlykdyr,taňra ten bermezlikdir"diýýärdi.Onda-da Aýgözel saklanyp bilmän,çyny bilen aglap:”Heý,eziz görýän adamyň-a öler,onam iň soňky ýoluna alyp gitseler,senem aglaman oturyp bilermiň?”diýýärdi.”Gyzym,onyň dogry,ýöne,gaty ses bilen aglap,ile göz bolmazlygyňy isleýän,ony Hudaýam halamaz,bendesem.Gepiň gysgasy gaýrat edip,şu pendimi saklajak boluň!”diýip,ol jogap berdi...

Gijara ýurduny täzelän merhumy myhman aldylar.Onuň ýanynda inileri Orazberdi,Bäşim,Altymyrat,merhumyň uly ogly Kakyş dagy uzakly gije oturdylar.Daş bir ýere giden kiçi ogly ertesi gelip,kakasynyň ýanynda ses edende merhum gözüni açdy.Bu üç günläp öýden daşlaşmaýan ruhuň işi.Altymyrat şunça aglamajak bolsa-da bolmady,agy özüňe bagly zat däl eken.”Ýakynlaryňy ýatla, ruhlaryny çagyr,pikir alyş,gürleş,şonda teselli taparsyň”diýip,Rahmanberdi aga köşeşdirýär...Emma bolaýýarmy näme?

Bütin oba merhumy ahyrky ýoluna ugratmaga geldi.Aýak basara ýer ýok.Edilmeli däp-dessurlardan,jynaza mollasynyň”...Taňra sena üçin,Pygambere drut üçin, ölene doga üçin,özümize sogap üçin,ezel wagt alnym Käbä,ýüzüm kybla,gullugym Taňra,haly sallahu tagala üçin,Allahu ekber...”diýen dogasyndan soň,merhumyň iki ogly Kakyş bilen Baýramgeldi tabydyň öňüni,Orazberdi bilen Altyymyrat yzyny tutup,başyny öň tarapa edip,gonamçylyga alyp gitdiler.Gowy ýeri,sekiz agyzly gonamçylyk obanyň ýakynynda.Onsoňam,hormatly sport işgäri bolansoň Tirkişi öz ili,işdeşleri,ýakynlary eginlerine göterip gitmäni kyn görmediler.Jaýlanjak ýere barylýança merhumyň öňünden bir adamam ýöremedi.Hiç kimden ses çykmady.Dymyşyp barýan adamlar içlerinden:”Bizem ir-u-giç,nesip bolsa,şeýle bolmaly ahyryn”diýýäne,öň ýaşlykda-beýlekide bir ýerde ýalňyşanam bolsa,indi dogry ýola dolanmagy niýet edip barýana meňzeýärdi.Merhumy jaýlanjak ýerine eltip, goýmaly ýerinde,weýran depede, kybla bakdyryp goýulýança, hiç kim oturmady.Dogry,ýaşlar ýaşlyk edip merhumy ilki haýran depede(adamyň jaýlanjak jaýyndan,içki öýden guburyň sag gyrasyna çykarylýan üýşmejik guma haýran depe diýilýär) hem goýjak boldular,emma Rahmanberdi aganyň “Duruň,duruň,ol ýerde diňe, agasy ölensoň gelnejesine dakylan adam dünýäden ötse goýulýandyr. Wah,kileň “Ruhnamany” okanlarda bular” diýip käýinmegi ýagdaýy düzedäýdi.Taýýar gabra Kakyş,Orazberdi,Altymyrat we kerpiç örüji ussa dört bolup girdiler we Rahmanberdi aganyň dogasyndan soň,merhumy sag ýanbaşyna,ýüzüni kybla goýup içki öýde ýatyrdylar,kependäki daňylan esgileri aýryşdyryp,kerpiç örüp ugradylar.Bu işi bolanlaryndan soň,merhumyň uly oglundan rugsat alyp,her kim gabra üç goşawuç toprak atdy,soňam pil bilen gömüp ugradylar.Her kim okamaly dogany okap,üç

gezek gum sürüp,pili ýere taşlamalydy.Guburyň üstini düz dört burç etmän,düýäň örküji ýaly rejelendi.

–Wah,Tirkiş kakamyň mazary ejemiň,agalarymyň ýanyna düşmedi-dä!-diýip,Altymyrat aglamjyrady.

–O-ňa gynanma,köşek!Edilýän doga-dilegler ýürekden bolanlygynda,jaýlanan ýeriň parhy ýok.Ýöne,adamyň merhumlaryny bir ýerräkde göresi gelýänligi tebigydyr-diýip,Rahmanberdi aga ony köşeşdirdi.

Olar şol aralykda kakasynyň,ejesiniň,agalarynyň mazarlarynyň başynda aýat-töwür etmek islediler.Bäşimiň barmagyny çommaldyp,salgy berşini gören Rahmanberdi aga:”Barmagyňy çommaltma-da,başyňy at,başyňy”diýip,käýindi.Olar ilki ejesiniň täze mazaryna golaý barman,aýak üstünde durup,salam berdiler,gol göterip doga okadylar.Şeýdip,beýlekilere hem aýlandylar.”Ýadyňyzdan çykarmaň-diýip,Rahmanberdi aga oglanlara ýüzlendi-Öwülýä zyýarat edeniňizde,merhumyň daşyndan aýlanmaly däldir,ýüzüňe sylmaly däldir,eneň-ataň gabry bolsa posa alsaňam zeleli ýokdur!”...

Tirkişi jaýlap gelen gölegçilere tagam hödürlendi,Begjan molla doga okady,töwir galdyrdy.Tirkiş kakasy maşgalanyň ulusy bolanlygy üçin doganlar ony kaka hökmünde görýärdi,olam,gerek ýerinde maslahat,kömek berýärdi.Çökder köp bilýänligi bilen,olaram ýany bilen alyp gitdi.Durmuşyň her tarapyny alanyňda-da, bir adamlyk bilýänliginden başga-da,ol,ähli zada diňe ylmy nazardan baha bermekde, aýat-töwürleri suwara bilmekde öňüne adam geçirmedi.Hudaýa-da ýagşy adamyň gerekligi çyn ekeni.Hawa-da,”ýagşy-ýamanyň ýokdur, wagty gelip ajaly ýetende gidip durandyr” ýa-da “ölüm barabardyr şah-u-gedaýa"diýilmeýärmi näme!Nätjek,iman äkiden bolsun,Hudaý rehim etsin,ölümiň yzy kesilsin,yzyna abadançylyk gelsin diýäýmeseň!... Birden ýakynda saz çalyndy.Rahmanberdi aga gelene töwür edip,dymyşlygy bozdy.

-Adamlaryň birek-birege perwaýsyzlygy ýetjek derejesine ýetdi,sylag peseldi,päheýde welin.Bu yrsgalymyzyň gaçmagyna getirýär!Ýürek paralanan ýagdaýda otyrkak,daş bolmadyk goňşymyzyň aýdym-saz bilen toýa başlamagy,Tirkiş neressäniň ölümine begenip,heşelle kakmagy hökmünde görýärin.Bir-ä,gam kölüne batyp,ahy-nala bilen dat-bidat edýär,merhumyň ýakyn dosty hasap edilýän adam bolsa,toý edýär.(Ýakyn goňşylarynyň bu hereketi Altymyrat üçin hem agasynyň ölüminden agyr täsir etdi)-Çakdan aşmadan,çyzykdan çykmadan hüşgär bolmaly-diýip,Rahmanberdi aga sözüni dowam etdi-Allanyň haram edenini halal,halal edenini haram hasaplamaly däl.Bu ýol gorpa eltýändir.Kurany kerimiň Mearij süresiniň 8-18-nji aýatlarynda şeýle diýilýär:“Şol gün asman edil magdan ýaly,daglar bolsa hut reňbe-reň atylan ýüň ýaly bolar.Bir kowum beýleki bir kowmuň ýagdaýyny biri-birine görkezilse-de soramaz.Günäkär şol günüň azabyndan goranmak üçin ogluny,özüne ýar bolan ýassykdaşyny,doganyny,arasynda önüp-ösen tire-taýpasyny we deň-duşlaryny pida edip,özüniň halas bolmagyny dilär.Ýok,ol azap ody alowly,dessine ýakyp-ýandyrýan otdur,ynsanyň her bir tarapyna syçraýan jeza odudyr.Arkasyna dönüp, tersine giden we mal-mülk ýygnap,hazyna edineni özüne çagyrar we çekip alar...”Wah,Kurany okasalar,Magtymgulynyň goşgularyny öwrenseler beýle zatlar bolmaly däl ahyryn.Begjan molla,şular ýaly zatlara sen göz-gulak bolmaly,päheýde welin.

-Wah,başlyk,olara şu gün irdenem duýdurdym,bolmanda agşamara,sesini peseldip saz edäýiň diýdim.Bolmasa,ýene baryp görerin-dä!-diýip,Begjan ýerinden turup gitjek boldy.

–Aý,başlyk,onda-da ýene baraýyn-diýip,Begjan gitdi.Rahmanberdi aga onuň yzyndan garap:

-Näçe tirkeşenem bolsam,adam tanap bolmaýar ekeni-diýip,başyny ýaýkady-da, sözüni dowam etdi- Ýygralygy üçinmi,edepliligi üçinmi,garaz,üýşmeleňlerde,pata aýat-töwür etmeli bolanda-da,Tirkiş neresse sesini çykarman oturýardy,oka diýip,juda ýalbaryp durmasaň aýat okamazdy.Asyl,indi göz ýetirýän welin,men onuň ýanynda başlangyç synpda okaýan okuwçydanam pesde ekenim.Oňa indi göz ýetirdim.Adam öljek bolup ýatyrka,Kuranyň arşy hasap edilýän ”Ýasyn”okalýar.(Kuranyň jany Teharet,başy Ygtykat,enesi Alhamdygyny bilýänsiňiz).Ony okaberseň ýatan hassa näme jogap berjek,näme diýjek,onam bilip bolanok.Ol güýçli dogany men on minutda okap gutarýaryn,Begjan molla bolsa ýarym sagatda-da okap gutarmady.Elli ikinji aýata baranda çaşyp,dogany täzeden okap başlady.Ahyrym,Tirkiş neresse,Alla oňa medet bersin,imany hemra bolsun,durup bilmän:”Molla,sen doganyň pylan ýerini nädogry okadyň”diýdi welin,Begjan molla tas çaşypdy,gorkusyna:”Şeýtan gelip ara düşdi-dä”diýen boldy.Tirkiş bolsa:”Bilmeýän zadyňy şeýtanyň üstüne atmazlar”diýip ysgynsyz jogap berdi.Asyl, Begjan molla öwünýärdi weli,Tirkiş onuň boşlugyny subut etdi oturyberdi,ol Kurany Kerimi ýatdan bilýärdi...

–Men onuň ýanyna baryp”Agam,ýatyrmyň,ýagdaýlaryň nähili?”diýip soradym welin ol:“Ýok ýatamok,soňky pelläme ýuwaşja gidip barýan,inim jan”diýip jogap berdi.Ol soňky pursatynda-da degişjek bolýardy.Dogry-da,walla-diýip,Orazberdi seslendi.

Türkmende merhumyň ýedisi geçýänçä oturyp ýatlanýar,aýat-töwür edilýär.Rahmanberdi aga merhuma gynanç bildirmek,ýakyn-ýatlaryna göwünlik bermek üçin gelene:”Ýaşuly,aýat-töwür edip ber”diýip, ýüzlenýär.Olam ýaltanman okaýar.Gelene “geliň”,gidene-de:”Taňry ýalkasyn,bizi sylany Hudaý sylasyn!”diýip,hoşamaý söz bilen ugratmak türkmeniň ganynda bar..Eger oturanlaryň biri:”Rahman aga,turjak,doga okap ber”diýäýse dagy,onuň möhümi bitirerde,turjak myhmana we oturanlara garap:

-Adamlar,maňa Rahman diýip ýüzlenmäň!Rahman,Züljelil,Alla ýaly atlar çagalara dakylmaýar.Alla ýegen däl,Allamyrat,Allaberdi,Rahmanberdi diýseňiz bolar.Bulara düşündiriş berýän kitaplarym bardy.Gorkyma gonamçylykda gömdim.Soň görsem çüýräpdir,pide bolupdyr,öňki ýerinde goýup gaýtdym.Diken jürüm hem ýok bolupdyr.Käte öwülýä baranymda, şol çukura doga okaýýan-diýdi.. Dogry,ýas ýerde merhum ýatlanylýar,onuň bilen bolup geçen wakalar gürrüň berilýär,şeýdip,öleniň keşbi adamlaryň gözüniň öňünde täzeden janlanýar.Gelýänleriň bolsa sany-sajagy ýok,Daşoguz,Aşgabat,Lebap ýaly ýerlerden bile okan ýoldaşlary hem bar.Olaryň biri:”Men bir wakany gürrüň bereýin.Ýaşlyk döwrümiz,komsomol ýumuşlaryny bitirmedigimiz ýokdur.Aşgabada ýygnaga barsak,Tirkiş hem Sakarçäge etrap komsomol işgäry Kakajan Nasyr bilen barypdyr.Ýygnakdan soň naharlanmak üçin,her kimden pul ýygnadyk,Kakajan pul berip bilmedi,beýleki jalbarynda galanmyş.Şonda Tirkiş degişip:

Komsomol işgäri Kakajan Nasyr,
Kelläňde agaran saçlaryň müsür.
Kisäňde bäş manat puluň bolmasa,
Mäkiýan bolupjyk,ýumurtga basyr!-

diýip,bada-bat şygyr döretdi-de,oturanlary gyzyl-gyran gülüşdirdi...”-diýse,ýene biri:”Menem bir wakany gürrüň bereýin.Köýnekow atly biri bilen bile okaýardyk.(Soň ol ýokary wezipelere ýetdi)Onuň adyny bilmeýärdik,ýöne Köýnek diýäýýärdik.Bir gün Tirkiş neresse bilen onuň ýanyna bardyk.Ol sapaga taýýarlanýanlygy üçin biziň

habarymyzy almady.Garaşyp ýadan Tirkiş:”Eý,Köýnek,egniňdäki köýnegiň iki ýeňini,ýakasyny kesip taşlaryn welin, onsoň Köýnek bolman Maýka bolarsyň!Näme bizden habar almaýarsyň?”diýende,ol gülüp:”Wah,men saňa bir zat diýdirjek boldum-da!”diýdi”diýip ýatlaýar.

–Türkmenistanda, ştanga götermekde,ýaşlaryň arasynda ilkinji çempion Tirkişdir diýdiler welin,oňa ynanmadym,asyl ol dogry ekeni-diýip,myhmanlaryň biri dillendi.

–Arabystanyň şazadasy Habyp bir gün Pygamberimize:”Gulagyma degişine görä,Hudaý meni pygamber edip iberdi diýýärmişiň!Şol gep çyn bolsa delil getir!Hemme pygamberler gudrat görkezipdirler!.Meselem,Nuhuň älemgoşary,Süleýmanyň ýüzügi,Ybraýymyň ody.Ysmailiň goçy,Musanyň hasasy bar,Isa öl-ä jan bagyşlady.Hany sen aýt,meniň çadrymda kim bar hem ony näme üçin bu taýa getirdim?”diýip ýüzlenipdir.Pygamberimiz dyzyna çöküp Hudaýa çokynypdyr,ybadat edipdir,soň ýerinden turup:”Eý,Habyp,çadrda gyzyňyz bar,ol kör,ker,elsiz-aýaksyz,sen onuň derdine şypa isläp şu taýa getiripsiň!Bar,çadryňa girip,gyzyň bilen gürleş!”diýýär.Habyp çadra girse,hiç zat bolmadyk ýaly,synasy sagat gyzy ýylgyryp garşy alýar.Muny gören Habyp:”Ýa Muhammet,meni hem Hakyň ýoluna salgyl!”diýip,oňa boýn bolýar.Şoňky ýaly,Tirkişiň ýeňişlerine ynamsyzlyk bilen garamak bolmaz!-diýip,Rahmanberdi aga jogap berdi.

-Bir gün Tirkiş kakam bilen Aşgabatdaky kitap dukanlarynyň birine bardyk-diýip,Orazberdi gürrüňi alyp göterdi-Kitaplara seredip durkak,ýanymyza biri gelip:”Inijikler,kitap aljak bolýaňyzmy?”diýip sorady,Tirkiş kakam oňa:”Aý,täze kitaplara seredýäs”diýip,jogap berdi.”Hol kitaby alaý,gaty gyzyklydyr!”diýip,ol adam şahyr Şäher Borjagyň täze çykan kitabyny görkezdi.”Aý,Şäher Borjagyň kitaby bolsa maňa gerek däl,ol diňe hajathanada okalýar”diýip,agam bada-bat jogap berdi.Onda ol adam beýlede duran ýoldaşyna garap:”Baba Japar ogly,(Baba Eziz hanyň gyz agtygynyň ýanýoldaşydy)hany bäri gel!-diýip,ony çagyrdy-Baba,bu maryly ýigid-ä,maňa,şahyr Şäher Borjaga:”Şäher Borjagyň kitaby bolsa gerek däl” diýip,ýüzüme gelip dur!Nähili görýärsiň?”diýip güldi.Bizem gülüşdik.Asyl ol Şäher Borjagyň özi ekeni,dogry-da walla...

–Adamlar,bi Tyrry görünenok welin,jany bir sagmyka?-diýip,Rahmanberdi aga sorady.

–Men ho gün onuň ýanyna bardym-diýip,Orazberdi jogap berdi-Iki aýdan öýüne gelýän ogly Berdi çopan hem bar ekeni.Men içeri giren badyma,ala-galmagal bolup oýnaşyp oturan çagalar dyr-pytrak bolup,içki otaga geçdiler.Hallygözel gelnejem hamyr ýuwurýar,tördäki tapçanda bolsa Tyrry aga ymyzganyp ýatyr. “Biziň bulamakçymyz edil hyzlawuk ýaly aýlanyp,çül çagany aç etmejek bolýar,ýaşulymyz bolsa,hon-ha,hiç zada ýaraman,törde,gününi sanap ýatyr!”diýip,Berdi kakam ýaşula tarap elini salgady.

Tyrry kakam ýerinden gowsundy-da, özüniň oýadygyny aňlatdy.Men oňa hormat bilen salam berdim. “Hiç zat bilen ugry ýok,”Alla jan,meni ýygnasa gowy boljak”diýip samrap ýatyr,kakam-a.Bulamakçym öý işlerine,çagalaryň aladalaryna ýetişenok,munyňky hem olaryň üstüne...”diýip,Berdi kakam seslendi. “Saňa aýdyp dilim syryldy...Garryny bir -zat etmeli.”-diýip,gelnejem hamyryny patladyp-patladyp urýar.Tyrry kakam bolsa öçügsi gözlerini gyrpyldadyp iňňildeýär. ”Daýhan adam işden galsa durmuşa bolan höwesi gaçýar,umudy peselýär,o dünýä howlukýar ekeni”.Bu Berdi kakamyň pelsepesi.Tyrry kakam bolsa uzak ýaşamak isleýär,hat-da öýlenmek hem hyýalynda ýok däl.Ölümini dileýänliginiň sebäbi bolsa, ata-

baba däp-dessury saklajak bolan bolup,kiçi dilden bärde aýdan bolaýýar. “Kakamy maýyplar öýüne zyňyp bolmaz-a,başlyk!?”-diýip,Berdi kakam aýalyna ýalbarýar,olam”Nädeýin.iki elim daňylgy-da meň...”diýýär,äri “Çagalaryň eliňi daňanoklarmy?”diýse,aýaly”Oglanlar kömekçim,gyz kişi maşgalasy.Gör-ä,gaýyn atam halys gurady,süňk bolup galdy.Günde eşiklerini çalşyrmaly,meýdany aşagynda. .Gaýrat et diýýäň,ol diliňde aňsat,onuň azaryny çeken biler”diýýär.Äri bolsa “Azajyk sabyr etseň aýak üstüne galar gider-dä!Gaýrat et,başlyk”-diýip, aýalyna ýalbarýar” Ine,Tyrry kakamyň ýagdaýy-ha şeýleräjik,dogry-da walla-diýip,Orazberdi sözüni jemledi.

–Bu nähili bolýar,adamlar,päheýde welin!?Sandan galdy diýip,garrylar öýüne tabşyrmalymy?

-Rahmanberdi kaka,sandan galany üçin däl, pensiýa berilmesi kesilenligi üçin. Öňler boşap ýatan garrylar öýi, indi agzyna çenli dolupdyr,dogry-da walla-diýip,Orazberdi düşündiriş berdi.

–Beýlede bir zat bolar ekeni,päheýde welin.Ol türkmene gelişýänmidir?-diýip,töweregine garanjaklasa-da,Rahmanberdi aga soragyna jogap tapyp bilmedi... Adamlar gelip-gidip durlar,gürrüňlerem täzelenip,bir ýatýar,bir möwç urýar.Ýedi günläp merhumyň ýasyny saklap oturjak bolsaň,ýöne bir dymyp oturyp hem bolanok,nämede bolsa bir zadyň gürrüňini etmeli.Käte kimdir biri bolgusyz gürrüňe başlaýdygy,Rahmanberdi aga:”Hany,beýle warsakyny goýalyň-la!Eklenjiň,iliň aladasy bolsun,gürrüňiňiz!”diýerdi.Obada ýaşasaňam näme,ýere bagryň badaşan...Ýer,mal-gara,eklenç-ine,oba adamlarynyň aladalary...

–O-how,başlyk,pylany on gektar ýeri mülk edinipdir-diýip,Begjan molla janykdy-Ol obada ýaşasa-da,gazçylar şäherçesinde işleýär,ýere dahylly ýeri ýok.Gör-ä,puluň ediberşini?

-Diýmek,durmuşda adyllyk ýokda?Şeýlemi?Päheýde weli...

-Olam her hili,başlyk!Kimiň kisesi galyň bolsa, baran ýerinde hoş diýýärler,ýuka bolsa-da ýüzüňe urlan ýaly bolup gaýdýarsyň.

–Eger pulum bolmasa,baran ýerimde-de hoş diýip,başymy egmesem näme?

-Onda başlyk ol samsyk bolýar.

–Durmuşda başga-da bir zat bar,molla,päheýde welin!Ýeri mülk diýip beriberseň mal-garany,dowarlary ýüpe daňmaly bolmazmy?Türkmende beýle zat görülip-eşdilipmidi?Inilerimiň biri öwülýäniň günbataryndan mülk aldy,gyrak-bujagyna,suwuň baryp bilmejek ýerlerine bag-bakja ekdi.Indi ekinlerini mal-garadan gorajak bolup,mülkünin daşyna çorçukly sim aýlaýar!

-Ýer almadyklar näme etmeli,başlyk?

-lşläsi gelmeýän ýaltalar ýer almazlar,Begjan molla!Olar hakyky daýhan däl.Hakyky daýhany sowuk ýarag bilenem ýerden çykaryp bilmersiň,päheýde welin.

-Agam,malyň mellege girip,bişmedik almalarymy ýere ýazyp ýör-le,how!-diýip,Bäşim,gapdalynda oturan Orazberdä igendi.

–Men nädeýin,sygyrlary zeýkeşiň ýakasyna kowaýyn diýip barýarkam,ol kökkesilenler dogry ýoly saýlap baga girdiler.Olaryň haýsy birini ýüpe baglaýyn,dogru-da walla.

-O ýagdaýyňy bilmedim how,agam,ýöne mallaryň öňem birnäçe gezek mellegimi torç etdi.

–Nädeýin,inim!Obaň öri meýdanlaryny mellek paýladylar.Indi mallary daňyp saklaýan,günde iki eşek araba ot getirýän,şonda-da doýrup bilemok,dogru-da walla.Gelnejeňem ýarowsyz,bilýäň-ä!Näme,ol haram ölmüşleri indi sataýynmy?

-Başarmaýan bolsaň sat,ýok et,how! Ine,men malsyz oňup ýörün-ä!

-Haý,ýagşam bir maslahat berdiň!-diýip,Rahmanberdi aga Bäşime gaňrylyp bakdy-Öňler şu köçäniň her hojalygynda onlarça dowar,ençeme sygyr,eşek, araba bolardy,indi barmak basyp sanaýmalysy galdy.Olaram satdyryp,ýumrugyňy ysgap öňjakmy?Nireden et-ýag,süýt-gatyk,ýüň aljak,päheýde welin?-

Rahmanberdi aganyň aýdýanlarynyň jany bardy.Ony birahat edýän zat-oba mallaryny bakar ýaly öri meýdanyň bolmazlygy.Türkmen hiç mahalam gazykda mal saklamandy.Töwerekde ýüz hojalyk bolsa ýüz hem çopan gerek.Ol mümkin zatmy?Ýok.Ýa-da, malyňy gazykda saklasaň, ýatagyňa-da ot düşse,olar ardurja ýanmazmy,ýa-da sygryň ýüpüne çolaşyp,boglup ölmezmi.Kalhozyň gowy ýeri hem bar bolsa bardyr.Häkimler üçin aňsat,gaz,tok,suw çekmek üçin topbajyk oba!Ýöne,oba adamlarynyň köpüsi obada ýaşasalaram,Howuzhana gidip işleýärler.Ine,onsoň olar iki jahan owarrasy bolýarlar,ýaşaýan ýerlerinde öri bolmansoň mallary ýok,işleýän ýerlerinde bolsa öri ýeri bar-da mallary,öýleri ýok.Öňler ekin dolanyşygy diýlen zat bolardy, gowaça ýerine ýorunja,ýorunja ýerine mekge,mekge ýerine ýorunja,ýorunja ýerine gowaça ekilerdi.Şeýle ýagdaýda mal saklamagam aňsat,bir ekinden beýlek-ä geçilýänçe mal goýbermäge pursat döreýärdi.Indi o zatlardan oba göçdi.Aýdylýar,ýöne edilýän zar ýok.Ýerleriň 0,2-0,4 gektardan kärendä berilmegi oňlanmaly zat däl.Türkmene 0,5-1,0 gektardan az berilse bolmaz,şonda-da,4-5 gektardan az bolmadyk aýratyn öri meýdan bolmasa mal saklap bilmez,.Aslynda-ha,daýhany öz gününe goýmaly,ol näme ekmeli,näme goýmaly,nirede ekmeli gowy biler...Arada ýokardan geleniň biri daýhanlary ýygnap:”Size täze ekiniň tohumyny getirdim,ekiň,mal saklaň,hezil ediň”diýip,on halta tohum taşlady.Adamlaryň biri oňa “Soý” diýse beýlekisi “Möý”diýdi.Ine,ýaňky möýuň,ýaldyrap duran syrly tohumyna seredenler,ol-a ekmek ekeni,hat-da ellemekdenem gorkdylar.Ony nirede,nähili ekmeli,nähili hasyl berýär,ýokumy neneň, ýa ekmän ýarma edip iýseň gowy boljakmy,bu soraglara jogap tapyp bilmän,möý çakjak ýaly ýaýdanyşyp durlar.Adamlar ahyrym:”Aý,ýokardakylaram samsyk däldirler,ýaramaz zady salgy bermezler”diýip,tohumy aldylar,alyşlary ýaly hem mal ýatagyň bir çetine taşladylar.Ýokardakylaryň halk üçin etjek bolýan “gowy işleri",şeýdip,öňki ekýän ekinlerinden başga zady bilmeýän daýhanlar tarapyndan garşylyga duçar bolýar.Ýöne:”Sen 0,16 gektar mellek ýeriňden 0,06 gektary obanyň umumy öri meýdany üçin bölüp ber!”diýseň,olar iki elläp goldajaklar.Bulary aňynda aýlan Rahmanberdi aga-Özüm-ä,mal bakar ýaly öri meýdan üçin mellegimiň bir bölegini berjek,sizem berersiňiz-le!?-diýdi.

–Germanýa-da bolanymda, her obanyň ýakynyndaky 30 gektar öri meýdanyň, gözüň göreji ýaly goralýanyny gördüm,bizde bolsa ol edilmeýär,ýogsam,ýerler daýhanlara paýlanyp berlende-de,onuň päsgelçilik döredýän ýeri ýok ahyryn-diýip,häliden bäri sesini çykarman oturan Altymyrat dillendi.

–Ony oba arçynyndan soramaly,päheýde welin.Şamyrat,jogap ber, bolarmy, bolmaz!?-diýip,Rahmanberdi aga ýaňyrak pata gelen arçyna ýüzlendi.

–Bolmaz-diýip,ol kesgitli jogap berdi-Daýhan,daş edip, öz islegi boýunça ýer saýlajak,öri meýdan edinjek!Bu pikiri etrap häkiminiň ýanynda aýdaýmanmy,ol ýüzüne urlan ýaly çirkin gygyrdy-da,otagyndan kowup;”Gaýdyp seni gözüm görmesin!”diýdi.Dogry hem etdi.Ýerler daýhana berilip,olam ony öz islegi boýunça

ulanjak bolsa, onda häkimiň,arçynyň näme geregi bar?Gorbaçew,amrika satylyp,döwlete dönüklik etdi,daýhana erkinlik berdi,olaram tas häkimiň gulagyny gemripdiler,"maňa pylan ýerden şunça ýer ber,suwumy üpjün et, hakymy daş edip wagtynda töle"diýip.Munyň soňy nähili boldy?Hon-ha,indi ol "küýküni"(Gorbaç-küýki diýmek)daş edip wezipesinden agdarjak bolup ýörler.Ine,saňa erkinligiň netijesi.Daýhanlaryň arçynlyga,häkimligiň işgärlerine bolan sylagy gaçdy.Olar diňe öz ykballarynyň özleri tarapyndan çözülmegine rugsap berilmegini soraýarlar.Dogry, "Ene ýer adama Hudaý tarapyn peşgeş berlen "diýen düşünje bar.Mende bolsa ýere ýakyn adamlaryň kalblarynyň gyşyklygy,ruhlarynyň pesligi barada düşünje bar.

–Ol düşünjeler sen-de bar,päheýde welin.Özüniňki bolmasa-da,gören zadyna el urjak arçyndan başga nähili söze garaşjak!-diýip,Rahmanberdi aga başyny ýaýkady-Sen, iki-üç metr köçä tarap süýşüp jaý gurduň,melleginň daşyna,türmelerdäki ýaly beýik diwar galdyrdyň,howa hem girmez ýaly etdiň.Şol gowumy?Goňşylaryňy görüp dursaň bolmaýarmy?Gaýtam,olardan öýkeli ýaly,gapyňam gaýra bakdyrypsyň,päheýde welin?

-Aý,ony geň görüp oturma,ýaşuly.Haýsy köçä çykyp seret,biriniň jaýy günorta,beýlekisiniňki gündogara,ýene biriniňki günbatara bakýandyr,edil birek birekden öýkeli ýaly,daşy hem beýik haýatlydyr.Olam hiç diýseň,biri jaýyny meňki ýaly daş edip, uly ýoluň gyrasynda gurandyr,beýlekiňki bolsa içdedir.

–Jaýlary taslama esasynda tertipli ýerleşdirmek seniň işiň dälmi?Nirä seredýärsiň,päheýde welin?

-Ýaşuly,men birki ýyllykda daş edip Müsüre gidip geldim.Şol ýerde hem jaýlaryň oturşy şeýleräk-diýip,Şamyrat özüni aklajak boldy.

–Ýok,bulary çilim,tiryek,arak zaýalady-diýip,Rahmanberdi aga sözüni dowam etdi-Adyny aýdyp oturmaýyn,hol Pylanyny tanaýansyňyz.Ol daýhan adamdy,ýeriň tabyny bilerdi,bol hasyl ýetişdirerdi.Hasylynyň puluny alyp bilmän,iki- üç ýyl göreşdi,kösendi,soň,sen köp bilýärsiň diýip, ýerini elinden aldylar welin,ýaňky,içiniň ýangynjyna içip ugrady.Onsoň,jaýlananyny görmedik bolsalaram,ony öldi hasap etdiler.Ine,ol birki ýyllap ýitirim bolansoň,ýene obada peýda boldy.Men oňa:"Pylany,sen ölmediňmi?Mata dolap,öli saklanylýan ýere alyp gidişlerini gören bar!"diýdim welin ol:"Meni öldürdiler,ýaşuly"diýip,gözünden boýur-boýur ýaş döküýär,kisesinde arak,elinde duzlanan balygyň bölegi.Men oň halyna erber gynandym.Nebir daýhan ýigitdi ahyryn."Zährimary goýaýsaň bolmaýarmy?"diýsem ol;"Goýýanam welin,soň ýene başlaýan-da"diýýär.Begjan molla oňa araga aňyny aldyryp, şu güne düşen diýýär,men bolsa onuň sebäbini daýhanyň ýere bolan gatnaşygynyň dogry çözülmeýänliginden görýän.Ol oýnamaga:"Meni öldürdiler!"diýenok ahyryn,ony ýerden daşlaşdyryp öldürdiler,päheýde welin!

-Gürrüň etseň aýdara-diýere zad-a kän.Saçagyň başynda bir mährem adamy ýatlap otyrsam welin,nätjek-dä,aýtmaly bolýar.Gelin-gyzlardan utanç-haýa gitdi,oňa näme diýjek,başlyk?-diýip,Begjan molla nobatdaky gelene aýat okap berdi-de,hal-ahwal soralşykdan soň ýene gürrüňini dowam etdi- Adyny aýtmaýyn.Hol pylanynyň gyzy:"Kaka,men göwreli,şulardan sorag et!"diýip,üç-dört oglanyň suratyny görkezäýipmişin.Oňa näme diýjek,başlyk?

-Gelinler,aýnanyň öňünde öz gözelliklerine guwanyp,özünden gidýänçä durýarlar,çaga,öý iş bilen ugrlary ýok,çala bir zat diýseňem goşuny düwüp,atasy öýüne eňýärler,dogru-da walla...

–Onuň sebäbini men bilýän-diýip,Bäşim Orazberdiniň sözüni böldi-Kirini maşyn ýuwsa,jaýyny tozan sorujy arassalasa,nahar-çaýyny tifal bişirse,çagasyna gaýyn enesi

seretse,öýjükli telefon diýibem bir zat tapyldy,olam elinden düşmese,ýatakda, daňyp saklamaly sygyrdyr-dowarlar ýok edilse,olara ot bermek,ýatak arassalamak,dersleri mellege çekmek aladalaryndan dynylsa -ine,onuň sebäbi.Ertirden-agşama çenli men ýaly kebşirleýji bolup işleseň, agzyň nanly uklap galsaň,özüňe seretmäge eliň degmese-ine,meseläniň çözgüdi.Şonda ýürek agyrydan dynarys.

–Ýüz dollary daş edip ýüregimiň üstünde goýsam,meniň-ä ýürek agyrym aýrylýar-diýip,Şamyrat seslendi-Hemme zat ýokary derejede ösüp,gyradeňlik bilen kommunizm gurmalydyk,emma, käbir artykmaçlyklary bolan sosializimi hem doly gurup bilmedik.Adamlar telpegini görkezip hak almaga halys öwrendi.Ýokarky nogsanlyklaryň sebäbini men-ä şondan görýän!Onsoňam,gyradeňlige öwrenişen adamlar, çala bir üýtgeşigräjik düzgün,jaý,ýatak görseler ýatyp bilenoklar.Begjan mollanyň inisi, Gurbangeldi pyjon,uly ýoluň ugrundaky ata-baba boş ýatan ýerde daş edip hususy dukan açdy.Içiniň harydy hökümediňkiden arzan,obaň ortasy,hemmeler üçin deňlik.Ine,bir günem ol ýandy,tokdan diýýärler welin,ol beýle däl,ony ýakdylar.Men ylgap barsam,Gurbangeldiniň ýeke özi,ýapdan bedreli çuw çekip,ody söndürjek bolýar.Işe barýan adamlara "kömek ediň" diýse,eginlerini gysyp,gülümsiräp geçip gidýärler.Goňşy golamdan çozuşyp gelen elleri boş adamlar,ýangyna kömek etmän,gaýtam, Gurbangeldiniň daşary çykaryp ýetişen süýjilerine,zatlaryna daş edip el urýarlar.Olaryň biri şokoladyň uly bölegini agzyna atyp:"Hudaýa şükür,şemal ýok,ýogsam meniň ýatagyma hem ot düşerdi"diýip,gap-gara bolan dodagyny ýalap,gülümsireýär.Men ondan muny kim ýakdy diýip sorasam:"Pylan alkaş bolaýmasa,galanynam,oduň eli-aýagy ýok, bilmedim"diýen bolýar,özem Gorbaçewyň üýtgedip gurmagyna kes-kelle garşy çykýar,"ol soýuzy dargatjak bolýar,men oňa ýol bermen"diýýär,ömründe kolhozyň öňdäki brigadalarynyň birine ýolbaşçylyk edip geldi,indem,kolhoz dargadyljak bolsa,olam dargadylaýjak ýaly,hususy eýeçilige,şular ýaly hususy dukanlaryň açylmagyna garşy çykýar.

–Sen olary nireden bilýäň,Şammy kel?-diýip,Orazberdi sorady.

-Ony arçyndan başga kim bilsin!Arçyn daş edip adam bakýar ahyryn. Ine,onsoň, dukanyndan el üzen Gurbangeldi gara gäz derini sylyp:"Bä-e,adamlar nähili bolaýypdyr-a!Ýolda ölüp ýatsaňam halyňdan habar aljak ýok!"diýdi."Bu Pylan alkaşyň işi-hä däldirdä?"diýdim welin ol:"Ýok,ol ölse-de,beýle işi etmez"diýdi.Her zatda bolsa men şonda oba adamlarynyň beýle ýaramaz iş etjegine ynanmadym.Ýöne,öz "içalylarymyň"üsti bilen men bu işi şol brigadiriň edenligini bildim,nämemiş dukan onuň kiçi ogly üçin aljak bolýan ýerinde gurulanmyş,onsoňam,baýap barýan adamlar onuň gözüne ajdarha bolup görünermiş...

-Aý,beýle zatlar öňem bolandyr,häzirem bolýar,soňam bolar.Üýtgäp duran dünýä bi,päheýde welin.Hezreti Omar:"Musulmanlaryň ruhuny suwda gaýyp ýören agaja ynanyp bolmaz"diýip,gämi gurmagy gadagan edipdir,Hezreti Osman bolsa oňa rugsat beren.Bular dogry.Ýöne,meniň pikirimçe,yslam dininiň ýol-ýörelgeleri durmuşymyza içgin ornaşsa,nogsanlyklary ýok ederis.Özümi bilelim bäri,şemal günbatardan öwserdi,soňky ýyllar ýa gündogardan,ýa demirgazykdan öwüsýär.Türkmen muny gowulygyň alamaty hökmünde görmeýä,päheýde welin...Adamlar,rugsat bersreňiz men-ä turjak!-diýip,Rahmanberdi aga aýat-töwürden soň ýerinden galdy.Altymyrat ony ugratdy-Pälwan,agaň ölümine gaty gynandym.Imany hemra bolsun!Ölüm baýyň,garybyň başynda bardyr,özem,agyrdyr,ajydyr,ýowuzdyr.Ölüm garyp üçin gorkunç däldir,baýa gorkunçdyr.Öleniň yzynda ölüp bolmaýar,durmuş dowam edýär.Sen indi diňe ýakynlaryňy ýatlap,aýat-töwir etdirip,aňyňda,saçak başynda olar bilen gürleşmeli.Näçe

ýygy ýatladygyňça olar ýanyňa gelerler,özleriniň ýatlanyp durulýanlygy üçin hoşallyk bildirerler,degerli maslahatlaryny, agyrýan ýeriň çykalgasyny salgy bererler,şonda sen olary ýanyňda ýaly görersiň,soraglaryna jogap berersiň,şeýdip,ajy aýralygyň derdini ýeňledersiň.Başga ýol ýok.Berjek maslahatym,aňryujy mümkin bolsa,ýadyňda galan ýakymly ýatlamalary,gazanan üstünlikleriňi,ýakyn dost-ýarlaryňy köpüräjik ýatla.Ünsüň sowlar ýaly,merhumyň ýedisi geçensoň,nesip bolsa,men seni öýüme alyp gitjek,hojalygym bilen tanyşdyrjak-diýip,ol hoşlaşdy...

**--5—**

Altymyradyň Tirkiş kakasyny soramaga keselhana baryşy ýadyna düşdi.Agasynyň uzyn boýy keltelen ýaly,göwresi çekilen ýaly,nurana ýüzini ýygyrt tutan ýalydy.Keselhananyň äpişgesinden daşaryk garap durşuna ol Altymyradyň uzadan iki elini çalaja gysdy.Türkmençilikde iki eliň bilen görüşmek duşan adamyňa bolan hormatyňy aňladýardy.”Aý,inim,ýagdaýlar-a ganymadyrak-la weli...Seniň soňky üstünlikleriňi ejem jan görüp bilmedi-dä!Amerikadaky ýeňişiňi görse-de..”diýip,ol başyny ýaýkady.”Agam,kysmatymyzda bardyr-da”.”Bolsa bardyr,öz-ä!Ejem dokuz çaga dogurana meňzänokdy,gujurlydy,kakamyň,inilerimiň ölümi çökerdi,bagrynda daş galdyrdy...Tirkiş oňa häzir ejesiniň däl, öz ýagdaýyny habar berýärdi,agalarynyň ölümi zerarly döreýän hasraty içiňe salman,diňe aglap gowzadyp bolýardy,ony bolsa Altymyrat edip bilmeýärdi.”Inim,sen bir giň bol!-diýip,agasy onuň pikirini aňan ýaly göwünlik berdi-Näme ýüzüň salyk?Tälimçiň bilen ara tow düşdümi?Oňuşjak bol!Amerikaly jurnalist Mark Gahan”Gazawat urşy”diýen kitabynda"Türkmenler Orta Aziýanyň iň edermen,urşujy halkydyr...Ganygyzmadan boýun egmezek bolup,olar hiç wagt hem kadaly dolandyrylan döwletiň raýaty bolmandyrlar,hanlara,emirlere boýun egenlerinden ölenlerini gowy görüpdirler”diýip ýazypdyr.Näme senem:”Men öz-özüme han” diýip,Abramýana şony tassyk etdirjek bolýarmyň?Birinjiden-ä,türkmenler ozal köp sanly uly döwletleri döredipdir,beglerem,hanlaram bolupdyr,olara gulak hem asylypdyr,ikinjidenem,sportda,hasam ştanga-da tälimçi iň bir ygtyýarly adam.Ol islän oýunçyny islän wagty saýlap alyp bilýär,göwnüne gelşyne görä-de türgenleşdirýär,şol sebäplem oňa tälimçi diýilýär...”Diýmek,näme etse-de onuň towugyna tok diýmeli däl-dä!?”diýip,Altymyrat sorady.”Eger sen onuň berýän tälimine kanahatlanmaýan bolsaň,başga tälimçi tapyp bilersiň,ýöne oňa gulak asmak seniň borjuňdyr.Dogry,agaň Orazberdi hem ökde tälimçi,işleşip bilersiň,ýöne haýsy ýaryşa kim gitmeli,kim gitmeli däldigini Aşgabat, ýagny Abramýan çözýär.Oňa boýun bolmaly.Näme,göwnüň galan ýeri barmy?”,”Aý,kä ýerlerde haýal-ýagallyga ýol berýär,bolaýmaly zady boldurmaýar.Men-ä bir agzy sary oglan,hiç zada düşünemok,ýöne ol azy ýaran tälimçi ahyryn”,”Dogry,kä ýerde onuň hem ýetmezi bardyr,her zatda bolsa oňa gulak asmalysyň.Abramýanda türkmeniň geleňsizligi bar,ýöne bu ýerde meniň hem günäm az däl.Men seniň ähli meseläňe goşulmalydym,başarmadym,bagyşla!”diýip,Tirkiş ony gujagyna gysdy...

Tirkişiň ýedisi geçenden soň,Rahmanberdi aga Altymyrady öýüne alyp gitdi,has dogrusy Altymyrat birneme soňurajyk bardy.Onuň mellegi uly noburyň ýakasyny eýeläp,gür baglyga bürenip otyrdy.Ýaşaýan ýerini bilse-de,Altymyrat bu uzyn boýly,agajet,ýaňaklary dulugyna çöken gujurly gojanyň öýüne baryp görmändi,ýogsam,ol onuň nobura suwa düşmäge barýan ýolunyň ýakasynda ýerleşýärdi.Beýle gür baglyga bürenen mellek obada başga ýok diýen ýalydy. Melleginiň içinde işläp ýören goja,elini guşagyna süpürdi-de:

-Geleweri,köşek,"Gelen döwlet"diýipdirler.Hany çaňňalyňy uzat,görşeli.Aman-saglykmydyr? Häzir şu bogulan ýorunjalary towuklaryň telärinden asaýyn,onýança öýe girde,galmagal başlygynyň beren çaýyny içiber.Ýogsa-da,köşek,aýagyň düşdi,gelmeziň öňünçäsi kösenip ýatan sygyrym öküzçe guzlady-diýdi.

–Höwri köp bolsun,mollum!

-Taňryýalkasyn!-diýip,goja mylaýym ýylgyrdy.Bu mähirli, nur saçýan ýüzde rahatlyk,parasatlyk,asudalyk şemaly öwüsýärdi,ýaşynyň ýetmişe aýak basanlygyna garamazdan,daşky sypatyna seredip,ony berip boljak däldi.Ýanyp duran gözlerinden köp kynçylyklary başdan geçiren,durmuş tejribesini toplan uçgunlar ýaýraýardy,diňe sesini diňleseňem,ýaşlygyň ýagmyry ýagyp duran ýalydy.

Goja işini bolýança Altymyrat bagyň içine aýlandy.Ortasy kiçeňräjik joýalary bolan üzümler hasylyny göterip bilmän,bagryny ýere beripdi,şagal, it,ary almasyn diýip,ýandak,gyzgyn bilen örtülipdi.Üzümiň ortasyndan geçýän ýoda iki gyrasy baga bürenen ýorunjaly meýdana eltýärdi.Hasylyny göterip bilmeýän gyzyl,sary şatdaly düýpleriniň şahalaryna uzyn diregler direlendi,ondan aňyrda giç bişer erikler başlaryny egýärdiler,soň giç bişer almalar.Bişip barýan ir-iýmişleriň,ýorunja gülüniň yslary ýaz güllerinden ýygnalan balyň ysyny ýatladyp,kalbyňy joşduryardy.Tomsuň jokrama yssysyna garamazdan,arassadan salkyn şemal öwüsýärdi,guşlaryň sesi,bilbiliň saýramasy eşdilýärdi,ol bolsa hüwdülenýän ýaly täsir edýärdi.Käte,gaýradaky noburda suwa düşýän çagalaryň galmagaly diýäýmeseň,başga ünsüňi sowjak zat ýokdy.Gür baglygyň gutarýan ýerinde,üsti basyrylyp suwalan ýerdöle-de,agaç gapyrjaklardan başga-da,guradylan injir,garaly,saraly,şetdaly kişdeleri ýaýrap ýatyrdy.Azyklaryň beýle rejeli,tertipli saklanyşyna haýran galyp oturmalydy.Ortada ojak,ojagyň gyrasynda gara taňka,iki käse we ýyrtylyp ugran ak keçe bilen ýassyk bardy.

–Ýylyň dört pasly ýerdöläniň içine täsirini ýetirenok,harydyň uzak saklanýar,özümem ýagdaýyny tapsam munda ýaşamany gowy görýärin-diýip,ýetip gelen goja seslendi-Tilki süreni ýalydyr,ýöne jana ýakymly.Ýetmişiň çatrygynda otursaň,sähel zada tipil tapar ekeniň..."Myhmanyň öňünde aş goý,iki elini boş goý"diýleni, ýör, galmagal başlygy gelnimiň hezzetini göreli!

Olar daşary çykdylar.Asmany gaplan gara bulutlardan ýagyşyň ysy gelýärdi, baglaram has-da garalyp,bir zada garaşýan ýaly-dy.

–Bä-ä,geň zat,tomsuň ortasynda ýagyş ýagaýjakmy-ka?-diýip,goja alma ýapraklarynyň arasy bilen asmana seretdi-Ony aýaklarym aýdýar,gör,eşegimem ykyşak ýere sümülýär,dars-daban at çapýan syçanlaram görnenok,diýmek, ýagyn ýagjak!Ysy gelibem dur-a!Jala bir gelmäwersin,asmandan inip,däli ýabyň ýörüşi ýaly,üstüňden düşüp,hasylyňy puklar,bu yssyda derrewem baglara şireje düşer.

Gojanyň sözüni tamamlanyna mähetdel jala geldi.Olar kümä duwlandylar.

–Men,güýz gyrkym wagty, şeýle jala gelende dünýä inipdirin,ýagşa buýyp ölen mallar köp bolupdyr.Başga bir tarapdan,bu ýagyn maňa eşrepi.Eşrepi diýýänim,güýzlik bugdaý ekipdim,suwaryp bilmän,ygal düşäýse diýip ýördüm.Indi gögermesi aňsatlaşar...Juwanlykda goşa öküzler bilen ýer sürerdik,üstünde oturyp mala basardyk,tilsimatlar köpeldem weli,uşajyk aladalaram artdy.Öňler Murgap deryasynyň suwy boldy.Onuň bir goly obamyza gelerdi.Şol goluň ugrundan bent-gatla gurmak üçin ýüzlerçe müň manat gerek diýip,adamlardan pul ýygnap ugradylar.Şonda seň kakaň,Orazdurdy pälwan "puluňyz gerek däl,bendi şeýle-de guraryn" diýdi-de,uly bir çaýyrlyk ýerden,ýörüte gurallaryň kömegi bilen çaýyrly kerpiç taýýarlady.Onam eşegiň iki gapdalyna örüp,ini dört ädim giňlikde noburyň bir gyrasyndan gysyp başlady.Bir

näçe gün geçensoň,ýaňky galdyrylan böwetdäki çaýyrlar bir-birlerine çyrmaşyp,hiç hili suw geçip bilmez ýaly gatla emele getirdi,edil sement bilen suwalan ýaly bolaýdy.Ine,şeýdip ol döwletiň müňlerçe serişdesini tygşytlady.Pahyr,gaty işeňňirdi.Şunça ir turdummykam diýersiň,onda-da ol meýdandan alakjap gelýändir,"Ýerem aldap bolmaz,ekinem"diýip.Käri suwçydyr weli,eliňdäki zähmet guralyňy alyp,nähili işlemelidigini saňa öwretmäge ýaltanmaz.Özem ýekeje zady gözden salmaz.Gytçylykda,kädidir-käşiri,garpyzdyr-gawuny çägä duwlarda,soňam horlanýanlara: "Hany, bişiklige çenli mydar etjek bolalyň, barja zady rejeli ulanyp,birek-biregi gözden salmalyň"diýerde,güzerany gyr-gytyzlara hemaýatly goluny uzadar,ýaňky gömen zatlaryny paýlar. Il nepagasyny bar zatdan ileri tutýan pahyr, sowatlydy, takwady,onda-da uçursyz takwady,nebis atyna atlanmadyk,Allanyň berenine kanagat kylýan adamdy.

Daşarda durandan gowrak diýäýmeseň, döläniň depesinden geçýän ýagyş zerarly dik durara deşik tapdyrmaýardy.

–Az owlak ezileniň zyýany ýok,eräp gider ýaly adam şeker däl-diýip,Rahmanberdi aga üstüne damýan damjalara üns hem bermedi-Bu durmuşda örän gylawly bolup,gaty berk durmasaň gara nanyň görgi boljagy ikiuçly däl.Biriniň elinde odun,beýlekiniň elinde bagyň ýapragy,gizlin däl.Ýöne başga bir zadam äpişgeden çalaja görünýär.Irginsiz zähmet çekseň hor bolaňok.Halal işleýän adam baý bolýar.Nygmat bolçulygyny döretmek özüňe bagly,etme diýýän ýok,bir meşik kak,bir meşik sök,toşap-bu zatlar eliňden gelýär.Emma işlejek bolýan ýok.Hol seň goňşyň bar-a,gulaklaryndan bozulan kepbäň agaçlary ýaly tüýleri çykyşyp duran goňşyň?!Ol sygyr ýatak salyp bilmän kösenip ýör,emma işjanly bolsaň, ýylgyny örüp,daşyny suwarsyň weli,ýatak taýyndyr.Näme kän,ýylgyn kän.Ýagyş goýaýdymy?

Olar kümeden çykdylar.Asuda şemal baglaryň ezilen ýapraklaryny sypalaýardy,ýere gaçaýjak bolýan lember bulutlar gündogara süýşýärdi,günbatarda,käte,bulutlary böwsülip gün görünýärdi.Günüň şöhlesi ýapraklaryň arasyndan geçip,uzaklara uzap gidýärdi,şonda, kümüşsow reňke bürenen ýapraklar guşuň ganat kakyşy ýaly titreýärdi.Arassa,salkyn howada muny synlamak ýakymlydy,dyz boýy ýorunjada agynasyň gelýärdi.

Olar gojanyň köneje jaýynyň içine girdiler.Uly oglunyň aýaly,başy çargatly Gözel daýza göwresini zordan gozgaýan dört gyraň,dolmuş aýaldy,wagtynda görmekli bolanlygy bildirýän ýüzi gyňyr-tutuksydy.Belki şonuň üçindir Altymyradyň beren salamyna çala jogap berdi-de,pejiň üstünde lasyrdap gaýnaýan çorbany okara guýmaga başlady.Çäýnekdir käseler,okaradyr-çemçeler,azyk harytlary,içi suwly gap,garaz,ähli zat eliniň ýeten ýerindedi.Şeýtmese bolaýjagam däldi.Altymyradyň nazary birden diwardaky,syrdam boýly,dört örüm saçy öňüne goýberilen görmegeý bir gyzyň suratyna düşdi.Onuň gözelliginde birhili hindi gyzlarynyň sypatlary-kömri gaýra duruzýan saçy,galam gaşy,baýguşyňky ýaly garaja gözi bardy,çeýe göwresine gelip duran ýaşyl keteni ony has-da gelşige getirýärdi.

–Ilkinji çagasyndan soň ýarsaýdy-da,ömri gysga ekeni-diýip,Rahmanberdi aga seslendi-Bu suratyň kyrk ýyl ömri bar,şol wagtlar Jahan dilsiz,ýuwaşjady..

–Atasy,oňa derek siz gepleýärsiňiz-le -diýip,Gözel eje nahary olaryň öňünde goýdy.

–Şeýle bolmadyk bolsam gaýyn eneň göwnüni awlap bilmezdim.Gala ýalydy pahyr...

–Ýeri bolýar, naharyňyzy sowatman iýiň!-diýip,gelin çykyp gitdi.

–Aýalym maňa çül çaga doguryp berjekdi,emma iki oglumdan soň çaga galmady, özüm günäkär.Alla günämi geçirsin-dä!-diýip,Rahmanberdi aga diwarda asylgy surata,onuň ýanyndaky Käbäniň şekline seretdi-de,içinden doga okap ýüzüne syldy.Dogrusy,diwarda Käbäniň dürli görnüşleri,dürli aýatlar,Allanyň atlary ýazylan ýazgylaryň ençemesi bardy.Olaryň ortasynda bolsa onuň ýaşlyk döwrüniň suraty ýerleşýärdi. –Hötjediräk-di,pahyr!-diýip, Rahmanberdy aga seslendi-Menem bir keçjalyň biri,ýalyn bilen ýalyn çaknyşan çagy,gujagyma gysýan oň hötjetligin,halys bolmasa “Sesiň bilbilden zyýada”,”Çyg düşen bägülem keşbiňden ejiz”,”Beýle dilewary görmändim heniz”diýip,uguny ýekeleýän,şeýdip,kyrk ýyl ýaşaşdym, öýümiň bezegidi,hoşgylow,mylakatly bolmasa-da,ojagymyň eýesidi,çagalarymyň enesidi.Birden gidiberdi,pahyr.Turşyny görmedik ýüz turşarýan däldir diýselerem, mylaýymdan açyk,göwni ýaz ýalydy. Şükür,gabak astyndan alarlyp bakmady,hyrçyny dişlemedi,Gytja gybatçy ýaly harsaňlaşyp durmady...-diýip,goja birden sesini kesdi.Öte geçäýmäýin diýendir-dä! Ol nahar töwürini edip,çaýy öňüne aldy.

-Mollum,siz çylym çekeňzok öýdýän?-diýip,Altymyrat sorady.

–Wagtynda zatdan gaýdalan däldir-diýip,goja jogap berdi.Il bilen gelen toýda baýram, il bazara menem bazara,il gazara menem gazara...Ýöne,indi neşelerden dynç.Käte baýramçylyklarda ile çykyp keýp çekesim,ýanymdaky pullarymy sowasym gelýär,emma gojalygym ýadyma düşýärde saklanýaryn.Ýogsam,puly sowmak üçin gazanylýar ahyryn.Şeýtseň başyň dik,diliň uzyn bolýar.Häzir bar arzuwym-Allanyň hyzmatynda durup,mährinden ganmak.Ýöne,Alla mährinden doýma ýok,siňme bar

Teşneligi,açlygy gandyrmak bolar,yşkdan ganarsyň,emma Alladan ganma ýokdur. Mäne baba:”Alla akyl ýetirmek üçin ilki bilen özüňe akyl ýetirmeli.Alla senden uzakda däl,hal pursatyňa düşen çagyň özüňe ykjam siňseň,şonda ony görersiň”diýipdir.Aýtjak bolýanym,Alla uýýan diýip,halal-haramy saýgaryp bilmeýänler,malyň kem bolsa sanaýmalylar aramyzda bar...Çaýdan bolan bolsak,ýataga baraly,hojalyk bilen has içgin tanyşdyraýyn,gerek bolar!-diýip,goja Altymyrady towuk ketegine alyp bardy-Hälki asylan ýorunja bedelerine seret!Towuklar pürüni çokjandyrlar,indem olary alyp sygyrlaryň öňüne dökýän,olardan galan-gaçany eşege berýän.Ýa-da,ýorunjanyň bir dessesini taýaklap,pürüni alýan,kepek garyp gaýnadýan-da berýän,şonda towuklar temegini galdyryp:”Baý,hezille bi”diýip,käkäleşip durandyrlar.Ýatakda çyra ýakyp,ýyly bolar ýaly ot ýakyp,saz çaldyryp,towugyň başyny aýlap,iki guzladyp ýörenlerem barmyşyn,men-ä,ýokardan demir taňňyr asaýýan,içine girip hezil edip guzlaýarlar,hem arassa,hem zaýa bolanok.Keýpini kök etjek bolsaň olara köpüräjik gök bermeli.

Towuk dersi ekiniň dermany,sygyr tezegini weli,guradyp,gara gyşa odunlyk goýýan!Görendirin,Tagtabazarda,haşal otdan başga odun tapmarsyň.Zadyňy eşrepi ýaly saklamasaň maňlaýyňa uran ýeriň köp bolýar.Muny men seň ýaly ýetim galyp,eklenç aladasy depämden inensoň gowy bilýän.Asyl,şo döwrüň adamlary agrasdyrlar,eklenç aladasy oýna ýer goýanokdy.Häzirki ýaşlar-a,guşuň guýrugyna daňylan ýelgamak ýaly,gaýmalaşyp,bir ýerde oturanoklar,aýaklaryna täze tigir dakylan ýaly...Ýogsa-da, seniň kakaň heniz otuz ýaşamanka ýaşuly adyna eýe bolanlaň biri.Ol haçan durna geçjek,haçan ýagyş ýagjak,haçan ýel turjak öňünden bilýär.Uçganaklap duran üç ýaşar aty münerdi.Ömründe eşek münen däldir-Şol wagt adynyň agzalanyny aňan ýaly ýatakdaky ak eşek aňňyrdy.Ol ses Altymyrada, ak eşek bilen ot çeken döwürlerini ýatlatdy.Ejesi,ota gidende,ony ýany bilen alardy.Bu bolsa onuň iň bagtly günleriniň biri hökmünde hakydasynda galypdy.Eşek öz maýdalyna jygyldysy,şakyrdysy ýetik arabany çekip barýandyr,olam misli bir uçara atlanan ýaly begenýändir,köçede agyzlaryny açyp

seredýän çagalaryň gapdalyndan geçende ol hasam guwanýardy.Ýogsam,arabanyň haýsy tigiri çukura gaçsa eşek şol tarapa,saga-çepe dönýärdi,muňa bolsa ol hasam begenýärdi.Indi görüp otursa,onuň daýawdan gujurly,ilde ýok ak eşegi halys garrap,arabany dogry çekmägede ýagdaýy bolmasa nätjek!Şol wagt ony bu ýagdaý däl,arabadan böküp-düşüp,ýene yzyndan ýetip münmegi diýseň lezzet berýärdi...

-Suwsandyr,ýatladaýmasa biljegem däl-diýip,goja jaýyň öňündäki howuzdan suw alyp,eşege berdi-Heleýleň köýnek bişjek bolanda ýeňini tyrryk edişi ýaly-da,bu işler,mydama kemli bolýar.Ine,şu eşek,hol araba,meniň hojalygymyň diregi,ot getirmeli bolsa,örüdäki dowarlaryň kem-körüni alyp gaýtmaly bolsa hezil berýär,ýag guýmaly,kireý tölemeli däl,baýaminnet,öz ulagyň,nirä diýseň gidibermeli.Kakamyň daýaw eşeginiň üçünji nesli bi,elimden sypdyrasym gelenok.Gyzamyk oba ýaýradygy,süýdüni içiribilseň aýyrýar.Käte,bäş oýnam geçi bilen,şu eşegi bakmaga alyp gidýän,uluja agtygym bilen.Geçi bilen eşegiň şeýtany bir.Olaryň iýýän otlary derman bolaýmaly diýip ýygnaýan.Ýedi ýyl geçi bakandan,üç ýyl eşek bakandan akyl sorama diýipdirler...

Şol wagt eli gymmat baha sagatly,alty ýaşlaryndaky çaga bularyň ýanynda peýda boldy-Köşegim,inerim geldi,goňşymyň ýedi ýyldan soň gözi düşen dikrary geldi-diýip,goja ony ýitirip tapan ýaly garşylady-Ak goýnuň süýdüni içjekmi,köşek?

-Hany,sagadyňy göreýin!-diýip,Altymyrat,oglanjygyň öýlerine, gojanyň hütdüjek jaýynyň üstüne abanyp duran äpet köşge,onuň elindäki gyzyl sagada seredip sorady.Çaga sagady kükregine gysyp,ýok diýýän ýaly başyny ýaýkady.

–Köşek,daýyň hem sagadyňy görsün!-diýip,goja dillendi.

–Beýjek-gä!Seň nä daýzaň öldümi?-diýip,çagajyk Altymyrada seretdi.

–Ýok,enteg-ä ölenok...

–Beýjek-gä,öňem muny daýzam öleni üçin kakam maňa beýdi.

–Çagany pata alyp gitmezlik üçin şeýdendirler.Beýle diýmeli däl-ä,päheýde welin!-diýip,goja başyny ýaýkady.

–Meň daýzam 93 ýaşady,”nesip bolsa basym ölerin-ä”diýýär.Öläýse görkezermiň?

-Ölmese nätjek?-diýip,çagajak Altymyrada içýakgyç sorag berdi.

–Adam pahyr ýaşap-ýaşap ahyr bir gün ölmel-ä bors.

–Onda-da ölmese nätjek?

-Bilmedim-dä...

–Men bilýän!Şunym bilen ataýyn weli,daýzaň öleý!-diýip,çagajak kisesinden naganyny çykaryp atan boldy-da,kinolarda görýän herekedi gaýtalap ýykylan boldy.

–Wah,çaga terbiýesini telegörnüşiň üstüne atdylar-da,netijesinem görüp dursuň,päheýde welin!-diýip,goja başyny ýaýkady.

-Ata,meni aýaba mündüýäý!

-Eşek suwuny içip bolsun,soň mündürerin!

-Ýok, şu wagt münjek!-diýip,çaga müzzerip başlady.

–Müzzerme!Ýeke bolansoň çaga näzirgeýär,ýanynda jigisi,güýmenjesi ýok,nämemiş, ejesi çaga etjekgäl diýenmiş.Hi,bi bolýan zatmydyr?Ýeke çaga dogrup...-diýdi-de,goja çaganyň golundan tutup alyp gitdi...

Altymyrat çagajygyň yzyndan seredip doňup galdy.Edil şu wagt onuň kalbynda şeýle çagajyga bolan höwes döredi,olam öýlense,şeýle çagasy,ogly bolsa diýen arzuw peýda boldy.Onda eýsem,çaganyň ejesiniň başga çaga dogurjak däl diýmesine nähili düşünmeli?Näme üçin,aslynda durmuş barada düşünjesi bolmadyk,ýöne tebigy sadalyk bilen ösüş basganҫaklaryny geçýän ösümlikler,bag-bakjalar,mör-möjekler,janly-

jandarlar,misli bir arzuwyna ýetmäge howlugýan ýaly,höwes bilen nesil öndürýärler?Eýsem,Allanyň gudraty,pikir ýörediş beýik güýji şunda aýan dälmi?Ol ejesiniň “Adamlardan özge ähli janly-jandarlar,ösümlikler Allanyň diline gowy düşünýärler”diýmesini geň görüp ýördi.Asyl ol dogry ekeni.Eger şeýle bolmaýan bolsa,onda näme üçin tebigat nesil öndürip,Allanyň ýumşuny birkemsiz berjaý edýärde adam onuň garşysyna çykýar?

-Olar Allanyň diline düşünmediksirän bolýarlar,özlerini dünýä indereniň,iýdirip-içirip,goraglap ýetişdireniň diline düşünmeýärler,düşünselerem äsgermezlik edýärler-diýip,onuň pikirini aňan ýaly,arabany eşege goşan goja seslendi-Men bu çaganyň ejesini-ýegen gelni arassa,halal maşgala hökmünde sylaýan,hormatlaýan,ýöne şu bolşyny welin,halamok.Erbet zat ýaýragaç bolýar-da.Tut,oglum,eşegiň jylawuny-diýip,ol eşegiň agyzdyryklanan uýanynyň ujuny Serdarjyga uzatdy,ol bolsa hiç zada düşünmän ýylgyrýardy-Gör-ä,muny,gör,heý beýlede bir zat bolarmy?Çaga diliňe düşünmese nätjek?Şeýdip,köneler ýitip,täzeler ornaşyp barýar-da.Öýjükli telefon,sagat,kompýuter diýseň düşüner, emma jylow,gaňňa,howut,çeki diýseň düşünmez.Indi,how,ulularam köp zady bilenoklar.Hol gün:”Gelin başy baglandy,indi sanjak göräli”diýdim weli,gelnim düşünmän dur.Sanjak köne türkmen dilinde çaga diýmegi aňladýar... Haý,bolýa-da,men çagany ýakyn ýerden aýlap geleýin.

–Mollum,rugsat bolsa,menem gaýdaýjak.Ýanyňda oturdym,göwün açdym...

–Şeýdip gelip dur,göwnüň açylar.Sargydym,juma günden başga günler merhumlary ýatlama.Gowy zadyň pikiriuni et,gowy zadyň...

Öýüne gelýärkä Altymyrat Serdarjygy ýatlady,özüniň şeýle oglunyň bolmagyny isledi,birdenem, Güller ýadyna düşdi.Oňa gojanyň gowy zatlary ýatla diýmesi sebäp bolaýdymyka?Belki,şeýledir.Gowy zady ýatlamaklygyň özi gowy ahyryn...

Güller...Güller.Näme üçindir bu at magnit ýaly özüne çekýär.Özüniň gowy görülýänligine ýa-da gowy görýänligine düşünmese-de,garaz,onuň ýanynda dili açylýar,söhbetleri alyşýar.Belki,bu ruhy ýakynlykdandyr?Ol birek-biregi ýakynlaşdyrýar,gelejege bolan ynamy,ýakymly bir begenji oýarýar,saýlanmak bagtynyň üstüňden düşenligine guwandyrýar.Ýogsam,beýle gözeliň ideginde,näçe juwanlar ysyrganyşyp ýörendirler,şolaryň içinde özüne ýok diýilmezligi welin,onuň umytly gapysynyň açylanlygynyň alamaty.Ol şeýle bolmaly,oňa ynanýar,has dogrusy, kalbynda möwç alyp,gozgalaň salýan pikirler haýsydyr bir gutarnykly görnüşe ymtylýar.Başga bir tarapdan obasyny taşlap,okuwa gaýdanda,onuň kalbynda dörän gorky ýaly gorky,häzirem käte beýnisini çokjalaýar. Güller elimden gider diýen gorky.Ol ýanynda ýok wagty bütin tebigat Garagumyň jowzaly çölüne meňzeýär,ýanynda wagty Erem bagyny ýadyňa salýar.Soňky duýgy,ahal ýaly gülzarlyk kalbynda agdyklyk edýänem bolsa,heniz oňa öwrenişip bilenok,gorkusy hem aýrylyp gidiberenok.Dogry,onuň gatnaşygy pursatsaýyn aýdyňlaşýar,kämilleşýär,belki,ol Gülleri,Güllerem ony çyn ýürekden söýer.Oňa wagt gerek.Gülleriň açyk,şahyrana kalby,nurana ýüzi perwaýsyz goýmaýanlygy welin,aýna ýaly aýdyň.

Altymyrat,kalbyny heýjana salýan Magtymguly,Mollanepes,Italmaz Akmyrat,Nobatguly Rejep,Atamyrat Atabaý,Gurbannazar Eziz,Muhammetöwez Arryk,obadaşy Allanazar Rejep ýaly şahyrlaryň käbir goşgularyny ýatdan biläýmese,özi şygyr ýazyp gören däl,şonda-da,Gülleri gördügiçe tagaşyksyz setirler serine gelýär.Ol çeper söz bilen ýazylan söýgi aňlatmalary.Çyn söýgüni şygyr bilen çalşyp bolmaýar,söýgüsiz şygyr hem döremeýär.

Ýaşlykda,her kimiň kalbynda peýda bolan ynanjy,kalbynyň çuň ýerinde gizlenip galýar,ýöne olaryň hasyl boljagyny ýa bolmajagyny ulalansoň bilýär.Altymyrat “Zöhre-Tahyr”,”Şasenem-Garyp”,”Leýli-Mejnun" ýaly dessanlary ürç edip okapdy,ejesinden erteki baryny diňläpdi,olardaky ýaly söýgi durmuşda bolýandyr hem öýtmeýärdi,emma Güllere duşup,ýalňyşanlygyna düşündi.Indi,onuň özi Tahyra döndi. Güller bir sözünde:”Seniň at-abraýyň,şan-şöhratyň,mümkinçiligiň, janköýerleriň artyklygy meni çekindirmänem duranok.Düýn bir gyz:”Bilýäňizmi,men ýolda kimi gördüm!?Ilki düýşümdir öýütdim,gözüme ynanmadym,ýanymdaky joralarym bu şol diýdiler.Eginlek,edenli, syratly oglan.Yzyndan seredip galdym,özem, hakyt tigir sürüp barýar ekeni, gyz!Men türkmeni dünýä tanadan şeýle gerçegi görenime,onuň döwründe ýaşaýanlygyma guwanýaryn”diýdi.Dogrudanam,Altymyrat bilen tanyşmak,ýakyn gatnaşyk açmak islegini syzdyrýan hatlar sanardan kändi.Olary Olegden başga bilýän ýok hasap edýärdi,emma ýalňyşan ekeni.Güller, ähli zatdan habarly bolsa nätjek! “Gatnaşygymyz,durmuş baradaky pelsepelerimiz birek-biregi tanamakda giň ýol açýanlygy üçin biz ýygy-ýygydan duşuşyp durmaly.SSSR-iň dargamak howpy dörän häzirki döwürde,gelejegiň garaňkylygyna garamazdan(Ýeri bu ýere SSSR nireden peýda boldy diýsene!?)biz ýakynlaşmaly,ýygy duşuşyp durmaly.Seniň çekinýän meseläň,hat ýazýan gyzlar babatda bolsa men bir gyzyň ýüzüne bakamok,gepleşip hem göremok.Bagtyma gabat gelen ilkinji maşgala-sen!Ynamyňa girmek üçin synaglaryňa taýyn.Dogry,aýdýanlarymyň ýürekdenligine gaty bir ynanýanam dälsiň,ýa-da,belki,ondan-mundan soraşdyryp,niýetimiň çyndygyna gözüňi ýetirjek bolýansyň!?.Men birini söýsem ölünçäm söýýändirin...”Begjan mollanyň aýdyşy ýaly”Men bir nika gyýsam,ýigit kosmasa gaçyp gitse-de,pozup bilmezleri” bolýar.

Ol bulary Gülleriň ýanynda aýdýandyryn öýdýärdi,emma öz-özi bilen gürleşip, diline getirýänligine düşünenokdy.Şeýle ýagdaýda,özüni çaga ýaly ýeňil duýýardy,ähly zatlar gülüp bakýardy,asmana bökesi,aýdym aýdasy gelýärdi,öz-özüne”Näme üçin bu gün şeýle şatlykly-şagalaňly?”diýýärdi,soňam sebäplerini Güller bilen edýän hyýaly duşuşyklaryndan tapýardy.Indi tebigat,oba,noburyň gyrasyndaky garry tutlar,haşal otlar,öň arassa,indi läbik suwly ýap oňa eziz görünýärdi,onsuzam tebigatyň aşygy bolansoň, indi olaram oňa Gülleriň ýüzi bilen seredýän ýalydy.Güller onuň üçin ýagtylyk.Ozallar Oleg kömekçisi,maslahatçysy bolupdy,indi onuň ornuny Güller eýeledi.Ýok,çagalyk dostlary Döwlet joňky,Aman jyk-jygy,Artyk öýkelegi,doganlaryny ýadyndan çykaranok,hersiniň öz orny bar.Ýöne,Oleg welin,ýakyn dost.Dost-dostuň aýnasy diýip ýönelige aýdylmaýar,telek iş etse Oleg seljerýär,Oleg telek iş etse ol seljerýär,ikisiniň arasynda birek-birege biparhlyk ýok.Güller onuň ornuny eýelände welin:”Dost,sen menden sowaşdyň”diýyp,ol gaty görjek bolýar.Ýok,ol sowaşmadan däl,başga zatdan.Adama ölümden,aýylganç aýraçylykdan galýan gorky soň, ýakynlaryň durmuşy baradaky galagoply alada öwrülýär ekeni.Şeýle ýagdaýda diňe söýgi şol galagoplukdan saplaýar.Has dogrusy,gözýetimde Gülleriň peýda bolmagy, kükrege ýygnanan şol galagopluklaryň azalmagyna,başga bir ýakymly duýga- söýgä öwrülmegine getirýär.Ol ene süýdi ýaly dyňzap-dyňzap dolýan zat.Ýöne,onuň peýda bolmagy üçin isleg,islegiň peýda bolmagyna itergi berýän Rahmanberdi aga ýaly maslahatçy hem gerek...Hasratlary söýgüden başga azaldýan zatlaram bar,olam dost-doganlar baradaky aladalar.Dek düýn Lebaply Ykram oňa jaň etdi we ýönekeý oba oglanyna beden-terbiýe institudyna girmekde eden kömegi üçin minnetdarlygyny bildirdi,”Haýyşyňy ýadymdan çykarman”diýipdiňiz,diýişiňiz ýaly hem etdiňiz.Garryja enem size salam aýdýar,”eden ýagşylygyny ölinçäm ýadymdan çykarman , sag bolsun!”diýýär.Kimem bolsa birine

şeýle kömek edip bilýänligi,peýdasynyň degýänligi baradaky duýgular hem,hasratyňy azaldyp, durmuşyňy şatlyga öwürip bilýär.Ýa-da ol aýal doganlaryny,gelnejelerini ýatlap aňryujy ýagdaýy bolanda olaryň halyndan habar alyp dursa,başardygyndan dil,pul kömegini berip bilse, şeýle bolýar.Şol sebäpli dek düýn ol Tirkiş kakasynyň gyzlaryna,Kakajan kakasynyň tünegini saklap oturan Ogulbibi gelnejesine,ýetim galan iki gyzyna,aýal doganlary Aýgözele,Gurbanbibä,Orazgüle sowgat paýlady...

Awgust aýynyň aýaklaryna,Tirkiş kakasynyň kyrkyny sowanyndan soň,Altymyrat Lipesk şäherinde geçirilýän SSSR-iň 65-nji çempionatynda çykyş etmäge çagyryldy.Dogrusy,oňa gitmäge hiç hili höwes hem,isleg hem ýokdy.Şonda-da,näme ýaryş- ýaryş bolýar,gitmeli boldy.Ol ýaryşyň netijesi barada biz öňde belläp geçipdik... Şu ýerde başga bir bellemeli zat bar.Lipesk şäherinde Altymyrat bilen Abramýanyň ýanyna Dawid Ryçard atly bir nemes sport ussady geldi.Salamlaşykdan soň ol: -Men SSSR de tälimçi bolup işleýärin.Altymyradyň aýratyn ukubyna göz ýetirdim-de,ony Berline çagyrmagy ýüregime düwdüm.Men ine,size ýörüte çakylygymy gowşurýaryn!-diýip,ol bir bukjany Abramýana gowşurdy.Abramýan bu çagyryşy höwes bilen kabul etdi we degişli guramalar rugsat berseler özleiniň höwes bilen Berline barjakdyklaryny ýaňzytdy.Hakykatdan hem olar bir hepde-den soň Berliniň sport klubyna gatnaşyjylar tarapyndan esaslandyrylan “Gaýrat” we agyr daş göterijiler bölümine ” bardylar.Altymyrat bu ýaryşda çykyş edip,dünýä rekordyny täzeledi, klup onuň kömegi bilen ýokary netijeler gazandy.Bular barada “Gaýrat” we agyr daş göterijileriň bölümi”özüniň aýlyk jurnalynda (1.1991)Altymyrat barada makala çap etdi.Ine,”Ajaýyp egindeş, maslahatçy:Altymyrat!”atly şol makalanyň mazmuny şeýleräk....”Meşhur sport ussady Dawid Riçard iň soňky gezek SSSR-de tälimçi bolanda bu ýerde (Lepesk şäheri) aýratyn ukuply,zerhinli,talantly pälwan ýigidiň barlygyna göz ýetirdi.Bu ýigit Boris Abramýan tarapyndan tälim alan Türkmen ýigidi Altymyrat Orazdurdyýew ekeni.Bulardan başga-da biz soňra bu ýigit barada köp zatlary eşitdik we anyk göz ýetirdik.

Siz hem,okyjylar bu ady ýatda saklaň!

Ol eýýäm 18 ýaşyndaka bir ýylyň dowamynda ýetginjekleriň arasynda geçiriljek Dünýä çempionatyna gatnaşmaga taýýarlandy,1989-1990-njy ýyllarda bolsa Dünýä çempionatyna hem Ýewropa çempionatyna gatnaşmaga taýýarlandy.

Häzir bu pälwan Berlindäki “Sport klubyna gatnaşyjylaryň”hatarynda durýar. Aşgabatly görmegeý sport talyby Altymyrat 1990-njy ýylda Budaperştyde geçiriljek ahyrky-jemleýji tapgyra (ýaryşa) taýýarlanmaga biziň toparymyzda kämilleşmek isleýändigini belledi,ýöne ol bu gatnaşyk barada az kem ikirjiňleýändigini duýdurdy.Muňa garamazdan bu çärä gatnaşmaga onuň taýýarlygy ýeterliklidi.

Onuň Biziň aramyzda bolmagy we biz bilen duşuşmagy baradaky meselede dürli esasly we esassyz garşylyklar emele geldi.Ýöne,köp sanly garşylyklardan, päsgelçiliklerden soňra,olary ýeňmek bize başartdy we 1990-njy ýylyň aprelinde onuň tälimçisi Abramýan bilen bilelikde Berlinde görüşmek we düşüşmak miýesser etdi. “Meniň üçin bu çempionat sezondaky ilkinji duşuşygym diýen ýaly boldy.Indi men nemes sport klubyna gatnaşyjy dostlarym bilen pikir alyşmak mümkünçiligini gazandym”diýip,pälwan gürrüň berýär.

Meşhir pälwan bu jemleýji tapgyrda(ýaryşda) özüniň ezberligi aýratyn ukuplylygy,ussatlygy bilen tapawutlanyp,iki görnüş boýunça ortaça 203,8 kg (165+200=365)agramy göterip,dünýä rekordyny täzeläp,sport täjine eýe boldy. Şeýlelikde,biz öz hemaýatçymyz bolan Berliniň sport klubyna gatnaşyjylaryň”Gaýrat we

agyr daş göterijiler bölümine”öz minnetdarlygymyzy bildirýäris,çünki indi Biziň aramyzda gerçek pälwan,üýtgeşik bir gujurly türkmen ýigidi”Alty” bar!...”

Ine, jurnalda şeýle setirler bar.Bulary okap türkmenligiňe guwanýarsyň.Geçirilen çempionata gatnaşyjylar bilen bir hatarda olaryň gazanan üstünliklerini wasp edýän suratlar,giňişleýin ýazgylar hem jurnalda ýerleşdirilipdir.(Siz olar bilen kitabyň soňunda tanyşyp bilersiňiz).Hut şu ýerde Dawid Riçard Altymyrada million dollarlyk özara şertnama baglaşmagy teklip etdi.Emma Altymyrat ondan ýüz öwürdi...

**---6—**

Dogrusyny dogry aýtmaly.Sakarçägeli Oleg Komlewiň ştanga götermekde gazanýan netijeleri Altymyradyňkydan pes däl,ýöne onuň ýeňişleri näme üçindir mydama günüň kölegeli tarapynda galýardy,çykyşlary metbugatda az berilýärdi.Umumanam,türkmen jurnalistleri,ýaşy ýetenligine garamazdan ýetginjekleriň hatarynda çykyş etdirilýän Oleg,Altymyrat ýaly sportçylar barada dymanlaryny kem görmeýän ýaly.Soýuz derejesinde olaryň üstünlikleri gazet-jurnallarda çap edilse-de,türkmen metbugatynda agzalmaýar.Ýogsam,Altymyrat barada-ha däl,Olegiň gazanýan üstünlikleri hem örän ýokary,ýöne ol mydama ýetginjekleriň hatarynda çykyş etdirilip gelinýär.

Ýugoslawiýanyň Saraýewo şäherinde,maý-iýun aýlarynda,ýetginjekleriň arasynda geçirilen dünýä çempionatynda ol 82,5 kg agramda çykyş edip,352,5 kg göterip,tanymal kuba ştangaçysy E.Laradan, we bolgarýaly M.Walçewden üstün çykyp, dünýä çempiony boldy.Şol ýaryşda 60 kg agramda çykyş eden ildeşimiz M.Şuwalow hem öz agramynda ikinji orna çykyp,kümüş medalyň eýesi boldy.Ýewropa boýunça ýetginjekleriň arasynda Maltada geçirilen 16-nji çempionatda bolsa 82,5 kg agramda çykyş eden O.Komlew ştangany götermegiň iki görnüşi boýunça 345 kg göterip,polşaly D.Sliwodan,italýaly G.Korbudan üstün çykyp,çempion boldy,Mihail Şuwalow hem şol ýaryşda 60 kg agramda çykyş edip,bolgarýaly D.Týanowdan,polşaly R.Ýanuşdan üstün çykyp çempion boldy.Daniýanyň Olberg şäherinde geçirilen Ýewropa çempionatynda bolsa O.Komlew çykyş etmedi,sebäbi,Altymyradyň 82,5 kg agramda çykyş edýänligi üçin ýaryşa gatnaşmady.

Ine,häzirem Lepeskiý şäherinde geçirilen ýaryşdan dolanyp gelen Altymyrat Oleg Komlewiň Saraýewoda,Maltada gazanan ajaýyp ýeňişlerini gutlamaga onuň öýüne barýar.Oleg şol ýeňişleriniň hatyrasyna kiçiräjik üýşmeleň edýärdi.Ol ýere sport türgenleri Orazberdi Orazdurdyýew,Garýagdy Aşyrow,etrap sport edarasynyň wekilleri Kakamyrat Nurmämmedow,Myrat Hojagulyýew dagy hem barypdyrlar.Bulardan başgada ýaryşlarda at gazanan köp sanly ştangaçylar ýygnanypdyr.

Umumanam,Sakarçäge agyr atletikada belli etrap.Bu ýerde ilkinji mekdebi açan,ýaşlaryň ýüreklerinde uly hyjuw döreden Altymyradyň agasy Tirkiş.Ol örän kyn ýagdaýa düşenligine,sport gurallarynyň,türgenleşme meýdançasynyň bolmanlygyna garamazdan ilki oba orta mekdebinde,soň etrap merkezinde ştanga toparyny döretdi hem-de welaýat,respublika çäklerinde özara ýaryşlaryň geçirilmegini gazandy.Ol türkmen agyr etletikasynyň kerwenbaşysy.Onuň tagallasy bilen respublika,dünýä möçberinde güýçli ştangaçylar köpelip başlady.Ol:”Ýaşlardan alym taýýarlamak we şol bir wagtda gowy sportçy etmek aňsat däl,emma ol mümkündir.”diýmek bilen “Mekdeplerde we ýokary bilim almak ýaly akyl zähmetini talap edýän işden soň, agyr daş göterdip,çagany akylly etjek bolmaklyk dogry däldir”diýýänler bilen razylaşmaýar,okuw bilen ştanga bir-birine päsgel däl,diňe hemaýat berýär diýýär .Onuň aýdanlarynyň nertijeleri aýdyň

görünýär.Daşary ýurt gazet-jurnallary Altymyradyň,Olegiň okuwda,sportda gazanýan ajaýyp üstünlikleri barada köp ýazýarlar.”Altymyrat institutda gowy okaýanlygy bilen bir hatarda ştangany agramy ýok ýaly galdyrýar,täsin usulynda,ýyldyrym çaltlygyndaky herekedinde aýratyn,adatdan daşary güýç bar.Onuň ýaryşa gatnaşyp,baýrakly orunlary gazanmadyk gezegi ýok,alan medallarynyň sany onlarça.Agyr ştanga onuň ýanynda woleýbol topunyň agramyça ýok”diýip,bir gazet ýazsa,Olegiň Saraýewadaky ýeňişini taryplap başga bir gazet şeýle ýazýar.

“Oleg ýygnanan sportçylara minnetdarlygyny bildirmek bilen,biziň beren sowalymyza şeýle jogap berdi..

–Gadymy grekler agyr atletikany esaslandyryjylardyr.Olar güýçli, syratly, kynçylyklardan aňsatlyk bilen baş alyp çykypdyrlar

Watan goragçylary bolan biz,ýaşlar hut şeýle hem bolmalydyrys.Rahmanberdi aganyň aýdyşy ýaly,”14 ýaşa ýeten her bir ýetginjek alty putluk daşy(96 kg)guşaklygyna çenli göterip bilse,silkme telpek geýmäge rugsat beripdirler”,ýa-da Görogly dessanynda aýdylyşy ýaly,”agyr daşlar eliňi,kükregiňi berkidýär,öz-özüňden hoşallyk duýduňy oýarýar”.Men bir putluk daşda türgenleşip başlapdym.Oňa kakam sebäp boldy.

Bir gün urlup öýe geldim welin,ol özüniň gündelik göterýän daşyny öňüme oklady-da:”Burnuň sümügini akdyryp ýörme-de,şuny göter,soň seni uran bolmaz”diýdi.Men şeýdip güýmenip başladym we bäş aýyň içinde saglygymy dikeltdim,soň meni uran bolmady.Häzirki ýaşlaryň çigit çigitläp,çilim çekip,bolgusyz güýmenjeler bilen köçe çatryklarynda wagtyny geçirişleri meni gaty gynandyrýar.Kimde-kim ştanga höwes etse-onuň üçin meniň we Altymyradyň gapysy açykdyr.Biz olara elimizden gelen kömegi ederis.Meniň Saraýewoda gazanan ýeňişim,ýöne bir ýeňiş,munda agyz dolduryp aýdar ýaly zat ýok,şonda-da ol barada durup geçeýin.Ol ýaryş şäheriň merkezi sport meýdançasynda,ir sagat onda başlandy.Iki sagatdan soň meniň agramymda çykyş edýän topara gezek ýetdi,oňa çenli beýleki toparlara tomaşa etmeli boldum.Men beýle garaşmany halamasamam,(garaşsaň tolgunýarsyň,güýjüňi bir nokada jemläp bolanok)nädeýin,sabyr etmeli boldum,şonda-da ýeňiş gazandym.Meniň bu üstünligimde Altymyradyň hem goşandy bar.Ol hiç mahal öz üstünlikleriniň syrlaryny dostlaryndan gizlemedi.Bir seretseň beýle edilmejek ýaly,sebäbi garşydaşyň öwreden syrlaryň bilen senden üstün çykmagy ahmal,emma Alty başgaça hereket edip bilenok,ýagny onuň öz sözi bilen aýtsam:”türgenleşik döwründe tehnikada we usulda ýalňyşýan ýoldaşlaryma seredip,arkaýyn oturyp bilemok,hökman bilýänlerimi öwredäýmeli”diýýär.Ol maňada köp zat öwretdi.Mysal üçin men türgenleşik döwründe,ştangany galdyran badyma ýere taşlaýaryn,emma Alty:”Zordan galdyran daşyňy şobada ýere taşlajak bolsaň,onda ony asla göterme,galdyrdyňmy,iki-üç minutlap sakla,şonda bedeniň ähli agzalary güýjüň uzak synagyna duçar bolýar we her bir damar öýjüklerine amatly räsirini ýetirýär”diýdi welin,men onuň aýdanlarynyň dogrydygyna Saraýewo ýaryşynda gözümi ýetirdim....”diýýär”diýip,gazet onuň ýeňişiniň nertijeleri barada giňişleýin durup geçipdir.

Olegiň öýüne ýygnananlararam onuň Saraýewoda gazanan ýeňişini gutlap çykyş etdiler we gyzgyn gutladylar.

–Bu ýeňişlerimiň gözbaşynda Alty dur,men oňa örän minnetdar-diýip,Oleg çykyş edenleriň soraglaryna jogap berdi.

–Ol ýeňiş seniň şahsy üstünligiň,meniň munda goşandym ýok,dost jan!-diýip,Altymyrat Olegiň sözüni böldi.

–Berekella,Oleg!Seniň ýeňişiň türkmeniň, etrabymyzyň abraýyny has belende göterdi.Beýle ýeňişleriň höwri köp bolsun!-diýip,Myrat Hojageldiýew guwançly seslendi.

Çaý-çörekden soň,märeke birneme saplanan çagy Oleg Altymyrady bir çete çekdi.

–Dost,habaryň barmy, etrabymyzyň obalarynyň birine pagta ýygmaga talyplar gelipdirler,Güllerem olaryň arasyndamyş.

-Düşünmedim,Güller ol ýerde näme işleýär,dost jan?

-Habaryň ýokmy?Güller marydaky saglygy saklaýyş uçilişesine okuwa girdi,indem talyplar bilen pagta ýygyma gelipdir.

–Onda ony göreli,dost jan,ilki,Mälik agadan gül alaly!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

Olegiň öýüne ýygnanan myhmanlar gaýdansoň,dostlar işlerini boldum edip, Mälik aganyň ýanyna bardylar.Ol öňküsi ýaly gülleriň arasyny agdaryp ýördi.Altymyrat eline pil aldy,Mälik aga gül ýygdy,Oleg oňa kömekleşdi.Ýer agdarýan Altymyradyň burnuna çagalykdan galan ýakymly,tükeniksiz mähirli bir ys urdy.Onuň nämeligi bada-bat ýadyna düşmedi.Birdenem,bu ysyň, ýaşlykda üzümleriň pyşta aralaryny agdaranda ene ýerden çykýanlygyny ýatlady.On ýyldan gowrak wagtyň geçenligine garamazdan bu ýakymly ys ony diýseň tolgundyrdy.”Ştanga gyzyklanmadyk bolanymda men kakam ýaly daýhan bolardym,sebäbi ene ýeriň ysyndan ganan her bir adam soň ondan daşlaşyp bilmez”diýip,ol içini gepletdi.Şol barmana-da Güller üçin ýygylan gülleriň taýýarja bukjasyny onuň eline berdiler.Ine,onsoň,iki dost,tigirli, niredesiň “Birleşik”obasynyň pagta meýdany diýip ugradylar.

–Dost,şol ilkinji duşuşygyňdan bäri Güller bilen gatnaşygy giňeltdiňmi,birek-birege öwrenişmek derejesine ýetdiňmi?-diýip,Oleg sorady.

-Aý,howa dost jan,uly ösüşler bolmasa-da,garaz,kalbymdaky galagoply pikirler aradan aýryldy,onuň ýerini gyzyň keşbi doldurdy.

–Bä,şeý diýsene!Dost,berk belle,birek-berek bilen öwrenişmek,ysnyşmak gelejekki durmuş üçin zerurlyk bolup durýar.Sen maňa umumy sözler bilen däl,giňiräjik jogap ber,ýöne bilip goý,söýgi boýun bolma häsiýetiňi ösdürýändir.

–Şol-a dogry dost jan,men indi öňki özdiýenli,garaşsyz döwrümden şol boýun bolma ýagdaýa dolanmaly boldum.Indi daşardan aýdyljak gürrüňler ol ikimiziň gatnaşygymyza täsirini ýetirip bilmese gerek.Biziň söýgümiz tebigatyň ýasama bolmaýşy ýaly,ýasamalykdan daşda.

–Aňy ýok diýäýmeseň tebigatda ähli zat ýerli-ýerinde,adam bolsa döşüne kakyp men-menlik satýar,tebigylykdan daşlaşýar.

–Güller hem bu pikir bilen razylaşýar.Ol maňa “sen şahyr bolmaly ekeniň,kalbyň durmuşyň taraplaryny mahabatlandyrmaga ýykgyn edýär,onda gara tegmil ýok”diýýär.

–Ol seniň kerweniňe goşuldy,indi,çarkandakly zehmet ýoly bilen öňe gidyp,diňe özüň däl,onuň aladasy bilen ýatyp turmaly bolarsyň.

–Maňa ol dünýädäki ýeke-täk,başga bolup bilmejek maşgala hökmünde görünýär,dost jan.

–Saňa şeýle görünýändir,ýöne bilip goý,dünýäde ajaýyp gyzlar başga-da bardyr... Meselem ...meniň söýgülim...

–Bolsa bolýandyr,ýöne men-ä gowulyklaryň baryny diňe öz söýgülimde göresim gelýär...

–Bular ilkinji tejribesiz söýgüniň netijeleri-diýip,Oleg eňek berenok.

–Ynsanda ýeke-täk beýik söýgi bolmalydyr,ol adamyň kalbynyň iýmiti,gana howanyň gerekligi ýaly bir zat..Ýöne,ilkinji söýgüsini taşlap,başga gyzy saýlan käbir

uşajyk adamlaryň gysga möhletli söýgüleri bar bolsa-da,olaram söýüp ýaşamagyň lezzetini inkär etmezler.Çyn söýgüniň synagyndan geçseň şonda hakyky adam bolýarsyň,bütinadamzat söýgüsine goşulýarsyň.Söýgi kalbyň araçäklerini tebigatyň gözelliklerine baglaýan tükeniksiz,kenarsyz umman,oňa kynçylyklar, garşylyklar ,bu günüň,ertiriň aladalary,hat-da ölümem täsir edenok,dost jan.Men...

–Ölümli gürrüňi bir goýsana,how!-diýip,Oleg onuň sözüni böldi-Ýurt çaýkanyp,ýykyljak-ýykyljagyň üstünde,aladamyzyň ýetik wagty ölümi bir agzama,onsuzam...Hon-ha,pagtaçylygyň içinde gyzlar görünýär.Biz oňa zeýkeşiň gyrasyndaky tut agaçlarynyň arasy bilen,görünmän baraly.Wah,şu wagt gyzlara azar berýänleriň biri duşaýsady!?Sen bilýäň-ä,meniň üçegi depip ýere düşüşimi? Bir jyzzygy asmana aýlap zyňardym...

–Ol seniň nämäňe gerek,dost jan?-diýip,Altymyrat gözüni tegeledi.

–Gyzlaryň öňünde gahrymançylyk görkezesim gelýär!Gül ýalak gahrymançylyk...

–Öz içiňi özüň ýakyp gargynsaňam,şol-a ýok,oňa derek pagta bar,dost jan,pagta.

–Ýok,elimi çaňňalaga ýyrtdyryp,ejemden käýinç alasym gelenok...

Olar bir çetde ýeke özi pagta ýygyp ýören Gülleriň ýanyna golaýlaşdylar.Güýzüň ortaky aýy,howa çigrejikdi.Pagta ýygmaga ökde obaly talyp gyzlar öňe saýlanan hem bolsalar,Güller iliň yzynda öz hatarynyň pagtasyny saplap barýardy,özem käte bilini ýazyp,töweregine garanjaklaýardy-da ,üşän elini demi bilen ýyladyp,ýygymyny dowam edýärdi.Ol :”A gyz,arma!”diýen sesi eşidip,yzyna gaňrylyp seretse,Altymyrat topbak gül bukjasy bilen ýylgyryp dur.”Eliň üşän bolsa ýyladaýyn!”-diýip.

–Özüm bir zat ederin,sag bol!-diýip,Güller mylaýym jogap gaýtardy we özüne uzadylan güli aldy-da-Waý,eneýy-da,gyz!Oleg,salam.Sen nä beýlede dursuň?-diýdi.

–Güller,bir zat sorasam gaty görmezmiň?-diýip,Altymyrat sorady.

-Soraý,oglan!

-Geliň,üç bolup bileje surata düşeliň,daş edip!

-Toba,goýaweri oglan,bir şol ýetenokdy-diýip,ol gaýra-gaýra çekildi.

–Näme beýle aljyraýaň,Güller jan?

-Hudaý saklasyn,daş edewersin,aýp bolar-a,oglan!Meni duluňa duwlaýançaň,diliňe berk bol!

-Döwür üýtgedi,häzir...

-Waý,enaýy-da,gyz,döwür üýtgese-de,türkmen däbi üýtgemez-diýip,Güller onuň sözüni böldi-Ýüz berilmese ýüzün düşüberme,aýal –uýal adamdyr.

–Onda agşam duşuşaýaly?

-Toba,estagfirulla,bir kemim şody-da!-diýse-de,Güllere hem bu gep ýakman durmady.Her halda ol syryny saklajak bolýardy,ýöne ony ýadyndan çykaryp biljek däldi.Onuň jemalyna dünýäni aňk eden,ady belli gerçek aşyk bolupdyr ahyryn.Ol nirede gezip ýör,gulagy nämeleri eşidýär,eşidýäni hakykatmy?Ol şeýle pälwan bilen ýüzbe-ýüz gepleşýänligi üçin özüni bagtly duýmalydy.Duýýardy,ýöne syr berenokdy,şol sebäplem

-Akylly adam öz ugruna samrap durmaz,oglan!-diýdi.

-Eliňi demiň bilen ýylatjak bolşuňy gördüm-de,nebsim agyrdy.

–Nebsiň agyrsa pagta ýygyş!Çaňňalaklar elimi pers-ala etdi.

–Asyl men şoňa ökde-dä!-diýse-de,Altymyradyň pagta ýygmaga duran ýeridi.Muny açylan gozalara el urşundan aňan Güller durup bilmedi.

–Saňa manyly-manyly gep ur,birine meçew ber diýseň...

–Beýle häsiýet Olegde bar!Gel-eý,dost jan,senem çugutdyryp oturmada, kömek et!-diýip,Altymyrat beýleräkde oturan dostuna gygyrdy-Meňem miltim ýeterlikdir,minnete galmajak bolaryn.

Onýança Oleg edep bilen başyny atdy-da,elindäki bir gysym pagtany Gülleriň biline guşanan haltasyna atdy.

–Güller jan,bir dem dursana,mylakatly ýüzüňi bir synlaýyn-la!?-diýip,Altymyrat ýene pagta ýygyp başlan gyza ýüzlendi.

–Mysapyrsyran bolmasana,oglan!Men gündelik kyrk kilony ýygaýmaly,seniň bilen gürleşip dursam ony edip bilmen.Gowusy sen sora,men pagta ýygyp ýörkäm jogap bereýin.Zähmet çekmekligiň hem öz lezzetiniň barlygyna şu ýerde düşünip ugradym.Bize pagta ýygdyryp,dogry edýär ekenler.

-Menem şoňa dogry diýýän,sebäbi seň bile duşmaga taýynja sebäp tapyldy.Okuwlaryň nähili?Olegden eşidip,begendim.Durmuşda bir hünär-ä gerek.

–Aý,saglygy saklaýyş ugrundan okaýan...

–Dogry edipsiň.Seni hut şu hünärde göresim gelýärdi,näsaglaryň arasynda,ak ýektaýly,ak ýüzli,Gün ýaly ýaldyrap...Atamyz Oguz han 3,5 müň ýyl mundam öň aýa sejde edýän enelik Hudaýdan Güne sejde edýän atalyk Hudaýa geçmegi hököm edipdir.Edil şol döwürlerde müsür faraony Amon hem(aman- arapça abadançylygyň gullukçysy diýmegi aňladýar,onuň Oguz han bolmagy hem ahmal) halkyny bir hudaýa Güne sejde etmegi hököm edipdir.Gün ýerdäki janly-jandara ýagtylyk paýlap,ýaşaýşyň dowam etmegini gazanýan ýeke-täk çeşme.

–Waý,enaýy-da,gyz,meni Güne deňeýär!Toba,beýtme oglan,birden Gün ýakaýmasyn?

-Ýakmaz,Güller jan,men kölege bolaryn,gerek bolsa arşy aşagymyza alarys.Allanazar Rejep diýen bir agamyň şeýleräk setirleri bar:

Alysdaky gara bulut syrylyp,aý-ýyldyzly gije geçer düşege,
Gujagynda daň saz berýän säheriň,al reňki çaýyp çykar üçege.
Aşyk dünýä geler düýnki görküne,küýsegli nazarny ýaryna salar,
Söýgüniň ýanynda müşgül zat barmy,Arşdan Asman düşer,Ýer ýerden galar....

Gör,nähili ajaýyp setirler!

## Polşa ýaryşy.

--1--

Hoşamaý Maý aýynyň bir güni,Beden-terbiýe institudynyň üçünji ýylyny tamamlan Altymyrat dem-dynç almaga öýlerine gaýtdy.Dogrusy,talyplyk döwri ştanga bilen türgenleşmäge wagt azlyk edýärdi,galyberse-de,talyp naharhanasynda iýýän iýmitiň derejesi göwün diýerlik däldi.Şol sebäpli hem öýünde gowy iýmitlenip,mekdebiň sport meýdançasynda hem türgenleşik geçmäge mümkinçilik döreýärdi.Onsoňam,ol obasyny küýsäp durýardy,nirede bolanda-da ýatlaýardy.Başga bir tarapdan,ejesiniň ýoklygy üçin onuň öz eli-öz ýakasydy.Gyz doganlary durmuşa çykan ýerleriniň aladalary bilen gumradylar,erkek doganlary bolsa öýli-işikli,hersiniň öz maşgalasy,öz öýüniň keşgi bilendi.Şonda-da ol,başga öýüň gowurmasyndan öz öýünde nany suw bilen iýenini gowy görýärdi.Hawa,öý öý bolýardy.Türkmen ýönelige “Garypja çatmam,syrtymy açyp ýatmam”diýmändir.Dogry,bu öýde,ejesiniň bar wagtyndaky ýaly ýatakda göleli sygyr,agylda goýun,duşakda eşek,mellekde bag bakja ýokdy,ejesi gitdi,mallar ýok boldy,bag-bakjalar hazan uran ýaly gurady.Şora beýlekä mert diýjeksiň,iki düýp nar

agajy,bir düýp igde hem gurady.Eýeleri bakyýete gidenligi üçin guraýan baglara,ölýän mallara neneň onsoň aňsyz,dilsiz-agyzsya diýjek! Ol indi bu öýe eýe çykmalydy,eýe çykjak bolsaňam öýlenmelidi...

Dogrusyny dogry diýmeli,oba gaýtmanda-da,talyplaryň arasynda hem Altymyradyň güýmenjesi pes däldi.Onda talyp dostlary Oleg Komlew,Mihail Şuwalow,Ykram Mätkerimow ýaly özi bilen pikirdeş,ştanganyň keşigini bile çekýän oglanlar bardy.Altymyrada olaryň ýol görkeziji diýseňem boljakdy.Eger ol birden:"Geliň,pylan ýere gezelenje gideliň"diýdigi,olar seslerini çykarman onuň yzyna düşýärdiler,ýogsam,käbiriniň zerur işi,täsirli duşuşygy hem bardy.Olar edil jadylanan ýaly "Alty-da,Alty"diýişip,nirä gitse gürrüňsiz onuň yzyna düşýärdiler.Bu bolsa käbir dili duzly oglanlaryň:"Siz gözli kör ýaly,ähli işiňizi taşlap,nirä gitse onuň yzyna düşüp,erkiňizi eliňizden aldyrýarsyňyz"diýmeklerine sebäp bolýardy.

Ýöne,hakykatdanam,olar, özleriniň tebigy isleglerini bir ýana goýup,Altymyradyň yzyna düşüp ýörmeklerini düşündirip bilmeýärdiler.Bir zat welin aýdyňdy,olam Altymyradyň demir ýaly häsiýeti,agzyndan gep çykdygy yzynda durýanlygy,sadalygy,adyllygy,başa iş düşse ilkinji nobatda taýynlygy özüne çekýärdi.Oglanlaryň arasynda Ykram hasam Altymyradyň"Her bir işe başlamazyňdan ozal oýlan,pikir et,şony ahyryna çenli alyp çykjagyňa ynamyň bolsa,başla,bolmasa golaýyna barma.Ýogsam,men özüme jaý saljak diýip,käbirimiziň edişimiz ýaly, uly jaýyň düýbüni tutup,soňam jaýyň boýy ýetende,yzyny başarman haraba edip taşlaýşymyz ýaly,iliň diline düşüp,masgara bolanyň galar"diýenine eýerýärdi.Ol "Daş götermekde Alty hut şu aýdýanlaryndan ugr alýar,üstünlik hem gazanýar,menem ony durmuş ýörelge hökmünde ulanýaryn"diýýär.Oňa bolsa düýpli sebäp bardy...

Lebaply Ykram Mätkerimow sadadan garyp, bir oba oglany,hiç kimi tananok,hiç kimiň gözünede ilenokdy.Ýöne,ştangada irginsiz türgenleşik geçýän ýaş ýigitdi.Bagty çüwüp,şol ýerde Altymyrat bilen tanyşýar.Ykram şonda:"Men bir oba oglany,serişdäm ýok,idegim ýok,Aşgabady taşlap,Amerika gitmesem boljak däl"diýip,oňa içini dökdi.Mätäçleriň howandary hökmünde görülýän Altymyradyň ýanyna gelip,her kim özüniň agyrýan ýerini aýdyp,kömek soraýardy,olam janyny gaýgyrman kömek edýärdi.Ykram hem onuň kömegi deger diýip,bu zeýrenjini diline getirmändi,ýöne aýdaýypdy."Eý,Ykram dost jan,beýle sözi diliňe getirme!Göwnüňi giň tut!Sen instituda okuwa girersiň,okarsyň.Gowy oka-da diplom al,halal,minnetsiz çörek iýjek bolsaň gerek bolar!Okuwymy gutarsam men ministr bolaryn,senem çagalaryň türgeni bolarsyň.Nähili görýärsiň?"diýip,Altymyrat onuň ýüzüne mylaýym ýylgyryp bakdy welin,Ykramyň egninden dag aýrylan ýaly boldy.Iň bir täsin,geň ýerem,sentýabr aýynyň başynda okuwa girenligi üçin ony gutlaýanlaryň sany köpeldi,olara ynanman instituda barsa,ady bar!Ýeri onsoň ol Altymyrada näme diýsin,Hydyr Ata diýsinmi,pir diýsinmi,howandar diýsinmi?Şeýle kömek bereni neneň ýadyňdan çykarjak,neneň sylag-hormat etmejek!(Ýeri gelende bellemeli zat,Ykram institudy gutaryp,Altymyradyň aýdyşy ýaly türkmenistanyň ştangaçylar toparynyň baş tälimçisi bolupdy,ýöne ony halypasy görüp bilmändi)...

Ine,bir günem ýaňky oglanlar Ýanbaş çeşmesiniň boýuna dynç almaga çykdylar.Bu ýerde kimdir biri mal soýup,sadaka berýär ekeni.Iýilen we getirilip taşlanan zatlaryň galyndylary çeşmäniň boýunda dagap ýatyrdy,soýlan goýunlaryň içki goşlary suwuň içinde."Geliň,oglanlar,sadakamyzdan dadyp,töwürimize goşulyň!"diýip,olar gara - gadyr.Dogry,ol şeýle bolmaly hem,adam öz eden günälerini ýuwjak bolup,Hudaýyň adyna sadaka berýär,ol şeýle bolup geldi,şeýle bolmaly hem...

Birdenem umman ýaly giň,kiçigöwün Altymyrat,sadaka çagyrylany üçin bermeli sag bolsun-na derek:”Oglanlar,arassa çeşmäniň boýuny doňuz ýataga dönderipsiňiz.Häziriň özünde ýaýradan hapalaryňyzy ýygnaňda,yzyna alyp gidiň,şeýle etjek bolsaňyz gaýdybam şu ýerde görünmäň!”diýdi welin,sadaka gelenler şobada, ýaýradan hapa-supalaryny ýygnamak bilen boldylar,emma özüne göwni ýetýänleriň bir näçesi,gollaryny çermäp,ýerlerinden turdylar-da:”Ýa-ha sen beýle söz diýmäge hakyň barlygyny güýjüň bilen görkezersiň,ýa-da biz seniň el-aýagyňy güýlüp taşlarys”diýdiler.Altymyrat,olaryň arkalaryny ýaplap oturan,agramy iki ýüz kilo ýakyn togalak,gara daşyň ýanyna geldi-de,sen-men ýok ony depesine galdyrdy,soňam:”Indi geplemäge hakym barmy?”diýip,daşy öňki ýerine taşlady.”Düşnükli,Alty, asyl, bu senmi?Beýle söz diýmäge seniň hakyň bar, bilmändiris,bizi bagyşla!”diýip,olar görkezilen kemçilikleri düzetmek bilen boldular,hat-da,mallaryň içinden çykarylan hapalaryna çenli gazap-gazap çeşmäni arassaladylar.Sagaka berýän,döşi gapak ýaly,daýowdan ýaş ýigit,Altymyradyň bu herekedinden göwni hoş bolan halda:”Maňa güýjüňi görkezdiň,indi onuň syrlaryny hem öwret!Daşyň ýanyna baranyňda haýsy dogany okaýaň?”diýip sorady.Altymyrat onuň bilim derejesiniň ýöntemligine gynanyp,başyny ýaýkady-da:”Munda syr ýok,irginsiz türgenleşigiň netijesi bar,ýöne,Hudaýy kömege çagyrmany hem ýadymdan çykaramok”diýip,jogap berdi.Şu jogapdan soň sadaka berýän baý telekeçi Altymyradyň iň ýakyn janköýerleriniň birine öwrülip gitdi...

Beýle ýatlamalar diňe bir Ykramda däl,ussat bilen bile bolan her bir talypda hem bardy.Hut şeýle wakalaryň onda-munda gaýtalanýanlygy üçin hem olar Altymyradyň ýanynda bolaslary gelýärdiler.Emma Altymyrat obany saýlap alypdy...

Ol oba gelşine,ilki bilen Tyrry kakasynyň ýagdaýyny bileýin diýip,onuň öýüne bardy.Eýwanda oturan Berdi kakasy gözüni ýaşardyp sogan dograýardy,gelnejesi hamyr ýuwurýardy,çagajyklar eşek-eşek oýnaýardy.Salam-helikden soň,oturmaga ýer görkezen Berdi gürrüňini dowam etdi.

–Durmuşyň gowulyklaryny görüp bilýän adam üçin Günüň doguşam,ýaşyşam üýtgeşik bolar ekeni.Şol bir gaýtalanýan zatlar,şol bir şowhun,şol bir gürrüň ýaly,ýöne,indi ol birneme üýtgedi...Ýokardakylaryň kellelerine bir täsin pikir gelipdir,täze bir gowy zäkun çykypdyr diýýäler,ondan habaryň barmydyr,Hallygözel?

-Hudaý saklasyn,zäkunam bilmeris,beýlekinem.Şol öňki ýykma-ýykylma günümiz,biziň-ä!-diýip,aýaly jogap berdi.

-Men ol...Täze zäkun barada...Obada, daýhanlara,traktor sürenlere pensiýa bellemek barada...

–Heleýleň arasynda şeýle gürrüň bar,ýöne, ony daşyma çykarmakdanam gorkýan,men-ä,birden ýalan bolaýmasyn diýýän-diýip,Hallygözel,çekinýän ýaly,töweregine ýaltaklap jogap berdi-Hawa,şeýle gürrüň bar.Eger ol dogry bolsa, gaýyn atamy garrylar öýüne bermesegem bor.

–Tyrry kakamy o ýere ugratdyňyzmy näme?-diýip,Altymyrat garanjaklady.

–Hudaýa şükür,ol öýde,indi aýak üstüne galyp ugrady,içe-daşa girip çykýar,iýmitimi, hyzmatymy gaýgyramzok.Lukman hekimiň aýdyşy ýaly,günde bir bulgur geçi süýdüne hozuň owradylan maňzyny goşup berýäs weli,dikgirdäberýär.Nepes dugtaram dynman içini ýuwýar.Häzirem ony alyp gitdi,gan basyşyny ölçejek diýip...Ol ýanyňda bolsa içiň gysjak gumany ýok,gürrüňçil.Aýal almak baradaky “aýdymlaryna-da” täzeden başlady...

Altymyrat gelnejesiniň aýdýanlaryny gulagynyň eşidýanine ynanmady,öň garrylar öýüne taşlanmakçy bolunan garry indi:”Hudaýa şükür,sagalýarmyş”.Täze çykan kanunyň netijesinde,pensiýa almaly bolýanlygy üçin ol indi garrylar öýüne zyňyljak dälmiş.Dogry,Tyrry aga gyşy-ýazy traktor bilen ýer sürerdi,tekizläp sana goşardy,çil-ýap çekerdi,garaz,der döküp, işlän döwründe ýekeje gün işden galmandy .Pensiýa çykan hem bolsa,on ýyldan bäri daýhana pensiýa degişli däl bahanasy bilen,ol hiç zat almaýardy.Täzelikde çykan kanun esasynda bolsa, onuň almaly puly hiç kimiňkiden az bolmaly däldi,Akmyrat bugoltyr-a:”Tyrry aganyň pensiýasy kolhoz başlyklarynyň aýlygyndan pes bolmaz”diýýämiş.Diýmek,gelnejesi bu täzeligi eşidip,öňki pikirini üýtgeden bolmaly.Pul ýaly gowy zat ýok-da.gör,onuň ediberişini!

-Gelneje jan,pensýa beriljek diýip,Tyrry kakamy aýak üstüne galdyrjak bolup,Lukman hekimiň kitaplaryny hem waraklapsyňyz weli,ol pensiýa alman birden öläýse nätjek!?-diýip,Altymyrat içýakgyç sorag berdi.

– Alman öläýmeli bomy,oglan?!Wagty gelmese Ezraýyl janyny almaz.Ol bize şu ýerde gerek,ahyryn !

-Diýmek,täze kanun Tyrry kakamy halas edipdir-dä!Onuň çaltrak ölerini dilediňiz,garrylar öýüne taşlajak bolduňyz,indi bolsa ol gerekmişin!Diýmek,kanunyň geň-enaýy,täsirli taraplaryda bar ekeni.

–Ýüwürjim,dogry aýdýarsyň,kanunyň gowy ýerleri hem bar,kemlik edýän ýeride.Çül çagaly bolamsam kolhoz işine gatnap bilmedim,ýöne,çölde,goýunlardan owlak-guzy alynýan döwri her ýyl Berdi kakaňa kömekleşdim.Biz sada bolupdyrys,eden ýşimiziň hasaba alynmalydygyny bilmändiris,şoň üçinem biz ýaly gelinlere zat ýok.-Ol adamsyna tarap gözüni aýlady-da,eli hamyrly Altymyradyň ýanyna dykylyp geldi:-Ýüwürjim,senden haýyş,Tyrry kakaň ýanynda şu zäkun barada dil ýaraýmagyn!.

–Gaýta,eşdip begense gowy dälmi,gelneje jan?

-Ýok bilmesin,biläýse,ýakmaz söz gulagyna ildigi ”Pulum bar,gepiňizi çekmerin” diýerde,döşüne kakyp başlar.

–Gelneje jan,lomaýja pensiýasyny alaňsoň,diýenini etmeli bolarsyňyz-da!Bir döwürde öýlendirjek diýip ugruny tapýardyň,bir döwürde ol saňa ýük boldy,indem gadyry artdy.Garryny sylamak borjumyz dälmi?!

–Wah,işe ýaraýan döwri gowudy-la,soň keselläp azar bolaýdy.Tyrry kakaňy tanaýaň-a!Käte aýdanyma düşünýärem,käte bolsa ketjelik edip dur.Ölümiň bäri ýanyndan gaýdyp,zordan aýak üstüne galdy.Pensiýa bellenenligini biläýse dagy,onsoň görersiň oýnuny.Şeýle hötjetlik edende ony ýola salar ýaly zäkun çykarlanokmy?

-Bilmedim men-ä-diýip,Altymyrat ýylgyrdy.

-Zäkün çykarýanlar akylly, adamlar erbet,adamlar.Ynsap gidipdir!Biziň bilýän zadymyz ýok.Goýun gyrkjak bolanymyzda agyla gabaýarys,näme üçin gabalýanlaryny bilmän,olar iki-ýana urunýarlar,soýjak bolanymyzda bolsa kyrkyljakdyryn diýip arkaýynlaşýarlar.Bizem şolar ýaly,hiç zat bilemzok.Sen bir käte gelip düşündirip dur,ýüwürjim!

–Bilemok diýseňizem,özüňize peýdaly kanun-a saýgarýarsyňyz?

-Çül çagany eklejek bolsaň baý,bilersiň-ä!Azajyk pul toplasam,menem kärendesine ýer aljak...-diýip,gelnejesi eliniň hamyryny ýuwmaga durdy.

–Eý,keýwany,gep-gürrüň diýip,hamyry başyňdan aýlaýdyň-la,indi ony ýuwurjagam dälmi?-diýip,Berdi sogan gabyklaryny towuklarynyň öňüne dökmäge gitdi.

–Wah,ýadym gursun-diýip,ol hamyryny ýumruklap başlady.

–Gelneje,ýer,suw,howa adamlara berilen peşgeşi!Olar satylmaýar.

–Şamyrat ýalylaryň bir egninde perişde,beýleki egninde jyn oturýar.Iki egni perişdeli adam öňe düşse ýer satylmazam weli...Haçanam bolsa şol döwür gelse,bizem ýeriň eýesi bolsak!Ene ýer öz hakyky eýesine garaşýar ahyryn...

–Gelneje,şol döwür hem geler,garaşyber.Onda men-ä gitjek.Tyrry kakama salamymy ýetir!-diýip,Altymyrat gaýtmakçy boldy

–Ýüwürjim,bu zatlara gowy düşünýänsiň!Biz ýalaky çül çagalylary gözden salmasalar diýjek bolýan.Adyllyk bardyr-a!.Ömür oba keşgini,öý keşgini galdyrjak bolup gezdim,yrsgym artsyn diýip,baş wagt namazymy sypdyrmadym,emma...Sen bular barada ýokaryk arzymy ýetir,aglamadyk oglana emjek berilýän däldir!-diýip,ony ugratdy.

-Bolar- diýip başyny atan Altymyrat göni Rahmanberdi aganyň öýüne gaýtdy..

Ýolda oňa Bäşim gabat geldi.Onuň ýüzi salykdy,keýpi ýokdy,inisiniň beren salamyny hem göwünli-göwünsiz aldy-da:”Men gyssanýan,soň habarlaşarys!”diýip,öz ugruna gidiberdi.Umumanam,Bäşimiň düşnüksiz häsiýetleri bardy.Bir görseň şeýle,bir görseň ýitirip tapan ýaly.Alty oglan,üç gyz-dokuz doganyň hersiniň özboluşly häsiýetleri bar.Ajy burç iýip,haçan görseň gözi ýaşly,ýöne tükeniksiz arzuwly gezýän Bäşimiň häsiýeti welin üýtgeşik.Ol hatda ýatanda hem üýtgeşik düýş görüp,ertesi “şular meniň durmuşymda bolup geçen zatlar”diýip oturandyr.Ýa-da bir gürrüňiň başyny başlarda birdenem:”Düýn britan patyşasy hanym Tetçer jaň edip:”Kömek etmeli bolsa aýdaýgyn”diýdi,menem:”Sizden kömek alanymdan ölenimi gowy görerin”diýip jogap berdim”diýer,ýa-da:”Ho gün ilerki gowaça meýdana suw tutdym.Keşleriň arasy şapyrdaşyp,balyk bolup ýatyr.Olaryň baryny bir ýere ýygnaýyn diýip, suwly ýabyň gyrasyna barsam,uly bir lakga balyk ýatyr.Men onuň üstüne atlandym-da, iki murtuna ýapyşdym,ýokary çeksem suwuň ýüzünde,çep murtuny çeksem çepe,sag murtuny çeksem saga aýlanýar,şeýdip, keş aralaryndaky balyklary bir ýere ýygnadym-da,azajyk aralykdan iki halta balyk tutup,iki günläp çagalara iýdirdim”diýer-de,çyna berimsiz ýalan sözlär,ýa-da:”Bir gezek Leningrada gezelenje gitdim.Meniň gyrmyzy donumy,seçelenip duran ak silkme telpegimi,gara ädigimi görüp,bile surata düşmäge höwes bildirdiler,menem näme,”mugt Buharda ýoguny”edip,ep-eslije pul gazandym.Şonda,ýaşytdaşyrak bir görmegeý zenan maňa öýüniň salgysyny berdi,emma wagtym çäkli bolanlygy üçin onuň möhümini bitirip bilmedim”diýer.Bäşimiň häsiýetine belet Orazberdi bolsa:”O-how,ol-a:”Ugrumy tapmasaňyz, şol gelniň ýanyna giderin”diýip,aýalynam gorkuzýar,dogru-da walla”diýip,onuň gürrüňlerini tassyklaýar.

Arzuwçyl,hyýalbentliginden başga-da Bäşim gaty okumyş adam.Ol ýazyjy Kömek Kulynyň “Garry oýnasa...”atly hekaýasyny öwüp dilinden düşürenok,aýalyna-da okap berýär, Öwezmyrat Ýerbendiniň “hakyky ýazyjydygyny”tekrarlaýar,belli ýazyjy Atajan Tagan:”Men Ahmet Halmyrada boýun”diýipdir diýip,öwran-öwran gaýtalaýar.

..

**--2—**

Bulary aňynda aýlap barýan Altymyrat,Şamyradyň nireden peýda bolanyny hem aňşyrmady.Olar gadyrly görüşdiler.Bu ikisiniň arasynda nähili gatnaşygynyň barlygyny hiç kim bilmese-de,olar aýrylmaz dostdylar,has dogrusy Şamyrat oňa ýelmeşen ýalydy.Ol pälwanyň soňky ýyllarda gazanan ajaýyp üstünliklerinden özüçe peýda gazanmany başarýardy.Dört-bäş ýaş uludygyna,sport bilen dahylynyň ýoklugyna garamazdan,ol ussadyň her bir ýeňişinden özüçe peýda tapjak bolýar,tapýardam.Şamyradyň göçgünli lakgylygy,özüne öte göwniýetijiligi we kelesaňlygy, dymma,sabyr-takatly,tutuk,sada ynanjaň pälwana düýbünden gabat

gelmeýärdi,emma hut birek-birege şeýle gapma-garşy gylyk häsiýetleri sebäpli olar aýrylmaz dostdylar,biriniň ähli zatdan ugr tapyjylyk zehini,tejribesi ýetik peýdakeşligi,dellallygy,beýlekiniň pälwanlygy bir nokada sygýardy.Ýer ýüzünde agyr daş götermek işi Altymyrat üçin bir mukaddes arzuw boluşy ýaly,ömrüni pul gazanmagyň ýollaryna sarp eden Şamyrat üçin ol gudratly bir hyýaldy.Dogry,ol sportdan daşda-dy,ýöne öz döwrüniň ýagdaýynyň iň kämil düşünjelerini özünde jemläp,durmuşdaky gapma garşylyklary ýeňillik bilen ýeňip geçmegi başarýardy.

Altymyrat,onuň bir zat diýjek bolýanlygyny bolşundan aňyp:”Maňa suw al,özüňe-de çilim!”diýip,ep-esli puly oňa uzatdy.Şamyrat:”Sagja bol,dost,çilimiň gutaranyny nireden bildiň!?”diýdi-de,daş bolmadyk ýerde ýerleşen dukandan bir çüýşe suw alyp geldi.Puluň gaýtargysyny bermän,şony hem uly baýlyk hasap edýän kişini oba adamlary ýigrenselerde,Altymyradyň göwni bir ýalydy,gaýta:”Kösenýän ýeriň bolsa aýdaýgyn!”diýip,duýgudaşlyk edýädi.Ýogsam,ýüzüni öwüren badyna özi barada gybat edýänligini bilmän duranokdy.Gybatkeşligi,özüne peýdaly ýerde adam satmany hiç zatça görmeýänligi üçin ýigrenilse-de,Şamyrat hut şony hem isleýärdi.Adamlar ýigrensin,ýöne,birnemejik gorksyn diýýär.Rahmanberdi aganyň:”Seniň ruhuň ölüpdir”diýmesine düşünmedik bolup,kibtini gysýar,öz ýanyndan bolsa:”Birnemejik gazanç edeýin,häkimlik paýlaşygynda öz ornumy tapaýyn,şonda görersiňiz kimiň ruhunyň ölüşini,häzirlikçe her bir mümkünçilikden peýdalanjak bolmaly”diýýär.Altymyrat ýaly sada,ynanjaň ýigit onuň üçin tapyndy.Ol hut şonuň üçinem ony gowy görýär,oňa janyny ynanar.

–Ýakynlarynyň aladasyny gözden salýan adamy akmak hasap edýärin-diýip,Altymyrat çüýşeden bir owurt suw içeninden soň seslendi-Sen-ä onda-munda kaňkap ýörseň,maşgalaňam ýoluňa garap garaşsa,şondan erbet zat ýok.

–Sen meni göz öňüne tutýansyň,bilýän-diýip,Şamyrat jogap berdi-Özüň dälmi:”Birek-biregi sylap,goldap kynçylyklary ýeňip bolýar”diýen!Men seni sylaýan,goldaýan.Seni görjek,gürleşjek bolup gelip gidýänleriň hetdi-hasaby ýok,hat-da etrap,welaýat ketdelerem geldiler.Ýakyn dostuň hökmünde şolaryň öňünde seniň at-abraýyňy has-da belende götermekde bitirýän hyzmatlarym az däldir,dogry,seniň abraýyň galsa meniňki hem galýar,özem goldaw...-Ol tasdanam “özem, goldaw bermeli bolanda peýdaly tarapyma seredýärin”diýipdi,diýmän dilini dişledi,yzyndanam-Dost,saňa duşanyma çäksiz begenýärin.Maňa kömek et!Gyssagly Moskwa uçmaly!Işim bulaşyp barýar.Prokuroryň diline düşüpdirin-diýdi.

-Onuň işi aňsat,dost jan,meň adymdan uçar ýaýlymyna baraý!!

-Bilýäň-ä,SSSR dargajak-dargajagyň üstünde,gazçylar şäherçesinde işleýän orslar,şolaryň arasy bilen ikinji gelnejeň watanyna göçýär,menem ýany bilen gitmeli,gitmesem boljagam däl..

–Eýle bolsa kömegi başga ýerden gözle,dost jan!Aýalyň barka başga biri bilen gatnaşyk etmeg-ä däl,hat-da şol tarapa seretmegem günädir.

–Aý,ol-a bolmaz.Eýsem sen Begjan mollanyň görelde alarlykly adamyň günäsi geçilmän,ýoldan çykan bir bozugyň günäsiniň geçilşi baradaky rowaýatyny diňlemediňmi?Seniň pikiriňçe çep gözüm bilen zenana seretsem,onda ony sogrup taşlamaly-da?!Munyň-a erteki bolýar,dost!Durmuşdan yza galýarsyň.Hudaý,gözelligini synlamak üçin, erkegiň çep gapyrgasyndan zenan ýasapdyr.Sen bulary bilýärsiň,gorkyňa,aýtmakdan çekinýärsiň.Senem, Akmyrat boltyr ýaly gorkak.39 müň ýumurtga sygýan inkubatorda jüýje çykarýan döwrüm,ol ýanyma gelip, ýumurtga sorady.”Adyňa ýazaýyn,al-da gidiber”diýsem”Ýok,onda gerek däl”diýip,alman

gitdi,ýogsam, jüýjäni girdeji,çykdajy edýänem özi,inkubatory tutuş özi bilen alyp hem gidip bilýär,ýöne,menden ýumurtga soraýar.

–Aý,dost jan,senem abat ýerde görünmersiň-le!Ýumurtgany nädip tanaýarsyň?

-Haýsyndan jüýje çykjak,çykjak däl,seredenimden tanaýan.Ol-a towuk ýumurtgasy ekeni,adamyňkyny hem aýyl-saýyl edip bilýän-diýip,Şamyrat ýasama güldi-Aý,hawa,ýöne “gorkajyk çagaň enesi rahat ýatar” diýipdirler.Eşdişime gör-ä Akmyrada, Staliniň üç metrlik heýkelini ýykmaly diýipdirler.Eýdip-beýdip,sim sarap,Ata peýanyň maşynyna çekdirip,öň, gündelik gül desselerini goýup,Hudaýa sejde edýän ýaly, sejde edilýän heýkeli agdarypdyr.Şol wagt gelen etrap wekili:”Muny kim ýykdy?”-diýip,Akmyrada ýüzlenipdir

“Men ýykamok. Ata peýan maşynyna dakyp ýykdy.Wah,beýle boljagyny bilýädim-le!”-diýip, gaty aljyrapdyr.

-Gorkma,ýykan bolsaň oňarypsyň!Ol indi ile göz bolup çäşerip ýatmaz ýaly, bagyň içinde gömüň!-diýip,wekil görkezme beripdir.“Bolýa başlyk!”-diýip,birneme özüne gelen Akmyrat boltyr ýanyndaky adamlary bilen çukur gazmaga başlapdyr,soň pilini Ata peýana berip:”Diňle,muny gaty bir çuň hem gömmäliň!Birden çykaryň,ýerinde oturdyň diýmekleri mümkin!”-diýip,gorkusyna töweregine ýaltaklapdyr...Ol häzirem Stalin dikeldiler öýdüp,onuň duran ýerindäki berkitmäni goraglap ýör.Beýle gorkak bolsaňam ýaşamak kyn.Şeýle dälmi?

- Sen meniň gorkak däldigimi bilýänsiň,ýöne, jennete meňzeýän ülkämiziň bolçulyk eçilýän topragy,synasynda saklaýan dürli hazynalary barka,halk emlägine haram elini urýan emelsizleriň günäsi bilen gahatçylygyň gazabyna düşmegimize gynanýaryn.Sen diňe özüňi,öz keýpiňi bilýärsiň,ýüregiňde adama bolan söýgi,alada ýok.Millet maşgalalardan,maşgala aýratyn adamlardan emele gelýär,olar näçe mertebeli,sagdyn terbiýeli bolsa,kämillik ýoluna düşen bolsa,belli bir maksady tutýan bolsa,milletem şol derejede sagdyn bolýar,tersine seň ýaly,çem gelen taglymatlara göwnüni aldadyp,gabahat ýollara düşen biri milletiň öňüni çekse,onda ol ýerde durnuksyzlyk emele gelýär.Bilýärsiň,synaň bir ýeri agyrsa,duýgularyň şol ýere ýygnanýar,çünki,alan şikestiň umumy bedeni zaýalap,ýaşaýyşyňy we iş ukybyňy peseldýär.Edil şonuň ýaly,seniň gabahat hereketleriň obamyzyň halyny pese düşürdi.Hut şol sebäplem seni işden pyzdylar.Ýöne,ýeriňe goýlan adam hem, obamyzyň sagdyn bir syna halyna getirilmegini mukaddes bir wezipe hasap edäýse diý.Adamlarda owarramçylyk bar,olar dünýäniň şady-horramlyklaryna göwün bermeýän,syýasy akymlardan uzakda,halk bähbidi üçin dyzmaçlyk bilen okdurylyp,gerek bolsa sowap bilýän,ýaşaýan döwrüne gowy düşünýän,asylly,erkli ýolbaşçyny saýlap bilenoklar.Bir zady welin hiç wagt ýatdan çykarmaly däl.Milletimiz öz derejesinde özüni eýgerip bilmese-ine, meseläniň wawwaly ýeri.

–Oňa Gorbaçew günäker,aýdyňlik,açyklyk diýdi,bazar gatnaşyklary diýdi,her döwlet öz-özüni dolandyrmaly diýdi,aý garaz,bulaşyklyk döredip,ägirt döwleti dargatdy,dogrusy,amerkanlara satyldy...

–Indi biz şu pursatdan peýdalanyp özbaşdak döwlet bolmaly,öz milli däp-dessurymyza ymykly dolanyp,gözel nagyşlarymyz bilen bezeýän dünýämize mahsus eheňleriň ýüze çykarylmagyny gazanmaly...-diýip,Altymyrat garaşsyzlygy aljak ýurdyň ýol-ýörelgeleriniň taraplary baradaky pelsepä başlady...

Olar ýoldan geçip barýarkalar,obadaşlary Altymyrat bilen gadyrly görüşýärdiler,hal-ahwal soraşýardylar,Şamyrady bolsa görmeýän ýalydylar.Diňe şunuň özi hem kimiň-kimligini aňladýardy,emma Şamyrat beýle zatlary piňiýe-de almaýardy.

Olar, gür baglyga bürenen pessejik jaýyň öňündäki balky tudyň aşagyna ýazylan keçäniň üstünde,goh-galmagal bilen küşt oýnaýan Begjan molla bilen Rahmanberdi aganyň,Annaberdi aga bilen Garýagdy aganyň ýanyna bardylar.Rahmanberdi aga:”Küşdi bilýänem oýnajak,bilmeýänem!Bol,göç han,päheýde welin!?”diýip,batly seslenýär,Begjan mollada”Ine,göçdüm,başlyk!”diýip jogap berýärdi.Töwerekden geçenlarem näme barka diýişip garanjaklaşýarlar.Ahyrym oýunçylar gelenleriň salamyny aldylar.Rahmanberdi aga“Oýny bes edäýeli!”diýip,olaryň her birine bir käse çaý uzatdy,soňam:-Edil ýap-ýaňy gazetde şahyr Nobatgulynyň bir goşgusyny okadym.Diňläň!-diýip,gazedi eline aldy.

Orun boş dünýäde adam ogluna,
Boş dur orny gelejekki beýikleň.
A, siz diňe orun üçin doglanlar,
Bir-biregi gemrip,çykyň keýpden...

Munuň kime degişlidigini aýdyp oturmaýyn,ýöne,durky bilen günäli,içiňe-daşyňa geçip, aldap bilýäniň yzyna pälwanyň düşýänligi meni geňirgendirmänem duranok,päheýde welin-diýip,ol Şamyrada seretdi.

–Bu gezek ol däl,daş edip men onuň yzyna düşdüm-diýip,Şamyrat göwni bir ýaly jogap berdi.

–Asyl,şeýledirem öýütdim-le!-diýip,ol gürrüňini dowam etdi-Begjan,ýaňky aýdyşyň ýaly,ganjyk kime agyz urmalydygyny bilipdir.Sen gyşygrak gezen-dä!Asyl meniň ýanyma ganjyk gelmez,päheýde welin.

–Bilmedim özün-ä,başlyk,giden sähralyk,dyza ýetip duran ot,dört adam bolup barýas,şolaryň içinde diňe meniň aýagymdan dişledi.Ýoldaşlarym:”Razy bol,halypa,şu itiň dişläni bir hepdä ýetmän ýurduny tezeleýär”diýip,meni gorkuzdylar,ýüzüm ak-tam bolup gidip barýan,özümem”gel,gel,indi pensiýa çykanymdan soň arkaýyn gezip bilmesem nätjek!”diýip,gargynýan.

-Itiň dişi awuly,agyrak bolýarmyş.Meni,diýmäýin diýsem, pylanyny pylan edeýin sygyrmyz depdi weli,agyrsyna çydap bilemog-a-diýip,Annaberdi aga janykdy.

-Ýaňy“Sygyry men depdim”diýmediňmi,başlyk?-diýip,Begjan molla soragly nazaryny oňa dikdi.

–Molla,seni köpegiň däl-de ganjygyň dişleýşine geň galýan.Ýogsa-da,geň galarlyk zadam ýok.Ganjyk seniň ýewreýligiňi aňandyr-da,bir zatjagaz hantama bolandyr,päheýde welin-diýip,Rahmanberdi aga ýylgyrdy.

-O näme diýdigiň bolýar,başlyk?

-Ganjyga bir bölejik nany gysganypsyň diýdigim bolýar,päheýde welin.Ýewreýler gaty gysganç,ýöne sen ýaly işeňňir diýýärler.

–Men Ibragimiň ogly Begjan,eýsem ýewreýlerde şeýle at barmydyr,başlyk?

-Wah,şeýle at diňe şolarda bar-da,päheýde welin!

-Hany,ýüzüme gowuja seret,ýewreýe meňzeýän ýerim barmy,başlyk?Ýagşam bir gep tapdyň!diýip,Begjan öýkeledi.

-Özüm aragatnaşyk işgäri,üç aý bärem,pylanyny pylan edeýin telefonym işlänok-diýip,Annaberdi aga Begjanyň öýkesini ýazjak bolup gürrüňi başga ýana gönükdirdi.

–Işlemän geçsin,şol myrtaryň-diýip,Begjan gaharly jogap berdi.

–Beý diýme,täzeje molla,beý diýme!Men çagalaryň goh-galmagalyndan gaçyp,aýratyn bir otagda bolýan,onsoň,diýmäýin diýsem,pylanyny pylan edeýin telefonym işlemese,dilim gijäp,gulagym kesilen ýaly bolýan.Obalarda,diýmäýin diýsem,pylanyny pylan edeýin, geplemek,gep diňlemek üçin ýazky,gyşky medeni

ojaklaryny gurdular,menem köp geplemäni şol ýerde öwrendim,onsoň telefonym işlemese ýüregim ýarylyp barýar.Üç aý bäri aýdýan,haýyş edýän, bitýän zat ýok.

–Özüň-ä kyrk ýyllap oba telefonlaryny bejerdiň,montor bolduň başlyk,onsoň...

–Mantor däl,how!-diýip,Annaberdi aga paýyş sögündi-Men mantior bolup işledim.Täzeje molla saňa näçe gezek aýtsamam iki sözüň arasyny açyp bileňok,”Näçe ýyllap pylan edaranyň ketdesi boldum” diýip,güpülänem bolýaň,ýagşam bir...Özüm-ä,saňa gutaran eşegimi hem ynanjak däl.

–Bolýa-la,mantior bolsa goý,şo bolsun-la,başlyk.Mantor-mantyor bolup işläňde aragatnaşyk sütüninden gaçyp eliňi döwdürmediňmi?

-Döwdüremde näme,hä?Sen şoňa begenýämiň,hä?

-Ýok-la,begenme nire,başlyk,men ýöne, telefonyňy özüň bejeräýmeli ekeniň diýjek boldum.

–Begjan, düşün,men diýmäýin diýsem,ol pylanyny pylan edeýini özüm bejersem ”Annaberdi mantiýor wezipesinden peýdalanyp öz telefonyny bejerýär”diýip gürrüň etmezlermi? Ederler, onsoň,goý,ony başga biri bejersin diýýän,bolmasa,sosializm kanunyna görä,zähmediň ähli kişä deň bölünişigi saklananok.

-Ine,şular ýalylar bilen biz sosializm gurjak bolduk,päheýde welin!-diýip,Rahmanberdi aga soragly nazaryny Annaberdä dikdi:-Ilki”Ähli ýurtlaryň ýoksullary birleşiň”diýdik,soňundan “üçlügiň üsti bilen olary ýok etdik.Jinnek ýaly günäsi bolmadyk kakamyň jesedi Arhangel topragynda ýatyr.Maňa onuň iň soňkyja haty ýadygärlik galdy.Onda:”Men Söýeg Ulugberdi oglunyň tarapyndan, Muhamede,Rahmanberdä we başga-da uly kiçilere müňlerçe salam bolsun!Gurgun işläp ýörün,sürgünligiň ejirini çekýärin.Köp wagtdan bäri sizden hat alyp bilmeýärin,näme üçin?Eý,Rahmanberdi,seň ejem öldi diýip iberen hatyňy alanym bäri köp gaýgyda bolýaryn,nämede bolsa gaýrat etmek gerek!Hat ýazan ýerim garaňkylyk,belki ýalňyşy bardyr,çünki,arkaýyn oturyp hat ýazdyranoklar”diýlipdir. Ine,seniň sosializmiň netijeleri,päheýde welin.

–Bir zat diýsem derrew garşyma çykýarsyň.Ol diýmäýin diýsem,pylanyny pylan edeýin SSSR-iň dargamagy bilen on bäş respublikada eriş-argaç bolup baglanan adamlaryň ýagdaýy uruş turandan enaýy bolmady,önümçilik gatnaşyklary kesildi,adamlar birek-birekden jyda düşdiler,horlandylar,näme etjeklerini bilmän özüni heläklänlerem boldy.Özüm-ä,şu işi edenleri diwara diräp atardym.Indi,Türkmenistan islese-islemese özbaşdak bolmaly boldy.Onuň nirä barjagyny öňünden aýdyp bolmaz,ýöne gowulyk bolsun diýip Alladan dileg edeliň..Üç-dört ýyllaba öňki düzgün gider,soňam näme,mugta ýakyn iberilen nebit-gazymyzyň girdejisi özümize siňerde ýagdaýymyz gowulaşar...

–Hut şeýle başlyk,hut şeýle!-diýip,Begjan molla janykdy-Derejämiziň pese düşmeginde biziň öz günämizde bar.Türkmen öňki türkmen däl,ownady,oýnatgy boldy,mertebesini ýitirdi,araga,çilime,nasa,neşä aňyny aldyrdy..

–Bazar yktysadiýetine geçilýän döwürde hemme zat şowuna düşüp durmaýar-diýip,Altymyrat söze goşuldy-Onsoňam,otuzynjy ýyllardaky kolhoz gurjak bolşumyz ýaly, biz oňa doly düşünip hem baramzok.Onuň üçin ýerlerde bazar yktysadiýetine hyzmat etjek guramalary,guramaçylyk we syýasy bölümleri döretmeli,bazar gatnaşygynyň medeniýeti,mehanizimleşdirilişi,halkyň sosial goragy,ýerli Geňeşliklere beriljek erkinlik ýaly möhüm işleri ýerine ýetirmeli,şolar bolmasa bazar gatnaşygynda düýpli ýalňyşlyklara ýol bereris.

–Begjan,seniň bilen razylaşyp biljekgäl,päheýde welin.Uly edaranyň kettdesi dogruçyl, adyl,sada,ynsaply bolmaly.Edil şu pursatda janym çykaýsyn,ýöne, men

türkmenleriň dünýä medeniýetiniň gülläp ösmeginde uly orun eýeländigini subut etjek bolaýyn.Türkmene bir zady gowy düşündir-de, şony et diý,atylan ok ýaly gider,öňündäki diwary ýykar,ýöne,gowy düşündirmeli,birem, bolýa diýdirmeli.Türkmen ýetmişe golaý döwlet döretdi,Seljuk imperiýasy iki ýüz ýyllap dowam etdi,Ärtogrul begiň başda durmagynda sekiz ýüz ýyl mundan öň Marydan giden 400 atly türkmen häzirki türk döwletini döretdi,soň Ärtogrulyň ogly Osman ony "Osman imperiýasyna"öwürdi,ol ýedi ýüz ýyla ýakyn dünýä agalyk etdi.Müň ýyla ýakyn mundan ozal türkmenler Soltan Sanjaryň ymaratyny gurdular,beýle zat şol wagt dünýäniň hiç bir künjeginde ýokdy,päheýde welin.Gaz barada aýdylanda bolsa,ony mugta ýakyn berenem bolsak,ýurdumyzyň azyk-haryt üpjünçiligi Moskwaňkydan kem bolmady,hat-da,käte ol ýerde tapylmaýan harytlary bizde tapsa bolýardy-diýip,Rahmanberdi aga janykdy.

–Kimlerden aýt,ol,Seljuk diýýäniň,başlyk?

-Alajagözlerden, Begjan,seň aýalyň, saçakçyň taýpasyndan, päheýde welin... Soltanilden..Ýagşam bir gep tapdyň, müň ýyl mundan ozal olaryň haýsy taýpadan bolanlygynyň saňa näme geregi bar? Her ýüz ýyldan ençeme taýpa döräp gidip otyr ahyryn.

–Başlyk,şol alajagöz däl,alajawezen bolmaly-diýip,ajy gök çaýdan doýan Begjan derini eliniň tersi bilen syldy-Ol örän ýaman jandar,baran ýerinde başyny çaraýar.Atam pahyr gahary gelende:"Garnyňdan pyçagy sokarda,alajagözlere siňer giderin"diýer ekeni.Bu olaryň ýamanlygyny aňladýar,çagajyklarynyňam ak-gara,owadanja,alaja gözleri bardyr.Belki,at şondan galandyr?!

-Ony biljek däl,ýöne,etrap merkeziniň içi bilen alajagöz obasyny kesip geçýän ýabyň-"Gatakaryň" taryhyny bilýän.Ol ýazyjy Pomma Nurberdiniň adybir romanynyň ady.Göz öňümden gidenok.Men ol wagtlar ýaş oglandym,daşkyrak daýymlara gezmäge barypdym.Gyş günleriniň birinde,egni possunly,görk-görmegi ýeterlik,otuz ýaşa golaýlan oba miraby Nepes şura öňden barýar,yzynda biri çapyk edýär,galan adamlaram çapyk edilen ýeri gazýarlar.Nepes şura Altymyrat janyň daýysy bolmaly,asyl,boýuň kelteräk diýäýmeseň,sen şoňa meňzeşem.Şol ýap etrap merkezinde ýerleşýän gadymy öwülýäniň daşyndan aýlanyp obaň içi bilen günbatara gidýär.Suwy gaty akýanlygy üçin hem "Gatakar"adyny alýar.Uruş döwri, ýaňky aýdylan öwülýäde adam jaýlapdyrlar.Soňky otuz-kyrk ýyllykda bolsa"Abbasabat"gonamçylygynda jaýlaýarlar.Ýaňy-ýakynlara çenli merhum el bilen göterilip alynyp gidilerdi,indi mollalar:"Merhumyň teni agyrak bolýar, ynjamaz ýaly,maşyna salyp alyp gidiň"diýip,täze bir hokga tapdylar.Şeýdip,adamlary, merhumy soňky ýoluna ugratmakda gazanýan sogaplaryndan mahrum etdiler,päheýde welin.Begjan molla,dogrymy?Näme sesiňi çykaraňok?.

**---3—**

-Dogrydyr,başlyk,ýöne geplemäge maý bermezlik-gepiňi diňledip bilmeklik däldir-diýip,ol jogap berdi-de,ýanynda oturan Altymyrada ýüzlendi-Men Altydan bir zady soraýyn diýip ýördüm,oňat ýadyma düşäýdi .Gazçylar şäherjiginde bir waka bolupdyr,şol çynmydyr?

-Şeýleräk bir ýagdaý boldy-diýip,Altymyrat boýnuna aldy-Agşamara bir iş bilen şäherçä barsam,ýolda obadaşym Atajan bulaşyp ýatyr,keýpi kök.Alyp gaýtjak bolup durkam,organ işgärleri gelip,ikimizi hem ýygnadylar.Nämäň nämedigini bilensoňlar meni goýberdiler,ýöne obadaşymy sakladylar.Giç agşam gapyň agzyna çykan polis başlygy:"Alty,seni boşatdyk,öýüňe gaýtsaň bolmaýarmy?Ýa ulagyň ýokmy?"diýip,maňa

ýüzlendi.”Ýoldaşymy boşatsaňyz diýip otyryn”diýdim-de,men ony hem ýanym bilen alyp gaýtdym.

–Ýok, ol saňa:”Atajan,gutaran alkaş.Aýlyk aldygy puluny sowman öýüne gidenok.Sen dünýä çempiony,dünýä belli,abraýly gerçek,dört sagatlap bir serhoşyň aladasyny edip garaşýarsyň.Men seniň ýokary adamkärçiligiňe telpek goýýaryn!Birine baýrak berilmeli bolsa ilkinji nobatda saňa bererdim”diýip,birneme garaşdyrany üçin ötünç sorap, nobatçy maşyn bilen ikisini hem öýlerine getirip gidipdir-diýip,Begjan molla düzediş berdi.

–Bu diňe Alty janyň edip biläýjek işi.Ol Isa pygamber ýaly ile ýagşylyk paýlaýar.Gül ýalak,gül ýalak bolup,şeýdip, gelip dur how,öýüme.Geleniňe şeýle bir begendim,hezil etdim,hi goýaý.Aşagyňa täzeje halymy hem ýazjak,päheýde welin!-diýip ,Rahmanberdi aga ýerinden turjak boldy-da,büdräp ýykyldy.

– Ýaşuly,daş edip haly ýazjak diýip,bize azar bolaýma,işimiz agdykdyr-diýip,Şamyrat ýerliksiz degişdi.

–Pata-töwüre gatnaşmaýan,toý bolsa häzir bolýan sen ýaly eşek ogrusyna azar bolsam bolmaz-a,päheýde welin!-diýip,Rahmanberdi aga gaharlandy -Şu bolşuň boljak bolsa öliňi gömmäge adam tapmarsyň.Ile hyzmat etseň,saňa hyzmat ederler,ýogsa-da...

–Alty,bagyşla,gyssagly işim bar,gideýin,siz daş edip,arkaýyn oturyň!-diýip,Şamyrat turmak bilen boldy.

-Onda medeniýetden nam-nyşan ýok, iliň öňüne düşjek bolubam bulaşypdyr.Neneň onsoň içiň ýanmasyn?-diýip,Rahmanberdi aga ony gözi bilen ugratdy-da,başyny ýaýkady-Ejesi oňa:”Meýdan etmek,iýip-içmek üçin gonaýmasa,serhoş samsygym mydama asmanda uçýar, aýalyny tananok,beýlekinem,medeniýetsizräk-dä”diýýär. Hawa,medeniýet diýlende...Her zatda bolsa, türkmen medeniýeti ösdi.Ýöne,SSSR-iň düzümine girýän islendik halklaryň medeniýetinden has pes derejede ösdi.Sebäbi, medeniýetimize medeni duýgysy tebigi bolmadyk,hünäri boýunça yktisadiýetçi,ýa öňki kolsomol işgärleri ýaly bisowat adamlar ýolbaşçylyk etdiler.Olar medeniýetimizi ösdürmäge derek öz pesliklerine çenli aşak düşürdiler!

Başlaýan päk adyň dilime alyp,
Kalbym bilen joşup,hem aşyk bolup,
Näpäk bolaýsamam,sensiň meň barym,
Geç günäsin guluň,Perwerdigärim!
Senden başga hiç kes göze görünmez,
Saňa laýyk başga gudrat bilinmez.
Ýel hakyň ruhydyr,gyý-a bakaýma,
Kuranyň hak sözi,kalbyma gaýma!
Agyr ýükli bulut her ýana tasar,
Kalbymy kowalap,gökden ýol ýasar.
Puç bolan adamy nirä salarsyň,
Otdan kanun ýasap oda salarsyň!

Ýa,jan Alla,özüň gowusyny et,namarda zar etme,ýoluňdan sowma,Kurany kerimi elimden düşürtme!

Kuran Alla ýoludyr,dogry durup gitmek gerek,
Diriligňe Hak bilen kän söhbet etmek gerek,
Toba-toba eýleýip,dünýäni unutmak gerek,
Jan jesetde bar wagty din ýolun tutmak gerek!...

Rahmanberdi mollumyň birden öz-özi bilen gepleşip,her hili şygyrly pelsepä ýüz urýanlygyna belet Begjan molla,gürrüňdeşligiň ugruny täzelemek isledimi,ýa başga gürrüň tapmadymy:

-Indi öýjükli diýdimi,bagjykly diýdimi,telefon atly bir bela döredi,başlyk.Onuň üsti bilen agtygym Sakardan gyz getirdi.Gakar nire,Sakarçäge nire?Hi,bi bolýan zatmydyr?Hudaý saklasyn.

–Tehnikada ösýä,jan agam.Men düýn Amerikada ýaşaýan bir dostum bilen birek-biregiň ýüzüni görüp gepleşdim-diýip,Altymyrat gürrüňe goşuldy.

-Hawa,döwür özgerýär.Öňler,öz harjyňa aýlap,paý-pyýada Käbä gidilerdi,indi uçarly,üç sagatda ol ýere barsa bolýar,päheýde welin.Meniň oňa gitmäge mümkünçiligim ýok,ýöne,bir gysym toprak getirip berseler,ölmänkäm ýüzüme sylsam başga armanym ýok.

–Başlyk,nesip bolsa,men hyýallanýan,gitsem getirip beräýerin-diýip,Begjan Rahmanberdi agany begendirjek boldy.

–Begjan,gitjek bolsaň sakgalyňy goýber,päheýde welin!Erkek garrasa syratlanýar,keşbe gelýär, hasam,ak,gara silkme telpek geýäýse dagy, görmäge göz gerek diýenleri bolýar.Nury Muhadyň ogly Baýrama sakgal nähili gowy gelişýär?Emma aýallar wagt geçdigiça çökülip barýarlar,ýüzleri görer ýaly bolanok.

–Başlyk,oňa derek aýallar uzak ýaşaýarlar.

–Begjan,meňk-ä, uzak ýaşamady-diýip,Rahmanberdi aga ýüzüni sallady-Ýadyma düşýär”Aksakgal,men indi garradym,halys tapdan düşdüm.Bir zady aýdaýyn diýýän,wagt tapamok,özümem gidip barýan”diýýär,görgüli.”Nirä gitjek?Bazaryň dermanhanasy elýeterde däl-ä!Arkaýyn ýat,dermany özüm getirip bererin”diýsem ol”Ýokardan çäge dökülip,ýagyş geçip dursa,diwarlaryň ýarçyklarynda kepderiler guzlasa nädip arkaýyn ýataýyn?!Mugallym bolup,şulara göz ýumýarsyň,diýmek,medeniýetiň pes,ýogsam, gujurly gözleriň ýanybam dur-a!”diýýär.”Ezizim,bir sagal,depämi Aýa diräp begener ýaly et!”diýsem ol”Goýaweri,ömrüňde ýekeje gezek “ezizim”diýen sözi agzadyň,onam tötänlikde sypdyransyň.Sen asyl ýüzüme hem seretmediň ahyr.Hany aýt,meniň gözüm nähili?”diýip,soraýar,dogrusy şu wagta çenli onuň gözüne dykranlap bakmamsoň men:”Bilmedim,gara bolaýmasa”diýdim,ol bolsa:”Gör-ä,elli ýyl bile ýaşaşdyk weli şonam bilenok.Meniň alaja gözüm bardyr”diýýär...”Wah,ömür dilime düşünmän geldiň!Meni alanyňda doglan ýylymy soramaly ekeniň.Men seni saýlan bolsam bilerdim,özüňem täleýnamany ilik-düwme ýat bilýän diýip,döşüňe kakýarsyň.Meň ýylym it,seň ýylyň ýylan,it ýalan sözlemäni bilmez,kümürsik zat etmez,ýylan bolsa kümürsikdir.Özüň ylym-bilimli bolsaňam şulary bilmeýşiňe janym ýanýar”diýýär. ”Keýwany,ikimiz agzybir ýaşadyk ahyryn!”diýsem,ol”Hawa,ýaşadyk,ýöne ne ýaşamak!”diýip,başyny ýaýkaýar,soňam:”Aksakal,diňle,men gidip barýan.Kim saňa sereder,kim çaý berer,eşigiňi ýuwar?Häzirki döwrüň gelinlerini-hä diýmäýin diýsem...Aýtjak bolýanym,öläýsem aýal algyn,hor gezip ýörmegin”diýdi,pahyr.Ölüp barýarka-da aladamy etdi.Dünýäde zenan ýaly beýik zat ýokdur,päheýde welin...Annaberdi,seňem heleýden maňlaýyň ýok ekeni.

–Haw-wala!-diýip,Annaberdi aga sögündi-Başdaşym erbet kesele uçrap gaýdansoň,”bir gün heleýsiz ýaşamaryn”diýip, tatar zenana öýlendim,olam uzak ýaşamady.Men bolsa,diýmäýin diýsem,pylanyny pylan edeýin...

–Başlyk,sen mydama kitaba güýmenýärsiň,hat-da pata-töwüre baraňda hem gazetiň ýyrtyk bir bölegini görseň okaman goýmaýarsyň!-diýip,Begjan molla Annaberdi aganyň

sözüni bölüp,Rahmanberdi aga ýüzlendi.Ol ikinji aýal almak barada onuň pikirini bilmek isläpdi,emma goja onuň sözüne başgaça düşündi.

–Ýeri,okamda näme,päheýde welin?Maňlaýyma möhür basjakmy,indi?Namazda ymamlyk edeniňde gözüň töweregiňde,goturlan mal ýaly kakynyp,ünsüňi bölýärsiň,yzyňda oturanlaňam namazynyň bozýarsyň.

–Äl,aýt,saňa bir söz diýerligem ýok aýt,başlyk,adam öýkelär dagy ederem diýeňok.

–Begjan,hakykaty aýdanym üçin öýkelejek bolsaň,öýkeläpler geç! Senem Ümür Esen ýalynyň biri bolarsyňda.

-Hä,Ümüre näme boldy?Aý,sen adamy sylap goýasyň ýok-la!Diýmäýin diýsem...

-Annaberdi,düşün,men hemmeleri sylaýan,hormatlaýan,ýöne,dogra dogry diýýän.Ümür bir gün ýanyma geldi,çaý içdik,nan iýdik.Men"Näme işleýärsiň?"diýip soraýmanmy,ol"Halk içinden gep-gürrüňleri,rowaýatlary çöpleýän"diýdi,men bolsa "Bidöwlet il gezip gep çöplär,döwletli çöle çykyp çöp çöplär"diýdim weli,ol öýkeläp,gaýdyp, ýanyma gelmedi,päheýde welin.Senem ýagdaýyňa seret-dä

-Begjan,men soňky aýalymyň göwnüne tötänlikde bir gezek degdim,ahmyr edip yzyndan ýetip bilemok,öten agşam düýşüme hem girdi.Ol öňem-ä görmeksiz däl-di weli,indi şeýle bir owadanlaşypdyr,hi goýaý!Öz aýalymyň jemalyna täzeden aşyk bolup durupdyryn.Şol wagt obamyzdaky adamlaryň betnyşanyndanam betnyşan bir kirli kişi peýda bolup:"Aýalyň jemalyny gören bolsaň gaýdyber,ýöne sanalgyň dolup,haçanam bolsa bir wagt gaýdyp gelseň,seniň mekanyň uçmahdyr"diýýär.Tatar aýal alanyň mekany uçmadyr diýleni çyn bolaýjakmyka-naýt,hä,molla?-diýip,ol edara ketdesi bolup işlän döwri tatar gelinlerini işe alyp,gepe galan Begjana soragly nazaryny dikdi.

–Heý,Annaberdi,Annaberdi,ýüz tatar aýal alanyňda-da,nirä barjagyňy diňe Alla biler,päheýde welin.Ýöne,durmuşda imanly bolup ýaşamalydygyň weli köre hasadyr.Magtymguly:"Imanym ýoldaş bolsa,barsam,Käbäni görsem"diýip,Gurhany şygyra geçirip,düşündirýär.Kim haja gitjek bolsa imanly bolup gitsin diýýär.Iman şükür bilen sabyrdan durýar.Eger biri hereketiňe bagly bolmadyk ýagdaýda seni ursa,senem jogap berseň,onda bisabyr bolýaň,gowusy sen uran adamdan "Men saňa bir ýakmaz zat edäýdimmi?"diýip,ötünç soramaly.Häzir, pullary ýere sygmaýan,Şetdatyňky ýaly Erem bagly adamlar haja gidýärler,iman bilen olaryň işlerem ýok.

–Mollum,şu Erem bagy diýilýän zat nämedir?-diýip,Altymyrat sorady.

–Ol,baýlygy ýere-göge sygmaýan Şetdat patyşanyň döreden asma bagy.Onda adyny tutan zadyň bolupdyr.Şetdat atyna münjek bolanda,eýeriň üstünden aşypdyr-da,kellesi daşa degip ölüpdir,onsoň ýany bilen bagyny hem ugradanmyşlar,päheýde welin.Ol asmanda asyl-asyl bolup durmyş-a diýýäler.

–Mollum, ýene bir zat soramakçy?

–Pälwan,soraber.Gürrüňçilik ýaly gowy zat ýok.Göwniň giňäp gidýär.Çaýyňy hem içip otyr,päheýde welin.

-Ýaşuly,türkmeniň haýsy obasyna barsaň,her bir tire-taýpadan garyşyp,agzybir otyrlar.Ynha Akýap obamyzda ýemreliler,topazlar,garahmetler,Daýhan obasynda alasakgallar,alajagözler,gatylar,hojalar,"Gülüstan"obasynda seýitler, hojalar, topazlar, gökjeliler we ýene şuňa meňzeşler bar.Bular tötänlikde bolýan zada-ha meňzänok!?

-Pälwan,bu ata-baba öňden gelýän düzgün.Bir döwürler tekeler kowçum bolup Ahalda ýaşapdyrlar.Ol barada:"Ahal ýurdy ýaşamaga hoş gala,ýöne weli suw ýetenok maşgala"diýen aýtgy döräpdir,päheýde welin.Şondan soň kimiň alty ogly bolsa üçüsi,dört ogly bolsa ikisi,iki ogly bolsa biri Mara göçüp gaýtmaly edilipdir we edil öňki oturyşlary ýaly bu ýerde hem garyşyp oturypdyrlar.Bu düzgün gaty aňyrdan gelýär,ol taýpalary

jebisleşdirýär.Haýsy oba ýagy çozsa,her kimiň kowmy onda bar,onsoň şol oba kömege baraýmaly bolýar.

–Arada men bir waka gabat geldim,diýmäýin diýsem-diýip,Annabardi aga bokurdagyny arçalap,gürrüňe başlady-Gel-äý,oba dukanyndan sogandyr käşir,çaý alaýyn hem-de beýleräkde ýaşaýan ogluma baggoýnumyň gowurdagyndan dadyraýyn diýip,azajyk gowurdak hem alyp ugradym...

–Sogany,käşiri inim Gurbangeldiniň dukanyndan algyn,başlyk,hem arzan hem hili ýokary-diýip,Begjan onuň sözüni böldi.

–Begjan,sen iniň zadyny mazamlama,nirede näme baryny özüm gowy bilýän,ýagşam bir,diýmäýin diýsem...Ýaňy nämeden başladym-a?Wah,huşum gursun,kelle gutarypdyr-a,kelle...

–“Gowurdak alyp ugradym” diýdiňiz,ýaşuly-diýip,Altymyrat ýatlatdy.

–Hawa,öýden çykan ýerimde,adyny aýtmaýyn,diýmäýin diýsem,hol pylanynyň dogmasy,ýanynyň ýoldaşy bilen gabat geldi-de:”Agam,şuňa gol çekip ber!Biz täze partiýa açmakçy,oňa bolsa müň adamynyň goly gerek!”diýip,kagyzyny gözüme sokaýjak bolýar,”Aý,gitseňizläň”diýip,olary kowup goýberdim,emma ol:”Men saňa öýüň içinden çykman meýdan eder ýaly hajathana gurup berjek”diýýär.”Meniň meýdanlyk işim size bagly boljak bolsa,onsuzam heleýli bolup oturdygym däl,guralymy kesäýjek”diýip etmedim.Oglumyň öýüne ýetmänkäm olar indi üç bolup yzymdan ýetdiler,ýanlarynda-da etrabyň wekili.Ol öňüme geçip:”Annaberdi aga,gowy däl,ýaş oglanlar bilen kart oýnap,olaryň terbiýesine ýaramaz täsir ýetirýärsiňiz.Şonda-da biz oňa göz ýumýas,sen bolsa ak kagyza gol goýmany kyn görýärsiň.Bi,alyp barýanyň näme?”diýip,ol elimdäki bukjanyň agzyndan bir bölek gowurdagy alyp,agzyna lak-luk atdy-da:”Ýaşuly,dukanlarda ähli harytlar petekli paýlanýan döwri,gowurdak iýmäge neneň ynsabyňyz çatýar?Oglanlar,siz muňa serediň?!Serediň ahyr!”diýdi-de,ol ýene bir bölek gowurdagy agzyna atdy.Onuň hereketine beýlekilerem goşuldy-da,üçüsy üç ýerden gowurdagyň soňuna sogan ekdiler.Asyl şondan soň olaň partiýa ýatlaryna düşmese nädersiň..Ata baba un gytçylygy bolmandyr,çüw atyny çawlap ýörenler öňe düşüp, ony eşitdik. Ine,diýmäýin diýsem,pylanyny pylan edeýin,şeýle galtamanlaram aramyzda bar,biziň...

Şeýlelikde,Rahmanberdi aganyň şatutynyň aşagyndaky özara pikir alyşyklyk şu günlükçe tamamlandy.Annaberdi aga taýagyny süýräp,Begjan molla,Garýagdy aga bilen öýüne ugrady.Altymyrat hem sagbollaşyp gaýtdy.Ýolda gelýärkä duş gelýän her bir zenanda öz ejesini gördi.Indi oňa öwrenişip hem barýardy.Ejesini ýatlamaýan ýokdur,ýöne onuňky düýbünden üýtgeşikdi.Ony hiç zat bilen düşündirjek gumanyň ýokdy.

–Daýy,salam!-diýen mylaýym sesi eşiden Altymyrat başyny galdyrdy,görse ýedi-sekiz ýaşlaryndaky gyzjagaz dur.

–Salam jijim jan!Nirä barýarsyň?

-Daýy,ýolda maňlaýy,böwri sakarja owlajygy görmediňmi!?

-Ýok,görmedim,jigim jan.

–Doganym:”Öýe myhman gelende kakam ony soýdy”diýýär welin,men oňa ynanamok.Ol beýle işi etmez.Şeýle dälmi?-diýip,gyzjagaz galagoply gözjagazyny oýnatdy.

–Ýok,etmez.

–Ejemem owlajyk beýik haýatdan böküp,ejesiniň ýanyna çöle gaçyp gidendir diýýär-diýip,gyzjagaz agzyny açyp,sözüniň tassyklanmagyna garaşýan ýaly,umutly gözlerini dikdi.

–Ejeň dogry aýdýar,jigim jan!-diýip,Altymyrat jogap berdi,hakykatda welin,gyzjagazyň kakasy Şamyradyň ol owlajygy soýanlygyny bilýärdi,çebäbi ol iýip-içmäni,keýp çekmäni gowy görýän adamdy.

–Onda men ony gözlejek hem däl.Ejesini görensoň yzyna gaýdyp geler-diýip,gyzjagaz hoşamaý ýylgyryp sözüni dowam etdi-Ejem maňa boýy keltejik gyzym diýýä,kelte hem bolsam men doganym Batyrdan gowy okaýan.Ejem köp gepleýänligiň üçin boýuň ösenok diýýär,men oňa ynanamok,sebäbi synpymyzda bir gyz mendenem köp gepleýär weli,boýy ähli oglanlaryňkydan ýokarda,özem gorkak däl.Sen öwülýäden gorkýarmyň?Men-ä gorkýan.

–Menem gorkýan,jigim jan.

–Ol näme üçin obamyzyň golaýynda?

-Bilmedim,mazarlar adamlary durmuş barada pikirlenmäge mejbur edýän bolaýmasa...

–Men-ä gorksam ejemi çagyrýan...

–Menem şeýle,jigim jan-diýip,Altymyrat bada-bat jogap berdi.

–Ejeň seni gowy görýärmi?

-Çäksiz gowy görýärdi.

–Onda sen näme üçin ondan soraman gaýdypsyň?

-Sen köçä çykjagyňy ejeňden soradyňmy,jigim jan?-diýip,Altymyrat onuň elinden tutdy.

–Ýok,soramadym.

–Menem soramadym.

–Aý,onda birnemejik käýinç alarsyň,belki,jaýyň burçunda durarsyň,ýöne, sen ejeňe gaýtargy beräýmegin,şeýtseň ol günäňi geçer.

–Bolýar,jigim jan-diýip,Altymyrat ylalaşdy-Gel,ikimiz bir zat edeli,gaýdanymyz bilinmänkä gizlenipjik öýe baraly,goý,bizi gözläp ýörmesinler.

–Onda sen ilki git,ejeň eýýäm ýoluňa garap durandyr-diýip,çagajyk oňa köçäni görkezdi.

Altymyrat gyzjagazyň bu sözüni eşidip tisgindi,hakykatdanam,öňki edişi ýaly,ejesi oňa ýoluň gyrasynda garaşyp duran ýaly boldy.

–Bolýar,jigim,gideýin,senem öýüňe bar,özüňem sagja bol!-diýip ugranda,,onuň süňňi ýeňläp,keýpi göterilen ýaly boldy.Kalby kir-kimirsiz şadyýanja çagajyk,onuň durmuşa bolan höwesini artdyrdy.Belki,şonuň üçindir,birden ýadyna Güller düşdi.Öýe degip,onuň ýanyna giderin diýip barýarka,öňünden tasanjyrap Hallygözel gelnejesi çykdy.

–Ýüwürjim,maslahatsyz bir zady haýyş etdim weli,meni bagyşla!Agaň partiýa agzasy,uluja gyzym döşüne kämsomol belgisini,oguljygym boýnuna pionir bagjygyny dakynýar.Onsoň il näme diýer!?Gowusy,syýasata goşulmaýyn.Ýaňky aýdanlarymy ýadyňdan çykar.Ýaşasyn Leýlin partiýasy diýjek men-ä!Biz şu hököwmetden gaty razy, bagyşla!-diýdi-de,ol gelşi ýaly ylgaşlap yzyna gitdi.

Altymyrat gelnejesiniň bolup barşyna syn etdi-de,Rahmanberdi aganyň:”Men hiç hili syrly güýje ynanamok,ýöne özümiň her bir ädimimiň yzarlanýanlygyny welin bilýän”diýen sözlerini ýatlady.Gelnejesiniň gürrüňi eýýäm bir ýerlere ýeten bolmalydy,ýogsam,beýdip alakjap gelmezdi.Ol bir kinoda Staliniň:”Sen Kliment,öz ýoldaşlaryňy gowy tanamaly ahyryn”diýip,Woroşilowyň arkasyna kakyşyny

görüpdi,şoňky ýaly Altymyrat hem öz obadaşlaryny tanaýardy.Bu ýerde geň galarlykly zat ýokdy...

## ---4—

Öýünde oňa gyssagly Aşhabada gelmeli diýen habar garaşýardy.Ilki paýtagtda bir aý türgenleşip,soň Polşada geçiriljek Ýewropa çempionatyna gatnaşmalydy.Paýtagtyň demir ýol menzilinde öňünden çykan Abramýanyň ýüzi galagoplydy.Salam-helikden soň

-Bilýänsiň,SSSR-iň dargamagy bilen ýüze çykýan bulaşyklygyň yzy gutaranok!Ony guran ýewreýler, ýykýanam şolar.Hi bular bir akyla sygjak zatmy? Durmuşda, önümçilikde, maşgalada eriş-argaç bolup,birek-birege baglaşdyrylan on bäş respublikanyň hersi indi özbaşdak.Ýetmiş ýyllap ýola goýulan aragatnaşyk haýsydyr bir iki-üç sany akylsyzyň günäsi bilen bir günde üzüldi.Hi, akyla sygjak zatmy?.Bu onlarça,müňlerçe adamlaryň ömür tanapynyň üzülmegine,aýylganç aýraçylyga,yktysadyýetiň çökmegine,özara dawalaryň,uruşlaryň köpelmegine getirer.Dogry, her respublikanyň özbaşdaklygynyň tarapynda,ýöne,men ol bir günde däl-dä,ýuwaş-ýuwaşdan amala aşsa adamlar üçin gowy bolardy diýjek bolýan.Ine,indi sportda hem hiç zada düşüner ýaly bolmady.Her respublikanyň wekili öz sportsmenini iberjek bolup,uly göreş gidýär,goh-galmagal.Görkezen uly üstünlikleriňe garamazdan seniň hem bu ýaryşa gatnaşmagyň uly sorag bolup galýar.Sebäbi,şu ýyla geçip uly ýaryşlaryň birine hem gatnaşmadyň, netijeleriňi görkezmediň-diýdi. –Burun,agam jan,bilýäň-ä,ştanga-da öz ýolum bar.Men diňe esasy ýaryşlarda bolaýmasa,başga ýerde öz güýjümi doly açyp görkezmeýärin,has dogrusy onda alyp biljek agramymdan on-on bäş kilony az alýaryn.

–Hut şonuň üçin hem senden öňe geçip,Ýewropa ýaryşyna gatnaşmaga hukuk gazanýanlaryň sany köpeldi.Ýöne,men bu meseläni baş telimçi Alekseýew bilen çözjek bolaryn.Belki,çözerin hem.Bilýäň-ä,Alty,dünýä,Ýewropa ýaryşlaryna gatnaşmaga hukuk gazanmak üçin diýseň gujurly bolmaly.Seniň agramyňda “A” we “B” topar bolup,her topar 12 adamdan ybarat,jemi 24 sany güýçli ştangaçy özara ýaryşýar.Şolaryň içinden biri öňe çykmaly.Beýle üstünlige eýe bolaýmak üçin nähili güýç sarp etmeli,nähili türgenleşik geçmeli,nähili gujurly,tutanýerli bolmaly!Göz öňüňe getirip gör!Men öwüp aýtjak bolamok,ýöne sen-de bu häsiýetleriň bary jemlenipdir.Sen ştanganyň agramy ýok ýaly edip ýeňil galdyryp bilýärsiň,bu bolsa mümkünçiligiň çäksizligini aňladýar.Edil häzirki döwürde dünýäde güýjüň,tehniki taýýarlygyň boýunça senden öňe geçip biljek sportçyny göremok.Men 33 ýylyň türgeni,70 gowrak sport ussatlaryny taýýarladym,şol sebämlem muny arkaýyn aýdyp bilýän...

Dogrudanam,jurnalistler Abramýandan:”Türgenleşikde nähili geň usullary ulanýarsyňyz,belki,aýratyn syryňaz bardyr?Siziň eliňizde türgenleşen ýaşlar güçli bolýar!”diýip soraýardylar,ol bolsa:”Gizlin syrym ýok.Ştangany nähili dogry galdyrmagyň tilsimlerini öwredýärin,galanlary oglanlaryň yhlasyna,güýjüne,höwesine bagly”diýip,gysgajyk jogap berýärdi...

–Alty,Moskowaly meseläni çözýänçäm sen bu ýerde türgenleşik geçmeli,oňa bolsa iki ýol bar-diýip,Abramýan gürrüňini dowam etdi-Bir ýol Pöwrüzede,ikinji ýol “Dinamo”sport mekdebinde.Haýsyny saýlaýarsyň?

-Gowusy,sport mekdebinde galaýyn,agşamyna jaýymda tämizleşik geçerin,tapan-tupanlarym bilen günümi görerin...

–Men saňa az-owlak sowalgajyk bereýin!Başga goldaw bolmasa,sport komitetiniň puly bilen oňubam bolmaz welin,şonda-da,nätjek-dä,gaýrat et,gardaş!Biz çempionymyzdan puly,zady gysganmaly däl,emma ýorganymyza görä aýagymyzy uzatmaly bolýarys.Öňden gelýän düzgün şeýle!Ol bizde şeýle, daşary ýurtlarda bolsa...

Ine,Moskwada çykýan “Sowetskiý sport”gazetinde”Sportçylaryň gazanjy”atly makalada şeýle diýilýär:”Meşhur sportçylaryň bir ýylyň dowamynda näçe gazanýandygyny bilmek gyzykly bolsa gerek.Milli basketbol assossiasiýasynyň “Çikaga Bullz”toparynyň oýunçysy Maýkl Jordan bir ýylda 17 million dollar,”Orlanda” toparyň oýunçysy Şakil O Nil 12 million dollar,”Formula-1”awtomobil ýaryşyna gatnaşýan germanýaly Mihael Şumaher 5 million dollar,Geohard Berger 11 million dollar,nemes tennisçileri Şteffi Graf 6,5 million,Boris Bekker 5,5 million dollar,boksçy Jorj Furman 7 million dollar,Italýanyň”Milan” futbol komandasynyň oýunçysy Roberto Bajo 4,5 million dollar,belli german ştangaçysy M.Nerlinger 12 million dollar gazanýarlar”diýilýär.Biz üçin bular ertekä meňzeş bir zat,emma haçanam bolsa bizem şeýle düzgüne,sportçynyň öz gazananyny özüne bermek düzgünine geçmesek bolmaz -diýip,Abramýan özüni aklajak boldy.

–Bolýar,agam jan-diýip,Altymyrat ylalaşdy-Ýöne,Polşa gitmezimden öň, mahabat ýaryşlaryna gatnaşyp,gazanç etmesem-ä bolmaz!

-Ýene bir hepde-den Eýran Yslam döwletinde şeýle ýaryşlaryň biri geçirilýär,eger isleseň şoňa gidip bilersiň!

-Bolar,agam jan!-diýip,Altymyrat ylalaşdy...

Dogry,azajyk ajyrak gezýär diýäýmeseň Altymyrat zatdan kösenmeýärdi,bir näçe otagly jaýy,maşyny bardy.Emma daşary ýurtlaryň öz çempionyna edýan sylag-hormaty,berýän pul serişdeleri bilen deňeşdireninde,pikire batanyny duýman galýardy.Dünýä çempiony bolanda oňa bir müň dollar,Ýewropa çempiony bolanda ýedi ýüz dollar pul sylagyny beripdiler,emma şol bir Naum Sülaýmanow Afina-da çempiuon bolanda 1,5 million dollar sylag alypdy,her aýda tölenýän otuz müň dollardan başga...Ähli zat pul bilen ölçenilmeýär diýjeklerem tapylar.Şeýle diýe-diýe şu derejä ýetmedikmi näme?Her zat diýselerem,sportçy öz gazanan halal zähmetiniň puluny,ýokarda Abramýanyň getiren mysallaryndaky ýaly, alaýsa kem bolmajakdy,sebäbi ol sagdyn öser ýaly ýeterlik iýmitlenmelidi,geýinmelidi hem...

Polşa gitmek üçin taýýarlyk görülýän döwri,şu ýazgylaryň ýazaryna Altymyrat bilen duşuşmak miýesser etdi.Şäheriň seýil,medeni we dynç alyş bagynyň ileri etegini tutýan gat-gat jaýy tapmak oňa kyn düşmedi.Ir ertirligine garamazdan, Tirkişiň ogly,Altymyradyň inisi Baýram eýýäm aýak üstünde ekeni.Ol hoşamaýlyk bilen garşylady-da:”Hä,daýy,sizmi!?”diýip,başyny atdy,soňam:”Häzir çaý içeris. Alty ylgap gelýänçä arkaýyn oturyň”diýdi...Ine,pälwana berilen jaýyň birinji gatynda ýerleşýän otagy.Onuň içiniň ýönekeýligi haýran galdyrýar.Köneje maşyn halynyň iki sanysy,bir oňa-muňa atylan köneje keçe.Göze görünip duran zat-pälwanyň ýeňişleriniň şaýady bolan kuboklar,altyn,kümüş medallar. Pälwanyň dynç alýan otagynda,diwarda asylgy halynyň ýüzünde,ýetginjekleriň arasynda dünýä çempionynyň altyn medaly lowurdaýar,garbanyşhanada bolsa onuň Ýewropa çempionatyna gatnaşanlygy baradaky boýna asylýan şekiller görnükli ýerde asylypdyr,onuň ýanynda,Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň gutlag hatlary bar.

Şol wagt gara dere batan Altymyrat geldi-de,myhman bilen gadyrly
salamlaşdy, hammamda ýuwundy,seçelenip duran şar gara saçyny süpürip,özüne bir bulgur kofe taýýarlady

–Daýy,jaýy synladyňyzmy?-diýip,ol kofeden owurtlady.

–Gözel jaý,häzirki zaman talabyna gabat gelýär,içi howaly,giň,ýagty...

–Ol dogry,ýöne...Meniň üçin-ä obadaky çig kerpiçden galdyrylyp, daşy aklanan pessejik jaýymyz gözüme yssy görünýär.Bular ýaly gat-gat jaýlar türkmeniň ruhuna gabat gelenok.

–Menem şeýle pikirde-diýip,myhman razylaşdy.

–Daýy,ýaňy bir waka gabat geldim.Nädip aýtjagymy hem bilemok.Goňşymyzyň ogly:”Nireden tapsaň tapda maňa pul tap”diýip,ejesini ýakalap dur,olam:”Men nireden tapaýyn?Bary-ýogy kyrk manat pensiýä alýadym,onam ýatyrdylar,gaýtam,bagryňy eredip ýörme-de, maňa kömek et!Alla jan,şu geroin diýen belany tapanyň öýi ýykylsdyn-da!Ol edil gurçuk ýaly içimize ýaýrap barýar”diýip,aglamjyrap zeýrenýär.Meniň ol aýala nebsim agyrdy.Ogluny ur,ýenç peýdasy ýok,onsoň ýanymda barja puly berip gaýtdym-diýip,ol kofeden owurtlady.

–Obada ýagdaý ondanam erbet.Gapyňda taňňyryň,kündügiň,taňkaň,gazanyň durjak gumany ýok,ogurlap,deger-degmeze satýarlar.Bularyň bary ”Öýünde bir gram tirýek saklaýar diýip,adamlara azar berip ýörmäň”diýlenden soň köpeldi.Tirýek,geroin ,arak,nas aýylganç bela bolup,ýaşlary zaýalaýar.Munuň öňüni almak üçin ýaşlary iş bilen üpjün etmeli,eli boş bolsa,bir zatlara güýmener,hünär öwrener ýaly mümkinçilik döretmeli,sport bilen gyzyklandyrmaly.Bu döwletiň,jemgiýetçilik guramalaryň işi...Ýeri bolýar,ýegen,hany aýt,saglygyň nähili,näme täzelik bar?!

-Saglyk ýaman däl.Ýewropa ýaryşyna gitmäge serişde gazanmak üçin Eýrana gidip geldim.Tähranda bir telekeçi öz öndürýän harydyny mahabatlandyrmak maksady bilen ştanga ýaryşyny gurnapdyr.

Meni türkmen ilçihanasynyň wekili Gandym Gurban garşy aldy.Daýy,ýogsa-da ol obadaşyňyz,tanaýansyňyz.Gandym aga kiçigöwünli,sada,uly alym ekeni.Işiniň köplügine garamazdan öňüme düşüp,Eýranyň medeni,taryhy ýadigärliklerine aýlady,gyzykly gürrüňleri berdi.Pars dilini suwara bilýär ekeni.Ýaryşyň guramaçysy Omar begiň ýanyna-da ol alyp bardy,tanyşdyrdy.Gür baga bürenen howlunyň derwezesinden giren badymyza Omar beg bizi uly hormat bilen garşy aldy-da:”Siziň ýaly belent mertebeli kişi bilen görüşmäge mümkinçilik döredeni üçin, men Beýik Taňra minnetdardyryn.Men,orta boýly,gelşikli,mylaýym ýylgyryşy bilen göreni özüne çekýän pälwany teleýaýlymda görüpdim.Batyrgaýlyk,aýgytlylyk jähtde senden öňe geçen bardyr öýüdmeýärin.Ine,bu günem sen meniň hormatly myhmanym!Bize deňsiz-taýsyz güýçli pälwanyň gelenliginiň hatyrasyna,köne däp-dessurymyzy berjaý ederis”diýip,sözüni soňlady.Şol bada hem iki adam, şahlary burum-burum,agramy 50 -60 kilo ýetäýjek daýaw goçy getirdiler-de,sen-men ýok,edil meniň aýagymyň aşagynda diýen ýaly ýatyryp,damagyny çaldylar.Goçuň al gany syçrap,töwerege,üstüme ýaýraýanlygy üçin men yza çekilmekçi boldum,emma Gandym aga:”Gozganma-da, dur!Bu öte sylanýan,güýçli pälwanyň bu topraga aýagy düşsün,emgek belasy gelmesin diýilip,Alla ýoluna goç gurban edilýän örän gadymy däp-dessur.Degme,gaýtam gan köpüräjik syçrasyn,ýuwaýmaly bolar.Bularda ol gowy alamat hökmünde kabul edilýär”diýip,meni saklady.Şeýdip,Omar begiň öndürýän harytlarynyň öňünde surata düşüp,ýaryşda ýeňiş gazanyp,onuň sylag diýip beren alty müň dollaryny aldym-da:”Men bu sylagy gadymy toprakda özümiň ornumyň, mertebämiň has ýokary göterilmesi hökmünde görýärin”diýdim. (Ýogsam,men ol ýere pul gazanmak üçin ýörüte barypdym.)Omar beg bolsa:”Siziň mertebäňiz bujagaz baýrak bilen ölçenilmeýär,Siz beýle zatlardan has ýokardaky adam”diýip,bizi hoşamaýlyk bilen ugratdy...

Men Tähranyň uçar menzilinde Gandym aga bilen gadyrly hoşlaşdym.Bilýänsiňizem weli,şu ýerde bu adam barada bilýänlerimi dile getirmekçi.Ol Türkmen döwlet uniwersitetinde bir ýyl açylyp,soňam ýapylan pars dili bölümine okuwa giripdir.Bu dili öňem azda-kände bilýär ekeni.Pars dilinde ýokary bilim alan hem bolsa onuň kandidatlyk ylmy işi Magtymguly Pyragydan bolupdyr.Bu işini ýazýarka Täjigistanda işläpdir.Soň öz okan ýerinde mugallym bolup işläp başlaýar.Onuň ýanynda, bir döwürde eýrandan gelen Begenç Kerimi,Guwanç Kerimi,Aşyrpur Meret,Yslami ýaly pars dili mugallymlary işläpdirler.Gandym aga ylmy işlerinden başga-da "Köne türkmen ýazuwy"atly göwrümli kitap ýazypdyr.Bu kitap arap elipbiýinde ýazylan köne türkmen ýazuwyny öwrenmegiň iň aňsat usuly diýip gürrüň edýärler.Pars,arap elipbiýinde bir nokadyň üsti bilen bir söz ummadan çykýar,ony öwrenmegem kyn.Şonda-da, Gandym aga okadýan sapagyny berk sorapdyr,sapaga girseň diňe pars dilinde özara gepleşmeli edilipdir,sebäbi bu dili çalt özleşdirmeklige kömek edipdir.Belki şu talap edijiligi üçindir,kim bilýär,ony işinden aýryp,ilçihana terjimeçi edip Eýrana ugradypdyrlar.Bu ýerde-de ony:"Sen pylan ýerde pylan hili gürrüň edipsiň"diýip,yzarlapdyrlar.Hiç kimiň ýurduny taşlasy,oňa hyýanat edesi gelenok ahyry.Bizde bolsa pylan diýipsiň diýip,ýürekleri ýarylaýjak bolýarlar,derrew garalap,duşman saýyarlar.Umuman alanyňda,bizde,adamynyň,alymyň gadyry bilinmeýär.Gandym aga duşup,men şu zatlara gözümi ýetirdim...-diýip,Altymyrat dymdy,galanja kofesini owurtlap,sözüni dowam etdi-Daýy,ine şeýdip,eýran topragynda ýol harjymy gazandym,ertirem Polşa ugramaly.Ýogsa-da,ýakynda,gazetleriň birinde,"Galkynyşda-dy" öýdýän,Oguz hanyň yzyny yzarlap atly möwzük bilen"Amazonkalylar kimler?"atly makalaňyzy okadym.Men öň Ahmet Bekmyrat diýen bir alymyň"Sadrançnamasyny","Andalybyň oguznamaçylyjk däbini","Göroglynyň yzlaryny" okapdym,Siziňki hem şolara kybapdaş ýazylan.Ol meni parhsyz goýmady.Dogry,Ahmediň sowatlylygy,okumyşlygy,gözýetiminiň giňligi,pikirleniş ukybynyň aýratynlygy maňzyma batýar.Onuň dür çöpleýän ýaly bir-birine gabat gelmejek ýaly görünýän delilleri hatarlap,bir kerwene düzüşine,ony subutnamalar bilen delillendirişine synym oturýar.Siziň hem gozgaýan meseleleriňiz örän gadymy.Siz bilen pikir alyşmak,oturyşmak,çaý içişmek,taryhy geçmiş baradaky garaýyşlary maslahatlaşmak örän lezzetli.Siz türkmeniň gadymy medeni gymmatlyklaryna özboluşly çemeleşýärsiňiz.Mysal üçin Siz"...türkmeniň "Är"diýen sözi bar,çaga haýsam bolsa bir gahrymançylyk görkezip at alýança oňa är diýer ekenler.Ýewropa döwletlerinde häzirem ol ýörgünli,nemisler erkek adama ýüzlenenlerinde "ger",iňlisler "ser",fransuzlar "mer"diýýärler,olaryň asly köki türkmeniň är sözünden gaýdýar,şu hem dilimiziň gadymylygyny subut edýär"diýeniňizde,siz müň kerem mamla.

–Dogry.Magtymgulynyň özboluşly bir çeperçilik täri derejesinde meşhur bolan sözleriň syrly işledilmegi ýaly şahyrana ugruna düşünmek kyn,ýaňky är söz baradaky pikirlerem onuň goşgularyndan eriş-argaç bolup geçýär,ýöne ony ymykly öwrenmek gerek.Ýogsa-da,ýegen,ýaman däl,köp okaýanlygyň bildirýär.

-Bir zada güýmenmesem oturyp bilemok.Ejemiň öwreden endigi,"oglan bikär oturmaz,bolup bilse ot bolar,ot bolmasa ýat bolar"diýýärdi,pahyrjygym.-Ol diwardaky sagada seretdi-de-O-how,şägirtlerim garaşýandyrlar,gideýin.Siz bilen näler oturasym gelýär welin,nädeýin-diýdi.

–Men äkidäýerin-diýip,myhman ýerinden turdy.

–Azara galmaň,özüm giderin.Siz Baýram bilen oturyp çaýlaşyň-diýdi-de,ol içki jaýa girdi,girşi ýaly hem bir eli bukjaly,agzy nanly gaýdyp geldi-Ertirlik edinmäge elim degenok.Nanymy ýolda iýerin,sag boluň!-diýip,ol ylgaşlap daşary çykdy.

Myhman onuň yzyndan seredip galdy-da,pikire batdy.”Ähli yhlasyny türkmen sportyny ösdürmäge bagş edýän pälwanyň gury çörek iýip,öz ýanyndan göwnihoş boluşyny görüp,taryhyň jümmüşine köki uzan halkymyzyň abraýyny,mertebesini belende göterip,ony bir gez beýgeldýäniň sarpasynyň ýeterlik derejede saklanmazlygy lapyňy keç edýär.Sporta gatnaşýanlygy üçin berilýän gündelik hak-gün-güzeranyny ýykma-ýykylma aýlamaga zordan ýetýär,ýogsam oňa “ýeňiş gazansaň bolýa,ine saňa pul”diýip,döwlet tarapyndan mümkünçilik döredilse-de boljak ahyr...”diýeniňi duýman galýarsyň.

Ine-de, Altymyrat Moskwanyň etegindäki türgenleşik meýdançasynda.Öňler özi ýaly ýaşlaryň arasynda bolansoň,indi ulularyň arasyna düşmagi ony birneme çekindirýär,utandyrýar.Ol Kuznessow,Kasapu,Kasanow ýaly dünýä belli ştangaçylar bilen ýaryşmaly.Olar kän bir ýüz hem bermeýärdiler,göwniýetmezçilik edýärdiler.SSSR-iň dargamagy bilen kim nämä jogap berýär,kim nämäni çözýär,biler ýaly däldi,büýr-bulaşykdy.Belki şondan,belki ýaryşa üç sportçynyň biriniň gitmeli bolýanlygy üçin,Altymyrat gije ýatyp bilmedi,tolgundy,aýagynyň damary çekip,ýöremekdenem galdy.Gözüniň öňünde agalary,obadaşlary:”Biz saňa ynanýarys,üstünligiňe garaşýarys”diýýärler.Ine,onsoň ýeriňden galyp bilmeseňem,olaryň umytlaryny ödemek üçin aýaga galmaly bolýar.Her zatda bolsa,ondan öňe geçip,Polşa gitmeklige hukuk gazananlaryň sany köpeldi.Altymyrat üçin ýaryşdan galmak howpy döredi.Iň soňky pursatda,Altymyradyň daş göteriş usulyna belet bolan Alekseýew ony goldady,ýaryşa gitjekleriň hataryna onuň adyny goşdy.Sebäbi Alekseýewiň özi hem dünýä çempiony bolan gezekleri şeýle usuly saýlar ekeni.Ol usul bolsa öz alyp biljek agramyňy diňe ýaryş geçirilýän döwri görkezmeli!...

Şeýlelikde ol Polşada çykyş edýän,netijeleri boýunça ondan ýokarda bolan bolgar,türk,polýak ştangaçylary bilen ýaryşa girdi.Onda,diňe özüne belli bolan duýgy,öňden görüş alamaty bar.Meýdança çykmaly bolýança,öňki endigi boýunça ýatyp,gözüniň awusyny aldy,çykmaly diýip turuzanlarynda bolsa, ilkinji synanyşygynda näçe agram götermelidigini hem bilenok.Ony diňe garşydaşlaryň gazanan netijeleri boýunça kesgitleýär.Ondan öň bolgarýaly 192,5 kilo,polýak 195 kilo,türk 192 kilo agramy göteripdir.Her gezek mesele şeýle aýgytly çözgüde ýetende,ol eýmendiriji dymma adama öwrülýärdi,hamala diýersiň doňup galana dönýärdi,sebäbi, özüne aňrybaş derejede erk etmegi başarýardy.Şeýle sowukganly arkaýynlygy sebäpli hem,edil aýnada ýaly meseläniň soňuny görýärdi.Has dogrusy,ilkinji synagda haýsy agram bilen başlamaly,soňuny nähili gutarmaly-her garşydaşynyň anyk mysalynda,diňe şol pursatda çözmäni başarýardy.Bir seretseň onda hiç hili hasap,ölçeg ýok ýaly,emma ol ýedi ölçäp bir kesmän herekete başlamaýardy.Käbirleri oňa batyrgaýlyk diýip düşünýär,emma batyrgaýlyk bir zady pikirlenmän edip,köre-körlük bilen öňe okdurylmak däl-de,eýsem oňa hatyrjem we paýhasly çemeleşmedir.Altymyradyň batyrgaýlygy onuň içki hyjuwlarynyň gazanynda gaýnaýar,soňra sagdyn pikirlenmäniň eleginden geçirilýär,hut hyýalyň we paýhasyň şol birleşmesiniň esasynda hem üstünlik gazanylýar...

Altymyrada häzir ähli zat düşnükli.Iň ýokary agram göteren garşydaşy näçe göteren bolsa ol ondan birneme artygrak agram bilen öňe düşmeli.Hut şonuň üçin hem ol ilkinji synagynda 202 kilogramy göterende:”Sen eýýäm Ýewropa çempiony bolduň!”diýip,ony gutlamaga başladylar.Şol üsrünlik,şol gutlaglar hem ony birneme gowşadan bolmaly,sebäbi ol nobatdaky 210 kilogramy göterip bilmedi.Emma ol öz güýjüne ynanýar,eger 210-215 kilogram galdyranyňda,dünýä çempiony bolýarsyň diýseler,ol ony hökman göterjegini bilýär.Ol şeýle pälwandy...

Altymyrat Polşadan Moskwa gaýdanynda,öňki SSSR-iň,häzirki Orsýetiň baş tälimçisi Wasiliý Alekseýewiň gapdalynda oturmaly boldy.Bu tötänlikde boldumy belli däl,emma Altymyrat üçin ol örän ähmiýetli duşuşyga öwrüldi.Ýerinde oturan badyna ol Altymyradyň elini gysyp,gazanan bu ajaýyp ýeňişi üçin gyzgyn gutlady.

–Alty,gorkym uludy weli,tamamy ödediň,sag bol.Dogrusy,seni edil öz oglum ýaly eziz görýärin,hat-da ýüzümizde,daşky sypatymyzda hem meňzeşlik bar.Saňa bir zat aýtmakçy,özem şuny ýadyňdan çykarma!Ýaş bolsaňam sen eýýäm özüňi dünýä tanadan sportçy,Ýewropanyň,dünýäniň ençeme çempiony.Saglyk ýagdaýyňy göz öňünde tutup,berjek maslahadym.Lukmanlar seni şu ýaryşa hem goýbermek islemediler,asyl sen ýeke böwrekli gezip ýörseň nätjek.Ýeke böwrekli agyr daşlary göterýäň,ol iki bolanda dagy nähili bolardy?Aýtjak bolýanym,şu gezek ähli jogapkärçiligi öz boýnuma alyp,seni ýaryşa goýberdim,gowy netije hem gazandyň.Ýönä, indi-den beýläk uly ýaryşlara gatnaşmagy maslahat bermeýärin.Näme üçin diý?!Saglyk ýagdaýyň üçin.Dogry,senem edil men ýaly özdiýenli,gaýduwsyz, garadangaýtmaz, söweşmäge ukyply,türgeniň diýenlerine-de kän bir pitiwa edeňok.Ýöne ýaryşdan galmaly-da,ýaşlaryň türgeni bolmaly,bilýänleriňi olara öwretmeli...

–Sözüňizi bölenim üçin bagyşlaň!Aýdýanlaryňyz dogry,ýöne meňem siz ýaly iki gezek bolmesa-da,iň bolmanda bir gezek Olimpiada ýaryşyna gatnaşmak arzuwym bardy-da!-diýip,Altymyrat seslendi.

–Bilýänsiň,bilmeseň aýdaýyn,men sekiz gezek dünýä çempiony,Müýnhen we Monreal Olimpiadalarynyň ýeňijisi boldum,segsene ýakyn dünýä rekordyny täzeledim.Çempionlyk üçin birine şah çykmaly bolsa maňa çykardy.Men ertekilerdäki ýaly islän wagtym dünýä rekordyny täzeläp bilýärdim.Şu mümkünçilik şu güne çenli dowam eden bolsa-da,ýaryşdan çykyp,türgenlige baş urdum,sebäbi maňa saglyk gerek!Şol saglyk saňa-da gerek!Käşgä,daşary ýurtlardaky ýaly,dünýä ýaryşlarynda gazanýan ýeňişiň muzdy bada-bat berilýän bolsa-dy,onda pekord gazananyňa degýärem,bizde ol ýok.Goýberilýän baýragyň bir göterimindenem azyragy berilýär,onuň bilenem çaga ekläp bolanok,onsoň täze rekordlary gazanjak bolup azara galanyňa degenok.Dogry,menem seniň ýaşyňdakam bir zady ederin diýip,şony etmesem göreşimi gowşadmaýardym,garşydaşyň güýçli boldugyça şonça-da höwesim artýardy,öňümde ýeňip bolmajak basgançagym bolmaly däl diýýärdim.Meniň türgenleşik geçişim hem iliňkä meňzemeýär.Häzir eýle-beýle türgenleşýärdim diýip,agzymy dolduryp,aýdyp otursam:”Derejä ýeteniň öwünmäge haky bar”diýjekler tapylar,emma öwünip aýdamok.Häzir köp sportçylar meniň usulymyň peýdalydygyna göz ýetirip başladylar.Ol bolsa şulardan ybarat-güýjem gerekdir weli,esasy höwes,hyjuwdan doly isleg gerek!Fiziki taýýarlygyň üznüksiz ýokary bolsa-da,ýeňiş gazanjagyňa bolan güýçli ynamyň bolmasa bolanok.Dürli döwürlerde janymy ynanýan türgenlerimiň maslahatlaryna eýerdim,emma hiç mahal ony köre-körlük bilen ýerine ýetirmedim.Soňky döwürlerdä-hä,öz-özümi özbaşdak türgenläp ugradym.Bu usulym hiç bir ylmy kitaplarda,ýazgylarda ýokdur.Bar bolan ýazgylarda “irginsiz türgenleşip,göterip biljek soňky agramyň derejesindäki agramy köpüräjik göterip ýeňiş gazansa bolýar”diýilýär,men oňa ynanamok.Umuman dürli usullar barada gürrüňler bar,ýöne anyk ýoly görkezip bilýän ýok,sebäbi, ol her kimiň öz-özüniň üstünde işläp bilmegine bagly.Ine,häzir türgenleşik meýdanlarynda ştangaçy öz ýetmezini öwrener ýaly,uly göwrümli aýnalary goýdular.Oňa seredip ejiz ýeriňi tapjak bolmaly däl-de,öz kalbyň

isleýän zadyny tapmagyň pikirini etmeli.Türgenleşigiň häzirki usuly 1950-nji ýyllardan bäri üýtgemän gelýär.Onda,mysal üçin “birden götermekde täze bir basgançaga çykmak isleseň,şol ugrdan irginsiz türgenleşibermeli”diýilýär.Men bolsa ony etmän,beden agzalarymyň damarlarynyň güýjüni artdyrmagyň aladasyny edýärin.Has düşnükli aýtsam,sen näçe türgenleşik geçseňem birden götermekde netije ýok diýeli.Şeýle ýagdaýda bedeniň haýsy agzalary,eti,damarlary aýdylan görnüşi ýerine ýetirmäge gatnaşýan bolsa,men dürli sport hereketleri,usullary bilen ýaňky agzalaryň güýjüni artdyrmagyň aladasyny edýärin.Görüşiň ýaly gowy netijelerem berýär.Oňa başga ýol ýok.Bu usul haýsy agramda çykyş edýänligiňe garamazdan peýdaly-diýip,Aliksеý sägindi,ýüzüniň derini ýaglygy bilen süpürdi-de:-Maslahatymy alsaň,indi Olimpiada hem diýme,beýlekem,öýlen-de,çul çagaly bol,türgenlikde işläber,jaýyň,maşynyň bar.Isleseň ýanyma alyp,on müň manat aýlyk belläýin, isle ýurduňda gal,tälimçi bol,tapawudy ýok-diýdi

- Maslahatyňyz üçin taňryýalkasyn,ýöne meňem öz etsem-petsemlerim bar-diýip,Altymyrat jogap berdi.

-Diýmek,sen öz pikiriňde galýarsyň-da,şeýlemi?

-Edil şeýleräk diýsemem boljak,galanynam,türgenim Abramýan,agam Orazberdi bilen maslahatlaşyp göreýin-diýip,Altymyrat jogap berdi.

Ol häzir, ştanganyň naýbaşy hasap edilýän adamynyň maslahatyna bor diýmelidi,etmesede bor diýmelidi,sebäbi,ol beýle maslahaty her bir öňýetene bermeýärdi.Altymyrat özdiýenlilik edip ýalňyşdy,özüni goldajak adamynyň maslahatyny kabul etmedi.(Dogrylygyna güwä geçip biljek däl,ýöne“hut şu ýalňyş hem, geljek ýyl Olimpiada ýaryşlaryna onuň gidip-gitmezligi baradaky meselä täsir edipdir”diýip,netije çykarýanlaram tapyldy).

–Men,gözelligine guwanyp,käte “özünden gidýän” aýalyma bir gün:”Ezizim,saňa kiçeňräjikden köp sowgat alaýynmy, ýa-da ulurajyk birini!?”diýip ýüzlendim,”Sowgadyň köpüräjigini alaý,biz kommunizme golaýlaşýas ahyry!”diýip,zat bolsa gowşaýan aýalym jogap berdi.Men oňa bir bulgur çigit sowgat berdim-diýip,Alekseý çep gapdalynda häliden bäri hor çekip,indem oýanan Abramýana bakyp ýylgyrdy.Altymyrat bolsa Alekseýiň bu degişmesini özüne berilen maslahatyň jemlemesi hökmünde kabul etdi.

–Komunizmde türme,dürli din akymlary bolmaly däl,arak içmeli däl diýerdiler,indi şol diýýänleriň biri gedaý,köçede oturyp pul dileýär,beýlekisi bazarda hyýar satýar,üçünjisi “namaz okamak taňry buýrugy” diýip,Hudaýy çagyryp,mollaçylyk edýär.Olar agşam özlerine düşen pullaryny sanap görenlerinde:”Eý,Hudaý,hyýar satmadan bir bizi özüň goraweri”diýip,ikisi doga-dileg edipdirler,sebäbi hyýar satanyň puly hemmeleriňkiden az gelipdir.Aýtjak bolýanym,aýalym:”önüm öndürýäniň sylagy peseldi”diýip gaharlanardy,asyl ol dogry ekeni-diýip,Abramýan jogap berdi.

–Aýalyňa gaharyň gelse onuň oturan ýerini ýumruklabermelidir.Ýogsa-da,ýanymyzda heniz öýlenmedik ýaş ýigit bar,gelşiksiz-diýip,Alekseý ýylgyrdy.

–Filippin adalarynda ýaşaýan är-aýallar bir-biriniň diline düşünmeýärmişin,hersiniň dili başgamyş.Menem Alty jana şolaryň birine öýlen,güň bilen ýaşaýan ýaly, janyňy ýakmaly bolmarsyň diýjek,sebäbi, aýal-suwy alynmadyk nar,durky bilen näz-kirişmesi bar.Atam pahyr ýüz ýaşap öldi,ondan:”Sowet hökümeti saňa näme berdi?”diýsem,”Beren zadyny-ha bilemok,üç aýalym bardy,şolaryň ikisini bolşewikler aldy”diýip,jogap berdi,diýmek köp aýallylyk gowy bolmaly.

–Bruna,belki, ol gowudyr,emma jemgiýetiň,döwletiň kanunlary hem bar,oňa boýun bolmaly.Aýalym bir şahyr dostuma topalaňçy,bozgak diýýär.Onuň bozgaklygy,iki

aýalyny eklejek bolup,yrsgalynyň öňünden barýar.Ine birdenem ol, “dil baýlygymy artdyrjak,türme şiwesiini öwrenjek”diýip,urşup,türmä düşdi.Aýalym-a:”Gowy bolupdyr,belki,ony ol ýerde alybam galarlar”diýip,begenýär,sebäbi ol kanuny bozýar,iki aýal saklaýar...Geläýdik öýdýän!?-diýip,Wasiliý sagadyna seretdi...

Uçar Moskwanyň “Domodedowa”menziline gondy.Alekseýew bilen Abramýan bu ýerde galdylar,Altymyrat bolsa Algabada uçmak üçin petek nobadyna durdy.Şol bada onuň böwrüne biri dürtdi.Seretse-Şamyrat.Ol Altymyrady ýitirip-tapan ýaly,gadyrly görüşdi,hal-ahwal,ýagdaý soraşdy

-Saglygym erbet däl,nobatdaky ýeňişimi gazanyp,Polşadan gelýän,dost jan.

–Wah,meň ýagdaýym nemeräjik bolansoň Odinsowa şäherine gidip bilmän durun-da.Ors gelnejeňi ýüki bilen ugratdym,yzyndan gitmäge bolsa gara köpügim ýok-diýip,Şamyrat naýynjar seslendi.

–Wah-eý,ol-a bolmandyr,dost jan-diýip,ýüzlek,geçirimli Altymyrat öňki diýenlerini ýadyndan çykardy,ýogsam,maşgalasyna seretmyýän bilen dostlugy pozmagy niýet edinipdi ahyryn- Meniňem zordan Aşgabada ýeter ýaly serişdäm bar.

–Aý,bir zat edersiň-le,sen öýe barýarsyň ahyry,maňa kyn,maňa.Ýürek agyrym aýrylar ýaly,şuny maňa beräý!-diýip,ol soraman zat etmän,Altymyradyň akja köýneginiň kisesine elini urdy-da,ondaky ýüz dollary garbap aldy.

–Şol saňa ýetýärmi,dost jan?-diýip,Altymyrat sorady.

-Ýetmese nädeýin,başga pulum ýok diýdiň-ä...

–Hakykatdanam,pulum-a ýok,ýöne saňa gerek bolsa alaý,dost jan.Men eýdip-beýdip günümi görerin-diýip,Altymyrat jogap berdi...

Şamyrat puly alan badyna,elini galdyrdy-da,hoşlaşman diýen ýaly, adamlaryň akymyna siňip gitdi,Altymyrat bolsa,ýolda okar ýaly gazet satyn alyp, nobatyna bardy hem-de gazetler bilen tanyşyp başlady.Gazetlerde,ýurtda bolup geçýän bulaşyklyklar barada,onda Ýelsin bilen Gorbaçewiň günäkärdigi,buýruk beriji yktysadiýet maksatnamasyndan bazar gatnaşygyna yzygiderli geçmek baradaky Kosiginiň kararynyň agsaýanlygy,azatlygyň salkyn şemalyna başy aýlanyp,islän zadyny etmekde,aýtmakda,hödürlemekde,bellemekde adatdan daşary açyklyga eýe bolan adamlaryň,üwelen ete nobada duranlaryndan gazet-jurnallary almak üçin nobada duranlaryny gowy görýändiklerini,açyklyk,aýdyňlyk zerarly jurnalistleriň,habarçylaryň hat-da oba habarçylarynyň-da islän adamsyny Ýokary Geňeşlige saýladyp bilýändikleri baradaky bellikler bardy.(Oňa aýdyň mysal,ýaňra,gözboýagçy,ýerli guramalary tankyt astyna alyp,iki-üç sany makala ýazanlygy üçin käbir adamlar tarapyndan arçynlyga göterilen Şamyrady görkezmek boljakdy,bolsa-da ony uzak işletmediler.).Gazetlerde ýene-de,SSSR-iň dargamagy bilen milletara jedelleriň,uruşlaryň artanlygy,halkyň ýaşaýyş derejesiniň gaty pese gaçanlygy,prokrotura,kazyýet işgärleriniň bolýan wakalaryň syýasy bahasyny anyklap,gatyrak gidýänleriň öňüni almagyň deregine,gaýtam, ol işlere goşulýandyklary,Kommunistik partiýada bölünişigiň barlygy,Partiýanyň gurultaýy gidip durka,Ýelsiniň partbiletini taşlap çykyp gaýdanlygy,ýol berilmesiz bu ýagdaýa Gorbaçewiň göz ýumanlygy,syýasy baha berip,ýazgarmanlygy,hat-da, bu gözdençykgynç herekediň metbugatda hem bahasynyň berilmänligi zerarly,bir gijäniň içinde rus,ukrain,belorus ýurtlary özara şertnama baglaşyp,SSSR-den aýrylýandyklaryny yglan edendikleri agzalýar.Ýene-de gazetlerde:”Öň raýkom,indi kim bolar?”,”Ukrainada Leniniň ýadygärligini ýykýarlar”,”28-nji gurultaýdan soň Kompartiýa özüne gelip bilenok”,”Hasyl ýetişdi,ýygnaýan ýok”,”Pars aýlagy,Yrak-Kuweýt dawasy”,”Pakistan,Benazir Bhuttanyň

çetleşdirilmegi”,”SSSR dargady,täze raýdaşlyk şertnamasy”,”Özbegistan pagta ýygymynyň tölegini ýokarlandyrdy” ýaly we ýene şuňa meňzeş habarlar bar.

Altymyrat SSSR-iň dargamagyna gaty gynandy,onda adamlaryň aladalary ilkinji orunda durýardy,okuw,saglyk hyzmatlary,hökmany dynç almaklyk mugtdy,harytlar arzandy,bahalar bir durkuny saklaýardy,puluň hümmeti hem şeýledi.On bäş respublikanyň islän ýerine gidip bolýardy.Indiki düzgünde onuň ykbaly nähili bolarka?Kim sportça eýe çykar?Kim goltgy berer?Öňler dünýä ýaryşlaryna gatnaşmagyň hysyrdyly aladalaryny Moskwa çözýärdi.Indi ony kim çözer?Dek düýn Türkmenistanyň SSSR-iň düzüminde galýanlygy baradaky ählihalk referendum geçirilipdi.Döwletleriň aglabasy diýen ýaly garaşsyz boldy,Türkmenistan hem nämädir bir zada garaşan ýaly,ahyrym öz garaşsyzlygyny yglan etdi...

Bulary pikirinde aýlap,uçardaky ornuna çöken badyna,esger ýigit salam berdi-de, onuň gapdalyndaky boş ýerde oturdy.

–Alty ,Polşadan gelýärmisiň?-diýip,ol bada-bat sorady.

–Hawa.Sen meni nireden tanaýarsyň?

-Seni dünýä tanaýar.Meň adym Magtymguly,obadaşyň,aýdym-saz mugallymyň Tirkiş Taganyň ogly men.Ho gün Türkmenistanly esgerler bolup teleýaýlymyň öňüne ýygnandyk.Polşadaky ýeňişiň şeýle bir galkyndyrdy,şeýle bir begendirdi,ony söz bilen beýan edip bilemok.Hut seniň üstünligiňe ruhlanyp,söweşjeň tabşyrygy ýokary bahada ýerine ýetirdim hem-de on gün ata-enemi görüp gaýtmaga hukuk gazandym.Öýe görme-görüşe barýarkam saňa duşmagym bolsa meniň üçin aňyrsyna ýetip bolmajak bagtlylyk.Ikimiz deň-duşuragam bolmaly,şeýle dälmi?

–Ilki bilen-ä meni bagyşla,üns bermändirin,tanamandyryn,dost jan,soragyňa bolsa,öz ýaşyňda gulluga alynan bolsaň, men senden ulyrakdyryn diýjek...

–Olam ahmal,ýöne gep onda däl.Rugsat etseň bir zatda pikir alyşmakçy.Senem gulluk edensiň,bilýänsiň.Esger gullukda nämäniň plkirini edýär?Öýi,ata-enesi,söýgülisi.Esger söýgülisinden hat alsa,şol gün onuň üçin baýramçylyk.Oňa diňe men däl,ähli esgerler bolup begenýäris.Hat gelmese weli...Iki ýyl gullukda.Köp zatlar ýadyňdan çykýar,ýadyňdan çykmajaklaram kalbyň çuňlugynda ýer alýar,durmuş,dünýä anyk görünip başlaýar,adam gatnaşyklaram şeýle.Harby okuwdan ýadap gaýdyp gelersiň,esgerleriň ýüzlerine sereder ýaly däldir,nämedir bir zada ynanyp garaşýan hasratly ýadow gözler oýnaýandyr,goh-galmagal asmana galýandyr,ine,birdenem gazet-jurnallar bilen bilelikde garaşylýan hatlar geler weli,seslere suw sepilen ýalydyr.Daňy-daňy, topbak-topbak hatlar elden-ele geçerde eýelerine gowuşar.Şonda äpet meýdany tutýan esgerleriň umumy ýatak jaýynda şeýle bir ümsümlik höküm sürer,hat-da, ýekeje siňegiň sesi hem eşidiler.Bu pursat esgerleriň iň gizlin,syrly ýüreklerde müdümi ýer aljak,käbirini joşdurjak,käbirini hasrata gömjek pursatlaryň biri.Menem soňkulardan,sebäbi,yzynda,öý belgisi ýazylan,içi suratly,sabyrsyzlyk bilen garaşan hatym gelmedi.Tas däliräpdim.Bir ýyllap kalbym ýagtylykda ýaşady,birdenem hat kesildi-de,garaňkylyga düşdüm.Nätjegimi bilemok.Maslahat ber.

–Kalbyňdaky hasratyňy eşidip bozuldym,inim jan,ýöne,sen öýüňe barýarsyň, duşuşarsyň,düşünişersiň,hemme zat gülala-güllük bolar,maňa ynanaý!-diýip,Altymyrat jogap berdi-Gulluk eden döwrümde söýüşýänim-ä ýokdy,ýöne bir esgere gelen haty okap görüpdüm.Onda:”Ezizim,bagyşla,seniň öňüňde ýalan sözläp biljek däl...Ýöne sen kalbymdaky ýagty ýatlamalaryň iň gowularynyň biri bolup,ömürlik galarsyň...”diýilýär.Ýagty ýatlamalar,olaryň iň gowulary..Bularyň aňyrsynda nämeleriň gizlenip ýatanyny bilýärmiň?

-Ýok,bilemok.
–Hatyňda söz oýnadyp, köp nokat goýmak,gyşarylmak aňsat,ýöne ony okan her bir ýürek onuň nämedigine düşünýär ahyry...”Ýigrimi birinji asyrda pylan döwrüň gyz-gelinlerine duşmarsyň” diýilýäne ynanmasamam,bir hili öňkülerde bar bolan wepalylyk,utanç-haýalyk ýaly gymmatlyklar azalana çalym edýär.Maňa “Sen nirede gezip ýörsüň?Bu zatlara beýle çynlakaý garama.Belki ol başga bir söýgülisine duşandyr”diýjekler tapylar.Ýöne, çyn söýgä wepalylyk,söýeniňe ýürekden berilmek ýaly gatnaşyklara duýgynyň,pikirleriň,düşünjeleriň jemi hökmünde garalýar.Ol şeýle bolmalam.
–Bir esgeriň söýýän gyzy:”Saňa iki ýyllap garaşmak,munuň özi durmuşymyň doňduryldygy bolýar”diýip ýazypdyr.Gör-ä,muny?Bir zat diýseňem,asyryň üstüne atýarlar.Men oňa ynanmaýaryn,çyn söýgüniň barlygyna bolsa ynanýaryn.Onsuz ýaşap bolmaz-a!-diýip,Magtymguly garaja gözlerini Altymyrada gönükdirdi.
Altymyrat nätsin?Gizlin,her sözi gyzyla gaplaýmaly hatlaryň yzy kesilse,esgeriň nä güne düşýänligini ol ýaňy bilmeli däl.Beýle ýagdaý,daşyňy gurşap alýan, dürli öwüşgünlere beslenen, duýgulara baý bolan ýeriňde dörese,onda onuň agyrysy ýeňil,watanyňdan uzakda,gullukda bolsaň agyr.Munda bagtly halyňdan betbagt hala – gutaran adam ýaly ýagdaýa düşmegiň gaty ahmal.Saňa kazylyk etjek bolmaz,özüň özüňe kazysyň.Ýöne bir zat weli aýdyňdyr,sen isle harby gullukçy,isle daýhan,isle işçi-kim bolsaňam,adama gyýa göz bilen garamak,ony kiçeltjek,peseltjek bolmak ýaly duýgulary kalbyňda götermeli dälsiň.Bu ynsan üçin iň esasy zat bolup durýandyr.
-Alty,ýene bir zat soramakçy—diýip,Magtymguly seslendi-Uçardan düşeris weli,ol öňümden çykmaly.Ýok.ol hökman çykar,çykjagyny bilýän.Şonda onuň ýanyna bileje barsak diýjek bolýan.Goý,ol meniň kim bilen ýoldaş bolýanlygymy,meniň ýöne-möne oglan däldigimi bilsin.Ýogsa-da,sen ol gyzy tanaýansyň.Ol Gurbangeldi pijonyň gyzy,garşylamaga Aşgabada gelmeli.
–Şo işi bitdi hasap edäý,inim jan-diýip,Altymyrat jogap berdi
-Alty,dutar çalýarmyň?Onda näçe perdäniň barlygyny bilýärmiň?
-Çalmasamam dutar diňlemäni gowy görýärin,perdeleriniň atlaryny-da bilýärin.Dutarda, birinji baş perde bolýar,ikinji Nowaýy perde,üçünji ýokarky açyk perde,dördünji zaryn ýa-da kyýamat perde,bäşinji ady ýok perde,altynji Gökleň perde,öňler oňa lal perde diýipdirler,ýedinji aşaky açyk perde,sekizinji ýetim(haky giden,ogruja) perde,dokuzynjy geňzew perde,onunjy tişirwan perde,on birinji lal perde,on ikinji şirwan perde,on üçünji lal perde,on dördünji çille perde-jemi on dört perde bar,şelpe,şabram şelpe,ýelken kakuw ýaly kakuwlary bar.
–Dutar çalsamam men bulary doly bilemok-diýip,Magtymguly boýnuna aldy...
Şol wagt uçaryň Aşgabat menzilinde gonmaga taýýarlyk görýänligi barada habar berdiler.Her kim aýnadan, giňäp barýan paýtagtyň gözel keşbine syn etmäge başlady.Ine-de,uçar gondy.Altymyrady,agasy Orazberdiniň başda durmagynda garşylamaga aşgabada gelen dogan garyndaşlaryndan başga-da,oba aksakallary Rahmanberdi aga,Begjan molla,Annaberdi aga,şahyr Ata Täzebaý,Türkmenistan sport komitetiniň başlygy Aman Şanyýazow,hökümet agzalarynyň bir näçeleri,elleri ter gülli ýaş oglan-gyzlar aýdym-saz,dabara bilen garşyladylar.Altymyrat olaryň hemmesi bilen salamlaşyp çykdy,Rahmanberdi agany bolsa gujaklady.Beýle hormat diňe bir pälwana däl,onuň ýany bilen gelen Magtymgula hem edilýän ýalydy.Magtymguly,obadaşlaryndan çekinip,bir çetde ony garşylamaga gelen eli ter gülli gyzy gördi-de,atylyp,onuň ýanyna bardy.Şonda Altymyradyň üstünden agyr ýük aýrylan ýaly ynjaldy.Ol şeýle boljagyny,hemme zadyň

gowy gutarjagyny öňünden bilýärdi ahyryn.Gol tutuşyp hol aňyrdan barýan bagtly ýaşlary gözi bilen ugradan Altymyrat:“Bizem Güller bilen şeýle bagtly bolarmykak!?”diýip pikirlendi-de:-Tüweleme,bizi garşylamaga gelenleriň aglabasy ýaşlar-diýip,Orazberd-ä seretdi.

–Hawa,hut şeýle.Ýaşlar her üstünligiňe bizden beter begenýärler.Ýöne,ine, seni idäp gelen başga-da bir arryjak goja bar.Ol çykyşlaryňy sypdyrman synlaýar ekeni,hat-da şu gün geljek wagtyňa çenli bilýär ekeni-diýip,Orazberdi özüniň daýow göwresiniň aňyrsynda, diňe köneje sypal şlýapasy görünýän gojany görkezdi.

-Salam,ýoldaş mugallym!Bagyşlaň,görmändirin!-diýip,Altymyrat onuň bilen gadyrly salamlaşdy,soň Orasberdä ýüzlenip:-Ýoldaş mugallym“Ylmy Kommunizmden” bize sapak berýär,tanyş bol,agam jan!-diýdi.

Şol wagt suratçylar Altymyradyň ýoguna beýlekisine garaman suratyny aldylar,eýtdiler,beýtdiler,garaz, ony goýbermediler.Şol bir habarçy bolsa”Bu ýeňişiňizi siz kime bagyşlaýarsyňyz?”diýip,gününe goýmady,ahyrym:”Ýeňişimi doganlaryma bagş edýärin”diýeninden soň onuň yzyndan galdy.

Ahyrym yzyna dolanyp gelen Altymyrat:

-Ýoldaş mugallym,sizi birneme sakladym weli,bagyşlarsyňyz-da!Indi meniň iki gulagym syzde!Islediňizçe gürleşip biljek-diýdi.

–Örän ajap,örän ajap!-diýip,goja aýalaryny bir-birine sürtdi,barmaklaryny silkişdirdi-Maňa on minudyňy sarp etseň bolany.Sapaga jogap bermek üçin ondan kän wagt geregem däl.Çek soragyňy,jogabyny häzirle-de,ber zaçotkaňy!-diýip,ol ýazgyly bir näçe bölejik kagyzlary uzatdy.

–Ýoldaş mugallym,öýe baraly,ekzameni şol ýerde alarsyňyz,zaçetkam ýanymda ýok!-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Rälwan,şu gün ekzamen tabşyranlygyň baradaky kagyzy hökman ýapaýmaly.Seni hiç tapyp bilemok,ýa türgenleşikde,ýa ýaryşda,men nädeýin!-diýip,goja boýnuny burdy-Saňa dogrymy aýdaýyn!SSSR dargady,Kommunistik partiýa ýolbaşçylyk wezipesini ýitirdi,indi “Ylmy Kommunizm”kime gerek?Ol obkomyň birinji sekretaryna-da gerek däl,saňa-ha hasam.Şonda-da,düzgün-düzgün bolýar,men işimi edäýmeli.Zaçetkaňy ber,baha goýaýyn...

–Bolar,ýoldaş mugallym!-diýip,Altymyrat jogap berdi...

## Pälwan obada.

### ---1--

Garaýaplylaryň “Akýaplylar ýalançydyr” diýmeleriniň asla ýapa degmeýänligini bellemeli.Akýap-da ýalançy bolmaz,olaryň käbiri jypdyrmakda ýalňyşýar,ýöne ol ýalňyşma Altymyrat ýaly gerçegi ýetişdiren täsin oba üçin asla göze hem ilenok.Munda agyr atletika boýunça türgenleşik geçmek üçin gurulan ymarat bar,olam Aşgabatdaky “Köpetdag-dan”kem däl,mekdep-internat ýaly ýörüteleşdirilen okuw jaýyny başga ýerden tapmarsyň.Bäş müň ýyllyk taryhy bolan gadymy Mary hem ilkibaşda akýap ýaly adaty obajyk eken-ä,ýa-da bolubilse çolaja şäherçe...

Pah, pah, serediň, serediň-ä, muňa, akýaplylaryň öz pälwanyny garşy alyşlaryny, ýüzlerindäki buýsanjy,birek-biregi sessiz gujaga gysyşlaryny? Bu bimöçber üýtgeşik tolgunyşyk,ruhy galkkynyş!Ähli akýaply işi-pişesini taşlap pälwany garşylamaga

çykdylar.Hiç kim başga hiç zat hakda pikir edenok,hat-da Annaberdi mantiýoryňam, Garýagdy Hojaguly bilen oýnaýan güýmenjesi-küşt oýny ýadyna düşenok,Begjan molla-da küşt oýnunyň soňuna sogan ekdi,ýöne oňa derek Tirkiş Taganyň şu güne çenli öýüň bir burçunda,üstünde siňekler gäberişip ýatan "Ýamahasynyň"ýakymly sesi weli, obany göçüräýeýin diýýär.Bu gün durmuş gaýnady.Her kim Altymyrady gujaklajak,bagryna basjak,mähirli sözlerini aýtjak,bir-birinden öňürdip, tüýt-müýt etjek.Adamlar onuň daşynda pelesaň,biri beýlekiniň elinden ony diläp alýar,ýene biri soragsyz-zatsyz ony öz toparyna "ogurlaýar".Bu başagaýlyga kesesinden syn edýän edep-ekramly zenanlar bolsa garaşmakdan başga çäre tapmaýar.Her kim Altymyrady gepletjek,gürrüň diňlejek,emma ondan gep alanyňdan gysyr geçiden süýt alanyň aňsat.Onuň ýüzüne has-da gelişik berýän mylaýym ýylgyrmasyndan başga zady ýok...

Ejesi gaýdanyndan bäri Altymyrat şagalaň etmäni kesdi,oňa derek onuň her bir üstünligine özüçe begenýän Tirkiş Taganyň öz öýünde ony dabaraly bellemegine weli, göwünjeň razylaşdy.Ine,bu günem ir säherden tutuş oba aýak üstünde.Altymyradyň öýünden günbatara uzalyp gidýän,soňy Tirkiş Taganlarda gutarýan giň köçäniň ugry adamlardan ýaňa mygyl,olaryň ýüzleri eýýäm baýramçylyk sazyna başlan öýe,Tirkiş Taganlara tarap. Altymyrat hem gazçylar şäherçesinde kebşirleýji bolup işleýän agasy Bäşimiň,Orazberdiniň,işdeşleriniň,daýhanlarynyň,mugallymlarynyň,lukmanlarynyň, zeýkeşiň gaýradsyndaky goňşy obadan,demir ýoluň ilersindäki künjeklerden gelenleriň,hat-da,gaňňasy gyşaryp ýatan eşejigi bilen ot ýygmaga barýan gyzjagazyň dabaraly ugratmagynda,olar bilen ýöräp barýar.Ýoluň iki gyrasyndaky jaýlardan köçä çykyp,ýa penjirelerini açyp raýdaşlyk bildirýän mähelle,pälwany ýüzüne sylýardylar,oňa buýsanýardylar.

Ýoluň ortasyndaky tigirli öýjagazdan aýdym-sazyň ýakymly owazy eşidilýär,öňdäki meýdançada aýal-gyzlar,çagalar gaýmalaşýarlar.Çagalaryň bir bölegi,çommalyp oturşyna uly kagyz gapyrjagynyň agzyny eli bilen ýelpäp,siňekleri kowýan ,käte bolsa"Buzgaýmak bar"diýip,zowladýan söwdegäriň daşynda mygyldy,puljagazy bolan zat satyn alýar,bolmadyk alandan dileýär.Tirkişiň öýüniň öňi her hili zerli matalar bilen bezelen,adamlar gaýda gaýmalaşyk,bugaryp duran çorbaly gazanlaryň daşynda,biline süpürgiç gysdyran aşpez,aýakly garpyz ýaly moýmuldap ýör.Käte zoguny zykgyldadyp gelýän maşynlaryň,ses güýçlendirijileriň üsti bilen ýaňlanýan aýdym-sazyň sesleri,dynuwsyz goh-galmagalyň üstüne goşulyp,düýnki epge-ge derek, säher bilen turan salkyn şemala garyşyp,birhili gahrymançylykly mukama öwrülýär-de,göwünleri ruhlandyrýar,onsoň nirädir bir ýere at salyp gidesiň,ganat baglap alysdan-alysa uçasyň gelýär.Bu alamatlary döredýän Altymyradyň ýeňişleri...

–Eý,gudratly Taňry!Eger beýik adamlaryň ýaşan ýerinde,olaryň ruhundan nähilidir bir ülüşjik galýanlygy çyn bolsa, onda seniň ruhuňdan obamyzyň topragyna galýan ülüşjik-megerem Altymyradyň ýeňişleridir-diýip,Rahmanberdi aga töwereginde aýbogdaşyny gurup,çaý süzüşip oturan halaýyga ýüzlendi-Siz bilýäňiz,bilmeýänlere aýdaýyn.Pälwanyň ýeňişlerinden ruhlanan obamyz ýyl-ýyldan gadamyny batlandyryp,önüm öndürmekdäki işde bedenlerine täzeden jan giren ýaly boldy.Hi öň görülen zatmy?Oba bu ýyl ýüzlerçe tonna däne artyk ýygnady,pagta hasyly artyp gidip otyr,bu adamlaryň bir zada ruhlanan wagtynda bolýan zat.Göräýmäge başagaýlyk,meýdanda ýetişiksiz der dökýärler,ýöne hözürini hem görýärler.Ine,bagşymyz Tirkiş mugallym kärende ýerinden bol hasyl alyp,ep-eslije puluň eýesi boldy,bu günem Altymyradyň ýeňişiniň hatyrasyna öýünde sadaka berýär,baýram

edýär,özem iki-üç ýyl bäri şeýle edýär.Onuň berýän sadakasy kabul,kabul mübärek,bayramy gutly bolsun,halaýyk!-diýdi-de,doga okap elini ýüzüne syldy.

Rahmanberdi aga dogry aýdýar.Mihail Gorbaçewiň ýurda ýolbaşçylyk etmegi bilen,üýtgedip gurmak,aýdyňlyk,açyklyk döwri başlandy,türkmen tele-radio ýaýlymlarynda "Ýedigen","Ýartygulak","Bökelek" ýaly ýiti tankytly,täsirli gepleşikler peýda boldy,olary diňlemäge adamlarda höwes döredi.Oba hojalygynda ýerleri kärendesine,mülk bermek,ýygnalan hasylyň bahasyny gijikdirmän tölemek ýaly kadalar,1985-1991-nji ýyllar aralykda öndürilýän önümleriň iki-üç esse artmagyna getirdi,adamlar erkin,azat zähmetleriniň hözürini aç-açan görüp başladylar.Ýygylýan pagta ammarlara sygman maşyn ýollaryň üstlerine döküldi,ülke taryhda ilkinji gezek bir million tonnadan artyk hasyl aldy.Şonuň bilen birlikde açylan kiçi kärhanalaryň,hususy firmalaryň sany Sakarçäge etraby boýunça 750-ä ýetdi,olarda yşleýänleriň sany on müň adamdan artdy.Ýurtda işsizligiň derejesi gaty peseldi.Eger ýagdaý şu tertipde saklananlygynda,Türkmenistan 5-10 ýylyň içinde uly ösüşlere eýe boljakdy, ýöne,arman,SSSR-iň dargamagy netijesinde garaşsyzlygy alan Türkmenistan,näbelli sebäplere görä ol düzgünler kem-kemden ýatyrdy,bäş-alty ýylyň içinde önüm öndürmeklik pese gaçdy,işsizlik görülip eşidilmedik derejede ýokary galdy,täsirli gepleşikler ýatyryldy,gazet-jurnallarda bir adamynyň şahsiýeti görülip eşdilmedik derejede ýokary göterildi.Bu bolsa özüniň ýaramaz netijelerini görkezdi.

Elmydama nämedir bir zady okaýan Rahmanberdi aganyň gapdalynda eli Kuranly Begjan molla otyr,beýleräkde Annaberdi aga bilen Garýagdy aga ikisi küşt oýnuna başladylar,Tirkiş Tagan bolsa ýetişen we ýetişip gelýän sazanda ogul gyzlary Muhammede,habry gullukdan gelen Magtymgula,Ýagşa,Azada, baş bolup,gezekli-gezegine saz çalyp,aýdym aýdýardy,durmuşa çykan gyzy Ogulgerek bilen Maral ikisi bolsa daşyna beýleki gyzlary üýşürip meýdançada tans edýärdiler,käte göwün göterýän dabaranyň sebäpkäri bolan Altymyradyň oturan ýerine gözlerini aýlap kikirdeşýärdiler.Hasam,12-13 ýaşlaryndaky,diýseň syratlyja,garaja gözlüje Maral,sakgyç çeýnemesini goýman,aýdyma hiňlenýärdi,tans edýärdi,hemem kikirdäp,bir zatlar diýýärdi.

Erkek adamlardan aňyrrakda,özbaşdak bir topar bolup aýallar otyrdy.Türkmeniň ädehädi şeýle,toý-tomgada olar aýra oturmaly.Ýaş-u-garry diýmän,olaryň başy pürenjekli,ýöne ýaşy durugşanyraklary pürenjeklerini serpip,ýüzlerini açýarlar,agzy ýaşmakly ýaş gelinleriň weli,diňe sürmeli alaja gözleri görünýär.Käte pürenjegiň astyndan görünip gidýän tylla bilezikli näzik goşarlary diýäýmeseň...Aslynda türkmen zenany şeýle bolmaly hem,sebäbi pürenjegiň astynda ajaýyp bir keşbiň gizlenýänliginden habar berýändir.Şonda-da,olar ýaşmagyň astyndan kökejik çeýneşip,biri göräýmesin diýýän ýaly howatyrly bakyşyp,özara gybatlaryny goýmaýardylar.Tirkişiň aýaly Sapargül ýeňňe hem olaryň ortasynda,töweregini bezäp otyrdy.

Asly Daşoguzyň Tagta etrabyndaky ýemrelilerden bolan,aýdym aýtmaga höwesek Sapargül ýeňňe öz döwründe,Aşgabatdaky medeni aň-bilim tehnukymyna okuwa gelipdi we şu ýerde okaýan Tirkiş bilen tanyşypdy,bir ýyldan soň oňa durmuşa çykyp,dört ogul,iki gyzy dünýä inderipdi.Ene-atanyň edebiýata we sungata dahyllygy çagalara täsirini ýetiripdi.Ogullary Muhammet,Magtymguly,Ýagşy,Azat,gyzy Maral dagy aýdym sazyň muşdaklaryna öwrülipdiler.

1986-njy ýylda, Mary welaýat medeniýet bölüminiň ýolbaşçysy,ýokary adamkärçiligi bolan Öwelek Durdymyradyň tagallasy bilen maşgala aýdym-saz toparlary peýda bolup başlapdy.Şonda Tirkiş hem öz maşgala toparyny ýaryşa taýýarlady,onuň üçin ol

kompozitor Daňatar Öwezowyň,Baba Japarowyň goşgusyna ýazan”Kakam gelmedi” atly,öň hiç kime näbelli,basylyp ýatan aýdymy saýlap aldy we ony aýtmagy ogly Magtymgula tabşyrdy.Ýaryşda diňe bir aýdym-saz däl,goşgy okamak,sahna oýunlaryny görkezmek,saz çalmak ýaly görnüşler hem bardy.Ine onsoň,Tirkiş Taganyň,Muhammediň sazandarlyk etmeginde,Ýagşynyň dep kakmagynda,Azadyň,Maralyň goşgy okamagynda,Ýagşynyň we Ogulgeregiň sahna oýunlaryny görkezmegindäki maşgala topar welaýatda birinji orna mynasyp boldy.Şondan soň olary uly ýygnaklara,çärelere çagyryp ugraýarlar,hat-da Moskwa teleýaýlymynyň “Towaryş pesniýa”ady bilen geçirýän dünýä ýaryşyna çagyrylyp,uly üstünlik gazanýar.Hut şu üstünlikler hem toparyň, Türkmenistanyň, sirkiň jaýynda geçirýän gurultaýynda çykyş etmegine ýol açýar.Ol ýerde dik durma bagşylardan diňe, Babamyrat Hamdanow bilen Magtymguly Tirkişowyň çykyş etmegine rugsat berildi.Magtymgulynyň aýdan“Kakam gelmedi” aýdymy ençeme pursatlap el çarpyp garşylandy,hatda gözüne ýaş aýlan ýurt baştutany ýaşajyk Magtymgulyny gujagyna hem gysdy...

Ine,häzirem,bu wakany gözi bilen gören Altymyrat,körekeni Altymuhammet bilen tans edip duran ýerinden Magtymgula:”Kakam gelmedi-ni”aýdyp bersene!?”-diýdi.Ol özüniň adatdan daşary mylaýym sesi bilen aýdymy ýerine ýetirdi...Bu aýdymy diňläp,hol aňyrrakda,oba harazçysy Kössi daýyň (hakyky ady Konstantin Iwanowiç)aýaly,türkmen dilini ors dilinden gowy bilýän Marusýa daýza,daşyna çül-çagajyklaryny ýygnap,ýogalan adamsyny ýatlaýar,onuň ýanynda tatar ýigidi,çagalara dil we edebiýatdan sapak berýän Abdylla mugallym bar,onuň ýanynda obadaky telefony oňarýan aragatnaşyk işgäri,nemes ýigidi Wiktor Zeldman maşgalasynyň adyndan Altymyrady gutlaýar,ýanynda Rahym atly uýgur dosty hem bar,ors dersinden çagalara sapak berýän koreý maşgalasy Polina hem bu ýerde.Sapargül daýzanyň ýanynda bolsa,uzyn boýly,görmegeý ukrain gyzy,şahyr Ata Täzebaýyň gazçy inisi Gurban Täzebaýyň aýaly Maşa gelin iki çagasy bilen otyr.Bu dabara onuň hem dabarasy,sebäbi Tirkişiň uly ogly Muhammediň aýaly, Ata Täzebaýyň gyzy...Altymyrat bu mähellä göz aýlap,hem guwanýar hem ejesini ýatlap gözüne ýaş aýlaýar...

Ine,ol daşyndan göräýmäge ejizje görünse-de,üsty ot ýükli arabany mytdyllap çekip barýan salpygulak ak eşegi idip barýandyr,Altymyrat bolsa düşbüje,geplemese-de gepiňe düşünýän,dur diýseň durýan,”Hyh”diýseň ýöreýän eşegiň üstünde.Ejesi:”Ata peýanyň gozakly maşynyndan gowudyr,bi,ýag soranok,pylan ýerim döwüldi ýa agyrýar diýenok,goýnuň,sygryň agzyndan galan-gaçan otlaram dannamaz”diýip,öz ugruna gepläp barýandyr...Bir gezek weli,ol gaty gorkdy.Gaňňasyz eşegini suwa ýakmaga alyp barýarka,gaýa-gopuz ýok ýerinden, burnuna ýel düşen ýaly,eşegi ony alyp gaçdy.Ýalyň tüýlerine ýapyşyp,ýykylman zordan suwa ýetdi.Bolsa-da ol ejesini ýüzigara etmedi.Ýykylan bolsa “Pylanyň ogly eşekden ýykylypdyr”diýen gürrüňe galmaly bolýardy.Ol bolsa Altymyrat üçin aýagy döwülenden enaýy däldi...Hany indi o zatlar?Ejesi gaýtdy,eşegem keselledi,beýleki mallaram.Asla indi obada eşegem galmady.Olar ýok,yrsgalam ýok...

Bu gün Altymyradyň hormatyna guirnalan dabara ýene bir zat goşulypdy.Türkmende gadymdan gelýän bir täsin däp-dässur bar,ony kiçilik bilmän aýtmaly.Gyzyňy durmuşa çykaranyňdan bir näçe wagt soň,hormatly,ýakyn garyndaş hökmünde körekeniňi öýe çagyryp,onuň hatyrasyna kiçeňräjik toý tutulýar.Beýle däp dünýäniň hiç bir künjeginde ýok bolsa gerek.Tirkiş Tagan hem türkmen.Ol geçen ýyl durmuşa çykaran gyzy

Ogulgeregiň adamsy Altymuhammet Nepesi hut şu gün görme-görüşe çagyrypdy.Ol bolsa bu dabarany şowhunyny hasam aýtdyrýardy.

Altymuhammet-inçemik,uzyn boýly,syratly,buýra saçly,sakgal-murty syrylan,gözleri oýnaklap duran ýigit.Ýigide müň hünärem az diýleni,elinden gelmeýän zat ýok.Ýopanlaryň kamerasyny,"Ýamaha"atly türkmene ýoň bolan saz guralyny bejermäge ganym ökde,olary kül-uşak edip täzeden ýygnaýar,tele-radiony özüçe ýasaýar.Onuň ýanyna Kerkiden Hudaýberdi Rüstemow,Astanadan Allaş Allaberdi,Balkandan Rejepdurdy Kerim,Daşoguzdan Sapargeldi Möwlam ýaly bagşylar we ýene ýeneler gelip öz saz gurallaryny oňardyp gidýärdiler.Dogrulygyna güwä geçip bolanok,ýöne Tirkiş Taganam ençeme gezek "ýamahasyny" öz öýünde oňardanmyş,şeýdibem ol Tirkişiň gyzy Ogulgerek bilen tanyşan bolmaly.Käte bitniksiz hereket edýän,köptaraplaýyn bilimli,bar zady bilesi gelýän bu ýigit,käte ýeri gelse-gelmese himiýadan,fizikadan,awtomatikadan hat-da Keramatly Kurandan tymsal baryny getiriberýär,özem ýöne bir samahylla däl,derekli tymsallar.On üç doganyň iň kiçisi bolanlygy üçin,ejesi,doganlary ony läliksiretdiler,her zatda bolsa jalaýlygy,oturşygy,göwün açmany gowy görýän,bar zadyny orta dökýän,sahydan sypaýy ýigit bolup ýetişdi.Altymyrat onuň bilen iki ýyl mundan öň,Aşhabatdan öýüne gelýärkä otluda tanyşypdy. Buýra saçy eginlerine düşüp duran,iň soňky hokgalar boýunça geýinen ýigit,daşy mata dolanyp,saralan iki sany goşy bilen Änewde otla münüpdi.Ol goşlaryny giren ýerinde,aýak goýulýan ýerde goýanlygy üçin,girip çykana päsgel berýärdi.Altymyradyň hat-da aýgyny goýmaga mümkünçiligi ýokdy.

–Näme,päsgel berýärmi?-diýip,ýigit oňa tikgesini dikdi.

–Päsgäl-ä berýär,öz-ä...

–Menem bulary götere-götere halys bolýan,ýöne zyňyb-a bilemok,eklenç belasy bar.Änewli oglanlar bejer diýdiler.

–Sen onda dost jan...diýip,Altymyrat sowala çemelendi.

–Maňa,saz gurallaryny,bloklary,wideokameralary bejerýän belli blokçy Alty Nepes diýýärler.Türkmenistanda tanamaýan ýokdur-diýip,ýigit buýra saçyny silkeläp goýberdi.

–Boksçy bolsaň kärdeş hem atdaş ekenik.Haýsy toparda çykyş edýäň?

-Boksçy däl,blokçy,"Ýamaha" saz gurallaryny bejerýän,özem Türkmenistanyň dört künjeginde bejeren gurallarymyň sany ho ýaşulynyň saçynyň taryndan kändir-diýip,ol otlynyň aýnasyndan daşary seredip oturan keltejik adama tarap ümledi.Onuň bärsinde iki sany talyp gyz gürrüň diňläp otyrdylar.Ýigidiň sözüne Altymyrat hezil edip güldi,gyzlaram ýylgyrdylar,sebäbi,ol adamynyň kellesinde iki-üç sany gyljagaz dikgeripjik durdy.

–Käriňiz üýtgeşik ekeni,ýöne Altymyradyňky ýaly howp-hatarly-ha däl-diýip,gyzlaryň biri seslendi.

–Hä,hawa,hol ştanga göterýän atdaşymmy?Aý,ol-a,ýarym tonnalyk daşy togalap goýberiberýändir,how!

-Sen ony tanaýarmyň?-diýip,Altymyrat ýylgyrdy.

–Munuň diýýänine seret?Heý-de men ony tanamanmy?!Ol ýegenim ahyryn.Onsoňam bilip goýuň,men ykbalymda bolup geçjek wakalaryň baryny öňünden bilýän,hatda özümiň 46 ýyl,6 aý,6 gün ýaşap,öljegime çenli bilýän-diýip,gyzlaryň öňünde gomparmak isledimi nämemi,Altymuhemmet atdaşynyň ýüzüne bakman seslendi,birdenem, öteräk geçenini aňdy.(Ýöne,onuň ýigrimi ýyl öňünden öljek wagtyna çenli aýdyp oturmagy,geňiräk hem bolsa,dogry çykdy)Ol Altymyradyň amerikada gazanan ýeňişini ýazgyda görüpdi.Häzirem atdaşyna siňe-siňe seretdi-de-Heý-de,men ony

tanamanmy?!Bolubilseň,sen Altymyrat bolmaly!Hany,salamyň?Men senden iki ýaş uly ahyry-diýdi.
–Daýy jan,ilki otla müneňde salam berdiň,bizem jogap berdik.Indi agam,daýym hökmünde ýene salam berýärin-diýip,Altymyrat elini uzatdy.Olar gadyrly görüşdiler.-Daýy,diňle!Meniň saňa pisindim oturýar,şoň üçinem haýyş edýän.Ýaňky ýaly pylança tonna daş göterýär diýip,men şunça ýaşaryn diýip,gaty çişirmegin.Ony Alla biler.Gowusy aýagyňy ýerden üzme-diýip,Altymyrat ýylgyrdy...
Şu duşuşykdan soň Altymyrat bu gün onuň bilen ikinji gezek gabatlaşýardy.Ýakyndan tanyşyp,sulhy alanlygy sebäpli,tä ýadap,süllümbaý bolýança onuň bilen tans etdi,ilki daşarda,soň içerde tans etdi.
–Tirkiş kaka,jaýyň agaç düşegi döwüläýmesin!-diýip,tans etmegi halaýan Altymyrat sorady.
–Döwülse,goý,döwülsin!Seniň üçin janymy bermäge taýýar-a,men!-diýip,Tirkiş jogap berdi...
Tans edýänleriň aýaklarynyň astynda lagar düşen agaç jygyldap,şirin saz çalýan Tirkiş dirňildäp,,dep kakýan Muhammet,çemçe çakyşdyrýan Ýagşy tirňildäp,şaý-sepe beslenip,hyzmat edýän ýaş gelin Ogulgerek şaňňyrdap,aýdym aýdýan Magtymguly bolsa iňňildäp kalba üýtgeşik täsir edýärdi...

***--2—***

Wagt günorta ýakyn bolanda,Altymyrady oba mekdebinde duşuşyga çagyrýandyklary barada habar geldi.Olar lükgeligi bilen şol ýere ugradylar.
–Mekdebe gidiljek bolsa men şlýapamy geýeýin-diýip,çaý içip derläp oturan Orazberdi derini sylyp,motorynyň gozagyna taşlanan sypal kellepoşuny geýdi.Ol ony häkimleriň golaý goltumynda gezýänlere çalymdaş görkezýärdi.Dogrusy,şlýapaly gürrüň akýaplylara iş boldi.Onuň nämä geregi bar?Türkmende gözüň ýagyny iýip barýan nepis tahýalar bar ahyr.Ol hasam beter sekiz sygrynyň oty belen garabaşynagaý bolýan Orazberdä geregi ýok.Käbiri,”beýle diýmelem däl” diýýär.Şlýapanyň möhüm hyzmaty barmyş,birinjiden-ä ol ýeňiljek,yssyda derläňok,ikinjiden,häkimlerden başlap ähli ketdeler şony geýýärler.Orazberdi hem kellepoşuny käte motorynyň ot-çöpli gozagyna taşlaýar diýäýmeseň,ony sypdyrman geýýär,özem medeniýetli adamlaryň hataryna goşulýanlygy üçin şeýdýär.Ony mugallymlaram,lukmanlaram geýýärler,bir gezek hat-da ol aýal adamynyňam şeýle kellepoşy geýenini gördi.Orazberdiniň pikiriçe,edara ýolbaşçysy bolmak üçin güýçli akyl-paýhasyň,kelläň hem geregi ýok,täzeje şlýapany taýaga geýdirip,edaranyň öňünde oturtsaňam ýeterlikmişin...
Bu gün Gurban Gurbanow adyndaky 17-nji dünýewi orta mekdebiň töweregi baýramçylyk bezege bürenipdi,milli lybasly,elleri ter gülli oglan-gyzlar,hormatly dynç alişdaky aksakallar Altymyradyň maşyndan düşenine mähetdel,daşyny gurşadylar.Her kim pälwanyň nurana ýüzüni görjek,elini gysjak.Dogrusy,adamlar edil suwsan goýnuň suwa çozuşy ýaly topulýardylar,onuň şanyna öwgüli sözleri ýagdyrýardylar,kimdir biri:”Ýaşasyn Altymyrat pälwan!”diýip,telpegini göge zyňdy,başga biri Orazberdiniň kellepoşuny asmana zyrladyp goýberdi,olam tüweleýiň zarbyna gabat gelip ýitirim boldy.Şondan soň Orazberdiniň daýawdan edenli göwresi birhili kiçelen ýaly boldy.Altymyrat agasynyň arkasyna kakyp:”Agam,gynanma,nesip bolsa,saňa bir täsin italýan kellepoşyny getirip bererin”diýip,ony köşeşdirdi...

Oba görk berip,gür baglygyň içinde ýerleşen kaşaň mekdep jaýynyň ikinji gatynda bolan duşuşygy direktor Gurbandurdy Myradow açyp,gysgajyk söz sözledi,soň ussadyň tälimçisi,sport ussady Orazberdä orun berdi.Ol gysgajyk,diýseň täsirli gürrüň berdi.Geplemäni halamaýan Altymyrat hem çykyş edip,öz ýeňişleriniň sanyny artdyryp,döwletiň baýdagyny has-da belende galdyrjakdygyny tekrarlady...

Duşuşyk pälwana gül gowşurmak bilen tamamlandy.Ol edil ussadyň özi ýaly sada ýagdaýda geçdi...

Topar şol öňki lükgeligi bilen Tirkiş Taganlara gaýdyp geldiler.Iki atdaş gürleşip kän otyrdylar.Alty Nepes öz ýanyna ýygy-ýygydan gelýän Bally Hajy,şorta söz ussady Nuryşka barada köp zatlary gürrüň berdi,”Kakam ir ýogaldy,ejem täze guran jaýymyň işigindäki daş basgançaga ýykylyp,aýagyny döwdürdi”diýip,dodagyny dişledi,öňki köne jaýynyň ýerinde täze jaý galdyranlygyny,onuň öňünde sekiz ganat ak öý dikenligini,daşyna howly aýlanlygyny,indem, saz-gurallaryny oňartmaga ülkäniň dürli künjeginden gelýän Lebaply,Daşoguzly,Balkanly,Maryly müşderilerine höwes bilen hyzmat edýänligini gürrüň berdi...

Şol wagt golaýdaky oba metjidiniň minarasyndan Seýitje azançynyň täsin labyzly sesi geldi.Alty edip oturan gürrüňini bada-bat kesip,azanyň sözüni süňňüne siňdirýän ýaly,içinden bir zatlar gaýtalady,elini ýüzüne sylyp,töwür galdyrdy.Altymyrat namaz okamasa-da,atdaşynyň bolup oturşyna tolgunman seredip bilmedi,öz ýanyndanam:”Eger azan şeýle oda-köze salýan bolsa,onda atdaşynyň yslama bolan höwesi,ynanjy gör,nähili ajaýyp”diýip pikirlendi...

Akýap obasynda gün ýaşdy.Günbatar ilki gyrmyzy öwsüp soňam melewşä,yzyndanam goýy mawy reňke öwrüldi,töweregi garaňkylyk gaplady.Kä ýerdäki ýol gyrasyndaky çyralar öçügsi şöhlesini ýaýradýar.Garaňkylyga gaplanan obanyň göze görünmeýän durmuşy möwç urýar,kimdir biri çagasyna käýýeýär,ýene biri balasyny hüwdüleýär,bir ýerdenem aýdym sesi çykýar.Günorta-günbatardaky demir ýoldan otly şakydyklap geçip barýar,onuň yz ýanyndan şagallaryň täsin uwwuldysy,ýazyna günorta,güýzüne yzyna gaýdyp gelýän durnalaryň şarpyk dadan çagaň sesine meňzeş sesleri eşidilýär...

Altymyrat öýlerine baranda doganlary oňa garaşyp dursalar nätjek!

-Toba,essagpurylla,jigim,jan,gözümizi ýolda goýduň-la!-diýip,aýal dogany Aýgözel nägililigini bildirdi-Seni öýüňde-de arkaýyn oturdanoklar.

–Mekdebe gidende aýagyna köwüş tapylmadyk wagty doganjygymy idemediler,indem idemesinler-diýip,dillije Orazgül janykdy.

–Jigim,sen biziň ata-ene ojagymyzyň başy,nesil ulgamymyzyň dowamysyň,biziň gözümiziň guwanjy,dyzymyzyň daýanjy,bilimiziň kuwwatysyň.Berjek maslahatymyzy ünsli diňle,ynamymyzy öde,ýagşy görelde bol.Dogry,sen özgäniň bagtyna guwanyp,il bähbnidini özüňkiden ileri tutýarsyň,ýöne,aýal doganlaryň halyndan habar alýarsyň.Biz “gyzyl ýüzli ýigidiň gyz uýasy bolmasyn,gyz uýasy bolsa-da gyzyl ýüzi solmasyn”diýlene uýýarys,ýüzüňi gizartmaýarys,biz...

–Wah,jan dogan ol bu zatlary bilenok ahyryn,men...-diýip,Orazgül,Aýgözelin sözüni bölüp,sesini gataltdy.

–Toba,essagpurylla,Orazgül,gaty gepleme,diliňe bat berme,haýaňy sakla!-diýdi-de,Aýgözel,jigisi üçin saýlap alan maşgalasyny wasp edip,dilinden düşürmedi-“Her kim deňini tanasyn” dyýen gep bar.Biz öz adamçylyk derejämizi, ýagdaýymyzy, durmuş gurjaklaryň bir-birine mynasyplygyny nazarda tutmaly,öňi bilen munda seni

diňlemeli,senden soramaly.Ýeri,doganlaryň bu işlerine rugsat berýärmiň ýa öz saýlap-seçeniň barmy?

-Onuň saýlap-seçeni bolmaz,dogry-da walla-diýip,aýal doganlarynyň arasynda çaý süzüp oturan Orazberdi seslendi-Bize onuň köçe jypytdysy gerek däl.

–Toba essagpurylla,beý diýme,Oraz!Çagasyny erbet görýän ýokdur,garga-da öz çagasyna ap-akja diýermiş.Kim bolsa-da,oňa özgäniň gözi bilen seretmäni başarmaly,ähli zady ýerinde dogry çözmeli.Maňa gudaçylyga gelenlerinde,ejem pahyr”Bir goýundan ak hem dogar,gara-da”diýipdirler,men gyzymyň kime çekip beýle bolanyny bilemok,ýöne ol ýeke geplidir,ýüze gelegiräkdir, gaharjaňyrakdyr” diýip,burkazlardan bolanlary üçin gaýtarmak isledimi nämemi,gudalaryň ýüzüne gelipdi.Bilşiňiz ýaly ejem öz gyzynyň kemini kesekilere aýdyp bilýän gönümel adamdy...

–Hawa,maňa gudaçylyga gelenlerinde hem ejem jan“Gyzym birneme şerçiräkdir” diýip dur,jan dogan!-diýip,Orazgül söze goşuldy.

–Gyz maşgalanyňky kyn,sawçy gelmese garaşyp oturmaly,ogul öýermek aňsat,gudaçylyga barybermeli...Aýtjak bolýanym,bize gelen ýeri bilen bolup ýören,halal süýt emen maşgala gerek!

-Aýýa,,özem şol maşgala hojalygy el ujundan aýlaýan,sygyr sagyp bilýän bolsun, dogru-da walla!-diýip,Orazberdi seslendi-Adyny aýdyp oturmaýyn,hol goňşymyzyň täze gelni,aýaklarynyň arasyndan geçip ýörmeli ýuwaş sygry sagyp bilmän,ile masgara boldy.Ysy aýylganç atyr sepinseň ýatan sygyram sagdyrmaz.

–Agam jan,edil beýle däldir-le!Şo aýdýan gelniň şu gün ir bilen sygryny sagyp durdy-diýip,Altymyrat agasyna garşy çykdy.

–Men onuň adamsyna malyň niresinden,nädip barmaly,näme diýmeli,ýene nämeler etmeli,düşündiripdim,indi sagsa sagýandyram,dogry-da walla-diýip,Orazberdi ylalaşdy,yzyndanam-Hany,sen aýt,inibatyr,bize näme jogap berjek?!-diýip,inisine çiňerildi.

–Aý,men-ä agam jan,bilmedim-diýip,Altymyrat ýylgyrdy.

–O nähili bilmeýäň?Sen aýt,biz gudaçylyga gitmelimi ýa öz saýlanyň barmy,dogry-da walla?-diýip,Orazberdi gyssady.

–Jigimiň idegi uly,oňa tanyşmak isläp hat ýazýan gyzlaryň sany kän.Belki,ol şolaryň içinden birini saýlandyr,saýlan bolsa aýtsyn!

-Hawa,Aý dogan,goý aýtsyn.Biz gyzyň aslyny,ýagdaýyny,adam çykýan ýermi,uzagyndan gatnaşyp biljekmi,şular ýaly soraglara jogap tapmaly.Gürrüň öýe bir göleli sygyr getirmek barada däl-de,saçakdaky rysgalyňa şärik boljak gelin barada barýar,dogry-da walla.Türkmende:”Enesini gör-de gyzyny al,gyrasyny gör-de bizini”diýen aýtgy bardyr-diýip,her bir gepinde ejesi pahyr ýaly,sygryny ýadyndan çykarmaýan Orazberdy janykdy.

–Toba,agam jan,oglany beýdip gyssap durmaly,sabyrly bolaly-diýip,Aýgözel diwardaky sagada seretdi-de,sözüni dowam etdi-Her hili ýagdaýda-da,muny maşgalamyzyň agzyny birikdirip,bir çukura tüýkürip çözmeli.

–Aý,men-ä,öýlenjegem däl-le!-diýip,Altymyrat morta bir zat aýtdy oturyberdi.

–Toba essagpurylla,näme diýýäň!?Waý,bagtym ýatdy-diýip,ýaňy öýüne hyýallanan Aýgözel gaýtadan oturdy-Ogluny öýermek,gyzyny durmuşa çykarmak her bir ene-atanyň borjy.Biziň ata-enemiz ýok.Olara iman baýlygyny,ýatan ýerleriniň ýagty bolmagyny dileýäs.Bu gün bolsa biz, rysgalymyz aýra doganlar bolup,kakamyz-ejemiz bar ýaly edip,seni öýermegiň maslahatyny edýäs.Diýmejegiňi bilýäsem welin,”Ejem bolan bolsa

bir wagt öýlendirerdi”diýseň,ýa-da muny goňşy-golamlar diýse, biz üçin gowy däl.Isle-isleme,biz seni öýlendiräýmeli.

–Näme,müjerret ötesiň gelýämi,dogry-da walla?!-diýip,Orazberdi gaharlandy-Alty erkek dogandan men,sen,Bäşim üçümiz galdyk,Başim-ä,bu zatlara goşulanok,men welin,aýal doganlarymyň maslahatyny oňlaýan.Biz bir öýe gelin getirip,göleli sygry ýatagyňda daňaly,soň nätseň şeýt.Pylan kakamyň ogluny tanaýansyň,olam sen ýaly”öýlenjekgäl”diýip,öýünden gaçyp gezdi,haçanda gelniniň ýanynda bir gije bolanyndan soň,ony taýaklabam öýden çykaryp bilmediler,iki ýylda ekiz-ekizden dört çagasy boldy.Sen nä ondan oňly doňuzmy?Onsoňam,”ýetimi ýetip urup” öýermek türkmeniň edehädi,dogru-da walla.

-Bor-la,agam jan,gyzybermesene!-diýip,Altymyrat ony köşeşdirmek isledi.

–Şeýt-de,düzel,düzelmeseň hezil bermen,dogru-da walla.Saňa bir hepde möhlet, belliňi et!

-Bor,agam jan!-diýip,Altymyrat ylalaşdy...

Ol uzakly gije Gülleri göz öňüne getirip ýatyp bilmedi.Olar misli bir uly dukanyň işigindäki toplum gülleriň arasyndaky goşa duran akja bagüller ýalydy.Olaryň biri Güller,beýlekisem özi.Üç ýyl bäri olar mähirlerinden ganyp bilmän,bir-birlerine bakyp durlar.Ýaryşdan sypyp oba gelen wagty ol dessine Gülleri görmese ýatyp bilenok,hat-da şondan soňam ýerine girende öýdäki telefondan”Gülüm,gijäň rahat bolsun”diýmäni ýadyndan çykaranok.Dünýäde ondan başga gyz bardyr hem öýdenok.Şol sebäpli ol ýaňy agasyna pylanylara sawçylyga baryberiň diýip bilýärdi,diýmedi.Sebäbi ol heniz Güller bilen toý etmek,ykballary birleşdirmek,goşa bägüller ýaly durmuşa goşa gadam basmak barada gutarnykly gürrüň etmändi...

Ine,bu günem ol,orta bilim berýän saglyk mekdebiniň ikinji synpyny gutaryp öýüne gelen Güller bilen duşuşdy.Özem,ejesi-kakasynyň bir ýere gidenligi sebäpli,onuň öýlerinde.

–Waý enaýy-da gyz,göni öýe geläýdiňmi,Alty?-diýip,gap-gaçlary ýuwup duran Güller aljyrady,özüni ýitirdi,edenini-goýanyny bilmedi,bir zat diýjek bolýar,bokurdagy gurap aýdyp bilenok.Beýtme diýjek bolýar,emma kalby oňa garşy çykyp,ýigidiň ýanyna uçup barýar-Men häzir şulary ýuwaýyn...

–Güller,gorkma,men hiç zat edemok,gürleşmäge,mesele çözmäge geldim.Göni geläýmesem,başga çykalgam galmady.Agşam meni gyssadylar,belliňi et diýdiler...

–Waý enaýy-da, gyz,nämäň bellisini et diýdiler?Ýok,men gorkamok,bir azajyk çekinýän,utanýan.Gep bu ýerde gorkuda däl,sen meniň göwnüme degersiň diýip,ýarsam-tursam oýuma-da getiremok,seniň sadadan adamkärçiligiňi ýaňy bilmeli däl,ýöne,şular ýaly göni öýe gelmegin azajyk howatyrlandyrýar-Gülleriň sözlerinde gorka ýugrulan galagoplyk duýulsa-da,balkyllaýan gözlerinde mähire ýugrulan mahmal ýaly ýumşaklyk bardy.

–Göni gelmesem bolmady-diýip,Altymyrat öňki sözüni gaýtalady-Onuň iki sebäbi bar.Birinjiden,men mundan artyk çydap bilemok,men seni söýýän,sensiz oňup biljek däl,gije-gündüz didaryňa zar gözler seni küýseýärMen bulary şu gün saňa aýtmasam bolanok.Men seniň jogabyňy hem şu gün eşitmeli.

–Waý,enaýy-da,gyz.Sabyrly bolmaly,oglan!

-Sabyrly bolmaga wagt goýmadylar.Men ýüregimi aýdýaryn.Sen maňa git diý,giderin,gel diý,gelerin,näme et diýseň ederin,ýöne jogabymy alman gitmerin.

–Waý enaýy-da,gyz.Meseläni beýle kesgitli goýaýdyň-la,oglan!-diýip,Güller elini süpürdi-de,balkyldaýan gara gözlerini oňa dikdi.

–Sebäbi,maňa hem kesgitli aýtdylar,bir hepde-den gelinlik gözlegine çykjakdyklaryny duýdurdylar.”Gatnaşyk edýän maşgalaň bar bolsa aýt,bolmasa-da bize rugsat ber” diýdiler.

–Sen näme diýdiň?-diýip,Güller howsala düşen gözlerini oňa gönükdirdi.

–Bir hepde möhlet beriň,jogabyňyzy şonda bererin diýdim.

–Waý,enaýy-da,gyz,şeýle diýdiňmi?-diýip,Güller başam barmagyny döwäýjek boldy.

–Indy doganlaryma näme jogap bereýin,jan Güller?

-Ýüregiň näme isleýän bolsa şony diý!

-Meň ýüregim diňe sen diýip urýar.Maňa diňe sen gerek!

-Waý enaýy-da,gyz.Bolýa,onda maňada azajyk puryja ber,enem-atam bilen maslahat edeýin-diýip,Güller ýöne bir agzyna gelenini aýdyp goýberdi,hakykatda welin,ol Altymyrat barada ejesine syzdyrypdy.Bulara gözi ýetip dursa-da,ol özüni gerekledesi,mertebesini has-da artdyrasy gelýärdi.

–Gülüm,Güllerim,indi garaşmaga wagtym ýok.

–Waý enaýy-da gyz,,iki-üç gün garaşarsyň ahyr?!

-Garaşaryn-diýip,Altymyrat jogap berdi...

Güller balkyldaýan gözleri bilen Altymyrady ugratdy-da,ýüzüni tutup, begenjine sessiz aglady.Bu çäksiz begenjiň çäksiz agysydy... Hawa,ol begenjine aglady.Neneň aglamasyn?Sebäp bolmasa adam aglamaz ahyr...

Güller Oleg Komlewiň aýal dogany Ýelena bilen orta mekdebi bile gutarypdy,indem, saglygy saklaýyş mekdebiniň umumy ýaşaýyş jaýynda bile ýaşaýardylar.Ýelena hem Oleg ýaly sport oýunlary bilen gyzyklanýardy,ylgamakda talyplaryň arasyndan öňe saýlanypdy,şonuň bilen birlikde sport gazet-jurnallarynyň bir näçesini alyp okamany halaýardy.Bir gün ol “Sowetskiý sport” gazetinde çykan makalany görkezip”Şuny oka!” diýdi.Ilki bilen makala däl-de,gazetdäki surata,Altymyradyň merdana keşbine gözi düşen Gülleriň ini jigläp giden ýaly boldy.Suraty synlap oturdy-da:”Şu ýigide durmuşa çykjak gyz gör nähili bagtly bolar”diýip,gazeti patladyp jorasynyň öňüne taşlady.Ol bolsa “Jora,göreşsiz zat ýok,söyginem göreşip gazanmaly.Şol bagtly bolmaly gyzlardan seniň nämäň kem?”Aýgytly ädim”kinosyndaky Aýna meňzeş görk-görmegiň bar,bilimiň,edebiň ilden kem däl.Onsoňam,sen ony düýşümde hem gördüm diýýärsiň ahyr?Söýgiň üçin göreş,ýogsam ony eliňden aldyrarsyň,sebäbi Oleg:”Altymyrada gyzlardan günde onlarça hat gelýär”diýýär’’diýipdi..

-Hawa,men ony düýşümde görüpdüm-diýip,Güller şol pursaty ýatlady...

Ol şo gün “Biziň golumyz däl-de Aýşa-Patmanyň goly”diýip,özi üçin dokajak halynyň gazygyny kakypdy.Ejesi,goňşy golamlary “Işiň ilerik!”diýip,oňa ak ýol arzuw etdiler.Ak niýetli gyz dokmanyň “Bismilläsini”özüniň ak biziň ýüzüne çeken asman gümmezinden başlady.Asmanyň düşegini gök ýüplükden çitip,soňra ýokardan Günüň şeklini çekmekçi bolanda,ol uly alada galdy,sebäbi Alladan başga zat aglaba jübüt bolýardy.Eýsem ol ony nätmeli?Günüň hemrasy barmyka?Şeýle pikirler bilen ol dokmasynyň çitimini goýup,oda oturdan taňkasyny barlady,çäýnegini çaýkady,onuň daşyny-içini,jüründigini arassalap,içi çaýly gülli gapyrjakdan däne-däne bolup duran çaýdan ajyrak atdy.lasyrdap gaýnaýan içi çorbaly gazanyň oduny peseltdi.Mugallym bolup işläýan ata-enäni naharlamaly,öňlerinde çaý goýmaly.Onýança-da,tüňçe “lasyr-lasyr”gaýnady.Ol çaý demledi-de,ony üç gezrek gaýtaryp,basyrdy.Ene-ata işden gelenlerinde,olary naharlady,çäýnegi uzatdy,özi welin,nahar bilen ugry bolman bar oý-

pikiri Günüň töweregi boldy.Bir dokmasyna seredip,bir daş çykyp,sapaklaryny göwünli-göwünsiz okap,ahyrym uklap galdy.Düýşünde-de ol Güni,onuň daşynyň dokuz sany hemrasyny gördi,şol bir wagtda Günüň gapdaly bilen ilki sudur,soň kem-kemden anyk keşbe giren Altymyrady gördi.Ol ilki "Ine,men Günüň taýy"diýýän ýalydy,emma ol:"Ine,men Gülleriň taýy"diýýär ekeni,hat-da elini uzadyp Gülleri özüne çekmekçi bolanda ol oýandy.Görse,öz öýünde,düşeginde ýatyr.Ol bu waka haýran galyp,gören zatlaryny saldarlap :"Waý enaýy-da,gyz,Alla maňa taý tapyp,yhlasymy kabul etdi"diýdi-de,dokmasynyň ýanyna ylgap bardy.Oňa indi ähli zat düşnükli boldy duryberdi...

**--3—**

Ine,häzir ol bu wakany hem-de özüniň jorasyna aýdan sözüni ýatlap,onuň soňunyň hut düýşündäki çözgüt bilen gabat gelýänligine gözüni ýetirensoň,begenjine aglaýardy...

Bir näçe günden soň Altymyrat uly dukanyň öňündäki bägülli meýdançada Güller bilen duşuşdy.Gülleriň egnindäki gögerçin ýaly öwşün atýan göwderi köýnegi,başyndaky gyrmyzy ýaglyk,aýagyndaky melewşe köwüş ony hasam gelşige getirýärdi,geýilen lybas gözelleşdirýärmi ýa-da ol lybasy görke getirýärmi saýgarar ýaly däldi.Ýaglygynyň aşagyndan iki örüm bolup gaýdýan gara saçlary uz boýuny yzarlap,ýere ýetmäge ymtylýardy.

Olar dukanyň günbatar ganatyndaky çynaryň aşagynda ýerleşen oturgyçda oturmak islediler,emma güllere timar berip ýören Mälik aga:-Balalarym,men gülleriň içine hiç kimi salmaýardym,ýöne,türkmeniň abraýyny arşa göteren gerçek we onuň ýanyndaky näzenin gözel üçin iki gözümiň ortasynda orny bardyr.Dünýe merdiwandyr,biri müner biri düşer,ýöne ogul,seniň pälwanlygyň şan-şöhrady,maňa "tigirli goja"diýişleri ýaly, ýyllar geçdigiçe arşa galar.Baryň,hol goşa bägülli gülüň düýbünde meniň oturýan oturgyjym bardyr,şoňa ikiňizem ýerleşersiňiz-diýdi.

–Mälik aga,Alla siziň ömrüňizi uzak etsin,taňryýalkasyn!-diýip,Altymyrat hoşallygyny bildirip,gülälekli meýdançanyň ortasyndaky gür bägül düýbüniň aşagyndaky oturgyja bardy.

–Alla maňa uzak ömür miýesser etmez,ony aňýan.Özümi bilenimden tigir sürüp,türkmen sportuna azda-kände goşandymy goşanam bolsam,indi garradym.Günleriň birinde birehim ajal:"Bol,goşuňy düw,synaglyň doldy"diýerde,duýdansyz gapymy açar.Entek etmeli işlerim-ä kän,sen ýaly bir agtyk oglumy öýermeli,agtyk gyzymy durmuşa çykarmaly,hat-da,ogullarym bilen gürleşip oturmaga-da wagtym ýok...Siz,şu bägüllere meňzeş ýaş nesillem,owadan gülleriň içinde oturanyňyzda,meniň bitiren bu işlerimi ýatlasaňyz,şo dem-de men gelip,ýanjagazyňyzda oturaryn we bagtyňyza guwanaryn...Ýöne,men ölsem bu bägülleri gopararlar-diýip,gözüniň owasyny ýaşdan doly goja Altymyrady bagryna basdy...(Bir aýdan soň Mälik aga dünýesini täzeledi welin,köçäni giňeltmeli bahana bilen bägülli meýdançany tekizlediler.Tigirli goja öňüni bilýär ekeni)

-Güller,gyssaýar diýip birahat bolma,menem gyssaýarlar,nädeýin!-diýip,hal-ahwal soralşykdan soň Altymyrat dillendi.

–Meniň bolup ýörşüm uly gyza gelişýän alamat däl,gyssap duraňsoň gelmeli boldum.Kän garaşdyrdym-my?

-Ölünçäň garaş diý,garaşaryn!

-Waý, enaýy-da gyz,näme diýsem etjek-dä,onda!?Mejnun ýaly düze-daga çyk,aklyňdan azaşda däli-porhan bol diýsemem etjekmi?

-Näme etmän!Sen meniň üçin asman ýaly arassa,zemin ýaly agras,daglar ýaly beýiksiň,bagtym diýip arzuwlanymsyň.Seniň aýaklaryň ädimi,garaja gözleriň,syh-syh kirpikleriň,gül jemalyňa,kaddy-kamatyňa gelişip duran lybasyň meni derýa dek joşdurýar.

–Waý,enaýy-da,gyz,dogrudanam,eşiklerim gelişýärmi?

-Ýok,syratyň,görmegiň lybasyňa gelşik berýär.

–Ýaňy aýnanyň öňünde özümi synlap durkam,ejem gapydan girdi-de:”Toba, estagfirulla!Bolup durşuň dagy näteňet,gyz!?Nä hyýala münüp ýörsüň?Wah,meniň muňa “eýle bolma,beýle bolma”diýip,gulagyndan çekip sarganlarym,ýele ýanyndanam geçmedik ýaly-la!Hä,nä hyýala mündüň?Aýdyp otur!Wah,belanyň körügi kakaňda-da,”gyzym akyllydyr,gyzym pylandyr”diýip arkasyn alyp,meň badymy alýar-da”diýdi.Onsoň menem oňa şu güne çenli aýdyp bilmedik zatlarymy aýtmaga mejbur boldum,seniň bilen gatnaşygymy,sawçy gelse habarlaryny almalydygyny syzdyrdym.Ejem bolsa:”Asyl şeý diýsene!Soňky günlerde ony alyp ber,muny alyp beriň gutarmady diýýänle!Mawläp ýörmiň asyl?”diýýär,menem:”Eje, mawlar ýaly men pişik däl-ä!”diýsem,ol:”Gyzym,gowy görüşýän joralaryň ikisi durmuşa çykdy,bile okan oglanlaryň üçüsi öýlendi,töweregiň çolarlaberdi.Senem käte aýdanymy eşitmedik bolup,iki dyzyňy gujaklap,uzaklara seredip oturmany çykardyň,munuň özi seniň ýetişenligiňi aňladýan alamatlar.Senem,hol daşkyrak goňşymyzyň gyzy,adyny aýdyp oturmaýyn,özüň bilýänsiň, işigini syryp ýörkä samsyklyga salan bolup:”Men bir mugallymyň gyzy,özüm kenizjek,iller ýaly başa topbujyk geýjek”diýşi ýaly diýmeseňem,bolup durşuň şony aňladýar”diýip,ejem daşyma geçdi.Garaz,bu günem joralarym bilen surata düşmäge gitjek diýip zordan sypdym...

–Diýmek,sawçy ugradybermeli-dä!?-diýip,Altymyrat onuň egnine elini goýdy.

–Waý,enaýy-da,gyz.Eliňi bir egnimden aýyr!-diýip,Güller gaýra çekildi-Türmençilikde edebiňe we diliňe bek bolmalydyr,duluňa duwlaýançaň eliňi gatmaly däldir.”Dogan duýsa kiçeler,duşman duýsa goçalar”diýipdirler.

–Sawçylar habar alsynlar,soraşdyrsynlar,guda bolunsa mende bir teklip bar.Indiki ýyl meniň ömrümde iň bir jogapkärli,öwrülişik pursat döreýär,olam Olimpiýa oýunlary.Meniň iň uly arzuwym onda çykyş etmek.Men oňa mundan dört ýyl öň gatnaşmalydym,emma meniň gazanan ýeňişlerime seretmän ýaşyma seretdiler,sen heniz ýaş,geljegiň öňde diýdiler.Bu ýyl SSSR-iň dargamagy bilen köp zat bulaşdy,biziň ýaryşa gatnaşjagymyzam belli däl,sebäbi ol indi Moskwadan däl,Türkmenistandan çözülmeli.Onuň üçin şu günden däl,mundan bir ýyl öňden Türkmenistan öz Olimpiýa guramasyny döretmeli,şol gurama indiki ýyl ýaryşa gatnaşmaly sportçylar barada Dünýä Olimpiýa guramasyny habarly etmeli.Belki,ol ediler,belki eýýäm edilendir.Eger men şol ýaryşa gatnaşsam, ýokary sylaga mynasyp bolup,gyzyl medally dolanyp gelsem,şonda biz iki toýy-ikimiziň durmuş toýymyzy we Olimpiýa ýeňişimiň toýuny toýlarys.

–Geljek ýyl menem saglygy saklaýyş uçilişäni tamamlaýaryn,diýmek üç toýy birleşdirmeli bolýarsyň.

–Şeýlemi?Ol-a hasam ajap,üç toýy birleşdirip,üç gün toý toýlarys!

-Waý enaýy-da,oglan,ýöne,türkmençilikde şeýle ýagdaýda“nesip bolsa”diýilýändir.

–Nesip bolsa-diýip,Altymyrat mylaýym ýylgyrdy-Agam saňa türkmençiligi hat-da türkmen dilini hem bilenokmyşyn diýýär welin,asyl,sen-ä oba gyzlaryna gaýra dur diýdirýäň!

-Atam-enem obada önüp-ösen,menem obada ýaşamagy halaýaryn.

– Ol aýnada ýaly görünip dur!-diýdi-de,Altymyrat goşa duran bägül şahalaryny aşak egip,ysgamak isledi,emma tikenler ony awundyrdy.

–Bilýän,tikenler eliňi pers-ala edendir.Ol gülüň pudagyndan tutup,ebeteýini tapmaýanlygyň üçin bolýar,bir awunarsyň,ikinjiňde ugruny taparsyň!Durmuşda hem şeýledir...Bolýar,oglan,onda meň-ä surat aldyrma wagtym doldy,gitmeli!-diýip,Güller şowurdap ýerinden galdy.

–Gidäýjek-mi?Azajyk oturaýaly?

-Ýok,gideýin.Meni ugratma...

–-Gitseň,ýene görüşýänçäk sag bol!-diýip,Altymyrat ony guwançly gözi bilen ugratdy.

–Gowy,asylly,agras maşgala ekeni,ikiňiz birek-birege mynasyp.Bagtly boluň!-diýip,Mälik aga onsuzam aýna ýaly ýalpyldaýan pilini arassalap başlady...

Altymyradyň “Pylanylara sawçylyga gidiberiň”diýmegi Orazberdiniň gonjuna gor guýdy.Ol şol gün aýal doganlaryny çagyryp,”inimiz-ä şeýle-şeýle diýýä weli,men oňa göwnämok,birinjiden ol gyz sygyr sagyp bilenokmyşyn,ikinjiden ors mekdebini gutaryp,türkmen däp-dessuryny,hat-da türkmen dilini hem bilmeýärmişin,özem,oba-da däl,şäherde ýaşajak diýip,eýýämden şert goýýarmyşyn,dördünjiden saçy kesikmişin”diýip,patarrakyny urup başlan badyna,Altymyrat onuň sözüni böldi.

–Agam jan,goýaweri,goýaweri,aýdýanlaryň ýapa hem degenok.Aslynda sawçylyga baryň diýip men ýaňy aýtdym-a,sen bolsa eýýämden ony tanaýan ýaly gürleýärsiň!

-Bizem piliň gulagynda uklamzok,adam bakýas,dogry-da walla.Seniň kim bilen,näçe wagtdan bäri gatnaşyk edýänligiňi bilýäs-diýip,soragly nazaryny Aýgözele gönükdirdi.

–Hawa,jigimiň şo gyzyň töwereginde gaýmalaýanlygyny saňa aýdypdym,ýöne sen bu aýdýanlaryňy nireden tapýaň!?-diýip,Aýgözel Orazberdä soragly nazaryny dikdi.

–Işleýän ýerim olaryň golaýynda,käte,şol jaýdan çykýan gyzy görýän.Ondan-mundan soraşdyrdym,eşidenlerimi,görenlerimi size ýetirdim,dogryda walla.

–Toba essagpurulla,kim aýdýanam bolsa ýalan sözläpdir,menem şo töwerekde ýaşaýan,günde bolmasa-da ejesini,käte gyzyny görýän.Düýn ejesi bilen gürleşdimem:”Gyzly bolsaň kyn,haçan bagty açylar,nesibesi göteriler diýip ýörmeli”diýýä.Onuň gül ýaly gyzy bar,gözi sürmeli,gaşy burmaly,tutma ýok,öpme ýok,garap durmaly diýilýänlerden..

–Men Orazberdi kakamyň aýdanlaryna goşulýan,jigimize obaly gyz gerek,dogan jan-diýip,Orazgül seslendi.

–Aý menem...-diýdi-de,Gurbanbibi sakyndy.

–Senem Oraz kakaňa goşulýarmyň?-diýip,Aýgözel Gürbanbibä alarlyp bakdy-Gör, munyň saçyny?Tokmak ýaly.Bir ýaşyna çenli kellä tüý çykmandy.Ejem yrym edip,Amanmuhammet daýysyna päki degirtdi weli,şodur-da şodur munyň saçy çaýyr ýaly ýaýrap gidiberdi.Hany aýt,yrym bilen saçly bolan jigim jan, sen Alty doganyňy goldaýaňmy?

-Goldaýan-diýip,ol çala başyny atdy.

–Toba,essagpurulla,biz ikä bölündik.Maşgalada agzybirlik bolmasa,bir çukura tüýkürilmese gudaçylyga gidilmeýär-diýip,Aýgözel seslendi.

–Biz köplük,azlyk köplüge boýun bolaýmaly,galanynam Rahmanberdi aga gelerde hemmesini çöp döwen ýaly eder-diýip,Altymyrat agasyna derek jogap berdi.

Şol pursatda “Bagty gelse paşmakçy hem şa bolar,bagty ýatsa şa hem tagtdan iner”diýilşi ýaly,gapyda Rahmanberdi aga göründi.

–Hä-ä-ä!Gudaçylyk gürrüňini edýäňizmi?Berekella,ýagşy niýetiňiz bar,işiňizi Alla oňarsyn!Öýde otyrdym weli,birden pälwanyň “gelip git”diýen owazyny eşitdim-de, gaýdyberdim.Ol öňden görýär diýsem ynanmarsyňyz,ýöne ol hut şeýle ýigit.Ýene bir zat-pälwan sen-de bir gysym toprak bolmaly,gizläp goýan ýeriňden şony alyp gel-diýip,ol Altymyrat içki otagdan ýumruk ýaly düwünçegi alyp gelýänçä sesini çykarmady,soňam-Sen jennetden alynan bir gysym topragym bar diýýärdiň,munyň hähili beýle bolýanlygyny düşündir!-diýip,Altymyrada ýüzlendi.

–Hezreti Pygamberimiz”Jennet eneleriň dabanynyň astyndadyr”diýen mübärek sözi bar,şondan ugr alyp,ejem aýatda dirikä men onuň basyp giden yzyndan bir gysym toprak alyp gizläp goýupdym.Muny menden başga bilýän ýokdy.

–Hany,onda balalarym,jennet topragyny maňlaýyňyza sylyňda,ejeňiziň wesýet edişi ýaly agzybir boluň,päheýde welin

-Ol dogryla walla,ýöne...-diýip, Orazberdi bir zat diýmekçi boldy,soňundanam,diýmäň ebeteýini tapman-Bolýar,men razy,inim birini saýlan bolsa bolýar-diýdi.

–Mollum,sag boluň,abraý bilen müň ýaşaň!-diýip,Altymyrat Rahmanberdi aganyň elini gysdy.

–Pälwan,abraý bilen müň ýaşamaly men däl-de sen!

-Bä,Rahmenberdi aga,arzuw edilende-de bolup biljek zady arzuwlamaly,adam nire müň ýaşama nire,dogru-da walla?-diýip,Orazberdi janykdy.

–Adamyň ömri jesediň ömrüne bagly däl.Ol topraga garylandan soňam bitiren işi,gazanan ýeňşi,ady,abyraýy,şan-şöhrady bilen müňlerçe ýyl ýaşap bilýär.Pälwanyňky hut şeýle.Ol sporta uly söýgüsi bolan açgöz galandar, basym ýokary bilim hem alýar,Pygamberimiz ol barada “Alymyň ybadathondan artyklygy ondördi gijäniň aýynyň şöhlesiniň hemme ýyldyzlaryň şöhlesinden artyk bolşy ýalydyr”diýipdir.Siziň kakaňyz hem alym-daýhan adamdy,ýeriň,ekiniň dilini gowy bilýärdi,bäş wagt namazyny sypdyrmaýardy.69-yň gazaply gyşynda metjide,juma namazyny okamaga bardy,ýanynda täret suwy,ondan maňa-da berdi.Görsem, suw ýyly.”Muny nädip gyzdyrýaň?”diýsem “suwly çüýşeni goltugyma salyp gezýän”diýýär.Ol möjek bilen garpyşyp,boýnuny towlan pälwan.Men kakaňyz baradaky gürrüňi ýene uzaldyp bilerdim,emma wagt bir çene bardy.

–Rahmanberdi aga,gudaçylygyň sähedini bellemeli,wagtyňyz bolsa biziň öňümize düşüp gidip beriň!-diýip,Aýgözel seslendi.

–Bu möhümi bitirerin-diýip,Rahmanberdi aga turmakçy boldy...

**--4—**

Rahmanberdi aga ýanyna Aýgözeli alyp,sähetli gün gudaçylyga rowana boldy.Bu haýyrly işe çykylanda,türkmeniň däp-dessury boýunça,”Ak zat alnyňa ýagşylaryny”edip,sawçylaryň gabaklaryna ak pagta ýelmeýärler,un çalýarlar,şol sebäpli käte olara “gözi pagtaly”diýilmegi şonuň üçin bolsa gerek.Gojanyň egninde haly horjun,onuň içinde bir bölek çörek,bir çümmük duz bar.Olary başga bir gaba salyp gitseňem bolman durjak däl,emma haly horjun gudaçylyk ýaly sogap işiň bezegi,iş oňjaklygyň garamaty hökmünde görülýär

-Aşyry tanaýan-diýip,her ýerden bir ätläp barýan uzyn boýly goja seslendi-Ol meniň ýaly mugallym,käte ýygnaklarda gabatlaşýas.Içgin tanamasamam, ygrarly, adam çykýan maşgaladan bolmaly,maşgalasam erbet däldir. Belki,şeýle hem bolsun-da!

-Rahmanberdi akga, menem sorap-idäp görüşdirdim,”öz halal zähmeti bilen çagalaryny ekläp ýören,enesi terbiýeçi,kakasy mugallym ,”bir akan ýerinden akarmyş aryk”diýilýän döwletli maşgaladan” diýýärler-diýip,gojanyň yzyna zordan eýerýän Aýgözel seslendi.Onsoň,gyzlary hem akylly,asylly bolmaly...

Olar etrap merkezinde ýerleşýän Akmyrat agalaryň howlusyna salam berip ätlediler-de,daşarda öý işleri bilen garabaşyna gaý bolup ýören dolmuş,syratly aýal bilen gadyrly salamlaşdylar,saglyk-amanlyk soraşdylar.

–Geleweriň,myhmanlar,geliň-geçiň,jaýa giriň!-diýip,öý eýesi mürähet etdi-Şu gün hamyr ýuwrup otyrkam hamyrym syçrady,edil gapdaljygymda eýgörmüş pişigim ýuwunyp otyr,onsoň şu günä myhman gelse gerek diýip,naharymyň üstüne azajyk gaýnag suw guýdym-Ol myhmanlary öýüň töründe oturdyp,öňlerine saçak ýazdy.

–Aý,sähetleje gün diýip gaýdyberdik-dä,bizem,öňünden habaram etmedik-diýip,Rahmanberdi aga,aşagyndaky kiçeňräjik halyny sypalady,arkasyna geçen gölleri synlady,soňam jaýyň içine gözüni aýlady.

-Myhman rysgaly bilen gelýär,geleniňiz gowy-diýip,öý eýesi jogap berdi-Şojagaz halyny Güller dokady,tüweleme,elli-aýakly,ähli işimi edýär.Türkmençilikde kakamyz maşgalamyzyň mizemez sütüni,her ädimde,her demde ählimize ýagşy görelde görkezip gelýär,ýöne ol işi köp bolansoň şu öýüň ähli garamatyny meniň üstüme ataýdy.Gyzly bolsaň gelim-gidimiň köpeler ekeni,şol sebäpli kakasy”Haý, keýwany, gelýänleriň habaryny gyzyň bilen özüň alaweri,maňa ýetirme,men ol zatlara goşulyp bilmen”diýip, işine gitdi.(Oňa “Sen otur,sen nämäni bilýäň”diýlen bolmaly).Wah,men guraýyn,size çaý-nahar bermän samrap oturypdyryn-diýip,öý eýesi gowsundy.

–Habarymyzy alsaňyz uzak oturjak däl! –diýen Rahmanberdi aga,maşgalabaşynyň öýde bolmazlygyny,onuň maşgalasyny sylaýanlygynyň,hormatlaýanlygynyň alamaty hökmünde görse-de,başga bir tarapdan ”Diýmek,bu öýüň bikesi erkli,ezber, aýdanyny gögerdýän bolmaly ”diýip pikirlendi.

-Ýok,ýaşuly,duzumy datmasaňyz habaryňyz alynmaz-diýip,öý eýesi çaý demläp,çäýnek käseleri olaryň öňçünde goýdy,soň ýaşuly üçin bir okara,Aýgözel üçin bir okara çorba getirdi.Myhmanlar nahar iýip,bir käse çaý içenlerinden soň-Ine,indi habaryňyz bolsa aýdyp oturyň!-diýip,saçagy ýygnady.

–Aýtsak biz-ä ýitigimizi gözläp geldik.

–Gelen bolsaňyz ýaşuly diňläň.Türkmende gyzyň ykbaly ene-atasynyň,doganlarynyň elinde bolýanam bolsa,biz gelen-gidenlere gyzymyzyň özüniň jogap bermegine razy bolduk.

–Bä,bä,gelin guda,bu neneňsi täzelik,päheýde welin?!Ýa,bi gaýdyberiň diýdigiňizmi?-diýip,Rahmanberdi aga töweregine ýaltaklady-Gelip-gidýänlerden asgyn çykmajak,ylym-bilimi ýetik gyzly bolanlar,dogan-garyndaşlarynyň rugsadyny alyp,şeýle herekede razylyk berýärler,beýle däbi öňler ulanypdyrlar,onuň aýby-ha ýok,ýöne..

–Siz ýaşuly aga,geň-taň görmäň,ýagdaý-a şeýle.

–Gelin,“Baryň ötägidiň”diýseňiz mundan gowy bolardy.Biz indi aljak gelnimiz bilen aç-açan gepleşmelimişik.Bi, gören-eşiden zadymyz däl,päheýde welin.

–Toba,estagpurulla!-diýip,Aýgözel ýakasyna tüýkürdi.

–Ýaşuly,siz mugallym,men terbiýeçi,kärdeş diýen ýaly.Düşüniň,bulary gülki ýa özüňizi masgara etmek üçin aýdandyryn öýütmäň.Siziň pikiriňiz dogry,ýöne muny diýmekde meniňem göz öňüme tutýan maksadym bar,ýagny...

–Gelin baý,sawçylara şular ýaly şert goýýaňyzmy,päheýde welin?-diýip,goja onuň sözüni böldi.

–Beýle şerti siziň öňüňizde goýýaryn...Ýogsa-da,öňräjik başga sawçylaram şeýtdim. Öýe gelip-gidýänler köpeldi weli gyzym :”Eje,indi gyz sorap gelen sawçylara ”Hon-ha, gyz,onuň özi öz ykbalyny çözýär,özi näme diýse eşidiň”diý-de,oturyber, galanynam özüm bir zat ederin”diýdi.Şeýle diýdim welin,Ilkinji gelen sawçylara seslerini çykarman çykyp gitdiler,indem siz geldiňiz.Ýörüň,aýp görmeseňiz,sizi haly dokap oturan gyzymyň ýanyna elteýin,duşuraýyn.Gürleşiň,synlaň,saçy kesilenmi,türkmençe gepläp bilýärmi,däp-dessurymyzy saklaýarmy,barlaň!

-Toba estagpurulla,asyl siziň gulagyňyza hem bu samahyllamalar gelip ýetipmidi?-diýip,Aýgözel Orazberdiniň aýdanlaryny ýatlady.

–Hawa,tötänlikde köçede duşan aýalam”A gyz,gyzyň saçyny kesdiräýdimi?”diýip soraýar,özem bu “samramalaryň”siz tarapdan çykýanlygyny ýaňzydýar.Şonuň üçinem gudaçylyga gelen bolsaňyz gyzymy synlap gidiň!

-Toba estagpurulla,siziň gyzyňyzy men öň kän gezek gördüm,ol aýdylýanlaryň ýalanlygyna güwä geçip biljek-diýip,Aýgözel janykdy.

–Güwä geçýän bolsaň goňşy jan goý,ýaşuly hem gözi bilen görüp,ýüregini sowuk suwa batyrsyn!Ýörüň,hany!-diýip,öý eýesi içki otagda dokma dokaýan Gülleriň gapysyny açdy.

-Ýok,men bu masgaraçylygy edip bilmen,aljak gelnimiz bilen görüşmek bolmaz-diýip,Rahmanberdi aga götünjekledi-Gowusy,Aýýa gyzymyň özi görsün,gürleşsin,men şu ýerdejik oturybererin.Men beýle zady asla islämok.
–Bolmasa özüm görüp çykaýaryn!-diýip,Aýgözel otaga girdi,girşine-de,Güllere gözi düşp,doňup galdy.:”Bä, janlarym,bu görünýän suratmyka ýa adammyka?“diýip,töre geçdi.Onýança-da Güller “Salamälik.daýza!”diýip gobsundy.Gülleri görmäge göz,diýmäge sypaýydan sypaýy söz,gözelligini görüp,üýtgemän,ýüzbe-ýüz bolup oturmaga päk ýürek bilen utançdan,haýadan eýi ýeten ýüz gerekdi.

–Gyzym,daýyň bilen söz aýtmaga gelipdik,onda-da,özüň bilen gepleşmeli diýdiler.Biz islemesek hem elbetde, bu zatlar size öňünden aýandyr-diýip,Aýgözel ,özleriniň ata-babalaryny,obalaryny,kimdiklerini,haýsy tiredenligini,öýlenjegiň adyny,bitiren işlerini aýdyp,sözüniň üstüni ýetirdi.

–Daýza,,şerigat boýunça barjak bilen aljak adam bir-birlerini görmeli we gelejekleri hakda pikir alyşmaly.Siz şuňa nähili garaýarsyňyz?-diýip,Güller mylaýym sesi bilen sorady.

–Şerigat aýdýan bolsa dogrudyr,onuň şeki ýokdur,gyzym!-diýip,türkmeniň ruhuna gabat gelýän .sözi gyzyň agzyndan eşidýänligine monça bolan Aýgözeliň ýüzi mähirlendi-Biz jigimizi görkezip bileris,ýöne ol Aşgabatdan gelýänçä bir hepde garaşmaly bolar.

–Bir hepde bolsa ýagşy-la,ol bir aý däl ahyr.

–Bolýar,gyzym,men saňa Erem bagyna eýe boljak,geplemese düýe boljak,gara güýji bilen dagy goparyp,saýa boljak pälwany,jigimi görkezerin.Oňa göwnüň ýetse gerek!Sorag berýä diýme,ýylyň nämedir?

-Ýylym itdir, daýza.

–Ýylyňy bilýär ekeniň,sag bol,sen,towuk ýylynda doglan Altymyrat bilen agzybir ýaşarsyňyz!-diýip,Aýgözel ömründe ilkinji gezek ýalan sözledi.Haýyr işde ýalan sözlemek bolýardy,ýöne,täleýe görä towuk ýylda doglanlar it ýylda doglanlar bilen oňuşykly ýaşap bilmeýärdiler.Täleýnama ynanýanam bolsa,ol,käte bu ýazgylaryň hemmesiniň dogrylygyna güwä geçip bilmeýärdi.Ol muny öz durmuşyndan bilýärdi,belki, pälwanyň gelejegi hem özüniňki ýaly gowy bolmagyny arzuwlap,ýalan

sözi agzyna alypdy.Indi bolsa agzy ot alan ýaly lowlaýardy.Ýalan sözlemek ýaly agyr,jepaly zat ýok ekeni .Onuň hat-da ýüzi hem lap-lap gyzarýan ýalydy.

–Daýza,,it bilen towuk oňuşarmyka?-diýip,Gülleriň beren sowaly Aýgözeli hasam aljyratdy.Öý eýesi ara goşulmadyk bolanda tasdanam dogrusyny aýtmaly bolýardy.

-Gyzym,ýaglygyň aşagynda gizlän saçyňy çöşlede,görkez!Ýogsam kesilen diýäýmesinler-diýip,ene gyzynyň başyndaky öýme ýaglygyny sypyrmakçy boldy.

-Bor-la,eje,saçy mazamlamak gyza gelişmez!-diýip,Güller elini salgap goýberdi.

Saçy kesilen diýen söze ýüzi çapady ýaly gyzaran Aýgözeli der basdy, gyjalata galyp,haly teňlige ýetenem bolsa, seslenmän durup bilmedi.

–Türkmeniň dulunda oturan päkize,gyz ýaly, ynama geçen zat barmyka?Bir wagt bir ýitigi sorapdyrlar,tapmandyrlar,ahyrym törde oturan uly gyzdan sorasalar:”Ho-ol,pylan ýere baraýyň”diýipdir.Barsalar goýunlar mäleşip,otlaşyp ýör diýýä.Men päkize,hemme zady öňünden aňlaýan gyzy gördüm,indi,turaýsamam bolýar.Rugsat bolsa,gudamyzyň çöreginden yrym üçin bir bölejik horjunyma saljak!?

-Bolar,gitseňiz aman baryň!-diýip,horjunyň içindäkileri alyp,onuň ýerine bir tegelek çöregi,bir çümmük duzy salan öý eýesi,myhmanlary hormatlap,ýedi ädim ugratdy...

Olar çykyp gidensoň dokmasyna eli barmadyk Güller plklre batdy.Ol alynmaz galasyna,ýykylmaz binýadyna golaýlaşýardy.Kalbyndaky möwç urýan söýgi güýçlendigiçe syrly dünýä has gyzykly,şatlykly,paýhasly görünýärdi,ony ýumak ýaly çöşläsi,ik ýaly aýlasy,haly ýaly dokasy gelýärdi hem-de Zeminiň üstüne,Älemiň astyna ýazasy gelýärdi.Söýgüden doýma ýok diýleni,”garny doýsa-da gözi doýmazam" bärden gaýdýar,sebäbi, giň dünýäsiniň bezegi,ömrüniň manysy Altymyrat.Oňa gezek gelende ol örän açgöz,erjel, diliniň süýjemegine,durmuşynyň güllemegine,kalbynyň nur saçmagyna eltýän ykbal gapysy açyldy.Indi ol ähli zada söýgülisiniň gözi bilen seredip,dili bilen sözledi,durky bilen oňa öwrülip nur saçdy,bu pikirine imrindigiçe bolsa özüni horan mal ýaly duýdy.Neneň duýmasyn,Altymyradyň ýüregi edil nurana keşbi ýaly mylaýym-ýumşakdan owadan ahyr,joşup dur,ýürek joşsa ýüz gülýär,ýüz gülse ömür gülleýär,ömür güllese ykbalyň çüwýär,ykbalyň çüwsy datly miweler peýda bolýar,ol miweden dadanlar hoşwagt bolýar,diýmek,bir ynsanyň ýüreginiň üsti bilen bütin dünýä gülleýär,abat bolýar...Şular ýaly pikirlere gumra bolan Güller,per ýassygyny myncgalap kükregine gysdy-da,sag böwrüne gyşardy...

## Barselona,Olimpiýa oýunlaryna tarap.

Altymyrat üçin aýgytly ýyl geldi.Oňa dört ýyl garaşdy,dört ýyl,sebäbi Olimpiýa oýunlary her dört ýyldan geçýärdi,öň Seulda,indi Ispaniýanyň Barselona şäherinde geçmeli.Oňa bolsa ýylyň başyndan taýýarlyk görmeli.Ilki Moskwanyň etegindäki Podolsk taýýarlanyş merkezinde iki aý türgenleşmeli,soň Sank-Peterburgda Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmaga hukuk gazanmak üçin geçirilýän ýaryşa gatnaşmaly,öňki Soýuz respublikalaryň on ikisinden ýygnanan ýüze ýakyn ştangaçy bilen ýaryşmaly,üstün çyksaň,Podalskide ýene iki aý taýýarlanyp,Barselona gidýärsiň.Bu hysyrdyly taýýarlyk işleri Altymyrady kejikdirýär.Onuň özüne ynamy bar,dört aýlap irginsiz taýýarlyk göresi gelenok,ýöne nätjek,düzgün-düzgün bolýar,düzgüne boýun bolaýmaly.Kejikmesiniň sebäbi bolsa onuň bir täsin häsiýeti bar,öýünden etraba barsa öýüni,etrapdan welaýata barsa etrabyny,welaýatdan paýtagta barsa welaýatyny,Türkmenistandan daşary gitse Aşgabady küýseýär,sebäbi dogduk mekanyny,göbek ganynyň daman topragyny hiç bir ýer bilen çalyşmak islemeýär.

Ilki mekdep ýyllary,soň institutda ol geometrýa sapagyndan kejikýärdi,göni,egri çyzyklar,deň derejeli we kesişýän nokatlar,sinus,kosinus,tangens,bessektrisalar ýürege düşýärdi,ýöne,olaram biläýmelidi.Ýogsam,agyr atletika sinusyň saglygyňa,tangensiň tälim almagyňa,kosinusyň kömegine bagly zat däldigini bilmeýän barmy diýsene.Kimem bolsa biri şulary okatmaly diýipdir,indem şol dowam edip gidip otyr.

Mart aýynyň salkyn,ygally günleriniň birinde ol Aşgabatdaky “Dinamo” sport merkezine bardy,özüni gyzyklandyrýan soraglary merkeziň ýolbaşçylaryna,tälimçisi Abramýana berdi.Oňa,SSSR dargandan soň Moskwada Garaşsyz Döwletleriň Arkalyşygynyň(GDA)agyr atletikaçylarynyň ýygyndy toparynyň peýda bolanlygyny,şol toparyň baş telimçisi hökmünde,öňki SSSR-iň baş tälimçisi Wasiliý Alekseýewiň bellenenligini,özüniň göni Podolskä,Alekseýewiň ýanyna barmalydygyny düşündirdiler.Olimpiýadanyň ähli meselelerini şol çözýärmiş,öň özüniň tälimçisi bolan Abramýan bolsa daşary ýurda,Kipre gidýärmiş,gitmäýende-de,Abramýanyň Merkezi Olimpiýa Komitetiniň hasabyna Barselona iberilmeginiň oňa nähili hukuklary berýänligini heniz hiç kim bilmeýärmiş.Aý,garaz,şeýle düşnüksiz gürrüňler Altymyrady howsala saldy.Ol bu zatlaryň şeýle boljagyny,gyzba-gyzba gelende özüniň eýesiz galjagyny aňýardy.SSSR döwründe,ähli ýaryşlarda tälimçisi Abramýan ýanynda bolardy,şonda ýüregi suwlujady,ynamlydy,öz güýjüne bil baglaýanam bolsa,nähilidir daşynyň goragy bardy, garaşsyz döwletde ol goldow hasam gerekdi.Emma Respublikalaryň hemmesinde özara gatnaşyklaryň,düzgünleriň täzeden döredilýän şeýle bulaşyk pursatda, jogapkärli ýaryşa özüniň ýeke goýberilmegini ol, hiç bir akyla sygjak zat däl diýip hasap etdi.Şonda-da,näme,ol gitmelidi ,garaşsyz ýurdyň abraýyny goramalydy,şan-şöhradyny galdyrmalydy...Ýeri gelende Abramýanyň bu meselede gaty peýwaýsyzlygy ony geň galdyrdy.Ol Kipre bu ýyl däl,indiki ýyl gidýärdi ahyr.Özem häli-şindi öýe,myhmançylyga çagyrylyp,sylanyp ýörülen adamynyň beýle herekedine düşünip bilmeýärdi.

Şu ýerde jurnalist Nurýagdy Oraznepesowyň bu wakadan bir ýyl soň”Iň güýçli ýigit”ady bilen ýazan makalasyndan bölek getirmegi makul bildik.(1993-nji ýyl, 16-njy mart,”Türkmenistan”gazeti) ”...Indi ony iň ýakyn janköýeri,tälim öwreden süýtdeş dogany Orazberdi Orazdurdyýew türgenleşdirýärdi...Polady ýumşak,sadadan sypaýy bu iki gerçek bilen gürrüňdeş bolanymda bir ýakymsyz ahwalatyň şaýady boldum.Altymyrady soňky oýunlara çenli taýýarlan Abramýan meniň söhbetdeş bolup oturanymy görüp,torsarylyp,hüňür-hüňür edip,jurrnalistleriň Altymyrada has aýratyn üns berýändiginden närazydygyny aýtdy.Görüp-eşidip otursam,Altymyradyň at-owazasy bilen öz adyny arşa çykaran bu kişi asyl doganlar bilen gepleşenogam,hatda taňry salamyny hem almaýar ekeni.Häli-şindi ýörüte öýlerine myhmançylyga çagyrylyp,sylap söwüş edilip,türkmen ojagynyň töründe hormatly orun berlip ýörlen adamyň bu gün taňry salamyny hem alman ýörmeginiň düýp sebäbem,nämemiş,Altymyradyň agasy Orazberdi öňdäki jogapkärli ýaryşlara taýýarlyk görmekde şärikli edilipdir.Men Abramýana köp wagtdan bäri belet,Altymyrada tälim bermekde bitiren işlerini inkär edemok,ýöne köp öwnüp,özüne çendenaşa baha bermegi kän bir halanylyp durulýan zat däl...”(Şu makalanyň hut şu ýerde getirilmeginiň sebäbini okyjylar soň düşünerler)...

Altymyrat giç agşam, jaýyna bardy.Ýaryşlardan gaýdyp gelse-de,bu jaýda bolanyndan obada,köneje jaýlarynda bolanyny kem görmeýärdi.Şol sebäpli hem ol jaýyň açaryny Tirkiş kakasynyň talyp ogly Bäşime berip,ýaşa,seret,göz-gulak bol diýipdi.Bäşim iki ýyl bäri ýokary okuw jaýlarynyň birinde okaýardy.

–Alty kaka,çaý-nahar bilen arаň neneň?-diýip,ol güler ýüz bilen ony garşylady.

–Maňa gara çörek bilen garpyz ber,böwregi arassalaýyn-diýip,ol eşiklerini çykardy-da,hammama girdi.Ilki sowuk,soň gyzgyn suwa ýuwundy,wannany gyzgyn suwdan dolduryp,howlukman içine girdi-de,garpyz bilen gara çöregi iýdi,yzyndanam elýeterde duran magnitofonyň nurbadyny towlap,Atageldi Garýagdynyň aýdymlaryny diňledi,Bu ussat aýdymçynyň aýdymlaryny ol indi bäş-alty ýyl bäri,oňa ilki duşan gününden bäri diňleýärdi.Ol, Mary şäheriniň etegindäki obalaryň birine,tanyşynyňka myhmançylyga barsa,kiçeňräjik üýşmeleň gidip dur.Güýz aýlarynyň başlary,jaýyň uly otaglarynyň birinden aýdym sesi çykýar.”O-o-o”diýip aýdym aýdýan bagşy bize geldi-diýip,çagajyk düşündiriş berdi we dostuny çagyryp getirdi..Salam-helikden soň dosty:”Atageldiniň beýle gowy aýdym aýdýanyny bilmeýärdim,akkardionam onuň elinde edil adam ýaly gepleýär,ýor,diňläli”diýip,Altymyrady jaýa saldy.Dogrudanam, Atageldi akkardiony gepledip,aýdan aýdymyny döwýardi.Üýtgeşik,beter gowy gara reňkli,“Woltmeýster”atly polýak akkardiony onuň elinde saýraýardy,ýok,barmaklar ýöne bir işlemän ýelpäp – ýelpäp barýardy.Ol Ödeniýaz Nobatyň,Girman bagşynyň aýdymlaryny şeýle bir aýtdy weli,märekäniň içinde oturan Ödeniýaz bagşy turup-gelip,ony mäkäm gujaklap:”Aýdymlary kül-uşak edýäň,kül-uşak,hiç bolar ýaly däl!”diýip,onuň derden ýaňa myjjyk bolan köýnegini çykardyp,täze köýnek geýdirdi.Ol daň atýança joşup aýdym aýtdy,myjjyk bolan köýnekleriň sany bolsa artdy.Altymyrat öň täze ýyl agşamlarynyň birinde,Atageldiniň pionyna çalyp,özüniň hem aýdym aýdanyny teleýaýlymda görüpdi,emma şu günki ýaly aýdym aýdyp,akkardion çalyp bilýän ussat başga bardyr öýdenok.”Ol Türkmenistanyň Muslim Mogamaýewi bolmalydy,Moskwada Çaýkowski adyndaky ýokary mekdebi gutaryp,Italiýa gitjekdi,emma SSSR dargady-da, gidip bilmedi.Ýetim oglan,puly,serişdesi,goldawy ýok.Zehini daş ýarýar,sesi ýakymly,emma...Häzir hemme ýerde diňe pul oýnaýar"diýip,dosty Altymyrada düşündiriş berdi...Ine,ol şol günden bärem ussat bagşynyň aýdymlaryny ýanyndan aýyranokdy...

Şeýdip ol iki sagada golaý wagtyny geçirdi.Hammamdan çykyp,seýil bagyň ýodajyklarynda gije sagat ona çenli gezim etdi,öýüne gaýdyp gelip,ýazyjy Atajan Taganyň”Saragt galasy”romanyny,gözi ýadaýança okady-da,ýerine gyşardy.Gyşarsa-da oňly ýatyp bilmedi,göwnüne bolmasa jaýyň içi tamdyr ýaly gyzypdy.Gat-gat beton jaýlaryň ýaşamak üçin amatsyzdygyny,tomsuna yssy,gyşyna sowuk bolýanlygyny bilmän duranokdy,ýöne obadaky durky bilen çig kerpiçden dikeldilen pessejik jaýlarynyň içi weli,tomsuna sowuk,gyşyna ýylydy,içiniň howasy hem jana ýakymlydy.Şu gijäni eýdip-beýdip geçirse,erte ol oba gidip,dogan-garyndaşlaryndan az-owlak pul ýygnamalydy,iki günden soňam Moskwa uçmalydy.

Ol ýassygyny Güller diýip gujaklap uklap galdy.Ir sagat altyda,şol bir turýan wagtynda oýandy-da,her hili maşklary ýerine ýetirdi,daşada bir sagat ylgady,gaýdyp,öýüne gelip,aýagyny ýüreginiň derejesinden ýokary galdyryp,ýadowlygyny gowşatdy,gyzgyn,sowuk suwa ýuwundy.Şonuň bilen birlikde ol beden agzalarynyň aladalaryny hem ýadyndan çykarmady.Ýaryşlarda,islän iýmit bilen däl-de,berilýän iýmit bilen oňňut etmeli bolýanlygy üçin,ilkinji nobatda bagrynyň aladasyny etmelidi.Lukmanlar “böwregiň aladasyny gije,bagyryň aladasyny öýlän sagat ýedilerde etmeli”diýselerem,Altymyrat ony ir bilen edýärdi...Hawa,ýadyna düşýär,ýazda erikler,almalar ýaňy düwüp ugranda ol dostlary Döwlet joňk,Aman jyk-jyk,Artyk öýkelek dagy bolup,çig almalardan gerk-gäbe doýardylar.Şorja alma janyňa hoş ýakýardy,dişleri-de gamaşdyrmaýardy.Asyl,indi görlüp otursa,ol iýmitler bagryňy arassalamakda iň gowy serişde bolup çykdy.Hut şol sebäplem,ol obadan gaýdan-da,ýany

bilen turşy almalary,gyrylan käşiri,azajyk syry, limony alyp gaýdypdi.Şolary iýip,ertirlik edindi.Ol belokly we uglewodly iýmitleri aýyl-saýyl edýärdi.Et beloklydy,ýöne onda az mukdarda uglewod hem bardy,çörek uglewodlydy,ýöne onda belok bardy.Bu ýerde gürrüň belogy we uglewody köp bolan iýmitler barada barýardy.Ine,onsoň ol,meselem,günorta naharynda gaýnan eti iýse,çörek iýmeýär,(biz bolsa çöreksiz et iýemzok)kotlet, manty,çekize iýse,şeker iýmeýär,şekerli çaýy  içmekçi bolaýanda-da,bäş sagatdan soň içýär,kelemli çorba iýse,içiniň kortoşkasyny iýmeýär.Bulary aýyl-saýyl etmeseň bolaýjagam däl.Ol Amerikada iki gezek,Germaniýada üç gezek,garaz bütin Ýewropa,Aziýa döwletlerinde boldy,her ýurdyň howasy,iýmiti,suwy başga.Şol sebäpli sen özüň üçin özüňe ýaramly iýmitleri saýlamany başarmaly.Ol saglyk ýagdaýyňa amatly täsir etmekden başga-da,agyr atletikada gerek agramyňy tapmakda uly kömek edýär,meselem,75 kilogramda çykyş edip ýören bolsa,ýene bir aýdan 82 kilogramda çykyş etmeli diýseler,öz agramyny şoňa  ýetirip bilýär, ýa-da,tersine azaldyp bilýär.Beýle zady ştangaçylaryň köpüsi başarýan däldir.Galyberse-de,onuň iýmitleniş usuly ýadyň ýitileşmegine hem amatly täsirini ýetirýär.Meselem,Parijiň Eýfel diňinde kofe içip otyrka,ägirt uly meýdany tutýan Kanada döwletiniň adynyň “Çatmajyk”diýen manysynyň bardygyny,Daniýada bolanda amerikada ýaşaýan milletleriň içinde sany boýunça iň köpüşiniň nemeslerdigini,olaryň 58 milliondan geçýänligini,Afinada bolanda" Zenit” sözüniň uzaga atýan top diýen manysy bolan arap sözüdigi ýadynda gowy galypdyr...

Altymyrar bir hili adam,hiç wagt öz aladasyny öňünden etmeýär,bir ýere ugrajak bolsa-da,diňe wagtynda barýar.Ine,bu günem ol otly ugramagyna bäş minut galanda bardy.Menziliň içinden geçip barýar-ka,kellesini gapdala ýaplap,mejalsyz halda oturgyçda oturan orta boýly horja aýala gözi düşdi.Şol bada ejesini gören ýaly,ýüregi jigläp gidensoň,zenanyň ýanyna barmaly boldy.”Daýza,halyňyz teň,ýüzüňiz salyk welin,menlik näme hyzmatyňyz bar?”diýip,ol zenanyň öňünde çöküne düşdi.Zenan dikeldi-de,öçügsi gözlerini Altymyrada dikdi,soňam:”Wah,jan balam!Men oglumy goşun gullugyna ugratmaga Duşakdan gelşim,uzakly gün bir owurt suw içmäge ýagdaýym ýok”diýip,ysgynsyz jogap berdi.Altymyrat otlynyň ugraýanlygyna garamazdan menziliň günbatar çüňkünde ýerleşen naharhanadan bir çäýnek çaý,bäş bölek gutap,nan alyp geldi-de,zenanyň gapdalyndaky boş ýere çökdi.”Daýza,alyň, şulary iýiň,bir käse ajy gök çaýdan içiň,onsoň kelleňizem agyrmaz,özüňize-de gelersiňiz,aglamaň!Ejem pahyr-a,şeýtsem dikeläýýärdi”diýip,Altymyrat bir käse çaý guýup uzatdy.Zenan boýur-boýur dökülýän ýaşly gözüni dikdi-de:”Wah,balajygym,men neneň aglamaýyn,oglumyň edip bilmejek ýagşylygyny senden görýärin.Şeýle adamkärçilikli goç ýigidi Allanyň maňa duşuranyna begenip,aglaýaryn.Eliň-gözüň dert görmesin,Hudaýym.Ýaşyň uzak bolsun!”diýip,jogap berdi.Zenan naharyny iýip,çaýyny içip bolýança Altymyrat garaşdy,soňam gap-çanaklary ýygnaşdyryp:”Enem jan,birnemejik özüňize gelen bolsaňyz bolýar,men-ä,onda gidiberjek!?Öýňüze gaýtmaga ýagdaýyňyz bolmasa-da,ine,al!”diýip,eslije puly oňa uzatdy,emma zenan puly alman:”Eliň-gözüň dert görmesin,Hudaý jan!”diýip,şol bir sözüni gaýtalaýardy hem-de sessiz aglaýardy. Altymyrat gap-çanaklary tabşyrdy-da,taksini saklap:”Meni şu giden otlynyň yzyndan ýetir!”diýdi.Sürüji Änewe otly bilen deňje bardy...

Ol hiç zada ünsüni sowman, otlynyň aýnasyndan tebigata syn edip otyr.Ine,Gäwirsiň öňündäki çäge depeleri.Olary bezeýän ojardyr-sazaklar misli bir öýlerindäki erik agaçlary ýaly,şahalaryny ýaýradyp,seleňläp görünýär,iki düýbüň arasyny bolsa,göm-gök,gyrymsy otlar,dürli reňkli güller misli bir türkmen halysyny ýadyňa salýar.Bu gözel mekanda ir

döwürler gelmişekler az wagtlyk ýaşan bolmaly,ýogsam Gäwürs adyny almazdy.Mundan geçseň giden bir takyrlyk,suw bolsa kesewiňi dürtseň gögerjek bereketli toprak.Ol tä Baýramala çenli dowam edýär.Ondan aňyrda çäge aňňatlary.Hojalyklaryň gazlaşdyrylmagy netijesinde ol aňňatlar gür tokaýlyga öwrülip gitdi. Ine-de, baga bürenip oturan Artyk obasy.Otly saklanan badyna üç sany 10-12 ýaşlaryndaky oglanjyklar,ala-galmagal bolup geldiler-de,Altymyradyň gapdalynda çökdiler.Olaryň biriniň elinde düzüm-düzüm çig almasy bolan şaha bardy,ýolup almaga ýaltanyp,şahasy bilen döwüp alyp gaýdan bolmalydy.Altymyrat olary synlady-da:-

-Çagalar,geýim geýşiňize,arassalygyňyza seretseň-ä,siz akyllyja oglanjyklar ýaly,emma ula salam bermezligiňiz oňa meňzemeýär,bolmanda oturmaga rugsat hem soramadyňyz.Bu gowy däl.Siz baga bürenen,tebigaty gözel Artyk obasyndan bolmaly,şeýle gözelligiň eýesi siz.Gözellik Güneşli Günüň aşagyndaky azat durmuş.Siz ony diňe bir goramaly däl-de,aňyňyza siňdirip,nesilleriňize ýetirmeli.Siz nädýärsiňiz?Almany şahasy bilen döwseňiz aňyrsy sanlyja ýyldan bagly obaňyzy ýalaňaçlarsyňyz,onsoň bujagaz iýýänje almaňyzam bolmaz,beýlekem.Alma özüňiziňki däldir,ýogsam-a...diýdi-de,ol eli şahaly oglana seretdi.

–Aý,gelýäkäk,ýoldaky almadan alaýdyk-da-diýip,ol özüni aklajak boldy.

–Näme alman,eýesiz, hyrowa gögeren alma-diýip,ikinji oglan dostuny goldady.

–Eýesiz däl,ol kolhozyň bagy-diýip,üçünji oglan düzediş berdi.

–Kimem bolsa ony biri ekendir-ä?Onsuzam,soňky ýüzýyllyklarda170 görnüş janly-jandar,130 görnüş guş,sansyz ösümlyk dünýäsi ýok boldy.Hany aýt,sen öz wyjdanyňa gulak asýarnyň?

-Ol haýsy teleýaýlymda görkezilýär?-diýip,ikinji oglan içýakgyç sorady.

–Görýän weli,siziň aklyňyz kemterlik edýär,mekdepde berilýän öý işleriňizi-de ene-ataňyz işleýän bolmaly.Hany aýdyň,ol bagy kim ekipdir?

-Atam-a oňa “Dostlugyň we bagtyň bagy”diýýär,käte “Baharyň bagy”hem diýäýýär,”ýer yranmasy netijesinde weýran bolan obamyzy dikeltmäge,dürli milletleriň wekilleri geldiler,şonda Bahar eje ilkinji bagy oturdyp,dostlugyň bagy diýdi.Onuň başlangyjyny adamlar alyp göterdiler,şeýlelikde oba bagy döredi”diýýär-diýip,birinji oglan jogap berdi.

–Görýäňizmi,Bahar eje ekipdir,siz onuň miwesini iýýärsiňiz,indi siz bag ekseňiz miwesini nesilleriňiz iýer.Düşüniň,biriň “meniň wyjdanym arassa”diýip,şaha döwüp ýörse,beýlekiň oňa goltgy berse,ýene biriň kömege mätäjiň gapdalyndan geçip,wagtym ýok bahanasy bilen wyjdanym arassa diýse,nähili bolar?Men ertir Leningrad şäherinde boljak ýaryşa ugraýaryn.Şäher Piotr birinji tarapyndan batgalykda gurulanlygy sebäpli, ýollar,ýodalar, jaýlar,arassa we hapa suw ulgamlary agaçdan bolupdyr,şol sebäpli şäherde çilim çekmek,köçeleriň ugruna ekilen baglarda,ösmegine päsgel berýär diýip,ýuwulan zatlary asyp guratmak gadagan edilipdir,kanun bozanlara berk çäre görülipdir.Görýäňizmi!?...Siz nädýäňiz?-diýip,Altymyrat ikinji oglanjygyň saçyny sypalady-Sen dostuň tarapyny tutýarsyň,arkasynda durýarsyň,ol gowy zat,ýöne onuň ýaramaz hereket edenligini görmejek bolýarsyň.Siz obaňyzdaky baglary,dag ösümliklerini,janly jandary goramaly dälmi?Guşlar,howa,çeşme suwy,janly-jandar,tokaý,gyrymsy ösümlikler,dag,obaňyzyň ekin meýdany-bular ýaşaýan obaňyzyň,has dogrusy göbek ganyňyzyň daman topragynyň,Watamyňyzyň tebigaty dälmi?Tebigaty gorasaňyz Watanyňyzy goradygyňyz bolýandyr,şoňa düşüniň.Siziň dünýä inişiňiz ýaly,tebigatdaky ähli zat nesil dowamaty üçin tohum taşlaýar,onuň bir bölegi çüýreýär,bir bölegini guş-gumrylar çöpleýär,sanlyja bölegi bolsa gögerýär,şol

gögerýänini hem ýok etseňiz bolmaz!Hany,kim bag-bakja ekip gördi?-diýip,Altymyrat soragly nazaryny olara gönükdirdi.

–Men atamyň oýtagynda ýagyş suwuna düme gawun ekmäge kömekleşdim-diýip,şol bir oglan jogap berdi.

-Eken bolsaň bilýänsiň,çigidi ýere taşlasaň gögerer,taşlamasaň gögermez.Tebigat hem edil biziň ýaşaýşymyz ýaly ýaşaýar,emma biz oňa düşünmeýäris,düşünjek hem bolmaýarys.Hany aýdyň,tebigat diýmek näme?

-Tebigat bize ýakmaga odun berýär.

–Tebigat meniň üçin ýaz paslynyň dag etegi,gülzarlyk,ondaky saýraýan guşlar!

-Tebigat meniň üçin gök asman,arassa suw,arassa howa we atamyň kärende ýeri.

–Siziň jogaplaryňyzy birikdirseň tebigat bolýar,diýmek,tebigat-Watan,dogduk mekan bolýar...

Men her ýyl bir döwlete ýaryşa gitmeli bolýaryn,tebigaty synlaýaryn,käbir üýütgeşikler bolaýmasa tebigat tebigat bolýar,bizdäki bar baglar olarda ýok,olardaky haýwanlar bizde ýok,aýdaly alahekge bizde ala,olarda kül reňk.Ýaryşlardan gaýdyp obaňa aýak basýarsyň weli,bezzat alahekgelerem gözüňe yssy görünýär. Diýmek,Watan seniň göbek ganyň daman topragy,daşyňy gurşaýan tebigat!Bizde,heniz adamynyň eli degmedik tokaýlyk,ösümlik dünýäsi bar,şoňa guwanmaly.Ýapon döwletinde tebigy tokaýlyk gür baglyga we seýil meýdançalaryna öwrülip gidipdir.Biz beýle ýagdaýa düşmejek bolmaly,ýogsam...

–Kaka menziline geldik, düşmeli-diýip,çagalar goşlaryny ýagnap başladylar.

–Daýy,men düşündim,beýle işi gaýdyp gaýtalaman-diýip,hoşlaşyp çykyp barýarka,eli şahaly oglanjyk seslendi...

**--2—**

Altymyrat bir günüň içinde dogan-garyndaşlaryna aýlandy,azajyk pul toplady,Gülleri görmäk üçin,Mary şäherine,okaýan ýerine bardy,emma onuň tejribe toplamak maksady bilen keselhana iberilenligini bilip,özüniň Olimpiýa ýaryşyna ugraýanlygyny,görüp bilmänligine gynanýanlygyny,nesip etse ýeňiş bilen dolanyp geljekdigini,onuň hem gutaryş synaglardan üstünlikli geçmegini arzuw edýänligini ýaňzydyp,gysgajyk ýazgy ýazdy-da,bile kaýan jorasy Ýelena gowşurdy.Şol agşamam Aşgabada,ertesi uçar bilen Moskwa,Podolskä bardy.Ol bu ýerde iki aý türgenleşip,maý aýynda Sank Peterburgda,Olimpiýada gatnaşmaga hukuk almak üçin geçirilýän ýaryşa barmaly,ýeňiş gazansa topara goşulyp Barselona gitmelidi.Bu mesele ony birjikde pikirlendirmeýärdi,özüne göwni ýetýänligi üçin arkaýyndy,birahat edýän zat başgady.Türkmenistandan pul gelmedi bahanasy bilen,ony naharhana goýbermediler.Her zatda bolsa,ýany bilen birnemejik serişde alyp gaýdany gowy bolupdy,has dogrusy şeýle ýagdaýyň boljagyny öňden gören ýaly hereket edipdir.Bu ýeriň bir gowy zady,naharlar arzandy,eliň boş bolsa güýmener ýaly,kitaphana,kino,hyzmat ediş otaglary bardy.

Altymyrat kitaphana baryp,1980-nji ýylda Moskwada geçen Olimpiýa oýunlary baradaky maglumatlara seretdi.Dogrusy,ol ony 11 ýaşlarynda-ka,teleýaýlymda,başyndan aýagyna çenli syn edipdi,şondan bärem,dünýä sportynda gazanylýan atlaryň,derejeleriň iň hormatlysy hasap edilýän Olimp ýaryşlaryny höwes edip synlaýardy

Moskwada ýakyljak Olimp ody,ondan bir aý öň Gresiýanyň Olimp şäherindäki Gera hramynyň meýdançasynda, Gün şöhlesiniň kömegi bilen alynypdy.Ol Moskwa çenli 4000 kilometr ýol geçdi.Bu ot ,ony alyp barýan adamlaryň ýedi günüň dowamynda birek-

birege geçirmeginde,grek topragyndaky gadymy Salonik,Korinf ýaly şäherleriň üsti bilen 1136 kilometr ýol geçip,Afinanyň mramor stadionynda dabaraly garşylandy,soň Bolgarýanyň içi bilen742 kilometr,Rumynýadan 575 kilometr ýol geçip,Moldawiýa bardy,ondanam Ukrainanyň üsti bilen 1600 kilometr ýol geçip,dokuz günde Moskwa geldi.Oduň geçen ýoly böleklere bölünip,her sportçy bir kilometr aralygy ylgap,ony öňündäki garaşýana geçirýärdi,şeýdip,günde 180 kilometr ýol geçip,1980-nji ýylyň 19-nji iýulynda Moskwanyň Lujniki stadionynda dabaraly ýagdaýda ýakyldy,şol ýerde-de,Olimpiadanyň ak baýdagynyň, ortasynda,bir-biriniň içinden geçen ýaşyl, sary, gara, gök,gyzyl halka bolan,(dünýäniň bäş kontinentini aňladýar) baýdagy dikildi.Oduň ýakylmagy hem gadymdan gelýän däp-dessur.Gyje-gündüziň deňleşýän wagty adamlar Hudaýa hormat hökmünde,şaman ot ýakyp,onuň daşyna aýlanyp tans edipdirler, göreşipdirler, böküşipdirler,dürli ýaryşlary geçiripdirler,ot ýakmak düzgünem şondan galypdyr.

Bulardan başga-da ol, ilkinji Olimpiýa oýunlarynyň biziň eramyzdan öňki 776-nji ýylda geçenligini,biziň eramyzyň dördünjy asyrynda soňky oýunlaryň bolanlygyny,394-nji ýylda bolsa imperator Feodosiý tarapyndan ýatyrlanlygyny kitaplardan okady.!9-njy asyrda fransuz jemgiýetçilik işgäri Piýer de Kuberten ýatyrylan oýunlary täzeden dikeltmek barada teklip bilen çykyş edýär we 1894-njy üylda birinji Olimpiýa oýunlarynyň Gresýada geçirilmegini gazanýar.

Şondan bäri onuň ikinjisi,1900-njy ýylda, Parijde,üçünjisi, 1904-njy ýyl, Sent-Luis şäherinde,dördünjisi, 1908-nji ýyl,Londanda, bäşinjisi, 1912-njy ýyl, Stolşkgolm-da, altynjysy,1916-njy ýyl, geçirilmedi, ýedinjisi, 1920-njy ýyl, Antwerpen şäherinde, sekizinjisi,1924-njy ýyl, Parijde, dokuzynjysy, 1928-nji ýyl, Amsterdam-da, onunjysy,1932-nji ýyl, Los-Anjelos-da, on birinjisi, 1936-njy ýyl, Berlinde, on ikinjisi, on üçünjisi uruş zerarly geçirilmedi, on dördünjisi, 1948-nji ýyl, Londan-da, on bäşinjisi, 1952-nji ýyl, Helsinkide, on altynjysy, 1956-njy ýyl, Melburn-da, on ýedinjisi, 1960-njy ýyl, Rim-de, on sekizinjisi, 1964-nji ýyl,Tokio-da, on dokuzynjysy, 1968-nji ýyl, Mehiko-da, ýigriminjisi, 1972-nji ýyl, Mýunhen-de, ýigrimi birinjisi, 1976-njy ýyl, Monreal-da, ýigrimi ikinjisi, 1980-nji ýyl Moskwada, ýigrimi üçünjisi, 1984-nji ýyl, ýigrimi dördünjisi 1988- nji ýyl, Seulda geçirildi,indiki ýigrimi bäşinjisi bolsa Barselonada geçmelidi.

Mundan başga-da 1924-nji ýyldan bäri her dört ýylda gyşky Olimpiýa oýunlary geçirilýärdi.

Rim-de geçen oýunlarda Altymyradyň söýgüli ştangaçysy Arkadiý Worabýow ýeňiş gazandy,Monreal oýunlarynda bolsa Wasiliý Alekseýew dünýäniň rekordyny täzeläp,çempion boldy...

Podolskide iki aý türgenleşen Altymyrat, Sank-Peterburg ýaryşyna gatnaşyp,öz agramy boýunça ýeke-täk çempion boldy we onlarça sportçylaryň içinden Barselona gatnaşmaga hukuk gazandy.Podolskä gaýdyp geleninden soň onuň daşynyň kölegeli gürrüňleri köpelip başlady.Tälimçi Wasiliý Alekseýew onuň dynç alýan otagyna gelip,hal ýagdaýyny sorady,kömek gerek bolsa ýaýdanman ýüzlenmegi teklip etdi.

–Muýunhen ýaryşyndan soň men öz-özüme sorag berdim-diýip,ol gürläp başlady-Wagt geçýär,ýaşyň goýalýär,bedeniň agzalary ýadadym diýýär, parahat durmuşda,asudalykda ýaşamak islegi döreýär.Şonda-da men göreşimi dowam etdirdim,ýöne türgenlik usulymy üýtgedip,öň günde otuz tonna demir göterýän bolsam,indi onuň geregi ýoklugyna düşünip başladym.Men indi bedenimiň agzalarynyň sagat bolmagy,onuň her hili synaglara döz gelmegi barada aladany edip

ugradym.Bedeniň sagat bolsa ruhuň sagat bolýar,şol bir wagtda ol güýjüňe,gazanjak ýeňişiňe uly ynam döredýär,ýogsam,dünýäde iň güýçli adam diýen ady aljak bolýanlar gyt däl ahyryn...Ýadyma düşýär,1973-nji ýalda,Ispaniýada geçirilen Ýewropa çempionatynda,tomus örän salkyn boldy.Bu ýerde Leningrad şäherinden Pawel Perwuşin atly sary saçly görmegeý ýigit uly ýeňiş gazanyp,agzymy açdyrdy,onsoň güýjüme ynamym bolansoň menem üstünlikli çykyş etmegi maksat edindim.Emma, öňümde,belgiýaly Reding atly pälwan bardy,ol birden götermekde 182 kilogramy alypdyr,men bolsa ol agramy heniz almandym.Nätmeli?Iýýän iýmitlerimi azaltdym,bir hepde-de 152 kilo bolanymdan agramymy 143 kilo getirdim.Ýaryş gutarýança kimiň nähili ýeňiş gazanjagy belli däldi.Şol gezek ýeňişi men gazandym.Aýtjak bolýanym,hiç wagt pylany ýeňiş gazanar diýip bolmaýar,emma seň güýjüňe welin ynanýaryn.Şu ýerde başga mesele ýüze çykýar.Sen 75 kilogram agramda çykyş edip,Barselona gitmäge hukuk gazandyň,emma maňa 82,5 kilogram agramda çykyş etjek sportçy gerek.Öňem,soňky agramda ençeme gezek ýeňiş gazananyňy bilemsoň soraýaryn,şol agramda çykyş etmäge sen razymy?

-Meniň üçin 75 kilogramda ýa-da 82,5 kilogram agramda çykmaly,parhy ýok.Ýedi-sekiz kilo agralmak itiň aňsady.Onsoňam,"ryskymy Huda kylar,özgesi juda kylar"diýipdirler-diýip,Altymyrat pert jogap berdi.

–Şeýle diýjegiňi bilýädim.Sen gaýduwsyz sportçy,ýöne,gyssanma,pikirlen,ilkinji nobatda saglygyň barada oýlan,ýokarda aýdanlarymdan netije çykar, belli karara gel.

–Bolar-diýip,Altymyrat ylylaşdy...

Bir gün nobatdaky türgenleşikde Alekseýew Altymyradyň gelen netijesini sorady.Ol öňki aýdanlaryny gaýtalap,agyr agramda çykyş etmäge taýýarlygyny tekrarlady.

–Alty "alňasan ajally","alňasan kör"diýen aýtgylar bar.Şonda-da men seniň yhlasyňa,gursagyňdaky hyjuwyň hasyrdysyna guwanyp,öz hasabyma iýmitiňi gowulandyrdym,başardygymdan ýaryşa taýýarlykly barar ýaly şert döretdim.Sen bir ýetim oglan,ýetime bolsa ideg gerek.Men bir şert bilen seniň idegçiň bolaýyn,indi agyr daşlardan daşlaşmaga söz berseň,sebäbi men seniň saglygyň aladasyny edýärin.

–Men bu ýaryşdan galyp biljek däl,oňa garaşyp näçe gezek göge näz edýän sähralary geçirdim,gaýmakly gözýetimlere garadym,akja sapak ýaly günler geçip,indem,özümiň iň arzuwlan wagtym gelende,ondan dänmerin.

–Lukmanlar onsuzam saglygyňa şübheli garap,ýaryşa goýbermejek bolýarlar,men seni şu güne çenli goldap geldim.Ony ýadyňdan çykardyňmy?

-Ýok,Wasiliý Alekseýewiç,ýadymdan çykarmadym,hyzmatyňyz üçin Taňtyýalkasyn,ýöne şu gezegem gaýrat edip,kömek ediň!Men siziň gadryňyzy bilerin.

–Onda bir zat edeli,sen 82,5 kilogramda däl,75 kilogram agramda çykyş etmäge taýýarlan,soňunam görüp gelen ýok-diýip,Alekseýew sözüni tamamlady.

Altymyrat Alekseýewiň öň bir zat diýip,indem başga pikiri aýdyp durmagyna düşünmedi.Ugramaga bir hepde galanda dürli respublikalaryň ýokary wezipeli adamlary gelip,ýaryşa gidýän sportçylaryna ak ýol,üstünlik arzuw etdiler,kömek geregine goldaw berdiler.Rosiýa respublikasynyň Ýokary Sowetiniň başlygynyň orunbasary Hasbulatow hem gelip,ýaryşa ugraýan ýygyndy topara üstünlik arzuw etdi.Ol gelip giden gününiň ertesi,Sank-Peterburgdaky ýaryşda Altymyratdan pes netije gazanan Ibragim Samedowyň hem topara goşulanlygy belli boldy.Şeýlelikde olar ýaryşa dört gün galanda Barselonadaky sport obajygyna bardylar.

Köp ýyllardan bäri sportçylaryň ýaşamaly ýerine oba diýýärdiler.Bu at 1932-nji ýylda, Los-Anjelosda geçirilen onunjy Olimpiýa oýunlarynda tapylypdy.Emma

Barselonada gurulan oba, uly şäheriň içindäki şäher diýse boljakdy.Ol ýüz gektar töwerek meýdany tutup,bir wagtda 12-15 müň adam ýaşamaga mümkünçilik berýärdi.Obada ýaryşy alyp baryjylaryň jaýy,25 görnüşli sport ýaryşlary barada islän wagtyň maglumat almaga niýetlenen ymaratlar,dört sany giňişleýin naharhana,dukanlar,hyzmat nokatlary bardy,saglyk hyzmaty üçin bellenen uly göwrümli jaýda saglyk kömegini berýän,türgenleşigiň derejesini barlaýan bölümler bardy,bulardan başga-da sportçylara medeni hyzmat etmek üçin kinokonsert zallary,tans meýdançalary,kitaphanalar,aragatnaşyk merkezleri bardy.

Ýaryş gününiň öň ýany Altymyrat näme üçindir birden gozgalaň tapdy,ýanynda bolýan Ibragim bilenem gepleşmedi,beýleki dostlaryny hem görmejek bolup lal açdy,naharhana barmady,gijäni uklap bilmän geçirdi.Hawa,azajyk irkildi,şol pursatda-da ejesini gördi.Ol aýagy köneje galoşly,egni köneje donly,başy köneje ýaglykly, ýyrtyk bürenjekli gidip barýar,isle sährалyk,isle alaň,isle jülge,isle dag-derýa tapawudy ýok,aýak basan ýeri geň-enaýy bägüllere bezenýär,hat-da hiç mahal niç zat gögermyýän Gyzylgaýa ýaly, öň Uran magdany gazylyp alynan depede hem,onuň aýagynyň degen ýeri öwüşginli ýaldyraýar.”Eje,hamyrdan gyl sowrulan ýaly bolup gidiberdiň,oňa öwrenişip bilemok.Ýanyňa baraýaýyn?!”-diýip,ol soraýar,ejesi”Ýok,balam,saňa seretmäge elim degenok,gowusy ýanyňa özüm bararyn”diýýär.”Eje,dünýäde ýaman adam ýok diýýäädiň,bar eken-ä?”diýip,ol soraýar,ejesi “Özüň gowy bolsaň ýamanam düzeler,mert bol.Gybatymy edýärler diýip bozulma,”Il agzyny ýygyp bolmaz”diýen gep bar,senem “It üýrer kerwen geçerini”et. Ynsapsyzyň günäsi bilen şowsuzlyga duçar bolanyňa nalama,ony adaty bir zat hökmünde kabul et,duýgyň, kalbyň ýelkenidigini ýadyňdan çykarma”diýýär.

Ertesi ejesiniň aýdanlaryny sallarlap görse,asyl,onuň özi hem soňky bir aýyň içinde şowsuzlyk barada pikir etmedik wagty bolmandyr.Özüne ynamy güýçli bolsa-da,şu güne çenli şowsuzlygyň kesekiniň günäsi bilen amala aşjagyny bilmändir,bir säwlikde şol ýagýaýa özi düşer öýdüpdir.Indi bolsa ejesi onuň gözüni açdy.Ol nemme zada düşündi.Şol sebäpli hem çykyş etmeli güni jaýyndanam gozganmady,öňki endigi boýunça ýaryşa barmaly halyna ýatdy.Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň(GDA) ýygyndy komandasynyň ýolbaşçysynyň orunbasary A.Kolesow gelip, ýaryşa çagyrmadyk bolanda,ýatyp, asla öýdenem çykjak däldi.

–Alty,sen bu gün 75 kilogram agramda däl-de,82,5 kilogram agram kotegoriýasynda çykyş etmäge goýberilýärsiň!-diýip,Kolesow oňa “täsinligi” gürrüň berdi.

–Men,ilki,75 kilogram agramda çykyş etmäge taýýarlandym,ýaryşa bir sagat galanda ony üýtgetmäňiz näme?-diýip,bulutsyz gün gök gürlän ýaly tisginen Altymyrat sorady.Şol bada hem ejesiniň aýdanlary ýadyna düşdi.”Käbäm ejem,sen meni mydama goraglap gelipdiň,indi hat-da dünýäňi täzeläňde hem aladamy edip ýörsüň.Oňa nädip jogap berip bilerkäm?”diýip,başyny ýaýkady.Duýgudaşlyk edýän ýaly,ispan topragyna negä bir ýagýan ýagyş ýagyp başlady-da,onuň ýaňagyny ýalady.

–Bilmedim,ony Alekseýew çözýär-diýip,ýüzi düýe daban ýaly galňan Kolesow perwaýsyz jogap berdi.

Olar ýaryş geçýän uly zalyň kömekçi otaglarynyň birine,baş tälimçi Alekseýewiň ýanyna bardylar.Asyl ol ýerde Türkmenistanyň Milli Olimpiýa Komitetiniň ýolbaşçy işgärleriniň ählisi-prezidenti,wise prezidenti,baş sekretary,hatda Abramýan hem bar ekeni.Altymyrat olaryň bu ýerdeligini diňe şu ýere gelende bilip galypdy.Eýýäm 75 kilogram agramda çykyş edýänleriň ýaryşy tamamlanypdy.Bu agramda çykyş eden moldawan Kasapu 357,5 kilogram göterip,birinji,kubaly Pawla Lara 354,5 kilogram

göterip ikinji,koreýaly Kim Mio Nan 352,5 kilogram göterip üçünji orny eýeläpdiler.indi gezek 82,5 kilogram agramly sportçylaryňkydy.

Altymyradyň damarlary joýa-joýa bolup gatady,ömründe birinji gezek dyňzap,bokurdagyna gelen gaharyny saklajak bolup yzly-yzyna ýuwdundy,her zatda bolsa özüni dürsäp:

-Wasiliý Alekseýewiç,bi näme etdigiňiz boldy? Siz şeýle-şeýle diýdiňiz,menem aýdanlaryňyzy ýerine ýetirdim,soňky pursatda lebziňizi ýuwutdyňyz?-diýdi.

–Alty jan,düşün,etjek bolýan zadymy maňa etdirmediler.Ýokardan gelen buýruk.Men seni 82,5 kilogram agramda çykyş etmäge goýberjekdim,emma iň soňky pursatda ýeriňe başga birini sokmaly boldy.

–Ony bilýän bolsaňyz,näme üçin duýdurmadyňyz?

-Aý,şeýle boldy-da,Alty.Duýdurmaga pursat hem bolmady,onsoňam, “sen bir ýuwaş,sada,dilsiz –agyzsyz oglan,düşünersiň-le” diýdim.

–Indi meni 82,5 kilogram agramda çykyş etmäge hem goýberjek dälmi?

-Alty,düşün,seniň saglygyňy howp astyna salasym gelenok.

–Men öň bu agramda çykyş edip dünýä rekordyny täzeläpdim,382,5 kilogram göteripdim,siz ony bilýärsiňiz,şonda-da ýaryşa goýbermejek bolsaňyz munuň özi eýýäm eden-etdilik bolýar.Onda meni näme üçin çagyrýarsyňyz?

-Saňa nebsim agyrdy-da,göreýin,teselli bereýin diýdim.Bilýän,ýaryşa çyksaň bu kategoriýada hem asgyn gelmejegiňi,ýöne,seň saglygyňy orta goýasym gelmedi,ýokardan gelen höküm hem güýçli boldy..

–Ýaşuly,türkmenlerde ygrara wepalylyk iň ýokary,gowy häsiýetleriň biri hasap edilýär,ol adam jemgiýetde sylanýar,hormatlanýar.Siz-de bolsa jinnek ýaljagam ygrar ýok ekeni...diýdi-de,-Altymyrat “Ismi agzam” dogasyny okap,elini ýüzüne sylyp,oň gowy tanamadyk,indi bolsa geçi pisint adamdan daşlaşdy..

82,5 kilogramda çykyş edýänleriň üçüsi hem iki görnüş boýunça deň netije, 370 kilogram göterdiler,kimiň haýsy ýeri eýelänligini bilmek üçin bolsa olaryň agramlary çekildi. Netijede gresiýaly Kiordimos birinji,polşaly Semýon Kşetow ikinji,ýokardakylardan 50 gram agyr gelen Ibragim Samedow üçünji ýeri eýeledi.Baýraklar gowşurylanda bolsa üçünji ýere mynasyp bolan Samedow özüne berilen bürünç medaly ýere taşlap,aýagy bilen depgiledi-de,çykyp gitdi.Beýle masgaraçylykly ýagdaý Olimpiýa ýaryşynyň taryhynda heniz görülip-eşidilmändi.Netijede rus toparynyň gazanan medallarynyň biri hasapdan öçürildi, ýolbaşçysyna soňky käýinç berildi.Bu masgaraçylygyň soňunyň näme bilen gutarjagyna,ýurduna gaýdyp baranda,bolmanda wezipesi bilen hoşlaşmaly boljagyna düşünen Alekseýew nirädir bir ýere ýitirim boldy.Gör-ä,muny!Alla tagala Altymyradyň okan dogasyny kabul edip,adalatsyzlyga ýol beren adamy masgaralady,il öňünde ryswa etdi.Ýogsam,ol nirädir ýitip,adamlardan gaçyp ýörmezdi ahyryn.Aý,ol jähenneme gitsin-le!

Altymyrat indi nätmeli?Gursakda tirpildisi barka,kime synyk göwnüni seýiklletmeli?Heňňam göçünde maýrylan är ýaly bolana,kim teselli bermeli?Eýsem ol nätmeli?Gapyl adam ýaly, jyzlan ömrüni arza ýazmak,derňetmek,günäkäri tapmak işlere sarp etsinmi?Ýok,wezipe ol däl,gaýtam, gara nebsi üçin şeýle işi edýän pes adamlaryň dogry ýola düşmegi üçin göreşmeli.(Ol hiç mahal matlaply haýyr etmändi,etmezem.) Işleşýäniň paýhasy biçilen ynsapsyz,ygrarsyz adam bolsa nädip göreşmeli?Birki ýyllykda tälimçisi Abramýan”Meniň Alekseýewe ep-eslije bergim bar”diýip,dilinden sypdyrypdy.Indi pikir edip görýär weli,Abramýanyň geljek ýyl daşary ýurda

gidýänlihgine garamazdan , şu ýaryşa gaýtmazlygyna şol bergi sebäp bolan bolaýmasyn? Belki,Alekseýewiň bu haýynlygyny hem şondan gözlemelidir?onda-da ol soňky pursatda ýaryşy görmäge gelipdir,oňa näme diýjek?Adam alasyny tanap bilmeseň mydam jowranyp ýörmeli bolýarsyň.Ýöne,kimem bolsa birine ynanmaly bolar ahyryn!Dogry,ol hemmelere ynanýar,hemmeleriň hem özüne ynanmagyny isleýär.Ýaryşa bile gelen ýoldaşlary"Alty,sen heniz ýaş,gelejegiň öňde,gaty gynanma,bu gezek bagtyň çüwmedimi,indiki Olimpiada gatnaşarsyň,ýeňyş gazanarsyň.Bizem öz tarapymyzdan Alekseýewiň bu eden-etdiliginiň jogabyny aljak bolarys”diýip,göwünlik berýärler.Oňa 1988-nji ýylda heniz ýaş diýdiler,indem aýagyna badak atdylar,haýynlyk etdiler,indiki 1996-njy ýyla bolsa onuň ynamy gaçdy.Öň dyňzap kenaryny ýarjak bolýan ynamy gaçdy.Bolmanda-da,süýtde agzyň bişse,suwa müňkür gararsyň...

**--3—**

Barselolanyň Remblo köçesiniň iki gyrasy dukandyr-naharhanaly,köp adamlydy.Bu köçe bilen barýan,ýetim göwünli,hemişe haýyrly pälwanyň örüsi daraldy,hyrydarsyz halal niýetleri gowşady.Aýagy hereket edýär,emma nirä,näme üçin barýanyny bilenok.Olimpiada özüniň iň arzyly oýnudy,şonuň bilen birlikde ol Güllere hem ýeňiş bilen dolanaryn diýip söz beripdi.Wah,ýaryşa goýberilen bolsa ol özüniň kimligini,nämä ukyplydygyny,dünýädäki milliardlarça adamlaryň içinden ýeke-täk öňe çykyp,iň agyr daşy göterip bilýänligini äleme subut etjekdi,diňe bir onuň üçinem däl,bäş-alty ýyllap sokjap emen ene süýdüniň halallygynyň hatyrasyna etjekdi.Ol Rahmanberdi aganyň nygtaýşy ýaly”çylşyrymly durmuşyň muşakgatlary”iň bir mukaddes hasap edilýän sport dünýäsine aralaşandyr”diýip,ýatsa-tursa pikir edmändi,onda-da”Dostluk we mähir bilen gurşalan meýdança-da her bir şahsiýetiň fiziki we şahsy kämilliginiň ösmegine ýardam bermegi maksat edinen Olimpiýa ýaryşynda”şeýle adalatsyzlygyň dörejegine ynanasyň gelmeýärdi.Her dört ýylda geçirilýän bu mukaddes oýunlaram ýa, obada bolup geçen bir waka ýaly çär-ä öwrüläýdimikä?Bürküç ýyllykda obanyň barjamly kişisi Pygamber ýaş toýuny belledi.Kim oňa niýet-päline atlanyp,göwün yhlasyndan alabag işip gelýär,kim äpet halyny egnine atyp,ýegşerip, zordan ýöräp gelýär.Şonda,köňlüniň ýyly sözüni sakgaldaşyna arzuwlap duran bir mysapyr kişiniň elinden mikrofony aldylar-da”Haly getirýanler üçin gezek binobatdyr”diýdiler.Sadaja geýnen adam tasdanam aýak astynda basgylanypdy.Ýöne,bu wakanyň Altymyrada näme dahyly bar?Ol ýerde ýürek ýylysyny,arzuwyny dostuna aýtmaga geleni gyrakladyp,haly getiren ýaranjaňa nobat berildi,bu ýerde kimede bolsa ýokardakylaryň birine ýaranjaňlyk etjek,ýa pul gazanjak bolan Alekseýew ony ýaryşdan çetleşdirdi.

Ýürek ýaly mert zat ýok.Oňa jahana sygmadyk zatlar sygýar,ýürek ýaly duýgur zat ýok,ol gözden öň görýär,gulakdan öň eşidýär,dilden öň sözleýär.Ýaregiň mertligi gowy,ýöne...Altymyrat häzir hiç zady göresi,eşidesi gelenok.Ol agyr ýüküň astynda galdy,ganatlary gyryldy,dünýä hasraty başyna indi.Şeýle ýagdaýda ynsanyň gözünde dowzah ody lowlaýar,töweregine ýigrenç bilen garaýar.Şeýle nazar köpeldigiçe dünýä düýrügip başlaýar,onuň soňy bolsa ýowuz hasrat bilen gutarýar.

Altymyrat oňa düşünýär,şol sebäpli hem ýüregindäki ýigrenji uzak saklasy gelenok,ýöne islese-islemese gahary gowzaýança saklamaly bolýar. Hawa,ol agyr gaýgyny,ahmyry başyndan geçirýär.Ahmyrly bolup gaýdan diňe ol däl,Türkmenistanyň tutuş MOK-y diýseňem boljak.Şu ýerde haýran galaýmaly bir ýagdaý bar.Olimpiada gatnaşýan-a bir adam,onuň üsti bilen näçe adam çykdajy bary çykarylyp Barselona barypdyr.Baryp taň edipdirler,ýöne bir san bolmaly däl-de,adalatyň

berjaý bolmagyny üpjün etmeli ekenler.Bolmasa olaryň ol ýerde nä körleri bar?Eýsem olar Olimpiada gatnaşmaga hukuk gazanyp bilen,baýrakly orunlara dalaş edýän ýeke-täk türkmen gerçeginiň ýaryşa-da çykyp bilmän gaýtmagynda näçerägem bolsa özlerini günäli duýýarmykalar?Goý,muny olaryň wyjdanlary jogap bersin.Ýogsam, jogapkär işgärler eýeleýan wezipelerine has hem jogapkärli,yhlasly çemeleşen bolsalar beýle ýagdaý bolmaly däl ahyr

Hawa,Altymyrat gynanýar,onuň gynanjyna bütin türkmen halky goşulýar.Ol her gezek ýaryşdan uly ýeňiş bilen gaýdyp gelende dogan-garyndaşlary,ulus-il begenýär,şu gezegem onuň Olimpiadadan altyn medally gaýdyp gelmegine garaşýarlar. Ýöne,nätjek!?Adamyňky hemişe şowuna bolup durmaýar.Dogry,asuda akyp barýan durmuşyň kä wagtlar tersine sowulaýýan pursatlaryda bolýar,ýöne şeýle pursatda ruhdan düşmezligi başarmak welin,hemmä başardyp durýan däldir.Oňa”Sende şeýle akymyň hötdesinden gelmäge güýjüň bardygyna ynanýandyrys,Altymyrat!.Ine,şu ynam hem bizi begendirýär.Sen heniz ýaş,ýaňy ýigrimi üç ýaşadyň,görjegiň öňde,uly ýaryşlaram öňde,entek-entekler altyn medallary köp getirersiň diýen ynam bar”diýýärler.Hawa,boljak iş bolansoň,gönüläp aýtsak,öňdenem ýetim Altymyrady beýle uly,jogapkärli ýaryşa ýöne bir “bar,pylan zady dukandan alyp gel”diýen ýaly edip ugratmagyň özi hiç heňe gelmeýän,trkmeniň başdansowmalygymyzyň, owarramçylygymyzyň netijesi dälmi?Altymyrat ýagdaýyň şeýle boljagyny ýolbaşçylara duýdurypdy ahyryn,şonda-da oňa hemme zat gül-ala-güllük diýip,gitseň bolýar diýen ýaly yzyndan iteläp ugratmaklaryny näme bilen düşündirjek?Bar,aýdaly GDA döwletleri öz toparlaryny rus ýygyndy komandasynyň ýany bilen ugratmaga ylalaşypdyrlar diýeli,ýöne,türkmenistandan beýleki döwletleriň jogapkär adamlary öz toparlarynyň ýany bilen ýaryşa bardylar ahyryn!Asyl,indi görüp otursa,türkmenistanlylaram il deňinde ol ýere baran bolsa nätjek!Peýdasyz baranlarynda näme?Biz Altymyrada “seniň sarpaň türkmen halkynyň ýanynda örän belentdir,köňlüňdäki gaýgy-hasraty bir ýana zyňda başyňy belent tut,gussa çekmek namarda ýaraşar” diýip üznüksiz gaýtalasagam,onuň hasratyny birjikde gowşadyp biljek gumanymyz ýok.Damarynda türkmen gany akýan her bir ynsan Watanyny,göbek ganynyň daman ýerini gözüniň göreji ýaly görýändir,söýýändir,ýöne hiç kim hiç wagt Altymyradyň watansöýüjiliginiň derejesine ýetip bilmez.Oňa”Sen,Watanyňda ýaşa-da,gerek wagty biziň ýurdymyzyň adyndan çykyş edip ber,biz saňa gowy ýaşamak üçin ähli mümkünçiligi döredeli,ýylyňa pylança million dollar bereli”diýip,öwran-öwran aýtdylar,emma ol ony etmedi,aç bolsa-da,horlansa-da Watan mukaddesligini harlamady,eýsem muny Altymyratdan başga kim edip biler?Oňa “Nähak edilen işiň ýerde galýany ýokdur,Alekseýew irde-giçde bu etmişi üçin jogap bermeli bolar,hat-da öz wyjdanynyň öňünde hem jogap bermeli bolar”diýip,göwünlik berýärler.Olar ýene”Seniň namartlyk bilen bäsleşikden çetleşdirilmegiň bize,ýaryşa gatnaşýan ýüzlerçe sporçylara örän agyr täsir etdi.Seniň egsilmez güýç-kuwwatyň bar,biz oňa ynanýarys,ruhdan düşme-de,beýleki ýaryşlara taýýarlanyber,sebäbi sen Olimpiada heniz tanalmaýan agyr atletikaçy hökmünde däl-de,eýýäm,dünýä janköýerleriniň uly söýgüsine mynasyp bolan sportçy hökmünde gelipdiň.Seniň munda günäň ýok.Oňa diňe sen däl,bütin dünýä ynanýar,ruhdan düşme-de,geziber.Biz ýüzlerçe sportçylaryň gol çekmeginde Alekseýewiň bu gabahat herekedini derňemegi,oňa adalatly baha bermegi talap edip,Moskwanyň Olimpiýa komitetiniň başlagynyň adyna arza berdik.Ol işi bilen-ä hoşlaşar welin,jogapkärçilige hem çekilmegi ähtimal”diýdiler...

Ýeri gelende bellemi zat,dogrudanam,dolanyp baran batlaryna berk käýinç bilen Alekseýew işinden boşadyldy.Öz etmişi üçin wyjdanynyň öňünde hem ezýet baryny

çekenligi barada käbir maglumatlar bar.Bu barada şu setirleriň ýazaryna agyr atletika boýunça Türkmenistanyň tälimçisi Ykram Mätkerimow soň bir aýlowda gürrüň berdi.(Şol Altymyrat neressäniň okuwa salyp,ugrukdyryp goýberen ýigidi)

”2002 –nji ýylda Kanadanyň Wankuwer şäherinde geçirilen dünýä çempionatyna gatnaşmak,türkmen pälwanlaryna hem miýesser etdi-diýip,ol gürrüňe başlady-Ol ýere rus ştangaçylaryň tälimçisi bolan Wasiliý Alekseýew hem baran ekeni.Men onuň barlygyny eşidip,şu wagta çenli özümi birahat edýän soraglara jogap almak maksady bilen duşuşmak isledim,has dogrusy oňa jaň edip”Men saňa türkmen palowuny iýdirjek,gel,hormatly myhmanym bolarsyň”diýip,çagyrdym.Ol bolýa diýenem bolsa gelmedi.Men ikinji gezek oňa jaň etdim.

–Ykram,men baryp bilmen,Alty neressäniň,bütin türkmen halkynyň öňünde geçirimsiz iş etdim,barsam siz meni öldürersiňiz.Türkmenleriň ygrarly adamlardagyny bilýän, Alty janyň aýdyşy ýaly men ygrarymy ýuwutdym,şol sebäpdenem,günämi geç,baryp bilmedigim üçin ýazgarma-diýip, jogap berdi.

-Ýaşuly,meniň kalbymda şu güne çenli size bolan ägirt ýigrenç möwç urýar,ikiçäk bir ýerde gabat gelseňiz her zadyň bolaýmagy ähtimaldygyny aradan aýyrmaýaryn,ýöne, wagt geçdigi saýy gahar ýumşaýar,şonda-da Alty neressäniň iň arzyly,iň höwesli,ömrüniň ýeke-täk guwanjy hasap eden ýaryşyndan hut siziň günäňiz bilen galanlygy ýadyma düşende,şol öňki gaharlarym ýene bokurdagyma geläýýär.Alty meniň üçin iň ýakynlarymdanam ýakyndy,özümiň adam bolup gitmegimde onuň täsiri bardy.Hawa,siziň wyjdanyňyzyň öňünde ezýet çekýänligiňizi eşidip süňňüm gowşady,ýöne,beýle ynsapsyzlyk etmäge saňa nähili güýç täsir etdikä diýen sorag günüme goýanok.

–Boljak iş boldy,wagt geçdi,indi bu soragyňa arkaýyn jogap berip bilýän-diýip,Alekseýew sözüni dowam etdi-Olimpiada gatnaşmaga hukuk almak üçin Sank-Peterburgda bolan ýaryşda çeçenistanly Ibragim Samedowyň ýaryşda Altymyratdan galyp,üçünji ýere düşenligini bilýänsiň.Hut şol sebäpli hem men Alta 75 kilogram agram kategoriýasynda çykyşa taýýarlanmaly boljagyny aýtdym.Ol şony hem etdi.Barselona gitmäge baş gün galanda Podolskä Rus Federasiýasynyň Ýokary Sowetiniň başlygynyň orunbasary Hasbulatow gelip”Näme üçin Olimpiada gidýänleriň arasyna ýekeje çeçen sportçysyny goşmansyň?Orsýetde ýaşaýarsyň,işleýärsiň,ýeterlik aýlyk alyp,ýokary wezipäni eýeleýärsiň,emma Watançylyk duýguň ýabygorly”diýdi,menem”Aý,ine,şeýle-şeýle,kim ýeňiji bolup hukuk gazansa ýaryşa şol gidýär,düzgün şeýle”diýip jogap berdim,onda ol”Men başgaňy bilemok,ýöne işiňde işlejegiň çyn bolsa diýenimi edersiň.Muňa buýruk diýseňem bolar”diýdi.Ýeri onsoň,men nädeýin?Ýokary Sowetiň başlygynyň orunbasarynyň buýrugyny ýerine ýetirmän bilmen ahyryn.Ine,onsoň iň soňky pursatda Ibragim Samedowy gatnaşýanlaryň hataryna goşup alyp gitmeli boldum.Ilkibaşda ony alyp gitsemem,ýaryşa Alty gatnaşar,altyn medala eýe bolar diýen pikirdedim,emma kimem bolsa biri bu pikirimi ýokaryk ýetiripdir,onsoň ol ýerden “Buýruk ýerine ýetirilmese Barselonadan geljegem bolma”diýdiler.Dogrumy aýdaýyn,gorkdym,ýöne beýle etmeli däldim.

–Hawa,beýle etmeli däldiň.Bu hereketiň üçin barybir seni işden aýyrdylar,Altymyrady ýaryşa goýberen bolsaňam zor etseler işden aýyrardylar,ýöne oňa derek ýurdyňyzyň altyn medalyň sany köpelerdi.Sen bolsa ne altyn aldyň,ne kümüş,ýaryşda üçünji ýere düşüp alan brünç medalyňam-a,Ibragim Samedow aýagy bilen depgiledi,netijede Olimpiýa komiteti ony hasapdan aýryp,döwlet bürünç medaldan

mahrum boldy.Ýeri aýt,sen ýaman atdan,masgaraçylykdan, kemsidiji sözleri eşitmekden başga näme gazandyň?

-Şondan başga gazanan zadym ýok.Men Arhangel oblastynda dogulan hem bolsam, dostum Ýuriý Wlasowyň Rostow oblastynda,Don derýasynyň boýundaky dynç alýan mesgeninde eden türgenleşigimden bäri,aýalym Olimpiadanyň,(geň görme hakykatdanam onuň ady şeýle),maslahatlaryna gulak asýaryn.Bilýämiň ol näme diýdi”Sen “sport güýjüňe bil baglap,hakyky ýeňşi gazanmagy hem-de mertebäňi peseltmän utulmagy ýa utmagy, diňe durmuşy däl,eýsem ony gurşap alýan ähli zady öwredýär”diýärsiň,emma Barselona-da sen şol aýdanlaryňy unutdyň”diýdi.Aýalym dogry aýdýar.Her bir sportçynyň edil artistler ýaly ykrar edilmegi gerek,gowy artist köpçülygy güýmeýär,sportçy bolsa ilki geň galdyryp janköýer gazanýar,soň ony tolgundyryp,özüni söýdürmäni başarýar.Köpçüligi diňe adatdan daşary bir täsin hereket bilen geň galdyryp bolýar,şonda seni ykrar edýärler.Alty şeýle ykrar edilen,dünýäde deňsiz-ytaýsyz,ýeke-täk sportçydy.Onuň gazanan netijesini gaýtalap biljek gerçek tapylar öýdemok.Gorkaklygym zerarly eden ýaramaz herekedim onuň at-abraýyny asmana göterdi,meni bolsa örän pese düşürdi...”diýip,ol jogap berdi...

Hawa,wagt kerweni geçip barýar.Olimpiadanyň netijesi onuň peýdasyna bolmady,ýöne onuň edibiljek zady ýok,bir gynandyrýan,özem gaty gynandyrýan ýeri,Gülleriň öňünde dili kelte bolýanlygy.Günäsi bolmasa-da,üç toýy birleşdirip belläris diýip,küpür gepläpdir.Mydam hyýalynda şu pikir.Onuň hilesiz,emelsiz adamkärçiligi,her bir kişini,isle uly bolsun,isle ýaş-ýeleň,mertebesini ulaldyp gidýänem bolsa,aý,garaz,özüňe näçe gowy diýdirsede aýagyňa badak atjak tapylar ekeni.Ýaryşa hyjuwy gaty uludy.Watanyň abraýyny galdyrmak niýet-pälidi.Garşydaşlaryndan göz-görtele bir mertebe artykmaçlygy aýan ýagdaýda hem,altyn medaldan mahrum bolmagyň her neneň edenli ýigitleri göwniçökgünlige batyrjakdygyny hasaba alsaň,onda öz milli buýsanjymyz Altymyradyň mertligine haýranlar galyp,aňyrsyna ýetip bilmeýärsiň.Iň ýamanam,bu wakanyň sebäpkärleriniň Soýuzyň dargamagy netijesinde,öz eden biedepligi üçin hiç hili jogapkärçilik çekmänligidir.Aslynda Altymyrat beýle çäräni islemeýärdi hem.Onuň ýeke-täk islegi,hiç kime görünmän obasyna gaýdyp barmak.Ol ýene bir aýdan Güller bilen durmuş toýuny toýlamalydy,onuň üçin bolsa etmeli işleri sanardan agdykdy.

Hut şu sebäpli bolsa gerek,ol Barselonaly waka mynasybetli Türkmenistanda geçirilen Metbugat ýygnagyna hem gatnaşmady.Ýygnagy Türkmenpress habarlar agentligi we Türkmenistanyň sport jurnalistleri gurapdyr.Ýygnakda Türkmenistanyň milli Olimpiýa komitetiniň (MOK)prezidenty Aman Şanyýazow çykyş edip,şeýle diýdi.

–Arkalaşygyň çempionatyndan soň,GDA-nyň agyr atletikaçylarynyň ýygyndy komandasyny toplamak bilen baglanyşykly düşnüksizlikler Barselonada hem dowam etdi.Birleşdirilen toparyň ýolbaşçysynyň orunbasary A.Kolesowyň Altymyrat Orazdurdyýewiň agyr atletika boýunça halkara federasiýasy tarapyndan,onuň taýýarlyk gören 75 kilograma çenli agram kategoriýasynda däl-de,82,5 kilograma çenli agram kategoriýasynda çykyş etmäge goýberendikleri hakyndaky habary,ilkinji garaşylmadyk ýagdaý boldy.Aslynda ol ony ýaryşa çykmaga sanlyja pursat galanda yglan edipdir,emma ýaryş güni Altymyrady oňa hem goýbermediler.Ýygyndy toparyň baş tälimçisi W.Alekseýew GDA-nyň sport soweti rugsat bermezden özbaşdaklyk edip,ony olimpiýa ýaryşlaryna gatnaşyjylaryň sanowyndan aýrypdyr...

Türkmenistan gazetleriniň,telegörnüşleriň we radiosynyň,Moskwada çykýan neşirleriniň bir topary Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komitetiniň ýolbaşçylary

Alekseýewiň eden-etdiligine ýol bermän bilermidiler?” diýen sowala A.Şanyýazow”Alekseýew öz hereketlerini amala aşyranda bize çäre görmäge wagt goýmady,ol Altymyradyň ýaryşdan çetleşdirilenligini,diňe sportçylaryň agramlarynyň çekilmegine 15 minut galanda yglan etdi”diýip,jogap berdi.(Bu ýerde Türkmenistanyň ýokary wezipeli adamlarynyň özlerini bir tomaşaçy hökmünde alyp barmaklary geň galdyrýar,olar Altymyradyň çykyş etjek wagty haçan,haýsy toparda,sagat näçede,haýsy resminamada bu zatlar hasaba alynypdyr,şular ýaly meseleler bilen bir hepde öňünden gyzyklanyp,ähli zady ýerli-ýerinde goýmalydylar,emma Merkezi Olimpiýa komitetiniň agzalary bolup,”Bize çäre görmäge wagt goýmady”diýip, özleriniň gönümel wezipe borçlaryna başdansowmalyk etmekleri, eýsem geçirip bolmajak hata dälmi?) Iki gün geçeninden soň, Alekseýew sport sowetimiň Türkmenistan toparynyň talaby boýunça çagyrylan ýygnakda öz herekedini şeýle düşündiripdir,hamala diýersiň,Altymyrat 82,5 kilograma çenli agram kategoriýasynda üstünlikli çykyş edip bilmejek ekeni,sebäbi, ol has ýeňil agramda-75 kilograma çenli agram kategoriýasynda çykyş etmäge taýýarlanypdyr.(Altymyrada şeýle görkezme beren onuň hut özi ahyryn).Ine,şu ýerde ýaryşa ugramanka Altymyradyň tälimçisiz,jogapkär adamsyz beýle möhüm ýaryşlara sportçynyň diňe özüni ugratmagyň ýalňyşlygy baradaky pikiriniň dogry çykýanlygyna göz ýetirýärsiň. A.Şanyýazow sportçyny ýaryşlara gatnaşmaga goýbermäge ýa-da goýbermezlige W.Alekseýewiň resmi taýdan hakynyň bardygy ýa-da ýokdugy hakyndaky sowala jogap berende,şular ýaly ygtyýarlaklary oňa hiç kim bermändi diýip,nygtap geçdi.Olimpiýa komandasynyň sportyň beýleki görnüşleri boýunça uly tälimçilere hem şular ýaly ygtyýarlaklar berilmändir,ýöne, olaram kä halatlarda öz sportçylary babatda şular ýaly hereketlere ýol berenligi geçmişden görünýär. Jurnalistleri jogapkärçilikli ýaryşyň öň ýanynda,sportçynyň tälimçisiniň,bolmanda onuň ýerine başga bir jogapkärli adamynyň goýulmanlygy baradaky sowal tolgundyrýardy.”Abramýany biziň ýurdymyzyň Milli olimpiýa komitetiniň resmi toparynyň hataryna goşup bolardy-diýip,A.Şanyýazow jogap berdi-Emma biz tälimçiniň Merkezi Olimpiýa komitetiniň ugry boýunça Barselonada ýerleşdirilmeginiň oňa nähili hukuklary berýändigini olimpiada çenli bilmeýärdik.”(?)

Şeýle hem ol Altymyrat bilen bolan wakany jemläp,Türkmenistanyň MOK-y türkmen sportçylarynyň sportyň dürli görnüşleri boýunça ýakyn wagtlarda boljak uly halkara ýaryşlarynyň hemmesine goýberilmegi hakynda aýratyn kararyň kabul edilmegini haýyş edip,Halkara olimpiýa komitetiniň prezidenty H.A.Samarança ýüz tutjakdygyny aýtdy.

Ine,Altymyradyň başyna düşen ähli şowsuzlyklaryň gözbaşy nirede ekeni.Olimpiada geçmezinden öň öz etmeli işlerini etmän,Altymyrady ýöne bir başga ýurdyň toparyna goşup goýbermekligiň baryp ýatan başdansowmalykdygyny burny sümükli çagada düşünýändir.Onuň şeýledigini Şanyýazowyň özi hem,”Barselona Abramýana nähili hukuklaryň berýänligini ýaryşdan öň bilmeýärdik”,”ýaryşlara goýberilmegi hakynda aýratyn kararyň kabul edilmegini haýyş edip,Samarança ýüz tutjak”ýaly jümleler tassyklaýar.Özüň garaşsyz döwlet bolup,ýerine ýetirmeli işleriňi başdansowmalyk edip,wagtynda ýerine ýetirmän,soňam munda başgany günälemek gaty gelişiksiz görünýär.Gelşiksizem bolsa ýagdaý görüp durşuňyz ýaly.Bulary diňläp pikirlenýärsiň,kelle döwýärsiň,emma etjek alajyň ýok.Durmuşda käte ýadyňa-oýuňa düşmäýan zatlar bolar ekeni.Sen-ä taýýarlanyp,ynamyňy ýüregiňe besläp,ata mekanyň şan-şöhradyny beýgeltmek maksady bilen ýaryşa barýarsyň,ol ýerde bolsa aýagyňa badak atagetdin seni duýdansyz agdaryp goýberýärler.Onsoň nähili hasraty başdan

geçirersiň?Munda,türkmeniň göz-guwanjy,milli buýsanjy,tükeniksiz gujur-gaýratly,uly ýeňişleri gazanan ilkinji sportçysy Altymyradyň nähili güne düşenligini göz öňüne getirmegem kyn...

**--4—**

Altymyrat bu günem,özüni garşylamaga Aşgabada gelen Orazberdi,Rahmanberdi aga,Annaberdi aga,Garýagdy aga,Tiktiş Tagan,Baýram Nury,Ata Muhat dagylar bilen saglyk-amanlyk soraşyp,olar bilenem otla mündi.Garybata menzilinde düşüp,öýüne geldi.Daň atyp barýanam bolsa,daşary heniz garaňky-dy.Işikdäki bagyň içi irginsiz jürrüldiden,her hilije seslerden doludy.Olary diňleseň,ýaşlygyň,geçmişiň ýadyňa düşýärdi.Her hilije pikirler gaplap alýardy.Gijäniň tümlüginde asmany bezeýän ýyldyzlar,günbatara uzalyp gidýän “Akmaýanyň ýoly”ýyldyzlar toplumy,gündogardan ýalpyldap çykan daň ýyldyzy,Ýedigenler,ýaşyp barýan Aý,Zöhre ýyldyzy gyzyklandyrýardy,ir turup,olara seretmäni gowam görýärdi.Orta asyrlardan bäri asmanyň ýedi planetasy,Gün,Aý,Merkuriý,Wenera,Mars,Ýupiter,Saturn adamlara belli bolupdyr(Uran,Neptun we Plutan planetalary soň açylypdyr,Ýer şary bolsa adamyň aýagynyň diregi hökmünde hasaba alynmandyr),ýene-de,ýedi metaly-altyn,kümüş,mis,demir,gurşun,symap,rtut bilipdirler.Şol sebäpli ýedi planeta ýedi metalyň ady bilen baglanyşdyrylypdyr.Altyn-Günüň belgisi bolup,dynç alyş gün hasap edilipdir,kümüş-Aýyň belgisi,hepdäniň birinji güni,demir-Marsyň(gadymy uruş Hudaýy)belgisi,hepdäniň ikinji güni,rtut-Merkurynyň(söwdanyň,gazanjyň,saparlara ugramagyň Hudaýy)belgisi,hepdäniň üçünji güni,gurşun-Ýupiteriň belgisi,hepdäniň dördünji güni,mis-Weneranyň(Zöhre ýyldyzy,gözelligiň we söýgüniň Hudaýy) belgisi,hepdäniň bäşinji güni,symap-Saturnyň (betbagtlygyň, şowsuzlygyň, ýaramazlygyň Hudaýy)belgisi,hepdäniň altynjy güni hasap edilipdir.

Onuň bilen bolup geçen ýakymsyz waka hem hut hepdäniň altynji gününe gabat gelýärdi.Ýazyksyz şarpyk dadanlygy üçin it ýandakdan böken ýaly, öz-özi bilen gürleşýärdi,samraýardy.Nähilidir bir ýakymsyz pikirler gününe goýanokdy.Alla tagala adamy özüne meňzedip ýasapdyr,”men size durmuşyň ähli gözelliklerini peşgeş berdim,şolardan peýdalanyň,guwanyň,begeniň”diýipdir.Ol şeýle hem edýär,emma nähilidir bir düşnüksiz içgysma,gamgyn pikirler gününe goýanok.Hiç ýeriň agyrmasa,dost-ýarlary daşyňy gallap dursa,başga saňa näme gerek?Şonda-da çuňňur bir birahatlyk bar.Bular onuň ýaryşa goýberilmezligi bilen bagly bolsa gerek.Şowsuz çykyş etse,ol başga mesele.Ejesi bolan bolsa “Bir ýerde işe “Bisimillasyz”başlansyň-da”diýerdi,ýöne beýle zat onuň-a ýadyňa düşünok.Dogry,ýatjak bolanda”Lä-ä-ä,ilähe illela,Muhammedun Resul-Alla”diýip,kellesini ýasyga goýýar,onda-da “bisimilläni”kastdan taşlamakçy bolup aýdanokda,birden dile gelşi şeýle bolýar.Ejesi ýene “Şeýtanlar bisimilläsiz edilen işiň biweç,şowsuz gutarmagyna delalat edip bilýärler,şonda türkmen işi şowsuz bolsa “Edil şeýtan siýen ýaly”diýýändir”diýýär.Manysy düşnükli.Ol ýaryşa bissimillasyz başlamandy,haram çörek iýmändi,ýaşlykda bilmän bir iş eden hem bolsa ejesiniň dözümine gabat gelipdi...

Bir gezek güýz aýlary,dümäň yzynda çöp-çörüň içinde gala bir ternejik tapdy.Ejesini begendireýin diýip barsa:”Nireden aldyň?Özüň ekdiňmi?Ekmedik bolsaň bar jan balam,ternäni alan ýeriňdejik goýup gaýt,tohummyzda beýle zat bolan däldir,bolmazam”diýip,yzyna ugradyp goýberdi...Ejem şeýle adamdy,”halal çörek iýmek mukaddeslikdir” diýerdi.Özüň halal bolanyň bilen haramlar bilenem gatnaşyk etmeli bolýardy.Hut şol ýaryşa rugsat bermelileriň haram hereketleri orun alypdy.

Onsoň,“Çyda başym,owsaryň,paýhasyň elindekä,ynsabyň gursakda-ka,tagzymyň toprakda-ka,gaýratyň biliňde-kä,sahawat iliňde-kä,melamat egniňde-kä,imanyň lebziňde-kä,ynanjyň ganyňdaka,täleýiň alnyňdaka,dowamyň ogluňdaka,abraý gyzyňdaka,yhlasyň maňyz gelniň,neresse gözündekä,hormatyň ene-ataň,hem halal duzundaka!”diýip,özüniň eý görýän bir şahyrynyň goşgusyny gaýtalaýar.Her zatda bolsa şol bir ýakymsyz pikir kalbyndan aýrylyp gidiberenok.Rahmanberdi aga ony otly bilen öýe gelýärkäler şeýle düşündirýär.

Kuraýyşlar pygamberimiziň kakasynyň dogany Hamzanyň burnuny,gulagyny kesip öldüripdirler.Bu ýagdaý Pygamberimizi gynandyrypdyr,ol“günleriň birinde olardan üstün çyksam,menem edil şeýderin”diýipdir,emma Alla tagala Pygambere nusga boljak ders berip” Gaýtargy görnüşinde bir jeza bermekçi bolsaňyz özüňize berlen jezanyň hut meňzeşini beriň.Eger sabyr edip bilseňiz,bu siziň üçin has-da peýdalydyr. Eý,Muhammet,sen sabyr et!Seniň sabyryň Allanyň ýalkamagydyr,olar üçin gynanma,olaryň agdar-düňderligi üçin özüňi elden berme”diýipdp(Nehl süresi,126-127 aýatlar).Edil şonuň ýaly senem Alla bilýändir diý-de,sabyr edip geziber,gamlanma,ol hakda hatda pikirem etme...Hamzanyň aýal dogany Safiýe ylgap gelende,ogly(Pygamber) ejesine(Safiýe) doganynyň jesedini şol ýagdaýda görkezmek islemänligi sebäpli,oňa ölüleriň arasyna aýlanmaklyga rugsat bermändir.Hut şol sebäpli,şu güne çenli aýallara, adam jaýlanýan wagty öwülýä barmaklyk gadagançylygy girizilipdir...

Rahmanberdi aganyň maslahatlary belli bir derejede köşeşdirmänem duranokdy,emma...Şol bir agras ýakymsyz pikir edil çüý dürtülen ýaly dürtülip durdy...

Orazberdi oýanyp,ilki bilen sygyrlaryna ot berdi,ýatagy arassalady,aýratyn bir ýerde saklanýan,baka goýan öküzçesine tirt ýasap berdi.Soň irki türgenlişik hereketlerini edip gelen Altymyrada çaýly käsäni uzatdy.Ýaplanyp,çaý-nan iýip otyrka-da, Rahmanberdi aga geldi.

–Agşam “irden öýe gel,maslahat bar”diýipdiň!-diýip,ol bosagadan salam berip öýüň içine ätlän badyna, Orazberdä gözi düşüp doňup galdy,sebäbi onuň bilinden ýokarsy ýalaňaçdy,sallanyşyp duran göwüsleri,göwreden öňe çykan garny,dyzyna çenli çermelgi jalbary eýmenç görkezýärdi.Ol tarsa turup,egnine köýnek geýdi,jalbaryny düzetdi,öňki ýerinde ýeke dyz oturyp,çaýly käsäni uzatdy-da:

–Ýaşuly,şu inimizi öýlendirmäň maslahatyny etjek bolýas.Sentýabr aýy,okuw başlandy,pagta ýygym möwsümi möwç alýar.Ol gaty gyzmanka,şu aýyň içinde toýuň sähedini bellemeli diýjek bolýas,dogru-da walla-diýdi.

–Maslahatly biçilen don tyrryk gelmez,ýöne,ýanyňda ogluň,iniň,beýleräkde aýal doganlaryň barka beýdip oturmak saňa uslypmydyr,päheýde welin?

-Aý,öz öýümde bir ýaýnaýyn diýdim-dä!Yssam alyp barýar,how,dogru-da walla!Ýaňy mallara seretdim-diýip,Orazberdi özüni aklajak boldy.

–Çagalara ýagşy görelde görkezmegiň deregine özüňi aklajak bolýarsyň.Ýeri,ýaplanyp nan iýmegiňe-de yssy günäkärmi,päheýde welin?

Şol wagt Orazberdiniň sekiz-dokuz ýaşlaryndaky ogly “Sam Aleýkum” diýip,öýe girdi-de,elindäki çäýnegi Rahmanberdi aganyň öňünde goýdy.

–Näme diýýäň,hä,näme diýdiň,päheýde welin?-diýip,goja çaganyň gulagyna ýapyşdy.

–Degmesene,çaga salam berdi ahyryn,dogru-da walla-diýip,Orazberdi seslendi.

–O nähili salam berdi,hä?Şunça ýaşap bileňokmy?Ol öýe girende”Size salam”manysyndaky”Essalamaleýkum”diýmelidi,oňa derek “Ölüm size”manysyndaky

“Sam Aleýkum”diýdi ahyryn.Saňa muny kim öwretdi?Çynyňy aýtmasaň gulagyňy gopararyn,päheýde welin!-diýip,goja çaganyň gulagyny beter towlady.

–Şamyrat kakam “Öýe gireňde Rahmanberdi aga ýüzlende şeýle salam ber”diýdi-diýip,çaga boýnuna aldy.

-Heý,şo Şamyrat gursun-da.Gör,onuň tapýan zadyny?Şeýtandan sapak alan ol, bilmeýän zady ýok,şol bilýänlerini gowulyga gönükdirmeli,emma gözi bozgaklyk-da.Indi gaýdyp ýaňky sözüňi gaýtalaýmagyn,päheýde welin,bolýamy?-diýip,goja çagany gulagyndan elini aýyrdy.

–Bolýa-diýip,hamsygan çaga,beýleräkde agzy ýaşmakly,sesini çykarman oturan gelnejesiniň ýanyna bardy.

–Şamyrat, obadamy,agam jan?diýip,Altymyrat agasyndan sorady.

–Çaga beýle zatlary öwredýän bolsa obada bolmaly.

–Meniň barlygyny bilip näme üçin öýe girmändir?

-Ol ýeke wagtyň seni görjek,pul sorajak bolýar,biziň ýanymyzda kezzaplyk edip bilmejegine düşünýär.Beýikler peselse ýaman bolar ekeni.Ýeri biz dag ýaly birek-biregiň arkasyny tutmaly dälmi diýsene?!...Hawa,ýaşuly,toýuň sähedini haçana belläris?Men taýýarlygymy aýyň 20-23-lerine çenli gutararyn,dogru-da walla-diýip,Orazberdi Rahmanberdi aganyň käsesine çaý guýdy.

–Aýyň 27-28-si sähetli günler-diýip,goja jogap berdi.

–Biz onda toýy şol günlere belläris.Daşdan-içden geljek dogan-garyndaşlara habar ýetirmeli,oňa bolsa ýarym aýdan gowrak wagt bar.Inim,senem dost-ýarlaryňa özüň habar edersiň-diýip,Orazberdi Altymyrada ýüzlendi...

Altymyrat bu habary Güllere ýetirmek üçin etrap merkezine bardy. ”Gatakaryň köprüsinden geçen ýeriňden başlanýan meýdançadaky,Mälik aganyň dürli reňkli bägüllerine syn edip ep-esli durdy.”Özüni gijeňleýän gyrmyzy güller,basyrnypdyr awy berlen tikene”diýdi-de,birmahal awunan barmagyna seretdi.Hon-ha,onuň Güller bilen bileje oturan ýeri,goşaja bägülem şol öňküje ýerindejik dur...

–Alty,salam!-diýip,Gülleriň sesine meňzeş bir sesi eşitdi-de,ol,gaňrylyp bakdy,görse, Gülleriň özünden kiçi gyz dogany Aýlar dur.

–Aýlar,salam.Men gyssagly Gülleri göreýin diýip gelipdim...

–Güller,pagta-da.Okuwy gutaransoň,etrap hassahanasyna şepagat uýasy bolup işe ýerleşdi,ol ýerdenem pagta ugratdylar.Görersiň gelse,şol öňki pagta ýygýan ýerine baraýmaly.

–Aýlar,sag bol.Senem indiki ýyl mekdebi gutarýansyň.Gowuja okaýarmyň?

-Hawa,okaýan.

–Onda,sag bol.Men gideýin-diýip,Altymyrat,etrap merkezini jäheklleýän zeýkeşden başlap, demirgazygyga,onçakly uzakda bolmadyk ýerde ýerleşýän,içi suwly, gyrasy bagly ýaba çenli dowam edýän pagta meýdanyna bardy.Pagtanyň içi aýal-oglan uşakdan doludy.Tigirlije gelip,bir halta ot ýygýanam,eşek arabasyny mes ýükläp,köçe bilen ot alyp gaýdýanam bardy.Içi otalmadyk gowaça meýdany etrap merkezinde eýdip-beýdip mal saklajak bolýanlar üçin amatly bir ýerdi.Bu jygyldamyň arasyndan Gülleri tapaýjak bolsaň ber habary.Ýygymçylaryň ýüzleri ak ýaglyk bilen saralgy,haltalary bilinde,partyklary öňünde,bary bir meňzeş diýen ýaly,diňe biriniň ýüzi gyrmyzy ýaglyk bilen saralgydy.Altymyrat hut şondanam Gülleri sorady.

–Bagyşlaň,etrap merkezinden gelenler şu ýerdemi?

-Hawa,şu ýerde.Size kim gerek?-diýip,başyny galdyrman pagta ýygýan gyz sorady.

–Maňa Güller gerekdi.

–Güller diýdiňmi?-diýip,başyny galdyryp sereden Güller,birden iki eli bilen ýüzüni tutdy-Waý,enaýy-da gyz.Asyl,Alty,bu senmidiň?Indä-hä gelse gerek diýýädim.

–Güller,salam!Arma!Düýn ýaryşdan gelip bu günem göreýin diýip gaýtdym.Aýtmaly zatlarym bardy.

–Salam,Alty.Aýtmaly bolsaň pagta ýygmaga kömek etde,aýdyber.Brigadir Aşyr aga maňa dört keşi bölüp berdi,şolary gutarsam boşaýan.

–Wah,meniň iň gowy görýän zadym pagta ýygmak-da!Obanyzyň ýygymçy gyzlaram menden galýardylar-diýip,Altymyrat iki eli bilen pagta ýygyp başlady.Onuň hereketleri çalasyndy,çaltdy.Gülleriň partygy pursatsaýyn galňap barýardy.

–Waý,enaýy-da,gyz.Oglan öwünýär diýjek boldum weli,dogrudanam pagtany menden çalt ýygýa bi,gyz!-diýip,Güller ýylgyrdy.

–Tüweleme diý, göz degäýmesin.

–Tüweleme,tüweleme!Ýöne...Wah-heý,yzyňda ýekeçigit galdyrýarsyňda-diýip,Güller onuň galdyran pagtasyny ýygnamaga durdy.

–Bä,yzymy biri ýygnamaly bolsa,mendenem bir ýygymçy bolarmy? Olaryň gapdalynda “Daýhan”obasyndan bolan eneli-gyz, ünslerini hiç zada bölmän,edil pagta ýygýan maşyn ýaly hereket edýärdiler.Öň olardan galýan Güller,indi kömekçisi bolansoň,öz keşiniň pagtasyny ýygyp,olar bilen deň diýen ýaly suwly ýaba ýetdi.Edil ýeten ýerindäki ýabyň kiçeňräjik güzerinde,ýaňky eneli-gyz ikisi goşawuçlary bilen suw içdiler.

–Näme edýärsiňiz,duruň!Garahassalyk ýaýrady,sezem ýapdan çyg suw içýärsiňiz-diýip,Güller olaryň ýanyna ylgaşlap bardy.

–Alla bardyr-diýip,edil Güllere meňzäp duran gyz jogap berdi-de,suw içmegini dowam etdi.

–Mundan awy içeniňiz gowy ahyryn.Duruň,häzir men size termosumdan gaýnag suwy içireýin!

-Bize şu suw bolýar-diýip,içip bolan gyz ýüzüni ýuwup durka jogap berdi. Güller näme diýjegini bilmän”Brigadir geläýse bor,men oňa...men oňa”diýdi-de,başyny ýaýkap,nobatdaky iki keşiň pagtasyny ýygyp gaýtdy.

–Hudaý bardyr-diýip,Altymyrat bir näçe wagtdan soň ýaňky gyzyň sözüni gaýtalady-Hudaý sowýandyr-da.Bizem obada pagta ýyganymyzda şular ýaly ýabyň suwuny içipdik,hiç zat bolmandy.

–Alty,goýsana!Ejem, birki ýyllykda pagta ýygym döwri şu ýabyň suwy adamlary zäherläpdi diýýär.

–Hudaý bardyr-diýip,Altymyrat öňki sözüni gaýtalady.

–Ejem,”Hudaýa ynansaň ynan,ýöne eşegiňi berk duşa”diýýär-diýip,Güller,beýleräkde pagta ýygyp ýören eneli-gyza gorkuly nazaryny aýlady.

–Keselçiligiň bary hapaçylykdan.

–Hapaçylyk diýýärmiň?Onuň ýok ýeri barmy?Maryda okan ýerimde kiçeňräjik bag bar,olaryň aşagynda nämeleriň bardygyny bilýärmiň?

-Aşgabadyň birinji seýilgähini biljek däl,ýöne ikinjide hem şeýle hapalar bar.Ähli ýerden obamyzyň suwyny,howasyny arassa görýän,men-ä-diýip,Altymyrat obasyny öwdi.

–Onda obaňyzdaky garahassalyk nireden döredi?

-Çagajyklar guýymyza bir bölejik ojar gaçyrypdyr,şeýdip adamlar zäherlendiler,şondan bärem sanitar gullugynyň işgärleri aýlanyp,ýaplara,zeýkeşlere derman baryny sepişip ýörler.Eýsem olar peýdalymy?Aý,onsoňam,adam bir sebäp bilen

ölmeli bolar-a!Obamyzda bir çopan adam,malyň yzynda ýagyşa buýup öldi,biri arak içip öldi,ýene biri toga özüni urdy,garaz,öz ajalyňa ölmeseňem, şeýdip öläýýärsiň-dä...

–Oglan,agzyňdan haýyr aç!-diýip,Güller Altymyradyň agzyna aýasyny tutdy.

–Güller,toýumyzyň sähedi bellendi,şony aýdyp,begendirmäge geldim.

–Gelen bolsaň gowy edipsiň.Ejem “Towşany hem siziň toýuňyza gabatlap soýarys,şişlik ederis”diýýär,men-ä näme jogap berjegimi hem bilemok.

–Näme diýdiň?Ejeň towşany şaşlyk ederis diýýärmi?Beýtjek bolsak onda oňa näme üçin Bilbil diýip at dakdyk?Onuň eti meniň-ä bokurdagymdan geçmez.

–Meniňkidenem geçmez-diýip,Güller boýnuna aldy.

Bu towşanly gürrüňiň öz taryhy bardy...

Geçen ýyl tomusyň jokrama yssysynda ol Lebaba bir iş bilen gitmeli boldy.Gaýdyp gelýärkä,öýlän sagat üçlerde, Repetek goraghanasynyň tebigaty,haýwanat dünýäsi bilen tanyşmakçy bolup,ýoldan sowuldy.Howa diýseň yssydy,alaň-alaň çägeler bolsa has beter gyzýardy.Bu ýeriň janly-jandarlary hinlerinden çykman,sazaklaryň kölegesini peýläp gününi geçirýärdiler.Goraghananyň bir işgäri,Altymyradyň ýüzünden geçip bilmän,(ýogsam ol öýlän sagat altydan bäri sowadyjy oturdylan öýündenem çykmaýardy)çäge süýşmeleriň öňüni almak maksady bilen sazak ekmegiň syrlaryny gürrüň berdi,aýdanlarynyň subutnamasy hökmünde,iki-üç alaňdan geçip,edilen işleri görkezdi.Birden gür sazagyň aşagyndan towşanjyk çykdy-da,towsup diýen ýaly indiki sazagyň düýbüne sümüldi.Altymyrat ylgap baranda ol üçünji sazagyň düýbüne özüni atdy.Bu gezek towşanjyk gelme ýanyma diýýän ýaly çirkin çygyrdy,ýöne gaçmak üçin synanyşyk hem etmedi.

–Onuň aýagy bişendir,gaçyp bilmez-diýip,goraghana işgäri düşündirdi.

Asyl görlüp otyrylsa,iki-üç gezek gyzgyn çägede gaçany üçin onuň aýagy bişip,indi gaçmaga ýagdaýy bolmasa nätjek.

–Çebşejik-diýip,goraghana işgäri ony tutdy-da,aýagyna seretdi-Aýagy bişipdir,ýöräp bilmez.Çägede gyzgynlyk käte segsen göterime ýetýär,hat-da ondanam geçýän pursatlar bolýar.Pälwan,gel bir zat edeli,bu jelegaýlarda çöl haýwanlaryny tutmak gadagan hem bolsa, şular ýaly ýagdaýa ilkinji gezek gabat gelsemem,kadadan çykma hökmünde bu çebşejigi saňa sowgat beresim gelýär.Başlygyma,şular ýaly hormatly myhmanyň öňünden,tüp yssyda towşan çykdy diýsem,ol “indi işimiz oňuna bolar” diýip begener.Sebäbi,tokaýçylarda şeýle ynam bar...

Altymyrat çebşejigi getirip Güllere sowgat berdi.Muňa begenen Güller,çebşejigiň akja,ýumşajyk tüýüni sypalap bagryna basdy-da:

-Bujagazyň ady näme?-diýip sorady.

–Bilbil-diýip,Altymyrat agzyna gelenini aýdyp goýberdi.

–Gowuja ady bar ekeni.Kakama aýdyp,Bilbiljige ýatak ýasadaryn,iýmini bererin,hor etmerin.Sen ondan arkaýyn bolaý!-diýip,Güller çebşejigi alyp galypdy... Ine,bu günem şojagaz çebşejik uly towşan bolup ýetişipdi.Gülleriň ejesi ony soýjak bolsa,ikisem iýmejek bolsa,onda ony kim iýsin?Dogrudanam,Altymyrat dostlarynyň ýanynda men Bilbiliň etini iýdim diýse bolmaz-a!Oňa at dakmadyk bolanlygynda towşanyň etini iýdim diýersiň,wessalam,iş tamam,indi bolsa ony öldürneg-ä beýlede dursun,hat-da birine berip ýa-da satyp hem bolmajakdy.Beýtseň il güljekdi.

–Gel,bir zat edeli!-diýip,Altymyrat belli netijä geldi-Ertir Bilbili Repetege eltip gaýdaly,goý,ol dogduk mekanynda ýaşasyn.Nähili görýärsiň?-diýip,Altymyrat gysymyndaky pagtany Gülleriň dolan partygyna dykdy.

–Alty,dogry edýärsiň,goý ol öz mekanynda ýaýnasyn-diýip,Güller onuň bilen razylaşdy-da partygyny haltasyna gapgardy,soň bilini ýazyp-Senlik ýene bir maslahatym bar-diýdi.

–Aýdyber,iki gulagym sendedir.

–Aýtsam,ejem maňa, durmuşa çykýan gyzlaryň ýoň edip geýýän fatasyny prokatdan almakçy bolup ýör,"öňünden alada etmeseň soň tapyp bolanok" diýýär.Men oňa senden soraman hiç zat etjekgäl diýdim.

–Güller,şon-a oňaraýypsyň.Indi meni diňleseň şeýle.Ýaňky alyp geýjek bolýan eşigiňi senden ozal kimiň geýip,kimiň çykaranyny,haýsy erkegiň sypanyny nireden biljek?Beýle zady ol-a geýmek ekeni,hat-da pikiriňe hem getirmek aýpdyr,özüň özüňe biçip,özüň tikinip geýseňem men oňa-da razy däl.Näme üçin diý?!Birinjiden-ä,ol türkmeniň eşigi däl,ikinjiden ýukajyk,içi görünip dur,beýle eşigi geýýän gyz gaýynlaryna nädip görünsin?Türkmende"Aýal adam,uýal adam"diýen gep bar.Ähly gyzdan görmegeý bolşuň ýaly,ähli gyza nusgalyk,görelde hem bolmalysyň,ony etmek üçin türkmeniň gadymdan gelýän däp-dessury esasynda geýimleriňi taýýarlamaly.Şonda ýalňyşmarsyň.

–Waý,enaýy-da,gyz,toba,estagfirulla,men beýle zady etmerin ahyr.Ondan arkaýyn bolaý.Diňe seniň diýeniň bolar.

–Ejeňem maňa dogry düşüner.

–Ejem dogry düşüner,sebäbi ol gerekli matalary,şaý-sepleri bir mahal alyp goýdy,menem olary özüm üçin tikindim.Ejemiň aýtjak bolan zady, häzirki zaman gyzlarynyň tapan täze hokgalaryna eýerjek bolsaňyz şeýdäýiň diýdigi.

–Biz üç toýy birleşdirjekdik,emma ...

–Eşitdim,onuň üçin gynanma,üç bolmasa iki ekeni-dä.Meniň üçin seniň sag-salamat dolanyp gelmegiňden uly bagt ýok.Ýogsa-da,toý sähedini maňa aýtdym diýip oňaýmagyn,geliňde, ejemi habarly ediň! Onsoňam, pagta seniň işiň däl,çaňňalak eliňi ýyrtar,olam azyp,daş götermäge ýaramaz.

–Bolýa,ýöne,pagta ýygmaga gelmedik bolsam saňa sataşmazdym,çaňňalagam ýaňy görmeli däl-diýip,Altymyrat pagta ýygmagyny dowam etdi.

–Gyzym,tüweleme,indi ýekeçigit goýmaýaň,berekella,kömekçiňem bar-diýen ses çykdy,görseler brigadir Aşyr Garry dur.Ol Altymyradyň beren salamyny alyp,ony tanady-da,gadyrly görüşdi,soňam Güllere-Gyzym,türkmeniň guwanjy bolan gerçege pagta ýygdyryp bolmaz,aslynda ol seň şu günki ýygmaly pagtaňy hem ýygdy diýip hasap edäý.Men ony şeýle kabul ederin,arkaýyn öýüňe gaýdyber-diýdi.

–Aşyr aga pagta ýygýanlary gaýnag suw bilen üpjün ederin diýipdiňiz...diýip,Güller ýatlatdy.

-Ony şu günüň özünde ýola goýaryn-diýip,ol söz berdi.

Ýaşlar bu günki pagta normasyny ilden öňürti "dolduryp",irgözünden öýlerine gaýtdylar.

## --5—

Altymyrat durmuş toýuny tertipli,düzgünli alyp barmak isleýärdi.Birinjiden-ä toý, dünýäsini täzelän ata-enesiniň,doganlary Tirkişiň,Kakajanyň,Çaryýaryň gaýdan günlerine gabat gelmeli däldi,ikinjiden,oňa uly bir şowhun beresi gelenokdy.Soňky döwürler ir sagat onlarda başlanýan aýdym-saz uzynly gün dowam edip,gije sagat onbirlerden soň gutarýardy.Agşamlyk,stollaryň başynda oturan myhmanlara,oba adamlaryna nahar çekilýärdi.Gulagyň düýbünde sazyň,beýemçiniň, tehnikanyň kömegi bilen güýçlendirilen sesleri beýniňi sarsdyrara gelýärdi,bile oturan goňşyň bilen üýn alyşyp

bolmaýardy,ondan başga-da,oglan-uşak,uly-kiçi,aýal-gyz bary bir ýerde myg berýärdi.Goh-galmagal asmana göterilýärdi.Stoluň üstüne goýlan arakdyr,miwe suwlaryny açyp,birneme keýplenen adamlaryň sesleri,aýdym-sazyň sesini basaýyn diýýärdi.Töwerekdäkileriň bökjekleşip ýörenlerine gözüň düşüp,başarsaň-başarmasaň senem orta çykarsyň,bir meýdan aýaklanmadyk köşek ýaly bolup bökjeklärsiň.Şeýlelikde,suwlanyp durulýanam bolsa,aýak astynyň tozany al-asmana galar.Böküp halys bolanyňdan soňra gelip,ýene stoluň başyna çökersiň.Öz aýagyň bilen asmana göteren tozanyň,seniň üstüňe,iýýän naharyňa,içýän suwuňa siňer,ýöne seniň ol zatlar bilen işiň bolmaz.Öňde goýlanlardan iýip-içip,ýene orta çykyp bökjeklärsiň,şeýlelikde,öz tozanyňy özüň iýip,öýüňe zordan dolanarsyň.Soňky döwürler-ä,beýle zatlaryň bolmazlygy üçin toýlaryny toý zallarda geçirýänleriň sany köpeldi.Dogry,döwür üýtgedi,tehnika ösdi,adamlaryň gözýetimi giňedi,düşünjeleri artdy,ýöne, bir-biriňe tozan siňen nahary iýdirmek düşünjeliligiň alamaty däl ahyryn.Bize keseden gelen däp-stoluň başynda oturyp nahar iýmek, göräýmäge keçäniň üstünde oturyp nahar iýenden biraz medeniýetli görünýär,şonda-da...

Altymyrat arada bir obadaşynyň toý zalda geçiren toýuna bardy.Aýdym-sazyň,beýemçiniň sesi,jaýyň içinde daşardakydan bir-näçe esse güňlenç çykyp,gulagyňy gapyp barýardy,aýdýan sözleriňi özüň eşidip bilmeýärdiň,beýniň endiräp durdy.Onsoň,ýüregiňi sarsdyrýan sesi,ondan erbet gorkýan çagajygyň çyrlamagyna getirýän aýdym-sazy diňläsiň gelenokdy.Ol,haýaljak aýdylýan şirin aýdymyň,şirin sazyň owazynyň astynda,toý edýän dostuny gutlasy,onuň bilen derdinişesi gelýärdi.Ol bolsa bolanokdy.Aslynda,“Komsomol toýy” adyny alan beýle toýlar ýetmişinji ýyllarda başlanypdy.Olarda,türkmen taryhynda ilkinji bolup,akkordionyň ýanynda aýdym aýdyp başlan dikdurma bagşy,meşhur Mämi Çarydy.Onuň hut şol şatlyk-şüweleňli çykyşy hem ýaşlary özüne çekipdi, imrikdiripdi.Şondan bärem beýle şüweleňleriň örüsi giňäp gidip barýar.Onsoňam ata-ene öz çagasynyň ömürboýy ýadynda galjak gününi öz isleýişleri ýaly bellemän,çagasynyň göwnüniň islegine görä edýärdiler.Dogry,ilçilikdir,çagasynyň gaňryşyna gaýdyp,göwnüni ýykyp bilýän birdir-ikidir tapylar,ýöne aglaba köpçülik döwre görä üýtgäp gidip barýan,asly günbatar ýurtlardan gelen tutalgadan çykyp bilmeýär.Dünýä aýlanan Altymyrat muny bilýär.Ol ýurtlarda toýlar uly naharhanalarda,giň zallarda geçirilýärdi,özem,atly bagşylar uzynly gije däl-de,köp bolsa üç-dört aýdym aýdýar,şonuň bilenem tamamlanar.Toýy beýle belent tutmaga köpçüligiň gurby ýetjek däl,ýöne,döwrümiziň täze tutalgasyna hem erbet diýip bolmaz,gowy taraplaryny görmezlik hem gowy däl.Esasy,toý garym-gatym bolmasa ýagşy.Nahar iýilýän ýerde aýdym aýdylmasa,tans edilmese,göreş tutulmasa ýa-da beýleki tomaşa çäreleri geçirilmese ýagşy.Rahmanberdi aganyň aýdyşy ýaly,”toý tutmagyň köneden gelýän däbine eýerip,ediljek her bir hereket,giçiriljek çäre aýry-aýrylykda geçirilip,olar il-gün,oba üçin bähbitli bolmalydyr,nahar başynda diňläsiň gelmeýän bagşyň boýnuňa dakylmaly däldir.Ata-baba toýlarymyzda hiç kimiň göwnüne degilmändir,iýip-içmeýän zadyň öňüňde goýulmandyr,diňlemejek sazyňy zor edip diňletmändir,ozan atyň eýesi,ýeňen mergen,ýykan pälwan,keçe-keçe oýnanlar goýlan baýragy alyp,deňňene edinipdirler.Toýuň şagalaňy öý eýesi toýy sowdum edenden soň hem ýatmandyr-ýeňijiler haýsy atyň ozanyny,haýsy pälwanyň nähili emelleriniň bardygyny,”keçeli”pyýadanyň garşydaşyny aldajak bolup,ýüregini ýalandan bökdüren bolandygyny gülüşip,degişip,bütin bir hepdeläp gürrüň ederdiler.Bu biziň häzirki zaman dilimizde aýdanymyzda sport bilen meşgullanýanlara uly bir hemaýat ahyryn.Häzirki döwrüň

toýlarynyň ýüzüni şular ýaly gowy zatlara gönükdirsek,onda ol gyzykly,täsirli boljak,hemem oba ýaşlarynda sport bilen gyzyklanýanlaryň sanyny artdyrjak ”.

Altymyrat öz toýuny hut şeýle geçirmegi ýüregine düwdi.Göreşiň,ýaglyga towusmagyň,ylgamagyň,küşt-şaşka oýunlaryň,ştanga götermegiň,woleýbol,ýedi top,urup gaçdy,keçe-keçe oýunlary geçirmegiň hiç hili aýratyn şerti ýa-da çylşyrymly ýoly ýok,diňe gurnaýmaly,arak ýaly içgilere berjek çykdajygyňa derek,ýeňijiler üçin baýraklary almaly,wessalam,iş tamam.Şeýle toýda, il bähbidiniň uly boljagy hem aýnada ýaly görünip dur.Ol bu barada agasy Orazberdi bilen maslahatlaşdy.

–Bä,inim,sen şuny-ha,gowy tapdyň,dogry-da walla.Barybir,öýleden soň çagalary türgenleşdirýän,ştangany öýe gitirsek bolany-diýip,ol Altymyrat bilen ylalaşdy.

–Içgisiz toýuň gyzygy gumbaýrak oýnan ýaly bolar!-diýip,Garýagdy,(Altymyradyň doganoglan agasy)güpjege ýaplanyp ýatan ýerinden,geňzewli ýaly dillendi.Ol,Bäşim ikisi, içgini gowyja görýärdiler-Gözügara halymyza,içgi bermesek...Nä,garamürri garpyz,mürrük waharman bilen toý sowmalymy?

-Inim,garnymy garnamasana!Ozalam toýuň ýeter-ýetmezligi gasňaklap gitdi.Juda Içesiň gelse,aragy özüň tap,ýöne erte ylgaýanlaryň,pälwanlaryň ýaryşyny gurnamak seniň bilendir,dogry-da walla-diýip,Orazberdi oňa jogap berdi.

–Keçe-keçe,küşt-şaşka oýunlary gurnamagy Rahmanberdi agadan haýyş ederis.

–Hawa,inim,erkekleriň arasyndaky ýaryşy goý,ol alyp barsyn,ýöne,küşt-şaşka boýunça aýal-gyzlaryň arasyndalky ýaryşy Tirkiş kakamyň aýaly Oguljahan gelnejeme tabşyrmaly.Ol küşt oýny boýunça welaýat çempiony,gyzlary Maýagözel,Zybagözel bilen gadymy oýnuň hakyky muşdaklaryny tapsynlarda, çyn ýaryşy gurnasynlar.Umumanam,biziň maşgalamyzyň, halklaryň arasyndaky dostlukly gatnaşygy pugtalandyrmakda,adamyň ruhy gözelligini bezeýän sport oýunlaryny gündelik durmuşymyza ornaşdyrmakda uly orny bar.Sportyň belentliklerine göterilen adam fiziki,ruhy taýdan kämilleşýär,saglygy berkeýär.Sporta şahsy höwes gerek,şol höwesi bolsa biziň maşgalamyz dörediýär.Bolsa-da,Alty inim,sen şuny gowy tapdyň!Biz,Barselonadaky Olimpiýa ýaryşlary ýaly ýaryşlar bilen toýumyzy utgaşdyryp bilsek,bu obamyzyň olimpiýa ýaryşy bolardy.Goý,ol Barselonada paşmadygam bolsa,Akýap obasynda daşsyn!...

Toý dabarasy eýýäm başlanypdy.Aýgözeldir,Orazgüliň başda durmaklarynda iki gazandaky ýanan ýaglaryň ysy töwerege ýaýrapdy.Orazgül ýanynyň gelin-gyzlary bilen bir ýandan hamyry tokgalap,oklawly ýaýýardy,taýynlaýardy,şaý-seplerini şagyrdadýan Aýgözelem taýyn hamyrlary gazana atýardy.Artyk öýkelek,Döwlet joňk, Kakamyrat uzyn,Aman jyk-jyk dagy gazana pul atyp,çelpek syrýardylar.Kakamyrat,ýakyp barýan gyzgyn çelpegi eline alyp,gülýakasyny ýalpyldadyp hanyr ýuwurýän gelnine uzatdy.

–Toba,essagpurylla,täze küýzäň suwy sowuk diýleni-dä!-diýip,Aýgözel güldi.Onuň gülküsine toýy toýa öwürýän,hyzmata gaýym,baýdak ýaly parlaýan,aý dek gelin-gyzlaram gülüşdiler.

Kakamyradyň eli ýeňil çykdy.Çelpek syrýanlaryň sany artyp başlady.Bu gün Akýap obasynda iki juwanyň bagt gapysy açylýardy,onuň töri obada bolsa,çür depesi etrap merkezinde-di.

Ýeter ýetmezlikde illäp-günläp ýetim inisini öýerjek bolýan Orazberdi toýy öz göwnüne jaýlajak bolup,ber-başagaý,Allany çagyryp,dulundaky bir gysymjyk bugdaýyny gowrup,çagalara gowurga edip paýlamagyň aladasynda.Hudaý diýene “hudaý ýetirerleri” göwne makul gep ekeni.Niredendir bir ýerden ýük maşyny peýda bolanda,Orazberdi oňa

üns hem bermedi.Onuň yz ýany gelen ýeňil maşyndan düşen Myrat Çary bilen Azym ikisi Orazberdi bilen gadyrly görüşdiler.

-Inim,toý tutupsyň,toýuň gutly- mübärek bolsun.Maşyndaky alty sany goýny,gökleri,gawun-garpyzlary toýa goşant diýip getirdik-diýdi-de,Myrat Çary kisesinden bir petde pul çykaryp-Bulary bolsa, kakam Çary Remezan pälwanyň toýuna goşant diýip berdi-diýip,puly Orazberdä uzatdy.

Gör-ä,bu bolýan zatlary,ýaňy gysylyp-gowrulyp barýan Orazberdiniň birden göwrümi giňedi,kalby şatlandy,ýeter-ýetmezligiň aladasy aýryldy,begenjine gözüniň owasyny ýaşdan dolduryp,Myrat Çaryny,Azymy gujaklady.

-Ýene näme gerek bolsa göni maňa habar etgin!Obamyzyň abraýyny dünýä ýaýan gerçegiň toýuny hakyky türkmen toýuna meňzetmesek bolmaz.Häzir maşgalam atgulak hem alyp geler-diýip,Azym gelşi ýaly-da, derrew yzyna gitdi.

Gör-ä,Akýap obasynyň täze başlygy Azym bilen “Könegüzer”obasynyň başlygy Myrat Çarynyň edýän işlerini!Olaryň ýerine başga biri bolan bolsa beýle etmezdi.Olar öz obasynyň raýatyny ýadyndan çykarmandyrlar,toýa kömek gerekligini,kösenilýänligini bilipdirler.Eýsem,mundan ýokarda adamkärçilik barmydyr?Mundan ýokarda halallyk barmydyr?Olar Çary Remezan ýaly”Rysgalyňa,döwletiňe,malyňa-başyňa,edýän işiňe bereket isleseň ynsaply,halal bolmaly” diýen ýörelgä eýerýäler.Döwlet hem tapýarlar.Onsoň başlan her bir işň ugrugyp gidýär,gülleýär.Işiň güllese Watan rowaçlyk tapýar.Orazberdiniň ýadyna düşýär,jaýlarynyň öňünde garry erik agajy bardy.Soňa-baka onuň şahalarynyň köpüsi gurady,diňe birje şahasyndan ýazda gök ýaprajyklar döräp,ondanam akja güljagazlar çykdy.Ol ony kesip,ýerine ýaşajyk agajy oturtjak boldy,emme ejesi:”Pederlerden bize galan zady kesmek bolmaz”diýensoň,ol ýaşajyk nahaly garry erigiň gapdalynda oturtdy,şeýdip,iki erik,bir-birlerine söýenip,durmuşy dowam etdiler.Edil şonuň ýaly ýaňkylar hem Çary Remezanyň maslahatyna daýanyp,halkyň içinde abraý alýarlar.Çary Remezan barada köp ýagşy mysallary getirse bolardy,ýöne Orazberdi şolaryň birini ýatlaman bilenok,ýatladygyça ol adama bolan hormaty artýar.Çary aga murgaply Aşyr Goçmyrat diýen biri bilen merkezi kurortlarda dynç almaga barýar.Şol ýerde-de Aşyr aga tarpa-taýyn ýogalýar.Çary aga dynç alyşynyň arasyny kesip,ähli kynçylyklara,horluklara hötde gelip,çykdajylaryny özi çekip,Aşyr aganyň jesedini Kawkazdan Murgaba alyp gelýär,soňam merhumyň aladalaryny sowuşyp,yzyna gidýär.Orazberdi Çary agany gowy tananok,Aşyr agany hem görenok,ýöne bu waka eşiden gününden bäri ony tolgundyryp gelýär.Hasam,Aşyr aganyň maşgalasy üçin Çary aganyň neneňsi hormata eýedigini göz öňüne getirse bolar.Bu Çary aganyň göreldesini göteräýmeli ömür ýolunyň birje sahypasy.Myrat bolsa onuň üç ogul,üç gyzynyň biri.Ömrüni iline bagş eden Çary agadan hut şeýle nesil galaýmaly.(Bu waka barada 22-11-1994-nji ýylda Maru-Şahu-Jahan gezetinde ussat medeniýet işgäri Öwelek Durdymyradyň makalasy hem çap edildi)...

Şol günüň ertesi,güýz aýynyň daýanykly 27-nde,ähli ir-iýmişler ýetişip,bolçulyk dörände, janly soýlup,öten-geçenlere sadaka berildi.Rahmanberdi aganyň başda durmagynda nurana ýüzli oba ýaşulylary,myhman-meduwanlar niýetlerine atlanyp,üýşüp geldiler,duz dadyp, aýat-töwür etdiler.Sadakanyň toýa sepleşip gidýänligi üçin,Alladan gowy dilegler dilediler.Ony söz bilen taryp eder ýaly däl.Altymyradyň,goňşy jaýlara seredeniňde ýetim ýaly,bagryny ýere berip oturan,öňi bezelen,daşy agardylan pessejik jaýynda bu gün uly dabara.Aýaly gaýdanyndan bäri çekilen,bili birneme bükülen Rahmanberdi aga bu dabaranyň beýemçisi.,Begjan mollanyň nagtaýşy ýaly,onuň”boýam öňküsinden uzalypdyr”.Soňky günler ol bir täsin ýylgyrmany tapdy,özem ýütgeşik

ýylgyryş.Bir zatdan ätiýäç edýän ýaly, gorky gatyşykly ýylgyrýar.Garry zenanlar “Heý,görgüsi ýamanyň nebir güni bardy..”diýşip,ýaşmaklarynyň aşagyndan pyşyrdaşýarlar,gojalar bolsa agras dymýarlar.

–Halaýyk,çölde göçüp-gonuň ýören türkmen,ömür etek alty ýeň ýedi bolup geldi,şonda-da, bu gün biz ýetimimizi öýermek edähedimiz boýunça uly toýa başlaýarys.Gülüp,oýnap,şatlanmaly wagt boldy.Topazlar, garahmetler, ýemreliler, hojalar,alasakgal-alajagözler köplük bolup,toýa süýşüp geldiler,Lebapdan, Ahaldan, Balkandan,Daşoguzdan myhmanlara garaşylýar,telim dürli aş taýýarlap,olary güler ýüzli garşylamaly.Biz topazlaryň geçili teresi bolup,ýemreliler bu ýere göçüp gelende olara arka durupdyk,indem şony dowam etdirýäris.Şol sebäpli biz,mydam akyldarlaryň mesgeni bolan,Maryda akyllylaryň köpelenligini subut etmelidiris.Ýöne,öňürti,gudalara atgulak eltmek,durmuş-ýaşaýyşlaryny synlamak ýaly köne däbimiz bar.Men häzir oňa gitjeklere ak pata berjek!-diýip,Rahmanberdi aga ýola düşen iki-üç sany kiçi maşynyň,bir awtobusyň öňüne geçip,aýat-töwür etdi-de,ýüzüne syldy,olar ugranlaryndan soňam,öňki ýerinde oturdy.

-Goja,gudaçylyga gideniňem eşitdik weli,bitüki,diýmäýin diýsem,ýaşlar süwümsiz söýüşip ýörler öýüdýän?-diýip,Annaberdi aga dillendi.

–Söýgä beýle baha bermek gelişýän däldir,päheýde welin. Ata-baba yşk bardyr,bolaram.Sen nä mantor,Lenli-Mejnuny,Zöhre-Tahyry,Şasenem-Garyby ýa beýleki söýgi dessanlary okamadyňmy?-diýip,Rahmanberdi aga eýýäm, Begjan molla bilen küşt oýnuna başlan Annaberdi aga tikgesini dikdi-Sen-ä,meniň wejimi gaçyrdyň oturyberdiň,päheýde welin..Dogry,häzir ýokardakylar ýaly dessanlar ýok,belki indi dörär,belki döremez,ýöne,söýgi ýalandan eräp-akan bolup,nakyslyk edýänleriň ýoly däldir,ol wepanyň,gaýratyň,namysyň-aryň,ajy-süýjüligiň gönezligidir,özem mukaddesdir,onsuz türkmeniň tohumy-da dalaşly bolar.

–Päheý,sakgallaş diýsänim,diýmäýin diýsem,seniň basga düşüp ýören zadyňy.Türkmende tohum galdymy,gaýmagy 30-37-de,süýdi 41-45-de,kesmegi 48-de ýok boldy,indi içi boş gazany gujaklap ýörüs!-diýip,Annaberdi aga sögündi-de,näme göçsemkäm diýip pikirlenip oturan Begjana azgyryldy-Bol,how,tamdyryň içini dörjeleýän ýaly, barmagyňy burnuňa sokup oturma-da,göçjek bolsoň göç!

-Boş gazany gujaklaýas diýseňem-ä,çül çagaň bar!

-Aý,olar ,häki bir,gazan bos galmasyn diýip,elujundan ýasalanlar,olardan aňsyz bir zada garaşamok,bolsa bäş,bolmasa ýigrimi bäş diýenleri.Belki,içinde maňyzlysy hem tapylar edip...Bol,göç,how,molla!Ata ýurdum atardym,harman işim bitirdim diýenleri.

–Heý,ýagşam bir gep tapdyň.Näme o zatlar häki bir,tatar heleýiň ýanynda ýataňda, sagyňdan çepiňe öwrülişiň ýaly bir zatdyr öýdýärmiň?Wah,seň diliň gursun diýsene,päheýde welin!Başa bela näden geler,iki barmak dilden geler.Kakam pahyr:”Dişiňi tut-dişiň synmasyn,diliňi tut-diliň synmasyn”diýmäni halardy-diýip,Rahmanberdi aga janykdy.

–Hä,göçdüňmi?Gel.men ýatyp galandan atyp galaýyn,janymy barlap,atymy göçeýin-de, mollasumagyň çamalagyny çaşyraýyn.Küşt!...Ozal birdi çeňňilim,iki boldy heňňilim.Ýöneden gaç,köneden,kesdim kilim,uzaldy dilim.Ähe,gaçýar yza,berýä ýan,jogap berd-ä,hä,Begjan!-diýip,Annaberdi aga öz-özl bilen warsaky urup,keýpini kökläp otyr.

–Wah,munyň serpikleri çekiz bagly,ýüregi ýüz müň hyýally,bolşyny,päheýde welin?Barjamlyja oglanlary bar-da,ýogsam-a,geplejek bolanda jähennemden diň salyp,dilini dişlärdi weli...

–Goja,Annaberdi bilen dikleşip oturmada,oýnar ýaly, bize sadranç tap!-diýip,Garýagdy aga Rahmanberdi aganyň sözüniň arasyny böldi.

–Dogrudanam,küşt-şaşka,keçe-keçe oýunlaryň ýaryşyny şu gün geçireliň,baýaminnet,oýnajaklaryň bary üýşdi-diýip,Rahmanberdi aga ýassygynyň aşagyndan üç sany küşt tagtasyny çykaryp,Garýagda berdi.

Şeýlelikde,Garýagdy Annaberdiden utulan Begjan molla bilen,Rahmanberdi aga Annaberdi aga bilen,Ata Çoluk Gylyçly dugtar bilen küşt dikdiler,Tirkiş Tagan bilen Ata Täzebaý bolsa damka oýnap,özara ýaryşa başladylar.Bir näçe wagtdan soň:

-Hany,how,özüne göwni ýetýäniň bolsa otursyn,gaşymda!Aslynda obamyzda gaty bir o diýen oýunçam ýokdur-la!-diýip,Ata Täzebaý töweregine garanjaklady.

–Men oýnajak!-diýip,onuň ogly Aşgabat garşysyna geçdi.

–Adamyň aýtmadygy ýog-ow!”Ogluň ulalsa erkiň gider,gyzyň ulalsa görküň”diýipdirler.Seň bilen-ä,oýnajak däldim weli...

–Kaka,erkim gider diýip,utulýanyňy öňünden aýdyp oturma-da,çynyňy et,belki,utarsyň!-diýip,ogly oýna başlady.

–Wah,nebsim gursun,diýmäýin diýsem,mugtdyr öýdüp pyýadany alaýdym-da!-diýip,Annaberdi aga başyny ýaýkady.

–Naçar ýaly nalamada samsygyňy işlet,päheýde welin.Gorka oýnasaň utuga ýüzüň düşmez.Aýdypdyrlar-a”petir nan otdan gorkmaz,ýaman heleý ärden”diýip...

–Bä,mollum”Düýämi gutaran gotur,nanymyň gowusy petir”diýilýän gepem bardyr weli,sen meni diýmäýin diýsem,zenana deňejek bolýan-a dälsiň-dä?Birden gaharym geläýmesin?

-Deňejek bolamak,nalama,kelläňi işlet diýýän,päheýde welin!Ýogsa-da,telefon sütüninden ýykylanyňdan bäry sende kelle galdymy diýsene!Bol,öwelip oturmada göç!-diýip,Rahmanberdi aga gyssady.

–Şu gün-ä men “yşgy ýok eşege,keýpi ýok köşege”döndüm,göçenim ters bolaýýar,diýmäýin diýsem,ýogsam, bu oýny öwrenjek bolup,owurdymy suwladym,sakawumda iýmledim,bege bitimi berdim,hana gaşymy gerdim...

–Annaberdi başlyk,,sen garşyňda oturanyň kimligini bilibem,nalan bolýarsyň-la?Üç göçümde utulmanyňa şükür et-de oýnaber!-diýip,Begjan molla habar gatdy.

–Begjan,diýmäýin diýsem,musulmançylykda din kär däl-de,hünär kärdir,şony ýadyňdan çykarma!Özüňem,hemme zady bilýänlerden,täretini tüpeňleýänlerden bolan bolma-diýip,utulyp barýanyna gahary gelýän Annaberdi janagyryly jogap berdi.

–Annaberdi,gaharlanma,özüňem Tyrry agaň gaýyňy ýaly aňkarma-da,göçüm et,ýa-da utulanyňy boýnuňa al!

-Ondan-a ölenim gowudyr-diýip,Annaberdi aga paýyş sögündi.

–Täzeden düz,men keçe-keçe oýnaýanlaryň ýanyna baryp gaýdaýyn-diýip,Rahmanberdi aga ýerinden turdy.

Giňden ýazylan keçäniň üstünde iki hatar oturanlaryň arasynda orta boýly,çokgarak, bolgusyzja sakgally,garaýagyz,çepiksije adam iki ýana gatnap,adamlaryň ýüzlerine çiňerip-çiňerip bakýardy,käsiniň ýakasyny açyp,boýun damarlarynyň urşumy barlaýardy,käsiniň elini eline alyp,tiken gözleýän ýaly,siňe-siňe seredýärdi,hat-da käsiniň aýasyny gulagyna tutup,doňuz diňini hem salýardy,birdenem”Sen boş!”diýip,biriniň egnine kakýardy.Her kimiň bir göle ýykyşy bar diýlişi ýaly,ine,indi ikinji gezek,goňşy obadan bolan çepiksizjäň topary öňe saýlanýardy.Ikinji utulyşa sezewar bolan Baýram Nury öz obadaşlaryna igendi.

–O-how,biz indi şu akylymyz bilen keçäniň kimdeligini bilmän utulsak utanç bolmazmy?Dünýäni aňk eden Altymyrat pälwan bizden, küştde, mugallymçylykda, ylym-bilimde,däp-dessurymyzda welaýaty baglan Rahmanberdi aga bizden,göreşde deňi-taýy bolmadyk Rejep pälwan bizden,edebi kemterräk bolsa-da,akylly eserleri bilen tanalýan ýazyjy Anna Paýtyk bizden,ýeňiljek tal ýapraklaryny ulanyp kesel bejerýän Gylyçly dugtor bizden,men bu sanlary uzaldyp oturmaýyn,ýöne...

–Köşek,öwgüli sözüňi diňlemek aňsat däl,utýan bolsaň ne ýagşy,utulaýsaň weli “wäh”diýlen ýaly,biz oba masgara bolarys!-diýip,Rahmanberdi aga Baýrama teýeneli sözüni atdy-da,gaýdyp gelip:-Annaberdi,düzdüňmi?Aýtdy-aýtmady diýme,biliňi berk guşa,päheýde welin,şu gezegem utulaýsaň,ornuňy başga bermeli bolarsyň-diýdi.

– O nähili?Biz ýaly ussat oýunçylar bäş öwra darkaş gurmaly bor-a!-diýip,Annaberdi aga jogap berdi...

Aý,garaz,bu gün agşama çenli ýaryşlar dowam etdi,ýeňijilere baýraklar berildi,halat serpaý bilen ugradyldy.Küşt oýnunda Annaberdi aga dawa edip, birinjiligi aldy,Gylyçly dugtar ikinji ýeri eýeledi.Keçe-keçe oýunda öz toparynyň üstün çykanlygyna monça bolan Baýram,gyrmyzy donuna sygman, iki ýana gezim edip,gutlaýanlara çala başyny atdy-da,toýuň agşamky şagalaňyny sowmaga gelen Tirkiş Taganyň ogullaryny,aýalyny hormat bilen garşylady.Olaryň ýüzlerinde göreniňden aňyp oturmaly nuranalyk,wagty hoşluk bardy.Gündüzki ýaryşlardan soň,Tirkiş Tagan öz maşgala agzalary bilen agşamky şagalaňy sowmalydy.Nahar-şoruň berilenligi,tabaklaryň ýygnananlygy sebäpli aýdym-sazyň ýanynda tans etjeklere hem rugsat berilýärdi.Tirkişiň,buýralary seçelenip duran ak silkme telpekli başyny ýaýkap-ýaýkap çalýan şirinden-şirin sazlaryny biparh diňlemek mümkin däldi,dogrusy meýmiredýärdi.Pylan sazy çalyp ber diýseňem ääsi bolmaz.

–Men size,zerur işi çykyp,toýa gelip bilmeýänligi üçin ötünç soran bagşy Öwezgeldi Tekä çalan ilkinji sazymy”Ýaşylbaşy”çalyp berjek!-diýip,ol akkardionda joşup saz çaldy,yzyndanam-Toýa meşhur bagşy Bally Hajynyň gelmegine,türkmeniň şahandaz diýýän köneräk adamlarynyň matasyndan bolan sazandalar Han Aky,Amannazar Ata daga garaşylýar...

( Ýeri gelende bellemeli zat,şu setirleriň ýazary meşhur sazanda Han Aky bilen duşuşyp,toýa barmazlygynyň sebäbini soranda ol:”Biz ol toýa barmalydyk,özem höwes bilen saz çalmalydyk,ýöne,siziň samahyldap ýören biriňiz-ä bar,Şamyrat diýdimi,nämemi,ine şol”taýyn bolup oturyň,men sizi pylan wagt gelip alyp gitjek” diýip,Amannazar Ata ikimizi garaşdyryp,daňyp goýdy,özem gelmedi”diýip,çyny bilen zeýrendi.Ine,öz-ä toýda“Men olara habar etdim,hökman gelerler,ýöne azajyk pul gerek”diýip,ýalan sözläp,şu iki aralykda hem ondan alyp muňa sokjak bolýan,puldan başga zady bilmeýän adamyň  gabahat herekedi şeýleräk,ýogsam Altymyrat oňa näçe diýse pul berýär-ä)

-Indi bolsa,men öz ornumy şorta sözüň ussady Nuryşka(Nurmuhamet Nazarow) bermekçi-diýip,Tirkiş sözüni dowam etdi-Ol Altymyradyň beýik ýeňişleriniň täsirinden dörän degişmesini,Begmyrat kakasy baradaky degişmesini ilkinji gezek şu ýerde aýdyp bermekçi-diýip,ol mikrofonyny oňa geçirdi.

–Essalowmeleýkim,Akýap obasynyň hormatly adamlary,toýa gelen myhmandyr-meduwanlar we beýlekiler!Şu gün gurjak ýaly ýurdymyzyň bir ýaşyny dolduryp barýan wagty,türkmeniň pälwan ogly Altymyradyň Güller ýaly gül gelin bilen gurýan durmuş toýuny gutlamaga geldim.Olara egsilmejek bagt,tükeniksiz rowaçlyk arzuw edýärin.Olar ýetmiş ýyllap bizi ezip gelen,iýmejek bolsagam kolbasa,konserwa diýen bir belalary agzymyza dykyp,her dördünji günem balyk iýdirip,gäbimizi azdyran orslaryň elinden

gutulan döwrümiz dabaraly toý tutýarlar.Hudaýa şükür,indi goňşydan ýüz manat sorasaň,hany,ertire bir çykaly"diýýär,erte barsaňam onuň aýylganç ajan ýüzüni görüp:"Aý,näme eçileniňi beräýsene"diýýärsiň.Şoňky ýaly, aýlygymyza derek, eçilenlerini alyp,döşümizi açyp,gül ýaly ýaşap ýörüs.Ýok,gurjak ýaly ýurdumyz bar,söz diýjek däl.Üsti-asty,gapdallary saman bilen suwalan ne bir gül ýaly kepbämizi şifer diýen bir bela bilen çalyşyp,onuň aşagynda yssydan ýaňa demigip,gaty heläk bolýas.Muny biziň boýnumyza ors dakdy.Orsuň ORT-sem bize gerek däl,bize türkmeniňki bolýar.Mekdeplerde beden terbiýe sapaklaryny ýatyrdyk,sport meýdançalaryna gowaça ekdik,"pagta ýygymda türkmeniň sporty ýetik bolýar"diýdik.Şeýdip,pagta ekip,otap,ýekeläp,ujuny çürtüp,pagta ýygyp,aýak-aýaga çolaşyp başagaý bolup ýörkäk,ýo-okardan bir perman peýda bolanmyş,bäş million türkmenden bir sportçy Morakka-da geçiriljek ýaryşa gatnaşmalymyş.Ine,onsoň epeý-epeý adamlar şonuň gözlegine çykmaly bolýarlar.Pagta ýygymdan-a bir adamy kemeltmek bolmaz.Ine,onsoň ýaňkylar,Baýramalyda ýaşy bir krug geçen,bir gözi platmas,bir gözi çüýşe,dilem ýylanyň çakgyjy ýaly çykyp duran kempiriň,günde ýedi-sekiz öküzi ýumrugy bilen ýykýan,gözi gandan doýan gassap ogly bar diýip eşidýärler.Onuň ýanyna baryp:"Agam,dabaraňy eşitdik,gözüň gandan doýan diýýäler,Morakka ýaryşa gitmäge adam tapamzok.Gaýrat etmeseň bolýan däldir"diýdiler.Olam "Pyçak-paltam elimde bolsa,haýsy millet bolsa tohumyny tükedip bilýän"diýip,döşüne kakdy."Ýok,Begmyrat kaka,sen ýumruklaşyp uruşmaly!"."Wah,men şony oňarýanda,günde ençeme öküzi şu ýumrygym bilen ýykýan.Maňa öküz boldy,adam boldy tapawudy ýok"diýensoň,şertini ylalaşyp Morakka gitdiler.Ortadaky,daşyna ýüp aýlanan tapjanda,bir öküz ýaly negr dur diýýä,reňki,sürtülip köýen pakryşka ýaly.Ol "Babaý,sypatyň nätüýsli,aýagyňdaky,ýüzüň görnüp duran orsyň ýalpyldowuk,ellilik kaloşyňy,türkmeniň gyýmasyny çykar!"diýýä."Aýagymda türkmen montanasy bolsa-da,men düýäň üstünde oturanyň aýagyna depip ýere düşürýarin.Balak çykar diýme,ol bir çyksa geýme ýokdur.Gowusy,gel ylalaşaly,basym daýhana pagta dohody beriljek,şonda hasaplaşarys,ýa-da myhmanhanada gadyryňy bilerin"diýip,Begmyrat ýalbardy,emma bolmady.Ine,onsoň oňa keýpine namaz okabermeli nepis geýim geýdirýärler.Tälimçi oňa "Begmyrat kaka,häzir bol,gözüňi-ýüzüňi gora"diýýär."Gara kakamyň ogluna meňzäp duran negr gowy ýigit ýaly-la?Pagtaň ýagdaýy neneňdir?Depe birneme beýgelýärmi?"diýip-diýmänkä negr gelip ony bat bilen urdy.

Tomaşaçylar"Brawo"diýip,gygyryşdylar."Haýýş edýän,hyzzynlama,başym aýlanýar,dişim gopdy,birden gaharym geläýmesin!"diýip,Begmyrat seslenen badyna "Agam gaýrat et,ýene iki raundyň galdy"diýip,tälimçi habar berdi."Wah,raundyň gowy welin,meniň ragbatym gidip barýar,nädeýin?"diýse,tälimçi"Indi goranmada hüjüme geç,ur"diýenine mähetdel "Erkek bolsaň gel ýanyma.Seni kän sylandyryn,Garamyrat ýegen.Ýüz ýyllap ýalbarsalarda ýeriňden galmaz ýaly edeýin"diýip, ýumrugy bilen negriň iki gözüniň arasyna bir ýelmedi welin,ol gaýdyp ýerinden galyp bilmedi...Ine,ýapyşan ýerini sakyrtga ýaly şeýdip goparýan Begmyrat kakam ýaly,dünýäniň üç gezek,Ýewropanyň ençeme gezek çempiony Altymrat Orazdyrdyýew ýaly pälwanlaryň sany köp dolsun diýip,arzuw edýärin...

Garaz,şeýdip,Nuryşka gije ýaryma barýança gyzyl-gyran edip,oturanlary gülüşdirip bildi...

**--6—**

Ine,Gülleriň gelnalyjylap alynyp gidilmeli güni hem gelip ýetdi.Ir ertirden onuň öýüniň töweregi gaýda-gaýmalaşyk.Gije sakyrdaşyp ýatylmansoň,gözleri pökgerip duran joralarynyň keýpleri diýseň köp,hamala özleri durmuşa çykýan ýaly,daşyndan pyr-pyr aýlanyp,Gülleriň geýimlerini sypap-sermäp geýdirýärler.Ilkinji çagasyndan soň ,ýüzi birneme doluşyp,hasam owadanlaşan Lena,jigisi Aýlar ýanynda.Ýaşlykda äri ýogalyp bir çagasy bilen dul galan Sadap gelinem,geýim geýmekde öz tejribesini paýlaşýar.”Kürtäni eliň bilen berk tutgyn,ýogsam,agyr şaý-sepi bilen başyňdan sypyrylyp,patylap ýere gaçaýmasyn”diýip,öwüt berýär.Lena bolsa “A,gyz joralar,Gülleriň gelnalyjysy nähili bolarka?Öýlenýän oglany görüp bolarmyka?Onuň bir gözi şullymyşam-a diýýärler”diýip,hikir-hikir gülýär,Güller tasdanam”Seniň öz gözüň şully”diýip,jogap gaýtarypdy,ýöne Sadap gelin ondan öňürtdi-de”Gyzlar,siziň häzir iň hezil döwrüňiz,mydama böwregiňiz böküp durandyr,birine bererler weli,gyz maşgala kişi maşgalasy diýen sözüň manysyna düşünersiňiz.Ine,Güller,kellesini akja ýaglykly,saçyny öňüne goýberip oturandyr,gaýdyp gelende görseňiz saçy ýagyrnysynda,mapraç,owadan gelin bolup oturandyr.Nirä durmuşa çyksaňyzam bagtly boluň”diýdi.Güller bolsa aryny saljak bolýan ýaly:”Jora,durmuşa çykmankaň-a saçyň tokmak ýslydy,bir taryda gymyldanokdy,indi bolsa büýr-bulaşyk,ne güne düşüp beýle bolaýdy?”diýip,Lena teýeneli sözüni aýtdy,Aýlar”Ýüzi-gözi güne çürşen ýaly däl,özboluşly owadanlaşypdyr,ol-a” diýse,gyzlaryň ýene biri”Hany “ekzamenleriň”barada gür ber,biziň hem öňümizde synag köprüsi bar”diýýär,ýaş gelinleriň biri bolsa”Jübüt ýaşamak hezil ekenimi?”diýýär.Lenanyň ýüzi çapady ýaly gyzardy,jogap bermän çalaja ýylgyrýar.Onuň haly harap bolup oturşyna nebsi agyrdymy nämemi,Sadap gelin söze goşuldy.”Wah,gyzlar,ýigit bilen bir jaýa salyp gidensoňlar saç-sakgalyň galarmy?Öz-özüňe näme üçin gyz bolup doguldym-kam diýersiň.Pylanynyň gyzy bolupdyr diýenlerinde “wiý”diýilýändirler welin,bi durşuna görgi owuşýan.Içiňden eneň-ataňa “Bir döwüm çöregi gysgandyňyzmy,heniz garrap baramokdym ahyryn”diýip, igenýärsiň.Ýöne,biliň ene bolmak ýaly mukaddes zat ýokdur,dünýäniň,durmuşyň başy eneden başlanýandyr.Ilkinji gije kynrak düşer,ýöne soň birek-birekden aýrylyp bilmersiňiz.”Sadap gözüni süzüp dymdy.Ýatlamalar ony tolgundyran bolmaga çemeli,ýüzi gyzardy,owadanlaşan ýaly boldy.Gyzlar yzyny aýt diýip ezelenip durmasalar gürlejek däldi,sebäbi, ýatlamalar ony aýralygyň girdabyna oklaýardy.”Meni gaýtaranlarynda ol“Giýewlemäge baraýsam saman kepbäňiziň içinde garaşgyn” diýipdi.Kakam,hasanaklaşyp ýören erkek doganlarym bar,nädeýin.Doganlarym gije wagty bilen ýatmansoň,duşuşyga çykmadym welin,neressäm içiniň ýangynjyna çekize haltamyzy dökän-saçan edip gidipdir.Kakam”Pişigiň işidir”diýýär,meň bolsa ýüregime jüňk,kimiň işidigini bilip otyryn.Wah,neressejigim goç ýigitdi-le,gepi-sözi ýerindedi.Şeýle bilen ýaşasaň arkaň ýapyly ýaly bolýandyr,buýsanjyň,bagtyň şondadyr...”Güller Sadabyň gözlerinden syrygýan damjalary görüp bozuldy, bagtsyzlygyna gynandy,onsoň öz durmuşyndaky näbellilik,garaňkylyk hasam garalyp barýan ýaly boldy.Keşte çekmege,haly dokamaga ezber ellerine heniz iňňe çümmändi,häzir bolsa öz eli däl ýaly.Bu gürrüň beýleki gyzlarada täsir eden bolmaly,olaram işlerini goýup oýa batdylar...

Geýim hysyrdysy bilen wagtyň nähili geçenini bilip bolanok.Güller özüni ýaman arkaýyn duýýar.Lena “A,gyz,wagtyň ýakynlaşýaram weli,ýaman arkaýyn otyrsyň-la?”diýip,goýanok.Arkaýyn oturman näme ol begenjine aýdym aýdyp,läle kakyp ýörmelimi?Sadap “Hawa-la,gyz,arkaýyn biz bilen gülüşip otyr.Biz-ä durmuşa çykan günümiz öýden gidýäs diýip aglapdyk”diýýär.Ol näme üçin aglasyn?Ol bagtly,öz

söýenine durmuşa çykýar ahyr.Onuň bir arzuwy,Altymyradyň özüniň gelip,öýden çykarmagy.Birden gelmän dursa nätjek?.”Wah,bagtym garaldy,elim diýen etmez boldy”diýip,Güller,iňňe çümen barmagyny dişledi. Lena bolsa “Tolgunýansyň, jorajan.Durmuş hakda menem oýlanýan,käte ýagşy umytlarym üzülýär,ýöne maňlaýa ýazylandan çykma ýok ekeni.Durmuşda ýansaň,ýanan günüňe bile aglaly,solsaň solan günüňe aglaly,bagtly bolsaň bagtyňa bile aglaly,ýöne ejizligi aglap ýeňip bolmaýanlygyny ýadyňdan çykarmagyn” diýýär...Şol wagtam “A-na gelýär-de,a-na gelýär!”bolşup,uly-kiçi şagalaň turuzdy.Häliden bäri gaty mert oturanam bolsa,galmagal täsir etdimi ýa başga sebäbemi,Mülleriň ýüregi elesläp barýan ýaly boldy-da,birdenem horkullap aglanyny özem duýmady.Lenanyň”Hany köreken nirede gyz,gelmändirem öýüdýän”diýen sesi eşidilýär,Aýlar bolsa uzyn boýly,daýanykly bagşy Akyş Sapary görkezip”Şu köreken bolaýmasa”diýip,jykyr-jykyr gülýär.Onuň ýanynda Altymyrat hem bar.Ol söýgülisini almaga gelipdir,özem gyzyň öýlerine,gaýynlaryna gelipdir.Aşykda haýa bolmaz diýýärler,emma çyn aşykda haýa,namys ar has artyk bolaýmasa diýlen gürrüňem bar.

Gelnalja gelen gelin -gyzlar gapynyň agzynda(bosaganyň muzduny tölemeseň jaýa girjek gumanyň barmy)saklandylarda,aljak gelinleriniň tarypyny etmäge başladylar.

Gelnimiziň iýmiti,işjek goýnuň bagrydyr,
Guşagyndan ýokarsy,süýnüp ýatan sagrydyr.
Çynyň bilen seretseň,çep gözüde egridir...
Goýberiň bizi öýe,gelni kejebä saljak...

Gyz ýeriň gelin-gyzlary hem olardan kem galmajak bolup:

Düýemidir,atmydyr,ýörüşi patdyk-putdyk,
Gözi çala körmüdir?Giýewä biz seretdik.
Boýy beýikmi,pesmi,ýa serhoşmy,ýa mesmi,
Gepleýär lagyr-lugur,dili peltek,nähoşmy?

-diýip,giýewä at dakan bolýarlar.

Waý-eý,toba,bu gyzyň,saçbaglary ýüpmüdir,
Oba gezip gep tapýan,ýa şildirim-şipmidir?-diýip,oglan ýeriň gelin-gyzlary olaryň petigylysyny berýär.

Etrabyň alma-nary,şekerlidir,ballydyr,
Gyýew boljak ýigidiň,kör-keldigi bellidir.
Gyzymyz bar,görmekli,gülküsi-de ýaz ýaly,
Seýkin basyp ýörände,aýdym bilen saz ýaly.
Toý aýdymy ýaňlansyn,bu howluda çar ýana!
Wah,çar ýana,çar ýana!

-diýişip,gyz ýeriň gelin gyzlaram pes oturanoklar.

Şol aralykda belli bagşy Akyş Sapar Tirkiş Taganyň sazandarlyk etmeginde özüniň söýgüli aýdymlaryna başlady,ýaşlar tans etdiler.Gapa baran gelin-gyzlar gapy sakçy gelinlere ýalbaryp-ýalbaryp,ahyrym bolmajagyny bilip,bermeli aklyklaryny berdilerde,öýe girdiler.Girseňem,göni baryp gelni alyp gaýdyp bilmersiň,ony saklaýan, tanapyna towsup duranja daýaw-daýaw,”hyňranyşýan”gelinler bilen göreşip almalysyň.Olar “Gyýw,gyzlar,Gülläni berk saklaň,gelen aýallar gaty mekirdirler,garma-gürmelik edip ony alaýmasynlar”diýýärdiler.Ine,onsoň otagyň içinde şeýle bir basa-baslyk höküm sürer,kim kimi basýar,aňşyrar ýaly däl.Gelin almaga baranlaryň içinde gany ýüzünden damaýyn diýýän bir şerçi aýal bar,ol bir topulaýsa iki-üç gelni aşagyna basar diýersiň,emme syçalakga barmak ýaly gyzdan ýykylyp,çäşerip ýatyr.Ol kynlyk

bilen ýerinden turup”A-heý,ýüzügaralar,bular heniz bişmedik gawun-da,biriniň gujagyna dolaýsa bilýäs-le,bujagaz güýjüňiziň nirä gidýänini”diýip,ýykylanyna namys edýän ýaly üst-başyny kakyşdyran bolýar.Ahyrym,haýsy tarapdanam bolsa bir sakgally ýaşuly “ähm-ühm”edip,gapydan boýnuny uzatdy-da”Päheýde weli,hany bes ediň oýnuňyzy” diýdi weli,urşup duran itleriň üstüne suw sepilen ýaly boldy.Onsoň,Altymyrat,törde oturan gözi ýaşly gelniniň elini gysyp,turuzdy-da”Aglama ezizim,aglama”diýip, alyp çykdy.(Gözi ýaşlylygyň sebäbi-bu türkmeniň öňden gelýän däbi,durmuşa çykýanlygyňa begenýänligiňi ile bildirmek masgaraçylyk hasap edilýär,onsoň çyndan aglaýarlar,käbiri ýalan aglan bolýar.Aglamaga bolsa esas bar.Sen öz göbek ganyň daman ojagyndan çykyp,başga ojaga düşýärsiň ahyr).Jaýdan çykan çapraz-çaňňally gyzyl kürtäni çümre atynan gelin, iňňeden çykma bezenipdir,eşikleri birneme dikgerdenem ýaly.Egninde täzeje el ketenisi,aýagy gülli joraply,köýneginiň öňi apbasyly,başy çapraz-çaňňaly şowurdap barýar.Rahmanberdi aga “ol eşikler gelin-gyzlaryň bezegi bolman,gyzlyk dünýäsi bilen gelinlik dünýäsiniň arasynda duran çäkdir”diýýär.Şonuň üçinem “gyz maşgala saçy örüme gelenden beýläk,bary-ýogy bir aý,kyrk gün atynjak kürtesine ähli yhlasyny siňdirip-sünnelärmiş”.Keteni barada ol”onuň ysy ýigitdir-gyzy biri-birine imrikdirýärmiş,ol ysy alan çala göwünli ýigidem owsun atyberermiş,hut şol sebäplem gyz maşgala hemişe keteni geýip durmuşa çykarmyş”...Ine,häzirem , söýülerin öýtmedik,”şeýle ýigide durmuşa çykjak gyz iň bagtlylaryň biri bolar”diýensoň,özi şol bagta eýe bolanlygyna guwanýan bagtly gyz,şowurdap,geçip barýar.Onuň boýdaşlary,öz joralarynyň ýat ýerlere düşýänligine gynanyp,göz ýaş etdiler,gynandylar,läle kakdylar.

Bilbil uçdy,ýar,ýar,guýa gaçdy ýar,ýar,
Ýat ýerlere ykbalyň,seni seçdi ýar,ýar..

Türkmende gyzyny durmuşa çykarýan ata öz duýgusyny bildirmek gelişikli däl diýen düşünje bar,şol sebäpli gyzynyň çykjak güni ol öýünde bolmaýar,oňa derek ejesi öz balasynyň ýat ýerlere düşjegine gynanyp(ýa-da,ahyrym gyzyny durmuşa çykarýanlygyna begenip)gözýaş edýär,ýürek arzyny gowzadýar.

Elden guşum aldylar,alabilmen ýar,ýar,
A-na,gidip barýa-la,galybilmen ýar,ýar...
Gülleriň jigisi Aýlar şeý diýip läle kakýar.
Öý daşynyň gamşyna,syrgyn düşdi,ýar,ýar,
Nätanyş ýat illere,dogan düşdi,ýar,ýar...

Aýdymçy Akyş Saparyň üç-dört aýdymyndan soň,Altymyrat Gülleri we onuň jigisi Aýlary,dosty Artygy alyp bir maşyna atlandylar. Akyş Sapar Altymyrady ýene bir gezek gutlap,ýaşlaryň bagtly bolmagyny arzuwlap,özüniň Gyrgyzistana çykyş etmäge barýanlygy üçin ötünç sorap,hatardan galdy.Gelnalyjy maşynlar ýüzlerini oba tarap öwürdi.Gyz çykýan ýeriň çagalary,ýaş-u-garry aýallary,ýaşulylary “Sag-aman baryň”diýip,ellerini ýüzlerine syldylar we köne däbimiz boýunça”baran ýerinde gyzymyzyň aýagy düşsün,öýüne gaýdyp gelmesin “diýen arzuw bilen,ellerine çüýrük alma,şetdaly,pomador ýaly bişen miweleri alyp, gelnalyjy maşynlary “eseklediler” ...

Indi habary toý ýerden alalyň!Onlarça gazanda onlarça malyň eti gaýnaýar.Egni süpürgiçli orta boýly garynlak aşpez olaryň oduna-suwuna seredýär,oglanlaryň bir-näçesi sogandyr-käşir artmak bilen güýmenýärler.Olar özara gürrüň edýärler,gülüşýärler.

–Agşam “Aýgytly ädimi”gördüm-diýip,Döwlet joňk seslenýär-Halnazar baý ogly Balla Aýnany alyp berip bilmän,başga gelin almaly bolýar.Gaýyn enesi Sadap,gelnimi bir synlaýyn diýip,kürtäni açyp görse,dar maňlaý,hajjyk agyzly biri otyr diýýä.Gelniniň ýaglygyny zadyny düzedişdirip”Häýt,myň terbiýesini kürtelikä çekeläp bermesem soň

hezil bermez”diýen gaýyn ene, eýle bol,beýle bolma diýip,öwüt brerip başlady,şonda gelin agzyna ýaglygyny tutup”Aklyňy çykmadyk gyzyňa öwret,men hemme zady bilýän”diýýär.Şoň üçinem oňa ataýry gelin diýýärler.Dar maňlaýly gelin gaharjaň bolýarmyş,onuň ýaglygy ýokardan daňýlarmyş,saçy gaşy bilen bitişip durmyş,şondan gaçmalymyş.Ýöne,näme edeniňde-de,maňlaýyň bolsun diýsene.Alan gelniň asly bolsun.Gelniň gowy bolsa öýe bereket ýagýar

-Sen muny Altymyradyň aljak gelnine ýaňzydýarmyň?-diýip,Kakamyrat onuň al-petinden aldy.

–Ýok-laýt,ýöne aýdaýdym,men-ä.Aljak gelnimiz menikli bolsun diýjek boldum.

–Geçen ýyl Gözel eje gelip,”pylanylara gudaçylyga bardym weli,nähilikä?”diýip, kakamdan sorady-diýip,Kakamyrat gürrüňe başlady-Olam “Dogan,gizläp nädeýin,gyz gaty ýamandyr,onuň bir kemi şodur,hojalygy el ujundan aýlar”diýdi,onda Gözel eje “Wah,maňa-da şolar ýaly maşgala gerek-dä”diýip,ogluny öýerdi.Indem bolar ýaly däl diýýär,bir zat diýsem maňada dil gaýtaraýýar diýýä.Indi ol kakamyň ýanyna gelip”Wah,ýegen jan,ýamanjadyr diýip aýtdyňam,agzyma salyp göýberdiňem weli,düşünmändirin,edil beýle ajdarhadyr öýüdmeýärdim”diýip zeýrendi.Alan gelniňde bagtyň çüwsün diýsene.Hudaýa şükür,meniň gelnim-ä gowy,eýýäm iki gyz dogrup berdi.

–Men Altydan on günlük uly.Ştanga onuň bilen bile gatnap başladym.Türgenleşip ýörkäm garahassalyk keseline duçar bolup,galmaly boldum.Men ondan agyr agramda çykyş edýärdim.Galmaly bolanyma gynanýan,gowy ştangaçy bolup ýetişerdim...Ýadyma düşýär,Altyň daýawdan,garynlak,ýaman bet ak eşeginiň burnunyň üç deşigi bardy,ol deşik nireden peýda boldy,bilmedim,ýöne,bize gülüşmek,eýesiniň gaharyny getirmek üçin bahana-ha bolýardy.Alta emziklije tüňňüje diýseň gaharlanýar, tilki diýseň göwni bir ýalydyr.Bilmedim,beýle lakamlar nireden kellä gelýär,ýöne biziň deň duşlarymyzyň içinde lakamsyzy ýokdur...

Men bu gün öýümde,Altymyradyň aşgabatly dostlaryny kabul edip, aýratyn hyzmat etmeli,görüp geleýin-diýip,Döwlet tarsa turdy-da,öýlerine tarap ýelk ýasady.

Şol wagt “Heýjan-elek,jan elek,gelnaljy gelýän ýalak”diýişip,çagalar köçä ylgaşyp çykdylar.”Aýtsaňyzlaň,bu toý nämäniň toýy”diýip,Tyrry kaka eli taýakly patdyk-putdyk ýöräp,gelnalyjy bilen bile öýe geldi.Il gün edil suwsan ýaly bolup,sahylykda,eliaçyklykda ady belli pälwanyň toýuna gatanjymyz bolsun diýip,zat baryny gurralygna guýdylar.Atbaşçylara,toýa giden maşynlaryň sürüjilerine toý baýraklary paýlandy,ýaşlaryň tans etmeginde,aýdym-sazyň şowhuny bilen juwanlar jaýa tarap ugradyldy.Baýryç ,Orazberdi,Kakamyrat,Artyk ,Aýgözel,Orazgül dagy ýaşlaryň üstüne pul,süýji-köke seçdiler,täze şlýapasyna derek köne şypyrtmasyny kellesine geýen Orazberdiniň telpegini,Baýryşyň,Artygyň papaklaryny asmana zyňdylar.Türkmen telpegini göge zyňyp,şeýdip toý toýlaýar.Ahyrym,gelin jaýa salyndy.Toýa gelenlere nahar çekildi.Şondan soňam aýal-gyzlaryň arasynda küşt-şaşka oýny boýunça,göreşde,bäş ýüz metre ylgamakda ,ştanga götermekde ,ýaglyga towusmakda ýaryşlar başlandy.

Geliň,biz ilki bilen Tirkişiň aýaly Oguljahan gelniň ýolbaşçylygynda gurulan küşt-şaşka ýaryşyna syn edelin.Oňa jemi sekiz zenan gatnaşdy.Maýagözel bilen Zybagözel olaryň baryny utdular,soňky ikisiniň arasyndaky ýaryş bolsa Maýagözeliň peýdasyna gutardy.Ine,onsoň ýeke-täk öňe çykan gyz buýsançly nazaryny töweregine aýlap,özünden ökdäni göresi,ondan nämedir bir zat öwrenesi gelýär.Başga özüne taý tapylmansoň ol”Bolmasa,obamyzda oýun bilýän jahyllar bardyr,şolary çagyryň"diýdi.Onsoň jahyl bary ýygnanyp,bir-birinden öňürti gyzy ýeňjek bolup,galdylar

azara,ýöne utaýmak aňsat ýalam bolsa,jahyllar ýuwaş-ýuwaşdan sypyrylmak bilen boluberdiler.”Bä,obada meni utup biljek tapdyrmasa,etrapdan aňyrraga-da habar ýollaň,belki,başga ýeriň jahyllary has ukyplyrakdyrlar”diýip,Maýagözel tomaşa etmäge gelenlere gözüni aýlady.Al,saňa gerek bolsa!Ýigit bolup,kelläňe telpek geýýän bolsaň,dur-da,onuň öňünde...Ine,onsoň,asly şu obaly,özi paýtagtyň bedenterbiýe institudynda okap,toýy gutlamaga gelen Azat atly bir oglan durup bilmän öňe çykdy.Olar iki gezek deňme-deň oýnadylar,üçünji gezek gatylar bilen oýnaýan Azat agyr ýagdaýa düşdi,pilini mugt berdi.Güjüni deňleşdirjek bolup,gara dere batdy,ahyrym deň oýnap,ýigitlik namysyny goramagy başardy,ýogsam,aýdyşlaryna görä,ol küşt oýny boýunça ussatlyga ýetmegiň bosagasyndaky oýunçy ekeni.Ine,bu obada şeýle ezber oýunçylar bardyr,görseňiz!Göreş ýaryşy hem örän çekeleşikli geçdi.Etrabyň “Daýhan”obasyndan gelen Allaberdi pälwan hiç kime per bermedi,şaýlelikde ol birinjiligi,Orazmyrat ýasy ikinjiligi eýelediler,Döwlet joňk bilen Rejep pälwan ikisi üçünji orny paýlaşdylar .Aý,garaz,beýleki ýaryşlaryň köpüsinde oba sportçylary ýeňiş gazanyp,obadaşlarynyň söýgülerine mynasyp boldular...

--7—

Heý,bu türkmeniň gadymy däbini.Kürtäniň astynda ezilen pişik ýaly bolyp,indi nä bolarka diýip,garaşyp otutran Gülleiň ýüzüni görüp gidýän gyz-gelinleri san-sajagy ýok.Olaryň biri “Tüweleme,aý ýaly gelin ekeni,apbasysy düwme-düwme” diýse,başga biri”Gözi şullyrak,çapraz çaňňaly kelteräk”diýdi,ýene biri “Agzy,gupbasy gyşygrak” diýdi,başga biri”Mynasyba mynasyp,bilezigi,kökenli ýüzügem,gaşly gülýakasam anjaýyn ajap”diýdi, görüp bilmedikler bolsa”Aý,tamdyra çykman oňasy ýok-la,şonda synlaýarys,gaçyp gidýän ýeri ýok”diýdiler.Güller bu gürrüňlere üns bermän,günüň ýaşaryna,Altymyrat bilen ikiçäk galyp,iç döküşerine garaşdy.Hakyna seretseň güýz pasly gün keltelip adşam çalt düşäýjek ýaly,emma düşüberenok.Dünýä döräp günň yzyndan gije gelýär ahyryn!

Her zatda bolsa edil häzir Gülleriň keýpini bozjak zat ýok.Ol ilkinji gezek belent bir duýguny başdan geçirýär,üýtgeşik duýgy,öz ýeke-täk söýýänine,dünýä belli pälwanyna gowşanlygyna bolan belent duýgy.Häzir oňa hazzyk bir heleý tarapyndan taşlanyp gidilen,indem,oýanyp aglaýan çagany hasap etmeseň, päsgel berjek ýok.Ony hem”Dodak gitdi bazara,ejeň bilen syrtlaşyp,bal getirer balama,tagamy bir üýtgeşik”diýip,tapbatlap ýatyrdy.Şol wagt jigisi Aýgül bilen Lena ikisi,nika gyýmaga wekilleri bilen Begjan mollanyň gelýänliginiň habaryny getirdiler.Ol özüniň pyýadakazylary bilen nika gyýdy,däp-dussry berjaý etdi,ýaşlaryň durmuşy süýjülikli dowam etsin diýip,süýjülik suwuny paýlap çykdy.Agşamlyk bolsa ol,Nyryşka öz çykyşyny az salymlyk bes edende,ilkinji gezek köpçiligiň öňünde dutar,tüýdük çaldy.Dogrusy,ony sanlyja adam bilýänem bolsa,köpçülik beýle zatdan habarsyzdy.Ine,onsoň olaryň arasynda “Mollaçylyk nire,saz nire?”diýenler,”Biri beýlekisine päsgel berýän däldir”diýenler,”Şeýtana özüni oýnadýan bolaýmasyn?”diýenler tapyldy.Begjan molla bolsa”Bu senetleriň birnäçesiniň dünýä inmeginde şeýtanyň gatnaşygy bar diýýärler,ýöne meniň çalan mukamlarym arassa yhlasymdan kemala geldi,onsoňam tut bilen erigiň nikasyndan ýasalan gazmanyň şirin sesi kalbymy heýjana salýar”diýip,jogap berdi.Her zatda bolsa,şu wakadan soň,Begjan mollanyň oba içindäki sylagy artdy.Şondan soň”Molla sen käte eýle-beýle akyla sygmajak zatlaram aýdýarmyşyň,beýle zady gaýdyp

eşitmäýin”diýip,Begjana gaty käýinen Rahmanberdi aganyň hem gahary birneme ýatyşdy diýýärler.Dogrusygyny Alla bilmese,bilmedik...

Begjandan soň Tirkiş Tagan bilen bagşy Ata Kakyş ikisi saz çalyp,aýdym aýdyp hezil berdiler.Umumanam,Tirkiş käbir sazandalar ýaly näzini çekdirip,hondan bärisi bolup oturmany halanokdy,nyrh kesip saz çalýanam däldi,göwni pes,ýüregi neresse çaganyňky ýaly,haýsy saz guraly tapawudy ýok,rüstem gelýän ýigitdi,çalýan sazy dagdan daş togalanyp gaýdýan ýalydyr.Deň-duş sazanda bagşylardan Pirguly neressäniň saz çalyşyna uly hormat goýýardy...

Artyk öýkelek(indi oňa öýkelek diýmäliň,öýlendi,çagasy boldy)bilen Kakamyrat ikisi bir sagatdan bäri Altymyrady nika gyýmadan soň ädik çykartma,guşak çözme hysyrdylaryna taýýarlaýardylar.Göräýmäge,gyrmyzy don,silkme telpek,ädik geýdirmek ,guşak guşamak ýönekeý bir zat ýaly,emma oglanlar nebir açyş edýän ýaly,her bir hereketlerini ýedi ölçäp bir kesýärdiler.Ädigi geýdirenlerinde,dolaga düwünli ýaglyk sorap,çykarmaga päsgel berer ýaly etdiler,guşagy düwenlerinde ýedi bagy,amaşa bagy,kädi bagy,gondy bagy,ig bagy,gyrnak bagy,duzak bagy,syrtmak bagy,aý,garaz, ýadyna düşen-u düşmedik baglary saldylar. Altymyrat bolsa”Dost janlarym, beýtmäň,gaty çüwmäň how, gelnim çözübilmez,çözübilmese masgara bolar”diýip, mähri siňen gelniniň aladasyny edip,boýnuny gyşardyp ýalbarýardy. Oglanlar gulak asman,etjeklerini edenlerinden sol,Altymyrady göterip,gelniň ýanyna alyp bardylar.

Gelin ilki Altymyradyň telpegini,kynlyk bilen ädigini çykardy,guşaga gezek gelende bolsa ep-esli eglenmeli boldy.Nika gyýylanda şaýat hökmünde gatnaşýan Gülleriň jigisi Aýlar,jorasy Lena ikisi oňa kömek etjek bolýardy,emma Altymyratdan öň öýlenip,bular ýaly zatlarda tejribesi ýetik Kakamyrat olaryň ellerine kakyp”Çekiliň ”diýýärdi.Ahyrym,Altymyradyň özi durup bilmän guşagynyň düwünlerini çözüşmäge başlady.Guşak çözülensoň,Aýgözel elindäki gaýçysyny şakyrdadyp,ýanaşyk oturan juwanlaryň üstüne ýorgan oklady-da:”Arpa çörek iýdirme,ýyrtyk köýnek geýdirme,agyzla gapdyrma,toýnakla depdirme,pamyk kimin güllesin,türşek kimin döllesin,gelni saňa,senem Hudaýa tabşyrýas”diýip,doga okady, ýüzüne syldy.Altymyrat deň-duşlaryna,gelin-gyzlara ”Siz näme otyrsyňyz?”diýýän ýaly,mylaýym ýylgyryp bakdy.

–Sen how,bizi urup,jaýdan çykarmaly -diýip,Kakamyrat seslendi.

–Dost jan,hi sizem urup bolarmy?

-O-how,eliň bilen däl,ýaglyk bilen kowalan bolmaly.

–Aý,dost jan,özüňiz çykaýsaňyzlaň-aýt!

-Ýok,sen bizi ýalandan kowan bolmaly,däbimiz şeýle.

–Hä,däbimiz şeýlemi,dost jan?

-Hawa,başga tarapdan ol”Ine, ýan ýoldaşyň işden ýadap gelipdir,sen onuň ilki telpegini, ädigini çykarmaly,soň guşagyny çözüp,donuny çykarmaly-da,elini-aýagyny ýuwmaly”diýen däbimiziň iş ýüzünde,tejribesiz gelne öwretdigi bolýar-diýip,Kakamyrat düşündirdi.

–Bä, gowy däp ekeni.Aý,şonda-da,özüňiz çykaýsaňyzlaň,dost jan!-diýip,Altymyrat birhili boýnuny burup ýalbardy.

–O-how,bolmanda,ýeriňden turda, eliňdäki ýaglygy bir aýlan bol,bizem gaçan bolaly-diýip,Kakamyrat ahyrym ýörüňde ýörüň bolşup duran oglanlar bilen jaýdan çykdy.

Ýaşlar ikiçäk daldylar.

–Alty,uzunly gün ýadansyň,al,bir käsejik çaý iç,şulardan iýip otyr-diýip,Güller horjunyndan kişmiş,hoz,erlk,pisse süýji we gaýry zatlary çykardy.Altymyrat goýlan zatlardan çümmül-sümmül eden bolýar,gözi bolsa Gülleri hyrydarlyk bilen synlaýar.Güller bu nazaryň garşysynda durup bilmän utanyp, başyny egdi-de,mylaym ýylgyrdy.

–Ahyrym,tapyşdyk.Uzagyndan bolsun-da!-diýip,Altymyrat hem ýylgyrdy.

–Waý,enaýy-da gyz,agzyňdan Hudaý eşitsin-diýip,Güller jogap berdi.

Olar birek-biregi sylap,her bir zatda ylalaşdylar,nahary bileje iýdiler,bileje ýatdylar.Altymyrat ir bilen öýden çykyp gidýär,agşam ara dolanyp gelýär.Güller bolsa baş salynýança ýanynda bolýan jigisi Aýlar,jorasy Lena bilen gürleşip oturýar.Bu hem türkmeniň bir däbi.Gyzyň ýakynlary iki-üç gün gudalaryň öýünde bolup,gyzyň ýat ýere çalt uýgunlaşmagyna ýardam berýärdiler, baş salma däbinden soň,öýlerine gaýdýardylar.

Bir gün Aýgözel::"Aý-u-u gelin-gyzlar,esasy dawamyz şu gündedir.Gelnimiz jigimiziň göwnüni tapdy.Indi biz ony öňki gyzlygyndan gelinleriň hataryna goşmaly,öňündäki saçyny ýagyrnysyna geçirmeli.Oňa "baş salmak"diýilýär,ýagny gelniň gupbasy,ýaglygy aýrylyp, topby geýdirilýär,saçy arkasyna atylýar,kim ilki saç ujuny alyp bilse oňa sowgatjyk berilýär..Hyňranyşyp durmaň-da,hany başlalyň!"diýip,Gülleriň daşyny gallap duran gelin-gyzlara ýüzlendi.Gyzlaryň içinde Maýagözel "Agamyz,çagalaryňyz bilen gidişip,güýç-kuwwatyňyz galan däldir,synanyşybam oturmaň,barybir biz saçy arka atdyrmarys"diýip,aýallara haýbat atýar.Zybagözel bolsa"Hany,onda gyzlar,ykjamlanyp heriňiz iki gelni saklaň, galanlaryň hem hüjüme geçýänleri yzyna gaýtaryň.Ahmal bolaýmaň,aýallar mekirdirler,garma-gürmelikde gelniň ýanyna baraýmasynlar"diýýär.Gyzlar gelniň saçynyň öňünde bolmagyny isleýär,aýallar bolsa saçy arka atyp,gelni öz hatarlaryna goşmakçy bolýar,ine,onsoň bolýar bir basa-baslyk. Orazgül gyzlara garşy topulmaga çem agtarýar.Ol topulaýsa iki gyzy aşagyna basjak.Topulanam şoldy,birdenem ortadaky düşekde ýatyr."Haý,berekella,Maýagözel dogan jan,bi mes heleýleri golaýyňa gelmez ýaly etdiň.A-na,a-na,Berdi kakaň taýpy gelni gelýär,ol gaýyn atasy Tyrry kakaň bol pensiýasyny alyp,semräpdir,sypjykdyr özem,häzir boluň"diýip,Zybagözel janykýar.Hallygözel bolsa "A-heý,ýüzügaralar diýsänim,bular şumat bişmedik gawun-da,biriniň gujagyna dolaýsa bilýäs-le,bujagaz güýjüňiz bolmanjyk geçer"diýip,gözüni elek-çelek edip,çem agtarýar.Topulýan aýallaryň biri eýläk ýykylýar,biri beýläk ýykylýar,soňam goşa mar ýaly gara saçlaryny ýere ýazyp,zordan ýerlerinden turýarlar.Iki gezek Aýlardan ýykylan Aýgözel: "Wah,gyzlaryň görgä galyp,ýadap duruşlaryny.Boldy edäýiň,indi,jan gyzlar!Altymyrat jan sizdenem öň gelni hatarymyza geçirdi ahyryn.Azara galyp durmaň!"diýip,janykýar."Hany,onda sizem gelni hataryňyza geçirjek boluňda!"diýip,Maýagözel oňa jogap berýär.Onsoň şeýle bir tozan turýar weli,hi goýaý.Her zat etselerem,gelinler gyzlardan rüstem gelip bilmediler.Ine,onsoň Hallygözeliň "Rahmanberdi aga aýdyp gelmesem boljak dä"diýip,ünsi sowaryna mähetdel,Orazgül gyzlara al salyp,bir topulanda,gelniň ýanyna ýetdi."A-na,indä-hä gelinleriň tarapyna geçensiň!Hany saçyň ujuny ber"diýip,ol saçy ýeňsä atdy-da, ujuny gysymyna gysyp oturan Gülleriň eline ýapyşdy.Däp boýunça kim gelniň saçynyň ujuny eline alyp bilse,şoňa ep-eslije baýrajyk berilýärdi.Emma Güller ony beräýjek däl.Ine,onsoň Orazgül "Aý-u,Altymyratjanyň dogany Aýgözel,biz-ä gelniň aýasyny açyp bilýän däldiris.Oň saçyna dakar ýaly nämejik eçiljek bolsaň eçil,gyz,ýogsam ol saçynyň ujuny goýberenok.Näme diýýäň?Saçbaga gyzyl hünji dakjak diýýärmiň?Getir bäri,hünjüňi"diýdi-de,Orazgül Gülleriň elini zor bilen açyp,(belki,gyzyl monjuk dakyljagyny eşidip Gülleriň özi elini gowşadandyr,zadam gowy zat)saçyň ujuna

gyzyl hünji monjugyny dakdy.Munuň özi eýýäm, Gülleriň gelinleriň hataryna goşulanlygynyň alamatydy.Şondan soň utulandyklaryna göz ýetiren gyzlar dargamak bilen boldular.Ýöne,bu şanly waka mynasybetli soýulan janlyň börtmesinden gowuja doýup dargadylar...Türkmen-dä,Rahmanberdi aganyň aýdyşy ýaly ol “oglumy sünnetletdim”diýibem,ýa sygry guzlasa-da,aty öňe saýlansa-da,maşyn edinse-de,ygalsyz günleri bulutlar alakjap görünse-de, onlarça mal soýup,şagal meslik edip ýörendir”...

**Melburna barýan ýolda..**

.

**-1—**

Ýaş çatynçalar baş-alty aý obada ýaşanlaryndan soň Altymyradyň Aşgabatdaky jaýyna göçüp geldiler.Garyp gyz görki bilen diýilşi ýaly,Gülleriň akylly gözlerinde, syratly boýunda aýratyn özüne çekiji owadanlyk bardy.Haçan görseň bir zada begenjek bolýan ýaly mylaýym ýüzl gaharlanaýsa dagy,hasam görke gelýärdi.Hemişeler,öte horlanyp ajygan adamlara şeýle gyz-gelinleriň jemalyny görkezermişler,şonda olar dokunan ýaly bolaýýarmyşlar.Bu bir gep-gürrüň.Ýöne Rahmanberdi aga aýtmyşlaýyn:”Altymyrat şu gelniň yhlasy bilen beýik ýeňişlerini gazananmyşyn”.”Gojanyň akly çaşyp ýörmükä?Ol gelnini tanamanka hem uly ýeňişleri gazandy ahyryn”diýýänlerem bardy,”Goja bihal adam däldir”diýýänlerem bar.Şu gürrüňleri kellesinde aýlaýan Güller gele-gelmäne jaýyň içini tertibe salyp ugrady.Jaý gowy bejerilip,oňarylanam bolsa,onuň içinde birki düşekden, Baýryşyň ýorgan-ýassygyndan başga zat ýokdy.Arassalygy gowy görýän Güller otaglaryň içini syryp süpürmäge,barja zatlary tertipleşdirmäge başlady.

–Ezizim,öwredýä diýme,içerini syraňda duldan bosaga syr,hapaňy bosagadan çykar-da,köçä däl,hapa atylýan gapyrjaga at.Çynlakaý üns berseň,adamyň kalbynyň päkligi onuň öýüniň we töwereginiň arassalygyndan bildirýändir.Öýe gireňde bosagadan sag aýagyňy ätle,köwüşleri beýdip bosaga tarap bakdyryp goýma-diýip,Altymyrat hammamdan çykdy-da,köwüşleriň ýüzüni öwürdi.

–Waý,enaýy-da gyz,edil aýdyşyň ýaly ederin,Alty jan.Öz jaýyň bolsa hezillikdigini. Arzuwym ýerine düşäýdi.

–Ezizim,onyň dogry,ýöne,ýatar ýaly diwanymyz ýok-diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Zyýany ýok,ony birzat ederis,telewizoryň aşagyna tekje-de alarys.

–Nireden aljak,ezizim?

-Nahar bişirilýän çoýun gazany,sallançagy ejemden alarys-diýip,Güller jagap berdi.

–Naharhana otagy üçin halyny hem ondan sora!

-Bolar,ejem menden zadyny gysganmaz.Doganlaryň bolsa-da,sen bir ýetim oglan...

–Ezizim,diňle!Biz ejeňden zat baryny alýarys welin,oň muzduna näme bereris?

-Näme bereris diýmäň näme,oglan!?-diýip,Güller geň-galyjylyk bilen Altymyrada seretdi-Sen oglum bolaýsa adyna Maksat dakaryn diýdiň dälmi?

-Hawa,diýdim.Ilkinji maksadym oglumyzyň dünýä inmegi,ikinji maksadym indiki Olimpiýa oýunlarynda üstünlikli çykyş etmek,üçünji maksadym ejeme sadaka bermek.

–Alla bizi şol maksatlara ýetirsin,ýetirerem,enşala.Ogluň bolsa biz Maksat jany ejeme bereris welin,alan zadymyzyň muzdy bolar.Goý,alsyn,terbiýelesin,biz bolsa okuwymyzy dowam etdireris.

Altymyrat näme jogap berjegini bilmän agzyny açyp galdy.Onuň eşitmek islän zatlary başgady.

–Alty,öwüt berýäň diýmeseň bir zat aýtjak, senem iller ýaly döwre görä aýak urmany öwren,bolmasa yzda galarsyň.

–Ezizim,düşünmedim,men-ä!

–Sen ýokarky ýolbaşçylar bilen duşuşanyňda hoşamaýlyk etmänsiň, başyňy egmänsiň, döwre görä halanýan zady ýerine ýetirmänsiň, mekdeplerde sport sapaklary ýapylyp ýörkä, sport mekdepleriniň açylmagyny soraýarşyň....

–Näme, neslimiz üçin peýdaly zady soramagyň aýby barmy?

-Aý,ýok-la,ýöne goňşymyz"Şeýtmese äriň ezenegi galmaz"diýýä.

–Güller,bir zady berk belle,men bir-ä Hudaýyň öňünde,birem,ejem-kakam bolmansoň seniň öňüňde başymy egýän.

–Saňa öwüt berseňem bolanok.Nähili bolaýypsyň-diýip,Güller öýkeli seslendi.

Altymyrat Gülleriň soňky sözüne jogap berip etişmedi, gapy kakyldy-da, ony açmaly boldy.Görse,gapyda Artyk dur.Salam-helikden soň ol:

-Iş sapary bilen paýtagta geldim-de,seni göreýin,gürleşeýin diýdim.Indem,ýanym bilen alyp gidip,bir ýerlerde oturmakçy-diýdi.

–Dost jan,öýde otursak nähili görýäň?Ýogsa-da,meňem sport jemgiýetine barmaly işim bardy-diýip, Altymyrat geýindi-de, Artyk bilen öýden çykdy. Dost jan, wezipäňi ulaltdýlarmy?-diýip,ol köçä çykylanda sorady.

-Aý,ýok-la,näme?

-Oturaly diýip duraňsoň soraýdym.Soňky döwrüň adamlary wezipä geçse derrew dost-ýarlary bilen oturmany çykardylar.

–Wezipäm-ä ulalanok,ýöne oňa laurýad-a,ýagny dalaşgär-ä etdiler.Bir basgançak böksem ulalýan.Ýogsa-da,laurýat sözüniň manysyny sorajak bolup ýördüm.

–Greklerde lawr agajy ussatlygyň we mertligiň nyşany hasap edilipdir,şol sebäpli uly ýeňişleri gazanan esgerlere lawr agajynyň ýapraklaryndan ýasalan halka geýdiripdirler,şu däpdenem laurýat sözi döräpdir.

Olar özara gürleşip,birinji seýilgähen geçdilerde,"Dinamo"sport jemgiýetiniň jaýyna golaý geldiler.Altymyrat birden saklandy-da:

-Dost jan,sen tennis oýnap bilýärmiň?-diýip sorady.

–Aý,azda-kände bilmänem duramok.Günorta nahara çykdygymyz başlygymyz Allaberdi Weldurdyýew biziň barymyzy tennis oýnamaga mejbur edýär.Ýörüte ýaryşlara çykdym diýsem-ä,ýalançy,ýöne hut şonuň tagallasy bilen edaranyň ähli işgärleri,bölüm başlyklary hem tennis oýnaýarlar.Nahar wagtymyz bir sagat,şonuň 15 minudynda nahar iýýäris,45 minutlabam tennis oýnaýas.Ol bir gün,bir aý däl,ýyllap şeýle.Hawa,ýeri onsoň,näme diýjek bolýaň?-diýip,Artyk Altymyrada soragly nazaryny dikdi.

–Türgenleşik geçýän ýerimde tennis stoly bar.Şol ýerde,türgenim Abramýanyň garyndaşy barany utup:"Şunça türkmeniň içinde muny bilýäni ýokmy-ka?"diýip,meni gyjalata goýýar,ýogsam, institutda okaýan oglanlaryň tennise ökdelerem bar,emma,biri hem gelip ony utjak bolanok.Ýa-da, türkmende milli buýsanç diýlen zat ýok bolaýdymyka?Eger ol bar bolanlygynda,näme üçin bir adamam munuň bilen gyzyklanmaýar?

-Eýsem,sen maňa,sportdan daşdaky dostuňa,şonuň bilen oýna diýjek bolýarmyň? Birden ýüňsakgal edäýmäýin!?

-Ýüňsakgal etmejegiňi aňýaryn,dost jan.

–Bilmedim-dä,öz-ä!Ýogsa-da,bile işleýän koreý ýigidi maňa towlap urmany öwretdi.Şamyrat ýaly"Pylan zady edip bilmesem telpegim itiň syrtyna"diýib-ä durjak däl weli,synanyp göreýin.

-Ant içip awy  ýalasa-da,Şamyrat tanalman durlanok,ýüpüniň üstüne odun çykap bolmaz.Arada ol maňa”Indi ýalan sözlemäni goýjak,bolmasa adamlar menden gaçýarlar”diýdi.(Ýogsamam, dökülen abraýyňy dikeltmek aňsat däldir)Men oňa”Balyk moja çykar diýseler,towşan suwa böker,at kitap okar,horaz towukdan ýüz öwürer,zenan atyr sepinmez,araplarda gar ýagar,gaplaň aw etinden irer,gorkak jeňe girer diýseler ynanaryn,ýöne seniň düzeljegiňe ynanmaýaryn”diýdim.Bolupmy?

-Bolaýypdyr.Nädeli,synanalymy?

–Synanaly,dost jan!Öz garbanyşhanasy bolany üçin döşüne kakýan ol pulmesini bir utaly.Men barymy-ýogumy orta taşlap şert goýjak,utsa alsyn,utulsa bersin.

Olar tirkeşip tennis stolunyň ýanyna baranlarynda orta  boýly,garynlak, burunlak, murty taýzaryp duran  ýigit :”Ara,hany meni utjak jahyllar ýokmy-ka?”diýip gygyrýardy.

–Seni utjak bar!-diýip,Altymyrat onuň alkymyna dykylyp bardy-da,ýaryşyň şertini yglan etdi.-Üç oýnuň ikisini utan ýeňiji bolar.

Şeýlelikde,uly töwekgelçilik eden Artyk üç oýnuň ikisinde ýeňiş gazandy. Altymyrat, begenjine dostuny gujaklap,bagryna basdy-da"Berekella,dost,gaýrata galyp,milli buýsanjymy asmana göterdiň”diýdi,yzyndanam:

-Artur jan,sen indi hiç ýerde küpür geplemegin! Çünki çetki bir obada ýaşaýan dostumdan utuldyň!Utuş üçin goýlan pullary orta taşla-da, gaýdyp, tennisiň golaýynda görünme!-diýip,Altymyrat ep-eslije puly kisesine urdy-da-Ine,indi,bir ýerde arkaýyn oturaýsagam bolar-diýdi.

Şol gün iki dost restoranlaryň birinde iýip-içdiler,Altymyrat zol “Sen meniň milli buýsanjymy artdyrdyň”diýip,Artygy gujaklaýardy.

-Gürrüňçilik gowy zat,göwrümim giňäp gitdi.Şeýle duşuşyklaryň ýygy-ýygydan bolmagyny isleýän.Indem, öýünde çaýam bermedi diýme,öýe gideli!

-Alty,bagyşla,elim degenok.Soň bir gün hezil edip oturarys,nesip bolsa.

–Uruşda öljek bolup ýatan adama biz ýeňiş gazandyk diýipdirler welin,ol gözünden ýaş döküp,ýerinden tarsa galaýypdyr diýýärler.Aýtjak bolýanym,sen şu günki ýeňişiň bilen kalbymy joşdyrdyň,şatlyk melhemini içirdiň,şatlygymdan uçaýjak bolýan-diýip, ol dosty bilen hoşlaşdy...

Artygy ugradyp öýüne gelýärkä, birinji seýilgähiň öňünde üç-dört bolup bir oglany urýandyklaryna  gözi düşdi-de,ol ýere barýança oglanlar etjegini edip gitdiler.Altymyrat ýigrimi ýaşlaryndaky daýow ýigidi ýerinden galdyryp,gara-gan bolan ýerlerini seýilgähiň içindäki suw ulgamynda ýuwdy,gowy özüne getirdi.

–Sen ýaňky uranlary tanarmyň?

-Hawa,olar şu ýerdäki garbanyşhanada iýip-içýärler.

–Özüňem-ä daýanykly oglan.Näme gün-ä etdiň?

-Aý,naharlanyp çykan badyma köplük bolup daşyma geçdiler.Men-ä olaryň näme isländiklerini hem bilip bilmedim.Kisäm-ä dökdüler.

–Ýöremäge ýaraýarmyň,dost jan?

-Aý,ýok,ýene azajyk oturmasam başym aýlanýar.

–Onda sen şu ýerden butnama,men häzir...-diýip,Altymyrat garbanyşhana bardy.

Ýarym garaňky otagda üç-dört sany oglan-gyz tans edýärdi,dört-bäş sany oglan bolsa,walalaýlaşyp, bir ýerde iýip-içip otyrdylar.

–Hany,munuň ýolbaşçysyny çagyryň-diýip,Altymyrat oglanlaryň ýanyna bardy.

–Ara, işiň bilen bol,biz seniň günlükçiň däl-diýip,olaryň içinden daýow bir murtly oglan jogap berdi-de,ýerindenem gozganmady.

Altymyrat onuň çigninden tutup,bir gysdy welin,ýaňky ýigit ýerinden zöwwe turup, ylgap gitdi-de,garynlak,orta boýly,murty taýzaryp duran,ýaňky Artur tennisçini alyp geldi. Gelşine Altymyrat ony urup ýykdy,galdyryp ýene urmakçy bolanda Artur:

-Ara,meni tanamadyňmy? Indi urma,ursaň ölýän!Men ýaňy tennisdenem utuldym ahyr-diýip,iki elini galdyrdy.

–Artur,indiden beýläk kowumlaryň şu jelegaýlarda ýekeje adama azar beräýseler,ýakaň elimdedir.Şony berk belle!

-Alty,ol serhoş ors oglany ahyr-diýip,Artur özüni aklajak boldy.

–Ol adam dälmi?-diýip,Altymyrat azgyryldy-Serhoş bolanda kisesini boşatmalymy?Kim bolsa tapawudy ýok, duýdurmady diýme!

-Indi ýagşylyk etjek bolup duran barmy?Oňa "tentek,däli"diýýärler.

–Eýsem, hoşniýetli pälime şübhelenýärsiň-dä?-diýip,Altymyrat oňa gazaply garady.

-Ýok,ýok,ony diýjek bolamok,ýöne...Köçede ygyp ýörene hemaýat etseň samsyk diýýärler,galanynam özüň bil.Döwür başga.Munda ýa perwaýsyz bolmaly,ýa,goh-gowgasyz künjek gözlemeli.

–Beýle zady maňa öwretme! Indiden beýläk.adamkärçiligi ýadyňdan çykarma,kişi mertebesini basgylama,etmeseňem özüňden gör!-diýdi-de, Altymyrat ýaňky oglanuyň ýanyna gelip,ony öýüne eltip gaýtdy.

Gije bir çene baran ekeni.Güller oňa daşarda garaşyp durdy

**--2—**

Altymyrat ertesi"Dinamo"sport klubyna türgenleşige baranda täze türgen Baýmyrada gabat geldi.Ol ony ilkinji gezek mundan dokuz ýyl ozal Çülüde görüpdi.Şonda ony onuň türgenleşik geçýän ýerine Abramýan alyp geldi-de:"Ine,Altymyrat,bile türgenleş,bilmeýän ýerini öwret"diýip tabşyrypdy.Şondan bärem olar kä o ýerde,kä bu ýerde duşuşýardylar.Ýöne,,bu günki duşuşyk aýratyndy.Onuň özüne ýeterlik sebäbi bardy.

Şu ýylyň güýzünde agyr atletika boýunça 65-nji dünýä çempionaty geçmelidi,oňa bolsa baş tälimçi gerekdi,sebäbi Türkmenistanyň agyr atletika boýunça baş tälimçisi Boris Abramýan Tunise işlemäge gidýärdi.Indi bolsa şeýle uly ýaryşa gatnaşmaga mynasyp ştangaçylaryň arzuwynyň gury hyýal bolup galmazlygy üçin öz işini kemsiz bilýän ynamly tälimçi gerekdi.Türkmenistanda şeýle tälimçiler onçakly köp bolmasa-da,garaz bardy,mysal üçin oňa Baýmyrat Hangurbanowy,Altymyradyň agasy Orazberdi Orazdurdyýewi görkezmek boljakdy.

Ýeri gelende,biz ilki bilen Baýmyradyň terjimehaly barada durup geçeliň.Ol heniz Nebitdagyň 3-nji orta mekdebinde okap ýörkä,sportyň ştanga götermek ýaly,daşyndan göreniňde gyzyksyz görünýän ugruna höweslidigini mälim etdi.Mekdebiň sport meýdançasynda başlanan höwes soň şäher stadionyndaky tejribeli tälimçiniň gözegçiliginde hasam gowulaşdy.Ol ilki Nebitdag şäherinde,soň welaýatda geçirilen bäsleşiklere gatnaşyp başlady.Gaýratly,dury pähimli,süňklek epeý ýetginjekden tälimçiniň göwni suw içensoň,ol Türkmenistanyň baş tälimçisi Abramýanyň hem gözüne ildi.Şeýlelikde ol öz tutan maksadyndan birjikde gaýra çekilmedi,gaýta kynçylygy ýeňip geçmek üçin üstüne süründi.

Her gezek ştanga göterilýän meýdança çykanda,öz-özüne göwünlik berdi,tälimçiniň"Gaýratyňa gaýrat goşmak,giň göwrümlilik,tutanýerlilik,erjellik özüňe baglydyr"diýen sözüni ýörelge edindi.Ol 90-100 kilogram ştangany götermekde öz

agramyndaky sportçylardan görnetin tapawutlanmagy başardy.Türkmen döwlet bedenterbiýe institudynyň talyby döwründe onuň ussatlygy hasam artdy,dört gezek Türkmenistanyň çempiony boldy,SSSR-iň sport ussadynyň normasyny doldurdy.1982-nji ýylda ýokary bilim alyp Nebitdaga dolanyp gelenden soň agyr atletika boýunça ýaşlara tälim berip başlady.Özüne ynanylan wezipä uly höwes,yhlas bilen ýapyşdy.Ýokary sport ussatlygynyň respublikan mekdebiniň Nebitdagdaky bölüminde mugallymçylyk edýän döwründe,ol ýetginjekleriň onlarçasyna agyr atletikanyň inçe tilsimlerini öwretdi.Eden işiň netijesi görünmese,adamyň öz-özüne ynamy gaçar ekeni.Şoňa görä-de,her bir sport bölümlerine gatnaşýan ýaşlardan talap hem ýokary bolmalydy.Talap ýokary boldugyça adam çalt kämilleşýär.Şol sebäpli hem onuň tälimçiliginde ştangaçylaryň bäşisi sport ussady diýen ada mynasyp boldy.Onuň tälim beren ýaşlaryndan F.Faýzullaýew, S.Zagyrow, Z.Kazyýew,G.Mäterow dagy häzir ýörüte bilimli sportçylar bolup,dürli ýerlerde çagalara bedenterbiýe ugrundan sapak berýärler,Merdan Güljagazow bolsa birnäçe gezek Türkmenistanyň çempiony boldy.

Baýmyrat hem edil Altymyrat ýaly uly,agzibir,bagtly maşgalanyň bir agzasy.Onuň ata-enesi,nebitçi,gurluşykçy,energetik bolup ýetişen doganlary bar.Kakasy Garabeg aga ogullarynyň her bir işine,maşgaladaky herekedine talapkär garaýan,telli-pelli zada göwni ýetmeýän adam..Beýle ýaşulynyň ogullary hem asylly,işjanly bolaýmalydy...

Indi Orazberdi barada.Başda-da ençeme maglumatlary agzap geçenem bolsak,bir zady nygtamak gerek,onuň tälimçilik ussatlygy,tejribesi hiç kimiňkiden pes däl,ýöne onda daýhana,maldara mahsus ýere,mala seretmäni ilkinji orunda goýýan häsiýet bar.Olary özüniň uly maşgalasyny eklemek üçin eklenç çeşmesi hökmünde görýär.Dogry,ol köp ýyllardan bäri ştanga boýunça ýaşlara tälim berip gelýär,az-owlak aýlygam alýar,emma ol maşgala üçin ýeterlik däl,mal saklap daşyndan gazanç etmese bolanok.Şeýle-de bolsa, Türkmenistanyň agyr atletika federasiýasy baş tälimçiniň boşan ornuny eýelemekde onuň hem adyny agzady hem-de bu meseläni çözmegi Altymyrada tabşyrdy.Altymyrat bolsa agasy bilen telefonda düşünişip bilmejegine göz ýetirip,bu wajyp meseläni çözmek üçin oba gitdi.Sekiz-dokuz sany sygyrlary bilen garabaşynagaý bolup ýören agasyny ýatak arassalap ýörkä tapdy.Salam-helikden soň-

-Agam jan,armaweri!Säher tutan işiň rowaç alsyn!Sygyrlaryň sanyny köpeldäýdiňmi?-diýdi.

–Aý,köpelýärem,ölýärem,dogry-da walla.Birki günlükde bakyp oturan öküzçäm haram öldi.

–Wah-waheý,şeýlemi,agam jan,başa gelen belany sowsun.

–Inim,aýdanyň bolsun!Häzir işi gutaraýyn,onsoň aýagy uzadyp çaý içeris,dogru-da walla.

–Agam jan,seniň bilen maslahat bar.

–Gyssanmaýan bolsaň garaş,gyssansaňam aýdyber,iki gulagym sende.Ir bilen gowy dilegler etdiň,aslynda,ýüregi päk,ynsaply,adamyň dili dogaly bolarmyş,dilegiň ýerine düşsün-dä,dogry-da walla.Indi aýdyber,maslahatyňy.

–Agam jan,sport federasiýasy uly ynam bildirip,saňa Türkmenistanyň baş tälimçi ornuny hödürleýär, paýtagtda ýaşarsyň,jaý,maşyn bererler,ýakynda Melburnda geçiriljek dünýä çempionatyna bileje gideris.

–Bu sygyrlara kim sereder?-diýip,Orazberdi dersi üýşürip durka, başyny hem galdyrman jogap berdi.

–Agam jan,saňa uly wezipe,illeriň arzuw edip ýetip bilmejek orny hödürlenýär,sen bolsa sygyr diýip...Sygyrlaryň dokuz bolsa, wezipäni eýeleseň sany on dokuz bolar.

–Nädip ol on dokuz bolsun?

-Agam jan,onda aljak aýlygyň ençeme sygyra ýetýär ahyr.

-Bu mallary nädeýin?

-Sat baryny,ýa-da iniň Bäşime ber,goý,seretsin.

–Hawa,Bäşim iki günde ýok etsin diý,dogru-da walla...Aý,ýok-la,men ony başarman,on ýaşlarynda çagalam bar,gelnejeň Jennedem ýarowsyz.Ol-a, tälimçilik ekeni,ministrlik ornuny hödürleselerem sygyrlarymdan aýrylyp bilmen.

–Heý,sygyrlaryň bar bol-a!Özüňem şolara meňzäp gidipsiň,agam jan.Men seni ösdürjek,kömek etjek bolýan,senem...Ýagşam bir gep tapdyň. Agam jan, düşün,ýagşy niýetli geldim.Biz birek-birege mydama gerek,men sensiz,senem mensiz oňup bilmeris.Ýöne,öz golaýjygymda bolaýsaň diýen niýet bilen etjek bolýan herekedimden ýüz öwürmegiň meni gaty gynandyrýar.

–Inim,dogrumy aýtsam,gelnejeň ýarowsyz,ýanyndan aýrylyp bilemok,dogry-da walla.Men gitsem oňa kim seretsin?Çagalar-a,entejik körpe...

Altymyrat öýde ýaraman ýatan gelnejesiniň ýanyna bardy, hormat bilen salam berdi,hal-ahwalyny soraşdy.

–Ine,menem şeýdip,lokga daş ýaly, gymyldaman ýatandyryn,ýüwürjim, biribaryň edenine şükür kylyp.Agaňam nebis atyna atlandy,birini iki etjek bolýar.Allanyň berenine kanahat etmeli halyna...Geliniň şäher bilen öwrenişýärmi?-diýip,gelnejesi Jennet ysgynsyz sorady

-Hemme zat gowy,gelneje jan!

-Agzibirje ýaşasaňyz berekediňiz artar,ýadyňdan çykarma!

-Jennet gelneje,sag boluň,keseliň ahyry gelsin.Men gyssagly yzyma gitmeli.
–Gitseň ýoluň ak bolsun,ýoldaşyň hak bolsun.Şeýdip gelip durgyn,ýüwürjijigim Men keselimiň üstüne söze,mähre zar bolýan.Gelip soradyň,pagyş-para bolaýdym.Azajygam bolsa,içiňi dökseň derdiň egsilen ýaly bolaýýar.Hoş söz,hoş gylyk hoşniýetliligi döredýär...

Altymyrat agasy bilenem hoşlaşyp, Aşgabada gaýtdy...

Indi ol Türkmenistanyň agyr atletika Federasiýasynyň ynam bildiren adamsy-baş telimçilige bellenen Baýmyrat bilen Melburnda geçjek ýaryşa taýýarlyk görüp başlady.Bu uzak ýoly geçmegiň ýeňil däldigi,dünýäniň onlarça ýurdundan gelen ştangaçylaryndan öňe saýlanaýmak uly ukyby,irginsiz türgenleşigi,gerek ýerinde emeli,ugur tapyjylygy talap edýändigi köplere mälim bolsa gerek.

Geliň,gowusy Melburna tarap ýola düşeliň!...

Uzak ýola Altymyrady ugratmaga Ykram Mätkerimow uçar menziline gelen ekeni.Özi ýaly garyp ýerden çykan,köneje,ýöne arassaja eşik geýişinden,iň arzan naharhanalarda nahar iýişinden tanap oturmaly bu sada,göwniaçyk ýigit Altymyrady diýseň gowy görýärdi,nirä gitse ugradýardy,gelende garşylaýardy.Ine,häzirem ol ýany bilen iýer-içer ýaly azyk,birnemejik pul getirip,ýaryşda ýeňiji bolup gelmegi arzuwlap ony ugratdy..

Uçar Aşgabatdan Birleşen Arap Emirligine tarap ýola düşdi.Daglyk-düzlikden geçen uçar ummana aralaşdy.Ýokardan göm-gök asmany ýadyňa salýan umman çaýkanýardy.Kenara gelip urulýan tolkunlar esrän ineriň agzyny ak köpürjik edişi ýaly köpürjiklere öwrülip,ýitip gidýärdi.( Ol oňa balygyň gerşi ýaly ak tolkunlaryň hataryna seredip,göz ýetirýärdi)Günorta-günbatara uzalýan Umman gitdigiçe daga dyrmaşýan ýalydy. Häzir oňa,edil gar ýaly, aýagyň aşagyndan typyp gidýän ýyljajyk çägeli ýalpak kenarda dynç almak ,nähili ýakymly görünjekdi,ýöne ol mümkin däldi.Zyýany ýok,ol

Melburnda,Hindi ummanynyň kenarynda aýagyny gyzgyn çägä gömüp,hiç zady pikir etmän dynç alar...

–Biz Abudabi şäherine geldik-diýip,Baýmyrat ony oýaly-ukuly halda oýardy.

Olar bu ýerde düşüp,bernemejik dynç alyp,başga bir uçarda ýollaryny dowam etdirmelidi.Ýol bolsa uzakdy.

–Bizi ugradanlarynda “öňüňizden çykyp garşylarlar,aňryk ugradyp goýbärler” diýip söz beripdiler welin,hany olar?-diýip,Baýmyrat töweregine garanjaklady.

–Türkmende şeýleräjik häsiýet bolmaly,agam jan.Aň bilmez çaga ýaly bir zady aýdyp goýberer,soňundanam”Aý,ýanymdan gitse bolýar”edip,aýdanyny ýadyndan çykarar,lebzini ýuwdar.

–Alty,hany türkmeniň”sözlän sozüň dogry we dürs bolsun,niýet-päliň düzüw bolsun” diýen ahlak päkligi!?

-Kim bilýär,agam jan,ol terbiýämize bagly bolýan bolaýmasa.”Çaga şu günki beren nädogry terbiýämiz,biziň ertirki ahy-nalamyzdyr”diýip,Rahmanberdi aga aýdypdy.

–Indi nätmeli bolar?Araplara dilimizi nädip düşündireris?

-Aý,Hudaý bardyr,agam jan,horlamajak bolsa alajyny tapar-diýip,Altymyrat arkaýyn jogap berdi.-Gel,gowusy garny otaraly.Nähili görýärsiň agam jan?

-M**akul görýän-diýip,jogap beren Baýmyrat elini ýuwmaga ýer gözledi.**

**–Eli naharhanada ýuwarys,ýör,hany,agam jan.Türkmende “Ozalynda elini ýuwmadyk özüni sylamaz**,ahyrynda elini ýuwmadyk duzyny sylamaz”diýen aýtgy bar-diýip, Altymyrat uçar menziliniň içine aýlanyp ýörkä,naharly gap-çanagyň suraty çekilen pessejik diwary gördi.Onuň bir gapysy bolup,gapynyň sag tarapynda el ýuwmak üçin ulgam goýlupdyr.

–Agam jan,hany”Uly başlar,kiçi işlär”edeli,ilki eliňi ýuw,yzyndan men ýuwaryn.

Olar ýuwunyp naharhananyň içine girdiler-de boş ýeriň birine çökdüler.

–Dil bilmesek iýjek naharymyzy nädip düşündireli?

-Men iňlisçe käbir zatlary bilýän,agam jan,arkaýyn otur-diýip,Altymyrat göwni bir ýaly jogap berdi-Türkmen iki daşyň arasynda galsa-da, başyny çarar.

–Alty,seret,hol oturan ýaş ýigidiň ýüzi trkmene gaty meňzeş -diýip,Baýmyrat yşarat etdi.

–Kim bilýär,belki bolsunda.Ol şeýle bolaýmalam.Niýazow“Türkmen dünýäni eýeläp,ýetmişe ýakyn döwlet gurupdyr”diýýär.

–Seň ýadyňa oýun düşýär-diýdi-de,Baýmyrat sesini gataldyp soragyny ýaňadan gaýtalady-Alty,seret, şol oturan ýaş ýigit türkmendir!Seret,seret,ýüzi-gözi,sypaty bize meňzäp dur.

Baýmyradyň sesini eşiden ýigit ýalt edip bärsine bakdy-da,tarsa ýerinden turup olaryň ýanyna geldi.

–Es-salowmaleýkim,ini-agalar!Siz türkmenmi?-diýip,ol salamlaşmak üçin iki elini uzatdy.

-Hawa, biz türkmen,ýanymda oturan ýigit dünýäniň ençeme gezek çempiony belli ştangaçy Altymyrat Orazdurdyýew,menem onuň tälimçisi Baýmyrat.Biz Melburna ýaryşa barýarys.Bu ýerde öňümizden çykyp,ugrukdyryp goýbermelidiler,olam bolmansoň kyn güne galdyk duryberdik.Ne bu ýeriň dilini bilýäs,ne bäýlekisini,nädip nirä gitjegimizi hem bilemzok.

–Agam,maňa,Rahmana duşan bolsaňyz indi hiç zadyň pikirini etmäň.Biz,bu ýerde ýaşaýan türkmenler bolup Altymyrat pälwany görsek diýip arzuw edýärdik,asyl, ol öz aýagy bilen üstümize gelen ekeni.Häzir sizi naharlarlar,hezzet-hormat

ederler,myhmanhanada ýerleşdirerler,soň men Altymyrady uçar menziliniň başlyklary bilen tanyşdyrjak.Olar beýle hormatly myhmany hezzetsiz goýbermezler- diýen ýigit sözüni soňlamanka,edil ertekilerdäki ýaly,olaryň oturan ýerini her dürli ir-iýmişden,dürli naharlardan doldurdylar- Arkaýyn iýip-içiň,men häzir siziň ýol petegiňizi,wizaňyzy düzedişdirip,uçuryp goýberer ýaly ýörüte uçar tapyp ýanyňyza gaýdyp gelerin.

Rahman giden badyna olar bir-birleriniň ýüzlerine seredip. ”Bu nähili bolaýdy,erteki dagy däldir-dä" diýişip, başlaryny ýbaýkadylar. Beýle zada asla garaşmandylar.Tolgunmakdan ýaňa Baýmyradyň hat-da bokurdagy hem doldy.Altymyradyň bolsa şol bir bolşy, gaýtam”Hudaý bir alajyny tapar diýdim-ä”diýip,mylaýym ýylgyrýar.

Şeýdip olar nahar iýdiler,myhmanhana ýerleşdiler,wizalaryny oňartdylar,agşam bolsa,uly bir restoranda, Altymyradyň hormatyna gurnalan hezzet-hormata gatnaşdylar.Oňa bu ýerde ýaşaýan türkmen oglanlaryň ençemesi,uçar menziliniň ýolbaşçylary,tutjar baýlar geldiler.Özlerine edilen beýle hormaty olar hiç ýerde,hat-da türkmenistan-da hem görmändiler.Altymyrat bir,sada,ýüregi çagaňky ýaly açyk oglan,özüne hormat edýänler we olaryň ýaşaýan ýurdy barada ähli zadi biljek bolup janserek,Rahmanam ýaltanman gürrüň berýär.

Bu arap döwleti hem Türkmenistan ýaly çägelik,gurak bolup,bary-ýogy 25 ýylyň içinde öz ösüşinde haýran galdyryjy böküş edipdir,ýarym feodalçylyk gatnaşyklaryndan gönümel kapitalistik gatnaşyga geçmegi,özüniň hil aýratynlygy nukdaýnazaryndanam,burjuaziýanyň ýörelgelerine seredeniňde hem(hany Marks-Engls-Leniniň taglymatlary?)taryhda deňi-taýy ýok ýörelgä eýeripdir.Şunuň ýaly geçiş üçin Ýewropa ýurtlaryna ýüzlerçe ýyl gerek bolup,olam uly sarsgynlyklar bilen utgaşan bolsa, bu ýerde ol 25 ýylyň içinde parahatçylykly amala aşypdyr.Beýle çalt ösüşden soň ýurdy dolandyrmakda ýerli milletden bolan hünärmenleri hem taýýarlamalydy.

Ömrüni çölde geçirýän käbir arap taýpalary öz çagalaryny mekdebe okuwa ibermekden boýun towladylar.Onsoň hökümet ekleýjisini ýitiren hökmünde okaýan çagalara aýlyk töläp başlapdyr welin,mekdepler,ýokary okuw jaýlary okuwçylardan dolupdyr.Çagalar ýokary okuw jaýlarynda mugt okadylýar,uly möçberde aýlyk tölenýär,okuwy gutaransoň,hökümetiň howandarlygynda hünärini kämilleşdirmek üçin daşary ýurtlara ugradylýar,tejribe toplap gelse,iş bilen upjün edilýär.”Men yrakly türkmenlerinden,ýöne,Türkmenistanda kowumlarym bar.Olaryň habar bermegine görä,ata-eneler çagalaryny öz harçlaryna ýokary bilim berjek bolup jan edýärmişler.Çaga okap,ylym-bilimli bolsa döwlet üçin peýdaly dälmi,jemgiýetiň aň-düşünjesi ýokarlansa gowy dälmi?Türkmenistanda bir million tonna däne alynýan bolsa bu ýurtda ol iki million tonnadan geçýär,ýylda her sygyrdan alynýan süýt 5-6 tonna ýetýär.Tozap ýatan çägeliklerde tegelek görnüşde açylan meýdanlaryň merkezine lagym bilen suw eltilip,olam pürküjileriň üsti bilen ekine ýaýradylýar.Munda hem suw tygşytlanýar hem-de mallar üçin ot-iýme,dänä bolan islegler kanahatlandyrylýar.

Gurhan döwletde durnuklylygyň we asudalygyň kepilnamasy bolup,ol Konstitusiýanyň ornuny tutýar.Bu ýerde hiç hili toparlar,partiýalar ýok,baýlar garyplar diýen düşünje hem ýok.Gurhanyň kadalaryna laýyklykda, gurply adamlar her ýyl özleriniň ýyllyk girdejisiniň bir bölegini garyp hasap edýänlerine paýlamak üçin gaýtadan hasaplaýarlar...

Rahman arap,dilinden başga-da,iňlis,rus ispan dillerini hem bilýär ekeni...

–Gör-ä,Alty,köp dil bilseň bolýan zatlary,galyberse-de,bu ýerde seniň at-abyraýyň bizi golda-dy-diýip,myhmanhanada dynç alyp ýatyrkalar,Baýmyrat başyny ýaýkady-Öýe dolandygym,azyndan iki-üç dil bilmegi öňümde maksat edip goýjak.

–Menem sekiz ýyl bäri iňlis dilini öwrenýän-diýip,eýýäm irkilip başlan Altymyrat oýaly-ukuly jogap berdi...

Melburna ýetmek üçin olar özlerine berilen uçara münüp,tutuş Hindi ummanyny geçip,ýigrimi sagatlap uçdylar.Türkmenistanda noýabr aýynyň ortasy bolsa-da,Awstraliýada tomus pasly dowam edýär ekeni. Bu ýerde olar Altymyradyň 76 kilogram agramda çykyş etmelidigini bildiler,emma onuň agramy aşgabatdan gaýdanda 79 kilogramdy.Ynha, şu meselede birneme kelle döwmeli,birneme işlemeli boldular.Munda güýjüňi ýitirmezden üç kilogram horlanmalydy.

–Üç kilo näme,men Afinada bäş günüň içinde bäş kilogram agramymy gaçyrdym-diýip,Altymyradyň göwni bir ýaly.

Oňa düzgüne görä güýçli iýmitleri berip başlan Baýmyrat ,onuň her bir herekedine,özüni alyp barşyna,şol bir wagtda türgenleşigi dowam etdirişine berk gözegçilik etdi.Netijede, ştanga göterilýän meýdança çagyrylmazynyň öň ýanynda Altymyradyň agramyny çekdiler,elektron terezi 75 kilogram 710 gramy görkezdi.76 kilo agramda çykyş etmeli ukrainaly Sawçenko Altymyratdan 30 gram agyr boldy.Ynha,şol otuz gram hem Altymyradyň peýdasyna bolup çykdy.

Ýaryşyň jemleýji tapgyrynda bäsleşik Ruslan Sawçenko bilen Altymyradyň arasynda gitdi.Bu ikisi şol agramdaky 21 ştangaçydan öňe saýlanyp bildiler.Agyrlyk götermegiň iki görnüşi boýunça ýetilen dereje hem deň boldy-370 kilogram.Netijede,Ruslan bilen Altymyradyň aratapawudy olaryň agramy arkaly çözüldi,ýagny Altymyrat garşydaşyndan elli gram ýeňil geldi..Şeýdip,Altymyrat bu ýerde hem dünýäniň çempiony diýen belent ada mynasyp boldy.

Iň tolgundyryjy pursat ýaryşyň ýapylyş dabarasynda bolup geçdi.Baýmyrat ýany bilen döwletiň ýaşyl Baýdagyny hem-de Gimniniň ýazgysyny alyp gaýdypdy.Ana,şolaram Türkmenistandan iň uzak ýurtda,olara öz ata-watanlaryny ýatlatdy.Altymyradyň boýnuna altyn medal dakyldy,türkmen baýdagy ýuwaşlyk bilen belende göterildi,ýaňlanan Döwlet Gimni bolsa ozal şatlykdan doly göwünlere egsilmez buýsanç paýlady...

Elbetde,her hili ussat bolsaňam,türgeniň gerekligine söz ýok,ýöne weli,Altymyrat ýaly ştangaçynyň türgeni bolmaklygyň özi ýetip bolmajak bagt.Ol türgeniniň işini juda ýeňilleşdirip bilýän ussat.Onuň iň artykmaç tarapy-da,Baýmyradyň pikiriçe,gylyk-häsiýetiniň tebigy berlen artykmaçlygy.Altymyrat özüni şadyýan,göwniaçyk saklamagy başarýar.Şol häsiýet onuň bäsdeşlerine urgy bolýar,ondan çekinýärler.Munuň özi onuň sporty söýýänliginden,şeýle bäsleşik üçin dünýä inen ýigitdiginden habar berýär...

Aý,garaz,Altymyrat bu gezek hem ýeriň aňry ujundan,Awstraliýadan altyn medal alyp,Aşgabada gaýdyp geldi.Uçar menzilinde ony uly dabara bilen garşyladylar.Ýakyn dogan-garyndaşlaryndan başga-da, hökümet agzalary, wezipeli adamlar bar.

Şol bir habarçy,ine indi üçünji gezek şol bir sorag bilen oňa ýüzlendi.

-Siz bu gazanan üstünligiňizi kime bagş edýärsiňiz?

-Hökümet başlygyna bagş edýärin diý, mahabatlandyr!”diýip,hökümet agzasynyň biri,ýuwaşlyk bilen onuň böwrüne dürtdi.

Oňa gaňrylyp sereden Altymyrat:

-Men ilkinji ýeňişimi mähriban ejeme,soňky ýeňişlerimi doganlaryma,bu ýeňişimi bolsa, geler diýip,öýümde,gözüni bosaga dikip oturan gelnim Güllere bagşlaýaryn- diýip,jogap berdi...

**---3—**

Güller bu gün ir turdy-da,ýatanda geýýän ýukajyk donunyň guşajygyny biline guşap äpişgäniň öňüne bardy.Altymyrat ondan öň,beden ,maşklaryny etmek üçin çykyp gidipdi.Ol mydama oýananda Gülleri oýarýardy we "Ezizim,turaweri!Sen indi şu hojalygyň eýesi,hojalykbaşy.Hojalykbaşy bolsa iliň öňünden turmaly,ýan ýoldaşy çagalary turmanka ýuwunyp,ardynyp,olara owkat taýýarlamaly,işe gitjekleriň egin-eşiklerini tükellemeli,iýdirip-içirmeli.Ejem jan pahyryň ýörän ýoluny tutsaň ýalňyşmarsyň.Häzir-ä öýde myhman ýok,bolan bolsa öýdäki geýnişiň göze ilerde,iliň diline düşerdi,tur!"diýýärdi.Güller şondan soňam tursammykam diýip,näzirgenip, ep-esli ýatýardy,ahyrym turmaly bolýardy.

Hawa,ol äpişgäniň öňüne baryp,ýasyl ýaprakly balhy tut agajynyň ýapraklaryndan boşan ýalaňaç çybyklaryna seredip,güýzüň düşenine göz ýetirdi.Güýz aýlary baglaryň ýapraklary ýere gaçýardy,awara salkyn şemal olary bir ýere üýşürýärdi.Ine, şol ýapraklaryň içini dörüp,iýmitini tapan bir serçejik jürküldäp,ganatyny ýaýyp,uçup gitdi-de,oňa Altymyradyň aýdan ýaňky sözlerini ýatlatdy.Serçejik,heniz ganaty doly bekemedik çagajygyny naharlamaga gyssanýan bolmalydy.Şu pursatda ol serçejigiň ornunda,bukja-bukja azykdan ýüklenip gelýän ejesini gördi.Kömek etjek bolup,öňünden ylgap çykanda,ejesi:"Gyzym,daş çykanyňda egniňe geýýän lybasyňy seljer,ýöne,şo bir ýeňiljek eşikleriň ýa-da endamyňy yzarlaýan eşigiňi geýip, iliň gözüne ilmejek bol,sen indi uly gyz ahyryn.Ilçilikdir,her töwra adam bardyr.Ýamanlary ýazgaryp,ýagşylary ýaran edin.Dünýädä ölümden başga zat ýokançdyr, ýaramaz gylyklaryň ýokmagyndan ägä bol.Meni hiç kim tananok,hiç kimiň gözüne ilemok diýmegin.Il iliň aýnasydyr.Il"Tüweleme,bir asylly ýeriň ar-namysly çagasy bolarly" diýip,ýüzlerine sylar ýaly bol"diýýärdi.Ol ors mekdebini tamamlan hem bolsa ar-namys,ojaga wepalylyk meselesinde türkmen gelin-gyzlarynyň derejesiniň ýokarydygyny bilmän duranok.Ukrain şahyry Grabowskiniň "Teke gyzy" poýemasyndaky namys üçin özünden uly aýal doganynyň ýagyrnysyndan ak saplyny sanjan ýaşajyk türkmen zenanyndan olam pes däl,ýa-da,Watançylyk urşy ýyllarynda ýanýoldaşy bilen bary-ýogy üç gün ýaşap,soňam uruşda wepat bolanlygy üçin onuň ojagyny ömri ötýänçä wepalylyk bilen saklap oturan daýzasynynyň duran ýerinde olam durar.Dogry,soňky döwürler gelin-gyzlaryň ruhy dünýäsiniň birneme pese düşendigi barada köp gürrüňler edilip başlandy.Ejesiniň ar-namys baradaky ýaňzytmasyna hem şol sebäp bolan bolmaly.Zenan hormaty,edebi barada nusga alarlyk maslahatlara giň orun beren Gurhan,Şerigat kadalarynyň,Sünnet düzgünleriniň könäniň zyýanly galyndylary hökmünde halkyň aňyndan,kalbyndan kowlup çykaryljak bolunmagy onuň başynda dur.

Bu pikirleri aňynda aýlan Güller "Waý,enaýy-da gyz,bu ne ahwalat?Bu gözüme görünýärmi-kä?Serçejik we onuň çagajygy nireden kelläňe gelýär?Daşarda gar sepelejek bolup durka serçejigiň çagasy bolmaly däldir-ä"diýip seslendi. Birdenem böwründe bir zat gymyldan ýaly boldy.Ol ilki,Altymyrat duýdansyz gelip,ot ýaly gyzgyn,ýakymlydan täsin eli bilen arkasyny sypalandyr öýütdi.Emma olam däldi.Ýakymly,täsin el diýmeginiň sebäbi bar.Bir gün Gülleriň dişi agyrdy.Lukmana görkezeýin diýse gije ýarym bolupdyr,däri dermanyňam peýdasy degenok.Onsoň ol

agyrysyna çydap bilmän,Altymyrady turuzdy.Onuň turup bir edeni,sag elini Gülleriň agyrýan dişiniň üstüne goýdy.Agyry pursatsaýyn peselip gitdi,nädip uklap galanynam bilmedi.Ýogsam ol ne däri-derman,ne beýleki zat ulandy.Soň görüp otursa saglygy saklaýyş kärden daşdaky Altymyradyň sag elinde elektron sagatlary işlemeýänligi,ýanýan şemiň eline täsir etmeýänligi,demir çemçeleriň magnita ýelmeşen ýaly e;linde asylyşyp durýanlygy,çüýşe döwükleriniň üstünde arkaýyn ýöräp bilýänligi,ýog ylmynyň käbir taraplaryndanam habarlylygy belli boldy.Köp keselleri bejerip biljegem bolsa ol özüni tanadasy gelmeýärdi ...

Birden onuň gulagyna”Üstüňe ganatyny gerip duran ýanýoldaşyň ar-namysy,iliň öňüne düşüp ýören gaýyn atаň ak sakgaly,jägildäp dünýä inen badyna agzyna tutdyrylýan ene süýdi hakydaňdan gitmesin”diýen ejesiniň sesi eşidilen ýaly boldy,şobada hem ähli düşnüksizlik aradan aýryldy.Asyl onuň eşideni serçejigiň jürküldisi bolman öz göwresindäki bäbejigiň sesi bolmalydy,gymyldap,böwrüni sypalaýanam şoldy.Şoldyr elbetde,çünki.söýgi esasynda çaga emele gelýär ahyr.Şular ýaly ýagdaýda ejesiniň “Nesil öndürmegi göwnüňde beslemegiň özi-de ýanýoldaşyňa,ojagyňa wepalylygyň alamatydyr”diýjegini bilýär.Dogry,”söýgide çekilýän dertler,azaplar ondan alýan lezzetiňden müňlerçe esse ýokarydyr,olara çydamadyk söýgüniň lezzetini bilmez” diýýänlerem bar.Ejesi bolsa”Dirilik bilen ölümiň arasynda näçe menziller,jebir-sütem,horluk,şatlyk bar,şolaryň dynnym ýaljagy eşretdir,şojagaz eşret üçinem ýaşamak gerek.Danalar “bütin ömrüňden iň gowy pursatlary saýlasaň deňizden bir damja alan ýalydyr”diýýärler”diýýär.

Türgenleşikden gaýdyp gelen Altymyrat öýe girende Güller henizem äpişgäniň öňünde daşary seredip durdy.Ol bir tarapdan gelin bolup başlan ilkinji günlerinden özbaşdak durmuş gurmaly bolýanlygyna begenipdi,oňa öýdäki borjuň näderejede jogapkärlidigini düşündirjek,gelen gelne görüräk bolmagy özüne kiçilik biljek gaýyn enesi ýokdy.Başga bir tarapdanam häzir oňa gelin bolup ätlän gapysynda ýürek gürsldisine diň saljak,onuň nämeler diýýänligini diňe bir gulagy bilen eşitmegi däl,eýsem kalby syzyp,goltgy bermegi başarýan gaýyn enäniň gerekligini edil howa ýaly syzdy.Rysgalyňa şärik bolup,onuň bilen bile ýaşasaň,özi üçin garaňky bolan güzeran görmek,göwreliligiň derdini çekmek,dogjak çaganyň sagdyn ösmegi üçin edilmeli hereketleriň garaňkylyg aradan aýryljakdy.Gaýynly öý-gazanly öý diýip dogry aýdypdyrlar.Ejesi bu barada “Gaýyn atam-ganarym,dolar durar dulumda,gaýyn enem-gazanym,gaýnar durar alnymda”diýýär.Şol dogry ekeni.Oňa häzir gaýyn ata-da,gaýyn enede ýetenok,olaryň gelen gelniniň,ogullarynyň her bir ädimlerini yzarlamak,ýüreklerindäkileri syzmak,käte ogly jahyllyk joşgunyna bäs gelip bilmän bir nämakul herelet edäýmeginden,gelniň tejribesizligi zerarly nämakul herekediniň öňüni alyp,olaryň edil bal bilen saryýag ýaly garylyp-gatylyp gitmeklerini gazanmak üçin olar gerek.Iň bärkesi ol häzir gaýyn enesi bolan bolsa öz göwresinde döreýän üýtgeşmeler barada pikir alyşyp,ähli zadyň anyňyna ýetip biljekdi,Altymyrada bolsa olar barada soň habar berjekdi,olam bolmanson, häzirlikçe dymanyny kem görmedi.

–Ezizim,äpişgäniň öňi salkyndyr,özüňem ýukajyk eşikde-diýip,Altymyrat seslendi.

–Gije bir enaýy düýş gördüm-de,pikirlenip durun.

–Düýş görmeýän barmy,ezizim!Adamyň gylyk-häsiýetiniň,durmuşynyň bir-birinden tapawutlanyşy ýaly,olaryň görýän düýşleri-de tapawutlanýarlar.Olar bir-birlerine meňzemez,ýorgutlary hem tapawutly bolar.Meselem,bir adam üçin ýoldaky ýatan daş ar almak,kynçylyk,böwet bolsa,başga bir adam üçin ol ykbaldaky agyr kynçylykly üstünlik,sebäbi adamyň gelejegini kesgitleýän daş, ştanga götermek durmuş

kynçylyklaryny aňladýar,Men ýaponiýada bolanymda ýaryşa asly Indoneziýaly bir adam bilen duşuşdym,ol adam aýagy ýeterden daşda bolan künjekde ýaşaýan Senoý taýpasyndan ekeni.Ol “Biz örän bagtly ýaşaýarys,öz aramyzda jenjel,dawa,uruş-sögüş diýlen zat hiç wagt bolmaýar,sebäbi biz düýş bilen meşgullanýan halklaryň arasynda öňdäki orny eýeleýäris.Gije düýş gören çaga daň atan badyna öz ata-enelerine gören düýşlerinu gürrüň berýärler,olar bolsa indiki gije her hili ýagdaýlar ýüze çykanda özüňi nähili alyp barmalydygyny öwredýärler,şeýlelikde çagalaryň pikirleniş,seljeriş ukuby artýar,oýalykda we düýşünde görýän zatlaryna dogry baha bermegi öwrenýär”diýdi.Meselem,men düýşümde owadan kebelege öwrülip,Mälik aganyň bägülleriniň içinde perwaz urdum,şol goşa bägüle gondum-da,özümi bagtly duýdum.Indi bolsa öz-özüme “Sen kim?Düýşümdäki kebelekmi ýa-da şol kebelegi huşunda gören Altymyrat?” diýen soragy berýän,jogabyny hem tapamok.

–Waý,enaýy-da gyz.Biz mekdepde Gogolyň “Burun”hekaýasy boýunça düzme ýazdyk.Hekaýada burnuny ýitiren Kowalýowyň ýiti tolgunmasy beýan edilýär.Eger häzir onuň burnuny ýitirenligini,indi oýanmazlygy mümkindigi barada oýlansam,bu waka maňa has-da ýiti täsir edýär.Sebäbi düýşdäki sypatyň,egin-eşikleriň seniň jemgiýetde tutýan ornuňy görkezýär,ýöne oýalykda hem adamlar egniňdäki geýmiňe görä garşylaýarlar ahyryn.Ine,goňşymyň aýaly,gaty bir üýtgeşik geýim geýip,bezenip barmasaň gapysyndanam salanok...

–Ýogsa-da,ezizim,gören düýşüňi gürrüň berjekmi?

-Men täsin düýş gördüm.Murtlary syh-syh,uzyn boýly adam bagt paýlaýar,mert adamlara isledigiçe berýär,ejiziňem üstünden gülýär.Maňa dynnym ýaljak bagt berdi-de:”Galanyny ölensoň alarsyň”diýdi.”Maňa bagty bir gujak ber”diýip,möňňürip aglamda oýandym.Men muňa düşünmedim.

–Ezizim,Allanyň beren bagtyny az görme,kanahat et!-diýip,Altymyrat jogap berdi. (Güller hiç zada düşünmedi,ýöne,aradan ýigrimi ýyl geçensoň,Altymyradyň at-abraýynyň dilden dile geçmegi,şan-şöhradynyň artmagy esasynda ondaky ujypsyzja bagty pursatsaýyn artyp başlady,şonda “ölensoň alarsyň”diýilmeginiň manysyna düşünip galdy)

**---4—**

Altymyrat şol gün Gülleri hem ýanyna alyp,onuň nobatdaky ýeňişiniň toýuny tutýan obasyna ugrady.Toý adatda boluşu ýaly Tirkiş Taganlarda geçirilýärdi.Ol ýere etrap merkezinden,welaýatdan pälwanyň janköýerleri ýygnanypdyr.Olaryň arasynda Rahmanberdi aga,Annaberdi aga,Begjan molla,Garýagdy aga,asly şu obaly belli ýazyjy Anna Paýtyk,şahyr Ata Täzebaý,belli mirasgär Ümür Esen,baýry jurnalist Seýitli Söýün pälwanyň ýakynlary,dost-ýarlary bardy.Adatça bolşy ýaly,adamlar ir-gözünden dabaranyň geçiriljek ýerine gelipdiler we Altymyrat bilen çaý başynda gümür-ýamyr edip oturmak isleýärdiler.Edil häzir Altymyradyň bir ýere gidenligi sebäpli, edilýän gürrüňiň özeni şol barada barýardy.

-Adamlar,Altymyrat jan özi baradaky öwgüleri halanok,päheýde welin,şonda-da size düýnki wakany gürrüň berjek-diýip,Rahmanberdi aga seslendi-Etrap mugallymlarynyň nobatdaky ýygnagyna baranymda internatda bile işleşen mugallym,ýoldaşym Akmyrat çepbä(Gurbangulyýew)gabat geldim.Ol Altymyradyň tarypyny edip tükedibilenok,”Alty jan ýaly ogul bolmaz,onuň süňk sypaýyçylygy bu görlen däldir.Demir galdyrmak üçin bedeni buýrulyp ýasalan ýaly.Entäkler ol köp-köp üstünlikler gazanyp,türkmeniň gurduny gündiz uwladar,biz ýene ençeme gezek köwser

suwy lummurdyly,tyllaýy çeşmäniň eýesi bolarys,enşalla.Türkmende “Ýüzden ýüwrük çykar,müňden tulpar”diýen aýtgy bar,müň kişi daş göterse-de,sportçy çykanok,”Göwün bar-da,güýç ýok,ýelin bar-da,süýt ýok”diýenleri ýaly,iş işe goşulanda”Bä-ä,bü-ýä beýle eken-ow”diýip,gyra çekiliberýärler.Emma Alty jan “Hemedan daş bolsa,kädibaş ýakynyny”edýärde orta çykyberýär.Dogrusy,ol daş göterende aňlar-aňlamaz galpylda gaplanyp,Allany çagyryberýän”diýýär,päheýde welin.

–Men “Daýhan”obasynyň pagtaçylyk brigadasynyň brigadiri Aşyr Garry-diýip,uzyndan arryk adam Begjan mollanyň ýanynda oturan ýerinden seslendi-Sakarçäge-Birleşik ýolunyň ugrunda,gözümize gurt düşen ýaly bolup,derläp,kirläp,çorlap,etrabyň geýregini artdyrmak üçin pagta ýygýan ýygymçylaryň, pagtany zaýalaman ýygyşlaryna seredip ýörkäm,birden, kömege gelen talyp gyzlaryň arasynda,türkmeniň solmaz säheri,nurly bahary,gülälekli gollary,gök gaýmaly kölleri,guwanjymyz-begenjimiz bolan pälwana gözüm düşäýdi.Şol pursat göwnüm göterildi,obamyzda pagta planymy ilkinjileriň hatarynda dolduryp biläýsem diýen gorkym üçin, birneme çöken eginlerim silkinen ýaly boldy,ýüzüm ýagtyldy.Men Altyny pagtaçylar bilen tanyşdyrdym.Ol özi barada gysgajyk,ýöne manyly,täsirli gürrüň berip,pagtaçylaryň armasyny ýetirdi.Netije-de,köňülleriň joşguny zerarly,şol gün öňki günlerden iki esse artyk pagtany harmana tabşyrdym.Görýäňizmi,milli buýsanjymyzyň zähmet adamsyny joşdurandaky netijesini!Men geçen ýyl,ilkinji gezek ýüz tonnadan gowrak pagta ýygdym,ýurdumyzam taryhda ilkinji gezek million tonnadan gowrak hasyl ýygnady.Pagtalar harmanlara sygman,goşmaça meýdançalara hat-da gara ýollaryň ugruna-da döküldi,million diýen zat köp zat boljak ekeni..Bularyň bary daýhanlara berilen erkinlige milli buýsanjyň goşulmasy esasynda döredi.

-Başlyk,meni teleýaýlymda saz çalyp ber diýip,Aşgabada çagyrdylar-diýip,Begjan molla Rahmanmberdi aga ýüzlendi-de,gürrüňe goşuldy-Altymyrat jany gowy görýänleriň biri,onuň bilen obadaşlygym we tanyşlygym üçin meni öýüne çagyrdy.Oňa Soltanmyrat Jygaýew diýýärler,sazanda,şäheriň Gaýgysyz Atabaý köçesinde ýaşaýar.

Men etrap gurluşyk edarasynyň başlygy bolup işleýärkäm, agaç işläp bejerýän ussahanamyň ussasy Söýün Garrynyň ýanyna Soltanmyrat gelip, dutara gapak,sap ýasadardy.Aşyr aga,Söýün seniň iniň bolmaly,onuň asly käri jurnalist,etrapda çykýan “Hakykat”atly gazetde tä ýapylýança işläp, ýapylansoňam agaç ussaçylyga işe gelipdi-diýip,Begjan molla ýanynda oturan Aşyr aga ýüzlendi-de,sözüni dowam etdi-Ine,onsoň Soltanmyrat işini bitirip,agşamlaryna myhmanym bolardy.Biz sazanda Geldi Begli,bagşy Halsähet Nursähediň ogly Hapyz,Girman bagşynyň ogly Patyşaguly dagy bolup,gije bir çene barýança aýdym aýdardyk,saz çalardyk.Soltanmyrady öýüne ugradanymda “Aşgabada aýagyň düşende myhmanym bolmasaň gaty görerin”diýensoň,onuň öýüne bardym.Ol ýerde,”Ýow bagşy”,”Durdy bagşy”sazlardan başlap,ýene-de alty-ýedi sany saz çalyp berdim-de,”Bularyň haýsysyny teleýaýlymda çalarkam?”diýip,Soltanmyrada ýüzlendim.Ol “Begjan sen “Durdy bagşa”ýanaşma,gowusy “Ýow bagşyny” çalaý diýip,maslahat berdi.Saz çaljak bolup elim gijäp duransoň men:”Wah,şu wagt deň kowalaşar ýaly sazanda bolaýsa-dy”diýip,öý eýesiniň ýüzüne garadym.Onsoň onuň ýanynda oturanlar “Ol bolmazmy-da,bi bolmazmy?”diýişip,eli dutar tutýanlaryň adyny bir ýandan sanap ugradylar.Şonda Soltanmyrat “Biziň içimizde-de,taraň-tireň eden bolýany bar,bilmedim,ol seni kowalap biljekmi!?”diýdi-de,ýorgança dolanan dutary arkasyndan çykaryp,gapdalymda oturan inçemik,barmaklary uzyn pyýada berdi.Men dutara seredişime”Onda başlaberelimi?”diýdim-de, ”Hawa,hawa,menem baryberer in garama-garama”diýen ýaňky

pyýadanyň dutaryna dört-bäş şelpe uruşyndan,eýýäm kim bilen iş salyşýanymy aňdym.”O-how,başlyk,tanamadyk sylamaz diýleni.Kimdigiňi bir aýt ahyryn!?”diýip,men Soltanmyradyň ýüzüne seretdim.”Ol öz ildeşiň Ýazgeldi Kuwwat”diýip, tanyşdyranyndan soň men dutarymy taşlap,Ýazgeldi bilen ýaňadan görüşdim-de:”Ýazgeldi halypa,günämi geçiň.Men siziň dabaraňyzy eşidip,radioda sazyňyzy diňlesemem,heniz özüňizi görmändim-dä,bagyşlaň”diýip,ötünç soradym-da,onuň ýanynda gaýdyp dutary elime almadym.Hawa,tanamasaň şeýleräk bolar ekeni,başlyk-diýip,Begjan müýnly ýaly Rahmanberdi aga seretdi.

–Hawa,Ýazgeldi obadaşy Bekmyrat Hallynyň şägirdi bolupdy-diýip,Ümür Esen söze goşuldy-Ýadyma düşýär,Bekmyrat gaçar,Ýazgeldi kowar,söbügini sydyrdyp,şol barmana Bekmyrat aga”Ýazgeldi,Ýazgeldi!Ine,ine!Şujagaz ýerini şeýleräk al!”diýşine,barýandyr dabyrap,sapak salgy berşine,öňbarana goýberilen at ýaly.Dogra dogry diýmeli,ömrümde Bekmyrat aga ýaly sazanda gördüm diýsem,öte geçdigim bolardy.Ol käte Nobat bagşydyr,Kiçi Garlyny, Ýazgeldini yzyna tirkäp Bakuwa giderdi.Ol ýerde dukançylar tykyrap,Bekmyrat aga on sekiz kirişli tary synlamaga-da bermändir.Onda-da näme...Şeýdip,heniz görmedik zadyny taryhy üşügi bilen düzen Bekmyrat aga:”Bo-how,jan doganlar,biz Bakuwa aňkarylmaga däl-de,sazymyz,surat-sungatymyz bilen aňkarytmaga geldig-ä”diýşine,tolkunlaň pagşyldysyn,sümmülleň ygşyldysyn,çagbalaň nagmasyn,boz bulaklaň çogmasyn,uja daglaň alawun,ýyldyrymyň gylawun,gözelleriň näzini,bakyşyny,tözüni gaýypdan inderişine,tutuş töweregi haýrana goýýar.Şeýdibem,türkmendir azerbaýjanyň gadymy gardaşlygynyň täze bir sönmez sahypasyny esaslandyran Bekmyrat aga,bakuwyň saýlama sazandalaryndanam üstün çykyp,özüne we ýoldaşlarynyň hersine bir tar sowgat alyp gaýdýar.Ine,Ýazgeldi janam şeýle adamyň şägirdi.Onuň saz çalyşy edil tüweleý ýalydyr,özem ol ýek-ýarym aýdymlaryň ahyryny iň soňky perdedenem aşak düşüp,azerbeýjan mukamlaryna çalymdaş owazlanmalary ýaňlandyryp goýberýär welin,haýran galyp oturansyň.

-Ümür aga,diňlärin diýseňiz men size bir wakany gürrüň bermekçi-diýip,Tirkiş Tagan ara goşuldy-Bir gün Mary welaýat medeniýet bölüminiň başlygy Baýram Mämmet jaň edip:

-Ýanyňa myhmanlar barar welin, şolary agşam Aşgabada ugradyp goýber” diýdi. Geljek myhmanlaryň medeniýete,sungata degişlidigini aňyp, garşylymak,hezzet-hormat etmek üçin taýýarlyk gördim.Ýanymda gudam,ýazyjy Amanmuhammet Nepes hem bardy.Ol gaýtmakçy bolanda:

-Zerur işiň bolmasa myhmanlary bile garşylaly-diýip, ony goýbermedim.

Gelen myhmanlara gözüm düşende begendim.Asyl olar,meniň öň duşuşjak bolup,duşuşyp bilmän ýören adamlarym bolsa nätjek!

Belli artist Artyk Jally,kinorejissor Kakow Orazsähet,telejurnalist Baýram Sähet dagyny gadyrly myhmanlary garşylaýan jaýa saldym.Agşamky otly ugraýança nahar iýildi,çaý içildi,ondan-mundan gürrüň edildi.Oba durmuşy barada gürrüň gozgalanda men:”Belli sportçy,dünýä çempiony Altymyrat Orazdurdyýew hem şu obaly,hut şu köçäniň ugrunda ýaşaýar”diýdim welin,Artyk Jally tisginip ýerinden turdy-da:-Aý,ýog-a,çynyňmy?-diýip,ýüzüme çiňerildi,meniň baş atmagymdan soňam,sesini çykarman daşary çykdy.Daşary garaňkydy,käbir sütünlere asylan çyralar töweregi ýagtyldýardy.

Men köçäniň ortasynda saklanan Artygyň ýanyna bardym-da:

-Altymyrat, şu köçäniň ugrunda,gündogarda ýaşaýar- diýdim.

–Adamlar,men örän bagtly!-diýdi-de,Artyk Jally elini ýüzüne syldy-Men örän bagtly adam,örän bagtly!

-Eger bu gün myhman bolsaňyz,size onuň öýüni görkezip biljek,bar bolsa duşuryp hem biljek.Edil häzir-ä, oňa ýetişmeris,ugramaly wagt golaýlady.Ýogsa-da, Altymyrat her gezek dünýä çempiony bolup gelende,öýde toý berýärin-diýip,men buýsanjyny saklap bilmän,gözümiň ýaşyny süpürdim.

Artyk Jally bu söze hasam geň galyp,bir maňa bir ýoldaşlaryna seretdi-de:

-Adamlar,öýe gireliň,Tirkişem maňa onuň oturan ýerini görkezsin-diýdi.

Biz jaýa girdik.Men Artygyň ýaňy oturyp giden ýerini görkezdim-de:

-Ine, Altymyrat hut şu ýerde oturdy-diýdim.

Artyk Jally dyzyna çöküp oturdy-da:

-Altymyrat,türkmeniň adyny dünýä ýaýradan, gerçek oguldyr.

Men size başymdan geçen bir wakany gürrüň bereýin,özem, hut şu gerçek ogul bilen bagly waka !Onuň tolgunýanlygy,buýsanç duýgusyna gaplananlygy bildirýärdi,hat-da töweregindäkileri hem görmeýän ýalydy,has dogrusy öz içki dünýäsine giripdi –Men şol günler Krymda,nobatdaky bir çeper filmde surata düşýärdim.Özüňiz bilýäňiz,artistler sportdan daşkyrak adamlar bolýar.Ýöne,işiň arasyndaky çilim çekişlikde,dünýäniň dürli künjeginden gelen artistleriňem,garaz hemmeleriň gürrüňi Altymyradyň ertirki çykyşy barada barýardy.Men öň sport bilen kän bir gyzyklanyp ýörmämsoň,bu gürrüňlere üns bermedim,ýöne kesekileriň dilinden”Türkmen gerçegi”,”Türkmen pälwany” ýaly sözleri eşidip,derrew gazet- jurnallara seredip çykdym.Asyl, ol barada ähli rus gazetleri,daşary ýurt gazet-jurnallaram ýazypdyrlar.Şu ýerde,köp sanly artistleriň arasynda ýeke türkmen bolanym üçin,meniň Altymyrada bolan buýsanjymyň näderejededigini pikiriňizde aýlap görüň!Özem ol ertiriň özünde boljak çykyş! Ýöne,bu ýerde başga bir zat bar.Bu ikisiniň gabat gelşine haýran galyp durun.Altymyrat üçin ertiriň aýgytly gün bolşy ýaly,meniň üçin hem ertir aýgytly gündi.Kinoda oýnaýan oýnumyň iň soňky synagy ertirdi.Synaga gitsem,Altymyradyň çykyşyna seredip biljek däldim,gitmesemem synagdan galyp,oýnaýan oýnum bilen hoşlaşmaly boljakdy,meni sylaýan,özümiň hem gowy görýän kinorejissorym bilen ara tow düşjekdi.Ine,galmazmyň onsoň iki jahan owarrasy bolup!Her zatda bolsa,meniň kinoda oýnap,türkmen halkyna getirjek şan-şöhradymyň,Altymyradyňkydan derejesi boýunça has pesde durýanlygyna düşünip,galyberse-de, Altymyradyň ýeňiş gazanjagyna ynamym güýçli bolansoň,näme bolsa şol bolsuna urup,”Kelläm agyrýar”diýen “bahana”bilen şol gün myhmanhanadan çykmadym.Hat-da, naharhana hem barman,Altymyradyň çykyşyna sabyrsyzlyk bilen garaşdym,jaýy içinden gulplap,telefonlary hem öçürdim.Siz bilýänsiňiz,artist özüniň oýnaýan oýnunyň manysyny içki,daşky düýgusy,hereketleri bilen halka ýetirýändir,gynanjyndan aglaýandyr,begenjinden gülýändir.Men artist hökmünde,şol gün Altymyradyň çykyşyna seredip,şeýle bir lezzet aldym,şeýle bir tolgundym,şeýle bir buýsandym,şeýle bir begendim,begense gülýändirler welin, men ömrümde ilkinji ýola agladym.Beýle tolgunma,beýle buýsanma öňde-soňda duşmadym.Türkmeniň gerçeginiň,ýolbars ýürekli pälwanyň bu beýik ýeňişi meniň kalbyma,süňňüme köp ýyllyk ruhy galkynyş bolup girdi.Hat-da belli rejissor hem nämäň nämedigine düşünip,bu ýeňişiň hatyrasyna meniň synaga barmanlygym üçin käýinip durmady,gaýtam,şol gün synagy goýbolsun eden ekeni.Ýaryş gününiň ertesi ýanyna baranymda ol:

-Käte şeýle buýsançly duýguny başdan geçirmek adam üçin edil howa ýaly gerek.Menem ýaryşy gördüm,buýsandym.Buýsanma-edebiýat,sungat işgärleriniň ruhy galkynyşyna badalga berýär-diýdi.

Men-ä bir ýönekeý artist,eýsem,dünýä belli rejissoryň dilinden beýle sözi eşitmek,onda-da,ol duýgularyň döremegine itergi bereniň,türkmen gerçegi Altymyrat

Orazdurdyýewdigini bilmek uly bir bagt dälmi?Men,ine,şeýle bagtly adam!Bu gün bagtym çekip,onuň obasyna gelipdirin,onuň oturan ýerinde oturdym,onuň aýagynyň tozunyň düşen ýerlerine aýagymy basdym,duz dadan saçagyndan duz datdym,eýsen munuň özi bagt dälmi?Kakow,Baýram,sizem edebiýat we sungat işgärleri,meniň bu aýdýanlaryma düşünýänsiňiz-le?Bilýän,düşünýänsiňiz...Indi bolsa,eger rugsat etseňiz duzuň,saçagyň,şu öýüň hatyrasyna,özi bilen duşuşyp bilmedik bolsagam, Altymyrat janyň saglygyny diläp bir aýat-töwür etjek!Meniň dilegim kabul bolsun-da!!Men ýaly näçe ynsan oňa dileg edýändir.”Köpüň dilegi köl bolar”diýipdirler.

Artyk Jallynyň aýat-töwürimden soň myhmanlar turmak bilen boldular.Tirkiş bilen olary ugratmaga çykanymda,özümiň Altymyrat barada çaklaňja bir kitap ýazandygymy,nesip etse ony gowşurjakdygymy Artyga aýtdym.Artyk oňa gaty begendi,çaga ýaly ýylgyrdy-da,arkama kakyp:

-Gowy iş edipsiň,gadamyň ileri bolsun!Edebiýat hem sungat ýaly ýöne bir zat däldir,ony öz bähbidiňe däl,il bähbidine gönükdirmeli,sebäbi edebiýatda we sungatda milletiň aňy,däp-dessury,milli duýgusy,buýsanjy baş tema bolmagynda galýandyr,ýalan duýgulardan saplanmaly,ýasama keşplerden gaçmaly,medeni,ruhy baýlykda millilige tarap ýüzüňi öwürmeli.Meniň üçin-ä sungat ýöne bir güýmenje ýa gazanç çeşmesi däl.Ol örän ýokarda durýar,durmuşymyň manysy diýsemem boljak.-diýdi.

–Siz “Şükür bagşy” filminde artistlik ukubyňyzy görkezip,ilhalar adama öwrüldiňiz.Beýle üstünlik köp zähmet talap edýändir,şeýlemi?

-1959-nji ýylda ilkinji gezek “Aýna” filiminde surata düşdüm.Alty Garly çagyranda begenjimiň çägi ýokdy.Şol beýik adam, men ýaly ýaş oglana uly ynam bildirip,ugrukdyryp goýberen,ýola salan.Galanynam näme, öz üstüňde işlemel,irginsiz zähmet çekmek bilen gazanylýar.Altymyrat,irginsiz zähmet çekişi,ýeňşe bolan ynamy,tutanýerliligi bilen ýeňşe ýetip bolýanlygyny subut etdi.Wah,şolar ýaly pälwan barada kino döredäýseň,höwes bilen oýnardym.Ýogsa-da,Aman jan,sen şol kinonyň ssenariýasyny ýazyp bilersiň ahyryn!?-Ol maşynyň ýanyna bardy-da, ýüregini tutup,azajyk egildi:-Soňky günlerde birneme agyrjak bolýar welin,entejik öňde etsem-petsemleriň känligini bilmeýän ýaly,muňa”akyllyja bol”diýip tabşyrýaryn.” “Keremlidigine janym-tenim bilen ynanýanlygym üçin,Taňry maňa “entejik ýaşa”diýdi,şol sebäplem ýüregime “Akyllyja bol”diýýärin.Altymyrat,özüniň şu ýaşynda ägirt uly ýoly geçdi,köp işleri bitirdi,men diýen birnäçe gerçegiň bitirip bilmejek işini bitirdi.Menem durmuşda,edil Altymyrat ýaly,ot bolup, lowlap ýanmaly diýip düşünýärin.Altymyrat ot bolup ýandy,ýanardag dek gaýnady,her zat etdi,öňde goýan maksadyna ýetdi.Ýöne men onuň öňünde özümi ýazykly duýýaryn.Näme üçin diýeniňde,oňa ýakyn durup bilmedim,köňül islegini kanahatlandyrmadym,agyrsyna-ünjüsine goşulmadym,onuň ady,şöhrady bilen atly,şöhratly bolup,agyran gününde hemaýat bermedim,çöken köňlüni göterjek bolmadym-Ol sesini kesdi-de,uludan demini alyp ýüregini tutdy,maşynyň içinde “Bol,bol”diýip garaşyp oturan ýoldaşlaryna gözüni aýlap,başyny ýaýkady,soňom:-Aman jan,sen gowy ýigit ekeniň!-diýip,meni bagryna basdy-Ýanyňdan aýrylasym gelenok welin,nädeýin,gitmeli-dä...Bir Aşgabada bar,hezzet-hormat edeýin,öýümiň töründe oturdyp guwanaýyn-da,jomartlyk edeýin.Men myhmany gaty gowy görýärin,barsaň göz ýetirersiň!

Men üýtgeşik mähirli bu adam bilen düşüşyp,ähli alada-ünjüni ýadymdan çykarypdym,ertekili bir dünýä düşen ýaly bolupdym.Ýanyndan aýrylasym gelmese-de,ugramaga wagt bolupdy.

–Artyk aga,siz sungatda türkmeniň abraýyny galdyran Baba Annan,Nury Halmämmet,Alty Garly,Akmyrat Bäşim,Hommat Müllük,Taňryguly Seýitguly,Hojaguly Narly ýaly gerçekler bilen bile işlediňiz,duz-emek bolduňyz.Hoşlaşyp,Siziň eliňizi gysanymda men ýokarky gerçekleriň hem ellerini gysýan ýaly bolýaryn.Onuň şeýledigine şübhelenmeýärin!Adyňyz ýagşylykda ýatlansyn,ömrüňiz uzak bolsun!Saglykda görüşeli!-diýip,mem onuň bilen mähirli hoşlaşdym. Artyk Jally elini elimden ýuwaşlyk bilen sypdyrdy-da,nähiliudir bir uly güýç onuň içki dünýäsine aralaşyp,heýjana salýan ýaly,gözüniň ýaşyny ýaglygy bilen syldy.Ýüzünde gussa hem alada bardy...

(Şu duşuşykdan soň üç ýyl geçdi.Meşhur artist Artyk Jallynyň aradan çykanlygy baradaky habary eşidip”Taňry maňa ÝAŞA DIÝIP ÖMÜR BERDI”diýenini ýatladym.Ol Taňra gerek bolupdyr,Taňry ony ýanyna çagyrypdyr.Şeýdip,Altymyrat neresseden iki ýyl soň,özüniň köňül paýhasy,ýürek medeniýeti,bimöçber döredijilik joşguny hem hyjuwy bilen türkmen sungatynda öçmejek yz galdyran artist aramyzdan gitdi...)

Tirkiş Tagan gürrüňini gutaran badyna Altymyrat etrapdan gaýdyp geldi.Ol Oleg Komlewiň ýarowsyz ejesiniň halyny soramaga gidipdi.Salam-helikden soň ol:

-Adamlar,meni bagyşlaň, dabaradan gaçýar diýmäň.Bagşy Bally Hajy “Eger Alty ýanyňa geläýse meniň bilen gepleşdir”diýip,Olege tabşyrypdyr.Ine,onsoň onuň bilen gepleşjek bolup eglenmeli boldy-diýdi-de,ol sözüni dowam etdi-Bally meni tüýs ýürekden gutlady we 1987-nji ýylda ikimiziň ilkinji duşuşygymyzy ýatlap,Kawkaz kurortlarynyň birine gidip bile dynç almagy teklip etdi.Menem elimiň boş wagtyny saýlap habar ederin diýip söz berdim.

–Alty,oň bilen nirede duşuşyp ýörsüň,,dogruda walla?-diýip, Orazberdi sorady.

-1987-nji ýylyň tomus aýlary men Brest şäherinde geçirilen bütinsoýuz ýaryşa gatnaşmak üçin Moskwadan Belorusa uçmakçy boldum.Uçar erte sagat onlarda gidýär ekeni. Ine onsoň,Moskwanyň Izmaýlowa myhmanhanasynda bolýan ýerimden ,garbanmak üçin aşak düşdüm.Ol gün bu ýerde dürli ýurtlardan gelip,Moskwada okuwlaryny tamamlan talyplaryň gutardyş agşamy geçýär ekeni.Şeýle şowhunly aýdym-saz,tans gidip durka birdenem, saz tapba kesildi.Saz çalýan oglan ýarowsyzlyk tapypdyr diýdiler.Dabarany alyp baryjy saz guralyndan başy çykýan bar bolsa,gaýrat edip,çalyp bermegini,bolmanda tans eder ýaly sazlary çalyp bermegini haýyş edip,telim gezek oturanlara ýüzlendi.Ine,birdenem menden beýlerälde oturan görmegeý ýigit,ýerinden turdy-da:”Men çalyp beräýsem nähili bolar?”diýip seslendi.Alyp baryjy derrew onuň aňyna-maňyna garaman,beýleki sazandalaryň ýanyna eltdi.Ýigit täze ýaýran ýapon saz guralynda hindi,rus.türk,özbek sazlaryny ussatlyk bilen çalanda,dabara belleýän talyplaram, naharlanyp oturan beýleki adamlaram uly hoşallyk bildirdiler.Ine, birdenem,meşhur türkmen kompozitory Nury Halmämmediň kino üçin döreden,hiç kimi parhsyz goýmaýan sazlaryndan bölekler ýaňlanyp başlanda men syçrap ýerimden turdym-da,sazandanyň ýanyna ylgap bardym,”sagja bol” diýip ony gujakladym.

Ol asyl meşhur Bally Hajy bolsa nätjek.Men oňa minnetdarlygymy bildirdim we “Durdy bagşy”sazyny çalyp bermegini soradym.Ol ony höwes bilen ýerine ýetirdi we yzyny “Küştdepdä”ýazdyrdy.Oturanlaryň hemmesi küşt depip,şowhuny hasam artdyrdy.”Sungatda çäk ýok”diýleni dogry ekeni.Ballynyň şol günki çalan sazlary henizem gulagymda ýaňlanyp dur...

**---5—**

-Alty jan,özüň-ä öýlendiň welin,Tyrry kakaňy gözden salaýdyň-da?-diýip,häliden bäri özüne gezek ýetenine garaşan Tyrry aga seslendi-Hi,bir zat gözüňe ilmedimi?

-Oňa azar berme,diýmäýin diýsem-diýip,Annaberdi aga jogap berdi-Başy boş heleýleriň bary kellelerini ýaýkaşyp durlar,pylanyny pylan edeýinleň biräm göwnänok,gaýtam,dodoklaryny çöwürýärler.

–Aý,hawa-da,indi äre barjak bolup duranam ýok-da!

-Olar bar,ýöne sen ýaly sandan galan garryny başyna ýapsynlarmy?Iki aýagyňy göre sokup otyrsyň welin,diýmäýin diýseme heleý gerekmişin,ýagşam bir...

–Köşek,gezen ýeriňde başy boşuň biri gözüňde bolsun-diýip,Tyrry aga Annaberdi aga diýýämiňem diýmän Altymyrada ýüzlendi-de,gitmek üçin ýerinden turdy.

–Bor,Tyrry kaka jan.Indi ol aňsat,şeýle-şeýle bilen tanyşjak diýip,internede salaýmaly,derrew jogaby gelýär.

–Puluňy gysganmasaň menem başlyk, saňa nika gyýyp bereýin,özem şeýle bir gyýaryn welin,sen Aýa uçsaňam aýalyň yzyňdan galmaz ýaly ederin-diýip,Begjan molla onuň yzyndan gygyrdy.

–Gör-ä,diýmäýin diýsem,aýagy duşakly mal ýaly bolup barşyny,ýene oňa heleý gerekmişin,heý-ý...diýip,Annaberdi aga sögündi-Geçmişde aýallara peri diýipdirler,indikiler-ä,diýmäýin diýsem,gatan gurbakga ýaly.Çöregiň şu gytçylygynda heleýi başyňa ýapjakmy diýsene?

-Hawa,akgamlar,bir hili döwür boldy,bugdaýdyr-arpa bişeýkelçilige uçrady,Mary iline heniz görülmedik gahatçylyk aralaşdy,hut “Ýer gaty-da,gök yrak”diýenleri boldy-diýip,Ümür aga gürrüňe başlady-Çöpi gutaryp ugran adamlaryň garynlary sala dönende,iliň çorbaçykar gojalary ýygnanyp,bir çukura tüýkürdilerde,maňa”Ümür,aýaga gal-da,her zat et welin,onsuzam agyr günümizi ýowuz belaň demine düşürme,gaýrat et-de”diýdiler.Ine,onsoň,”Kyýamat güni goňşydan”diýip,ýüzüme çarh çekişime,gitmezmiň,Tejen,Saragt etraplaryna.Ilki Tejen etrabynyň häkiminiň ýanyna baryp salamlaşdym.”Bo-how,Ümür aga,hoş gördük”diýip,häkim mylaýym garşylady.”Jan ogul,hoş-a görensiňiz welin,men-ä”Aýrana gelen tabagyny gizlemez”diýenlerini edip,galla tamakynçylygy bilen geläýendirin”diýdim.”Ümür aga,gelen döwlet diýipdirler,hany, myhmanhana baryp,dem-dynjyňy al,nahar-şor edin,”Galla”diýip dogry geleňsoň,oňam bir alajyny ederis,arta-taşa bolmasa-da”diýen häkim meni alyp gitdi.Şeýdip,ýazylyp-ýaýrap otyrkam,öňüme ilk-ä noýbadyr-nohut,kädidir-käşir,kakdyr-sok,mekgedir-kişmiş,almadyr-armyt ýaly nygmatlar äberdi,olaryň hersinden azajyk datdym welin,ýuwaş-ýuwaşdan aňryma il gonan ýaly boldum.Onýança-da,çörek bilen palow çekildi welin,dürli-dümenden dadanym üçin,naharyň başynam bozmadym.Muny gören häkim:”Ýeri-how,Ümür akga,palowyň bişirilişi ýaramadymy ýa başga bir zada närazy dag-a bolan dälsiň-dä,hernä?”diýdi,men bolsa”Ýok-la,jan ogul,,gaýtam men-ä öňde goýlan zatlaň hersinden bir lukma-ýarym lukma datdym welin,palow gelinçä garyn otumy alyberipdirin”diýdim,”Onda Ümür aga,menem başardygymdan jemläp,elli-altmyş tonna bugdaýy berip goýbereýin,az görme!”diýip,häkim meni begendirdi.”Sag bol,jan ini,sagja bol,şu bereniň maňa bor”diýip,minnetdarlygymy bildiremde ol”Bor-a däl welin,nädeýin,marylylaryň düşen gününe gynanýan.Onsoňam,özüňki doýumlyk,özgäňki dadymlyk bolmalydyr,galyberse-de,ine,öňüňde bar zatlary gördüň,ýeke bugdaýdyr-arpa dikgilinip oturmaly däl-de,diňe ak ekin emgeklände däl,eýsem,başga wagtlaram nana ýarna bolaýjak närseleri ekerançylygyň gapdalyndan goýmaly däldigini,daýhanlara ýatladyp durmalydyr”diýip,dogry,manyly maslahat berdi.

Meniň Kössek Aşyr diýen aşnam bar,ýer eýesi.Ol hut şu ýokarky aýdylandan ugr alýar,berekedem artýar.Saragtdanam şonçarak däne alyp,oba harazynda çykardyp,halka paýladym.

–Ümür,sen il öňüne düşüp,ketdeleriň etmeli işini edýärsiň,olaryň bolsa diýmäýin diýsem,diňe öz aladalary...-diýip,Annaberdi aga sögündi-de sözüni dowam etdi-Bi gahatçylygy Welaýat häkimi Gurban Orazdan görýärler,göýäki ol,kakasy Oraz baýyň çöl içindäki guýysynyň agzyna baryp:”Kaka,saňa görkezen hupbatlary üçin olaryň nesillerinden aryňy alýandyryn”diýenmişin.Dogrusy,diýmäýin diýsem,men-ä oňa ynanyp hem baramok,ýöne,şol dogry diýip,ant içip awy ýalaýanlar-a bar.Başga bir tarapdan bu hereket Gurbanyň at-abraýyny peseltmek üçin ýokardan ýörüte gurnalanam diýýärler.

–Annaberdi aga,siziň soňky aýdanyňyz ýaly bolmagy gaty ahmaldyr.Bulary Gurbandan soranymda ol guýyly wakany kes-kelle boýnuna almady,ýöne Maryda bar bolan ätiýaçlik bugdaýyň daşary ýurda iberilendigini,onuň ýerini dolmanam welaýatda emeli gytçylygyň döredilendigini gürrüň berdi.Ondan çen tutsaň-a,bu waka ýörüte gurnalana meňzeýär.

–Bilmedim-dä,diýmänim diýsem,gürrüň-ä kän.Altymyradyň gazanan üstünliklerini hem obadaşymyz bolany üçin şonuň kömegi bilen amala aşypdyr diýýänler bar.

–Aý,Annaberdi,olaň-a,baryp ýatan toslama,päheýde welin.Pälwanyň göterýän agramy daşardan berilýän goltga däl,onuň öz gujur-gaýratyna bagly ahyr.

–Onam diýme,ýoldaş mollum,diýmäýin diýsem,türkmende “Pul gökden ýol ýasar”diýilýär.Pul bolmasa adamlar älem giňişligine aralaşyp bilmezdiler.Diýmäýin diýsem,Şammy kel-ä:”Aýda mülk edinjegiň bolsa bahasy şunçarak”diýip,ummasyz bir zady aýdyp otyrmyş.Adyny aýtmaýyn welin,ho pylanyny pylan edeýin-ä:”Maňa bäş gektar mülk alyp ber”diýip,onuň yzyna düşýärmiş.

–Aý,o gürrüňleriňi goýsana,mantor,päheýde welin.

–Mantor däl,mantior men,mantior,diýmäýin diýsem...

–Goý,şol bolsun,päheýde welin,aýtjak bolýanym,ýaňky peläket ýerdäki mülküni bir oňardymy?Ekin ekmän haşal ota basdyranlygy üçin ýerini elinden aldylar,indem kellesi üýtgänmişin,itde san bar,onda san ýokmyş.

–Beý diýme,başlyk,dälide hem göwün bardyr diýjek men-ä.Sen akyllylar azalyp barýar diý.Häzir akyllyny duşman saýýarlar.

–Diýmäýin diýsem,bi pylanyny pylan edeýinler bar-a,akmak,nadan artdygyça olary aldamak aňsat diýen düşünjä eýerýärler.Hut şeýle.Mysal üçin obamyzdaiki ýüzden gowrak traktor,onlarça maşyn bardy.Olary ýaňky akmaklaryň ellerinden alyp satdylar,ýok etdiler,emma edýäniň näme diýen ýekeje akylly tapylmady.Diýmäýin diýsem,du durmuşda Çary däli ýaly çyn däli bolup ýaşanyň gowy,iýdirýärler,içirýärler,geýdirýärler,hezillik,emma şolaňam kör bolasy gelýän däldir.

–“Dälini taýak düzederlerine”uýup,ýaňky gepe düşmezleri urup dursaňam-a gelşiksiz bolar welin...Kakasy nadan ogly däliden sorag edilýänem däldir.Däli halymyza akyllysyrabam ýörmäliň-le,päheýde welin.Ýöne,başardygyňdan iliňe gowulyk etjek bolmalydygyň welin aýan.

–Altymyradam şeýle oglan-diýip,Döwlet joňk ara goşuldy-Oň ýanynda tüýkürinsemem “Güzere tüýkürme,how!”diýip,alkymyma dykylyp gelýär.Beýle ýaga düşer ýaly näme bar diýsene.

–Bal suwly,tereň bagly güzere tüýkürseň gözüň kör bolýar,dost jan-diýip,Altymyrat jogap berdi..

–Baý,senem-ä,Alty,obamyz,mal-garamyz,gelin-gyzymyz ilden üýtgeşik diýip alýaň-aýt,indi oňa güzerem girýämi?

-Bilýäňmi,ejem jan”Ýagşy päl hemişe pes göwünleri galdyrgyç bolýandyr”diýerdi.Hiç wagt päliňi ýamana tutmagyn.

Dogrudanam,Altymyrat häli-häzirem bu arzyly güzerden aýrylasy gelmeýärdi,onuň iki gyrasy tutdyr-tally,erikdir-şetdalyly boýuna aýlanmany gowy görýärdi.Şemalyň ugruna şahalary hellewleýän daragtlar,suwuň kenara gelip degmesinden çykýan şilpildiler,haşal otlaryň yslary,bag ýapraklarynyň şybyrdylary ony bendi edýärdi.Megerem,tebigatyň bu ajaýyp kämilligi,onuň kämilliginiň nusgasydyr?Belki,şeýledir,ýogsam ol her gezek güzere gelende aýagyna tiken çümdürip aýlanyp ýörmezdi ahyryn.

–Altymyrat jan,bi döşüňdäki nyşan nämäň alamaty?-diýip,Ümür aga sorady.

–Ol Polşa respublikasynyň Gdanski gämi duralgasynyň şekili.Halkara derejesinde geçirilýän her bir ýaryşyň aýratynlygy,şol milletiň ýol-ýörelgeleri,däp-dessurlary,milliligi,ruhy baýlyklary,maddy we maddy däl medeni gymmatlyklary bilen aýrylmaz baglanyşykda bolup,olar şol ýurtda boljak ýaryşlaryň nyşanlaryna siňdirilýär.Polşada bolan ýaryşyň nyşany,tumary,şekili hem-de bezeg nusgasy milletiň amaly-haşam sungatynyň däp bolan bezeg serişdeleri esasynda,döwrebap döredijilik ýörelgelerine laýyklykda taýýarlanýar.Mendäki nyşan hem şolaryň biri.Haýsy ýurtda çykyş etsem,şol ýurduň nyşanlaryny ýygnap,öýde tertipleşdirip goýýan.Häzir onuň bahasy ýok,wagt geçdigiçe gymmaty artýandyr.

–Mollum,ýaňy dälilik,akyllylyk,ýagşy işler barada gürrüň etdiňiz-diýip,Garýagdy aga söze goşuldy-Ynha,aramyzda ýazyjy Anna Paýtyk bar.Ýazýan zatlaryna synym oturýar hat-da bir eserine “Ýurt eýesi”ady bilen kino hem çykardylar...

–Aý,Garýagdy geplejek bolsa men-ä turaýjak-diýip,Anna rejäniň geň däldigini, Garýagdynyň kim bolsa-da kemçiligini ýüzüne aýdyp bilýänligini aňansoň turmak bilen boldy-Otur,how, Paýtyk!Sen bol,bolma,men etjek gürrüňimi ederin-diýip,ol onuň yzyndan gygyrdy-da,sözüni dowam etdi-Kolhoz başlygy Myrat Çary ýaňka giň mellek,jaý salmaga çyg mal,pul,goltgy berdi,hat-da işgärleri bilen jaý salyp,içine giräýmeli hem etdi.Şol salan jaýyna toý tutmakçy bolup,maňa aşpezligi haýyş etdi, iki sany uly gazanda palow taýýarlamagy buýurdy.Men oňa:”Bir gazan palow ýetik bolar”diýsem, öz diýenini gögerdip,iki gazan palow atartdy.Gazandaky palowy agdaryp,ýaňy bir ýanyndan aýryldym welin,kowalaşyp gelýän çagalaryň biri gazana gaçdy duryberdi.Nämede bolsa gaty ýanmanka çagany çykardym.”Indi muny nätmeli bolar?”diýip,Anna sorady, menem,ilkä aşpezligi ynanyp,soňam gepini gögerdýänligi üçin gaharlanyp”Itiň öňüne dökersiň”diýdim-de,susagymy,beýlekimi alyp gaýtdym.Ömrüme ile hyzmat edip gelsem-de,beýle wakany birinji gezek görýädim.

–Ýa,Garýagdy senem-ä,düşnüksiz bir zatlary diýäýýäň-le,edil beýle-de däldir-le,päheýde welin-diýip,Rahmanberdi aga seslendi-Seniň gaharyň tiz gelýär.Giň bolarlar.Ýaňky bir il içinde okalýan kitaplary ýazýan,tanalýan ýazyjy ahyryn.Il sylaýamy,syla. Bir seretseň-ä, özüň ýaly syrdam Hudaýyň atyna atlanyp(Rahmanberdi aga uçmahy haýwanlar Ýakup pygamberiň börüsi,Ýedi welileriň iti-kytmyr,Salyh pygamberiň düýesi,Şir Hudanyň-Hezreti Alinyň düldüli barada gürrüň edýärdi) hiç kime gulak asman,ýandakly meýdan bilen çekene bakýan çagalaryň gapdalyndan geçip tozap barýarsyň,birdenem, jylowuny çeýneýän atyň keşbine girip,garşydaşyň garşysyna ganatyňy gerip,bürgüt ýaly topulýarsyň-da, ýüregiňe düwen maksadyňy amala aşyrjak bolýarsyň.Şeýle ýagdaýda erbet sögünýärsiň,aýalyňa gödek daraýarsyň,agzyňa almasyz

zatlaram alaýýarsyň,päheýde welin.Dogry,bu häsiýetleriň seni onçakly bezänok,ýöne,iki ýagdaýda-da,hasam kynçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolaňda,gowşak ýerleriňi taşlap,etjek işiňi anyk bilýärsiň.Oýnamaga seni sowhozyň boltyrlygyndan salgyt gullugyna işe almadylar.Iş bilýänligiň,dogry sözlüligiň,döwrüň talabyna baha berip bilýänligiň üçin şeýtdiler.Ýöne,her hal, il hereketiňden hoşal bolar ýaly mylaýymlygy,hoşamaýlygy ýadyňdan çykarma.

–Rahmanberdi molla,Isa pygamber bir günde on sany agyr kesellini keselinden açypdyr,ýöne şolaryň diňe biri oňa minnetdarlygyny bildiripdir,onsoň biz ne sebäpden Isadanam köp minnetdarlygy aljak bolmaly?!Men Altymyrat ýaly ile ýagşylyk paýlap bilmesemem,garaz, güýjümiň ýetdiginden hereket edýärin.

–Garýagdy kaka,ýakynlaryňa ýagşylyk etmek bilen men ilkinji nobatda özüme kömek edýärin-diýip,Altymyrat jogap berdi-de sözüni dowam etdi-Size bir hoş habary hem ýetirjek.Men Maksat atly oglumyň dünýä inmegine garaşýaryn.

–Tüweleme,tüweleme,Hudaý köp görmesin-dä hernä-diýip,Rahmanberdi aga seslendi-Pälwan,oglum bolar diýip gaty ynamly gepleýän-ä dälsiň-dä,päheýde welin!?

-Ilkinji çagamyň ogul boljagyny bilýän,sebäbi kakamyň hem ilkinjisi ogul bolupdyr.

–Hä,sen şondan ugr alýan diýsene,päheýde welin?Olam bolup biler,bolup biler,ýöne sen gelniňi agyr işlerden,her hili gybatlardan,iýgi-içgilerdfen goragyn,atam öýüme ýa beýlekä diýip alys ýola çykyjy bolaýmasyn

-Şeýtgin ogul,göwreli wagty gaty häzir bolgun,ýogsam,iliň çagasy dünýä inende “Eje”diýip dil açýan bolsa seňki “Ejeň”diýip duran bolmasyn!-diýip,Garýagdy aga ýylgyrdy.

–Bolýar,ýaşuly-diýip,Altymyrat özüne hoş maslahatlary berýän adamlara hoşallygyny bildirdi.

Şundan soň Tirkiş Taganyň aýdym sazly dabarasy başlandy...

## Uzak gündogara-Ýapon topragyna sary

.

Altymyrat 1994-nji ýylda Ýaponiýanyň Hirosima şäherinde geçiriljek Aziýa oýunlarynda çykyş etmäge taýýarlyk görüp başlady.Onda bir häsiýet bar,(dogrusy beýle häsiýet köpümize ýetmezçilik edýär)haýsy ýurda gitmeli bolsa şol ýurt barada ýagdaýyny tapdygyndan köp zady biljek bolýardy.Ony etjegem bolsaň kitaplary,gazet-jurnallary dörmelidi ýa-da şol ýurdyň içinde azda-kände ýaşamalydy,oňa bolsa mümkümçiligi ýokdy.Onsoň gazet-jurnallary dörmeli bolýardy.Hawa,ol hut şol niýet bilenem Aşgabadyň merkezi kitaphanasyna bardy.Ýaponiýa özüniň Beýik Watançylyk uruşyndan soňky ýyllarda yktisady,medeni,senagat pudaklarynda gazanan ägirt uly ösüzşleri bilen diýseň özüne çekýärdi.Altymyratda beýle gyzyklanma has-da güýçlidi.Uzak gündogarda ýerleşýän ýurt barada hemmetaraplaýyn bolmasa-da,iň bolmanda zähmetsöýer ýapan halkynyň ýaşaýşy,durmuşy,däp-dessury,yktisadyýeti,ylmy-tehnikasy barada belmek gerekdi,sebäbi ol ýaponlaryň türkmen toýlaryny surata düşürýän kinogurallaryny,aýdym-saz bilen bezeýän D-20 atly saz toplumyny az görmändi.

Ony gyzyklandyrýan diňe bularam däl,1960-njy ýyllardan soňky gysga möhletde dünýäde senagat merkezi diýlip ykrar edilen ikinji döwlet bolanlygy üçinem däl-de, ýaponlaryň däp-dessury,taryhy-medeni mirasy,edebiýatdyr-sungaty,sport we onuň görnüşleri gyzyklandyrýardy,galyberse-de,ýaryşa baranda olar bilen pikir alyşmaga,düşünişmäge ýol açýan ugrlary bilmegi hem gerekdi,olarsyz bolsa düşünişmek mümkin däldi. Başga bir tarapdan çar tarapy suw bilen gurşalan döwlet daşary ýurtlar

bilen gatnaşyk meselesine örän sowuk-salady.Diliniň we ýazuwynyň aýratynlygyny göz öňünde tutsaň,onda bu döwlet barada agyz dolduryp aýdar ýaly maglumat taparyn öýütmändi.Her zat-da bolsa geçen asyryň başlaryndan bäri rus dilinde peýda bolan ýapon söz ussatlarynyň eserlerine gözi ildi.Çeper eseriň,edebiýat-sungatyň serhedi bolmaz diýleni dogry ekeni.Ol Kobo Abe,Ýukio Misima,Akutagaba Rünoske,Kendzaburo Oýe,Saýto Mokiti ýaly ýazyjy-şahyrlaryň,ýapon edebiýatynyň binýadyny tutanlaryň kitaplaryna gabat geldi.Özüniň rus dilini suwara bilýänligi ýokardaky ýazyjylaryň kitaplary bilen tanyşmaga mümkinçilik döretdi.Olardan ol ýapon halkynyň edebi däplerini ,geografiýasyny, tebigatyny öwrendi,islendik ugurda öz milli däplerine sarpa goýýandyklaryny bildi.Ýurduň nusgawy şygyrýetiniň özboluşly ugry häli-häzire çenli derwaýyslygyny ýitirmän gelipdir,hatda ýokary gatlagyň wekilleriniň arasynda şygyr ýazmagy başarmaýanlar sylanmandyr.Saýto Mokitiniň “Gyzyl şöhle”atly şygyrlar ýygyndysynda,şahyryň dünýeden gaýdan ejesini ýatlap ýazan elegiýalaryny okanda, ejesini ýatlap, ony hem aglamaga mejbur etdi,hat-da ejesi ölen güni guýrugyny ýamzyna gysan güjükleriniň asmana garap üýürmesini,pişikleriniň bir burça bukulyp ýuwaşja mawlamasyny hem gören ýaly boldy.Dürli öwüşgünli ýapon ýazyjy-şahyrlaryň içinde Akutagabanyň eserleri ony perwaýsyz goýmady.Ýazyjynyň “Düşdüş kerebi”,”Dowzah jebri”,”Hudaýlaryň gülküsi” we beýleki eserleri ýapon edebiýatynyň abraýyny ýokary göterilmegine ýardam edipdir.Kobo Abeniň “Gumdaky aýal”romanyny iki gezek okap çyksa-da doýmady.Ol okan kitaplaryndan häzirkizaman ýapon kompazitorynyň adynyň Masaru Takemisudygyny,sýo diýmegiň tüýdükdigini,so diýmegiň on üç tarly saz guralydygyny,biwa dört tarly saz guralydygyny,Sumidagabo-Tokiýa şäheriň içinden akyp geçýän derýanyň adydygyny,Masuýama-Tokiýa barýan ýoldaky dagyň adydygyny,Tuýuokoron-ýüz ýyldan gowrak wagtdan bäri çykyp gelýän köpçülik syýasy,edebi jurnalyň adydygyny,Kadokura-söwda merkeziniň adydygyny we ýene ş-m-leri bildi.Dogrusy wagt çäklilik mundan artyk güýmenmäge oňa pursat bermedi,ýogsam, ol ýopan ýurdynyň içine has-da çuň aralaşyp biljekligine gözüni ýetirdi.Ony bir gynandyran zat-bu ýurdyň sportçylary barada ýazga gabat gelmezligi boldy.Onuň üstüni doldurmak üçin ol karate göreş sungaty bilen meşgullanýan Muhammetjuma Döwletowyň ýanyna bardy.Ondan Ýaponiýa-Hytaý aralygynda ýerleşen Okinawa adasynda karate göreş sungatynyň dörändigini,ony özleşdirmek üçin şirin janyňa dözmeli bolýanlygyny,munuň üstüne ussatlygyň,tälimiň,emeliň hem gerekligini bildi.Şäherde halky daşyňa üýşürmek üçin geň galdyryjy hereketleri,göze görünýän ýöne olaryň ýerine ýetirip bilmeýän täsinliklerini görkezip bilýän adamlar köpelip başlapdyr.Bişen kerpijiň birini,ikisini,üçüsini birlikde,soňra ona çenlisini üsti-üstüne goýup,olaryň hemmesini bir urgynyň zarbyna çym-pytrak edip,döwüp bilýänler köpelipdir,ýa-da garpyzy,kädini barmagy bilen deşmek,tagta bölegini palta bilen çapan ýaly,ýumruklarynyň,aýak urgylarynyň üsti bilen böleklere bölmek,güýjüniň baryndan ýüwrüp,ýetip gelýän däli öküziň şahyny gamyş kesen ýaly kesmek,eli ýaragly garşydaşyny göz-açyp ýumasy salymda ýaragsyzlandyrmak ýaly hereketleri edipdirler.Ondan başga-da ýopanlarda göreş,ýaý atmak,suwda ýüzmek, gylyçlaşmak ýaly ýene ençeme sport görnüşleri ösüpdir.

Beýik Watançylyk uruşyndan soň Okinawa adasy amerkanlaryň harby bazasynyň merkezine öwrülipdir.Olar 1945-nji ýylyň awgust aýynda ýaponiýanyň Hirosima we Nagasaki şäherleriniň üstüne atom bombasyny taşlapdyrlar.Ýüzlerçe,müňlerçe adamlar onuň pidasy bolypdyr,ol pidalar şu günlere çenli dowam edýärmiş.Bu aýylganç waka barada ýazyjy Kendzaburo Oýeniň “Hirosim ýazgylaryna” göz gezdiren Altymyrat köp

zat bildi. Ýapon döwletiniň şol wagtky ýolbaşçylarynyň ikiýüzliligini,öz halkynyň ykbalyna parhsyzlygyny subut edýän wakany okamagy welin ony diýseň tolgundyrdy,geň galdyrdy,sebäbi bomba taşlanmagyndan bir näçe wagt soň,ony gurnan we amala aşyran amerkan harby howa güýçleriniň baş ştabynyň naçalnigi general Kertis Limeýe ýurduň iň ýokary ordeniniň gowşurylmagy eýsem geň dälmi?.Generalyň döşüne dabaraly ýagdaýda orden dakan ýokary wezipeli adamynyň:"Siziň bombaňyzyň kömegi bien meniň hem öýüm ýandy,çagalarymyň öleni,ýaralanany boldy,ýöne ol ýigrimi ýyl mundan öň bolup geçipdi.Indem,ýüregimdäki gahar-gazabymy,ýigrenjimi ýuwdup, şähermiziň,şol sanda meniň üstüme atom bombasyny taşlan adamynyň döşüne öz elim bilen ýokary harby ordeni dakmagym,milletimiziň geçirimliliginiň,edep-ekramlylygynyň,"Daş bilen urany aş bilen urýanlygynyň"subutnamasydyr"diýmegi hasam geň görünýärdi.Bir-ä şäheri ýer bilen ýegsan edýär,müňlerçe,millionlarça adamy öldürýär,beýlekem "onuň eden işine minnetdarlyk bildirip"orden dakýar.Beýle ýagdaý-da Rahmanberdi aganyň "Diýýän sözüni,edýän herekedini seljermeýän adam biriniň guly bolýandyr"diýen sözleri biygtyýar ýadyňa düşýär.

Dogrusy,Altymyrat ýapon ýurdy barada entegem köp zady bilesi gelýärdi,emma ol türkmeniň"Ýorganyňa görä aýagyňy uzat"diýen aýtgysyna eýerdi-de,Jumamyradyň ýanyndan gaýtdy.Öýüne gelende gije bir çene barypdy.Güller elini serip,birahat ýatyrdy, göwreliligi agyr geçýärdi.Ogul çaga dogjak bolanda agyr geçermiş diýýärler.Oglunyň boljagyny bolsa aýnada gören ýaly bilýär.

Ol beýleki jaýda ýerleşen telewizory açdy.Ilki sazanda Durdy Myradyň"Zöhrejanyny",Baky Maşadyň tüýdügini,Annageldi Jülgäniň gyjagyny diňledi.Sazyň sesi onuň duýgusyny oýarýardy,duýgy kalbyň ýelkeni bolanlygy üçin durmuşa bolan tükeniksiz söýgüni joşdurýardy.Ol käte käte şeýdip duýgusyny çarhlap ösdürýärdi,döwre görä täzeleýärdi.Telegörnüşiň başga bir sahypasyny açanda Gagariniň kosmosa uçuşy barada gepleşik berilýärdi.Otuz üç ýyl mundan öň bolan döwürde ol heniz dünýä inmändi,şonda-da,Gagariniň gaýduwsyzlygy,ikirjiňlenmän howply-hatarly ýola rowana bolmagy ony haýrana goýýardy,ol hiç kimide parhsyz goýjak däldi.Eger ynansalar olam edil Gagarin ýaly pikirlenmän,alakjaýan bulutlardan ýüzlerçe esse ýokardaky Kosmosa uçardy,gök asmanyň arassa howasyndan nebsewürlik bilen demini alardy.(Dogrusy,taslama boýunça şäherden ýetmiş kilometr daşlykda gurulmagy göz öňüne tutulan hem bolsa,Mary şäheriniň baş-alty kilometrlik golaýynda gurulan azot dökün zawodynyň çykarýan zäherli tüssesiniň 35-50 kilometre ýaýramagy adamlaryň arasynda keselçiligiň köpelmegine,pomidor,hyýar,erik,şetdaly ýaly ekinleriň guramagyna getiripdi.Hut şonuň üçinem ol Kosmosd arassa howadan dem alardy,türkmende ilkinji bolup uçanlaryň biri diýdirerdi.Arman ol bu barada öňräjik pikirlenmändir)

Telegörnüşiň sesi haýalam bolsa,alňasap gelen Güller :

-Waý,enaýy-da gyz,henizem ýataňokmy?-diýip,Aaltymyradyň gapdalyna,ejesinden alan diwanynyň üstüne çökdi-Bu taýy asuda,howasy hem arassa.

–Güller jan, Büzmeýin sement zawodyny göçürdiler,baýryň ýüzüne bag ekdiler.Mary welaýatyna seredeniňde bu ýeri elhalyrak .Munda hem öňler çala şemal öwüsse äpişgäni ýapyp oturmaly bolýardyk.

–Oňa derek biziň Sakarçägämiziň howasy hapa,dälimizem köp.Biz oňa öwrenişipdiris.Bu ýeriň arassa howasyna öwrenişip bilmän, ýarym ýyllap kelläm agyrdy durdy, hapa howa halys uýgunlaşyp gidipdirin.Bir enaýydyr görseň.

–Güller jan,Çary däli kakamy göz öňüne tutýansyň sen!?Ol däli däl,ylym uran.Bilmeýän zady ýok.Gaýgysyz Atabaýyň kerpiç zowodynyň hapaçylygyna taşlanan

heýkeline tagzym edýär,”Şu gerçek bolmadyk bolanda biz başga bir ýurdyň welaýaty bolardyk”diýýär.Azat zawody barada bolsa,onuň ikinji nobatdakysyny gurjaklar,onsoň keselçilik hasam azalar.

–Waý,enaýy-da gyz.Güýçli adamlaryňam gowşak taraplary bar-diýip,Güller ajymtyk ýylgyrdy-da,nazaryny bir nokada dikip,pikirini tassyklaýan mysallary gözledi, soňundanam-Däli diýilýänler,belki özüne düşünmeýänlerden gaçýandyr!?-diýdi.

–Dogry aýdýaň,Güller jan.Çary kakam “däli bolsoň dünýä seniň goluňda,hatda dişine çenli ýaraglanan goşunyň hem bar,edeniňe däl diýýän ýok,däli bolmadyk durmuşa düşünmez” diýýär..Käbirimiz göräýmäge mähirli,mylaýym,emma ýoldaş bolsaň gyňyr, gaharjaň.

–Waý,enaýy-da gyz.Ýöne,ýaman bilen ýagşydan başga-da gapma-garşylyklar bar.

–Meselem, adamlaryň çaga meňzeşleri bar diýýänsiň?

-Ýok,ezizim,olam däl.Elektrik togunda goşmak bilen aýyrmagyň boluşy ýaly,şu ikisini özünde jemleýänlerem bar.

–Güller jan,kimi göz öňünde tutýarsyň?Menimi?

-Waý enaýy-da gyz,men-ä ýöne aýdaýdym.

–Wah,jana-janym,sen muny ýönelige aýtmaly-ha däl.

-Alty,ýylyň towuk eken-ä?!

–Belki,towukdyr,dogrusy men-ä ony seljerip hem ýöremok.Özümiň näçe ýaşandygymy,haçan dünýä inendigimi maňa ejem aýtdy,sen pylan wagt,pylan ýerde gije sagat pylançada doguldyň diýdi.Ol aýtmadyk bolanda meniň dünýä inmegim bilen barlygym sorag astynda bolardy.Dogulmak,dünýä inmek...Bir ýerde okadym,men ozal iki gezek dünýä inipdirin,birinde pil,beýlekisinde pälwan bolup.Diýmek,başlangyjym bolupdyr,soňum hem bolmaly.

–Towuk it bilen oňuşyp,ýaşaşyp bilmeýärmişin.

–Belki,şeýledir.Salpy gulak itimiziň towuklarymyzy jyrraldýanyny görýädim.Ýeri,onsoň,näme diýjek bolýaň,ezizim?

-Men diýjek bolamok,şu kitapda okaýan zadymy aýdýaryn-diýip,Güller ýassygyň aşagyndan çykaryp, galyň bolmadyk täleýnama kitaby görkezdi-Alymlaryň gelen netijeleri şeýle.

–Ýogsa-da,bu sorag nireden döredi,ezizim?

-Ýylym it bolansoň aýdaýdym.

–Aý,o zatlara ynanyp ýörmesene,ezizim.Ejemiň ýyly it, kakamyň ýyly ýylan,ikisi hymy-symy etmän ýaşapdyrlar.Ýöne ejem käte”it ýalan sözlänok,kümürsik däl, emma ýylan kümsügräkdir”diýýänini bilýän.

–Ikimiziň täleýimiz bilen gyzyklandym-da,soraýdym.Ýogsa-da,ine,kagyz-galam,ýokarky möwzükde bir surat çekip ber,barlap göreýin !

-Ol nämä gerek,ezizim?

-Soň bilersiň...

Altymyrat Gülleriň sözüni ýykmajak bolup,bagyň şahasyndaky towuga üýrüp duran itiň şekilini çekdi.Surata sereden Gülleriň gül ýaly ýüzi çytyldy,gamgynlandy,bir surata bir Altymyrada seretdi-de,içini çekip:

-Waý,enaýy-da gyz,muňa seret?Bagyň üstündäki towuk başga göwün berenligiň alamaty hökmünde görülýär-diýdi.

–Hawa,dogry ezizim,men bir saňa göwün berdim.

–Towuk ýerde bolan bolsa seňki dogry diýerdim...

–Ezizim,aýdýanyň näme?Düşünýän däldirin.

–Iti üýrüp duran edip çekipsiň,olam kalbyňda başga bir zenana orun berenligiňi aňladýar.Goý,ol şeýle däl diýeli,men saňa şeýdip üýrüp duramog-a?

-Ezizim,sen bu ýere nireden geldiň?

-Ýylymyň itligini bilmedik bolan bolmasana! Wah,Alty jan,bu kitapda ýazylanlar müňlerçe adamlaryň synagyndan geçip ýazylandyr-diýip,Güller kitap elinden alynjak bolunýan ýaly ony bagryna basdy.

–Aý,men-ä,ezizim çek diýeňsoň,degişip çekäýdim.Ýylyňy bilib-ä etmedim.

–Oň ähmiýeti ýok,meni netije gyzyklandyrýar –diýip,Güller ýaňagyndan syrygyp gaýdan ýaşyny ýaglygy bilen süpürdi.

–Ezizim,tükezzubana tutmasana,bar,men muny çekmän ekenim-dä!-diýip,Altymyrat kagyzy ýyrtyp,gapynyň agzyna taşlady-da,içinden”Öz-ä surat çek diýip,kel başymy kelpelä sokýar,menem oňa günäkär” diýip,pikirlendi.

Güller bolsa ”Towugyň şahada bolany hiç diýseňem,itiň asmana bakyp üýrmegi onuň ýüzüniň perdesini sypyrýar”diýip,galagoply ýagdaýa düşdi,başga bir tarapdanam”Ol ir bilen ýanymdan gidýär,agşam gaýdyp gelýär-de,öýdenem çykanok,onsoň göwnigaralyk ermäge hiç hili esas hem ýok,ýöne,täleýnamany ol ýazmady,ony akylly-akylly adamlar,beýle meselelerde çorba sowadan bilermenler ýazandyr”diýse-de,bu wakany aňyndan çykaryp bilmedi.Ol bolaýýarmy näme?Kitaby elýetmez ýerde gizlese-de,ýene eli şoňa baraýýar.Onuň“it hiç bir jähtden towuk bilen nikalaşmaly däl,ikisiniň gatnaşygy gowulyk bilrn gutarmaýar”diýilýän ýäzgylar,beýnisine dürtülip dur.Onsoň ol kitabyň bir ýerini açyp:

-Alty,ine şuny oka!-diýdi.

–Hawa,okadym.Näme diýjek bolýaň?

-Saňa at ýylynda doglanlar,maňa towşan ýylynda doglanlar gabat gelýär ekeni.

–Ezizim,bulary kelläňden zyňyp taşla!

-Bu ýazgylaryň ömri müň ýyldanam geçýär..

–Biz birek-biregi ýürekden söýüp,birek-bireksiz oňup bilmejegimize gözümizi ýetirip,birleşdik ahyr,ezizim.

–Kitapda söýgi barada hiç zat aýdylmaýar.

–A-na,gördüňmi!Ezizim,biz ikimiz uzak-uzak ýaşap,alty ogly,alty gyzy dünýä inderip,on iki çagamyza guwanyp,bagtly ýaşarys!-diýip,Altymyrat Gülleriň aýdýanlarynyň dogrylygyna gözüni ýetirse-de,syryny bildirmejek bolup gelnini gujaklady.

-Waý enaýy-da,gyz. Ony kim bilýär,öňüni görüp gelen ýok-diýip,Güller uludan demini aldy,birdenem bu sözi diline getirmeli däldigine düşündi.Ýok,ol beýle diýmeli däldi,hoş gepläne hoşal etmelidi.(Tötänlikde agzyndan çykan söz soň-soňlaram onuň bagryna batyp,birahat edip geldi.Asyl görüp otursa,ol beýle diýmek bilen”Bäş ýyl bileje ýaşaşarys,soňunam görüp gelen ýok”diýen ýaly bir zat aýdan ekeni.Oňa soň-soňlar göz ýetirdi)

Gije olar uzak wagtlap uklap bilmediler.Altymyrat sagyna agdarylsa”Dogrudanam täleýnamada ýazylanlar ýapa degýärmikä?Ol dogry gelýän bolsa nätjek? Ýok, ýalandyr. Ýalan hem bolsa,çynam bolsa maňa-ha başga gelin gerek däl,goý,ýyly it,bolsun,at bolsun,tapawudy ýok”diýen pikir kellesine gelýär,çepine agdarylsa ”Beýem diýme,belki,at ýylda doglan bilen has-da gowy ýaşarsyň?Sen ony barlap gördüňmi?”diýen pikir gününe goýanok.Güller bolsa,saga-çepe agdarylsyn”Men beýle diýmeli däldim.Alty haýsy ýyl bolanda-da,ýumşak,mylaýym oglan,içenok, çekenok.Ondan gowy saňa kim gerek?Meň özüm ony söýüp,onuň bilen durmuş gurmaga

razy boldum,çünki onuň özüne göwniýetijiligi,mertebesini saklap bilişi,pynhanlyk hemrasyna sypaýyçylykly hem-de hormatly çemeleşişi bendi etdi.Hyjuwlary güýçli,imrindiriji,olam özüniň kalbynyň ganatlanmagyna täsir edýär.Gabanjaň,ýöne ol öz ejiz tarapy hasap edýär.Ony mekirlik edip tora düşürmek kyn,çünki akylly hem öňdengörüji.Garrylygyň jümmüşine çenli onuň bagtyýar,hyjuwly nikasy bolar.Ilkinji çagamam bagtly bolar ”diýen pikirler beýnisini mynçgalaýar...

Ertesi,säher bilen seslerini çykarman çaýlaşyp otyrkalar, olaryň depesinde, güňlenç uçara meňzeýän gyzyl ary,özüni nirä urjagyny bilmän alakjady.Ol akja sapak ýaly geçip barýan günleriň birinde açyk gapydan giren bolmalydy,indem köp sanly çyralara gonjak bolup iki ýana urunýardy.Al-a ary ekeni,hat-da garynja görse-de gorkýan Güller ylgaşlap,ýatýan jaýyna girip gitdi.Aşak-ýokary galýan bu aryny Altymyrat öldürip hem bilýärdi,emma kebelek tutýan toryna saldy-da,jaýdan çykaryp goýberdi...

Pikirlenip oturan Altymyradyň ruhy nirädir bir ýana seýrana çykan ýaly boldy. Ýagny ol,görülip-eşidilmedik başga bir älemde peýda boldy-da, töweregine syn etdi,soň nazaryny asmana gönderdi.Has-da ýokarda bir ýerde ýaşyl-gök-mawy öwüsýän,üýtgeşik owadan Ýeri gördi.Onuň sagynda Aý,çepinde,ýokarda,has daşda Gün ,onuň daşynda-da dokuz sany tos-togalak zatlar bar.Uçara meňzeş äpet ganatly,gün şöhlesine gözüňi gamaşdyrýan asmanyň Kosmos gämisi hem onuň beýle ýanyndan, gaýmaklaýan gözýetime tarap geçip barýar.Bu uçaryň eýesiniň Gagarin ýaly biriniň bolmalydygyny görmese-de bilýär.Gäminiň yzyndan haýdaşlap barýan gyzyl ary”Sen meni syladyň,menem seni gara deşikden halas ederin”diýip,samyrdap barýar. Bu täsinliklere haýran galyp durka,birden hol aşakda,iki elini aýaklaryny gerip, gaýyp ýören göwresine gözi düşdi,has dogrusy,onuň ruhy gaýyp ýören göwresini gördi.Munuň özi tümligi böwsüp çykan ýaly bir zatdy.Göwre el-aýagyny galgadyp(edil suwda ýüzeniňde öňe gitjek boluşyň ýaly) özüne çekip barýan,doýmaz-dolmaz Gara deşikden daşlaşjak bolýar,käte ol başardýaram,emma “Waý,ejejan-eý”,”Waý kakamjan-eý”diýip,gidip barýanlaryň käsi bady bilen kakyp,ony ýene özüne sorýan deşige golaýlaşdyrýar.Onuň ruhy gara deşigiň ölümdigine düşünýär. Birdenem:”Jan balam,ýör meniň bilen”diýip,ejesi ony ýany bilen alyp barýar.Edil gara deşige gidäýmeli bolanda,onuň ruhy köp sanly dogan garyndaşlarynyň biriniň adyny tutup”Kömek et”diýip gygyýar.Şol pursat agasy Orazberdiniň güýçli eli ony gara deşikden hol beýläk zyňyp goýberýär. Dere batyp pikirinden açylan Altymyrat,gorkuly wakanyň düýşidiginem,huşudygynam bilip bilmedi,bir zada welin,özüniň gara deşikden alynyp galynanyna welin begendi. Muny aňynda saldarlap”Hudaýa şükür!Alla jana gurban bolaýyn.Ol meni ölümden halas etdi,ýüzde müň şükür”diýip,””gara öýde gaplaň gürlärini”edip hüňürdedi-de,tarsa ýerinden turdy. Görse,ýokarda hälki gyzyl ary ýene-de güwläp,nirä gonjagyny bilmän ýör.”Men ony çykarypdym ahyryn”diýip,pikirlenen Altymyrat gözüni ýumdy-da, täzeden açdy,görse,ary ýok,ýöne bir ýerden ses eşidilýän ýaly.Bulary aýyl-saýyl edeýin diýip garanjakla-sa,gapynyň agzynda aglap duran Güller bar.

–Näme boldy,Güller jan?

-Hiç zat –diýip,ol gözüniň ýaşyny eliniň arkasy bilen syldy-da,sözüni dowam etdi-Umuman,bolan zad-a ýok,ýöne agşam düýşümde bir eýmenç wakany gördüm-de,perwana boldum..Göwnüme bolmasa sen gidip barýamykaň diýýän,ezizim.Şöhradyň aşa ýokary galdy,duşmanyň köpeldi,garşyňa çykýarlar.Şoňa howpurganyp oýanypdyryn.

–Menem ýaňy täsin ýagdaýa düşdüm. Ýöne sen zatdan gorkma,gursakda hyjuwym lasyrdaýarka,bagtymy dünýä ýaýradýan gözelim barka, alňasan ajal meni almaz.-Altymyrat bulary diline getirse-de, wejeraly wakadan gorkmanam durmady.

–Ezizim,sen indi daşyňdan çekeräjik duraýsaň nädýär?Asyl Ýopanlarda hem işiň ýok.Seni ýanymdan sypdyrasym gelenok.

–Güller jan,oda düşmesene.Maňa hiç zat bolanok-diýip,ol ýalan sözledi-Dogry,seni ýekelliligiň üstesine agyraýaklygyň aljyradýandyr,gorkma.Ejem dokuz çaga dogurdy,gorkmandyr-a.Aýallar nesil öndürmek üçin dünýä inipdirler ahyryn.Senem köp çaga dogur,sagdyn bolarsyň.Ýadyma düşýär,Kakajan kakam pahyr mydam meni arkasyna alyp götererdi,sagbolsyna derek menem bilmän onuň arkasyny öllärdim.Kiçi bolsaň ululardan galan egin-eşikleri,aýakgaplary geýmeli bolýardym,şeýdip,ejemiň onsuzam ýeterlik çykdajylaryny birneme azaltýardym...

Gülleri şeýdip köşeşdirýänem bolsa kalbynyň galagoplugy ony aljyradyp barýar.Göwnüne bolmasa wagt bolmalysyndan has çalt geçýän,durmuşam gözüniň alnynda üýtgäp,ýykma-ýykylma hözürini görýän ýaly. Ýöne,ýaşlygyna garamazdan käbir adamyň uzak ömründe edip bilmejek işini edenligini duýmaýardy ,hat-da ol barada hiç mahal hiç ýerde dil hem ýarmandy.Bä,onuň kellesinde peýda bolýan pikirler näteňet?Näme üçin ol uzak ýaşlylar bilen özüni deňejek bolýar?Dogry,ýalançydan doýma ýok diýleni.Segsen ýaşan Tyrry kakasyndan ýaşyny sorasaň”Uçup barýan guşuň kölegesinde kölegelän ýaly”diýýär.Beýik Magtymguly aýtmyşlaýyn”Her näçe ýaşasaň ýeriň ýüzünde,Adam ogly baş gün duza myhmandyr”.Ýöne şony hem manyly, mazmunly,il-günüňe peýdaly ýaşamagy başarjak bolmaly,”gury gelip boş gitmeli” däl,yzyňda azda-kände yz galdyrmaly,nesilleň seni ýatlar ýaly etmeli.Ol ony başardygyndan edýärem. Dogry, ilkinji ýeňişleri çaksyz ruhlandyryp,özüne bolan buýsanjyny artdyrypdy,käte çalaja döşüne kakan ýerlerem bolupdy.Käbirleri”Şöhrata kowalaşmagym kämilleşmegime kömek edýär,sebäbi öz şöhratyma laýyk boljak bolup gije-gündiz hars urýaryn”diýýär.Dogry,olam oňa çalaja aşyk bolupdy.Şöhraty gowy görmek ýaranjaňlykdan-a elhal bolsa gerek.Özüňi söýüp,ýaramaz gylyklardan daşlaşsaň hasam elhal bolmaly.Jurnalist Hydyr Amangeldi(Bedew,46,1993)”Ine,Altymyrat Orazdurdyýew üçünji gezek dünýäň çempiony boldy.Bu dilde aňsat.Bol-telkilikde,zadyň aladasyny etmän,ers-mers bolup ulalan pyýadalaryň arasyndan saýlanyp çempion bolaýmak ýeňil-ýelpaý iş däl.Siz entek türkmeniň yssysyny,depesinden awy sepilip ýören pagta meýdanlaryny,Altymyrada ýöne bir türgenleşmäge mümkünçilikler döredilen zalyňam ýokdugyny üstüne goşuň.Emma,tüweleme,iner ýigit tutuş türkmeniň adyny sport älemine indi dördünji gezek jar edip gelýär.Elbetde,şol kilogramlary götermek üçin irginsiz zähmet çekileni belli zat,ýöne şöhrada ýetmäge bolan isleg,hyjuw şol agyr daşlaryň näçerägini göterdýärkä?Göwnüme,eger Altymyratda şöhrada aşyklyk bolmasa, şol çempionlyk eýgertmejek ýaly.Sebäbi ýaryş gyzyp,mesele sähelçe kilograma diränd e adama gaýry bir gaýrat gerek.Sähel götünjekledigiň,ol ägirt daşlar biliňi ýoljak.Emma ol barýar, ähli güýç-gaýratyny jemleýär,Allany çagyrýar, dyzaýar, göterýärem,çempionam bolýar.”Çempion”-bu at,beýle şan-şöhrat seniň ähli azabyň öwezini dolýar...Onda,şöhrada kowalaşmak gowy häsiýetmi?...”diýip,şöhrat baradaky pikiriniň bir bölegini beýan edýär...

Altymyrat şöhrat meselesinde ýalňyşýanlygyna düşünip,özüne”Sen kim?Ilden näme artyk ýeriň bar?Döşüňe kakmaga hakyň barmy?”diýen soraglary berdi.Kalbyny gozgalaňa salýan şeýle pikirleri özünden başga bilýän hem ýokdy,hat-da Güllerem ony bilmeýändir öýüdýärdi.Başarsa ol ili üçin saýaly bag bolup,şatlyk paýlajak,säheriň sowujak gyrawuna olaryň ýüzlerini ýuwdurjak, gapysynda eken güller ýaly,howanyň hoş ysyna atyryny sepelejek,üstüne gonan ýadow guşlaryň kuwwat-güýjüni jemläp,gögüň aňry başyna galyp,ýollaryny dowam etmegine goltgy berjek,garaz, ömrüne goşulmajak

bişeýkel günleriň az bolmagy üçin hereket etjek.Şonuň bilen birlikde ol özüne ýakyn adamlaryň sagdyn,bagtly ýaşamagyny,nesilleriniň(özi ýaly dokuz dogan bolmasalarda azyndan bäş-alty çagaly bolmagyny)öz ýeten derejesine ýetmegini,ýakynlaryny gynandyrjak hereketlerden daşda bolmagyny arzuw etdi.Ejesi pahyryň"Iller ýagşy,biz ýaman,iller bugdaý,biz saman"diýen ýörelgesinden ugr aldy.Ejesi käte bilini galdyryp bilmän oturandyr,emma "Keseli iş ýeňer"diýerde, ir säherde ýaşýan soňky ýyldyz bilen,giç agşam dogýan ýyldyz bilen salamlaşyp gününi aýlar...Bular dogry...Ýöne..Ýöne,näme üçin soňky günler düýşüne gara reňkler,gara gargalar kän girip ugrady?Häzirki ýaly Gara deşikli düýşi ýylyň başynda hem görüpdi,ine,indi ikinji gezek doýmaz-dalmaz Gara deşik onuň mazasyny alýar.Eýsem,muňa nähili düşünmeli?Ýa çeýnemeli çöpüniň süregine ýetäýdimi-kä?Käte keýpiniň gaçyp,ýüreginiň gysmagy,oturara ýer tapmazlygy nämeden?Birden düwünli gussa gaplanyp,katra gözýaş dökmegi,ejizlik siliniň arzuwyny ýykmagy,umytsyzlyk odunyň hyýalyny ýakmagy nämeden?Onuň beýle hala düşýänligini Güller aňýan bolmaly,"goşmak-aýyrmagy özünde jemleýäniň barlygyny" dile getirmegi,"Ölüp barýarmykaň"diýipdim "diýip,howpurganmagy,eýsem şony aňladmaýarmy!? Hawa,ol gorkuly düýşüni iň ýakynyna aýtmalydy,aýtman ýalan sözledi.Bu onuň ömründe ikinji gezek ýalan sözleýşi.Birinji gezek daş götermek oýnuna gaty gyzygyp ýörkä,ejesiniň"Balam jan,sygyrlara suw görkezdiňmi?"diýen soragyna hawa diýip jogap berip,ýalan sözläpdi.Şonda ejesi"Jan balamyň ýalan sözlemejegini bilýän"diýipdi.Eý-ho,bu sözüň agramyny diýsene,depäňden basyp ýegşerdip barýar.Şuňa çenli söz diýilýän zadyň beýle ýowuzdygyny bilmändi.Çökder bolanlygynda asyl ol çekip-çydardan mähnet ekeni.Ejesi ýene bir gezek soraýdygy ol hökman dogrusyny aýtjakdy,emma ol "Balam jan,ýalan sözlemez"diýdi-de,bedreleri alyp sygyrlara suw görkezmäge gitdi...

-Güller jan,azajyk gezim etjek,ýagyn ýagýan-a däldir?

–Waý,enaýy-da gyz.Daşaryk seret,gün ýaldyran dur.

-.Asyl şeýlemi?-diýip,sagada sereden Altymyrat hammama ylgady,ýuwunyp bir käse kofe owurtlady-da-Gülüm,sen ölümden gorkýarmyň?-diýdi.

–Waý,enaýy-da gyz,berýän soragyň nätüýsli ?Ondan gorkmaýan barmy?Ýöne adam gezip ýörkä ölümden alysda bolýar,ölensoň bolsa ölüm ondan alysda bolýar,şon-a bilýän.

–Düşnükli.Indi meň wagtym boldy.Gelýänçäň,sen özüňi aýagyn...

Hawa,ol Ýaponiýanyň Hirosima şäherinde geçiriljek Aziýa oýunlaryna ugramak üçin Moskwa barmalydy.Ýaryşa 42 döwletiň sportçylary gatnaşýardy,şolaryň arasynda Orta Aziýa döwletleri bilen bir hatarda Türkmenistan hem bardy.Hirosima şäheriniň ýolbaşçylary sportyň uşu,kabbadi ýaly görnüşlerini,oýunlara täze goşulan döwletleriň käbir milli oýunlaryny ýaryşyň düzüminden aýyrmak,ýaryşa gelýänleriň, türgenleriň,jurnalistleriň wiza almak baradaky talaplaryny öňe sürdi.Öňler Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň tassyk etmeginde gatnaşýan sportçylaryň atlary ýazylan resminama ýeterlikdi.Geňeşligiň Küweýtde geçirilen mejlisinde wizaly mesele çözülipdir,sebäbi haýsydyr bir resminama üçin ýüze çykjak gep-gürrüňiň özleri üçin peýdaly däldigini ýaponlar düşünipdirler.Şeýlelikde,Türkmenistandan diňe Altymyrat ýaryşa gatnaşmaly edildi,ýogsam ýeňil atletikaçylar,şol sanda dzýu-do,sambo boýunça Türkmenistanyň çempiony,pälwan ýigit Annagurban Annaorazow hem gitmelidi.Soňky pursatda ol serişde ýok bahanasy bilen ýaryşa goýberilmedi.

Altymyrat gullukdaş dosty bilen bileje oturdy,pikir alyşdy,gazanan üstünliklerini sorady,ol bolsa "Bildirilýän ynamy ödejek bolýaryn.Göwnüme bolmasa şol mahal türkmeniň abraýy diňe saňa bagly ýaly bolup dur.Özüm-ä başardygymdan tamany

ödemäge çalyşýaryn.Geçen ýyl Nijniý Nowgorodda dünýä boýunça klublaryň arasyndaky ýaryşda ikinji ýer aldym,10-12 sentýabr aralykda geçen ýaryşda Türkmenistanyň çempiony boldum,şol aýyň aýagyna Kanada dünýä ýaryşyna gitmelidim,pul ýok bahanasy bilen gidip bilmedim,indem ine,ýene ýaryşdan galdyrýarlar"diýip jogap berdi.Sport ýolbaşçylarynyň bu meselede geleňsizlige ýüz urmaklary nebsiňi-janyňy agyrdýardy.Güýçli oglan-gyzlarymyzy ýaryşlara çykarmaga şert döretsek,biziň abraýymyz,şöhradymyz üçin gowy bolardy ahyryn diýesiň gelýär... Altymyrat ilki Moskwa bardy,iki günden soňam niredesiň Hirosimo diýip uçara mündi...

**--2—**

Uçar on dört sagatdan soň Hirosimanyň üstünden iki-üç aýlow berdi-de,şäheriň günorta böleginde ýerleşen menzile gonmaga başlady.Ýokardan,Hirosimanyň içinden eriş-argaç bolup geçýän ýedi derýanyň suwlary dogup gelýän güne ýaldyrap,dürli reňklere bölünýärdi.Altymyrat gözüňi gamaşdyryjy ýalpyldy-dan ünsüni sowup,başga ýerlere seredip ugrady.Asmandan şäher adaty şäherlere meňzeýärdi,göni köçeleri,maşynlaryň tükeniksiz akymy dowam edýärdi.Mundan elli ýyldan azyrak wagt ozal,has dogrusy 1945-nji ýylyň awgust aýynyň 6-na,ir bilen sekiz sagat on bäş minutda,şäheriň üstüne atom bombasynyň taşlananlygyny aňladýan alamatlar göze ilmeýärdi.Dogry,haçanda sportçylary awtobuslar bilen alyp gidenlerinde,olary garşylan terjimeçi,säheriň orta gürpünde,giň köçäniň sag ganatynda asly aýlow görnüşinde üç gat bolan,ýöne häzir çep we sag ganatlarynyň bir gaty ýykylyp,ortasy we depesiniň gupbasy abat galan,Atom jaýy" diýip atlandyrylan,amerkanlaryň atam bolbasyny taşlanlygynyň subutnamasy hökmünde ýykylman saklanyp galan harabany görkezdi-de:"Elli ýyl wagtyň geçenligine garamazdan atom şöhlesinden,gan zaýalanmadan ölýanleriň sany henizem dowam edýär.Çaga dogurýan ýaş gelinler özleriniň ilkinji dogurýan çagalarynyň betnyşan,(ýeke gözli,bir aýakly,goşa kelleli)bolup dünýä inmeklerinden gaty gorkýarlar,şeýle çaganyň dünýe inenini görseler özlerine el gatýarlar.Bomba şäheriň baş etrabynyň,Hakusima, Hoimaty, Fudzimite,Sendemati,Kusumaty etraplaryň ortasyna,Temmegawa bilen Otogawa derýalarynyň arasyna taşlandy.Bu gyrgynçylyk köp bolsun diýilip ýörüte edilen iş.Bomba taşlanan ýerde elli ýyllap hiç zat gögermez diýdiler,emma köçeleriň gyrasyndaky meýdançalara serediň,öňki gögerýän otlar indi görnüşlerini üýtgedip,ýene çykyp başladylar"diýip,ol ýarym-ýalta rus dilinde düşündirdi.Terjemiçi myhmanhana alyp barýarka Altymyrat "Gyssagly jaň etmeli"diýip,oňa ýüzlendi,olam oglanlary ýerleşdirip kömek etjekdigini ýaňzytdy.Aragatnaşyk jaýy asyl birinji gatda ýerleşýär ekeni.Çaga dogurýan gelinler baradaky gürrüňi eşidip,Altymyrat ot-elek bolaýdy,gyssagly Gülleriň halyndan habar alasy geldi,çaga bolupmy,bolan bolsa Gülleriň ýagdaýy,dogan çaganyň ýüzi-gözi nähili anyklamak gerekdi.Bolsa-da ony kän garaşdyrmadylar.Aňyrdan Aýgözeliň sesi çykdy.

-Doganjygym senmi?Toba essagpyrulla,dünýäň aňry ujundan jaň edýänsiň?

-Salowmaleýkim,Aýýa eje!Güller nähili?

-Inim jan,buşluk,ogluň boldy.Bäbegiň ýaşy uzyn bolsun.Gülleriň ýagdaýy hem gowy.Ýaňy ejesi onuň yzyndan keselhana gitdi.

–Taňryýalkasyn,Aýýa eje!Meni gaty begendirdiň.Çaganyň ýüzi-gözi abatdyr-a?

-Gül ýaljak,saňa meňläp duran bäbejik.Adyna näme dakmakçy bolýarsyň?

-Ady Maksat bolar,maksat edip ýetenim...

–Adynyň eýesi bolsun,berdim diýip berdigi bolsun!

-Aýdanyň gelsin Aýýa eje.Nesip bolsa bir hepdeden bararyn,galanynam maslahatlaşarys.Güllere,gaýyn eneme salam aýt.

Begenjine guş bolup uçýan Altymyrat ylgap, myhmanhana geldi.Ol 1991-nji ýylda SSSR-iň agyr atletika boýunça 65-nji çempionatynyň çempiony(100 kg agramda)Igor Sadykow bilen bir otagda bolýardy.Boýy Altymyratdanam uzyn hem daýow Igor ony göterip,otagyň içine üç ýola aýlap çykdy-da:”Mende Fergana üzüminden ýasalan çakyr bar,gel,ogluňy ýuwaly”diýdi.Emma ogul ýuwmak miýesser etmedi.Olaryň baryny ýygnap,ilkinji nobatda şäheriň ýadygärliklerine aýlamak üçin alyp gitdiler.Ilkinji nobatda olaryň iň ulusyna-atom aýylgançlygynda ýok bolan müňlerçe adamlaryň hatyrasyna döredilen ýadygärlige bardylar,baş egip,gül desselerini goýdular.Şäheriň günortasyndaky Hidzi dagynda atom bombasynyň adamlara edýän täsirini öwrenýän ylmy-barlag edarasynyň ýerleşýänligini,eger isleg bildirýän bar bolsa ulag aladasyny etjekdigini ýaňzydan terjimeçi,soňundan:”Gowusy oňa gitmäliň .Ol ýerden günde diýen ýaly ölenleriň jesetlerini ýakmak üçin alyp gaýdýarlar”diýdi-de, soň“Atom öýi”diýilýän harabalyga alyp bardy.Bu ymarat 1905-nji ýylda çeh arhitektory Ýana Meseliň taslamasy esasynda gurlup,onda şäheriň Söwda-Senagat palatasy ýerleşipdir,indi bolsa atom bombasynyň ýetiren zyýanyny görkeziji we bigünä ölenleriň doganlyk mazary hökmünde,dikeldilmän,medeni ýadygärlikleriň hataryna goşulypdyr.

Ýadigärliklere aýlanýan sportçylaryň arasynda,amerikanyň “Ýunaýted press”agentliginiň Tokiodaky habarçysy “Iki sany atom bombasyny taşlasak Koreýada dowam edýän dawalaryň soňuna çykarmyka?Siz atom bombasynyň ejirini çekenler soragyma dogry düşünýänsiňiz!?”diýip terjimeçä ýüzlendi.Sportçylaryň köpüsi ýigrenç bilen habarça garadylar.Terjimeçi bolsa “Bomba taşlasaňyz dünýäde özüňiziň ýeke-täk güýçlidigiňiziň,edeniňizi edip,goýanyňyzy goýýanlygyňyzyň subutnamasy bolardy,ýöne şondan soň dünýäde Siziň ýurduňyza bolan ynam gaçardy,ýigrenjem artardy”diýip jogap berdi.Beýik Watançylyk urşy gutarandan soň,hiç kime howp salmaýan parahat ilatyň üstüne atom bombalaryny taşlap,olaryň ýüz müňlerçesini ýok eden,iki esse gowragyny maýyp-müjrük eden ýurduň habarçysynyň,ýopanlaryň mertebesini kemsidiji samsyk soragy bermegi ýaryşa gelenleriň gaharyny getirdi.Ol öz ýurdynyň bu aýlganç herekedi üçin nämeleriň bolup geçenini bilmän duranak ahyryn.Şol sebäpli bolsa gerek,ol adamlaryň gözüniň öňünde öz mertebesini peseltdi,terjimeçiniň mertebesini basgylajak bolsa-da,gaýtam ,onuň ýokary galmagyna sebäp döretdi. Mertebäniň nämedigini bolsa Altymyrat çagalygyndan bilýär.Ýadyna düşýär,pagta ýygyp ýörkä,uçar bilen depesinden awy sepilenýän günleriň birinde, mekdebe kino getirdiler.Ol awy sepýänler üçin getirlipdi.Ejesi bilen olam kino görmäge bardy.Kinoda duşmana ýesir düşen esgerden, gulluk edýän bölüminiň ýerleşýän ýerini aýtmagy talap edip gynaýardylar.Esger urga çydap bilmän aýdaryn öýdüp,kemeri bilen özüni asýar.Bu görnüş Altymyrada gaty erbet täsir etdi.Soň-soňlar ol özüni şol esgeriň ornunda goýup gördi,netijede kalbynda çylşyrymly soraglaryň peýda bolmagyna getirdi.Bir tarapdan ol esgeriň herekedini golda-dy,beýleki tarapdanam dünýäde janyňdan eziz zadyň ýoklugyna çaga düşünjesi we durmuş tejribesiniň azlygy bilen seretdi.Eger ölümden başga gorkuly zadyň ýoklygy çyn bolsa,soralýan syry aýtmaýanlygyň üçinem öldüriljek bolsa,onda ony aýan edeniň gowy dälmi?Aýan edip ölmän galaýsa,ol mertebeli adam bolup bilermidi?Şular ýaly soraglara jogap tapyp bilmän“Näme üçin esger özüni öldürdi?”diýip,ejesinden sorady.”Jan balam,esger syry aýtsyn-aýtmasyn,barybir ony öldürerler”diýip,ejesi jogap berdi.Diýmek,syr bilinenden soň ol barybir öldüriljek eken-dä?Ejesiniň jogaby ýalňyşanlygyna göz ýetirmäge kömek etdi,şonuň üçin hem ol öz-özüni ýigrenip,ýaňky

esgeriň herekedine bolsa guwandy. Wagtyň geçmegi,durmuş tejribesiniň artmagy bilen mertebe,wyjdan, ygrar , utanç haýa ýaly düşünjeleri özüniň esasy ýörelgesine öwrüldi.Ol kiçijik-kä,kakalary bazardan gelýän bir topar çaganyň yzyndan ýykylyp-sürşüp:”Gelýärler-ä,gelýärler”diýip barşyny,özüniň kakasy bolmansoň beýlekileriň bagtlaryna şärik bolşuny ýatlasy gelenok .Onuň özi indi kakalyga ýetişdi...

–Bu ýerde agsak-togsak,keşpleri kemli adamlara duş gelmedik-diýip,Igor terjimeçä ýüzlendi.

–Oňa duşmarsyňyz,birinjiden-ä ep-esli wagt geçdi,ikinjidenem,ölmän galan çydamly, geçirimli,sada,agyr gününi hudaýdan görýän,tenleri kemli,ýüzleri başly zenanlarymyz,ýaş ýigitler,hiç kime kemini görkezmejek bolup Okinawa ýaly köp sanly adalara gidip ýitirim boldular,amerkanlaryň “peşgeş”beren dertleriniň garşysyna başardyklaryndan,hiç kimden kömege garaşman göreşdiler...

Altymyrat günorta naharyny edinensoň,myhmanhanada ýerleşýän türgenleşik meýdançasyna bardy.Ertir ýaryş başlanýardy,bolmanda iki-üç sagat türgenleşmelidi.Ýapon ştangasynyň ele ýakymlylygy,maýyşgaklygy,çeýeligi ony haýran galdyrdy,sogrulyp-sogrulyp aňsat aýrylýan daşlary diýjekmi,tyýpmasyn diýip eliňi tutýan ýeriň büdür-südürligi diýjekmi,garaz,ştanga hili boýunça hemme taraplaýyn öňki görýänlerinden tapawutlydy,birhili özüne çekijidi,ýadatmaýardy.”Ine,türkmen oglanlaryna şular ýaly ştanga gerek!Bularyň iň bolmanda birini alyp bolaýsa-dy,ýaşlar bilen oglum Maksatjanam türgenleşerdi”diýip pikirinde aýlady-da, türgenleşigi dowam etdi.Bir görse,”ÝUSAKA” ady bilen dünýä belli sport harytlaryny öndürýän zawodyň dukany hem şol ýerde ekeni.Özi ýaly sportçylar belen onuň içine aýlanyp ýörkä, ýygnalyp,götermäge taýýar edilen täzeje ştanganyň ýanynda sakga durdy.Ondaky daşlara göz gezdirip,iki ýüz kilo bolaýsa gerek diýip pikirlendi-de,egilip,ştanga elini ýetirdi.Birdenem ,agramy ýok ýaly edip ony ýokary galdyrdy-da,ýuwaşlyk bilenem öňki ýerinde goýdy.Onuň bu herekedi dukanyň içindäkileri aňk etdi.

Şol bada häki terjimeçi ylgap geldi-de “Sizi başlyk çagyrýar!” diýip,Altymyrady yzyna düşürip,dukanyň düýbünde ýerleşen bir kaşaň otaga alyp bardy.Şu gün meýdançada dabaraly ýagdaýda türkmen baýdagyny galdyrmaga gatnaşan,egni gyrmyzy donly,başy ak silkme telpekli Altymyrat, türkmen däp-dessury boýunça jaýyň bosagasyndan ätlände”Essalowmaleýkim”diýip salam berdi-de,terjimeçiniň yzyndan girdi.Şu ýerde bir täsin waka bolup geçdi.Ägirt uly deri oturguçda oturan orta boýly,hortap,kyrk ýaşlaryndaky adam syçrap ýerinden turdy-da,”Eý-waý,doganjygym geläýipdir”diýip Altymyrady garsa gujaklady.Nämäň nämedigine düşünip bilmän galan Altymyrat bir-ä,öz gujagynda aglaýan epeý adama,birem terjimeçiniň ýüzüne seretdi.Terjimeçi öz gezeginde”ÝUSAKA” zowadynyň general direktory,professor Klyç baý Halyl ogly”diýip,ony tanyşdyrdy,”Menem türkmenistanly sportçy Alty Orazdurdy ogly”diýip,Altymyrat jogap berdi.

–Alty,inim,saglykmy?Meni bagyşla,ýaňy daş göterişiňi äpişgeden gördüm-de,beýle pälwan bilen habarlaşaýyn diýip,ýanyma çagyrdym.Asyl sen ildeşim ekeniň.Şu ýaşyma çenli adyny eşitsemem türkmeni ilkinji gezek görýärin,tolgunjyma saklanyp bilemok.Kakam pahyr türkmenim,türkmenim diýip,atom bombasynyň şöhlesinden ejir çekip,ýaňy-ýakynlarda dünýesini täzeledi.Seni görüp bilen bolsa gör,nähili gowy bolardy,arman...

–Kakaňyzyň ýatan ýeri ýagty,dünýäsi abat bolsun!Siz türkmençe gowy gürleýärsiňiz...

–Ony irmän-arman kakam öwretdi.Asly Marynyň garahmetlerinden bolan kakam uruşda,kyrk üçünji ýylda nemeslere ýesir düşýär,ol ýerdenem ony Hirosima şäherine getiripdirler.Ol öň ýarag,häzir sport enjamlaryny öndürýän zowatda işläp başlapdyr.Kyrk bäşinji ýylda "seniň watansöýüjilik duýgyň azlyk edýär" diýip,ony Okinawa adasyna sürgün edipdirler.Şolam ony atam bombasyndan ölüp gitmeden gorapdyr.Soň ony Kusýu adasynyň demirgazygynda ýerleşen Tikuho atly kömür käninde işlemäge ugradypdyrlar,şol ýerde-de,ene-atasyny,doganlaryny ýitirip,şöhleden ýaralanan, Hirosimadan gelen ýetim gyz,meniň ejem bilen tanyşýar.Kakam iň az töleg bilen agyr zähmetde işlän zenanlaryň,şol sanda ejemiň gürrüňini köp ederdi.Iki ýyldan soň olar Hirosima gaýdyp gelýärler.Kakam ýene şol öňki zawotda işläp başlaýar.Atom bombasynyň taşlananyna dört-bäş ýyl geçenligine garamazdan olam şöhle keseline duçar bolýar.Men olaryň ýeke çagasy.Ejem 1954-njy ýylda çaga üstünde ýogalýar,soň meni kakam terbiýeledi.Kakam pahyr,ölünçä watan-watan diýip gitdi.

–Diýmek onda siz sport harytlaryny öndürýän zawodyň eýesi-dä?

--Hawa.Agyr atletika boýunça geçirilýän ýaryşlarda harytlarymyzyň sergisini gurnaýarys,mahabatyny ýetirýäris.Bu gezeg-ä Aziýa ýaryşyna özbaşdak respublika bolan ilimden gelen adam bolmazmyka diýip,aýalym bilen şu dukanyň gapdalynda ýerleşýän jaýymda garaşdym. Oňat,nesibäm bar ekeni-Gylyç aga sagadyna seretdi-de:"Ota gitdi-öte gitdi"diýleni bolaýdy-la,bi,gelmedi-le-diýip sözüni tamamlan badyna, gapyda ýüzi-gözi ýapon biçüwli,türkmen gelinleri ýaly uzyn pombarh köýnekli, syratly, mapraç aýal peýda boldy-da:.

–Klyç eke,çaý-nanyň taýýardyr-diýdi.

–Gelneje,salowmaleýkim!-diýip,Altymyrat sag golunyň ýeňini uzadyp,aýal bilen gadyrly görüşdi.

–Klyç baý,şol garaşýan ildeşiň geläýen ýaly,gözüň aýdyň.Myhmanyňam nahara çagyr,bileje türkmençeläp "baş barmak" iýeliň.

–Bolar,Tumarçam!Inim-ä tüýs türkmen ekeni,ýüzüňe ýalym-ýulum edip,gapdalyňdan gypdaklajakdan däldigi görünýär.Hany,Alty jan,ýör biz bile.

–Aý,agam jan,taňryýalkasyn,nahary özüňiz iýäýseňizläň,men birhili...-diýip,diňe ýüzi däl,eýsem gulagyna çenli burç ýaly gyzaran Altymyrat jogap berdi.

–Kakamyň ýetsem diýip ölünçä arzuw eden ýurdyndan gelip,duzymy datmasaň gaty öýkelärin.Türkmende duzdan uly bolmazlar hem diýilýär.

–Ýör,oglum!-diýip,Tumar daýza Altymyradyň ýoguna beýlekisine seretmän ýaşaýan jaýyna alyp bardy.

Türkmen halylary bilen bezelen jaýyň ortasynda ýazylan dokama saçagyň üstündäki ýasy jamda gazaklaryň "baş barmagy"bugaryp durdy,onuň töwereginde adyny tapan iýmitiň bardy.Olar saçagyň başyna geçdiler.Her kimiň öňünde bir agaç çemçe.

–Pälwan inim,al hany,bissimylla et!Türkmenlerde,şol sanda gazaklarda hem(gelnejeň gazaklygy üçin aýdýaryn)nahary bir saçagyň başyna üýşüp iýýärler.Utanma!

-Bissimylla!-diýip,nahara başlan Altymyrat sözüni dowam etdi-Bu ýerde utanar ýaly zat ýok.Ejem pahyr garry atasyndan eşiden bir gürrüňini diline getiripdi.Bir oba düşman çozjak bolup,öňürti jansyzyny iberenmişin.Olam gaýdyp gelip"Köre hasa bolup duran zady-ha gördüm,olam türkmenler bir saçagyň başyna üýşüp,nan iýýärler ekeni"diýipdir.Onda duşman serkerdesi"Oň ýaly boljak bolsa olaň üstüne çozjak bolup guşgunymyzam syrdap oturmalyň,bize per bermezler"diýip,ýüzüni yzyna öwrenmişin.

–Dogry edipdir,päheýde welin-diýip,Gylyç aga seslenende,Altymyrat oňa Rahmanberdi aga gepleýändir öýdüp ýylgyrdy.

Olar nahar iýenlerinden soň,öý eýesi myhmanyny otagyň içki gapysyndan alyp çykdy.Ini boýy on metre barabar ýerde kiçeňräjik towuk ketegi,bedene ketegi bardy,galan ýeri limon,alma,erik we birnäçe gyrymsy agaçlar tutýardy.

–Bu ýerde ýer çökder gymmat.Bilýänsiň,ýurdyň dört tarapy umman,adamlar artyp gidip otyr,ýer bolsa çäkli,onsoň ýygnanýan hapalardan beton böleklerini ýasap,onam ummana agdaryp ýer ýasamaly bolýar.Olam, örän gymmat düşýär.Bahasyny aýdyp oturmaýyn,diýseň gymmat.Gymmadam bolsa tebigata ýakyn bolaýyn diýip,şujagaz hojalygy döretdim.Ine,otuz-kyrk sany towuk gygyldaşyp,jüýjelerem ýanlarynda jürküldeşip durlar,honha-da,alaň-açyklykda hiç kime bamysyňam diýmän,petekesini gaýşardyp oturan horaz,”kyrk heleýiň äridirin”diýip.Ine,bu hem otuz sany bedene,ýumurtgasyny peýdalanýas,onuň aňyrsyndaky, Nemrudyň meýdan eden ýerinde gögeren temmäki agajy.Kakam pahyr bat keselime peýda diýip ekipdi.

–Nemrutly wakany heniz eşitmändim.

–Eşitmedik bolsaň aýdaýyn.Özüni hudaý saýýan Nemrut patyşa bir gün uýaly-gorkuly meýdana oturypdyr,onam weziri görüpdir-de:”Bä-ä,heý,Hudaýam beýdermi?”diýipdir.”Ýa senem-ä,kelte kakýaň-ow,men ýazylamok-da,tohum oturtdym ahyryn”diýip,Nemrut jogap beripdir.Soň görseler,ol ýerde temmäki agajy ülpüldäp otyrmyş.

–Gylyç aga,hödüriňiz üçin sag boluň,men ertirki çykyşa taýýarlanmaly,gideýin-diýip,Altymyrat seslendi.

Gylyç aga ony hormat bilen ugratdy-da”Ýene görüşýänçäk sag bol”diýdi.

Altymyrat şol günüň ertesi ,türkmeniň gyrmyzy donyny,ak silkme telpegini,gyrmyzy ädigini geýip,ýaryşa gatnaşdy we 42 döwletiň sportçylarynyň arasynda iň ýokary netije-ştanga götermegiň iki görnüşi boýunça 372,5 kilogram göterip,Aziýanyň çempiony diýen hormatly ada eýe boldy,dünýä rekordyny täzeledi..Onuň bu ajaýyp ýeňişini ilkinji bolup gutlan Gylyç aga boldy.

–Sen ynamymy ödediň,inim!-diýip,ol Altymyrady bagryna basdy-da,sözüni dowam etdi-Men saňa “Şu zat maňa Gylyç agamdan galdy”diýip,ýatlap durar ýaly bir zat bermekçi.Pul bersem almarsyň,altyn-kümüş hödürlesem olam göwnüme jaý däl,onsoň “Gel,muňa ähli goşmaça zatlary bilen bir toplum ştangany bereýin”diýen netijä geldim. Ony eýýäm uçar menziline eltip tabşyrandyrlar.Sen menden az görme,inim!

-Aýdýanyňyz näme,Gylyç kaka,gerek däl!?Ol çökder pula durýar ahyryn.Azara galmasaňyz bolmaýamy?-diýip,beýle zada garaşmadyk Altymyrat aljyrady,näme diýjegini bilmedi,içinden bolsa düýnki eden dileginiň hasyl bolýanlygy üçin begendi.

–Oň azary bolmaz.Sen ondanam has uly zatlara mynasyp,asla seniň bahaňa ýetme ýok.Bu ýerde bolan bolsaň diňe şu günki ýeňişiň üçin ömrüňe ýeterlik serişde gazanardyň...Eliň degse gelniňi ýanyňa alda myhmançylyga gel.Gözümiň üstünde ornuň bardyr.Ýaşaýyn diýseňem mümkünçilik döredeýin.

–Gylyç kaka,sag boluň...

Ertesi uçar menziline aýaly bilen Altymyrady ugratmaga gelen Gylyç aganyň elinde bir düwünçek bardy.

–Inim,senlik bir ýumuş bar.Bu kakam pahyryň wesýeti.Ol ölmänkä “Oglum,babalylar gelip meni ýuwarlar welin,şol ýuwundy dökülen toprakdan bir goşawuç alda,aňryujy bir ýagdaýyn tapsaň ata watanyma ugrat,goý,şol topragy öwülýäleriň birinde jaýlasynlar”diýip wesýet edipdi.Ine,şol toprak.Men şuny saňa

tabşyrýan hem-de kakamyň soňky wesýetini amal edersiň diýip umyt edýärin-diýip,toprakly düwünçegi,ep-esli dollary, ştanganyň Altymyradyň eýeçiligine berilýenligi baradaky resminamalary oňa gowşurdy.Olar edil iň ýakyn adamlar ýaly bolup aýrylyşdylar...

Uçar bir günde Hirosima-Tokiýanyň üsti bilen Moskwa geldi. Ştangany Türkmenistana aşyrmak üçin bolsa,bir aýlap uçar menzilinde,ýüküniň üstünde ýatyp garaşmaly boldy.(Ahyrym ol getirildi.Şol ştanga häzir Sakarçäge etrabynda täze guralan sport mekdebinde,ýaşlara tälim bermekde ulanylýar.).

**--3—**

Hawa,üç ýüz kilolyk ýüki uçar bien alyp gidäýmek dilde aňsat,ýok,ol ýaponiýada dilde däl,işde aňsat,emma ähli zady süýrenjeňlige salmaga halys öwrenen ýurtda dilde aňsat.Başda otly bilen gaýdyberenliginde boljakdam welin,olam ýatyryldy-da,ýurda diňe uçarly gitmeli boldy.Olam munça ýükli adama mümkin däl.Ol bu meselede kömek isläp,Türkmenistanyň Moskwadaky ilçihanasynda terjimeçi bolup işleýän öz obadaşy Orazgylyç Orazmämmede ýüz tutdy.Onuň üsti bilen ýüki “Türkmenhowaýollarynyň” hasabyna alyp gaýtmak üçin resminamany aldy.Şeýdip,öýden çykyp gidenine kyrk gün bolanda,çagasyna aýak bitmänkä öýüne dolanyp geldi-de,ştangany “Dinamo”klubyna tabşyrdy.Asyl ştanganyň arasy bilen otuz kişilik ýapon pombarh matasy,on müň amerikan dollary hem salynyp göýberilen ekeni.Ol olary alyp öýüne geldi,gelşine-de,sallançakda uklap ýatan çagajygy bagryna basdy,ýüz-gözünden ogryn-ogryn ogşady.Öňküsindenem has gelşige gelen Gülleri gujaklady,pombarhat bilen sagbolsunny ýetirdi,olam şol öňki müýnsiz ýylgyryşy bilen jogap berdi.Zähmet rugsadyna çykanlygy üçin Güllere kömek berýän Aýýa ejesine hem buşlugy üçin bir kişilik ýapon pombarhadyny,ep-esli puly sowgat berdi,beýleki aýal doganlaryna,ýakynlaryna galan matalardan hersine bir kişilik pombarhady we ep-esli puly eltip bermegi oňa tabşyrdy..

–Waý,enaýy-da gyz!Ejemem maňa şeýle matany berdi-diýip,Güller ýylgyrdy.

Altymyrat uzak ýoluň ýadowlygyndan soň dynç alaýyn diýip hammama girdi,ondanam içki jaýa girip ýatdy.Şol wagt Maksatjyk oýanyp aglamaga başlady.

–A gyz,çagany emdir-ä!-diýip,aşhanada güýmenip ýören Aýýa seslendi.

–Men-ä şekerli süýdi gyzdyryp beräýmesem nätjegimi bilemok.

–Toba essagpyrulla,beý diýme gelin.Ene süýdüniň çaganyň süňňüne-synasyna neneňsi täsiriniň bardygyna sen gowy düşünmeli.Altymyradyň ejesini näçe wagtlap emenini bilmän duraňok.Eger göwsüňde süýt kemterlik edýän bolsa onda sen çaga mähriňi berýan dälsiň,ýa-da bir kemiň bardyr.

–Ýaňy gyzy bolan goňşy gelniň süýdi çagasyndan artýamyş,bolmasa şoňa alyp gidäýmeli...

–Toba,essagpyrulla,goýaweri gyz,goýaweri,beýle sözi agzyňa alma-diýip,elini öňlügine süpüren Aýýa oňa çiňerildi-Sen nä ogluň gyza meňzemegini,naçar kakuw bolmagyny isleýärmiň?

-Waý,enaýy-da gyz,beýle zatlaram bolýanmydyr?

-Bolýandyr.Ýasama süýdem berme,başga-da emdirme, çynyňy etde özüň emdir,nädersiň süýdüň gün-günden köpeliberse...Toba,essagpyrulla,ýakasyz köýnekli nädip emdirjek?Bar ol artybyňy çykarda ýakaly köýnek geý.

–Ýakaly köýnegimem ýok meň-ä.

–Ýok bolsa öýde geýilýän haladyňy egniňe sok,bar,çaga aglap halys boldy-

Güller kynlyk bilen dar we ýakasyz köýnegini çykaryp halat geýdi-de,sallançagyň gyrasyna ýaplanyp,göwsüni çaga bereninden soň Aýýa sözüni dowam etdi-Ejem pahyryň giň,ýöne bagjykly ýakaly köýnegi bolardy,çaga emdirende onam ýazdyryp ýörmejek bolup,has amatly bolar ýaly göwsüniň gapdalyndan ýörüte ýakalyk-golturmaç açardy.Aslynda köýnegiň sogaby bagjygynda-dyr.Dogry,ýakaň ýiriljiräp ýatsa-da halanýan däldir welin,çagaly bolup ýakasyz köýnek geýmek bolmaz.Çagaňy etegiňi galdyryp emdirjekmi?Etegiň alty garyş,ýeňiň ýedi barmagam-a däl seň,tyrralyp.Könelerimiz ýönelige "Gul gudurasa guýa gaçar,gyrnak gudurasa golturmaç açar"diýmändirler ahyryn.

–Waý,enaýy-da gyz!Indi o zatlara üns berýän barmy.

–Üns berýän bar,onsoňam öteräjik käýýediň diýme,bigänäniň söýünjünden,dözmeziň käýinji müň mertebe ýakawutlydyr.

–Daýza,senden bir zat sorajak-diýip,çagasyny emdirip bolan Güller çallançaga bat berdi-Muny diňe saňa aýdýan.Alty "ejem ýaly köp çagaly bolarsyň" diýýä,emma ol meniň okap,ýokary bilim almak arzuwyma päsgel berjek.Netmeli bolar?

-Adamyň bilen maslahatlaşyp çözersiň.Ol seniň okamagyňa garşy bolup durmaz,bir alajyny tapar.

–Eger başga bir emel edilse...

–Toba,essagpyrulla,näme gyz o diýýäniň?

-Goňşy gelniň aýdyşy ýaly,indi äriň boldy bolmady tapawudy ýokmuş.Şäherlileriň köpüsi bir-iki çagadan soň çaga dogmaz ýaly şol emeli ulanýamyş.Ol"Görseň men ýeňil gopýandyryn,ozal-a alla welin,ärim näçe gysajaga salsa-da,ýakamy ýyryljiräp çagaň keşigini çekmerin"diýýä.

–Toba,essagpyrulla,toba-diýip,Aýýa onuň sözüniň arasyny kesdi-Goýaweri gyz,goýaweri.Hi,onam adam edermi?Munyň allaň berenine kaýyl bolmazlyk bolýar.Dogry,obamyzda birdir-ýarymdyr ýarowsyzrajyk heleýleriň biri kä ýarym üýşmeleňlerde "Ömrümi biderejik ýakypdyryn,beýle zadyň barlygyny öň bilen bolsam çaga diýip,görüme gümmez galdyrmajaklar üçin ukudan galmazdym,ýekeje gijede"diýýänini eşidýädim.Bu habardan soň hakyt imanym uçandyr.Türkmeniň tohumyna dalaş edip ugrapdyr,bi haram heleý,haltasyny silkdirip.Oň samsyjak äri "Azabym biderek boljak bolsa,menem aýal eşigine giräýjek"diýip samahyllaýarmyşyn.Gör-ä,bu bolýan zatlary.Dogry,Rahmanberdi aga aýtmyşlaýyn geçmişde-de,dogumyna bäs gelip bilmedik,töweregine ters täsir edip,seňrigini ýygyrýanlar bolupdyr,emma halkyň nesil saýyrdyňlygynyň,üşükdir zehininiň esasan aýallara baglydygyna akyl ýetiren gojalar"Gyz oglany kyrk ýerden gys"diýen aýtga wepaly bolup,çyzykdan çykýanlaryň öňüne taýak taşlapdyrlar.Häzir ony etjek bolup gör,taýagy seň öňüňe taşlarlar.Her zatda ar-namysyny tug edinýän,"Äri haýbatly bolsa,heleý uýatly bor"diýilýäne eýerýänler aramyzda bar,hudaýa şükür.

–Daýza,Şamyrat şugul-a,"Orslarda puluny töleseň,saňa tarpdan çaga dogrup berýän heleýlerem bar"diýip,agzyny uçukladyp gürrüň berýär...

–Heýt,şo Şamyrat gursun,aýaly, çagalary barka,üstüne başga heleý alyp,obamyzyň erkeklerini ýoldan çykarýar.Ýaman zadyň ölümden özgesi ýaýragyç bolar ekeni.

–Waý,enaýy-da gyz,oň aýaly-ha gowy.

–Bir bende "Eý,Hudaýa,bar Hudaýym!Näme maşgala jüplenmesiniň ýazgydyny maňlaýa ýazaňda,bir akylly bilen bir alasamsygy kökene çataýýaň-la?"diýip soranmyşyn,toba essagpyrilla,onda Hudaý:'Wah,bigapyl bendäm!Olaň ikisem gant bilen gurdy,eşek tezek bilen söki tanamaz dyllymdeşik bolsa,onda ýaňkylaň çaga-çolagyny

kim oda-suwa ýykylmaz ýaly etsin?”diýip jogap beripdir.Şol aýdylyşy ýaly,kimem bolsa biriň paýhasly bolmalydyr.

–Daýza,diýmek senem maňa paýhasly bolmagy,bir işi etjek bolsaň ýedi ölçäp bir kesmegi maslahat berýäň-dä?

-Maslahatly biçilen don kelte gelmez diýleni,galanynam näme Hudaý ýalkajak bolsa ara düşen gysyr çybynyňda işi gaýdar.Ýalançy-da Şamyrat ýaly ýamanlar bilen deň bolman,ýagşylygy bilen ýamanlary ýagşa öwürýän jigimiň durmuşy aňsatdyr öýtme.Sen oňa diňe goltgy bermeli.Onsoňam bilgin,ol ýöne-möne däl,dünýä özüni ykrar etdiren gerçekdir,hat ýazan ençeme gyzlaryň içinden diňe seni saýlap öýlendi.

–Onyň-a dogry-la.daýza.Meň özümem şular ýaly oglana durmuşa çyksam armanym ýok diýip,arzuw edipdim.Asla öz bagtymdan çykar diýip gumanam etmändim.Şoňa ýetmekde seniň hem goşandyň kiçigirim däldir,daýza,taňryýalkasyn.

Aýgözel bilen Güller ikisi pikir alyşyp,gürleşip doýmadylar.Şol barmana Altymyrat hammamdan çykdy.Güller oňa sallançagyň bagyny berip,ýuwunmaga gitdi.Altymyrat oguljygyny mähir bilen ogşady-da,sallançagy üwräp ardynjyrady.

–Aýýa ejem jan,çagalaryň saglygy gowumy?Men saňa bir özümi tutsam,ýaşar ýaly jaý alyp berjek diýipdim.Şony edip bilmeýänime gynanýan.Kakajan kakamyň,Tirkiş kakamyň çagalaryna-da kömek etmeli.Ýaňky matalary pullary pullary hemmesine deň-derman paýla.

–Toba essagpyrulla,jigimiň basga düşüp ýören zadyny?Ýüregiňi ele alma.Sen bizi däl,öz aladaňy et.Ýaponlardan agyr daşy alyp gaýtjak bolup Moskwada bir aýlap ýatdyň,saglygyňa zeper ýetirip.O daş seň nämäňe gerek?Ýaşlaryň aladasyny sen däl, hökümet etmeli,edýärem.

–Ştanga üýtgeşik bir zat.Ol ýaşlary özüne çekmäge kömek eder,olaryň sany artsa bolsa,ülkämiziň dünýä ýaryşlarynyň merkezine öwrüljegi ikiuçsyzdyr.

–Toba,essagpyrulla,şular saňa galypmy?Sportda,senden başga-da nan iýip,telpek göterýänler bardyr-a?

-Men-ä ony pikir etmän,sporta goşandymy goşjak bolýan,Aýýa eje.Dogry,getirjek bolup gaty kösendim,sähel eýleň-beýleňlik etseň başardaýjagam däl.Getiremsoň bolsa edil ejemi emen ýaly arkaýynlaşdym.

–Jigim,iliň aladasyny etmeli,etme diýjekgäl,ýöne onuň üçin halys öýüňden bizar bolan ýaly ylgap ýörmekligem gelişikli däl.Bolan bolsa ejem pahyram ony oňlamazdy.

–Ýogsa-da,Aýýa eje,bir haýyşym bar-diýip,Altymyrat ýerinden turdy-da,daşky eýwandan Gylyç baýyň beren içi toprakly düwünçegini alyp geljek boldy,birdenem ýaş çaganyň ýanyna beýle zady getirmegi gelşiksiz gördü-de,gaýdyp geldi-Ýaponlarda dünýeden gaýdan adam “Mazarymdan alynan bir gysym topragy ýurdumda jaýlaň”diýip wesýet edipdir,ine,şol adamyň ogly maňa kakasynyň wesýetini amala aşyrmagy haýyş edip,içi toprakly düwünçegi berip goýberdi.Aýýa eje, sen şony alyp gidip,türkmen däp-dessuryny berjaý edip,ýerläp bilmezmiň?

-Toba,essagpyrulla,jigim,maňa beýle ýumuşy buýrma,öwülýä baryp bilmen.Oba gideňde wesýeti özüňjik berjaý etseň gowy bordy.

–Gowusy men şeýdeýin-diýip,Altymyrat razylaşdy-da,ertirden bäri teleýaýlymda irginsiz gaýtalanýan Serdar,Ruhnama baradaky gepleşikleri,aýdylýan aýdymlary diňläsi gelmän öçürdi,çünki,olar şeýle bir irizýärdi welin,halys ýüregiňe düşüp,öýden çykyp gidiberesiň gelýärdi.Onsuzam bir hepde bäri dowam edýän erbet yssy argyn bedenine,saglygyna oňaýsyz täsir edýärdi...

**Seula barýan ýol.”Itiň dertli bolmasyn”.Soňky pursatlar**

--1—

Bu gije hem Altymyrat rahat ýatyp bilmedi.Soňky günler birden baş aýlanma peýda boldy,birdenem gyzdyryp-üşüdip başlady.Sowuklandyr diýse olam däl .Öz ýagdaýyny gasygynda peýda bolan çybyndan gördi.Çybyn diýlen zat agyrak bolup,dömmesi kyn geçer ekeni.Ejesi pahyr bolanlygynda oňa emel tapardy.Ýadyna düşýär,Kakajan kakasynyň boýnuna çybyn çykanda,soganyň içine kir sabyn dograp,onam gyzdyryp ýara ýapypdy,ertesi ýara ýarylypdy.Çybyn aýrylyp gitse-de,tende yzy galar ekeni.Şeýle edilýänini bilse-de,ýarasyna em etmeli bolanda ol gaty geleňsizlige salýardy.Onuň azary bolsa çekip-çydar ýaly däldi.Bularyň üstüne,öňki agşam düýşüne ýene şol gara deşikli waka giripdi.Onsoň bulam-bujar pikirler hasam köpelýär.Tebigatam ony aňan bolarly,tomsuň tüp yssysynda birden ýagyş ýagdy,häzirem damjalaryny sepeleýar.Asmanyň çytyklygy bir açylýar,bir ýapylýar,Altymyrat ýaly tukat günde galan bolmaly.Rahmanberdi aga şeýle ýagdaýda”Bular ýaly günler kalby päk adamlaram ejir çekermiş”.Hiç ýeri agyrmaýan wagty ol özüni bagtly duýupdy,sähel bir şikes tapyndygy ejir çekýär.Näme üçin kyn günüňi ýeňleder ýaly,ýagşy günlerden zat alyp bolmaýar-ka?Aý,bolýan däldir-dä...

–Nä tukat otyrsyň?-diýip,Güller Maksatjygy göterip geldi-Dünýä giňden owadan,ýöne ol sen ýanymda bolmasaň owadan bolmazdy.Şeýle dälmi ezizim?

-Belki şeýledir.

–Belki şeýledir diýme,şeýle diý.

–Bor-la,Güller jan.

–Ýok,borla däl,şeýle diý!-Güller edil basdaş ýaly jedelleşesi,öz diýenini gögerdesi gelýärdi,emma Altymyradyň hem kejirliginiň boýy ýetikd-Bol,oguljygym Maksat jan,kakaň garaja saçyndan tut.Çek oglum.çek,diýenimize däl diýjek bolsa.

–Güller,birhili ýüregim gysýa.Näme etjegimi bilemok.

–Diýýäniň näme,oglan?!

-Ejem,doganlarym ýaly menem birden ölüp gitmeli bolaýsam....

–Goýsana oglan.Beýle gürrüň etjek bolsaň men-ä ýanyňdan gitjek-diýip,Güller ýerinden turmakçy boldy.

–Diňle.Düýn lukmanlar meni barlap,Günorta Koreýada boljak ýaryşa goýbermezlik kararyna geldiler.

–Waý,enaýyda gyz,şol-a gowy bolaýypdyr.

–Menem oňa begenmänem durmadym,birhili aýagym çekenok,ýöne, geljek ýyl Amerikada geçjek Olimpiada ýaryşyna gatnaşjak bolsam Koreýa gidäýmeli.Bize nebitdagly Remezanow atly täze türgen bellenildi,ol “Alty,gideli,saňa hiç zat bolmaz,menem bir dünýä çempionyny taýýarladym diýer ýaly bolaýyn ahyryn”diýip goýanok.

–Waý,enaýy-da gyz,özüň bor diýmeseň seni äkitjek barmy diýsene.

–Ol-a dogry welin...Agramym kada gelmejek bolýar.Men şondan gorkýan,bir ýandanam çybynym.

–Beýle bolsa hasam gitme.

–Aý onda-da tälimçim Remezanow “witaminler bilen alyp çykarys”diýip göwünlik berýär.Bor diýäýdim-dä.

–Meň diýenimi etseň-ä şu ýaryşa gitme,ýalbarýan!-diýip,Güller gözüniň ýaşyny syldy.

–Goýsana,Güller jan!Saňa gözýaş gelişenog-a!-diýip,Altymyrat gelniniň ýaşyny aýasy bilen süpürdi...

Şundan soňky bolan wakalar göz-açyp ýumasy salymda bolup geçdi...

Baş türgen Remezanowyň teklibi boýunça,güýçli witamin sanjymlary bilen agramyny kada getiren Altymyrat Günorta Koreýanyň Pusam şäherinde geçirilýän halkara ýaryşa gatnaşdy.Bu ýerde ol,gasygyndaky çybyny güp ýaly çişenem bolsa, gollarynyň kuwwatyny iň soňky gezek görkezdi,ýagny birinji tapgyrda 190 kilogram göterdi-de,tekjede goýan suwundan bir owurt içdi.Suw edil awuly ýaly,içini yzarlap gitdi.Ikinji tapgyrda 200 kilogramy göterjek bolanda, erbet agyry döräp,(ol çybynym ýaryldy öýdýän diýmäge ýetişdi) ujydynyň ujundan bir zat akan ýaly boldy-da,başy aýlanyp,gözi garaňkyrap ýykyldy.Şol pursat alyp baryjy bekewül Ýung Çen Dong diýen adam ýaryşy saklady-da,derrew tiz kömegi çagyryp,Altymyradyň alynyp gidilmegini gazandy.Ýerli lukmanlar zäherlenme netijesinde böwrek işlemesini bes edipdir diýen karara geldiler.Ol şol günüň özünde watanyna gaýtmaly boldy.Aşgabada gelip,”Krasnyý Krest” keselhanasynyň böwrek bejerýän bölümine ýerleşdi.Böwregi işlemän,onuň eýýäm endamy çişip ugrapdy.Bu ýerde, Osipýan atly bir ermeni aýal lukmany Altymyradyň içen suwundan zäherlenenligi barada netijä geldi,başga bir lukmanyň aýdyşy ýaly,onuň gasygyndaky çybyn içine ýarylyp,şonuň netijesinde zeherlenme döräpdir,netijede Altymyradyň dogabitdi bir böwregi işlemesini bes edipdir.Emma oňa itergi beren başga bir sebäp hem bardy.Ony diňe Altymyradyň özi bilýärdi.

Keselhanada ýatan dördnji güni,agasy Orazberdi onuň ýanyna haşylap geldi.

–Ne boldy,Alty jan,ne boldy!?diýip,ol inisini gujaklady-da,gözüniň ýaşyny süpürdi.

–Aý agam jan,saňa”türgenim bolup ýanymda gez,meni gora” diýdim,etmediň. Aý, ondanam däldir-le,boljagydyr.Ejem janyň aýdyşy ýaly maňlaýda bardyr.

–Hany,inim,agaňa bar zady bolşy ýaly gürrüň ber.Indi sen sport ýolbaşçylaryna gerek bolmarsyň,maňa bolsa sen gerek,dogry-da walla!

-Edenim-ä,bir owurt suw içdim,olam awap,içimi yzarlap gitdi,soňam ştanga göterjek bolamda çybynym ýaryldy.Men-ä böwregiň işlemezligini agramymy kada getirjek bolup urulan güýçli-güýçli witaminlerden görýän.Muny Remezanowyň özüne aýtma welin,maňa ol wagt güýçli dermanlar däl,bedenime gowy dynç bermek gerekdi.

–Ony türgeniňe aýtmaly ekeniň-dä,dogry-da walla.

–Aýtmadym,çekindim,nebsim agyrdy.Türgen bolup başlan ilkinji günlerinden çempion ýetişdirerin diýip öz öňünde goýan maksadynyň puç bolmagyny islemedim. Aý,boljagydyr-la,bi.Çaryýar kakam on sekiz ýaşda näumytlykda,heniz öýlenmänkä,ötegçi ýaly bolup, böwrekden gitmedimi?Çagalara ylym-bilim beren,köpümiziň ylym atasy saýylan Tirkiş kakam kyrk ýaşynda gitmedimi?Goly dertlä derman bolup,ömri sogaba ýugrulan,neresse çaga ýaly Kakajan kakam 27 ýaşda gitmedimi?Ömrüni kolhoz malynyň birini iki etjek bolup,çölden-çöle selpäp gezen aýlowsyz Ýolaman kakam gitmedimi? Dokuz çagany dünýä inderip,keşiklerini çekip,olaryň hözürini görmeli bolanda gözden gaýyp bolan,obanyň gelşigi,ömri ala-ýaz ýaly Ejem jan gitmedimi?

-Hany,inim,beýle gürrüňleri goýaly-la,dogry-da walla.Indi nätmeli,şonuň aladasyny edeli.

-Agam jan,indi alada gutarandyr.

–Inim,beý diýme,dogruda walla.Men lukman bilen gepleşdim,ol diňe böwregi çalyşmaly diýýär.Ony çalyşjak bolsaňam oturdyljak böwregiň togsan göterim häsiýeti oturdylýanyň beden gurluşyna,häsiýetine gabat gelmelimiş.Izrail döwletinde oturdyljak böwregiň bedeni kabul etme takyklygy 65-75 göterime deň bolup,işiň bahasy 160 müň dollara barabar,ABŞ-da,Hindistanda 55-65 göterime deň bolup,140 müň dollar,Moskwada 35-40 göterime deň bolup,25 müň dollara barabar diýýärler.Ýokarda agzalan döwletleriň Moskwadan we Türklerden öňňesinde heniz Türkmenistanyň ilçihanasy ýok,onsoň biz diňe soňky iki döwleti saýlamaly bolýarys.

–Onda agam jan,nädeli diýsene?Maňlaýy ilki türklere diräli,soňunam görübereris-diýdi-de,giden halkyň garamatyny gerdeninde göteren gerçek,türkmen kanagaty,türkmen geçirimliligi bilen,ýorganyna görä aýagyny uzadyp ýaşaberdi.

Ýaşap,ne ýaşamak diýsene.Böwrek işlemänsoň siýdik gana geçýär,olam endamyňy awundyryp urundyrýar.Aýyň 27-sinden 28-ne geçilýän gije,ýürek işlemesini bes edip ugranda,ony Nyýazow adyndaky keselhana äkidip,şol ýerde bar bolan guralyň kömegi bilen ganyny arassalap,ýene yzyna getirdiler.Ony äkidip durman,şol keselhananyň özünde ýerleşdirjek bolup,Orazberdiniň eden tagallalary başa barmady.Onsoň ol obadan tapanja puluny ýygnap,birki malyny satyp,resminama kagyzlaryny tükelläp,Altymyrady türklere, Ankara şäherine alyp gitdi.Olar uçardan düşen batlaryna, Türkmenistanyň Ankaradaky ilçisi mähirli garşylap,Altymyradyň goltugyna girip,özüniň gulluk maşynyna mündürdi-de,"Sag-aman gelen bolsaňyz bolýar.Ýanyňyz bilen watanyň howasyny hem getirdiňiz"diýip,olary ilçihananyň jaýyna alyp bardy.Orazberdi ilçihananyň işgärinden beýle hoşamaýlyga,beýle mähire garaşmandy,ol diňe "Sag boluň,ýaşuly,sag boluň"diýmäni bilýärdi,ýogsam olaryň Ankara gelýänligini özlerinden başga bilýän ýokdy ahyryn.Emma hormatly ilçi bir ýerden eşidip,olaryň öňlerinden ýörüte çykypdyr.Bu Orazberdiniň öňde-soňda gören-eşiden zady däldi.

–Siz häzir çaý-kofe içiň,onýança keselhana ýerleşdirmegiň aladasy edeýin-diýip,ýüzi nurly ilçi oňa-muňa jaň etdi,işi bitirdim edensoňam,telefony ýerinde goýdy-da-
-Ata baba aýdyşlaryna görä çyn zatlar ömürlik galarmyş .Alty jan,sen türkmeni ilkinji bolup dünýä tanadan şol çyn ogullaryň biri.Çyn zatdan biri galmaly bolsa,seniň adyňam,özüňem müdümilik galarsyň.Sebäp sen şu gysga ömrüňde,başga biriniň ýüzlerçe ýylda edip bilmejek işini etdiň.Seniň dok wagtyňdan aç wagtyň köp boldy,ýöne sen dok bolub-a döşüňe kakmadyň,aç boluban eliňi sermediň, ýogsam, hantamaçylyga suwsan ýalançynyň pyssy-pyjurlygy seni sylamady.Her zat etselerem sen ýan bermediň.Seniň watansöýüjiligiňi hiç zada deňär ýaly däl,million dollar pul berselerem watanyň hyzmatyndan gaýtmadyň.Ýaňy Naum Süleýman ogly jaň edip "Ene dilde geplemegem,milli lybas geýmegem türkmendigiňi görkezýär,türkmen dilinde beýleki halklaram gürläp bilýär,ýöne,Altymyradyň türkmendigini subut edýän esasy aýratynlygy öz topragyna,eziz watanyna bolan çäksiz söýgüsidir.Ol ony hiç zat bilen çalyşmaýar"diýdi.Ol dogry aýdýar.Sen watanyň öňündäki borjuňy ene-ataň öňündäki borja deňeýärsiň.Mundan ýokarda zat ýok.-diýip,Nurmuhammet sözüne dyngy berdi-de,goşaryndaky sagada seredip,sözüni dowam etdi- Häzir keselhanadan gelerler, ýerleşdirerler,hiç zadyň gaýgysyny etmäň.Men elimden gelen kömegi,dil,pul gaýraky kömekleri gaýgyrmaryn,bejergi alýançaňam türgen agaň meniň öýümde ýaşar. Nähili görýärsiňiz?

-Sagja boluň,agam jan,bizi sylany alla sylar.Dogrusy,bokurdagym dolup,näme diýjegimi hem bilemok men-ä.Siziň hoşamaýlygyňyzy görüp, edil öz öýüme gelen ýaly boldum, taňryýalkasyn!-diýip,Altymyrat ysgynsyz seslendi.

–Sag boluň,agam! Ankara gelip,dünýäde gowy adamlaryň barlygyna begenip,aňyrsyna çykyp bilemok.Özüm barada welin...Onuň haýsy birine ýanyp,haýsy birine köýjegimi bilemok.Gel,şu gürrüňi goýaly-la.Dogruda walla-diýip,Orazberdi janykdy.

Keselhanadan gelen lukmanlar Altymyrady göterip,maşyna mündürmek üçin nosilka saldylar.Nosilkanyň bir tarapyny Nurmuhammet göterdi,beýleki tarapyny bolsa salam berip ýetip gelen Naum Süleýman ogly Orazberdiniň elinden aldy.Ol “Alty jan,men saňa Türklere gideli diýip kän ýalbardym,etmediň.Indi puluň bolmasa ýüzüňe seretmezler” diýip, başyny ýaýkady-da,münüp gelen maşynyny ilçihananyň agzynda goýup, çykdajylary öz boýnuna alyp,Altymyrat bilen keselhana gitdi,Nurmuhammet bolsa Orazberdini ýanyna alyp, ilki ýaşaýan jaýyny görkezdi,azaşaýan ýagdaýynda öýi aňsat tapar ýaly telefony,öý salgysy ýazylan kagyzjygy berdi.Soň olaram Altymyradyň yzyndan gitdiler.

Ilçiniň ýardamy bilen keselhananyň ähli lukmanlary,Altymyradyň ýagdaýyny barlap,iki günde netije çykardylar,ýagny,böwregi çalyşmaly,ýöne ony diňe kesselliniň ýakyn garyndaşlaryndan alyp çalyşyp bolýar diýdiler.Bu habary eşiden Orazberdi öýlerine gaýdyp,dogan-garyndaşlaryny ýygnap maslahat etmegi makul bildi.Her gün diýen ýaly Altymyradyň ýanynda bolýan Naum bolsa ”Böwrek çalyşmanyň ähli çykdajysyny men boýnuma alýan,sen git-de,çalt yzyňa dolanjak bol”diýip,ep-eslije puly Orazberdiniň eline tutdyrdy.Soň Nurmuhammet ikisi uçar menziline gelip, ugradyp hem goýberdiler...

Orazberdi öýlerine gelip ähli-dogan-garndaşlaryny ýygnady we ýagdaýy gürrüň berdi,şeýle-şeýle,”erkek göbekliden haýsyň böwregini bermekçi bolsa aýdyp otursyn” diýdi.Emma hiç kimden ses-seda çykmady.Orazberdi”Bäşim,senböregiňi berseň Alty gowy bolýar”diýip degişdi,emma ol”Berjekgäl”diýip kesgitli jogap gaýtardy.Onsoň ol “Maňa az-owlak pul kömegini ediň,türklere gidip,Altymyrada bir böwregimi berjek” diýip,ýol şaýyny tutdy.Aşgabatdaky uçar menziline barýarka Altymyrada sereden ermeni lukman aýal gabat geldi.Ol ýagdaýlary sorady,jogaby eşidibem şeýle diýdi.”Men saňa bir maslahat berjek,diňleseň!Dünýä tejribesinde başga böwrek goýulan beden ony kabul edenok,kesekiniň böwregini alanok.Dünýäde başga böwrek göterýän adamyň iň köp ýaşany Amerikada ýigrimi,Daşkentde on ýyldyr.Biziň şertimizde beýle adam bir-iki ýyl ýaşar,sebäbi, böwrekdäki togsan häsiýet birek-birege gabat gelmeli,ony bolsa tapyp bolanok.Eger sen böwregiňi Alta berseň,ol bary-ýogy bäş-alty aý ýaşar,soň özüň hem keselli bolup galarsyň.Galanynam özüň çöz!”.

Şonda-da,Orazberdi “bir dogan-bir dogranlaryny” edip,böwregini bermäge Ankara gitdi.Ol ýerde hem uzak barlaglardan soň ýaňky ermeni lukmanyň aýdanlaryny gaýtaladylar.Ine, onsoň ilçiniň üsti bilen Moskwa çykyp,böwrek çalyşmak üçin nobada durmagy dogry tapdylar.Orazberdiniň ”Men seni Moskwa alyp gideýin.Bagtymyzy şol ýerde synaly”diýmegi bilen Altymyrat hem razylaşdy.

Şeýlelikde,nosilkanyň bir gapdalyny ilçi,bir gapdalyny Naum Süleýmanow tutup,Altymyrady keselhanadan çykaryp,uçar menziline getirdiler,”Nähili kömek gerek bolsa habar edäýgin”diýibem ugratdylar...

Altymyrat awgust aýynyň 31-ne Ankaradan öýüne gaýdyp geldi.Indi ony,öz ýakynlaryndan başga garşylaýanam ýokdy.Halkyň at-abraýyny,şan-şöhratyny asmana göteren gerçek,türkmen kanahaty,türkmen geçirimliligi bilen ýowuz keseliň ejirini çekip,öýünde iki hepde bolmaly boldy.Keselli bolsaňam iki hepde däl,bir sagadyňy aýt...
-

Olar uçar mümkünçiligine görä Moskwa bardylar.Garaşsyz ülkäniň her bir adamsy ilkinji nobatda özüniň gelendigini belletmek üçin Moskwada ýerleşýän Türkmenistanyň ilçihsanasyna barmalydy.Olar şeýle hem etdiler,sentýabr aýynyň on bäşinde,aýazlyja agşam ilçihananyň gapysyny kakdylar.Olardan başga-da, iş sapary bilen gelen ýene iki adam bardy.Oňat,ilçi Nurgylyjow hem bar ekeni.Ol ilki sapara gelenleriň resmi kagyzlaryna seredip,myhmanhana ýerleşdirdi,soň Orazberdiniň arzyny diňläp,ata-watanynyň ogullaryny güler ýüz bilen garşylamagyň deregin, ýüzüni çytyp,arkan gaýşyp:”Näme üçin bu ýere geldiňiz?Başga myhmanhana ýokmy?Men diňe iş bilen gelenleri kabul edýän,kesel bejertjekler kömegi başga ýerden gözlesinler”diýip, gatyrgandy,gygyrdy. Orazberdiniň:”Keselhana birki gün garaş diýensoň, Sizi arka tutunyp,inimi alyp geldim”diýmesine,”Bolanda näme Altymyrat!Bolanda näme dünýä çemiony?Men-de ýer ýok”diýip,gapyny içinden ýapdy.Orazberdiniň:”Men çykgynsyz güne düşüp geldim.Daşary ýurtda öz raýatyna gönüden-göni goldaw bermeli halyňa,biziň ýüzümizi almaň näme?Hany seniň gulluk,watançykyk borjuň?”diýmesine gulak hem asmady.Orazberdi Türkdäki türkmen ilçisiniň özüni garşylaýşyny ýatlady.Onda öz öýüňe gelen ýaly garşylandy,Moskwada bolsa türkmene howandarlyk etmeli adamynyň adamkärçiliksiz hereketi ýüregine çüý bolup çümdi.Dogrusy,beýle ýaramaz,wyjdansyz adamy saýlaň diýseler, Türkmenistanda başga tapylmazlygam mümkündi.Ine,onsoň,gaharyny ýatyryp,dilini dişlän Orazberdi,çigrek howada,gapynyň agzynda çugutdyryp,üşäp,galpyldap oturan Altymyradyň üstüne egnindäki paltosyny atdy-da:”Gaýrat et,inim,men häzir Aşgabat bilen gepleşip geleýin”diýip,nirädir bir ýerlere,aragatnaşyk nokadyny gözläp gitdi.Ýogsam,rugsat berilenliginde, ilçihanadan Türkmenistanyň ähli künjegine jaň etse bolýardy ahyryn.Ol taksili gidip,aragatnaşyk menzilinden Türkmenistanyň sport komitetiniň başlygyna jaň etdi,ýagdaýlary gürrüň berdi,kömek etmegini sorady.Şeýdip,yzyna gaýdyp gelse,Nurgylyjow ýerinde ýok.Dynç almaga gidenmişin.Ertesi sagat onlarda işe gelen ilçi,degerli adamlaryň jaňyndan soň,”Öň aýdaýmal-a!Tanamadyk sylamaz diýipdirler, düşünmändirin” diýen bolup, ýallaklap,bialaç ýagdaýda ilçihananyň myhmanhanasyna olary kabul etdi.Uzakly gijäni sowuk howada,daşarda geçiren,onsuzam, böwreginden ejir çekýän Altymyradyň ýagdaýy hasam agyrlaşdy.Çagyrylyp getirilen “Tiz kömek”lukmany kesellini barlap,böwrek goýýan keselhananyň baş lukmanyna jaň etdi-de,ýagdaýyň agyrlygyny,häziriň özünde keselhana ýerleşdirilmese bolmajagyny aýtdy,onuň razylygyny bilenem,Altymyrady keselhana alyp gitdi.Ilçihanada bary-ýogy dört sagat bolup,indem inisini keselhana alyp barýan Orazberdi Nurgylyjowyň eden “kömegine” minnetdarlyk bildirip,”Türkmende goýnam öz aýagyndan asýarlar geçinem”diýilýändir,şony ýadyňdan çykarma.Öz ekeniňi alarsyň,edeniňem çekersiň”diýdi...

Orazberdi muny bilmän aýtmaýardy.Ol söwda işgäri Nyýazgylyç Nurgylyjowyň pesligini,pisligini, bähbidi üçin bigünä adamy türmä salmaga taýyndygyny,baryp ýatan gözboýagçydygyny öňem azda-kände eşidipdi,oňa”Ondan häzir bolgun,aýdan gepinden dänmäni hiç zatça görýän däldir, maýdaçyldyr,syrty görnüp dursa-da,mekirlige ýüz urýandyr, töhmetçildir” diýipdiler.Ýöne, ilçi adyny göterýän, uly wezipäni eýeleýän adamy beýle pes derejede görmegi onuň üçin örän agyr urgy bolupdy.Beýle adam ýaramaz hereketleri üçin hökman göz görmelidi,sebäbi özüniň edip biläýjek,eýeleýän wezipesi boýunça etmäge borçly işini bitirmeýän doňýürekler öňde-soňda göz

göräýmelidi.Ol tebigatyň kanunydy.Durmuşda hasapsyz zat ýokdy.Orazberdi “edeniňi çekersiň”diýende hut şulary göz öňünde tutupdy....

(Şu ýerde,Orazberdiniň sözüniň dogrylygyny subut edýän bir habary getirmekçi bolýarys.2004-nji ýylyň 30-njy noýabrynda Türkmen gazet-jurnallarynda Prezidentiň permany peýda boldy,onda “Hyýanatçylykly etmişleri üçin Türkmenistanyň Belgiýa döwletindäki adatdan daşary hem ygtyýarly ilçisi N.Nurgylyjowyň işinden boşadylyp,diplomat derejesinden,alan baýrak-serpaýlaryndan,diplomatlara berilýän döwlet ýeňilliklerinden mahrum edilýänligi,Aşgabatdan öz obasyna mejbury ýagdaýda göçürilýänligi” aýdylýardy.Onuň öz obasynda hem abraýy bolmanlygy üçin, öýünden çykyp bilmän,eli hasaly bir garry adama öwrülipmişin.Orazberdi öňde-soňda şeýle habary eşitjegine ynanýardy,hat-da bu berilen jezadan has mojugragy berler öýdüp garaşýardy.Her zadam bolsa geçirimli Alla ýene onuň özi bilen deň bolmandyr,ýöne edenini çekýänligi welin köre hasadyr...)

Orazberdini böwrek keselhanasynda Altymyradyň ýanynda ýerleşdirdiler. Altymyrady gowy barlagdan geçiren lukman Orazberdini çagyryp şeýle diýdi.”Biz çempion ýigidi barlagdan geçirdik,etmeli işleri anykladyk.Indi iniňiziň bedenine gabat gelýän böwrek tapmaly.Onuň üçin böwrege edilýän esasy talaplarymyzy şäherlere ugratdyk.Ol haçan tapylar,kesgitlemek mümkin däl,belki bir aýdan,belki bir ýyldan,belki ondanam köp wagt gerek bolar,bilmedim,sebäbi,alynjak böwrek iniň ýaşyna,häsiýetine,gan düzümine,endigine we ýene şular ýaly togsan görkezijisine gabat gelýän biri ölmeli,bizem onuň böwregini goýmaly.Bize diňe garaşaýmak galýar.Indi seniň etmeli işiň barada.Keselhanamyz tölegli .Şu günden başlap bir aýyň dowamynda 25 müň dollar geçirmeli,düýn onuň 2,5 müň dollary Türkmenistanyň sport miistrliginden gelip gowuşdy.Indi siz,galan 22,5 müň dollary getirmäniň aladasyny etmeli.Dogry,hemme lukman böwregi aýryp-goýup hem bilenok,bilýänleriň bahasy bolsa çökder.Biz maslahatlaşyp dünýä çempiony adyny alan gerçek üçin iň pes muzdyň tölenmeginiň aladasyny etdik...”

Orazberdi ol ýerden inisiniň ýanyna geldi.Altymyrat eýýäm böwrek çalyşmanyň syrlaryny ýanynda ýatan dagystanly bir keselliden eşidipdi. Oňky bir betbagtlygyň üsti bilen bagtly boljak bolma ýaly bir zat bolýardy,ýagny, edil özi ýaly ýaş,edenli, daýanykly,syratly ýigit şäherdir obalaryň birinde aýlanyp ýörkä,olam kölegesi ýaly onuň yzyna düşüp, haçan ýol hadysasyna gabat geler diýip garaşyp ýörene meňzeýärdi, garaz,arkaýyn gezýän adamynyň ölümini gönüden göni dilemese-de,şondan enaýy bolmadyk,öz eli bilen adam öldüren ýaly bir zat bolýady.Ol-a ölmeli,olam onuň böwregini alyp diri gezmeli.Ýok,beýle hereket onuň durmuş düşünjesine düýbünden ters gelýärdi.Garynjany ynjytmany halamaýanam kimdir biriniň ölümini diläp bilermi?Ondan-a,şu abraýy bilen ölüp gideni ýagşy bolaýmasa...

–Meniň şan-şöhrata,uly abraýa beslenen inim,gaýgy etme,ähli zat düzeler,dogruda walla-diýip,Orazberdi ýüzüni sallap oturan Altymyradyň gapdalynda çökdi.

–Abraý öz abraýy bilen özüni goramaly dälmidir,agam jan?Nähili abraýymyň bardygyny ilçihanada göz ýetirdim.

–Aý,olar ýaly,garny doýsa-da gözi doýmadyk haramzadaň özgä nepagaty degmez.Gözi dagy nähili,goňurjamyzyňka meňzäp dur.

–Ýok,agam jan,men onuň gürrüňini edemok,men her bir türkmen ömürlik buýsanyp gezer ýaly abraý gazanyp bilmedimmikäm diýýärin.Seniň üstünligiň şol ilçi ýaly iň bir biabraýlara-da gürrüň etmäge ýer goýmasyn diýjek bolýan.

–Gaýgy etme,enşalla,entejik sen özüňi görkezersiň,dogruda walla.Ýöne men adamlaryň şol ilçi ýaly aşa perwaýsyz bolmaklaryna düşünip bilemok.Özüňe etmejek zadyňy ile etmeli däldir-ä?Ir-u-giç bendesine ýaman garan belasyna sataşar.

–Agam jan, aramyzda gowy adamlar kän-diýip,Altymyrat gapdalynda ýatan köp sanly gazet-jurnallara tarap başyny atdy-Nebitdagly,Maryly janköýerlerim meniň saglygym barada gyzyklanyp,gazede sorag ýollapdyrlar oňa bolsa bedenterbiýe we sport ministri Annaýew jogap beripdir,ýagny ol:”Altymyrat Moskwanyň böwrek çalyşýan institudyna iberilenligi üçin onuň 1996-njy ýylda ABŞ-nyň Atlanta şäherinde geçiriljek Olimpiýa oýunlaryna gatnaşyp gatnaşmazlygy baradaky meseläni ikinji orna goýup,indi biz onuň başdan geçirjek böwrek çalyşmasynyň şowly bolaryna bil baglaýarys” diýipdir. Görýäňmi, minisrtiň özi jogap beripdir.

–Inim,men sähel ýaramasaň seni idejek,ýakynlaryňdan başga aladaňy etjek ýok diýjek bolýan,dogruda walla.Urugbaýda bolan bir ýaryşda baş emin belli futbolçy Peläni meýdançadan çykarypdyr,adatça şeýle ýagdaýda ýerli janköýerler heşelle kakmaly, emma olar gazaba münüp,Peläniň gaýtadan yzyna getirilmegini gazanypdyrlar.Bizde şeýle,seň aladaňy etjek adalatly janköýerler azlyk edýär diýjek bolýan.Biziňki”Ojak başym sag bolsun,jümle-jahan sil alsyn”diýleni bolýar.Ýeri bolýa,ýaňramany goýaly,dogryda walla.Indiki maslahat!?

-Indikiň näme agam jan,öýe gidip serişde ýygnarsyň.Böwrek mugt çalyşylmaýar ahyr.

–Inim,diliň siňňildili ýaly-la,dogryda walla.Öýe gidip geleýin,böwregiňi çalyşsynlar,onsoň senem baldyrlaryň küýze ýaly,bilekleriň digir ýaly,ýagyrnyňy aştagta ýaly,garnyňy gapak ýaly edip ýene ýaryşa çykarsyň,dogryda walla..

–Agam jan,garnym hiç mahalam gapak ýaly bolan däldir,bolmazam.Ýöne... Aý, bolýala diýip ol sakyndy.Ol “Maňa indi böwrek çalyşsamam peýdasy degmez,gowusy azaryny çekip,sanalgym dolýança gezibereýin”diýmekçi boldy,Rahmanberdi aganyň”Geňeşseň köp bilen geňeş,syryňy bir bilen sözleş”diýenine eýermekçi boldy,birdenem öýe gaýtmakçy bolýan agasynyň keýpini bozasy gelmän,dilini dişledi-de-Agam jan,gitseň Maksat jana alan maşynymy eltip ber,gelnime,dogan-garyndaşlaryma salam aýt,”ol gül ýaly ýaşaýar,tut ýaly sagat”diý!-diýdi...

Orazberdi şol gün uçar bilen Aşgabada gaýtdy.Gelşine-de,”Dinamo”sport klubynyň başlygy Mämmedowy öňüne salyp,içeri işler ministri Kasymowyň huzuryna bardy.Mämmedow diňe özüni kabul edýänligi üçin,Orazberdä garaş diýdi-de,jaýa girdi.Ep-esli wagtdan soň çykdy-da ol, ähli zat ýerbe-ýer,pulam tapylýar,beýlekem diýip,Orazberdini begendirdi.Hoş söze monça bolan Orazberdi bir hepde garaşdy,iki hepde garaşdy,netije ýok.Mämmedow bir ýere sapara gidipdir,ministrem kabul edenok.Onsoň şol wagt sport ugurlaryna gözegçilik edýän Türkmenistanyň ministrler kabinetiniň orunbasary Orazgeldi Aýdogdyýewiň ýanyna barmak üçin nobada ýazyldy.Bir hepdeläp çekilen horluklardan,kynçylyklardan soň.ahyrym Aýdogdyýew ony kabul etdi.”Siz saglygy saklaýyş ministriniň ýanyna göni baryň,men jaň etdim.Meseläni şol ýerde edil çöp döwen ýaly ederler.Türkmeniň abraýyny asmana göteren Altymyrada kömek etmesek bolmaz-a,ol biziň borjumyz-a”diýip,agzynda aş gatyklap,gülüm-ýalym edip,Orazberdini ynandyryp,ugradyp goýberdi.Çäreden çärä gatnaýan saglyk ministri Çary Taganowyň ýanyna üçünji gün baryp,arzyny aýtmak Orazberdä başartdy.Öň söwda işgäri bolan Çary,Orazberdiniň “bary-ýogy iki-üç gün galdy,şoňa çenli pul geçirmesem Altymyrady keselhanadan çykarýarlar,kömek ediň “diýen ýalbarmasyny diňledi-de:”Onça puly nireden tapaýyn?Ony Aýdagdyýew boýnuna

almadyk bolsa men nädeýin?Kesellän seň iniň,puly özüňiz tapmasaňyz biz nädeli?Ýöne,hany,synanyp bir göreýin"diýip,gözlerini oýnakladyp,gümmi-sümmi etdi-de,ugradan bolan bolup,boş sözleri bilen Orazberdini jaýyndan çykaryp goýberdi.Paltasy daşa degen Orazberdi ýene öňki hereketlerini gaýtalady,gaýtadan ilkinji baran ýerine bardy,emma hiç hili netije çykmady.Futbol pökgüsi ýaly,ondan-oňa "depip",boş sözler bilen gaýtaryp durlar.

Ol"Berimsiz baýlara barandan keremli daglara baryny"edip,nätjegini bilmän baýra çykdy,oturdy,oturdy,öz-özünden zeýrenip aglady."Wah,Rahmanberdi aga" geçiň ýüz,sözüň düz,geçiň üç sözüň puç"diýip,ýönelige aýtmaýar ekeni"diýip,başyny ýaýkady.Onda-da,näme,aglap oturanyň bilen iş bitenok,hereket etmeseň bereket ýok,onsoň "Şunda-ha adamkärçylyk ysy bar bolsa gerek" diýip,sport ministri Durdymuhammet Annaýewiň ýanyna bardy: "Ýagdaýlar şeýle-şeýle,birek-birege salýarlar,mesele çözülenok,nätmeli?Wagt bolsa geçip dur,kömek edýänem ýok!"diýip,aglady.Durumsyzdan dözümsiz ministr eýläk-beýläk jaň edip,bir sagat wagtyny sarp etdi,eglendi,bolmajagyny bilip,ahyrym, Türkmenistanyň daşary işler Ministrine jaň etdi,ýagdaýlary düşündirdi,kömek sorady.Ministr şol günüň özünde keselhana on müň dollary geçirmegi wada berip,Orazberdiniň ýüküni azajyk hem bolsa ýeňletdi..

.(Ol hakykatdanam pul geçiren ekeni,ýöne Orazberdi ony Niýazowyň janyna kast edilme wakasy döwründe bilip galdy.Bir gün arkaýyn otyrka onuň öýüne bäş-alty adam gelip, sygyr ýatagyň içini dörjeläp,basylgy bedeleri uzyn simleri bilen syhlap agdar-düňder etdiler.Keýpden çykanlaryndan soň öýüň içini,agajyny goparyp düşegiň aşaklaryny,ýorganlaryň arasyny barladylar.Näme gözleýänlerinem aýdanoklar. Ahyrym,öýden-daşardan zat tapman,olaryň biri on müň dollar geçirilen hasaplaşyk resminamany Orazberdiniň öňüne taşlady-da:"Ine,ministriň Altymyradyň böwregini çalyşmak üçin keselhana geçiren resmi kagyzy.Beýle uly kömek eden adamyny Siz hökman öýüňizde gizläp saklaýan bolmaly"diýip,gyssap ugrady.Emma Orazberdi ol-a gizlemek ekeni,ol adamy ömründe bir gezegem görmändigini özelenip aýdansoň,olar "Eger ol geläýse,şobada özlerine habar bermegi,habar berilmese,başynyň ölümli,malynyň talaňly boljagyny duýduryp,dil hat aldylarda gitdiler.Orazberdi bu wakany häzirem gorkman ýatlap bilenokdy...)

-Ministr boýnuna aldy,indi pul geçer-diýip,Annaýew Orazberdini arkaýyn etdi-Sen zady pikir etme,hemme zat gül ýaly bolar,iniň gaýdyp ýene sporta dolanar.Lukmanlar işine ökdelediler.Angliýada ýaşaýan Stiwen diýen adam täzeden dünýä indi diýseňem boljak.Lukmanlar birbada onuň içki agzalarynyň altysyny(şolaryň arasynda bagyr,böwrek,aşgazan hem bar) çalşypdyrlar,şondada ölmän gezip ýörmüş.Alty hem gowy bolar,gaýgy etme...

Orazberdi ministriň hoşniýetli sözlerini diňländen soň, oba gaýtdy,sygyrlarynyň birinden öňňesini satdy,boýnuna torba asyp gedaýçylyk etmese-de,garaz, öýme-öý diýen ýaly aýlanyp,oba adamlaryndan,dogan-garyndaşlaryndan pul ýygnady.Onuň möçberi üç müň dollardan sähelçe geçdi. Bary bilen bazar eýläp gaýtmakçy bolup durka-da,iti goňurjasyny maşyn basdy.Alada köküni edibem ony aýak üstüne galdyrdy.Inisi Bäşim "Ýa,senem Oraz kaka,bir it üçin ser-sepil bolup ýörsüň.Munyň ýaly gaýyň aýagyňy basan ýeriňdenem taparsyň-a"diýýär,emma ol"Heý,Bäşşim,Bäşşim,goňurjam meni ölümden gutard-a,çakjak bolan ýylany dişläp aýyrdy.Itimi gowy görýändirin,ýadyňdan çykarma!"diýdi.Soň sygyry kesel tapyndy,garaz,eýdip-beýdip bir aýdan soň Altymyradyň ýanyna Moskwa bardy.

–Agam jan,işikdäki erikler,baglar nähili?-diýip,salam-helikden soň Altymyrat sorady.

–Ejem öldi,olaram gurady,zeý aldy,zeý.Zeýle ýere nar ekmeli diýýärler.

–Üzüm gowy hasyl berdimi?

-Şu ýyl-a ugry bolmady.Suw bolmady,sowuk aldy,dogruda walla.

–Guýydan suwaryp bolar-a,agam jan?

-Guýymyz ajady.Ony eşegem içmediksirän bolýa.

–Sygyrlaryň nähili?

-Birinden öňňesini satdym,dogruda walla-diýip, satanyna ökünýän ýaly äheňde jogap berdi.

–Agam jan,sygyrsyz gün aýlap bolmaz diýýädiň-le?

-Hädeýin,zerurdan zerury bar.Saňa pul gerek.Aý,onsoňam mal saklamak kynlaşdy,öri ýok,ot ýok.

–Melburna gideli diýenimde sygryňy satyp giden bolsaň,men beýle güne düşmeli däldim,agam jan.Men ilki sende,Soň Abramýanda,soň ýene sende,senden soň Baýmyrat Hangurbanda,iň soňunda-da Remezanowda türgenleşik geçdim.Şolaryň içinde seniň we Baýmyradyň iş alyp baryşy maňa ýarady.Ýöne,köplük pohlyk diýleni,her türgen özüçe türgenleşdirýär.Olar üçin synag meýdanyna öwrüldim.Meni şu güne düşüren türgen çalşygy diýip hasap edýärin.Meselem, çempion ýetişdirdim diýen ady aljak bolýan Remezanow güýçli sanjymlar bilen agramymy gerekli derejä ýetirdi,olam böwrege täsir eden bolmaly,belki içen suwumyň täsiri ýetendir,bilmedim.Onuň üçin özüm günäkär,sanjym gerek däl diýmändirin,suwy içmeli däldim.Indem,ynha,serişdesiz kösenýäs.Maşynymy satmaly ekeniň,agam jan?!

–Bäşime alyjy tap diýip tabşyryp gaýtdym.Ýogsa-da, ýaponlardan getiren ştangaňa alyjy bar.Sataýsak nädýä?

-Ol Gylyç kakamyň sowgady,onsaňam ony agyr atletika merkezinde ýaşlar türgenleşsin diýip goýdum.Bu ugra gyzyklanýan ýaşlaryň sany artsa,maňa şondan uly bagt ýok.

–Inim,seňki "Geç-ä jan gaýgy,gassaba ýag"diýleni bolýar,dogryda walla.Saglygyň barada gürrüň gidende...

–Ýok!-diýip,Altymyrat agasynyň sözüni böldi-Aýtjak bolýanyňa düşünýän,ýöne men ony islämok-Ol gatyrak gidip,agasynyň sözüni gödek bölenine gynanýan ýaly gepiň ugruny üýtgetdi–Tyrry kakam meni soradymy?

-Asyl,haçan maňa meskewden bir ors mätişge getirer diýip,süňňi ýeňlän ýaly gözi ýolda. Rahmanberdi aga salam aýtdy.Ol oglunyň ryskyny aýrypdyr.Hötjetligi ýetik Annaberdi agaň bir ogly öýlendi,Annaberdi mollumyň salgytda işleýän agtygy paýtagta işe çekildi,Garýagdy Hojaguluynyň körpe gyzy gaýraky oba durmuşa çykdy,özem ony arçynlaryň münýän lekgewoýyna ýükläp alyp gitdiler.Begjan molla toý-tomguda saz çalmasyny ýygjamladypdyr,indi oňa "Akly çaşan"diýýärler.Obamyz ikä bölünip bir bölegine Azym,beýleki bölegine Atamyrat arçyn boldy,Myrat Çary bolsa daýyň Amanmuhammet Nepesiň "Hanhowuza eýe gerek"diýip,ýazyp-ýazyp,täzelikde açdyran etrabyna häkim boldy.Aýdara goýara başgada zat kän.Şol bir gören obaňdyr-da!

-Beý diýme agam jan.Maňa obamyň gündogardan günbatara uzaýan iki gyrasy baga bürenen köçeleri,günortadaky çäge depeleri,onda otlaşyp ýören sygyrlar,bölek-bölek dowarlar,ýany nanhaltaly,güjükli çagalar bularyň bary gyzykly.Çig kerpiçden galdyrylan pessejik jaýda ejem bilen ýatansyň welin,ilerden geçýän otlynyň şakyrdyk-şakyrdygy seni hüwdülär,ýaňy irkilersiň sygrymyzyň ýaşajyk gölesini ýalandaky hamrak sesi

oýadar.Şonda menem ejemi gujaklap ýatyp galýan.Käte işigimizdäki ýasy ýaprakly şatutda saýraýan bilbiliň sesinden doýup bilmersiň,Dünýäde beýle ajaýyp,ýakymly mukam başga bardyr öýdmersiň.Şeýle bir...

-Hany,sen aýt,ýagdaýyň nähili?-diýip,Orazberdi onuň sözüniň arasyny böldi.

-Agam jan,ýagdaýym suwda kädi münen ýaly.

–Alty,beý diýmesene,gündelik edilýän sansyz sanjymlary görüp duryn ahyr.Günaşa bir eliňden gan alyp,peşewden arassalanan ganyňy beýleki eliňe goýbermekligiň özi çydar ýaly däl.Al,gelnejeň süýtli nan iberdi,iýip otyr.

–Sagja bol,iýen ýaly göräý,işdäm ýok,agam jan.

–"Aşdan uly bolan Alladan daş bolar" diýleni,dogryda walla.Al,iý!

Altymyrat agasynyň göwni üçin tamşanan boldy.Urulýan çökder sanjymlar onuň işdäsini ýakana meňzeýärdi.

–Agam jan,çagalaryň agzyndan kesip pul getiripsiň.Ony etmeli däl ekeniň.Men eýdip-beýdip günümi görerdim-dä.Ukrainadan Sawçenko az-owlak pul ýollapdyr,türkiýeden Naum Süleýman iki müň dollar iberipdir,ýene ýollajak diýýär.Lukman bilen gepleşip,ýagdaýymy düşündirdim,haýyş etdim,ýalbardym.Ol umumy bahadan bäş müň dollary aýyrdy.Seniň getiren pullaryň bilen ýigrimi müňe golaýlaşdy. Galanynam,näme görübermeli bolarda.Keselhana bergi meselesi aradan aýrylmasa çüý ýaly böwrüňe dürtülip dur....

Dogrudanam,häzir onuň ömri haýsydyr bir tapylmaly pula baglanypdy,pul tapylsa ýaşajak,tapylmasa ölüp gitjek.Adam ömrüniň bahasynyň beýle pese gaçanyna gynanýarsyň.Birine kömek etseň,özüň hem şol kömegi alyp biljegiňi bilmeli.Şeýle jemgiýete kämil diýse bolar.SSSR döwründe her bir kesellä,çagalara göwreli aýallara,agyr kesellilere mügt hyzmat edilerdi.Şol döwürde ol bolaýmaly zat diýip hasap edilerdi.Indi ähli zat tölegli hyzmata geçdi welin,geçmişiň şol gymmatlyklarynyň nädejede adama peýdaly bolanlygynyň möçberini aňsa bolýardy.Şol döwürde-de,häzirem Altymyrat başardygyndan mätäji beýlekisi diýmän kömek edip geldi,ýöne onuň üçin özi kömege garaşmady.Kömek Naumyňky ýaly, garaşylmadyk ýagdaýda gelse gowy,şonda jemgiýetiň sagdynlygyny kesgitläp bolýar.

–Men baý diýip döşüne kakyp ýören Şamyrat ýanyňa gelýärmi,ýagdaýyňy soraýarmy?

-Agam jan,ol birki günlikde gelip iki ýüz dollar taşlap gitdi.Jany sag bolsun.

–Uçar menzilinde terjimeçi Orazgylyja gabat geldim,dogryda walla.Ol seniň janköýerleriň tarapyndan,lçihana ugradylan bäş ýüz dollary ber diýip,Şamyrada gowşurandygyny gürrüň berdi.Eýsem Şamyrat saňa onuň iki ýüzüni getirdimi?

-Şamyratdyr-da,agam jan,sen oňa näbeletmi?!Gerekdir alandyr.

–Bolmaz-a,oglan,heý diýmäýin diýsem.Dogryda walla.Onuň döşüne kakyp ýörmesi nire,keselli üçin berilýän pula zar bolmasy nire?-diýip,Orazberdi gaharyna döz gelip bilmän sesini gataltdy-Ýogsa-da, beýik Magtymguly"Öňde garyp bolup soňra baýan är,Iýmez içmez ol baýamak biläni"diýmänmidir,dogryda walla?Häzrki döwrüň baýlarynyň gözleri puldan doýanok,sebäbi olaryň aň-düşünjeleri,medeniýeti pes.

–Agam jan,ýuwaşyrak!-diýip,Altymyrat üm bilen gabat garşysynda ýarym ukuly ýatan altmyş ýaşlaryndaky ýaşulyny görkezdi-Onuň hem ömri pul bilen ölçenilýär.Böwrek tapyldy,puly ýok.Ýagdaý şeýle dowam etse iki günden ony keselhanadan çykarjaklar. Barja pulumy oňa beräýesim gelip dur.

–Sen öz gaýgy et,inim,dogruda walla.

–Agam jan,biziň betbagtlygymyzam şundan başlanýar-da.Her kim öz gaýgysyny etse iliň gaýgysyny kim eder?Buýsanjaň türkmen peselmeli däldir.Men keselimi bejerýän lukman-professordan”1996-njy ýylda boljak Olimpiada-da, agyr daşy däl-de,misli bir sypal dykylan haltany galdyrýan dek ştangany galdyryp bilerinmi?”diýip soradym,ol”Saňa daş däl,jan gaýgyka nädip beýle pikirlenip bilýäň!Ankarada bejergi alanyňda Israiliň, Küweýtiň lukmanlary öz hyzmatlaryny hödürläpdirler,aýagyňy depip olary saýlamagyň deregine hyzmatdan ýüz öwürip ýalňyşypsyň.Arap döwletlerinde böwrek tapmak aňsat,bu ýerdäki ýaly onlarça aýlap garaşyp ýatmaly däl,onsoňam, böwregiň bedene uýgunlaşma derejesi ol ýerde 75 göterime ýetýär,özüňem orslaryň sowugyna öwrenişmedik,arap bolmasaňam araba ýakyn,yssa öwrenişen oglan” diýdi. Wah,o zatlary bilmesem näme?Men sport komitetiniň jogapkär adamlarynyň sözlerine ynandym.Lukman başgada bir zat aýtdy:”Türkmen hökümeti rus döwletine ýüz tutup,özara hasaplaşygyň hasabyna gerekli puly keselhanamyza geçirdip bilýär” diýdi. Oňa düşünýän düşünmese,men düşünemok.

-Hawa,türkmençilik edip biz gaty köp zatlara düşünmeýär ekenik.Muňa men soňky aýlarda gören-eşiden zatlarymdan göz ýetirdim,dogryda walla.

–Gizläp nädeli,aýdýanyň dogry,agam jan,ýöne biz şoňa-da şükür edýäs.Il öňünde dilimiz gysga bolmasyn diýip,ýorganymyza görä aýak uzadýas,ýalňyşýan ýerimiz bar bolsa-da näme geçirewersinler...Agam jan,maslahat bilseň sen oba gaýtmaly,işiň bar,mal-garaň bar.Ikimiz jaňlaşyp durarys.Şu hata ýene bir göz gezdireýin,onsoň ony aýalym Güllere gowşurarsyň-diýip,Altymyrat dört eplenen iki tagta kagyzy eline alyp, içinden okap başlady...”Salam,Gülüm!Ýagdaýlaryň nähili?Maksat jan azar bermän durýarmy?Ýanyňa ejeň ýygy-ýygydan gelip,halyňdan habar alýandygyny eşidip begendim.Ejem dünýeden gaýdanyndan soň men seň ejeňi has-da gowy görüp başladym.Ol meniň maşgalama enem-atamyň etjek kömeklerini edýär.Onuň üçin Alla janyny sag etsin.Ejeň meni hem edil öz ogly ýaly gowy görýär.Onuň göwrüminiň giňligi,parasatlylygy,okumyşlygy maňzyňa batýar,meniň üstünliklerime seniň bilen deň derejede begenýändigine ynanýan.Maksat janyň sporta,saza,edebiýata,durmuşa bolan höwesini artdyrmakda ejeňe taý geljek terbiýeçi ýok.Şoň üçinem ol terbiýeçi! Meniň çuňňur ynanjyma görä biziň agzybirligimiziň gözbaşynda seniň ejeň dur.Ony senem hatyňda agzapsyň.Başgaça bolmaly hem däl.Sebäbi ýakynyň seniň gowy günleňde-de,ýaramaz günleriňde-de gerek!

Gülüm,saňa näme diýmekçi bolýanlygym ýadymdan çykyp barýar.Hawa,Maksat jan indi bir ýaşyny doldurandyr.Ony çagalar bagyna berip dogry edipsiň.Terbiýeden daşary haýsam bolsa bir ugrdan goşmaça bilim bermek örän wajyp mesele.Munyň üçin seni öňküdenem beter söýýärin.Sen bilýäň-ä,men hiç wagt beýle sözleri agzyma alagyç däldigimi!Meň kakam daýhan,ejem öý hojalykçy aýal,seň kakaň mugallym,ejeň çaga terýiýeçisi.Bu meselede ejeňden gowy maslahat berjek ýok.Kakam daýhan hem bolsa,göreşde asgyn gelmändir,babam Şalar pälwan döwrüniň sylanýan adamsy bolupdyr,seň ejeň,kakaň hem şeýle ynsanlar,onsoň oglumyz Maksat jan olardan pesde bolmasyn diýjek bolýan.Şonuň üçinem şu günlerden başlap onuň terbiýesi esasy orunda durmalydyr,onda-da ejeň maslahatyna eýerersiň.

Gülüm!Keselhanada seni ýatlap ýatyryn.Dogrusy,içim gysýar.Kesellä näme gerek?Oňa hoş,ýakymly söz,mylaýym,gülüp duran ýüz,mähir gerek.Bu ýerde olaryň hemmesi hem bar.Şonda-da,ýakynyň ýyly sözi,dost-ýarlaryň maslahaty,edýän aladalary maňa ýetenok.Haýsam bolsa ýol hadysasyna uçrap ýa-da öz ajalyna öleniň,görkezijileri boýunça maňa gabat geljek böwregine garaşyp ýatmakdan başga elhenç zat ýok ekeni.Bu

bir adamyň betbagtlygyna garaşyp ýatan ýaly bir zat bolýar.Keseli saýlab-a almandym,nädeýin,Allaň edenine kaýyl bolmaly bolýarda.Saňa aýtmaly hem dildir welin,bardy geldi alla amanadymy alaýsa meni göbek ganymyň daman topragyna duwlamalysyň.Bilýän,bulary okaňda sen gorkarsyň.Gorksaňam,men muny saňa aýtmaly.Wah,men bilýänle,sen entejik ýaş,durmuşda ýanyp-köýüp gören däl.Ýöne dünýäde baky zadyň bolmaýanlygyny senem bilýänsiň,menem.Bu çarhypelegiň mizemez kanuny.Her zatda bolsa bilgin,Maksat jan hem muny bilsin,biziň mizemez mertebämiz bardyr,näçe wagt geçse-de bidilgir etmez.Seni,oglum Maksat jany gaty göresim gelýär.Gelip bilseň gowy bolardy..Bagyşla,meni sanjyma çagyrýarlar.Hoş,sag-salamat bol!Öz Altyň...”

Altymyrat haty okap boldy-da,dört epläp Orazberdä berdi.Orazberdi şol günüň ertesi uçar bilen Aşgabada gaýtdy...

**---3--**

Mylaýym ýylgyryşy,tebigy ýumşaklygy,ýukaýürekliligi,sadalygy bilen Altymyrat göreni özüne çekýärdi.Onuň özem daşyny gurşaýan adamlaryň ýüzünde ,bagtyýarlyk, hoştaplyk,asyllylyk alamatlaryny göresi gelýärdi.Köplenç islegi hasyl bolýardam. Ol, ýanynda ýatan,Mahaçgalaly,özünden esli ýaş uly adama edil perzendi ýaly hyzmat etdi.Özüniň çykgynsyz ýagdaýda ýatanlygyna garamazdan,oňa gerek zadyny alyp berdi,iýdirdi, içirdi,herekediniň çäkliligine garamazdan daş bolmadyk ýerde ýerleşen dukandan ir-iýmiş,gök getirip berdi,ýanynda oturyp”Ynha,basym keseliňden açylyp,öýüňe gidersiň”diýip,teselli berdi.Orazberdiniň getiren üç müň dollaryny oňa hödürledi,emma Salam aga ony alman:”Mahaçgalaly telekeçiler böwrek çalyşma,onkologiýa,ysmaz,süýji keseller bilen kesellänleri paýlaşyp,çykdajysyny öz üstüne aldylar.Ertir meniň üçin pul geçirýärler”diýdi.(Ine,türkmen telekeçileriniň öwrenäýmeli zady)Dogrudanam,pul geçirildi,ol böwregini çalyşdy.Emma oturdylan böwrek bary-ýogy iki aý işledi.Şeýle ýagdaýda,ýaşulynyň agyr keseli,ömrüniň sanalgylygy Altymyrady hasam tijendirdi,hasam ysnyşdyrdy.Onuň tebigy ýasalşy şeýledi.Adamyň öljegi bilinip durka,oňa bolan söýgi has-da artar ekeni.Belki,Altymyradyň aladalary,minnetsiz söýgüsi ölüp gitmeli adamyň ömrüni bir günem bolsa uzaldandyr,belki şeýledir.Ony diňe Alla bilýär. Bir gün Altymyrady daşary çagyrdylar.Çykyp görse,özi bilen deňduş dyzmaç pyýada:”Men kakamyň göwnüne degdim,ölmänkä goý,ol meni bagyşlasyn,aýdyp ber”diýýär.Altymyrat “Azajyk garaş”diýip,otaga girdi-de,ýaşula ýüzlendi.

-Bolandyr-diýip,Salam aga agras jogap berdi.

–Eger siziň ogluňyz kakaňyz,sizem onuň ogly bolsaňyz onda kakaňyzyň käýinjini çekip bilermisiňiz?Özüňiz kakamy käýindirdim diýdiňiz.Adam ömründe nähilidir bir ýalňyşlyk goýberýändir.Ogluňyza adatdan daşary berk daramak,günäsini geçmezlik ýaly ýagdaýlara siz nähili garaýarsyňyz?Ol heniz çaga,kakasy hökmünde siz muny ýadyňyzdan çykarmaly dälsiňiz.

–Oglum,sen meni alasarmyk ýagdaýda goýaýdyň-la!-diýip,Salam aga ysgynsyz jogap berdi-Näme,dogmam geläýdimi?

-Hawa,gaýdyp ýüzüni görmen diýen dogmaňyz gelipdir.Aýagyma ýykylyp aglady,günäsini boýnuna aldy.Men onuň özüni alyp barşyndan çen tutsam,ol ýüregi bilen çyndan toba gelen ýaly...

–Küýküni gabyram düzetmez.

–Bilýän,siziň gaharyňyz gelipdir.Ol hakykatdanam ýüzüni görmezlige mynasypdyr,ýöne gahar diýlen närse sowulandan soň adam pakyr öz edeniniň dogrylygyna, nädogrylygyna düşünip bilmän azara galýar.Siz maňa ýeke ogluňyzyň bardygyny,onam çyn ýürekden söýýändigiňizi gürrüň beripdiňiz.Häzir ony kabul edip günäsini geçseňiz,ýene öňküňiz ýaly söýersiňiz,belki ,ýene bir ýakmazyrak iş etse,gaharlanarsyňyz.Muňa durmuş diýýärler.Her zatda bolsa ol ýaşlyk edipdir,ony bagyşlaň!

-Oglum sen sada bolýarsyň,bar zada ýüregiň bilen ynanýarsyň.Ol gelen bolsa ýaman matlaply gelendir.Men ony aňýan.

–Ogluňyz meni bagyşlasyn diýip aglady.Umuman dargin halky ýukaýürek bolmaly.

–Oglum,seni öz oglum ýaly görýärin,ýüregim bilen söýýärin.Keselli wagtyň daşymda hasanaklaýarsyň.Muny ýeke dikrarym hem etmez-diýip,ol gözüniň ýaşyny syldy.

–Ogluňyzyň günäsini geçseňiz,ol mendenem gowy hyzmat eder.Onsoňam,men onuň mazalyja çetine degdim,azajyk gorkuzdymam,sapak bolsun diýip,bir elim bilen ýakasyndan tutup galdyrdymam.Oňarypdyrynmy?

-Oňarmansyň.Birinjiden onuň üçin sözüňi zaýalanyňa degenok,ikinjiden saňa ýük galdyrmak gadagan...Adamyň haýyşyny aljak däldim,emma seň sada köňlüňi ýykasym gelenok.Sen muňa soň düşünersiň.Bolýa,çagyr dogmamy...

Altymyrat daşarda garaşyp duran ýigidi içeri çagyrdy-da,azar bermezlik üçin özi daş çykdy.Onuň kalby begençden dolupdy,çalaja ýylgyrýardam.Özüniň eden bu haýyr işine,mahaçgalaly bir näbelli ýaşula eden ýagşylygyna begenip,aňyrsyna ýetip bilmeýärdi.Şol gün ol her iki günden ýörüte enjamlaryň üsti bilen gan arassalamak çäresiniň nobadyny ýaşula berip,tas uly howpuň aşagynda galypdy.Onuň bu häsiýetine belet bolan lukman,işden soň,bu çäräni amala aşyrdy-da,Altymyradyň ýagdaýyny nähili hem bolsa ganymatlaşdyrdy,ýogsam,kişi üstünligine guwanýan,kişi hasratyna gynanýan,ýagşylyk etmeli bolanda Hatam taý bolýan gerçegiň ömür tanapy üzüljekdi.Her iki günden ölüp-direldýän,böwrek işlemänsoň gana goşulýan peşewi arassalamak çäresini hökman ýerine ýetirläýmelidi,ony etmeseňem ýüregiň işlemesi togtaýardy...

Salam aganyň ogly bäş gün kakasyna seretdi,soňam nirädir bir ýerlere ýitirim boldy.Oglunyň aýtman zat etmän gitmegi Salam aganyň ýagdaýyny agraltdy.Ol nähilidir bir birahatlyk tapdy-da, gan basyşy birden ýokary galdy.Sanjym baryny eden lukmanlar ony ölümden alyp galyp bilmediler.Şol pursat ýaşulynyň ogly eli ep-es;i kagyzly içeri kürsäp girdi-de,kakasynyň işini bitirenligini aňyp:”Bir zat ediň ahyr,ony dikeldiň.Bolmanda şu kagyzlara gol çekýänçä dikeldiň.Ol ähli emlägini meň adyma ýazmaga boýun boldy ahyr”diýip,iki ýana zowzullaýar.Altymyrat şu ýerde Salam aganyň “küýküni gabyr düzeder”diýmeginiň asyl manysyna düşünip galdy.Asyl ol kakasyny soramaga däl,başga niýet bilen gelen ekeni.Nätjek,onuň adam tanap bilşi şeýleräkdi-dä....

Şu wakadan soň,halys keýpi gaçan Altymyrat telegramma iberip,Gülleriň öz ýanyna gelmegini sorady. Güller geldi.Ol ogly Maksady Tirkiş kakasynyň gyzy Miwä goýup gaýdypdyr.Ogluny getirmänligi üçin Altymyrat Güllere igendi,”Goýnuňky gijedir,oglanyňky ejedir”çagany hiç wagt ýanyňdan goýmaly däldir”diýdi.Güller bolsa”Ilki bilen seniň ýatan keselhanaň golaýyndan ýaşar ýaly jaý tapmaly,böwrek çalşylandan soňam Maksat jany gitirmeli,bolmasa saňa seretmäge maňa päsgel berer”diýip jagap berdi. Olar şeýle hem etdiler...

1996-njy ýyluyň 6-njy iýulynda,Leningrad şäherinde ýol hadysasynda heläk bolan özi ýaly ýaş ýigidiň böwregini oňa oturtdylar,bir aýlap agzyna hasa saralgy keselhananyň gözegçiliginde bolmaly diýdiler.Güller öýe jaň edip Kakyşdan Maksadyň getirilmegini haýyş etdi.Şeýdip olar maşgala bolup,kireýine alynan jaýda aýyň aýaklaryna çenli ýaşadylar,soň öýlerine gaýtdylar.(Aşgabada gelen badyna Altymyrady Türkmenistan boýunça agyr atletikanyň baş tälimçisi edip işe bellediler.Ol töweregine ýaş ştangaçylary ýygnap,tälim berip başlady.1997-nji ýylyň fewral aýynda Altymyradyň tälim beren ştangaçylary Eýranda geçirilen halkara ýaryşynda birinji baýrakly orny eýelediler, ştangaçy Babaýew Annaberdi bolsa halkara derejeli sport ussady diýen hormatly ada eýe boldy...)

Altymyrat öýüne gelen güni ähli aladalary bir ýana goýup,ogly Maksatjygy,aýaly Gülleri alyp şähere aýlandy.Bir ýyla ýakyn aýralykdan soň giň,owadan köçelere, mermere bürenen jaýlara syn etmek,gitdigiçe tanalmaz ýaly özgerýän seýilgählere aýlanmak diýseň lezzetlidi.Olar ilki bilen naharhanalaryň birinde çalaja garbandylar,soň seýil bagda her hili oýunlara güýmendiler,çagalaryň gezelenç otlusyna mündüler,hiňňillik uçdular,şeýdip giç agşam öýe dolandylar.Iki-üç gün gezelençden soň bolsa olar oba gaýtdylar.Şeýdip,adaty durmuşyň kiçijik aladalary bilen güýmenseň,günüň nädip dogup-ýaşanyny hem aňmajak ekeniň.Niçik bir ýeriň syzlaýsa şonda ünjiň köpeler ekeni.Adam ykbalynda hemişe bolup durýan şeýle pursatlarda saňa duýgydaş,ýürekdeş söhbetdeşem gerekdi.

Ine,obadaky köneje jaýlarynda otyrka,bir gün Altymyradyň ýanyna daýysy,ýazyjy Amanmuhammet Nepes geldi.Altymyrat ony ýitirip tapan ýaly garşylap,mähirli salamlaşdy,oturmaga ýer görkezdi.

–Ýegen obada diýdiler welin saglygyny soraýyn diýdim.Tüweleme, şol öňki algyr gözler,nurana ýüz,ýöne onda çuňňur hasrat görünýär,olam ýuwaş-ýuwaş aýrylar.

–Daýy jan,bagyşla,ýanyňa özüm barjakdym,emma ýarowsyzlyk ýol bermedi.Baýram!-diýip,ol gapydan giren inisine ýüzlendi-Daýym jana hezzet-hormat et!Ýaňy çebiş soýdular,şondan börtme taýýarla.Ýogsa-da,ol ýaramasa tokly soýaýyn?-diýip,ol degişip, aljyradyp alyp barýar.

–Sag bol ýegen,bizi sylan Alla sylasyn.Saglygyňy soraýyn diýdim,onsoňam Mary welaýat kärhanalarynyň işgärleri “Bizi pälwan bilen duşur”diýip,haýyş etdiler.Aňryujy bir mümkünçilik dörese,gurnaýyn diýip söz berdim.Galanam,näme saňa bagly,ýegen.

–Daýy jan,o diýýäniň bolar-la welin...Men maşyn sürüp bilemok.Her iki sagatdan özüme sanjym etmeli.Şonda-da wagt tapjak bolaýyn.Köpçüligiň haýyşyny ýerde goýup bolmaz.

-Men seni öz maşynymda alyp gitjek,getirjek,ony gaýgy etme.Ýanymyza belli folklarçyÜmür Esen hem goşulýar.

–Bolýar,men razy,gaýta köpçülige çyksam birneme göwnüm açylar.Keselhanada uzak ýatyp poslapdyryn,halys emgek ýanaýdy-da-diýip,ol mylaýym ýylgyrdy.

Şol günüň ertesi Altymyrat Baýramalynyň pagta arassalaýjy zawodynyň işgärleri bilen duşuşyga gitdi.

–Daýy jan,meň bir arzuwym bar!Sagalyp gitsem,Atlanta-da geçjek Olimpiada oýunlaryna gatnaşjak.Iki gezek oýundan galdym,üçünji gezek hökman çykyş edäýmeli. Ömrümde, şondan belent arzuwym ýok!-diýip,ýolda ol seslendi.

-Ýegen,galdym diýme,seni galdyrdylar!

-Türkmende”Üçden soň puç”diýen gep bar,daýy jan.Şu gezek bolmasa nesibe çeken däldir-dä diýerin.Onsoň ýaşlary türgenlemäge başlaryn,olardan dünýä arenasyna

çykaýjaklary ýetişdirip,bir ýaryşda,dürli agramda üç-dört altyn medal döşlerinde lowurdar ýaly ederin.

–Arzuwçyl gul dura bara şat bolar,arzuw etmek gowy zat,ýöne ýaşlary taýýarlamak üçin türgenleşik meýdany,enjamlar gerek.

–Höwes bolsa çatmaň içinde-de türgenleşse bolar,daýy jan.Biziň gujurly ýaşlarymyz üçin şert hökman däl,höwes,gyzyklanma döretmek hökman.Ähli zatda diňe özüňe bil baglamaly.

–Dogry,ýegen,sen ony iş ýüzünde ençeme gezek subut etdiň,heniz SSSR dargamanka, kimiň kimligi bilinmeýärkä türkmeni dünýä tanatdyň..

–Şoňa-da begenýän,daýy jan.Ors lukmanlary böwrek alyşsa bir-iki ýyl ýaşarsyň diýdi,soňam näme Allaň işidir-dä,görübereris.Bolmanda Tirkiş kakamyň ýaşan kyrk ýaşyna bir ýetsem...

–Ýetersiň,ýegen,ýetersiň,sen..-diýip,bokurdagy dolan daýysy sözüni dowam edip bilmän göz ýaşyny syldy-da-Han-ha,Ümür agamyz,”Mary-Şahu-Jahan”gazediniň işiginde garaşyp dur,ony alaly-diýen boldy.Ýöne ol pälwanyň mertligine,sanlyja gün ömrüniň galanyny bilse-de,syr bermän,özüni asuda alyp barşyna haýran galdy.Agyr dert onuň ýanyny ýere ýaplajak bolup,näçe jan etse-de,ol gaýtawul berip, ýaşlary ýetişdirmegiň aladasy bilen ýaşaýardy,onsoň oňa neneň guwanmajak,neneň buýsanmajak.Dünýäde öz agramy boýunça ýeke-täk,güýçli ýyldyz bolmagyndan başga-da,şeýle agyr gününde özüne erk edip bilşine näme diýjek?!

Hakykatdanam,Ümür aga Altymyradyň çagajyk wagtyndaky ýaly, jadygöýüň köneje gaýyş bukjasyny goltuklap,garaşyp duran ekeni.

–Hä,ini batyr,sag aman sagalypşol çagajyk geldiňmi?-diýip,saglyk-amanlyk soraşykdan soň Ümür aga pälwana ýüzlendi-Ýaňy redaksiýada gürrüň etdiler,kisesi galyň baýlar öz ýurtlarynda çykyş etmäge çagyranlarynda sen“’MEN DIŇE TÜRKMENIŇ ÝAŞYl TUGUNYŇ ASTYNDA ÇYkYŞ ETMEK ISLEÝÄRIN”-diýipsiň,bimöçber mukdardaky puldan ýüz öwrüpsiň.Şonda meň geçim ýaýrap,şeýle-e bir gujurlanma ýetdim,hi, diýer-aýdar ýaly bolmady.Bu jümle bilen sen türkmeni beýgeltdiň, ini batyr,onda seniň keşbiň görünýär,sen türkmeniň şuglasy..

Baýramaly pagta arassalaýjy zawodyň giň meýdançasyna ýygnanan märeke olary uly şowhun bilen garşyladylar.Altymyrady garsa gujaklaýany haýsy,ýüzüne sylýany,el-aýagyndan ogşaýany haýsy,näçe bagryna basjaklar welin,kesilen ýeriň bitmezligi,kä ýerinden çykyp duran maýyşgak tarnowjyklar oňa mümkinçilik bermeýärdi.Halk öz beýik pälwanyna gaty suwsapdyr.Ümür aga pälwanyň gysgajyk terjimehalyna aýdyp berdi,adamlar bolsa”Biz ussadyň özüni diňläsimiz gelýär”diýýärler.Beýle uly hormata has-da ýygrylýan Altymyrat çalaja ýylgyryp başyny atdy oňaýdy.

–Biz seni diňläsimiz gelýär,pälwan!-diýen sesler eşidildi.

–Gadyrly adamlar,meň geplärligim ýokdur.Sorag berseňiz jogap bereýin.Meni sylaýan ekeniňiz,sag boluň!Muny türkmen halkyna eden sylagyňyz diýip düşünýärin.

–Bu hormaty biz saňa edýäris.Türkmeni dünýä tanadan sen,saňa-da tagzym edýäris-diýip,kimdir biri seslendi.

–Seniň ýarowsyzlygyň baradaky habary hiç ýerde ýazmadylar.Biz ony ýaňy eşidip galdyk.Bu biagyrylyk bolmanlygynda,başda eşiden bolsak biz saňa iň soňkyja köpügimize çenli bererdik.

–Saglygym häzir oňuşmazça däl.Döwlet pul goýbermedik bolanlygynda men siziň öňüňizde durmazdym.

-Biz biýäs,puluň nähili goýberilenligini.Heýkeltaraşlar tälimçiň Abramýanyň altyn heýkelini ýasapdyrlar diýýärler.Milli buýsanjymyz bar bolanlygynda heýkel saňa ýasalmaly dälmidir?Biz...

–Dünýäniň Polşada (1991),Wengriýada(1993),Awstraliýada(1994) ençeme çempiony,Ýewropanyň dört gözek,Aziýanyň ençeme gezek çempiony bolsamam, özümi beýle hormata mynasyp diýip hasap etmeýärin-diýip,Altymyrat gepleýjiniň sözüni böldi-Türkmeniň abraýyny äleme ýaýmasam kim ýaýsyn?Bu meniň watançylyk borjum.Dünýäden ötsemem öz topragymda duwlarlar.Şol meniň üçin uly bagt.Her hili gürrüňlere gulak gabartmaň, aýdylýan-diýilýän zatlar kändir..

–Metbugatda ýazmasalar eşidenimiz bilen oňmaly bolýas-da...

–Dünýäniň köp künjeginde boldum,durmuş-ýaşaýyşlaryny synladym,ähli ýerde baýam bar,garybam,gedaýam.Dogry,daşary ýurtlarda bir gezek dünýä çempiony bolsaň,tä ömrüň ötýänçä eklener ýaly serişdäň bolýar,şonda-da men olaryň adyndan çykyş edip gazanjak baýlygymyň tarapdary däl.Ondan öz ýurdumdaky çig kerpiçden galdyrylan pykaraja külbämde suw bilen gury nan iýenimi gowy görýärin...

-Aziýa kontinentinde 1994-nji ýylda bir altyn medal,Ýewropada,1989,1990,1991, 1993-njy ýyllarda dört altyn medal.dünýäde 1989,1990,1994-njy ýyllarda üç altyn medal gazanan,1993-nji ýylda gaýtalanmajak dünýä rekordsmeni bolan,iner deý gaýratly,Görögly deý kuwwatly gerçegiň,Watana bolan çäksiz söýgüsini hiç bir zat bilen deňär ýaly däldir-diýip,Ümür aga ara düşen dymyşlykdan peýdalandy-Ol ýarowsuyzlygyna garamazdan şu günlerem ýaşlary ýaryşa taýýarlaýar,baryp bilmese jaň edip maslahat berýär,ýanbermez esger ýaly gaýduwsyz herekedini goýanok.Durmuşda onuň öz ýörelgesi bar,nähili ussat bolsaňam dile-agza düşmezlik,ýaranjaňlardan gaçmaklyk,der döküp gazanýan ýeňişlerinde iliniň goşandyny duýmaklyk.Şol sebäpli bolsa gerek,adamlar oňa suwsap topulýarlar,ony edil Alty Garly ýaly,belli ştangaçy Alekseýew ýaly,belli küştçi Gasparow ýaly,belli artist Artyk Jally,Baba Annan ýaly gujak gerip garşylaýarlar.Men ony öňe çykarjak,il bilen içgin tanyşdyrjak bolýan, emma ol öňünde gorp bar ýaly çekinýär,gaýtam”Men näme Köpetdagy goparyp geldimmi,her bir türkmeniň edip biljek işini etdim”diýýär.Hany,ogul,men gepläp durmaýyn,ýeňişleriň barada özüň gürrüň ber!-diýip,Ümür aga ony gyssady.Şol aralykda kimdir biri “Bu üstünlikleri nähili gazandyň?”diýip sorady.

-Meniň üstünligimiň özeninde özüňe bolan ynam ýatyr.Näçe göterip biljegimi garşydaşyma görä kesgitleýärin,ol güýçli bolsa deň gidişýärin,güýji pesiräk bolsa ýaryşyň soňundan girýärin.Maksadym üstün çykmak.Ştanganyň ýanyna barýarkam eýýäm ony göterjegime ynanýan.Sportda öz-özüňe bolan ynam esasy zat.Näme üçin diýeniňde ştangada sen daş bilen ýekeme-ýeke çykýarsyň,özüň özüňe maslahatçy.Ejem jan,agalarym maňa çagalygymdan öz-özüňe bil baglasaň diňe şonda ýokary neytijeleri gazanarsyň diýip,gulagyma guýupdylar.Menem şol maslahata eýerip,ýeňiş yzyna ýeňiş gazandym.Ýeňiş gazanyp,basgançaga çykanyňda bolsa,Watanyň baýdagy galyp,gimn ýaňlananda,köplenç begenjimi saklap bilmän aglaýaryn.Men ömrümde şondan belent,şondan täsirli duýgy bardyr öýdemok.

-Altymyrat goşgy ýazyp gördüňmi?-işçi gyzlaryň biri seslendi

-Ýok,ýöne men ýeriň,Watanyň,zenanlaryň gözelliklerini şahyrana duýgular bilen wasp edip bilýän şahyrlara sarpa goýýaryn.Kosmosyň atasy Korolýew ,asmana adam ugratmakçy bolanda,onuň ilkinjisiniň harby esger bolman şahyr bolmagyny arzuw edipdir,sebäbi ýeriň owadanlygyny şondan gowy wasp edip biljek ýok hasap edipdir.

–Dogabitdi böwrekde kem bolsa agyr daşyň ýanyna barmaly däl,seňki tersine...

–Men ony bilýän,ýöne kemli böwrek bilen uzak ýaşandan az bolsun-uz bolsunlaryny etdim.Onsoňam sport sagdyn durmuş ahyryn.Häzirki döwürde,neşe,arak,çilim,nas ýaly ýaramaz endiklere ýüz urýanlaryň sany köpelip barýar.Şeýle ýagdaýda sporty ösdürmek,onuň dürli görnüşleri bilen ýaşlaryň ünsüni çekmek ýaly mesele örboýuna galýar.Ynha,agalarymyň,galyberse-de özümiň gazanan üstünliklerimiň arkasyndan biziň obamyzda,etrabymyzda,hat-da respublika möçberinde hem ştanga sporty köpçüligiň güýmemnjesi hökmünde gülläp başlady.Indi ýaşlara ýaramaz endiklerden daşlaşyp,erkli-edenli,aýgytly herekede ukyply pälwanlar hökmünde baha berip başladylar.Biziň obamyz üçin-ä ştanga buýsançly türkmen milli oýnuna öwrüldi.

–Soňky döwürler agaň Orazberdiden tälim alyp ugranyňy eşitdik...

–Agamyň öwreden zatlary sanardan kän.Onuň ýaryşlara taýýarlanmak baradaky sapaklarynyň ähmiýeti sport ugrunda okan ýokary mekdebimde öwrenenlerimdem pes däldigini aýtmalydyryn.Ol daş götermegiň kyrkdan gowrak täze tilsimlerini açdy,türgenleşikde bedeniň fiziki sagdynlygynyň,kämilliginiň derejesini kesgitledi.Onuň tälim beriş mekdebi şu ugrdan çorba sowadan tälimçileriňkiden pes däldir.Obaň mümkünçiliginiň näderejededigini bolsa siz bilýänsiňiz.

–Ýakynlaryňyz ýaryş wagtynda janköýerlik edendirler?

-Hawa,maşgalam,dogan-garyndaşlarym,dost-ýarlarym ýagdaýlaryna görä janköýerlik etdiler.Köplenç daşary ýurtlarda çykyş edenligim üçin olaryň ýardamy gaýybana boldy,ýöne olaryň ynamy maňa uly goldaw berdi.Ýaryş tamamlanandan soň hem öýüme gelip gutladylar.Men şol pursatlar başdan giçiren duýgularymy suratlandyryp hem biljek däl.

–Mekdepde okan ýoldaşlaryň bilen gatnaşygyň barmy?

-Men 13 ýaşymda ilkinji ştanga ýaryşyna gatnaşdym,şonda onuň ömrümde esasy orun tutjakdygyna düşündim.Indiki ýylam ýörüte sport mekdebine girmegim bilen men deň-duşlarymdan aýra düşdüm.Meniň üçin indi düýbünden başga dünýä başlandy.Indi deň-duşlarym däl,özümden uly adamlar bilen iş salyşmaly bolýardym.

Bu bolsa kaka görmedik ýetim çaga üçin uly mekdepdi.Köp zatlary öwrenýärdim,terbiýelenýärdim,agsak-towsak ýerlerimi kakyş-kukuş etmeli bolýardym,ejemiň terbiýesi bilen emele gelen ýumşak häsiýetlerimi gataltmaly bolýardym.Onsoňam bu ýerde tanyşlarym öňki deň-duşlarym däl-de,hut bäsdeşlerimdi.Ýaryşlaryň arasyndan sypyp öýe gelenimde bile okanlarym bilen duşuşyklarym meniň üçin diýseň täsirli,tolgundyryjydy.Her duşuşykda deň- duşlarym özgerip,ösüp barýardy.Indi Artyk öýkelege Artyk Tambow diýmeseň tananoklar.

-Döwlet saglygyňy bejertmäge serişde bermändir,şol dogrumy?

-Bizde, SSSR döwründen gelýän düzgün-sporta döwürleýin çäre hökmünde garamak düzgüni dowam edýär.Ol düzgün boýunça her bir adam işlän işiniň daşyndan wagt tapyp,öz islegi,şahsy höwesi esasynda sport bilen meşgullanmaly,*oňa bolsa töleg tölenmeýär.Daşary ýurtlarda beýle däl.Ähli girdeji üstünlik gazanan sportçynyň hasabyna gelýär,olam gelen girdejiden kanun esasynda döwlete salgyt töleýär.Bar bolany.Bizde şu güne çenli sportçylar aýlykly işgär hökmünde görülýär.Bu ýatyrylyp,daşary ýurtlardaky ýaly düzgüne geçilmese sport ösmez.Her bir sportçynyň gazanan üstünliginden gelýän girdejisini onuň özüne bermeseň sport ösmez.Bu meniň şahsy pikirim.*

*Oňa ýenede maşgalasy,çagasy barada köp soraglar berdiler,ýöne Altymyrady mundan artyk saklamaga mümkinçilik bolmansoň, hoşlaşyp gaýtmaly boldy.Janköýerler*

*daşyny gurşap,ondan nämede bolsa bir ýadygärlik alyp galjak bolýardylar,biri kitaba,biri suratyna,biri depdere,ýene biri eplem-eplem,mäjum bolan kagyza gol çekdirip alýardylar.Özüne sanjym etmeli wagty çäkli bolsa-da,ol isleg bildirene ýaltanman gol çekip berýärdi*

*–Halk bieln pikir alyşmak,duşuşmak gör,nähili lezzetli.Men munda ruhy galkynyşyň alamatlaryny duýýaryn.Meniň üçin bu bir altyn medala mynasyp bolandanam gymmatly-diýip,Altymyrat,adamlar bilen hoşlaşyp,maşyna mündi.*

*Şol günüň ertesi Türkmengalanyň süýt-gatyk öndürýän kärhanasyna gitmelidi,emma Altymyradyň ýarowsyzlygy üçin ol başa barmady..*

.

***---4—***

Täze guralan Nyýazow keselhanasy giňdi, ýagtydy,otaglarynyň içi howalydy,gije-gündiz,gyşy-ýazy şol bir salkynlygyny saklaýardy.Köp sanly otaglarda adatdan daşary ümsümliok höküm sürýärdi,gapylarynyň agzynda sanjyma niýetlenen arabajyklar,olarda üstüne hasa ýapylgy her hili gurallar,tilsimatlar bardy.Her iki sagatdan işine ezber işgärler otaglaryň içini,diwarlaryny,gapydyr-äpişgelerini arassalap durýardylar,şonda-da,kesellilere urulýan sanjymlaryň,ýodyň,spirtiň we ýene-ýeneleriň ysy agdyklyk edýärdi.

Iki aý bäri Orazberdiniň bir aýagy keselhanada bolsa,bir aýagy öýündedi.Altymyradyň bäş aý işlän böwregi näsazlyk tapyp ugrapdy.Keselhananyň lukmanlary onuň şeýleräk häsiýetiniň barlygyny,alty-alty ýarym aýyň içinde onuň beden bilen alyşyp gitmeginiň mümkinligi baradaky çaklamany öňe sürdüler.Ondan bäri ýedi aý geçip,sekizinji aýa-mart aýyna gelip ýetipdi,emma soňky günler agyry köpelip,halys işlemesini goýan böwregiň alyşmajagy mese-mälim bildirip ugrapdy.Lukmanlar her gün üýşüp-çaşyp maslahat üstüne maslahat edýärdiler,emma belli bir netijä gelip bilmeýärdiler.Altymyrat bolsa “Meni Moskwa ugradyň,başga böwrek goýsunlar”diýýärdi.Onuň aýdýanlarynyň jany bardy.Hakykatdanam Moskwadaky lukmanlardan başga böwrek oturdylmasa bolmajakdygyny,özleriniň ikinji gezek Altymyrady kabul etmäge taýýardyklaryny aňladýan habarlar gelipdi.Ony ýerli lukmanlar hem bilýärdiler,ýöne böwrek alyşar diýen umyt bilen garaşýardylar.Orazberdi lukmanlar bilen Altymyradyň arasyndaky sazlaýjy hökmünde hereket edýärdi.Ony etjegem bolsaň Altymyradyň ünsüni esasy gürrüňden sowmalydy,has dogrusy her hili gürrüňler tapyp güýmemelidi.

–Inim,seniň gazanan üstünlikleriň şu çaka çenli görülip-eşidilen zat däl,dogryda walla-diýip,Orazberdi seslendi-Indem, beýle zatlary başarjaklar tapylar öýdemok.Sen dünýäde öçmejek yz galdyrdyň.Seniň eden işiň,durmuş ýoluň sylag-serpaýa mynasyp.

–Agam jan,meň ugumy ýekelemesene!-diýip,Altymyrat onuň sözüni böldi.-Sen bilýärsiň,böwrekli waka çenli meniň kelläm hem agyrmady,iýmeli-iýmesiz zatlary saýladym,neşeden,nasdan,arakdan daşda boldum,bular bolsa saglygyň esasy şertleriniň biri.Meň häzirki ýagdaýym bir bişeýkelçilik ýaly zat..

–Onda saňa süýtly sygyr satyn alyşymy gürrüň bereýin,dogryda walla.

–Ýok,ol meni gyzyklandyranok.Hany agam jan aýt,näme üçin her iki sagatdan meniň ganymy arassalaýarlar?Men sagat ahyryn!?

-Olara inime azar bermäň diýäýerin,dogryda walla.-diýip,bokurdagy dolan Orazberdi äpişgäniň öňüne bardy-da,daşaryny synlady.Ýazyň giç gelmegi bilen ýaňy ýaprajyklaryny ýaýan baglar gök öwsüp ugrapdy,gülläp ugran irki erikleriň daşynda bal arylar pelesaň urýardy.Ýazyň salkyn,emma ýakymly şemaly ýaşajyk ýaprajyklary

sypalap geçýärdi.Durmuş gaýnap joşýardy.Beýle howada jaýyň içinde oturasyň gelmeýärdi,emma ol gün-günden horlanyp,saralyp-solup barýan inisiniň ýanynda hökman bolmalydy-Inim,gelniň Güller gelmesini seýrekletdi welin...

–Maksat jan azajyk ýoňlapdyr.Indi gelip ugrar.Agam jan,sen onuň nähili asylly zenandygyny meň bilşim ýaly bilseň,başyňy ýaýkarsyň.Ol durmuşyň şatylaryny zeýrençsiz,mert çekmegi başarýar.

–Başarsa bolýar,maşgalaňa goşulasym gelenok,dogryda walla!.Kim kime al salýa,kimiň gapjygy boşaýa işim ýok.Dil bir öl ýerde biten zat.Adamlar iliň gürrüňini etmäge gezek gelende,tüweleme,edil iki paýly ýaly.Öýümde ýumurtga togalabermeli bolsa-da, çagajyklarymy hor edemok.

–Agam jan,”il agzyny ýygyp bolmaz,çelek agzyn bogup bolmaz” diýleni.Maňa al salýan ýok,gapjygymyň boşaýanlygynyň sebäbi elime pul düşse sowman oturyp bilemok.Ýumurtgaly gürrüň bolsa,biz Gülle bilen öýňüze baranymyzda jaýy arassalajak bolup ähli düşekleri ýygnapsyňyz,şoňa degişip diýlen gürrüň.Sen olary gaty görme,agam jan!Seniň eden işiň nesilleriňe görelde alarlyk derejede bardyr,men şony anyk bilýän.

–Hany,inim,dogryňdan gel,ýagdaýyň nähili?Agaňa aýt,näme etmeli,kimi görmeli!?Eger Moskwaly meseläni çynyrgatmaly bolsa,oba gidip, şoňa görä hereket etjek.

–Agam jan,oba git-de,gelnejemiň ýagdaýyny sorap gel,onýança lukmanlaram tükeniksiz maslahatlaryny tamamlap,belli netijä gelerler.Menden arkaýyn bol,ýanymda Tirkiş kakamyň ogly Baýryş bar,ol bolmasa oň agasy Kakyş bar...

Şeýlelikde mart aýynyň başynda Orazberdi öýüne gaýtdy.Onuň ýerini gijesine Kakyş,gündüzini Güller eýeledi.

Ine,häzirem Kakyş kiçijik oturgyçda arkasyny Altymyradyň ýatan düşegine diräp,bilini büküp otyr.Aýagyndaky öýde geýilýän ýumşajyk köwşüni bir çykarýar,bir geýär,käte garaja gözlerini töweregine aýlap,iň soňunda nazaryny Altymyratda saklaýar, näme diýerkä diýip,diňşirgenýär.Emma Altymyrat gije birahat ýatanam bolsa bu gün ir ertirden süýji uka gidene meňzeýär.Şol sebäpli ol otagyň içinde ýuwaşlyk bilen iki ýana gezmeläp başlady.

–Inim jan,ýüregiň gysýan bolsa gaýdyber,okuwyňa bar,häzir Güller geler!-diýip, Altymyrat çalaja seslendi.

–Alty kaka,seň ýanyňda ýüregim gysanok.

–Gysmasa gowy.Ynha,meň welin ruhumy ejem alyp gitjek bolýar,näme üçindir menem garşylyk görkezýän,şol wagtda men ýaşajyk çaga öwrülýärmikäm diýýän hem-de gezen ýerlerime,suwa düşen güzerime,çilik oýnan,pagta ýygan meýdanlaryma aýlanýarmykam,onda galdyran yzlarymy anyk görýärmikäm diýýän.Näçe wagt geçse-de, bular hakydaňdan çykmaz ekeni.Inim jan,dogrumy aýdaýyn,ejemiň göwnüni ýykasym gelenok,ýöne ýaşasymam gelýär!

-Alty kaka,näme diýjek bolýarsyň?-diýip,Kakyş oňa çiňerildi.

–Men ölümi ýatlaýan,inim jan!

-Alty kaka sen ölmersiň,sebäbi seni dünýäden ir gaýdan kakamdanam, doganlarymdanam eý görýärin.Seni ajalyň eline bermen.

–Gözümiň öňüni duman tutdy,onuň içinden käte ejemiň keşbi görünip gidýär.Ol meni ýanyna çagyrýar,menem bolýa diýip söz berdim.

–Alty kaka,enemiň ölenine sekiz ýyl bolup barýar.Ol Apbasabat gonamçylygynda ýatyr.

-Inim jan,gorkma,ýöne ejem janyň ýanyna çagyrýanlygy çyn,hat-da ol meniň elimden tutup,özüne-de çekýär.Men oň ýumşajyk elini ogşap,"Eje,ýanymda azajyk bolaý,özüňi dürse,soň öýe bileje gideris"diýip,gujaklap,göterip ýalbarýan

-Alty kaka,düýşüňi çyn ýaly edip aýdyp otyrsyň-da!

-Wah,inim jan,saňa aýtmaly zatlarym kän,ýöne gorkarsyň diýýän.Seň wagtyň boldy ,arkaýyň okuwyňa git!Meň ýagdaýym gowy.

–Alty kaka,ýanyňdan aýrylyp bilemok...

–Şu dünýäde ýaşanyňdan kakaň,kakam,ejem,doganlarym ýaly ir ölüp gideniň gowy bolaýmasa diýýän

Şol wagt gapy açyldy-da, içerik ýazyň howasy bilen ýaz ýaly bolup Güller girdi.

–Öňkümden bir sagat ir geldim.Uzakly gije ýatyp bilmedim,ezizim elimden gidip barýan ýaly boldum-diýip,ol seslendi.

–Gülüm jan,bir aýdym bardyr.Ýadyňa düşýärmi,täze ýyl agşamy Gurban Gumman aýdypdy,şonda saňa"Wagtyndan öň irkiläýse ýüregim,mylaýym söz bilen oýar sen meni"diýip,şol aýdymyň sözlerini ýatladypdym,şol ýadyňdan çykan däldir-ä!?Ýene aýdan bir sözüm bardyr,ýadyňdamy?

-Ýok-diýdi-de,Güller şol täze ýyl agşamyny ýatlady.Şol agşam Altymyrat ýaňy "kaka","eje"diýmegi öwrenen Maksatjygy bagryna basyp,niredir uzaklara seredip otyrdy.

–Gel,oguljygym,kakaň indi ýadandyr-diýip,Güller onuň bolup oturşyny halaman ogluny eline aldy.

–Ýene iki aý geçsin,soň oglumyň kakasy ähli azaplardan dynar!-diýip,Altymyrat owasyny ýaşdan doldurdy.

-Waý,enaýyda gyz,näme diýjek bolýaň,ezizim?!

-Men böwrek alyşyp gider,keselimden açylyp giderin diýmekçi boldum,Gülüm jan!-diýip,Altymyrat jogap beripdi.

Ine,indem şol aýdylan sözüň doly manysyny,onuň ýönelige aýdylmanyny aňyp,aýagy bişen ýaly,Altymyrada seredýän Andreý atly lukmanyň ýanyna ylgady. -Seniň galagoplugyň sebäplerine düşünýän-diýip,ol jogap berdi-Täze oturdylan böwrek bäş aýdan soň işlemän başlady.Bar bolan tejribämize görä,alty aýyny geçiren böwrek birden alyşyp işläp hem gidiberýär.Häzirem ol käte işleýär käte durýar.Umuman,alyşyp gider diýip umyt baglaýas. Dogry,Altymyrat meni Moskwa alyp gidiň diýip,telim ýola bize ýüzlendi,ol ýerde onuň üçin başga böwrek hem taýýarlapdyrlar.Bizem,böwrek alyşyp gider öýdüp,umytly garaşýas.Ýogsam,alynyp gidilende-de,bolman durmaz welin... Ýöne, hany,onuň 30-40 müň dollarlyk çykdajylaryny kim öz üstüne aljak?Meseläniň şu tarapy çözülse men ony ugratmaga garşy hem däl.

–Böwregiň alyşyp gitjegine siziň ynamyzyň barmy?

-Şoňa bil baglaýaryn.Dogrymy aýdaýyn,ömrümde beýle mert,çydamly,diňe öz-özüne bil baglaýan adama duşmadym.Çökder agyrysy bolupda hiç mahal pylan ýerim agyrýar diýmedi,asla keseli barada gürrüň etmäni hem halamady.Ol agyrylara,üznüksiz urulýan sanjymlara çydar ýaly däl ahyryn,emma ol gaty mert ýigit ekeni.

–Hawa,ol "Durmuş munyň özi göreşden durýa,iň soňky demiňe çenli göreşmeli" diýen şygary baýdak edinip ýaşaýar,bir enaýydyr görseňiz!

-Hawa,tüýs türkmen goç ýigidiniň diýjek sözleri ol...

Şu ýerde Gülleriň ýadyna üç gün mundan ozal bolan gürrüň düşdi.Ir bilen Altymyradyň ýanyna gelende"Güller,diňleseň wesýet berjek!Ojagymyň oduny öçürme,başardygyňça sadaka ber,ýetimlere seret,nebsiňe haý diý,namysyňy, diliňi gora.Bilgin,sen dünýäni aňk eden pälwanyň ýan ýoldaşysyň.Ýöne sen onuň üçin aýratyn

bir hormatdan peýdalanyp bilmersiň.Indiki abraýyň öz herekediňe baglydyr”diýdy,soňam”Şu gün öýlän şu ýerde bar bolan ähli garyndaşlarym ýygnansynlar”diýip,sözüniň üstüni ýetirdi.

Şol gün öýlän onuň ýanyna Orazberdi,Başim,Baýram,Kakyş,obadan halyny soramaga gelen aýal dogany Aýgözel dagy ýygnandylar.

–Agam jan,Orazberdi,Bäşim,aýal doganjygym,jigilerim,gelnim Güller,diňläň!Eger biriňize gaty-gaýrym bir söz diýen bolsam ötünç soraýaryn.Kimiň mende algysy bar bolsa aýdyp otursyn.Gelip bilmediklere hem haýyşymy ýetiriň ...

Güller bulary ýatlaýar,ýatladygyça-da özüni gara basyp barýan ýaly duýýar.Asyl ol ähli zady öňünden bilip ýatan bolsa nätjek.Ony bilse-de,mydam köşeşdirip geldi.. Şol wagt tasap gelen şepagat uýasy”Altymyrat”diýip seslendi.Lukmanlar ylgaşlap onuň ýatan ýerine bardylar.Görseler,ol özünden gidipdi,demi ýok,ýüzi hem üýtgäpdir.Aglap duran Kakyşy bagryna basan Güller”Bir alajyny tapyň ahyr”diýip,bagyrýar.Lukmanlar toguň täsiri bilen pälwanyň ýüreginiň urgusyny dikeltjek boldular,emma her näçe synansalaram,azaplary ýerine düşmedi.Erbet aglaýan Glleriň ýadyna bir zat düşen ýaly”Hany aýrylyň,men ony oýarjak bolaýyn”diýdi-de,Altymyrady gujaklap ”Ezizim, mähribanym,”ýüregim wagtyndan öň irkilse mylaýym söz bilen oýar” diýipdiň,oýan mähribanym,oýan.Men Güller,haýyş edýän”diýip ,ezelendi, aglady, eňredi.Altymyrat birden gözüni ýalpa açyp”Gülüm jan,maňa näme boldy,bilýärmiň?” diýip,ýuwaşja sorady.Onuň nurana ýüzi has-da nurlanypdy,ýagtylypdy.Onsuzam ýetik görmegi has artypdy.

–Mähribanym,seň ýüregiň azajyk irkiljek boldy-diýip,Güller aglap jogap berdi.

– Sen meni gaýgy etme,öýe git-de,baýramçylyga taýýarlyk gör,Maksat janyň,öýüň aladasyny et,ojagyň oduny öçürme!Durmuş munyň özi göreşden durýar.Soňky demiňe çenli göreşmeli!Ýöne irginsiz göreş ysgyn-mydaryňy alar ekeni.

–Ezizim,sen ýan bermersiň,bilýän.

–Ýan bermejek bolýan,ýöne...-diýip,ol sakyndy,yzyndanam:-Obadaşym Allanazar Rejebiň bir goşgusynda şeýle setirler bar,diňle Gülüm jan!

Bilýän,bir gün ýatarynda turmaryn,
Atan daňy,dogan Güni görmerin.
Bularyň barysy hiç weli,dilber,
Wah,seniň ýanyňa baryp bilmerin.

Aýlar dolup,ýyllar aýlanar durar,
Bahar geler,tomus geler,güýz geler,
Aşyklar wadaly ýerine dolsa,
Ýoklugymy senden özge kim biler?

Seň seriňe talaň salarmy arman,
Kimdir biri boljak bolanynda taý.
Ýa dertli ýüregňe bolarmy derman,
Arzuwly gijeler doganynda Aý?

Ýüzüňi ýelpände bahar ýelleri,
Göwräň ezelenip,gitse kanahat,

Ýene-de söýeňde akja gülleri,
“Geläý”diý-de ýazaý maňa salam hat!...

Ol goşguny gutardym etdi-de,özünden iki setiri üstüne goşdy.

Şonda men oýanyp gaýdyp gelerin,
Ömürlik wepaly ýaryň bolaryn...

Goşgy ses-sedasyz diňlendi,hiç kim seslenmedi.Beýleki lukmanlaryň öňünde duran Andreý”Geçdigi bolsun-da!Oh,boje moý!”diýip,dodagyny dişledi,”Allajan,sowuldygy bolsun-da!”diýip,Güller hem demi-demine ýetdiginden dilegini gaýtalaýardy.

–Meniň ýanyma Maksat jany getiriň!Ony göresim gelip ölüp barýan.Hawa,ýadyma düşýärkä aýdaýyn.Gylyç kakamyň ýaponýadan iberen topragyny ýanymda goýuň!-diýip, Altymyrat eşdiler-eşdilmez seslendi.

–Ezizim,Maksat jany getirerler,arkaýyn bol!Ýagdaýyň nähili?

-Ýan bermejek bolýan,ýöne,agam Orazberdi söwer inisini,obam bolsa öz adyny arşa göteren ýeke perzendini gorap, saklap bilmedi-diýip,ol dodagyny dişläp,başyny ýaýkady-da,sag eliniň başam barmagyny galdyrdy.

Güller çagyrylýandyr öýdüp.,onuň ýanyna bardy,emma ol barýança el eýýäm aşak sallandy.Otagyň içindäkiler,Güller doňan ýaly bolup galdylar. Altymyradyň türkmen üçin gymmatly ruhy,dünýäniň iň uly hossaryna gowuşmak üçin mukaddes äleme uçup gitdi.Indi oňa tok hem,Gülleriň agysy hem kömek edip biljek däldi..

–Iline ikilik etmän şöhratly ömür sürdi,ölende hem mertlerçe öldi.Razy bol, türkmeniň gerçek ogly,ýatan ýeriň ýagty bolsun!-diýip,nämäň nämedigine göz ýetiren Andreý onuň açyk gözüni ýumdurdy.

Güller özünden gitdi.Ol hakykatdanam ýarowsyzlygy sebäpli, Altymyradyň agaç ata atarlanny hem görüp bilmedi...

Bu ajy hakykaty eşiden türkmen haýran galdy,hiç kim oňa ynanasy gelmedi.Özlerine ruhy galkynyş,ýaşaýşa höwes,kalblara buýsanç paýlan gerçek öler diýip,hiç kimiň hakydasyna gelmeýärdi,gaýtam, o habary getirene”Goýsana how,olam bir ölermi”diýýärdiler.Bu habar açyk asmanda ýyldyrym çakandan enaýy bolmady... Gerçegi Aşgabatdan oba getirdiler.Akýab obasynyň üstüni gara bulut gaplandy.Birden şemal turdy,birdenem ýatdy.Ajy habaryň ýaňy ýaýranlygyna garamazdan ýygnanan märekäniň hetdi-hasaby ýokdy.Edil sil suwy ýaly çar tarapdan gelýärdiler.Diňe Aşgabatdan gelen sportçylaryň,janköýerleriň sany ýüzlerçedi.Respublikanyň ähli künjeginden adamlar bardy.Emeli un gytçylygyny döredip,(käbiri ony işden çetleşdirmek üçin ýörüte edilen zat hem diýýärler) abraýyny eşegiň tezegine çalyşan, Mary welaýat häkimi Gurban Orazow hem özüniň ähli egindeşleri bilen bu ýerde-di.Adamlaryň köplüginden ýaňa aýak basara ýer ýok diýen ýalydy.Bu olaryň pälwana bolan hormatlarynyň çökderligini aňladýardy.Hut şol sebäpli bolmagam mümkin, merhumyň öýünden gonamçylyga barýan iki kilometr aralyk adamlardan ýaňa hyryn-dykyndy.Ine,onsoň Altymyrat neresäni götermän elden ele geçirip,gonamçylyga çenli alyp gitmeli boldular.Iň soňky ýigrimi ädimi yrym edip egne aldylar.Her kim iliň,watanyň agyr keşigini egninde göteren gerçegi,öz egninde göterjek,emma ol iň soňky ýola gidende-d,ile azar bolmaýyn diýip,eginlere agram bermedi.Şeýdip,ony,Apbasabat gonamçylygyndaky gümmezli ymarada barýan ýoluň sag gyrasynda,ejesi Oguldurdy

daýzanyň golaýynda,Ýaponýada ýaşaýan Gylyç baýyň kakasynyň mazaryndan alynan toprak bilen bile jaýladylar.

Şeýdip ol,şan-şöhradyny,at-abraýyny iline berip,ogly Maksady,aýaly Gülleri yzynda ýetim goýup,( ýeri gelende bellemi zat,Maksat ösüp ulaldy,Güller maşgala ojagynyň oduny öçürmän saklap gelýär) ýekeje mal,ýekeje baýlyk galdyrman ebedi gitdi,gitse-de, türkmen üçin örän bir ajaýyp buýsanjy,ägirt galkynyş duýgularyny miras goýdy,ýaşlara görelde bolup,nurly ýol görkezdi,sporta höwes döretdi,ony ösdürjek bolup wagz etdi, arak,nas,neşe ýaly belalara ulaşyp ýörmekleriniň öňüni aldy.Özem onuň herekedi mekdeplerde sport sapaklarynyň ýatyrylmagyna,sport meýdançalaryna ekin ekilmegine, on synply okuwyň dokuza getirilmegine,”her öýde bir gram tirýek bar diýip öý döküp ýörmäň” diýlip, tirýegiň arakdan arzan döwrüne gabat geldi.Ol hut özüniň şahsy göreldesi,batyrgaýlygy bilen ýokarky aýdylanlara garşy çykdy.Bu bolsa ýolbaşçylaryň gözlerine “gara nokat bolup” göründi. Hut şu sebäplere görä-de, Altymyrat olaryň öňünde”Ýaman atly”boldy,onuň saglygyny dikeltmekde dörän perwaýsyzlyk hem şonuň netijesinde emele geldi.Bizde şeýleräjik bir ýagdaý boldy.(Gynansagam,ol häziren dowam edýär) Öz pälwanlarymyzy gözümiz görmedi,emma pälwanymyzyň aýagynyň basan ýerine degmejek daşary ýurtly sportçylary mazamlamaly bolsa hezil edip,uly makalalar ýazdyk.Eger Altymyrat türkmen bolman nemes,fransuz ýa iňlis bolan bolsa, ol barada giňişleýin makala ýazardyk,türkmenligi üçinem onuň ýeten derejesini görmezlige saldyk.Indi bolsa gazanan netijelerine göz gezdirip,biz onuň öňünde telpegimizi çykarýarys.Eýsem ýalanmy?

Altymyradyň ahlak arassalaygy,ululara hormaty,kiçilere söýgüsi,janly mahluga bolan hoşamaýlygy hiç bir zat bilen deňär ýaly däldi.Ol hiç kimiň göwnüne degmedi,hiç kimi özünden ejiz görmedi,gysga ömründe ynsaply bolup,kämil ynsaply ýaşlary ýetişdirmek aladasy bilen ýaşady.Ýaşan obasynda, etrabynda,dürli künjeklerde agyr atletikanyň düýbüni tutdy.Onuň gysgajyk ömründe bitiren işleri biziň düşünjelerimiziň çäginden has ýokarda durýandyr. Onuň şeýledigini wagt görkezer...

## Soňy. 1990-1999-nji ýyllar.

## Güýji bilen dünýä dolan.11.10.2008.Zaman, jurnalist Atamyrat Şaguly.

Arada öýmüze Beýik Britaniýadan bir uly hat geldi.Ony Mençester şäherinde ýaşaýan arkadaşymyz Bähmen Akatabaýy ýollapdyr.Hatyň gapdalynda Amerikanyň Nýu-Ýork şäherinde çykýan “San Santinil”gazeti-de bar.Gazetiň esli ýerini “Türkmenleri dünýä tanadan gerçek Altymyrat Orazdurdyýewiň ýaşan ömri bütin dünýä nusgadyr”atly makala tutup dur.Ony amerikan jurnalisti Jors Kamillione ýazypdyr. Makalanyň ortasynda belli ştangaçynyň göwrümli suraty ýerleşdirilipdir. Makalada dünýäniň üç gezek we Ýewropanyň hem üç(dört) gezek çempiony,dünýä meşhur türkmen gerçegi Altymyrat Orazdurdyýewiň ömür ýoly yzarlanylýardy.Geliň,ol makalanyň käbir ýerleri bilen tanyş bolalyň.

“...Meniň türkmen ştangaçysy,dünýäniň we Ýewropanyň üç gezek çempiony demir goşarly Altymyrat Orazdurdyýew hakynda şu gazetde ilkinji çap edilen makalamdan bäri 19 ýyl geçipdir.Ol makalanyň ady”Sowet ýolbarsynyň akyla sygmajak ýeňşi”ady bilen 1989 njy ýylyň 28-nji maýynda çap edilipdi.Görüp otursam,ol bendäniň aradan çykanynada eýýäm 12 ýyl geçipdir.

Hawa,arada men Nýu-Ýorkuň dünýä belli “Worid Sports”klubyna çagyrdylar.Ol ýerde dünýäde yz goýan türgenleriň Hatyra güni geçirilýär ekeni.Hatyra agşamynda maňa Altymyrat hakynda çykyş etmegi tabşyrdylar.Meniň nobatym ýetende ,uly tolgunma bilen söze başladym.

Altymyrat Garaşsyz Türkmenistanyň Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň “Ak ýap” obasynda,!969-njy ýylda maşgalanyň dokuzynjy çagasy bolup,sadaja bir öýde dünýä inýär.Daş töweregi aňňat-aňňat gum depeli,gumaksyja ýolly,ekinzarlykly ol oba heniz iglije bolup dünýä inen,5 ýaşyna çenli ejesini emen,ikinji synpdan tä altynjy synpa çenli mallaryna ot ýygan,az-kem ulalansoň kolhoz işine gidip,traktoryň tirkegindäki bedre şekilli guýguja azat guýýançy,soň çaýçy bolup işlän bu çepiksije oglan bilen adynyň bütin dünýä doljagyny heniz bilmeýärdi.

Altymyrat okuwyny Aşgabadyň ýörüteleşdirilen sport mekdebinde dowam edýär.Okuwy tamamlap,ol Watan gullugyna gidýär.Ol ýerde sport rotasynda ştanga göterýär,”Dinamo”klubynyň hatarynda ýaşlaryň arasynda Amerikada geçirilen çempionatynda 19 ýaşly ýigit,75 kilogram agramda çykyş edip,dünýäde birinjiligi eýeländen soň gullukdan boşadylýar.Soňra ol Aşgabatdaky bedenterbiýe institudynda okaýar.Şeýdip,ol Gresiýada dünýä çempionatyna gatnaşmaga hukuk gazanýar we Afinada dünýäniň çempiony bolup,Watanyna dolanyp gelýär.Altymyradyň tälimçisi,33 ýyllap bu ugurda işlän,70-den gowrak sport ussatlaryny taýýarlan Bruna Abramýan ol hakda”Altymyrat ştangany agramy ýok ýaly edip,ýeňil galdyryp bilýär,bu bolsa ajaýyp türgeniň mümkünçiliginiň entek çäksizdigini aňladýar”diýýär.

1991-nji ýylda Altymyrat ulularyň arasynda dünýäniň çempiony diýen ada eýe bolýar.Şonda oňa Aşgabatdan jaý bilen maşyn sowgat edýärler.

Wagt geçip,Olimpiýa oýunlary ýetip gelýär.Ýöne,Barselonada geçiriljek şol Olimpiada dünýäniň iň gýçli gerçegi Altymyrat ,GDA-nyň agyr atletikaçylar ýygyndy toparynyň baş tälimçisi bolup işlän W.Alekseýew,sport sowetiniň rugsadyny alman,eden-etdiligi we özüniň-de şol ýaryşdan soň ýolbaşçy bolup bilmejegine göz ýetirip,gara nebsi üçin namart hereketlere ýz urmagy netijesinde,göz-görtele namartlyk bilen ýaryşdan galdyryiýar.Bu ýaramaz hereketler gerçek ýigidiň biline urlan ýaly edýär.Ýöne,gujur-gaýrayt,tutanýerlilik,yhlas ynam sil deýin möwç urup akyp barýan ýigidi togtadyp bilmeýar.

1994-nji ýylda ol Awstraliýada geçirilen dünýä çempionatyna gatnaşýar. Şunlukda,her egninde bir adam oturaýmaly,çiginleri naw ýaly türkmeniň gerçek ýigidi bolgarýaly Iwan Teodorowdan 37,5 ,ýaponiýaly Kozuhiro Nishimuradan 65 kilogram köp göterip,ýagny,agyr atletikanyň iki görnüşi boýunça 357,5 kilogramy göterip,dünýä çempiony bolýar.

Pikir edip görüň!Bu akyla sygjak zat däl,357,5 kilo!.Beýle agramy göterip biljek gerçek ýer ýüzünde başga ýokdy.Altymyrat dünýäniň üç gezek,Ýewropanyň hem üç(Dört)gezek çempionydyr.Ol dünýä derejesinde ägirt uly ýeňşe eýe bolan ýeke-täk gerçekdir.Bassyr üç gezek dünýä çempiony bolan adam dünýäde başga ýokduir. 1996-njy ýylda(1997,mart) türkmenleriň adyny arşa göteren Altymyrat pany bilen hoşlaşdy.Ony önüp-ösen obasyndaky şol gumaksyja köçesinden il-halk egnine göterip gonamçylyga alyp gitdiler.Bary ýogy ýaşan 27(28) ýaşynyň içindeil-halkynyň ,ýurdunyň, abraýynyň agyr keşigini egninde göterip gelen gerçek ýigit ýeke sapar,diňe şol sapar eginlere agram berdi...

Türkmenleri dünýä tanadan gerçek Altymyrat Orazdurdyýewiň ömri bütin dünýä nusgadyr...”

“San-Santinil”gazetinde ýerleşdirilen makalanyň gysgaça mazmuny şeýle. Makalanyň soňunda Hatyra agşamyna gatnaşan müňlerçe adamlaryň çykyşy bir gulaga öwrülip,käsi gözi ýaşly,käsi buýsançly başyny aşak edip diňländigini hem-de türkmen gerçeginiň hatyrasyna mähelläniň ör turup,dymyşlyk edendigi aýdylýar.

Makalany tolgunman okamak mümkin däldi.Onsoň türkmeniň gerçek ogly hakynda pikir edip,öň ol hakynda aýdylan publisist Amanmuhammet Nepesowyň ”Altymyrat” diýen kitabyny,meşgur mirasgär Ümür Eseniň “Gaýrat goýazy gelende”,halypa jurnalist Baýram Sähedowyň “Başyňy belent tut,Altymyrat”,jurnalistler Ylýas Amangeldiniň ”Altyn medalyň arka tarapy”,Annamyrat Akyýewiň “Çempion bolmak kyn düşäýmese” atly makalalaryny,şahyr Hajy Kakalynyň “Altyn alman gelme balam”,Meret Mälikowyň “Altymyradym”atly goşgularyny birlaý gözden geçirdim.Bularyň hemmesi Altymyradyň şöhratly ýoly hakynda söhbet açýardy.

Hawa,şu günki ýaly ýadymda,1992-nji ýylyň ýagyşly-ýagmyrly güýz günleriniň biridi.Telewideniýede işleýärdim.Bu gün “Salama sataşaýyn diýdim”diýip,Altymyrat ýanyma geldi.Şonda ýüz-gözleri nurana,giň dünýä garaýyşly ýigit bilen söhbet edip,birnäçe wagt oturdyk.Oň bilen söhbet etmek gyzyklydy,çünki onda öwrenere zat kändi.Ýyllar hatar gurap geçdi.1996-njy ýylda Magtymguly günlerini bellemäge Beýik Britaniýa gitdik.Ana,şol ýerde-de bütin dünýäni sarsdyran ajy habar eşitdik.Altymyrat nerese ýogalypdyr...Iňlis tele-radio ýaýlymlary bu ajy habara gynanç bildirip,birnäçe sapar gepleşik berdi.Onsoň uçup gelişimize göni ol ýerden onuň aýatyna gidipdik.Şonda heýkeltaraş Meret Öwez onuň heýkelini ýasamaga niýet edinýändigini mälim etdi.Aradan köp wagt geçmänkäde heýkel taýyn boldy.

Men aram-aram şol heýkeliň ýanyna baryp,oturyp gaýdýaryn.Heýkelde Magtymgulynyň"Iş geldi,başa düşdi,merdana boldum indi”diýen ýörelgesine uýup ýaşan kebzesinde sök seribermeli,baldyrlary juwazlyk ýaly,döşi birnäçe medally Altymyrat Orazdurdyýew ellerini ýaýyp agyr daşlary göterip dur.

Ol pursat Ýewropanyň 3(dört) we Dünýäniň üç gezek çempionynyň ýeňiş jarnamasydy.

Ol pursat Türkmeniň äleme aşgär tanalmagynyň beýannamasydy....”

***

Atamyrat Şagulynyň bu makalasyny tolgunman okamak mümkin däl.Altymyrat neresse ýogalanda iňlis,amerikan,ýapon,koreýa,türk,rus gazet-jurnallary,tele-radio ýaýlymlary bu ajy habara gynanç bildirip,birnäçe sapar gepleşik beripdirler,geçmişde onuň gazanan üstünlikleri barasynda “Kosmas tizligi bilen deňeşdirip boljak ýeňiş”,”Misli bir ertekidäki ýaly uçýan ädimi bilen”,”Ýaryşda görülip eşidilmedik ýeňiş”,”Çözülmesi kyn matal”,”Akyla sygmajak tilsimler bilen elleriniň güýjüni jemläp,agyr daşa gönükdirmegi we diýenini etdirip bilmegi akyla sygardan daşdaky zat...” ýaly jümleler bien mahabatyny ýetiripdiler,emma gerçegiň öz watanynda welin hökümet agzalarynyň gysgajyk gynanç haty bilen oňdular.Iň bolmanda olary bir “dünýäniň iki gezek,Ýewropanyň üç gezek çempiony”diýip,ýalňyş maglumat bilen aldatmaly däl ekenler.Hökümet agzalary özleri üçin maglumat taýýarlan jogapkär işgärleriň bu “kemsitmesini” (dünýäniň üç gezek çempiony bolup-da iki gezek diýmek, Ýewropanyň dört gezek çempiony bolup-da üç gezek diýmek,eýse Altymyrat neressäni,türkmen halkyny kemsitmek dälmi?) bilip gol çekendirler öýdemok.Beýle

maglumatlar kim tarapyndan taýýarlanan bolsa-da, bir zat belli,bu türkmeniň öz-özüni masgaraladygy bolýar.

Ýene bir zady bellemek gerek.Ol barada çap bolan, ýokarda ady agzalan makalalara ser salsaň,onda 1992-nji ýyldan öň Altymyrat 1986-njy ýylda Brestde ýaşlaryň arasynda bolan ýaryşda üçünji ýeri almadyk ýaly,1987-nji ýylda Aşgabatda geçirilen halkara ýaryşynda birinji ýeri almadyk ýaly,1988-nji ýylda Perwouralskiý şäherinde ýaşlaryň arasynda SSSR-iň çempiony bolmadyk ýaly,1988-nji ýylda Germaniýanyň Magdeburg şäherinde halkara sport ussady diýen ady almadyk ýaly,1988-njy ýylda Afinada ýaşlaryň arasynda ikinji orny almadyk ýaly,ýene şol ýylda Samarkantda 360 kg daş göterip,ýaşlaryň arasynda çempion bolmadyk ýaly,1989 –nji ýylda ABŞ-da dünýä ýaşlarynyň arasynda birinjiligi almadyk ýaly görünýär.Sebäbi 1992-nji ýyldan öň ýerli metbugatda ol barada kelam-agyz zat ýazylmady diýsegem boljak.Altymyrat onuň üçin gama batyp durmady,aslynda mahabat oňa gerek hem däldi.”Ýaranjaňlaryň baly dilinde bolsa zäheri ýüreklerinde” ahyryn.Her adamyň ýalňyşy öz bolşy ýaly däl-de, başgaça boljak bolmaklygyndadyr,ol bolsa ýasama pul ýalydyr..

.

## Altyn alman gelme,balam.

Ýaryş sary uçar bolduň,alytyn alman gelme,balam!
Eňiş diýip göçer bolduň,altyn alman gelme,balam!
Sen ýat ýerde,uzak ilde,meniň munda gözüm ýolda,
Bu zatlar bardyr ykbalda,altyn alman gelme,balam!

Eşit meni, ýalan-ýadym,Altyjanym-göwün şadym
Körpe guzym,köňül badym,altyn alman gelme,balam!
Türkmen iliň-arkadagyň,asyl köküň,şamçyragyň,
Hoş bolsun senden,ylaýym,altyn alman gelme,balam!

Meniň balam bir bürgütdir,balam ýaly ogul gytdyr,
Eneňden saňa sargytdyr,Oguldurdydan sargytdyr!
Sargydym bek belle, balam,altyn alman gelme,balam!

Bu goşgyny dünýäniň(üç) we Ýewropanyň üç(dört) gezek çempiony Altymyrat Orazdurdyýewiň ejesi Oguldurdy ejäniň adyndan ýazmagym,goý,biziň ol sada zenanyň adynyň öňünde,ömrüniň öňünde baş egdigimiz bolsun.Uly-uly ýeňişleri gazanýan ogullar,goý,ilki bilen ,Enä tagzym etsin.Başyňyza döneýin,külli türkmen eneleri!Siz hemişe beýik hormata,beýik sarpa mynasypsyňyz!

Altymyrat,ýeňişiň mübärek bolsun,höwri köp bolsun,Olimpiýa oýunlarynda,dünýä çempionatlarynda,beýleki belent derejeli ýaryşlarda dowamlary bolsun!

**Şahyr Hajy Kakalyýew**.

## Altymyradym

Türkmen topragynda dogdy bir ýyldyz,
Ol ýyldyz berdaşly-Altymyradym.
Şuglasyn jahana çogdy bir ýyldyz,
Ol kowum gardaşym-Altymyradym.

Çagalykda çyn zähmede gaýnady,
Pälwanlaryň demir oýnun oýnady,
Doganlary tälim berdi,boýnady,
aşlykdan gördüşli,Altymyradym.

Janköýerleň biribary çagyrdy,
Pälwan doganlaryň körpe şägirdi,
Älem-jahan,ägirtleriň ägirdi,
Hak ýaratmyş güýçli,Altymyradym.

Hak ogly harlanmaz haramlyk bilen,
Şöhrat almaz para-berimlik bilen,
Ýaryşdan goýdular,karamlyk bilen,
Şondan bagry başly,Altymyradym.

Hezreti Dawudy çagyryp joşduň,
Jahan pekordyna pekortlar goşduň,
Mes iner del kükräp,Jeýhun dek  daşdyň,
Bahar kimin joşly,Altymyradym.

Üç altyn medalyň eýesi sensiň,
Türkmen sportunyň söýesi sensiň,
Goja Köpetdagyň gaýasy sensiň,
Ýumry-demir döşli,Altymyradym.

Biribaryň ady dilinde bardyr,
Rüstem Zal guşagy bilinde bardyr,
Kaşamşam kuwwaty golunda bardyr,
Başy tylla täçli,Altymyradym.

Sporta bagş etdiň manyly ömri,
Şeýle bolawersin ýüregiň emri,
Näçeräk göterdiň-götärsiň demri,
Ýaşy ýigrim bäşli,Altymyradym.

**Meret Mälikow,sport weterany.**

## Gerçek

Türgen bolup dünýä düşdi nazaryň,
Şägirde ýol goýup ir giden gerçek.
Gomlary deý goja,däli Hazaryň,
Dünýäde yz goýup ir giden getrçek!

Göroglyň kowmy sen,türkmen gerçegi,
Göteripdiň görülmedik ölçegi,
Diýdiripdiň,Türkmenleriň geljegi,
Dünýäde yz goýup ir giden gerçek!

Zarbyňdan galypdy agram asmana,
Howlukdylar,baryp eliň gysmana,
Şan goşupdyň şol gün Türkmenistana
Dünýäde yz goýup ir giden gerçek!

Haýran galdy,Ýewropaly,Aziýaly
Göterenňi görýärdiň sen az ýaly
Gülýärdi gözleriň mydam ýaz ýaly,
Dünýäde yz goýup,ir giden gerçek!

Bäş welaýat,bäş doganlaň biridiň,

Ömür-baky aramyzda dirisiň,
Agyr daşy göterenleň şirisiň,
Şägirde ýol goýup ir giden gerçek!

**Kakajan Mämmedow,mülkdar.**

***

Dünýäniň ençeme gezek çempiony,Türkmenistanyň sport abraýyna abraý goşan pälwan ýigit Altymyrat Orazdurdyýew barada okyjylardan,sportçylardan şindi şindilerem hatlar gelýär.Olaryň biri onuň bilen dost bolsa,ýene biri ýönekeý tanyş,hat-da ony tanamaýanlaram bar,ýöne olar onuň ölemen janköýerleri,onuň üstünliklerine daşyndan guwanyp ýören adamlar.Elbetde,olaryň hemmesi üçin Altymyrat iň eziz adamlary.Olar pälwanyň ýagty ýadigärligini ýüreklerinde saklaýarlar.

Ol oglan redaksiýa gelende eli boş gelmedi,dünýäniň çempiony,Türkmenistanyň abraýyny goran Altymyrat Orazdurdyýew hakynda ýazan goşgusy bilen geldi.

Altymyrat neressäniň ömür güli juda ir soldy.Ajal ony tutuş türkmen iliniň elinden alyp gitdi.”Karate” sungatynyň açyk çempionatynyň çempiony,1-nji “dan”gara guşagyň eýesi,”Karate-do boýunça türkmen dillinde çap edilen ilkinji kitabyň awtory **Muhammetjuma Döwletow** öz ýakyn dosty Altymyrada şu aşakdaky goşgyny bagş edipdir.

**Altymyratjan.**

Ýetimligiň jebri-jepasyn çekdiň,
Armanym,arzuwyn Altymyratjan.
Bir günem ýyldyz dek lowurdap çykdyň,
Armanym,arzuwym Altymyratjan.

Dünýäni aňk etdiň,medallar aldyň,
Abraýyň dag aşdy,belende galdyň.
Mydam öz iliňe şöhratly geldiň,
Armanym,arzuwym Altymyratjan.

Güler ýüz keşbiňde sowuldy ýazym,
Armanda galdyrdyň,epildi dyzym.
Martyň ýedisinde süýnen ýyldyzym,
Armanym,arzuwym Altymyratjan.

Il-günüň gynandy,döküldi ýaşlar,
Tabydyň daşynda egildi başlar.
Seniň baran ýeriň meger behiştdir,
Armanym,arzuwym Altymyratjan.

Ynan dostum,ýaşaýandyr beýikler,
Synan göwnüm seniň adyň seýiklär,
Artar,goşalanar ezber bilekler,
Armanym,arzuwym Altymyratjan.

Ajala sabyr ýok,takdyra çäre,
Başga söz tapamok bu gün diýere,
Gerekdiň sen,bu döwletli diýara,
Armanym,arzuwym Altymyratjan.

Aşakdaky setirler Altymyradyň obadaşy, sporta sarpa goýýan Kakabaý Abdyresulowyň pikir-hyýalynda döredi. Ony bolşy ýaly size ýetirýäris.

Sport senedini arşa galdyran,
Agirtlere geliň, sarpa goýalyň
Alty pälwanmyzyň yzyn göterjek,
Körpe şägirtlere sarpa goýalyň

Tirsegine galsyn goý ussat ägirt,
Biz bilen gülleýär, azat gözel ýurt
Eý, Allajan, ägtlere ber kuwwat,
Agamyz Garýagda sarpa goýalyň.

Agyr atletikada özün aldyran,
Nesillere bagt guşun gonduran,
Öten geçenleriň dowamy bolan,
Agam Orazberdä sarpa goýalyň.

Agyr atletikanyň gurbany bolan,
Üstünlik gazanyp, buýsanyp gülen,
Ady arşa ýeten, agirtlik bilen,
Agam Altymyrada sarpa goýalyň.

Kakabaý sözüni şeýle soňlaýar,
Üstünligi, abyraýy oňlaýar
Sebäp gözel ýurdum şonda gülleýär
Altymyrat halypa sarpa goýalyň.

# ALTYMYRADYŇ DURMUŞYNDAN ALYNAN ŞEKILLER



***Orazdurdy aga maşgalasy bilen.***



Altymyradyň klasdaşlary. Altymyrat aşaky hatarda çepden ikinji



*Altymyradyň agalary Tirkiş we Kakajan.*



Altymyrat ejesi we tälimçisi bilen



**Geschafft!** Unsere starken Männer haben Grund zur Freude. Mit einer starken Mannschaftsleistung holten sie den Titel.

***Germaniýa,Altymyrat pälwan Berliniň sport klubynyň “Gaýrat we agyr daş göterijiler bölüminiň” agzalary bilen.***

WEIGHTLIFTING



Staff photo/SUSAN GARDNER

Alti Orazdurdiev lifts 152.5 kilograms during the snatch competition, and he won at 157.5.

# Music soothes Soviets' Beast

*ABŞ, "San-santinel" gazetinde çykan makala we surat.*



***Altymyrat pälwan Balkanly türgeni Baýmyrat bilen.***



*Almyrat, dogany we türgeni Orazberdi bilen.*




***Altymyrat, mekdepde  çagalar  bilen  duşuşykda.***



*Ýaponiýa, Hirosima. Altymyrat pälwan bäşleşikden öň milli türkmen egin-eşiginde Türkmenistanyň baýdagyny galdyrýar.*




*Altymrat pälwanyň Ýewropa çempionatynda(Daniýa,Olberg şäheri,14-20,05,1990 ýyl) çykyş edýän pursaty. Surat Rosiýanyň Ijewskiý şäherinde çykarylýan “Olimp” žurnalyndan alyndy.*

*SSSR-iň we Rosiýanyň baş tälimçisi Wasiliý Alekseýew.*



***Belli ştangist, SSSR-iň 65-nji çempionatynyň çempioni, Altymyradyň dosty Kasapu Fioder,(Moldawiýa,Kişinýew şaheri)***



*Altymyrat pälwanyň Ijewskiý şäherinde çykyş edýän pursaty,(SSSR-iň ştanga boýunça 65-nji çempionaty)*



*Altymyrat pälwanyň ogly Maksat.*

## Altymyrat barada ýazylan makalalar toplumy

1.Sowetleriň ýolbarsy,29.05.1989,ABŞ,San-Santinel,Jorj Kamillone.
2.Başyňa belent tut,Altymyrat,04.081992,Türkmenistan gazedi,Baýram Sähedow.
3.Sporta gelşmeýän hereketler,Türkmenistan gaz.18.08.1992,Werşinin,Kraşennikow
4.Iň güýçli ýigit,16.03.1993,Türkmenistan gaz.Nurýagdy Oraznepesow.
5.Altyn medalyň arka tarapy,46.1993,Bedew,Ylýas Amangeldi.
6.Çempion bolmak kyn,20.11.1993,Mary-Şahu-Jahan,Amanmuhammet Nepes.
7.Altyn alman gelme balam,26.11.1993,Türkmenistan gaz,Hajy Kakaly.
8.Biz saňa guwanýarys,Altymyrat,25.11.1993,türkmenistan gaz,Ýagmyr Mämmedow.
9.Altyn medalyň mübärek,1993,Diýar jurnaly,Kuly.
10.Ýeňiş saňa ýar bolsun,Altymyrat.01.01.1994,Edebiýat we sungat,redkollegiýa.
11.Altymyradym,16.03.1994,Hakykat gazeti,Meret Mälikow.
12.Ýene-de bir dünýäniň çempiony,16.03.1994,Hakykat gaz,Söýün Garry.
13.Saglyk jurnaly,Maý-iýun aýlary1994,,jurnalyň ýüzünde Altymyradyň suraty bar.
14.Altymyrat Amerika gidermi?28.04.1995,Nesil gazeti.
15.Zwezda türkmenskoga sporta,1995,Turkmenskaýa iskra,D.Orazkulyýew.
16.Gaýratly ýigit,19.04.1995,Halk sesi gazeti,Taganmyrat Goňujrow.
17.Gaýrat goýazy gelende,27.05.1995,Maru-Şahu-Jahan,Ümür Esen
18.Ussat hakda kitap,25.07,1996,M.Ş.Jahan,Çary Berdiliýew.
19.Altymyratjan,09.08.1997,Sportiwnyý Turkmenistan,Muhammetjuma Döwletow.
20.Güýji bilen dünýä dolan,11.10.2008.Zaman gazeti,Atamyrat Şaguly.
21.Altymyrat “Ýaşlyk”jurnalynyň myhmany.Ýaşlyk,1994,Amanmuhammet Nepes.

## MAZMUNY


1.Gaýrat goýazy gelende 2.
2.lwanyň ýaşlygy 6.
3.Pälwan okuwa barýar 12.
4.Pälwan oýunlara gyzygýar 22.
5.Ilkinji üstünlikler 29.
6.Ýol Aşgabada tarap 38.
7.Ilkinji ýeňiş,Aşgabat 47.
8.Pälwan oba geldi 56.
9.Pälwan Garrygalada 70.
10.Perwouralskiý şäherinde 77.
11.Germaniýa,Afina,Samarkant 83.
12.Taganrog,ABŞ 92.
13.Afina,ejesiniň ölümi 103.
14.Daniýa,Lipesk,agasynyň ölümi 135.
15.Polşa ýaryşy 178.
16.Pälwan obada 208.
17.Ugur Barselona tarap.Pälwan öýlenýär 227.
18.Melburna barýan ýolda 272.
19.Ýapon topragyna sapar 297.
20.Seula barýan ýol,”Itiň dertli bolmasyn”,soňky pursatlary 313.
21.Altymyrat barada ýazylan makalalar toplumy 340.
22.Güýji bilen dünýä dolan 341.
23.”Altyn alman gelme balam” we beýleki goşgular 343.
24.Altymyradyň durmuşyndan alynan şekiller 347.